# Mukaddes Kitap

## Mukaddes Kitap Turkmen Bible

© Mukaddes Kitap Ter-
jime Instituty, 2016
(Wycliffe)

This Bible is copyrighted by Wycliffe Bible Translators (Wycliffe.org) and is printed with permission by the Digital Bible Society (dbs.org) for non-commercial use.

This Bible is available for free download in a variety of digital formats at dbs.org/bibles.

*Language:*
*Country:*
*Publisher:*
*Copyright: © Mukaddes Kitap Terjime Instituty, 2016 (Wycliffe)*
*Last Updated: 2023-10-20*
*ID: 36a43396-60f9-4f02-9b2a-142a0c494b58*
*ISO: tuk*
*ISBN:*

Matta ........ 4
Markus ........ 27
Luka ........ 42
Ýahýa ........ 66
Resullar Işleri ........ 84
Rimliler ........ 107
1 Korintoslylar ........ 117
2 Korintoslylar ........ 127
Galatýalylar ........ 133
Efesliler ........ 137
Filipililer ........ 141
Koleseliler ........ 144
1 Selanikliler ........ 147
2 Selanikliler ........ 150
1 Timoteos ........ 152
2 Timoteos ........ 155
Titus ........ 157
Filimun ........ 159
Ýewreýler ........ 160
Ýakup ........ 167
1 Petrus ........ 170
2 Petrus ........ 173
1 Ýahýa ........ 175
2 Ýahýa ........ 178
3 Ýahýa ........ 179
Ýahuda ........ 180
Ylham ........ 181

# Matta

## —NJI BAP

### Isa Mesihiň nesil şejeresi

1 Bu kitap Ybraýymyň ogly bolan Dawudyň ogly Isa
Mesihiň nesil şejere kitabydyr. 2 Ybraýym Yshagyň
atasydy. Yshak Ýakubyň atasydy. Ýakup Iuda we onuň
doganlarynyň atasydy. 3 Iuda Tamaradan doglan Pere-
siň we Zerahyň atasydy. Peres Hesronyň atasydy. Hes-
ron Ramyň atasydy. 4 Ram Aminadabyň atasydy. Ami-
nadap Nahşonyň atasydy. Nahşon Salmonyň atasydy.
5 Salmon Rahawdan doglan Boazyň atasydy. Boaz Rut-
dan doglan Obediň atasydy. Obed Ýessäniň atasydy.
6 Ýesse Dawut patyşanyň atasydy. Dawut Uriýanyň
aýalyndan bolan Süleýmanyň atasydy. 7 Süleýman Re-
hawamyň atasydy. Rehawam Abiýanyň atasydy. Abiýa
Asanyň atasydy. 8 Asa Ýehoşafatyň atasydy. Ýehoşafat
Ýoramyň atasydy. Ýoram Uziýanyň atasydy. 9 Uziýa Ýo-
tamyň atasydy. Ýotam Ahazyň atasydy. Ahaz Hizkiýa-
nyň atasydy. 10 Hizkiýa Manaşäniň atasydy. Manaşe
Amonyň atasydy. Amon Ýoşiýanyň atasydy. 11 Ýoşiýa
Babyl sürgüni wagtynda doglan Ýehoniýanyň we onuň
doganlarynyň atasydy. 12 Ýehoniýa Babyl sürgüninden
soň doglan Şealtiýeliň atasydy. Şealtiýel Zerubabeliň
atasydy. 13 Zerubabel Abihudyň atasydy. Abihud Elýaki-
miň atasydy. Elýakim Azoryň atasydy. 14 Azor Sadokyň
atasydy. Sadok Ahimiň atasydy. Ahim Elihudyň atasy-
dy. 15 Elihud Eliýazaryň atasydy. Eliýazar Mattanyň ata-
sydy. Mattan Ýakubyň atasydy. 16 Ýakup Meremiň
adamsy Ýusubyň atasydy. Meremden hem Mesih diý-
len Isa doguldy. 17 Şeýlelikde, Ybraýymdan Dawuda
çenli bolan nesiller jemi on dört arkadyr. Dawutdan
Babyl sürgünine çenli hem on dört, Babyl sürgüninden
Mesihe çenli hem on dört arkadyr.

### Isa Mesihiň dogluşy

18 Isa Mesihiň dogluşy şeýle boldy: Onuň ejesi Mere-
miň Ýusup bilen adaglyka, biri-birleri bilen ýassykdaş
bolmazlaryndan öň, Mukaddes Ruhdan göwreli bolan-
lygy äşgär boldy. 19 Onuň adamsy Ýusup bir dogry
adam bolansoň, ony utanja goýmak islemän, ýaşyryn-
lyk bilen boşatmagy ýüregine düwdi. 20 Emma ol bu
zatlar hakda oýlanyp ýörkä, Rebbiň bir perişdesi onuň
düýşüne girip: «Eý, Dawut ogly Ýusup! Sen Meremi
özüňe aýallyga almakdan gorkma, çünki onuň göwre-
sinde dörän zat Mukaddes Ruhdandyr. 21 Ol bir Ogul
dograr, sen Onuň adyna Isa dakarsyň, çünki Ol Öz hal-
kyny günälerinden halas eder» diýdi. 22 Bularyň hem-
mesi Rebbiň pygamber arkaly aýdan şu sözüniň ýerine
ýetmegi üçin boldy: 23 «Ine, bir gyz göwreli bolup, bir
ogul dograr, Onuň adyna Emmanuýel dakarlar». Bu —
«Hudaý biziň bilendir» diýen manyny berýär.
24 Ýusup ukudan oýananyndan soň, Rebbiň perişdesi-
niň tabşyryşy ýaly, aýalyny aldy. 25 Aýaly ilkinji ogluny

## —NJI BAP

### Müneçjimleriň gelmegi

2 Hirodes patyşanyň zamanynda Ýahudanyň Beý-
tullaham şäherinde Isa eneden doglanynda, ine,
Iýerusalime gündogardan müneçjimler gelip: 2 «Ýehu-
dylaryň Patyşasy bolup doglan nirede? Biz gündogar-
da Onuň ýyldyzyny görüp, Oňa sežde etmäge geldik»
diýdiler. 3 Muny eşidip, Hirodes patyşa we onuň bilen
birlikde tutuş Iýerusalim galagopluga düşdi. 4 Ol ähli
baş ruhanylary, halkyň kanunçylaryny ýygnap, olardan
Mesih nirede dogulmaly diýip sorady. 5 Olar şeýle jo-
gap berdiler: «Ýahudanyň Beýtullahamynda, çünki py-
gamber arkaly şeýle ýazylypdyr: 6 „Eý, Ýahuda ülkesin-
däki Beýtullaham, sen Ýahuda hökümdarlary arasynda
asla iň kiçisi dälsiň. Çünki halkym Ysraýyla çopançylyk
etjek Hökümdar senden çykjakdyr"».
7 Onsoň Hirodes müneçjimleri ýaşyryn ýanyna çagy-
ryp, ýyldyzyň haçan görnenini çintgäp sorady. 8 «Ba-
ryň, çaga hakda ýagşyja sorag-ideg ediň, tapaňyzda
maňa hem habar beriň, men hem baryp, Oňa sežde
etjek» diýip, olary Beýtullahama iberdi. 9 Olar patyşany
diňläp, ýola rowana boldular. Ine, gündogarda gören
ýyldyzlary öňlerine düşüp, çaganyň bolan ýeriniň üstü-
ne gelip durdy. 10 Olar ýyldyzy görüp, juda begendiler.
11 Öýe girip, çaga bilen ejesi Meremi gördüler. Dyzlary-
na çöküp, Oňa sežde etdiler-de, hazynalaryny açyp, al-
tyn, ladan we mür sowgat berdiler.
12 Hirodesiň ýanyna öwrülmezlik hakda düýş üsti bi-
len duýduryş berlensoň, olar öz ýurtlaryna başga ýol
bilen gaýtdylar.

### Müsüre gaçyş

13 Müneçjimler ugranlaryndan soň, Rebbiň bir periş-
desi Ýusubyň düýşüne girip: «Tur, çaga bilen ejesini al-
da, Müsüre gaç, saňa aýdýançam şol ýerde gal, çünki
Hirodes çagany öldürmek üçin Ony agtarjak bolup
ýör» diýdi. 14 Ýusup turdy-da, çaga bilen Onuň ejesini
alyp, gije Müsüre gitdi. 15 Rebbiň pygamber arkaly:

«Men Oglumy Müsürden çagyrdym» diýip aýdany ýeri-
ne ýeter ýaly, Hirodesiň ölümine deňeç şol ýerde gal-
dy.

### Oglanlaryň öldürilmegi

16 Müneçjimleriň aldanyny bilensoň, Hirodes gaty ga-
harlanyp, Beýtullahama we onuň etrabyndaky ähli
obalara adam iberdi-de, müneçjimlerden sorap anyk-
lan wagtynda bolan oglanlaryň iki ýaşlysyna çenli
hemmesini öldürtdi. 17 Şeýlelikde, Ýeremiýa pygamber
arkaly aýdylan şu söz ýerine ýetdi: 18 «Ramadan bir ses
eşidildi, agy we çuň matam sesi. Çagalary üçin aglaýan
Rahel özüne teselli berilmegini islemeýär, çünki olar
ýok».

### Nasyra öwrüliş

19 Hirodes ölende, Rebbiň bir perişdesi Müsürde Ýu-
subyň düýşüne girip: 20 «Tur, çaga bilen Onuň ejesini
al-da, Ysraýyl ýurduna gaýt, çünki çaganyň janynyň
kastyna çykanlar öldi» diýdi. 21 Ol turdy, çagadyr ejesini
alyp, Ysraýyl ýurduna gaýtdy. 22 Ýöne Arhelasyň öz ata-
sy Hirodesiň ýerine Ýahudanyň patyşasy bolanyny eşi-
dip, ol ýere barmaga gorkdy, düýş bilen duýduryş ber-
lensoň bolsa, Jelile etraplaryna ýola düşdi. 23 Gelip, Na-
syra diýen bir şäherde mesgen tutdy, şeýdip, pygam-
ber arkaly: «Oňa nasyraly diýler» diýip aýdylan söz ýe-
rine ýetdi.

## —NJI BAP

### Ýahýanyň wagzy

3 Şol günlerde Ýahudanyň çölünde wagyz edip, ço-
kundyryjy Ýahýa peýda boldy. 2 Ol: «Toba ediň,
çünki Gögüň Patyşalygy golaýlady» diýýärdi. 3 Sebäbi
ol Işaýa pygamberiň: «Çölde gygyrýanyň sesi: „Rebbiň
ýoluny taýýarlaň, Onuň ýodalaryny dogrulaň" diýýär»
diýenidir.
4 Ýahýanyň düýe ýüňünden geýimi, bilinde gaýyş gu-
şagy bardy, iýmiti bolsa ýabany bal bilen çekirtgedi.
5 Şonda Iýerusalim, tutuş Ýahuda we bütin Iordan etra-
by onuň ýanyna eňdi. 6 Olar günälerini boýun alýardy-
lar, Ýahýa hem olary Iordan derýasynda çokundyrýar-
dy. 7 Ýahýa köp fariseýleriň we saddukeýleriň-de ço-
kundyrylmaga gelýändiklerini görüp, olara şeýle diýdi:
«Eý, alahöwrenler nesli! Geljek gazapdan gaçmagy size
kim salgy berdi? 8 Indi toba mynasyp hasyl beriň. 9 Içi-
ňizden: „Biziň atamyz Ybraýymdyr" diýip oýlanmaň.
Çünki men size aýdýaryn, Hudaý bu daşlardan-da Yb-
raýyma perzent ýaratmagy başarýandyr. 10 Palta eý-
ýäm agaçlaryň düýbünde ýatyr: oňat miwe bermeýän
agaç kesilip, oda taşlanar. 11 Men sizi toba üçin suw bi-
len çokundyrýaryn, ýöne menden soňra Geljek men-
den has güýçlüdir. Men Onuň çaryklaryny götermäge-
de mynasyp däldirin. Ol sizi Mukaddes Ruh hem-de ot
bilen çokundyrar. 12 Onuň küregi elindedir. Ol harman
ýerini süpürip, bugdaýy Öz ammaryna ýygnap, sama-
ny sönmez otda ýakar».

### Isa çokundyrylýar

13 Onsoň Isa Ýahýa tarapyndan çokundyrylmak üçin,
Jelileden Iordana, Ýahýanyň ýanyna geldi. 14 Emma
Ýahýa Ony saklap: «Meni Sen çokundyrmaly welin, Sen
meniň ýanyma gelýärsiňmi?» diýdi. 15 Isa oňa: «Häzir,
goý, şeýle bolsun, çünki bize hak zady berjaý etmek ýa-
raşýandyr» diýip jogap berdi. 16 Isa çokundyrylyp, der-
rew suwdan çykdy. Ine, Gök açyldy, Ol Hudaýyň Ruhu-
nyň kepderi kimin Öz üstüne inip gelýänini gördi.
17 Şonda Gökden bir ses: «Bu Meniň söýgüli Oglum.
Men Ondan köp razydyryn» diýdi.

## —NJI BAP

### Isa synalýar

4 Onsoň, Ruh Isany iblisiň synamagy üçin, çöle
äkitdi. 2 Isa kyrk gije-gündizläp oraza tutansoň
ajykdy. 3 Synagçy ýanyna gelip, Oňa: «Sen Hudaýyň
Ogly bolsaň, şu daşlar çörek bolsun diýip buýur» diýdi.
4 Emma Isa: «Adam diňe bir çörek bilen däl-de, eýsem,
Hudaýyň agzyndan çykan her bir söz bilen hem ýaşa-
ýandyr diýip ýazylgydyr» diýip jogap berdi.
5 Onsoň iblis Ony mukaddes şähere getirip, ybadat-
hananyň küňresinde oturtdy-da, 6 Oňa şeýle diýdi:
«Sen Hudaýyň Ogly bolsaň, Özüňi aşak zyň. Sebäbi: „Ol
Öz perişdelerine Sen hakda buýruk berer, olar aýagyň
daşa degäýmesin diýip, Seni ellerinde götererler"».
7 Isa oňa: «„Öz Hudaýyň Rebbi synama" diýip-de ýazyl-
gydyr» diýdi.
8 Iblis ýene Isany äpet belent daga eltdi, dünýäniň
bütin patyşalyklaryny, olaryň şan-şöhratyny görkezip,
9 Oňa: «Dyza çöküp, maňa sežde etseň, men şu zatla-
ryň hemmesini Saňa bereýin» diýdi. 10 Şonda Isa oňa:
«Ýanymdan aýryl, şeýtan! „Öz Hudaýyň Rebbe sežde
et, diňe Oňa gulluk et" diýip ýazylgydyr» diýdi. 11 On-
soň iblis Ony terk edip gitdi. Perişdeler gelip, Oňa hyz-
mat etdiler.

### Isa Hoş Habary yglan etmäge başlaýar

12 Isa Ýahýanyň tutulanyny eşidende, Jelilä gitdi. 13 Ol
Nasyradan aýrylyp, Zebulun we Naftaly etrabyna bar-
dy, deňiz ýakasynda bolan Kapernaumda mekan tutdy.
14 Şeýdip, Işaýa pygamber arkaly aýdylan şu sözler ýe-
rine ýetdi:
15 «Zebulun ýurdy we Naftaly ýurdy,
Iordanyň aňyrsynda,
Deňiz ýakasyndaky ýolda,
Milletleriň Jelilesinde,
16 Garaňkyda oturan halk
Bir uly yşyk gördi.
Ölüm ýurdunda we kölegesinde
Oturanlara yşyk ýalpyldady».

17 Şondan soň Isa: «Toba ediň, çünki Gögüň Patyşalygy
golaýlaşdy» diýip, wagyz etmäge başlady.

### Isa ilkinji şägirtlerini saýlaýar

18 Ol Jelile kölüniň ýakasyndan geçip barýarka, iki do-
ganyň — Petrus diýilýän Simun bilen dogany Andreýa-
syň deňze torlaryny zyňyp duranlaryny gördi. Olar ba-
lykçydylar. 19 Isa olara: «Meniň yzyma düşüň, Men sizi
ynsan tutýan balykçylar edeýin» diýdi. 20 Olar-da der-
rew torlaryny taşlap, Onuň yzyna düşdüler. 21 Isa ol
ýerden öňräk gidensoň, başga bir iki doganyň — Zebe-
deýiň ogly Ýakup bilen onuň dogany Ýahýanyň öz ka-
kalary Zebedeý bilen gaýykda torlaryny bejerip oturan-
laryny görüp, olary çagyrdy. 22 Olar hem derrew gaýyk-
dyr kakalaryny taşlap, Onuň yzyna düşdüler.

### Isa uly märekä hyzmat edýär

23 Isa Jeliläniň her tarapyna aýlanyp, ol ýerlerdäki si-
nagogalarda sapak bererdi. Patyşalygyň 24 Onuň at-
owazasy bütin Siriýa ýaýrady, dürli syrkawlygy, keseli
bar hassalary, jynly, tutgaýly we oturalary Onuň ýany-
na getirdiler, Ol hem olary sagaltdy. 25 Jelileden, Deka-
polisden, Iýerusalimden, Ýahuda we Iordanyň aňyr-
syndan uly märekeler Onuň yzyna düşdi.

## —NJI BAP

### Hakyky bagtlylyk

5 Isa märekäni görüp, daga çykdy, oturanynda şä-
girtleri Onuň ýanyna geldiler. 2 Ol söze başlady,
olara sapak berip, şeýle diýdi: 3 Ruhy garyplar bagtly-
dyr, çünki Gögüň Patyşalygy olaryňkydyr. 4 Ýaslylar
bagtlydyr, çünki olara göwünlik berler. 5 Ýumşak adam-
lar bagtlydyr, çünki olar ýeri miras alarlar. 6 Dogrulyga
ajygyp-suwsanlar bagtlydyr, çünki olar doýup-ganarlar.
7 Rehimliler bagtlydyr, çünki olara rehim ediler. 8 Ýüregi
päkler bagtlydyr, çünki olar Hudaýy görerler. 9 Parahat-
lyk döredýänler bagtlydyr, çünki olara Hudaýyň ogulla-
ry diýler. 10 Dogrulyk ugrunda yzarlananlar bagtlydyr,
çünki Gögüň Patyşalygy olaryňkydyr. 11 Men zerarly sö-
gülen, yzarlanan, nähak ýere her hili gybatyňyz edilen
mahaly siz bagtlysyňyz! 12 Şat boluň, begeniň, Gökde
aljak sylagyňyz uludyr, çünki sizden öňki pygamberler-
de şeýle yzarlandylar».

### Duz we yşyk

13 Siz ýeriň duzusyňyz, emma duz tagamyny ýitirse,
ol näme bilen duzlanar? Daşaryk taşlanmakdan we
aýak astynda depelenmekden başga hiç bir zada ýara-
maz. 14 Siz dünýäniň yşygysyňyz. Dagyň depesinde
gurlan şäher gizlin galyp bilmez. 15 Çyrany ýakyp-da,
gabyň aşagynda goýman, çyradanyň üstünde goýýan-
dyrlar, şonda ol öýdäkileriň hemmesine yşyk berýän-
dir. 16 Siziň yşygyňyz adamlaryň öňünde şeýle bir parla-
syn welin, olar gowy işleriňizi görüp, Gökdäki Ataňyzy
şöhratlandyrsynlar».

### Mukaddes Kanun

17 Meni Mukaddes Kanuny ýa pygamberleriň ýazgyla-
ryny bozmaga gelendir öýtmäň. Men bozmaga däl-de,
olary berjaý etmäge geldim. 18 Çünki size dogrusyny
aýdýaryn, Gök bilen ýer geçip gidýänçä, ähli zat berjaý
bolýança, Kanunyň bir harpy-da, bir nokady-da kemel-
mez. 19 Muňa görä, kim şu iň kiçi tabşyryklardan birini
bozsa we şeýle etmegi öwretse, Gögüň Patyşalygynda
iň kiçi saýylar. Emma kim bulary berjaý etse we öwret-
se, ol Gögüň Patyşalygynda uly saýylar. 20 Çünki Men
size aýdýaryn: dogrulygyňyz kanunçylaryňky bilen fari-
seýleriňkiden artyk bolmasa, Gögüň Patyşalygyna asla
girmersiňiz».

### Gahar we jenaýat

21 Siz gadymkylara: „Adam öldürme, kim adam öldür-
se, höküme sezewar bolar" diýlenini eşidensiňiz. 22 Em-
ma Men size aýdýaryn: öz doganyna nähak gaharla-
nan kişi hökümine sezewar bolar. Kim öz doganyna
„Raka" 23 Şonuň üçin gurbanyňy gurbanlyk edilýän ýe-
re alyp baranyňda, doganyň senden öýke-kinesiniň
bardygy ýadyňa düşse, 24 gurbanyňy şol ýerde, gur-
banlyk edilýän ýeriň öňünde goý-da, gidip öňürti do-
ganyň bilen barlyş, onsoň gelip gurbanyňy bagyş et.
25 Dawagäriň bilen entek ýoldakaň derrew ýaraş, da-
wagäriň seni kaza, kazy hem seni garawula berip, zyn-
dana salaýmasyn. 26 Saňa dogrusyny aýdýaryn, iň soň-
ky köpügi töleýänçäň, ol ýerden çykmarsyň».

### Zyna we talak

27 Siz: „Zyna etme" diýlenini eşidensiňiz. 28 Men welin
size diýýärin, bir aýala azgyn nebis bilen bakan adam
öz ýüreginde eýýäm onuň bilen zyna edendir. 29 Sag
gözüň seniň günä etmegiňe sebäp bolsa, ony oýup çy-
kar-da taşla, saňa bir synaň ýok bolmagy bütin göwräň
dowzaha zyňylmagyndan gowudyr. 30 Sag eliň seniň
günä etmegiňe sebäp bolsa, ony kes-de taşla, saňa bir
synaň ýok bolmagy bütin göwräň dowzaha gitmegin-
den gowudyr. 31 Şeýle hem, „Kim aýalyny goýberse,
oňa talak hatyny bersin" diýlendir. 32 Men welin size
diýýärin, zynadan başga sebäp bilen aýalyny aýyran
adam onuň zyna etmegine sebäp bolýandyr. Aýrylan
aýala öýlenen-de zyna edýändir».

### Ant içmek

33 Siz ýene-de gadymkylara: „Ýalan ýere ant içme,
antlaryňy Rebbiň öňünde berjaý et" diýlenini eşidensi-
ňiz. 34 Men welin size asla ant içmäň diýýärin — Gök-
den ant içme, çünki ol Hudaýyň tagtydyr. 35 Ýerden ant
içme, çünki ol Onuň aýaklarynyň basgançagydyr.
Iýerusalimden ant içme, çünki ol beýik Patyşanyň şä-
heridir. 36 Öz başyňdan hem ant içme, sebäbi sen onuň

bir gylyny-da ak ýa gara edip bilýän dälsiň. 37 Siziň —
„Hawa" diýen sözüňiz „Hawa", „Ýok" diýeniňiz „Ýok"
bolsun. Mundan artygy iblisdendir».

### Göze göz, dişe diş

38 Siz: „Göze — göz, dişe — diş" diýlenini eşidensiňiz.
39 Men welin size diýýärin, ýamana garşy durma. Gaý-
ta, kim seniň sag ýaňagyňa ursa, ol ýaňagyňy-da oňa
öwür. 40 Seniň bilen dawalaşyp köýnegiňi aljak bolýana
donuňy-da ber. 41 Kim seni özi bilen bir çakrym ýol ýö-
remäge mejbur etse, onuň bilen iki çakrym ýol ýöre.
42 Saňa dileg salana ber, karz dilejek bolýandan ýüzüňi
öwürme».

### Duşmanlaryňyzy söýüň

43 Siz: „Goňşyňy söý, duşmanyňy ýigren" diýlenini
hem eşidensiňiz. 44 Men welin size diýýärin, Gökdäki
Ataňyzyň ogullary bolar ýaly, duşmanlaryňyzy söýüň,
özüňize gargaýanlara alkyş okaň, ýigrenýänlere ýagşy-
lyk ediň, size zulum edýänler, sizi yzarlaýanlar üçin do-
ga ediň. 45 Çünki Gökdäki Ataňyz Öz Gününi ýamanla-
ryň hem, ýagşylaryň hem üstüne dogurýar, ýagmyryny
dogrularyň hem, egrileriň hem üstüne ýagdyrýar. 46 Siz
özüňizi söýýänleri söýýän bolsaňyz, onda näme sylagy-
ňyz bolar? Salgyt ýygnaýanlar-da şeýle etmeýärmi?
47 Diňe öz gardaşlaryňyza salam berýän bolsaňyz, on-
da, näme artykmaç iş edýärsiňiz? Milletler-de şeýle et-
meýärmi? 48 Şeýlelikde, Gökdäki Ataňyzyň kämil bolşy
ýaly, siz-de kämil boluň».

### Garyplara ýardam

6 Sak boluň, etjek dogry işleriňizi göz üçin adamla-
ryň öňünde etmäň, ýogsa, Gökdäki Ataňyzdan al-
jak sylagyňyz bolmaz. 2 Şonuň üçin, sadaka bereniňde
ikiýüzli adamlaryň il arasynda taryplanjak bolup, sina-
gogalarda, köçelerde edişi ýaly, öňüňde surnaý çaldyr-
ma. Size dogrusyny aýdýaryn, olar öz sylaglaryny eý-
ýäm alandyrlar. 3 Sadakaň gizlin bolar ýaly, bereniňde
sag eliň näme edýänini sol eliň bilmesin. Gizlinlikde
edileni görýän Ataň saňa ony açyk gaýtaryp berer».

### Doga

5 Doga edeniňde ikiýüzlüler ýaly bolma, çünki olar
göz üçin sinagogalarda, köçe burçlarynda durup doga
etmegi halaýarlar. Men size dogrusyny aýdýaryn, olar
öz sylaglaryny eýýäm alandyrlar. 6 Emma sen doga
edeniňde, öz otagyňa girip, gapyny ýap-da, gizlinlikdä-
ki Ataňa doga et. Gizlinlikde edileni görýän Ataň saňa
ony açyk gaýtaryp berer. 7 Siz doga edeniňizde millet-
ler ýaly, boş sözleri gaýtalap durmaň, çünki olar köp
sözlemek bilen eşidileris öýdýärler. 8 Olar ýaly bolmaň,
çünki Ataňyz size nämeleriň gerekdigini, Ondan dile-
mänkäňiz bilýändir. 9 Şonuň üçin, şeýle doga ediň:
„Eý, Gökdäki Atamyz! Adyň mukaddes bolsun.
10 Patyşalygyň gelsin.
Gökde bolşy ýaly,
Ýerde-de Seniň islegiň amala aşsyn.
11 Gündelik çöregimizi
Bize şu gün ber.
12 Bize ýamanlyk edýänleriň ýazyklaryny geçişimiz ýa-
ly,
Sen-de biziň ýazyklarymyzy geç.
13 Bizi synaga salma, bizi iblisden halas et.
Çünki patyşalyk, gudrat we şöhrat
Ebedilik Seniňkidir. Omyn".
14 Siz adamlaryň ýazyklaryny bagyşlasaňyz, Gökdäki
Ataňyz hem siziň ýazyklaryňyzy bagyşlar. 15 Adamlaryň
ýazyklaryny bagyşlamasaňyz, Ataňyz hem siziň ýazyk-
laryňyzy bagyşlamaz».

### Oraza

16 Oraza tutanyňyzda ikiýüzlüler ýaly ýüzüňizi çyt-
maň, çünki olar adamlara oraza tutýanyny görkezjek
bolup, ýüzlerini çytýarlar. Size dogrusyny aýdýaryn,
olar öz sylaglaryny eýýäm alandyrlar. 17 Emma sen ora-
za tutanyňda adamlara däl-de, gizlinlikdäki Ataňa ora-
za tutýanyňy görkezer ýaly, başyňa ýag çal, ýüzüňi
ýuw. Gizlinlikde edileni görýän Ataň saňa ony açyk
gaýtaryp berer».

### Gökdäki hazynalar

19 Ýer ýüzünde özüňize hazyna ýygnamaň, bu ýerde
güýe bilen pos iýýändir, bu ýere ogrular girip ogurla-
ýandyr. 20 Özüňize Gökde hazyna ýygnaň, ol ýerde ne
güýe, ne pos iýýändir, ne-de ogrular girip ogurlaýan-
dyr. 21 Hazynaňyz nirede bolsa, ýüregiňiz hem şol ýer-
de bolar. 22 Bedeniň çyrasy gözdür. Gözüň sag bolsa
23 Gözüň şikesli bolsa 24 Hiç kim iki hojaýyna hyzmat
edip bilmez, çünki ýa birini ýigrenip, ol birini söýer, ýa-
da birine wepaly bolup, ol birini äsgermezlik eder. Siz-
de hem Hudaýa, hem-de mammona

### Gaýgy etmäň

25 Munuň üçin size diýýärin, näme iýip, näme içerin
diýip, janyňyzy, näme geýerin diýip, teniňizi gaýgy et-
mäň. Jan iýmitden, ten egin-eşikden ýokary dälmidir?
26 Gögüň guşlaryna serediň, olar ne ekýärler, ne orýar-
lar, ne-de ammarlara üýşürýärler. Gökdäki Ataňyz on-
da-da olary iýmitlendirýär. Siz olardan gymmatly däl-
misiňiz? 27 Siziň haýsy biriňiz alada edip, öz boýuňyzy
tirsek boýy artdyryp bilýärsiňiz? 28 Näme üçin egin-eşik
hakda gaýgy edýärsiňiz? Meýdan liliýalarynyň ösüşine
serediň: olar ne zähmet çekýärler, ne-de ýüp egirýär-
ler. 29 Emma size diýýärin, Süleýman hem özüniň bütin
şan-şöhratynda bularyň biri ýaly-da geýinmändi. 30 Ýö-
ne şu gün bolup, ertir ojaga taşlanýan meýdan otuny
Hudaý şeýle geýindirýän bolsa, sizi ondan has artyk
geýindirmezmi, eý, imany azlar? 31 Şoňa görä, „Näme
iýeris?", „Näme içeris?", „Näme geýeris?" diýip, gaýgy
etmäň. 32 Bütin bu zatlary başga milletler agtarýarlar,

ýöne Gökdäki Ataňyz bu zatlaryň barynyň size gerekdi-
gini bilýär. 33 Siz öňürti Hudaýyň Patyşalygyny, Onuň
dogrulygyny agtaryň, şonda bu zatlar hem size onuň
üstüne goşulyp berler. 34 Şonuň üçin, ertiri gaýgy et-
mäň, çünki ertir öz gaýgysyny özi eder. Her günüň der-
di özüne ýeterlikdir».

—NJI BAP

## Başgalaryň üstünden höküm çykarmaň

7 Üstüňizden höküm çykarylmaz ýaly, başgalaryň
üstünden höküm çykarmaň. 2 Çünki nähili höküm
çykarsaňyz, siziň-de üstüňizden şonuň ýaly höküm çy-
karylar; haýsy ölçeg bilen ölçeseňiz, size-de şol ölçeg
bilen ölçeler. 3 Näme üçin sen doganyňyň gözündäki
çöpi görýärsiň-de, öz gözüňdäki agajy saýgarmaýar-
syň? 4 Ýa-da öz gözüňde agaç barka, doganyňa nädip:
„Gel, gözüňdäki çöpi çykaraýyn" diýjek? 5 Eý ikiýüzli, ilki
öz gözüňden agajy çykar, onsoň doganyň gözünden
çöpi çykarmak üçin oňat saýgararsyň. 6 Mukaddes za-
dy itlere bermäň, dürdäneleriňizi doňuzlaryň öňüne
taşlamaň, olary aýaklary bilen depeläp, öwrülip, sizi ti-
ke-tike edäýmesinler».

## Hudaýdan diläň

7 Diläň, size berler; agtaryň, taparsyňyz; gapyny ka-
kyň, size açylar. 8 Çünki dilän alar, agtaran tapar, gapy
kakana açylar. 9 Sizden haýsy adam ogly çörek dilände,
oňa daş berer? 10 Ýa balyk dilände, oňa ýylan berer?
11 Şeýlelikde, erbet bolan siz öz oglanlaryňyza oňat sy-
laglar bermegi bilýän bolsaňyz, onda Gökdäki Ataňyz
Özünden dilänlere has-da köp oňat zatlar berer! 12 Şo-
ňa görä, adamlaryň özüňize näme etmegini isleýän
bolsaňyz, siz hem olara şony ediň, çünki kanun we py-
gamberler ýazgylarynyň özeni şudur».

## Dar gapy, giň gapy

13 Dar gapydan giriň, çünki heläkçilige getirýän gapy
giň, ýol inli, ol gapydan girýänler köpdür. 14 Ýöne ýa-
şaýşa getirýän gapy dar, ýol insiz, ony tapýanlar az-
dyr».

## Agaç we onuň miwesi

15 Ýalan pygamberlerden ägä boluň. Olar siziň ýany-
ňyza goýun derisine girip gelerler, emma içi ýyrtyjy
möjekdirler. 16 Siz olary miwelerinden tanarsyňyz. Ti-
kenden üzüm ýa gyzgandan injir ýygylýarmy? 17 Şonuň
ýaly-da her bir oňat agaç oňat miwe berýändir, erbet
agaç bolsa erbet miwe berýändir. 18 Oňat agaç erbet
miwe berip bilmez, erbet agaç-da oňat miwe berip bil-
mez. 19 Oňat miwe bermeýän her bir agaç kesilip, oda
taşlanýandyr. 20 Şeýlelik bilen, ýalan pygamberleri mi-
welerinden tanarsyňyz. 21 Maňa: „Ýa Reb! Ýa Reb!" di-
ýen her bir adam Gögüň Patyşalygyna girmez, diňe
Gökdäki Atamyň islegini berjaý eden girer. 22 Şol gün-
de köpler Maňa: „Ýa Reb, ýa Reb, biz seniň adyň bilen
welilik etmedikmi? Seniň adyň bilen jynlary kowmadyk-
my? Seniň adyň bilen köp mugjyzalar etmedikmi?" di-
ýerler. 23 Şonda Men olara: „Eý betkärler, Men sizi asla
tanamaýaryn, ýanymdan aýrylyň!" diýip, açyk aýda-
ryn».

## Iki bina

24 Şeýlelikde, Men bu sözlerimi eşidip, olary berjaý
edýän kişini öýüni gaýanyň üstünde salan akylly ada-
ma meňzedýärin. 25 Ýagyş ýagyp siller geldi, ýeller öw-
süp, ol öýe urdy, emma öý ýykylmady, çünki ol gaýa-
nyň üstünde gurlupdy. 26 Meniň bu sözlerimi eşidip,
olary berjaý etmedik kişi öýüni çägäniň üstünde salan
akmak adam ýaly bolar. 27 Ýagyş ýagyp, siller geldi, ýel-
ler öwsüp, ol öýe urdy; öý ýykyldy, onuň ýykylyşy hem
gorkunç boldy». 28 Isa bu sözleri aýdyp bolanyndan
soň, märeke Onuň taglymatyna haýran galdy. 29 Çünki
Isa olara kanunçylar ýaly däl-de, erk-ygtyýarly biri ýaly
bolup sapak berýärdi».

—NJI BAP

## Isa heýwere kesellini sagaldýar

8 Isa dagdan inende, uly märeke Onuň yzyna eýer-
di. 2 Ine, heýwere keselli bir adam gelip: «Ýa Reb,
eger isleseň, meni tämiz edip bilersiň» diýip, Oňa sež-
de etdi. 3 Isa hem elini uzadyp, oňa degirdi-de: «Isleýä-
rin, tämiz bol!» diýdi. Ol hem şol bada heýwere keselin-
den tämiz boldy. 4 Isa oňa şeýle diýdi: «Ägä bol, muny
hiç kime aýtma, ýöne git-de, özüňi ruhana görkez,
hemmelere güwälik bolar ýaly, Musanyň tabşyran gur-
banyny bagyş et».

## Ýüzbaşynyň imany

5 Isa Kapernauma girende, bir ýüzbaşy Onuň ýanyna
gelip: 6 «Reb, meniň hyzmatkärim öýde ysmaz bolup
ýatyr, gaty yza çekýär» diýip, Oňa ýalbardy. 7 Isa oňa:
«Baryp, ony sagaldaryn» diýdi. 8 Ýüzbaşy şeýle jogap
berdi: «Ýa Reb, Seniň öýüme gelmegiňe men mynasyp
däl, diňe birje söz aýt, hyzmatkärim sagalar. 9 Çünki
men-de bir gol astyndaky adam, meniň gol astymda
hem esgerler bar. Birine „Git" diýsem, gidýär, ýene bi-
rine „Gel" diýsem, gelýär, hyzmatkärime „Şuny et" diý-
sem, edýär». 10 Isa muny eşidende haýran galdy, yzyna
düşüp gelýänlere şeýle diýdi: «Size dogrusyny aýdýa-
ryn, Men hatda Ysraýylda hem beýle imany hiç kimde
göremok. 11 Size diýýärin, gündogardan, günbatardan
köp adamlar gelip, Ybraýym, Yshak we Ýakup bilen bir-
likde Gögüň Patyşalygynda oturarlar. 12 Patyşalygyň
mirasçylary bolsa daşaryk garaňkylyga taşlanar, ol ýer-
de agy we diş gyjama bolar». 13 Isa ýüzbaşa: «Git, saňa
iman edişiň ýaly bolsun» diýdi. Onuň hyzmatkäri şol
sagadyň özünde sagaldy.

### Isa köp syrkawlary sagaldýar

14 Isa Petrusyň öýüne baranda, onuň gaýynenesiniň
gyzzyrma tutup ýatanyny gördi. 15 Onuň eline elini de-
girdi. Şol bada aýalyň gyzzyrmasy aýryldy, turup, Isa
hyzmat etmäge durdy. 16 Agşam düşende, jyn-arwah
uran köp adamlary Onuň ýanyna getirdiler. Ol hem bir
söz bilen erbet ruhlary çykardy, syrkawlaryň hemmesi-
ni sagaltdy.
17 Bularyň hemmesi Işaýa pygamber arkaly aýdylan
şu sözüň ýerine ýetmegi üçin boldy: «Biziň ejizliklerimi-
zi Öz üstüne aldy, syrkawlyklarymyzy Öz gerdeninde
çekdi».

### Isanyň yzyna eýermek

18 Isa töweregindäki uly märekäni görüp, beýleki ke-
nara geçmekligi buýurdy. 19 Şol wagt bir kanunçy gelip,
Oňa: «Mugallym! Sen nirä gitseň, men-de Seniň yzyňa
düşjek» diýdi. 20 Isa oňa: «Tilkileriň süreni, Gök guşlary-
nyň höwürtgesi bardyr, ýöne Ynsan Oglunyň başyny
ýassyga goýara-da ýeri ýokdur» diýdi. 21 Başga bir şä-
girdi Isa: «Ýa Reb! Rugsat et, öňürti gidip kakamy jaýla-
ýyn» diýdi. 22 Emma Isa oňa: «Meniň yzyma düş, goý,
ölüler öz ölülerini jaýlasynlar» diýdi.

### Isa tupany ýatyrýar

23 Isa gaýyga münende, şägirtleri Onuň yzyna eýerdi-
ler. 24 Onsoň kölde bir uly tupan turup, gaýyk tolkunla-
ra büreldi. Isa bolsa ýatyrdy. 25 Şägirtleri baryp, Ony
oýaryp: «Bizi halas et, ýa Reb, heläk bolup barýarys»
diýdiler. 26 Isa olara: «Eý, imany azlar, näme üçin gork-
ýarsyňyz?» diýdi. Ol turup, ýele, köle käýänsoň, imi-sa-
lalyk boldy. 27 Hemmeler: «Bu nähili adam, ýel-de, köl-
de Onuň sözüne gulak asýar!» diýip geňirgenişdiler.

### Isa jynlary çykarýar

28 Isa beýleki kenara — gadaralylaryň ýurduna baran-
da, Oňa mazardan çykan iki sany jynly adam gabat gel-
di. Bular gaty howpludy, hiç kim bu ýoldan geçip bil-
mezdi. 29 Olar: «Eý Hudaýyň Ogly Isa, biziň bilen näme
işiň bar? Bu ýere wagtyndan öň bizi gynamaga geldiň-
mi?» diýip gygyryşdylar.
30 Olardan uzagrakda otlap ýören bir doňuz sürüsi
bardy. 31 Jynlar Isa: «Bizi kowjak bolsaň, doňuz sürüsi-
ne gönder» diýip ýalbardylar. 32 Isa hem olara: «Gidiň»
diýdi. Olar hem çykyp doňuzlara girdiler. Onsoň tutuş
süri uçutdan kölüň içine paýyrdaşyp, suwda gark bol-
dy. 33 Çopanlar bolsa şähere gaçyp gelip, ähli zady, jyn-
lylaryň başyna düşen işi hem habar berdiler. 34 Onsoň
bütin şäher Isany garşylamaga çykdy we Ony görenle-
rinde, ülkelerini terk etmegi üçin, Oňa ýalbardylar.

### Bir ysmazyň sagaldylyşy

9 Isa gaýyga mündi-de, beýleki kenara geçip, öz şä-
herine geldi. 2 Ine, Onuň ýanyna düşekde ýatan
bir ysmazy getirdiler. Isa olaryň imanyny görüp, ysma-
za: «Oglum, batyr bol, seniň günäleriň ötüldi» diýdi.
3 Şonda kanunçylardan käbirleri öz içlerinden: «Bu
adam Hudaýa dil ýetirýär» diýdiler. 4 Emma Isa olaryň
pikirlerini bilip, şeýle diýdi: «Näme üçin göwnüňize er-
bet pikirler getirýärsiňiz? 5 Haýsysy aňsat: „Günäleriň
ötüldi" diýmekmi ýa-da „Tur, ýöre" diýmek? 6 Emma siz
Ynsan Oglunyň ýer ýüzünde günäleri ötmäge ygtyýa-
rynyň bardygyny biler ýaly...» diýdi-de, ysmaz bolan
adama: «Tur, düşegiňi al-da, öýüňe git» diýdi. 7 Ol-da
turup, öýüne gitdi. 8 Märeke muny görüp haýran galdy

### Mattanyň şägirtlere goşulyşy

9 Isa şol ýerden geçip barýarka, Matta atly bir ada-
myň salgythanada oturanyny görüp, oňa: «Meniň yzy-
ma düş» diýdi. Ol hem turup, Onuň yzyna düşdi. 10 Isa
öýde saçak başynda otyrka, ine, köp salgytçylar, günä-
kärler gelip, Isa we Onuň şägirtleriniň ýanynda oturdy-
lar. 11 Fariseýler muny görüp, Onuň şegirtlerinden:
«Näme üçin siziň Mugallymyňyz salgytçylardyr günä-
kärler bilen bile nahar iýýär?» diýip soradylar. 12 Isa
muny eşidip, şeýle diýdi: «Tebip saglara däl-de, syr-
kawlara gerekdir. 13 Ýöne siz gidiň-de: „Men gurban
däl-de, rehimdarlyk isleýärin" diýen sözüň manysyny
öwreniň, çünki Men dogry adamlary däl-de, günäkärle-
ri toba çagyrmaga geldim».

### Oraza barada sorag

14 Onsoň Ýahýanyň şägirtleri Isanyň ýanyna gelip,
şeýle diýdiler: «Näme üçin biz we fariseýler oraza tut-
ýarys-da, Seniň şägirtleriň oraza tutmaýarlar?» 15 Isa
olara şeýle jogap berdi: «Giýew ýanlaryndaka, toýa ça-
gyrylanlar ýas tutup bilermi? Ýöne giýewiň olardan
alynjak günleri geler, şonda olar oraza tutarlar. 16 Hiç
kim köne eşige täze matadan ýama salmaz, çünki sal-
nan ýama köne eşikden gopup, ýyrtyk has erbet bolar.
17 Şonuň ýaly, täze şerap-da köne meşiklere guýulmaz.
Şeýle edilse, meşikler ýarylyp, şerap döküler, meşikler
hem zaýalanar. Täze şerap täze meşiklere guýulýandyr,
şeýlelikde, ikisi hem aýawly saklanýandyr».

### Direlen gyz, sagaldylan aýal

18 Bu zatlary olara aýdyp durka, ine, bir sinagoga
başlygy geldi, Onuň aýagyna ýykylyp: «Meniň gyzym
ýaňyja öldi. Muňa garamazdan, gel-de, eliňi onuň üs-
tünde goý, ol direler» diýdi. 19 Isa turup, şägirtleri bilen
bile onuň yzyna düşüp gitdi. 20 Ine, on iki ýyldan bäri
gan akma keselinden ezet çekýän bir aýal Isanyň ýeň-
sesinden gelip, Onuň geýiminiň syýyna elini degirdi.
21 Çünki ol aýal öz içinden: «Diňe geýimine-de elimi de-
girsem, sagalaryn» diýýärdi. 22 Isa-da yzyna öwrülip,

ony gördi-de: «Batyr bol, gyzym, imanyň saňa şypa berdi» diýdi. Aýal şol sagadyň özünde sagaldy.

23 Isa başlygyň öýüne gelende, tüýdükçileri, galmagal edişip duran märekäni görüp, 24 olara: «Aýrylyň, gyz ölenok, diňe uklap ýatyr» diýdi. Olar Isa gülüşdiler. 25 Märeke daşaryk çykarylanda, Isa içerik girip, gyzyň elinden tutdy, gyz hem aýaga galdy. 26 Bu habar ol ýurduň ähli ýerine ýaýrady.

### Iki kör bilen bir lalyň sagaldylyşy

27 Isa ol ýerden gelýärkä, iki sany kör adam Onuň yzyna düşüp: «Bize rehim et, eý Dawut Ogly» diýip gygyryşdylar. 28 Isa öýe girende, körler Onuň ýanyna geldiler. Isa olara: «Meniň bu işi başarjagyma ynanýarsyňyzmy?» diýdi. Olar hem Oňa: «Hawa, ýa Reb» diýdiler. 29 Onsoň Isa olaryň gözlerine elini degrip: «Size imanyňyza görä bolsun» diýdi. 30 Olaryň hem gözleri açyldy. Isa: «Ägä boluň, muny hiç kim bilmesin» diýip, olara berk tabşyrdy. 31 Emma olar çykan batlaryna, Onuň atowazasyny ýurduň ähli ýerine ýaýratdylar. 32 Olar çykyp barýarka, ine, jyn uran bir lal adamy Onuň ýanyna getirdiler. 33 Jyn kowlandan soň, lal adam geplemäge başlady. Märeke geň galyp: «Ysraýylda hiç haçan beýle zat görlen däldir» diýişdiler. 34 Emma fariseýler: «Ol jynlary jynlaryň hany arkaly kowup çykarýar» diýişdiler.

### Hasyl bol, işgär az

35 Isa şäherme-şäher, obama-oba aýlanyp, olaryň sinagogalarynda sapak bererdi, Patyşalygyň Hoş Habaryny wagyz edip, her syrkawlygy, her hassalygy bejererdi. 36 Isa märekäni görüp, olara haýpy geldi, çünki olar çopansyz goýunlar ýaly pytraňňydy, alaçsyzdy. 37 Şonda, Isa şägirtlerine şeýle diýdi: «Hasyl bol, ýöne işçi az. 38 Munuň üçin, Öz hasylyny ýygmaga işçi iberer ýaly, hasyl eýesi Rebbe ýalbaryň».

### Isa on iki resulyny il arasyna iberýär

10 Isa on iki şägirdini ýanyna çagyryp, olara al-arwahy kowmaga, her hili syrkawlygy, her hili hassalygy bejermäge ygtyýar berdi. 2 On iki resulyň atlary şular: birinjisi Petrus diýlen Simun we dogany Andreas, Zebedeýiň ogly Ýakup we dogany Ýahýa, 3 Filipus, Bartolomeus, Tomas we salgytçy Matta, Alfeusyň ogly Ýakup we Taddeus lakamly Lebbeus, 4 Watançy Simun we Isa haýynlyk eden Iuda Iskariot. 5 Isa bu Onkileri ýollap, olara şeýle buýruk berdi: «Özge milletlere degişli ýerlere gitmän, samariýalylaryň şäherleriniň hiç birine barman, 6 Ysraýyl öýüniň ýiten goýunlarynyň ýanyna baryň. 7 Barýarkaňyz Gögüň Patyşalygynyň golaýlandygyny wagyz ediň. 8 Syrkawlary sagaldyň, heýwere kesellileri tämiz ediň, ölüleri direldiň, jynlary çykaryň. Mugt aldyňyz, mugt beriň. 9 Guşagyňyzda ne altyn, ne kümüş, ne-de mis saklaň. 10 Ýol üçin ne torba, ne-de iki köýnek, ne çaryk, ne-de taýak alyň. Çünki işgär öz azygyna mynasypdyr. 11 Haýsy şähere ýa oba barsaňyz, ol ýerde kimiň mynasypdygyny sorap-idäň-de, gaýdýançaňyz şol ýerde boluň. 12 Bir öýe gireniňizde, şol öýe salam beriň. 13 Öýdäkiler salama mynasyp bolsa, salamyňyz olaryň üstüne geler. Öýdäkiler mynasyp bolmasa, salamyňyz özüňize döner. 14 Kim sizi kabul etmese, sözleriňizi diňlemese, ol öýden ýa şäherden çykyp barýarkaňyz aýaklaryňyzyň tozanyny kakyň. 15 Size dogrusyny aýdýaryn, magşar güni Sodom we Gomorra şäherleriniň ýagdaýy ol şäheriň ýagdaýyndan has ýeňil bolar».

### Geljek muşakgatlar

16 Ine, Men sizi möjekleriň arasyna goýunlar ýaly ýollaýaryn, şonuň üçin ýylanlar ýaly akylly, kepderi ýaly sada boluň. 17 Adamlardan ägä boluň, çünki olar sizi mejlislere tabşyrarlar, sinagogalarynda ýenjerler. 18 Siz olara we milletlere güwälik bolar ýaly, Men sebäpli hökümdarlaryň, patyşalaryň huzuryna eltilersiňiz. 19 Ýöne olar sizi eltip tabşyranlarynda, nähili ýa näme diýjegiňizi gaýgy etmäň, çünki näme diýilmelidigi şol sagatda size berler. 20 Çünki gepleýän siz däl-de, siz arkaly gepleýän Ataňyzyň Ruhudyr. 21 Dogan dogany, ata çagasyny ölüme tabşyrar, çagalar hem ata-enelerine baş göterip, olary öldürderler. 22 Meniň adym sebäpli hemmeler sizi ýigrener, emma soňuna çenli çydan halas bolar. 23 Sizi bir şäherde yzarlasalar, beýlekisine gaçyň. Size dogrusyny aýdýaryn, Ynsan Ogly gelýänçä, siz Ysraýylyň ähli şäherlerine asla aýlanyp bilmersiňiz. 24 Şägirt öz mugallymyndan, gul öz agasyndan ýokary däldir. 25 Şägirde öz mugallymy ýaly, gula öz agasy ýaly bolmak ýeterlikdir. Öý eýesine Beýelzebul diýen bolsalar, onuň içerisindäkilere ondan hem beter diýerler».

### Kimden gorkmaly

26 Şonuň üçin olardan gorkmaň. Çünki üsti açylmajak ýapyk zat, bilinmejek gizlin zat ýokdur. 27 Garaňkylykda size näme aýtsam, şony ýagtylykda aýdyň. Gulagyňyza çakylan çawuşy tamlaryň üstünden yglan ediň. 28 Bedeni öldürip, jany öldürip bilmeýänlerden gorkman, eýsem, dowzahda hem teni, hem jany ýok etmäge gudraty bar bolan Hudaýdan gorkuň. 29 Iki serçe bir köpüge satylmaýarmy? Muňa garamazdan, Ataňyzdan rugsatsyz olaryň biri-de ýere gaçýan däldir. 30 Siziň başyňyzyň saçlary hem bütinleý sanalgydyr. 31 Munuň üçin gorkmaň, siz köp serçelerden gymmatlysyňyz. 32 Kim meni ynsanlaryň öňünde ykrar etse, Men-de ony Gökdäki Atamyň öňünde ykrar ederin. 33 Kim-de Meni adamlaryň öňünde inkär etse, Men-de ony Gökdäki Atamyň öňünde inkär ederin».

### Parahatlyk däl-de, gylyç getirdim

34 Meni ýer ýüzüne parahatlyk getirmäge gelendir öýtmäň. Men parahatlyk däl-de, gylyç getirmäge geldim. 35 Çünki Men ogly atasyndan, gyzy enesinden, gelni gaýyn enesinden aýyrmaga geldim. 36 Adamyň

duşmany öz içerisindäkiler bolar. 37 Atasyny, enesini
Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir. Ogluny,
gyzyny Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir.
38 Öz haçyny alyp, Meniň yzyma düşmedik hem Maňa
mynasyp däldir. 39 Janyny goran ony ýitirer. Meniň ug-
rumda janyny ýitiren ony gorar. 40 Sizi kabul eden Meni
kabul eder, Meni kabul eden hem Meni Ýollany kabul
eder. 41 Kim bir pygamberi pygamberligi üçin kabul et-
se, pygamberiň sylagyny alar. Bir dogry adamy dogru-
lygy üçin kabul eden dogry adamyň sylagyny alar.
42 Kim şu kiçileriň birine şägirtligi üçin, içmäge diňe bir
käse sowuk suw berse hem, size dogrusyny aýdýaryn,
ol asla sylagsyz galmaz».

### —NJI BAP

### Isa we Ýahýa

11 Isa on iki şägirdine öwüt-nesihat berip bolanyn-
dan soň, ol ýerden olaryň şäherlerine sapak ber-
mäge, wagyz etmäge gitdi. 2 Ýahýa hem Mesihiň işleri-
ni zyndanda eşidip, şägirtlerini iberdi. 3 «Sen şol geljek
Mesihmi ýa-da biz başga birine garaşmalymy?» diýip,
olara soratdy. 4 Isa şeýle jogap berdi: «Gidiň-de, görüp-
eşidenleriňizi Ýahýa habar beriň. 5 Körler görýär, ag-
saklar ýöreýär, heýwere keselliler tämizlenýär, kerler
eşidýär, ölüler direlýär, garyplara Hoş Habar wagyz
edilýär. 6 Men sebäpli büdremedik bagtlydyr». 7 Olar
gidende, Isa Ýahýa hakda halaýyga gürrüň bermäge
durdy: «Çöle näme görmäge gitdiňiz? Ýeliň yraýan
gamşynymy? 8 Eýsem, näme görmäge gitdiňiz? Nepis
eşikler geýnen bir adamymy? Nepis eşikler geýnenler
patyşalaryň köşklerindedir. 9 Eýsem, näme görmäge
gitdiňiz? Bir pygamberimi? Hawa, size aýdýaryn, ol py-
gamberden hem artykdyr. 10 Ol hakda: „Ine, Men Öz
habarçymy Seniň öňüňden iberýärin, ol öňden gidip,
Seniň ýoluňy taýýarlar" diýip ýazylan şoldur. 11 Size
dogrusyny aýdýaryn, aýaldan doglanlaryň arasynda
Çokundyryjy Ýahýadan ulusy bolan däldir, ýöne Huda-
ýyň Patyşalygynda iň kiçi hem ondan uludyr. 12 Çokun-
dyryjy Ýahýanyň günlerinden tä şu wagta çenli Gögüň
Patyşalygy güýç-gaýrat bilen gazanylýar, ony güýç-
gaýratlylar ele salýarlar. 13 Bütin pygamberler we ka-
nun Ýahýa çenli welilik etdi. 14 Ony kabul etmek isleýän
bolsaňyz, gelmegine garaşylýan Ylýas oldur. 15 Gulagy
barlar eşitsin! 16 Men bu nesli kime meňzedeýin? Olar
bazar ýerinde oturyp, öz ýoldaşlaryna: 17 „Size tüýdük
çaldyk, tans etmediňiz; agy etdik, aglamadyňyz" diýip
gygyrýan çagalara meňzeýärler. 18 Çünki Ýahýa geldi,
ol iýenogam, içenogam. Olar bolsa, onuň jyny bar diý-
ýärler. 19 Ynsan Ogly geldi, hem iýýär, hem içýär we
olar: „Ine, horan, arakhor, salgytçy we günäkärleriň
dosty" diýýärler. Ýöne akyldarlyk öz işleri bilen tassyk-
lanar».

### Toba etmedik şäherler

20 Onsoň, Isa mugjyzalarynyň köp ýüze çykan şäher-
lerine käýemäge durdy, çünki olar toba etmändiler.
21 Waý saňa, eý Horazin! Waý saňa, eý Beýtsaýda! Sizde
ýüze çykan mugjyzalar Sur we Saýdada ýüze çykan
bolsady, onda, olar eýýäm jul hem külüň içinde toba
ederdiler. 22 Men size diýýärin, magşar güni Sur we
Saýdanyň ýagdaýy siziň ýagdaýyňyzdan has ýeňil bo-
lar. 23 Eý, arşa göterilen Kapernaum! 24 Saňa diýýärin,
magşar güni Sodomyň ýagdaýy seniň ýagdaýyňdan
has ýeňil bolar».

### Agyr ýüklüleri çagyryş

25 Şol wagt Isa sözüni dowam edip diýdi: «Saňa şükür
edýärin, eý, Ýeriň-Gögüň Rebbi Atam! Çünki Sen bu
zatlary akyldarlardan, düşünjelilerden gizläp, şu kiçijik
çagalara aýan etdiň. 26 Hawa, eý Atam, Seniň islegiň
şeýledi. 27 Atam ähli zady Maňa tabşyrdy. Ogly Atadan
başga hiç kim tanaýan däldir, Atany-da Oguldan we
Ogluň äşgär etmek isleýän adamlaryndan başga hiç
kim tanaýan däldir. 28 Eý argynlar, agyr ýüklüler, Meniň
ýanyma geliň, Men size dynçlyk bereýin. 29 Meniň bo-
ýuntyrygymy dakynyň-da, Menden öwreniň, çünki
Men mylaýym hem pes göwünlidirin, janlaryňyz dynç-
lyk tapar. 30 Çünki Meniň boýuntyrygym ýumşakdyr,
ýüküm ýeňildir».

### —NJI BAP

### Sabat güni barada sorag

12 Şol wagtlarda Isa bir Sabat güni bugdaýlygyň
arasyndan geçip barýardy. Şägirtleri ajygyp,
bugdaý başlaryny ýolup iýmäge başladylar. 2 Muny gö-
ren fariseýler Oňa: «Ine, Seniň şägirtleriň Sabat güni
etmesiz zady edýärler» diýdiler. 3 Isa olara şeýle diýdi:
«Siz özi we ýanyndakylar aç galanlarynda, Dawudyň
näme edenini okamadyňyzmy? 4 Ol Hudaýyň öýüne
baryp, Hudaýa hödürlenip goýlan çöreklerden iýdi. Bu
bolsa oňa-da, ýanyndakylara-da gadagandy, diňe ru-
hanylara gadagan däldi. 5 Ýa-da ybadathanada Sabat
gününiň kadalaryny bozsalar-da, ruhanylaryň ýazyksyz
bolýandyklary hakda Mukaddes Kanundan okamady-
ňyzmy? 6 Men size diýýärin, bu ýerde ybadathanadan-
da uly Biri bar. 7 Siz „Men gurban däl-de, rehimdarlyk
isleýärin" diýen sözüň manysyny bilsediňiz, ýazyksyzla-
ra hököm etmezdiňiz. 8 Çünki Ynsan Ogly Sabat günü-
niň hem Rebbidir».
9 Isa ol ýerden gitdi, olaryň sinagogasyna bardy.
10 Ine, ol ýerde eli gurap inçelen bir adam bardy. Isany
aýyplajak bolup, Ondan: «Sabat güni şypa etmek bo-
larmy?» diýip soradylar. 11 Isa olara şeýle diýdi: «Sizden
haýsy adam bir goýny bolup, ol-da Sabat güni çukura
gaçsa, goýny alyp çykarmaz? 12 Ynsan goýundan näçe
gymmatlydyr! Munuň üçin Sabat güni ýagşylyk etmek

bolar». 13 Onsoň Isa ýaňky adama: «Eliňi uzat» diýdi. Ol
hem uzatdy, eli beýlekisi ýaly sagaldy. 14 Fariseýler da-
şaryk çykyp, Isany nähili heläk etmelidigi barada mas-
lahatlaşdylar.

### Hudaýyň saýlan guly

15 Emma Isa muny bilip, ol ýerden gitdi. Köp adamlar
Onuň yzyna düşdi, Isa hem olaryň hemmesini sagalt-
dy. 16 Özüniň kimligini mälim etmesinler diýip, olara
tabşyrdy. 17 Bu bolsa Işaýa pygamber arkaly aýdylan şu
sözüň ýerine ýetmegi üçindi:
18 «Ine, Meniň seçen Gulum,
Söýenim, janym Ondan razydyr.
Men Ruhumy Onuň üstünde goýaryn,
Ol hem adalaty milletlere yglan eder.
19 Ol ne çekeleşer, ne gygyrar,
Ne-de biri köçelerde Onuň sesini eşider.
20 Adalaty ýeňşe ýetirýänçä,
Epilen gamşy döwmez,
Tütän peltäni söndürmez.
21 Milletler Onuň adyna umyt baglarlar».

### Isa we Beýelzebul

22 Onsoň jyn uran bir kör hem lal adamy Isanyň ýany-
na getirdiler. Isa ony sagaltdy. Şeýlelikde, ýaňky adam
hem gepledi, hem gördi. 23 Hemme halk geň galyp:
«Bu Dawudyň Ogly dälmi?» diýişdiler. 24 Muny eşiden
fariseýler: «Bu adam diňe jynlaryň hany Beýelzebul ar-
kaly jynlary kowýar» diýdiler. 25 Emma Isa olaryň pikir-
lerini bilip, şeýle diýdi: «Içinde bölünişik bolan islendik
patyşalyk, şäher ýa-da öý berk durmaz. 26 Şeýtan şeýta-
ny kowýan bolsa, onda içinde bölünişik bardyr, onsoň
onuň patyşalygy nähili durar? 27 Men jynlary Beýel-
zebul arkaly kowýan bolsam, onda siziň adamlaryňyz
olary kim arkaly kowýarlar? Şoňa görä-de, olar size ka-
zylyk ederler. 28 Men jynlary Hudaýyň Ruhy arkaly kow-
ýan bolsam, onda Hudaýyň Patyşalygy size-de gelen-
dir. 29 Biri bir güýçli adamyň öýüne girip, nähili onuň
malyny talap biler? Öňürti ony baglamaly bolar, onsoň
öýüni talar. 30 Meniň bilen bile bolmadyk Maňa garşy-
dyr, Meniň bilen bile ýygmadyk dagadar. 31 Şonuň üçin
size şuny diýýärin: ynsanlaryň her bir günäsi, her bir
zada dil ýetirmesi bagyşlanar, ýöne Mukaddes Ruha dil
ýetirmeklik bagyşlanmaz. 32 Ynsan Ogluna garşy aýdy-
lan söz bagyşlanar, ýöne Mukaddes Ruha garşy aýdy-
lan söz bagyşlanmaz. Ol şu döwürde-de, geljekde-de
bagyşlanmaz. 33 Ýa-ha agajy-da oňat, miwesini-de oňat
ediň, ýa-da agajy-da erbet, miwesini-de erbet ediň,
çünki agaç miwesinden tanalýandyr. 34 Eý, alahöwren-
ler nesli, siz özüňiz erbetkäňiz, nähili oňat zatlar sözläp
bilersiňiz? Çünki agyz ýüregiň dolulygyndan sözleýän-
dir. 35 Oňat adam oňat hazynasyndan oňat zat çykarar,
erbet adam erbet hazynasyndan erbet zat çykarar.
36 Men size diýýärin, adamlar aýdan her bir boş sözi
üçin höküm gününde hasap berer. 37 Çünki siz öz sözü-
ňiz bilen aklanyp, öz sözüňiz bilen höküm edilersiňiz».

### Ýunusyň alamaty

38 Şonda käbir kanunçylar we fariseýler Oňa jogap
berip: «Mugallym, biz Senden bir alamat görmek isle-
ýäris» diýdiler. 39 Isa olara şeýle jogap berdi: «Erbet, zy-
nahor nesil bir alamat talap edýär, ýöne oňa Ýunus py-
gamberiňkiden başga alamat berilmez. 40 Çünki Ýunu-
syň üç gije-gündiz bir balygyň garnynda galyşy ýaly,
Ynsan Ogly-da üç gije-gündiz ýeriň bagrynda galar.
41 Ninewiýa halky magşar güni bu nesil bilen bilelikde
galyp, ony höküm eder, çünki olar Ýunusyň wagzy bi-
len toba geldiler. Ine, bu ýerde Ýunusdan hem uly Biri
bar. 42 Günorta tarapyň aýal patyşasy magşar güni bu
nesil bilen bile galyp, ony höküm eder, çünki ol Süleý-
manyň pähimini diňlemek üçin, Ýeriň ol ujundan geldi.
Ine, bu ýerde Süleýmandan-da uly Biri bar. 43 Al-arwah
adamdan çykansoň, gurak ýerlere aýlanyp, dynçlyk
gözleýär, ýöne tapmaýar. 44 Onsoň: „Çykan öýüme öw-
rüleýin" diýip gelende, öýüň boş, süpürilgi, ýerbe-ýer-
digini görýär. 45 Onsoň gidip, özünden hem erbet ýedi
ruhy ýanyna alýar-da, şol ýere baryp mesgen tutýar.
Şeýlelikde, ol adamyň soňky ýagdaýy öňküsinden-de
erbet bolýar. Bu erbet nesle-de şeýle bolar».

### Isanyň ejesi we doganlary

46 Isa halaýyga entek gürrüň berip durka, ine, ejesi
bilen doganlary Onuň bilen gepleşjek bolup, gelip, da-
şarda durdular. 47 Biri Isa: «Ejeň bilen doganlaryň Seniň
bilen gepleşjek bolup, daşarda durlar» diýdi. 48 Emma
Isa muny aýdana şeýle jogap berdi: «Meniň ejem kim?
Doganlarym kimler?» 49 Elini Öz şägirtlerine tarap uza-
dyp, şeýle diýdi: «Ine, Meniň ejem, Meniň doganlarym.
50 Çünki kim Meniň Gökdäki Atamyň islegini berjaý et-
se, şol Meniň doganym, uýam we ejemdir».

## —NJI BAP

### Ekin tymsaly

13 Şol gün Isa öýden çykyp, kölüň ýakasynda otur-
dy. 2 Onuň ýanyna şeýle uly märeke ýygnandy
welin, Ol gaýyga münüp oturdy, bütin märeke hem ke-
narda durdy. 3 Isa olara tymsallar bilen köp zatlar aýt-
dy: «Ine, bir daýhan ekin ekmäge gitdi. 4 Ekip ýörkä, to-
humlaryň birnäçesi ýoluň kenaryna düşdi. Guşlar-da
gelip, ony iýdiler. 5 Birnäçesi topragy az daşlyk ýere dü-
şüp, tiz gögerip çykdy, çünki toprak galyň däldi. 6 Gün
galanda bolsa, kökleriniň ýoklugy zerarly ýanyp, gurap
gitdiler. 7 Birnäçe tohum tikenleriň arasyna düşdi. Ti-
kenler ösüp, olary basdy. 8 Birnäçe tohum bolsa gowy
ýere düşüp, käbiri ýüz, käbiri altmyş, käbiri hem otuz
esse hasyl berdi. 9 Kimiň eşitmäge gulagy bar bolsa
eşitsin».
10 Onsoň şägirtler Isa: «Näme üçin olara tymsallar bi-
len gürrüň berýärsiň?» diýdiler. 11 Ol şeýle jogap berdi:

«Gögüň Patyşalygynyň syrlaryna düşünme ukyby size
berildi, olara berilmedi. 12 Çünki kimde bar bolsa, oňa
berler, ondaky bol bolar; kimde ýok bolsa, elindäki
hem ondan alnar. 13 Meniň olara tymsallar bilen gür-
rüň bermegimiň sebäbi şu. Çünki olar gözläp görme-
ýärler, diňläp eşitmeýärler, düşünmeýärler. 14 Işaýa py-
gamberiň aýdan şu welilik sözleri olarda ýerine ýetýär:
„Gulagyňyz bilen eşidip, düşünmersiňiz;
Gözleriňiz bilen gözläp, görmersiňiz;
15 Çünki bu halkyň ýüregi gatady,
Gulagy agraldy,
Gözlerini-de ýumdular.
Beýle bolmadyk bolsady,
Gözleri bilen görüp,
Gulaklary bilen eşidip,
Ýürekleri bilen düşünip,
Maňa tarap öwrülerdiler,
Men-de olara şypa bererdim".
16 Siziň gözleriňiz ne bagtly, çünki olar görýär, gulak-
laryňyz ne bagtly, çünki olar eşidýär. 17 Size dogrusyny
aýdýaryn, köp pygamberler, dogry adamlar siziň gör-
ýänleriňizi görmek islediler, ýöne görmediler, siziň
eşidýänleriňizi eşitmek islediler, ýöne eşitmediler. 18 In-
di daýhan hakdaky tymsalyň manysyny diňläň: 19 Biri
Hudaýyň Patyşalygy hakdaky sözi eşidip, oňa düşün-
mäninde, şeýtan gelip, onuň ýüreginde ekileni sogrup
alýar. Ýoluň kenarynda ekilen budur. 20 Daşlyk ýere eki-
len bolsa, sözi eşidip, ony derrew şatlyk bilen garşyla-
ýandyr. 21 Ýöne onda kök ýokdur, çydamsyzdyr; bu söz
üçin muşakgat ýa-da yzarlama bolanda, derrew ýüz
dönderer. 22 Tikenler arasyna düşenler bolsa budur: ol
sözi eşidýär, ýöne dünýäniň gaýgylary, baýlygyň al-
dawçylygy sözi bogýar we söz hasylsyz bolýar. 23 Gowy
topraga ekilen bolsa budur: ol sözi eşidip, oňa düşün-
ýär hem-de hasyl berýär, käbiri ýüz, käbiri altmyş, kä-
biri-de otuz esse hasyl getirýär».

### Haşal ot tymsaly

24 Isa olara başga bir tymsal-da aýdyp berdi: «Gögüň
Patyşalygy öz ekin meýdanynda oňat tohum eken
adam ýalydyr. 25 Emma her kes ýatyrka, onuň duşmany
gelip, bugdaýlaryň arasyna haşal ot ekip gidýär. 26 Ekin
ösüp hasyl berende, haşal ot hem peýda bolýar. 27 Öý
eýesiniň hyzmatkärleri onuň ýanyna gelip: „Aga, sen
ekin meýdanyňa oňat tohum sepmänmidiň? Onda ha-
şal ot nireden çykdy?" diýip, ondan soraýarlar. 28 Ol
hyzmatkärlerine: „Muny bir duşman edendir" diýýär.
Hyzmatkärleri: „Gidip, olary ýygmagymyzy isleýärsiň-
mi?" diýip, ondan soraýarlar. 29 Emma ol şeýle jogap
berýär: „Ýok, haşal oty ýygjak bolup, gaýtam, bugdaýy
köki bilen sograýmaň. 30 Goý, oraga çenli ikisi bile ös-
sün. Orak wagty men orakçylara ilki haşal oty ýygyň-
da, desseläp ýakar ýaly ediň, bugdaýy hem meniň am-
maryma üýşüriň diýerin"».

### Gorçisa tohumy we hamyrmaýa tymsaly

31 Isa olara başga bir tymsaly-da aýdyp berdi: «Gö-
güň Patyşalygy bir adamyň alyp, öz mellegine eken
gorçisa tohumy ýalydyr. 32 Ol tohumlaryň iň ownugy-
dyr, ýöne öseninden soň, beýleki ösümliklerden belent
bolup, agaç bolýar. Şeýlelikde, Gögüň guşlary gelip,
onuň şahalarynda höwürtgeleýärler». 33 Isa olara baş-
ga bir tymsaly-da aýtdy: «Gögüň Patyşalygy bir aýalyň
alyp, bütin hamyr turşaýança, üç çanak una goşan ha-
myrmaýasy ýalydyr».
34 Isa bu zatlaryň baryny halaýyga tymsallar bilen aý-
dardy. Tymsalsyz olara hiç zat aýtmazdy. 35 Bu pygam-
ber arkaly aýdylan şu sözüň ýerine ýetmegi üçindi:
«Agzymy tymsallar bilen açaryn, dünýä gurlaly gizlin
galan zatlary beýan ederin».

### Isa haşal ot tymsalyny düşündirýär

36 Onsoň Isa halaýygy taşlap öýe girdi. Şägirtleri
Onuň ýanyna gelip: «Ekin meýdanyndaky haşal otlar
hakdaky tymsaly bize düşündir» diýdiler. 37 Ol şeýle jo-
gap berdi: «Oňat tohumy ekýän Ynsan Ogludyr. 38 Ekin
meýdany bolsa dünýädir. Oňat tohum Hudaýyň Paty-
şalygynyň ogullary, haşal otlar bolsa iblisiň ogullary-
dyr. 39 Olary eken duşman iblisdir, orak döwrüň soňu-
dyr, orakçylar perişdelerdir. 40 Şeýlelik bilen, haşal otlar
nähili ýyglyp, otda ýakylýan bolsa, bu döwrüň soňunda
hem şeýle bolar. 41 Ynsan Ogly Öz perişdelerini iberer,
olar-da günä sebäpkär bolýan ähli zatlary, nähak iş ed-
ýänleri Onuň Patyşalygyndan ýygnap, 42 küräniň odu-
na taşlarlar. Ol ýerde agy we diş gyjama bolar. 43 On-
soň dogry adamlar Gökdäki Atalarynyň Patyşalygynda
Gün kimin parlar. Gulagy barlar eşitsin».

### Gizlin hazyna we dürdäne tymsaly

44 Gögüň Patyşalygy bir ekin meýdanynda gizlengi
hazyna ýalydyr. Bir adam ony tapyp, gaýtadan gizleýär
we begenip baryp, ähli zadyny satýar-da, ýaňky ekin
meýdanyny satyn alýar. 45 Ýene, Gögüň Patyşalygy
owadan dürdäne agtaran täjir ýalydyr. 46 Ol gymmat-
baha bir dürdänäni tapýar we baryp, ähli zadyny sat-
ýar-da, ony satyn alýar».

### Tor tymsaly

47 Ýene Gögüň Patyşalygy deňze taşlanyp, her hili ba-
lygy ýygnan tor ýalydyr. 48 Tor dolanda, ony kenara
çekýärler-de, oturyp, oňat balyklary gaplara salýarlar,
erbetlerini hem taşlap goýberýärler. 49 Döwrüň soňun-
da hem şeýle bolar. Perişdeler gelip, erbetleri dogry
adamlardan aýryp, 50 küräniň oduna taşlarlar. Ol ýerde
agy we diş gyjama bolar». 51 Isa olara: «Bu zatlaryň ba-
ryna düşündiňizmi?» diýdi. Olar hem oňa: «Hawa» diý-
diler. 52 Isa olara: «Şeýlelik bilen, Gögüň Patyşalygy
hakda tälim alan her bir kanunçy hazynasyndan hem
täze, hem köne zatlar çykarýan öý eýesi ýalydyr» diýdi.

### Isa ret edilýär

53 Isa bu tymsaly aýdyp bolandan soň, ol ýerden git-
di. 54 Ol Öz ýurduna gelip, ybadathanalarynda halka
şeýle oňat sapak berdi welin, olar geň galyp diýişdiler:
«Bu Adam bu akyldarlygy, bu mugjyzalary nireden al-
dyka? 55 Bu neçjaryň Ogly dälmi? Ejesiniň ady Merem
dälmi? Doganlary Ýakup, Ýusup 56 Hemme aýal dogan-
lary biziň ýanymyzda dälmi? Onda bu Adam bütin bu
zatlary nireden aldyka?» 57 Ony öýke-kine bilen ret etdi-
ler. Emma Isa olara: «Pygamber öz ýurdundan, öýün-
den başga ýerde gadyrsyz däldir» diýdi.
58 Isa olaryň imansyzdyklary zerarly, ol ýerde köp
mugjyza etmedi.

## —NJI BAP

### Ýahýa pygamberiň öldürilmegi

14 Şol wagt Isanyň owazasy tetrarh Hirodesiň gu-
lagyna ýetdi. 2 Ol öz nökerlerine: «Bu çokundyry-
jy Ýahýadyr. Ol ölümden direlendir. Bu mugjyzalaryň
ondan çykmagynyň sebäbi şeýledir» diýdi. 3 Çünki Hi-
rodes Ýahýany tutduryp, el-aýagyny bagladyp, zynda-
na saldyrypdy. Ol muny öz dogany Filipusyň aýaly Hi-
rodiýas sebäpli edipdi. 4 Çünki Ýahýa Hirodese: «Seniň
ony almagyň dogry däl» diýipdi.
5 Hirodes Ýahýany öldürmek isleýärdi, ýöne halkdan
gorkýardy, çünki halk Ýahýany pygamber hasaplaýar-
dy. 6 Emma Hirodes öz doglan güni mynasybetli toý tu-
tanda, Hirodiýasyň gyzy ortada tans edip, Hirodesiň
göwnüni çaglady. 7 Şoňa görä, Hirodes gyza näme dile-
se, bererin diýip, ant içip, söz berdi. 8 Gyz hem ejesiniň
öwretmegi bilen: «Çokundyryjy Ýahýanyň başyny bir
tabakda goýup, şu ýerde maňa ber» diýdi. 9 Patyşa
gamgyn boldy, ýöne myhmanlaryň ýanynda ant içen-
soň, Ýahýanyň başynyň oňa berilmegini buýurdy.
10 Adam iberip, zyndanda Ýahýanyň başyny kesdirdi.
11 Onuň başy bir tabakda getirilip, gyza berildi, ol hem
ejesine getirdi. 12 Ýahýanyň şägirtleri gelip, jesedi äkit-
diler-de jaýladylar. Onsoň baryp, Isa habar berdiler.

### Isa bäş müň adamy doýurýar

13 Isa muny eşidende, ol ýerden ýeke Özi gaýyga mü-
nüp bir çola ýere çekildi. Halaýyk muny eşidip, şäher-
lerden çykyp, paý-pyýada Onuň yzyndan gitdiler. 14 Ol
gaýykdan düşende, uly märekäni görüp, olara haýpy
geldi, syrkawlaryny sagaltdy. 15 Agşam düşende şägirt-
ler Onuň ýanyna gelip: «Bu bir çola ýer, wagt hem gi-
jikdi, märekäni goýber, obalara gidip, özlerine iýmit sa-
tyn alsynlar» diýdiler. 16 Emma Isa olara: «Olara gitme-
giň geregi ýok, siz iýmäge zat beriň» diýdi. 17 Şägirtler
hem Isa: «Biziň bu ýerde bäş çörek bilen iki balykdan
başga zadymyz ýok» diýdiler. 18 Ol hem: «Olary şu ýere,
Meniň ýanyma getiriň» diýdi. 19 Şonda Isa märekä otuň
üstünde oturmagy buýurdy. Bäş çörek bilen iki balygy
alyp, Göge bakyp şükür etdi-de, çörekleri bölüşdirip,
şägirtlere berdi, şägirtler hem olary märekä paýlady-
lar. 20 Hemmeler iýip doýdular. Artyp galan döwümleri
bolsa ýygnap, on iki sebedi doldurdylar. 21 Iýenler aýal-
lardyr çagalardan başga bäş müňe golaý adamdy.

### Isa suwuň ýüzünden ýöreýär

22 Märekäni ugradyp durka, Isa şägirtlerine gaýyga
münüp, Özünden öň beýleki kenara geçmegi buýurdy.
23 Märekäni ugradanyndan soň, Onuň ýeke Özi doga
etmek üçin daga çykdy. Ol agşam düşende hem şol
ýerde ýekedi. 24 Gaýyk bolsa şol wagt kölüň ortasynda-
dy, tolkunlarda eýläk-beýläk zyňylýardy. 25 Gijäniň dör-
dünji nobatynda 26 Emma şägirtler Onuň deňziň ýü-
zünden ýöräp gelýänini görenlerinde: «Bu bir gözümi-
ze görünýän zatdyr!» diýşip aljyradylar, gorkudan ýaňa
gygyryşdylar. 27 Emma Isa derrew: «Batyr boluň, bu
Men, gorkmaň» diýip, olara söz gatdy. 28 Petrus Oňa jo-
gap berip: «Ýa Reb, bu Sen bolsaň, maňa suwuň ýüzi
bilen ýanyňa barmagy buýur» diýdi. 29 Isa: «Gel» diýdi.
Petrus hem gaýykdan düşüp, Isanyň ýanyna barjak
bolup, suwuň ýüzi bilen ýöremäge başlady. 30 Emma
ýeliň güýjüni görüp gorkdy, ýaňy gark bolup ugranda:
«Ýa Reb, meni halas et» diýip gygyrdy. 31 Isa derrew eli-
ni uzadyp ony tutdy-da: «Eý, az imanly adam, näme
üçin şübhelendiň?» diýdi. 32 Olar gaýyga münenlerin-
de, ýel ýatdy. 33 Gaýykdakylar: «Sen, dogrudan-da, Hu-
daýyň Oglusyň» diýip, Oňa sežde etdiler. 34 Olar deňziň
aňyrsyna geçip, Jenesaret ýurduna bardylar. 35 Ol ýeriň
adamlary Isany tanap, tutuş şol töwereklere adam ibe-
rip, syrkawlaryň baryny Onuň ýanyna getirdiler. 36 Olar
diňe geýiminiň syýnyna elini degirmäge rugsat sorap,
Oňa ýalbardylar. El degrenleriň hemmesi-de sagaldy.

## —NJI BAP

### Adamy näme murdar edýär?

15 Onsoň fariseýler bilen kanunçylar Iýerusalim-
den Isanyň ýanyna gelip, şeýle diýdiler: 2 «Näme
üçin Seniň şägirtleriň ata-babalaryň adatyny bozýar-
lar? Çünki olar nahar iýenlerinde ellerini ýuwmaýar-
lar». 3 Ol bulara şeýle jogap berdi: «Siz näme üçin ada-
tyňyzyň hatyrasyna Hudaýyň tabşyrygyny bozýarsy-
ňyz? 4 Çünki Hudaý: „Ataňy, eneňi syla", „Atasyna ýa
enesine ýokuş söz aýdan hökman öldürilsin" diýip tab-
şyrypdyr. 5 Ýöne siz: „Kim atasyna ýa enesine menden
görjek peýdaň Hudaýa peşgeşdir diýse, 6 atasyny ýa
enesini sylamaly däl" diýýärsiňiz. Şeýdip, adatyňyzyň
hatyrasyna Hudaýyň tabşyrygyny bozýarsyňyz. 7 Eý iki-
ýüzlüler! Işaýa pygamber: 8 Bu halk dilinde Meni syla-
ýar, ýöne olaryň ýürekleri Menden uzakda. 9 Biderek
ýere Maňa sežde edýärler, çünki taglymat hökmünde
öwredýänleri ynsan buýruklary" diýip, siz hakda oňat
welilik edipdir».
10 Isa märekäni ýanyna çagyryp, olara şeýle diýdi:
«Diňläň, düşüniň! 11 Agza giren zat adamy murdar ed-

ýän däldir, agyzdan çykan zat adamy murdar edýän-
dir». 12 Onsoň şägirtler gelip: «Bu sözi eşidenlerinde,
fariseýleriň gaharynyň gelenini bilýärsiňmi?» diýip, On-
dan soradylar. 13 Ol şeýle jogap berdi: «Gökdäki Ata-
myň ekmedik her ösümligi köki bilen sogrular. 14 Olara
zat diýmäň, olar körleri idýän körlerdir. Kör köri itse,
olaryň ikisi hem guýa gaçar». 15 Petrus Oňa: «Bize bu
tymsaly düşündir» diýdi. 16 Isa hem şeýle diýdi: «Siz he-
nizem düşüneňzokmy? 17 Agza giren her bir zadyň gar-
na baryp, daşaryk taşlanýandygyna düşünmeýärsiňiz-
mi? 18 Ýöne agyzdan çykan zatlar ýürekden çykyp, ada-
my murdar edýär. 19 Çünki erbet pikirler, adam öldür-
me, azgynlyk, zynahorlyk, ogrulyk, ýalan güwälik, sö-
günç ýürekden çykýar. 20 Adamy şu zatlar murdar ed-
ýär, ýuwulmadyk el bilen nahar iýmek adamy murdar
etmeýär».

### Kenganly aýalyň imany

21 Isa ol ýerden çykyp, Sur we Saýda etrabyna çekildi.
22 Ine, şol jelagaýda bolýan bir kenganly aýal gelip: «Ýa
Reb, eý Dawut Ogly, maňa rehim et, jyn uranlygy se-
bäpli, gyzym ejir çekýär» diýdi. 23 Emma Isa oňa hiç bir
jogap bermedi. Şägirtleri ýanyna gelip: «Ony ugrat,
çünki yzymyzdan gygyryp gelýär» diýip ýalbardylar.
24 Ol bolsa: «Men diňe Ysraýyl öýüniň ýitirim bolan go-
ýunlaryna iberildim» diýip jogap berdi. 25 Emma aýal
gelip, Onuň öňünde ýere ýykylyp 26 Isa: «Çagalaryň çö-
regini alyp, itlere zyňmak dogry däldir» diýip jogap
berdi. 27 Aýal: «Hawa, ýa Reb, Ýöne itler hem eýeleriniň
saçagyndan gaçan çörek owuntyklaryny iýýändir» diý-
di. 28 Şonda Isa oňa: «Eý aýal, seniň imanyň uly! Saňa
isleýşiň ýaly bolsun» diýdi. Ol aýalyň gyzy şol sagadyň
özünde sagaldy.

### Isa dört müň adamy doýurýar

29 Isa ol ýeri terk edip, Jelile kölüniň golaýyna geldi,
bir dagyň üstüne çykyp, şol ýerde oturdy. 30 Onuň ýa-
nyna bir uly märeke geldi, olaryň ýanlarynda agsaklar,
körler, lallar, çolaklar we ýene-de bir topar syrkawlar
bardy. Olary getirip, Isanyň öňünde duruzdylar. Ol bu-
lary sagaltdy. 31 Halk lallaryň gepleýändigini, çolaklaryň
sagalandygyny, körleriň görýändigini, agsaklaryň ýöre-
ýändigini görüp haýran galdy, Ysraýylyň Hudaýyny
şöhratlandyrdy. 32 Isa şägirtlerini ýanyna çagyryp, şeý-
le diýdi: «Meniň bu märekä haýpym gelýär! Bular indi
üç gün bäri Meniň ýanymda, iýmäge-de hiç bir zatlary
ýok. Ýolda ysgyndan gaçaýmasynlar diýip, olary aç
goýberesim gelenok». 33 Şägirtler Oňa: «Beýle uly mä-
rekäni doýrar ýaly, bu çola ýerde biz çöregi nireden
alaly?» diýdiler. 34 Isa olara: «Näçe çöregiňiz bar?» diý-
di. Olar: «Ýedi, birnäçe hem maýda balygymyz bar»
diýdiler.
35 Isa märekä ýerde oturmagy buýurdy. 36 Ýedi çörek
bilen balyklary alyp, şükür edeninden soň, olary bölüş-
dirip, şägirtlerine berdi, şägirtleri hem olary märekä
paýladylar. 37 Hemmeler iýip doýdular, artyp galan dö-
wümleri bolsa ýygnap, ýedi sebedi doldurdylar. 38 Iýen-
ler aýallardyr çagalardan başga dört müň adamdy.
39 Isa märekäni ugradanyndan soň, gaýyga münüp,
Magdala etrabyna gitdi.

### Bir alamat islenýär

16 Fariseýler bilen saddukeýler gelip, Isany syna-
mak üçin, Ondan özlerine Gökden bir alamat
görkezmegini haýyş etdiler. 2 Ol şeýle jogap berdi: «Ag-
şam bolanda siz: „Howa gowy boljak, çünki asmanyň
ýüzi gyzyl" diýýärsiňiz. 3 Ertir hem: „Bu gün gaý turjak,
çünki asmanyň ýüzi gyzyl hem tutuk" diýýärsiňiz. Siz
asmanyň ýagdaýyny saýgaryp bilýärsiňiz-de, döwrüň
alamatlaryny saýgaryp bilmeýärsiňizmi? 4 Erbet we zy-
nahor nesil bir alamat talap edýär, ýöne oňa Ýunusyň-
kydan başga alamat berilmez». Şeýlelikde, Isa olary
taşlap gitdi.

### Fariseýler bilen saddukeýleriň hamyrmaýasy

5 Şägirtleri ol tarapa geçenlerinde, çörek almagy
unudan ekenler. 6 Isa olara: «Sak boluň, fariseýleriň,
saddukeýleriň hamyrmaýasyndan ägä boluň» diýdi.
7 Olar bolsa özara çekişip: «Çörek almandyrys» diýiş-
ýärdiler. 8 Emma Isa muny bilip, şeýle diýdi: «Eý imany
azlar! Çörek almandyrys diýşip, nämä özara çekişýärsi-
ňiz? 9 Bäş müň adam üçin bäş çörege we näçe sebedi
dolduryp ýygnanlygyňyza entek hem düşünmeýärmi-
siňiz, ol ýadyňyza düşmeýärmi? 10 Dört müň adam üçin
ýedi çörek we näçe sebedi dolduryp ýygnanlygyňyz-da
ýadyňyza düşmeýärmi? 11 Men size: „Fariseýleriň, sad-
dukeýleriň hamyrmaýasyndan ägä boluň" diýenimde,
çörekden gürrüň etmeýänligime näme üçin düşünme-
ýärsiňiz?» 12 Şägirtler özlerine hamyrmaýa däl-de, fari-
seýler bilen saddukeýleriň taglymatyndan ägä boluň
diýýänine şonda düşündiler.

### Petrusyň Isany tanamagy

13 Isa Kaýsariýa-Filipi etrabyna gelende şägirtlerin-
den: «Maňa — Ynsan Ogluna adamlar kim diýýärler?»
diýip sorady. 14 Olar: «Käbirleri çokundyryjy Ýahýa, kä-
birleri Ylýas, başgalary-da Ýeremiýa ýa pygamberleriň
biri diýýärler» diýdiler. 15 Isa olara: «Siz Maňa kim diý-
ýärsiňiz?» diýdi. 16 Simun Petrus: «Sen diri Hudaýyň
Ogly Mesihsiň» diýip jogap berdi. 17 Isa Oňa şeýle diý-
di: «Sen bagtlysyň, eý, Ýunus ogly Simun, çünki muny
saňa aýan eden ynsan däl-de, Gökdäki Atamdyr.
18 Men saňa diýýärin, sen Petrussyň 19 Gögüň Patyşaly-
gynyň açarlaryny saňa bererin. Ýer ýüzünde baglan
her zadyň Gökde bagly bolar. Ýer ýüzünde açan her za-
dyň Gökde açyk bolar». 20 Onsoň şägirtlerine Özüniň
Isa Mesihdigini hiç kime aýtmazlygy tabşyrdy.

### Isa ölüp direljegini öňünden aýdýar

21 Isa şondan beýläk şägirtlerine Özüniň Iýerusalime
gitmelidigini, ýaşulularyň, baş ruhanylaryň we kanun-
çylaryň elinden görgi görmelidigini, öldürilip, üçünji
güni direlmelidigini düşündirmäge başlady. 22 Petrus
Ony bir çete çekip: «Ýa Reb, Hudaý saklasyn! Seniň ba-
şyňa asla beýle iş düşmez!» diýip, Onuň aýdanlaryna
garşy çykdy. 23 Ol öwrülip, Petrusa: «Çekil öňümden,
şeýtan! Sen Maňa päsgel berýärsiň, çünki sen Hudaý
işlerini däl-de, ynsan işlerini oýlanýarsyň» diýdi. 24 On-
soň Isa şägirtlerine şeýle ýüzlendi: «Kim Meniň yzyma
eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, haçyny
alyp, yzyma düşsün. 25 Çünki kim janyny halas etmek
islese, ony ýitirer, ýöne kim öz janyny Meniň ugrumda
ýitirse, ony halas eder. 26 Sebäbi bir adam bütin dünýä-
ni gazanyp, janyny ýogaltsa, oňa näme peýdasy bolar?
Ýa-da adam janyna derek näme berip biler? 27 Ynsan
Ogly Atasynyň şöhratynda Öz perişdeleri bilen gelen-
de, her kime eden işlerine görä hakyny berer. 28 Size
dogrusyny aýdýaryn, bu ýerde duranlaryň arasynda
Ynsan Oglunyň Öz Patyşalygynda gelýänini görmez-
den öň, ölümi datmajak käbir adamlar bar».

## —NJI BAP

### Isanyň görnüşi üýtgeýär

17 Isa alty günden soň, diňe Petrusy, Ýakuby we
onuň dogany Ýahýany ýanyna alyp, olary bir be-
ýik dagyň üstüne çykardy. 2 Olaryň gözleriniň alnynda
Onuň görnüşi üýtgedi, ýüzi Gün kimin parlady, egin-
eşigi yşyk ýaly agardy. 3 Birdenkä, olara Musa bilen Yl-
ýas göründi. Olar Isa bilen gepleşip durdular. 4 Petrus
Isa şeýle diýdi: «Ýa Reb! Bize bu ýerde bolmak ýakymly.
Eger Sen isleseň, men üç çadyr guraýyn: biri — Saňa,
biri — Musa, biri — Ylýasa».
5 Ol entek gepläp durka, nurly bir bulut olara kölege
saldy. Bulutdan şeýle bir owaz geldi: «Bu Meniň söýgü-
li Oglumdyr, Men Ondan gaty razydyryn. Ony diňläň».
6 Şägirtler muny eşidenlerinde, gaty gorkup, ýüzin ýy-
kyldylar. 7 Emma Isa gelip, olara elini degrip: «Turuň,
gorkmaň» diýdi. 8 Olar gözlerini galdyranlarynda, diňe
Isadan başga hiç kimi görmediler. 9 Dagdan inip gel-
ýärkäler, Isa olara: «Ynsan Ogly ölümden direlýänçä,
göreniňizi hiç kime aýtmaň» diýip tabşyrdy. 10 Şägirtleri
Ondan: «Eýse näme üçin kanunçylar öňürti Ylýas gel-
melidir diýýärler?» diýip soradylar. 11 Ol hem jogap be-
rip diýdi: «Dogrudan-da, Ylýas gelip, hemme zady dü-
zetmelidir. 12 Emma Men size aýdýaryn, Ylýas eýýäm
geldi, ony tanamadylar, oňa halanlaryny etdiler. Şonuň
ýaly, Ynsan Ogly-da olaryň elinden görgi görer».
13 Şonda şägirtler Onuň özlerine Çokundyryjy Ýahýa
barada gürrüň berýändigine düşündiler.

### Tutgaýly oglan sagalýar

14 Märekäniň ýanyna baranlarynda, bir adam gelip,
Isanyň öňünde dyza çöküp, şeýle diýdi: 15 Ýa Reb! Me-
niň ogluma rehim et, sebäbi ol tutgaýly, köp ezet çek-
ýär, ýygy-ýygydan özüni oda, suwa urýar. 16 Men ony
Seniň şägirtleriňe getirdim, ýöne olar sagaldyp bilme-
diler». 17 Isa şeýle jogap berdi: «Eý ýoldan çykan, iman-
syz nesil! Men haçana çenli siz bilen bile bolup, size çy-
daýyn? Oglany şu ýere Maňa getiriň». 18 Isa jyna käýe-
di, jyn hem oglandan çykdy. Oglan şol sagadyň özünde
sagaldy. 19 Onsoň şägirtler Isanyň ýanyna gelip, öz-öz-
lerikä Oňa: «Biz näme üçin ony çykaryp bilmedik?» diý-
diler. 20 Isa hem olara diýdi: «Imanyňyzyň ýoklugy 21 Bu
hili jynlary doga we orazadan başga hiç zat bilen çyka-
ryp bolýan däldir». 22 Jelilede gezip ýörkäler Isa olara
şeýle diýdi: «Ynsan Ogly ynsan eline berler. 23 Ony öl-
dürerler, Ol üçünji güni direler». Şägirtler gaty gynan-
dylar.

### Ybadathana salgydy

24 Kapernauma gelenlerinde iki drahma ýygnaýanlar
Petrusa gelip: «Siziň Mugallymyňyz iki drahma berme-
ýärmi?» diýdiler. 25 Petrus: «Hawa, berýär» diýdi. Öýe
gelende, Isa ondan öňürdip: «Simun, sen näme diýýär-
siň? Ýer ýüzündäki patyşalar gümrük ýa salgydy kim-
den alýarlar? Öz ogullaryndanmy ýa kesekilerdenmi?»
diýdi. 26 Petrus Oňa: «Kesekilerden» diýende, Isa oňa
şeýle diýdi: «Onda, ogullar erkindir. 27 Ýöne olary büd-
retmezlik üçin köle git-de, çeňňek taşla. Oňa ilkinji ilen
balygy alyp, agzyny açsaň, bir teňňä gözüň düşer. Ony
al-da, Meniň üçinem, özüň üçinem olara ber».

## —NJI BAP

### Iň uly kim?

18 Şol wagt şägirtler Isanyň ýanyna gelip: «Gögüň
Patyşalygynda iň uly kim?» diýdiler. 2 Isa-da bir
çagany çagyryp, ony olaryň ortasynda duruzdy-da,
şeýle diýdi: 3 Size dogrusyny aýdýaryn, toba edip, çaga-
lar ýaly bolmasaňyz, Gögüň Patyşalygyna asla girip bil-
mersiňiz. 4 Kim özüni şu çaga ýaly pes göwünli tutýan
bolsa, Gögüň Patyşalygynda iň uly şoldur. 5 Kim şunuň
ýaly bir çagany Meniň adymdan kabul etse, Meni kabul
etdigidir. 6 Kim-de Maňa iman eden bu çagalardan biri-
niň günä etmegine sebäp bolsa, boýnundan uly degir-
men daşy asylyp, deňziň düýbünde gark bolmak onuň
üçin has gowy bolar. 7 Ynsanlaryň günä etmegine se-
bäp bolan zatlardan ötri, waý, bu dünýäniň gününe!
Beýle zatlaryň gelmegi zerurdyr, ýöne bularyň gelme-
gine sebäp bolýan adamyň gününe waý! 8 Eliň ýa aýa-
gyň seniň günä etmegiňe sebäp bolsa, ony kes-de,
özüňden taşla. Saňa çolak ýa agsak bolup ýaşaýşa gir-
mek, iki elli ýa iki aýakly bolup, ebedi oda zyňylmakdan
gowudyr. 9 Gözüň seniň günä etmegiňe sebäp bolsa,

ony oýup çykar-da taşla. Saňa ýeke gözli bolup ýaşaýşa girmek, iki gözli bolup dowzah oduna zyňylmakdan gowudyr. 10 Bu körpelerden birini äsgermezlik etmekden gaça duruň, çünki size aýdýaryn, bularyň Gökdäki perişdeleri Meniň Gökde bolan Atamyň elmydam ýüzüni görýärler. 11 Ynsan Ogly ýitirim bolanlary halas etmäge gelendir».

### Ýiten goýun tymsaly

12 Siz näme diýýärsiňiz? Bir adamyň ýüz goýny bolup, olaryň biri azaşsa, ol togsan dokuzyny daglarda galdyryp, azaşanyň gözlegine çykmazmy? 13 Ony tapyp biläýse, size dogrusyny aýdýaryn, ol munuň üçin azaşmadyk togsan dokuzysyna begenenden hem gaty begener. 14 Şeýlelikde, bu körpelerden biriniň heläk bolmagy Gökdäki Ataňyzyň islegi däldir».

### Bir dogan günä etse

15 Doganyň saňa garşy günä etse, bar-da, ikiçäk gürleşip, aýbyny oňa aýt. Seniň sözüňe gulak assa, bu doganyňy gazandygyňdyr. 16 Sözüňe gulak asmasa, her söz iki ýa üç şaýadyň agzyndan tassyklanar ýaly, bir ýa iki adamy ýanyňa al. 17 Olara-da gulak asmak islemese, onda ýygnaga aýt. Oňa-da gulak asmak islemese, goý, ol seniň üçin bir butparaz ýa-da salgytçy bolsun. 18 Size dogrusyny aýdýaryn, ýer ýüzünde daňan zadyňyz Gökde-de daňylgy bolar. Ýer ýüzünde çözen zadyňyz Gökde-de çözülgi bolar. 19 Ýene size aýdýaryn, eger sizden iki adam dilejek her bir zady hakda özara ylalaşsa, Gökdäki Atam dilegleri bitirer. 20 Çünki iki ýa üç adam Meniň adymdan haýsy ýerde üýşüşse, Men-de şol ýerde, olaryň arasynda bolaryn».

### Rehimsiz hyzmatkär

21 Onsoň Petrus gelip, Isa şeýle diýdi: «Ýa Reb, doganym maňa garşy näçe gezek günä etse, men ony bagyşlaýyn? Ýedi gezekmi?» 22 Isa oňa şeýle jogap berdi: «Men saňa ýedi gezek däl, ýetmiş ýola ýedi gezek diýýärin. 23 Şonuň üçin Gögüň Patyşalygy öz hyzmatkärleri bilen haklaşmak islän bir patyşa meňzeýär. 24 Ol hasaplaşmaga duranda, oňa on müň talant borçly birini ýanyna getirýärler. 25 Ol bergisini töläp bilmäninde, agasy onuň özüniň, aýalynyň, oglan-uşagynyň we bütin mallarynyň satylyp, bergisiniň berilmegini buýurýar. 26 Hyzmatkär ýüzin ýykylyp, oňa ýalbaryp: „Eý agam, sabyr et! Baryny töläýin" diýýär. 27 Agasynyň rehimi inip, ol hyzmatkäri boşadýar, algysyny geçýär. 28 Ýaňky hyzmatkär daşaryk çykanda, özüne ýüz dinar borçly bolan bir ýoldaşyna sataşýar. Ony tutup: „Bergiňi ber" diýip, bokurdagyndan tutýar. 29 Ýoldaşy onuň aýagyna ýykylyp: „Sabyr et, bergimi bereýin" diýip oňa ýalbarýar. 30 Ol etmeýär, gaýtam, bergisini berýänçä, ony zyndana saldyrýar. 31 Ýaňky adamyň ýoldaşlary bu wakany görüp, gaty gynanýarlar, bolan ähli zady baryp, agalaryna habar berýärler. 32 Onsoň agasy ony çagyryp diýýär: „Eý, erbet hyzmatkär! Maňa ýalbaranyň üçin men şol algynyň baryny geçdim. 33 Meniň saňa rehim edişim ýaly, sen hem ýoldaşyňa rehim etmeli dälmidiň?" 34 Agasy gazaplanyp, bergisini berýänçä, ony gynaýanlaryň eline berýär. 35 Siziň hem her biriňiz öz doganynyň ýazyklaryny ýürekden bagyşlamasa, Meniň Gökdäki Atam hem sizi şeýle eder».

### Talak barada sorag

19 Isa bu sözleri tamamlanyndan soň, Jelileden çykyp, Ýahudanyň çäklerine, Iordan derýasynyň aňyrsyna gitdi. 2 Uly märeke Onuň yzyna düşdi, Isa hem şol ýerde olary sagaltdy. 3 Fariseýler geldiler we Ony synap: «Her bir sebäp bilen aýaly aýyrmak dogrumydyr?» diýip soradylar. 4 Ol hem şeýle jogap berdi: «Ýaradanyň olary başda erkek we aýal edip ýaradandygyny, „Şol sebäpden hem erkek ata-enesini goýup, aýaly bilen höwrüger we ikisi bir ten bolar" diýenini siz okamadyňyzmy? 6 Şoňa görä, indi olar iki däl-de, bir ten hasaplanarlar. Hudaýyň goşanyny bendesi aýyrmasyn». 7 Olar Isa şeýle diýdiler: «Onda näme üçin Musa aýaly aýranda, onuň talak hatyny bermekligi tabşyrypdyr?» 8 Isa olara şeýle jogap berdi: «Doňýürek adamlar bolanyňyz üçin, Musa size aýalyňyzy aýyrmaga ygtyýar berdi, ýöne owal-başda beýle däldi. 9 Men size aýdýaryn, kim aýalyny zynadan başga sebäp bilen aýryp, başga aýala öýlense, zyna edýändir. Ärinden aýrylan aýala öýlenen hem zyna edýändir». 10 Şägirtler Oňa: «Erkek bilen aýal arasynda ýagdaý şeýle bolsa, onda öýlenmezlik gowudyr» diýişdiler. 11 Emma Isa olara şeýle diýdi: «Hemme adamlar bu sözi kabul edip bilmezler, diňe özlerine berlenler kabul edip bilerler. 12 Çünki dogabitdi agtalar, adamlar tarapyndan agta edilenler we Gögüň Patyşalygy ugrunda özlerini agta edenler hem bardyr. Muny kabul edip bilen kabul etsin».

### Isa çagalara ak pata berýär

13 Onsoň olaryň üstüne elini goýup doga etsin diýip, Isanyň ýanyna çagalary getirdiler. Şägirtler çagalary getirenlere käýediler. 14 Emma Isa: «Degmäň, çagalar Meniň ýanyma gelsin, olary bökdemäň, çünki Gögüň Patyşalygy şular ýalylaryňkydyr» diýdi. 15 Isa olaryň üstüne elini goýanyndan soň, ol ýerden gitdi.

### Baý ýaş ýigit

16 Ine, biri Onuň ýanyna gelip: «Eý, ýagşy Mugallym, ebedi ýaşaýşym bolar ýaly, men näme ýagşy zat etmeli?» diýdi. 17 Isa şeýle diýdi: «Näme üçin Maňa ýagşy diýýärsiň? Ýagşy bolan täk Biri — Hudaý 18 Ol Isadan: «Haýsy tabşyryklary?» diýip sorady. Isa şeýle jogap berdi: «Adam öldürme, zyna etme, ogrulyk etme, ýalan güwälik berme, 19 ene-ataňy syla, goňşyňy özüň ýaly söý». 20 Ýaş ýigit: «Men bularyň hemmesini berjaý etdim, ýene näme kemim bar?» diýip, Isadan sorady.

21 Isa oňa: «Kämil bolaýyn diýseň, git, nämäň bar bol-
sa, sat-da, garyplara ber, Gökde hazynaň bolar, onsoň
gel-de, Meniň yzyma düş» diýdi. 22 Ýaş ýigit bu sözi eşi-
dip, tukat bolup gitdi, çünki onuň köp mal-mülki bardy.
23 Isa şägirtlerine diýdi: «Size dogrusyny aýdýaryn, bar-
ly adam Gögüň Patyşalygyna çetinlik bilen girer. 24 Size
ýene aýdýaryn, bir düýäniň iňňäniň gözünden geçme-
gi barly adamyň Hudaýyň Patyşalygyna girmeginden
aňsatdyr». 25 Muny eşidenlerinde şägirtleri: «Onda kim
halas bolup biler?» diýip, çakdanaşa geňirgenişdiler.
26 Isa olara seredip: «Ynsanlar üçin bu mümkin däl, ýö-
ne Hudaý üçin ähli zat mümkin» diýdi. 27 Onsoň Petrus
Oňa şeýle diýdi: «Ine, biz ähli zadymyzy taşlap, Seniň
yzyňa düşdük, onda biziň nämämiz bolar?» 28 Isa-da
olara şeýle diýdi: «Size dogrusyny aýdýaryn, ähli zadyň
täzelenjek wagty, Ynsan Ogly Öz şöhratly tagtynda
oturanda Meniň yzyma düşen siz hem on iki tagtda
oturyp, Ysraýylyň on iki taýpasynyň üstünden höküm
çykararsyňyz. 29 Meniň hatyram üçin öýlerini, doganla-
ryny, uýalaryny, atasyny, enesini, aýalyny, oglan-uşagy-
ny ýa ýerlerini taşlan her kes ýüz esse edip alar, ebedi
ýaşaýşyň mirasçysy bolar. 30 Ýöne köp ilkinjiler iň soň-
kular, iň soňkular hem ilkinjiler bolar».

—NJI BAP

### Üzümçi tymsaly

20 Gögüň Patyşalygy üzümliginde işlär ýaly, ertir ir
bilen işçi tutmaga giden ýer eýesi ýalydyr. 2 Ol iş-
çiler bilen günde bir dinara razylaşyp, olary öz üzümli-
gine ýollaýar. 3 Gündiz sagat dokuzlarda daşaryk çy-
kanda, bazarda başgalaryň boş duranyny görýär. 4 Ola-
ra-da: „Siz hem üzümlige gidiň, hakyňyz näme bolsa
bererin" diýýär. Olar hem gidýärler. 5 Günortan we
gündiz sagat üçlerde ýene daşaryk çykýar-da, ýene
şeýle edýär. 6 Gündiz sagat bäşlerde daşaryk çykanda,
başga boş duranlary görüp, olara: „Näme üçin günu-
zyn bu ýerde boş dursuňyz?" diýýär. 7 Olar hem: „Çünki
hiç kim bizi tutmady" diýýärler. Olara: „Siz-de üzümlige
gidiň" diýýär. 8 Agşam düşende, üzümligiň eýesi öz iş
dolandyrýanyna şeýle diýýär: „Işçileri çagyr-da, iň soň-
kulardan başlap, ilkinjilere çenli haklaryny töle".
9 Şeýlelikde, gündiz sagat bäşlerde gelenleriň her biri
bir dinar alýar. 10 Ilkinjiler gelende köp alarys öýdýär-
ler, ýöne olaryň-da her biri bir dinar alýar. 11 Muny alan
wagtlary olar ýer eýesine hüňürdeşip, 12 „Bu iň soňku-
lar diňe bir sagat işlediler, sen bolsaň olary günüň ýü-
küni, yssysyny çeken biziň bilen deň etdiň" diýýärler.
13 Ýer eýesi olaryň birine jogap berip, şeýle diýýär: „Eý
dost! Men saňa adalatsyzlyk edemok; sen meniň bilen
bir dinara razylaşmadyňmy? 14 Öz hakyňy al-da git.
Men bu iň soňka-da saňa berenimi bermek isleýärin.
15 Öz malym bilen islänimi etmäge ygtyýarym ýokmy?
Ýa-da meniň sahylygyma göriplik edýärsiňmi?" 16 Şeý-
lelikde, iň soňkular ilkinji, ilkinjiler hem iň soňkular bo-
lar, çünki çagyrylanlar köp, saýlananlar azdyr».

### Isa ölüp direljegini ýene aýdýar

17 Isa Iýerusalime barýarka, on iki şägirdi ýolda çete
çekip, olara şeýle diýdi: 18 Ine, Iýerusalime barýarys.
Ynsan Ogly baş ruhanylara, kanunçylara tabşyrylar,
olar hem Ony ölüme höküm ederler. 19 Oňa gülsünler,
gamçylasynlar, haça çüýlesinler diýip, Ony başga mil-
letlere tabşyrarlar, ýöne Ol üçünji güni direler».

### Bir enäniň haýyşy

20 Onsoň Zebedeý ogullarynyň ejesi öz ogullary bilen
Isanyň ýanyna gelip, ýere ýykyldy-da, Ondan bir zat di-
ledi. 21 Isa hem oňa: «Näme isleýärsiň?» diýdi. Ol-da
Isa: «Tabşyr, Patyşalygyňda meniň bu iki oglumyň biri
Seniň sagyňda, biri hem soluňda otursyn» diýdi. 22 Em-
ma Isa şeýle jogap berdi: «Siz näme dileýäniňizi bilme-
ýärsiňiz. Siz Meniň içjek käsämden içip bilersiňizmi?
Meniň çokundyryljak çokunyşym bilen çokundyrylyp
bilermisiňiz?» Olar-da Oňa: «Muny edip bileris» diýdi-
ler. 23 Isa olara şeýle diýdi: «Siz Meniň içjek käsämden
içersiňiz, Meniň çokundyryljak çokunyşym bilen çokun-
dyrylarsyňyz. Ýöne size Meniň sagymda ýa solumda
oturmaga rugsat bermek Meniň elimde däl. Bu orunla-
ry Atam kimler üçin taýynlan bolsa, şolar üçindir».
24 Beýleki on şägirt muny eşidip, ýaňky iki dogana ga-
harlandylar. 25 Emma Isa olary ýanyna çagyryp, şeýle
diýdi: «Siz bilýärsiňiz, milletleriň başlyklary olara aga-
lyk edýär, ululary-da olara ygtyýar bilen baştutanlyk
edýär. 26 Siziň araňyzda beýle bolmasyn. Araňyzda kim
uly bolmak isleýän bolsa, beýlekileriň hyzmatkäri bol-
sun. 27 Araňyzda kim ilkinji bolmak isleýän bolsa, hem-
mäňiziň guly bolsun. 28 Ynsan Ogly-da Özüne hyzmat
edilmegi üçin däl, eýsem, hyzmat etmek üçin, köpleriň
ugrunda janyny töleg hökmünde bermek üçin geldi».

### Iki körüň gözi açylýar

29 Olar Erihadan çykanlarynda, uly märeke Isanyň
yzyna düşüp gitdi. 30 Ýoluň kenarynda oturan iki kör
adam Isanyň geçip barýanyny eşidenlerinde: «Ýa Reb,
eý Dawut Ogly, bize rehim et!» diýip gygyryşdylar.
31 Märeke seslerini çykarmasynlar diýip, olara käýedi,
ýöne olar: «Ýa Reb, eý Dawut Ogly, bize rehim et!» di-
ýip, öňküden hem gaty gygyryşdylar. 32 Isa aýak çekdi-
de, olary çagyryp: «Siziň üçin näme etmegimi isleýärsi-
ňiz?» diýdi. 33 Olar-da Oňa: «Ýa Reb, gözümiz açylsyn»
diýdiler. 34 Isanyň haýpy gelip, olaryň gözlerine elini
degirdi welin, derrew gözleri açyldy, onsoň Onuň yzy-
na düşüp gitdiler.

—NJI BAP

### Isanyň Iýerusalime girişi

21 Olar Iýerusalime golaýlap, Zeýtun dagynyň ete-
gindäki Beýtfaja gelip ýetenlerinde, Isa iki şägir-
de: 2 Öňüňizdäki oba baryň, salym geçmänkä, daňylgy

duran ýany taýharly bir eşegi taparsyňyz, olary çözüň-
de, Maňa getiriň. 3 Biri size bir zat diýse: „Bular Rebbe
gerek, ynha, yzyna iberer" diýiň» diýip, ýollady. 4 Bu-da
pygamber arkaly aýdylan şu sözüň ýerine ýetmegi
üçindi: 5 «Sion gyzyna diýiň: Ine, seniň patyşaň bir eşe-
ge münüp, eşegiň balasy taýhara münüp, pes göwün-
lilik bilen saňa gelýär».
6 Şägirtler hem gidip, Isanyň tabşyryşy ýaly etdiler.
7 Eşek bilen taýhary getirdiler-de, egin-eşiklerini olaryň
üstüne atdylar, Isa-da taýharyň üstüne mündi. 8 Märe-
käniň köpüsi öz egin-eşiklerini ýola ýazýardy, käsi-de
agaçlardan şahalar kesip, ýola düşeýärdi. 9 Onuň
öňünden barýan we yzyndan gelýän märeke: «Dawut
Ogluna hosanna! Rebbiň adyndan gelýän gutly bolsun,
iň ýokarlarda hosanna!» diýip gygyryşýardylar. 10 Isa
Iýerusalime girende, bütin şäher: «Bu kim?» diýip titre-
ýärdi. 11 Märeke hem: «Bu Jeliläniň Nasyra şäherinden
bolan Isa pygamber» diýýärdi.

### Isa satyjylary ybadathanadan kowýar

12 Isa Hudaýýň ybadathanasyna 13 Olara şeýle diýdi:
«„Meniň öýüme doga öýi diýler" diýip ýazylgydyr, siz
muny garakçylaryň sürenine öwürdiňiz». 14 Ybadatha-
nada körler, agsaklar Onuň ýanyna geldiler, Ol hem
olary sagaltdy. 15 Baş ruhanylar bilen kanunçylar Onuň
eden täsinliklerini, ybadathanada: «Dawut Ogluna ho-
sanna!» diýip gygyrýan çagalary görenlerinde gahar-
landylar. 16 Oňa: «Bularyň näme diýýänini eşidýärsiň-
mi?» diýdiler. Isa-da olara şeýle diýdi: «Hawa, siz: „Ýa-
şajyk balalaryň, süýt emýänleriň agzyndan alkyşlar al-
dyň" diýen sözi asla okamadyňyzmy?» 17 Isa olaryň ýa-
nyndan gitdi, şäherden çykyp hem Beýtaniýa geldi, gi-
jäni şol ýerde geçirdi.

### Guran injir agajy

18 Ertesi şähere dolanyp gelýärkä ajykdy. 19 Ýoluň gy-
rasynda bir injir agajyny görüp, onuň ýanyna geldi, ýö-
ne ondan ýapraklardan başga hiç zat tapmady. Isa
agaja: «Mundan beýläk senden asla iýmiş önmesin!»
diýdi. Injir agajy bolsa şol pursatyň özünde gurady.
20 Şägirtler muny görüp: «Injir agajy şol pursatyň özün-
de nähili gurady?» diýşip haýran galdylar. 21 Isa şeýle
jogap berdi: «Size dogrusyny aýdýaryn, imanyňyz bo-
lup, şübhe etmeseňiz, siz diňe bu injir agajyna edileni
etmek bilen çäklenmän, eýsem, şu daga: „Göteril-de,
deňze zyňyl" diýseňiz-de, bu bolar. 22 Iman edip, doga
bilen her näme dileseňiz, alarsyňyz».

### Isanyň ygtyýary

23 Isa ybadathana gelip, sapak berip durka, baş ruha-
nylar, halkyň ýaşululary Onuň ýanyna gelip: «Sen haý-
sy ygtyýar bilen bu zatlary edýärsiň? Saňa bu ygtyýary
kim berdi?» diýdiler. 24 Isa olara jogap berip diýdi:
«Men-de sizden bir zat sorajak, Maňa jogap berseňiz,
Men hem size bu zatlary haýsy ygtyýar bilen edýänimi
aýdaýyn. 25 Ýahýanyň çokundyrmasy niredendi? Gök-
denmi ýa ynsandan?» Olar-da özara pikir alşyp diýdi-
ler: «Biz: „Gökden" diýsek, Ol bize: „Onda, näme üçin
oňa iman getirmediňiz?" diýer. 26 „Ynsandan" diýmäge-
de halkdan gorkýarys, çünki hemmeler Ýahýany bir py-
gamber saýýar». 27 Olar Isa şeýle jogap berdiler: «Biz
bilmeýäris». Isa-da olara şeýle diýdi: «Men-de size bu
zatlary haýsy ygtyýar bilen edýänimi aýtmaýaryn».

### Iki ogul tymsaly

28 Siz näme diýýärsiňiz? Bir adamyň iki ogly bar eken.
Ol birinjisine baryp: „Oglum, bu gün git-de, üzümlikde
işle" diýýär. 29 Ol hem jogap berip: „Gitjek däl" diýýär.
Ýöne soň ökünip gidýär. 30 Ýaňky adam ikinjisine baryp
şol sözi aýdýar; ol: „Bolýar, aga" diýýär, ýöne gitmeýär.
31 Bularyň ikisinden kakasynyň islegini ýerine ýetiren
haýsysy?» Olar: «Birinjisi» diýdiler. Isa olara diýdi: «Size
dogrusyny aýdýaryn, salgytçylardyr kemçinler Huda-
ýyň Patyşalygyna sizden öň girer. 32 Çünki Ýahýa siziň
ýanyňyza dogrulyk ýoly bilen geldi, siz oňa ynanmady-
ňyz, ýöne salgytçylar, kemçinler oňa ynandylar. Siz mu-
ny göreňizden soň hem ökünmediňiz, oňa ynanmady-
ňyz».

### Üzümlik we bagbanlar tymsaly

33 Ýene bir tymsala gulak asyň: Öý eýesi bolan bir
adam bar eken. Ol üzüm agaçlaryny oturdyp, daşyna
haýat aýlaýar we bir üzüm sykylýan çukur gazýar, bir
diň salyp, üzümligi bagbanlara ekerine berýär-de, uzak
ýola gidýär. 34 Hasyl wagty golaýlanda, miwesini almak
üçin hyzmatkärlerini bagbanlara iberýär. 35 Bagbanlar
onuň hyzmatkärlerini tutup, birini ýençýärler, birini öl-
dürýärler, beýlekisini-de daşlaýarlar.
36 Üzümligiň eýesi öňküden köp hyzmatkär iberýär.
Bagbanlar olara-da öňkülere edenlerini edýärler. 37 So-
ňunda üzümligiň eýesi: „Oglumy sylarlar" diýip, öz og-
luny iberýär. 38 Bagbanlar onuň ogluny görenlerinde,
biri-birlerine: „Mirasdar şu, geliň, muny öldüreliň, mi-
ras bize galar" diýişýärler. 39 Ony tutup, üzümlikden
daşaryk taşlap öldürýärler. 40 Indi üzümligiň eýesi ge-
lende bu bagbanlara näme eder?» 41 Olar Isa diýdiler:
«Bu pis adamlary aýylganç ölüme sezewar edip, üzüm-
ligi möwsüminde miwesini özüne berjek bagbanlara
ekerine berer». 42 Isa olara şeýle diýdi: «Siz Mukaddes
Ýazgylarda: „Ussalaryň ret eden daşy, burçuň başy bol-
dy. Bu Rebbiň edenidi, biziň gözümize bir täsinlik" di-
ýen sözi asla okamadyňyzmy? 43 Munuň üçin size diý-
ýärin, Hudaýýň Patyşalygy sizden alnyp, Onuň miwele-
rini öndürjek millete berler. 44 Bu daşyň üstüne ýykylan
bölek-bölek bolar, ol biriniň üstüne gaçsa, ony mynjy-
radar». 45 Baş ruhanylardyr fariseýler Onuň tymsallary-
ny eşidenlerinde, özleri hakda gürrüň edýänini aňdy-
lar. 46 Ony tutjak boldular, ýöne halkdan gorkdular,
çünki halk Isany pygamber saýýardy.

## —NJI BAP

### Gelin toýy tymsaly

22 Isa olara ýene-de tymsallar bilen gürrüň berip,
şeýle diýdi: 2 Gögüň Patyşalygy öz ogly üçin ge-
lin toýuny tutan patyşa ýalydyr. 3 Ol toýa çagyrylanlara
habar etmek üçin hyzmatkärlerini iberýär, ýöne çagy-
rylanlar gelmek islemeýärler. 4 Patyşa ýene başga hyz-
matkärleri iberip, olara şeýle diýýär: „Çagyrylanlara aý-
dyň, ine, men naharymy taýýarladym, öküzler, semiz
mallar soýuldy, ähli zat taýýar, toýa gelsinler". 5 Emma
olar ähmiýet bermeýärler, biri öz ekin meýdanyna, ýe-
ne biri öz söwdasynyň ugruna çykýar. 6 Beýlekiler-de
onuň hyzmatkärlerini tutup, horlaýarlar, olary öldür-
ýärler. 7 Şeýlelikde, patyşa gazaplanyp, goşun ýollaýar-
da, ýaňky ganhorlary derbi-dagyn edýär, şäherlerini
otlaýar. 8 Onsoň hyzmatkärlerine diýýär: „Toý taýýar,
ýöne çagyrylanlar muňa mynasyp däl eken. 9 Ýol çat-
ryklaryna baryň-da, kimi tapsaňyz, toýa çagyryň". 10 Bu
hyzmatkärler hem ýollara çykyp, ýaman diýmän, ýagşy
diýmän, tapanlarynyň baryny üýşürýärler, toýhana
myhmandan dolýar. 11 Patyşa myhmanlara seretjek bo-
lup içerik girende, toý geýimini geýmedik bir adama
gözi düşýär. 12 Oňa diýýär: „Eý dost, sen toý geýimini
geýmän, bu ýere nähili girdiň?" Ýöne ol sesini çykar-
maýar. 13 Onsoň patyşa hyzmatkärlere diýýär: „El-aýa-
gyny baglaň-da, ony daşaryk, garaňkylyga taşlaň, ol
ýerde agy we diş gyjama bolar". 14 Çünki çagyrylanlar
köp, saýlananlar azdyr».

### Kaýsaryňky kaýsara

15 Onsoň fariseýler gidip, Ony gepde tutmak barada
maslahat geçirdiler. 16 Hirodesçiler bilen öz şägirtlerini
Isanyň ýanyna iberip diýdiler: «Mugallym! Biz Seniň
dogruçyldygyňy, Hudaýyň ýoluny hakykat ýüzünden
öwredýändigiňi, hiç kime ýaranjak bolmaýandygyňy
bilýäris, çünki Sen adamlaryň derejesine bakmaýarsyň.
17 Indi bize aýt, Sen näme diýýärsiň, kaýsara salgyt tö-
lemek dogrumy ýa dälmi?» 18 Isa olaryň ýaman niýetle-
rini bilip diýdi: «Meni näme üçin synaýarsyňyz, eý iki-
ýüzlüler? 19 Maňa salgyt puluny görkeziň». Olar hem
Oňa bir dinar getirdiler. 20 Isa olara: «Şu surat bilen
ýazgy kimiňki?» diýdi. 21 Olar: «Kaýsaryňky» diýdiler.
Şonda Isa olara: «Onda, kaýsaryňkyny kaýsara, Huda-
ýyňkyny Hudaýa beriň» diýdi. 22 Olar muny eşidenlerin-
de haýran galyp, Onuň ýanyndan gitdiler.

### Direliş barada sorag

23 Ölümden direlme ýokdur diýýän saddukeýler şol
gün Isanyň ýanyna gelip, Oňa sorag berdiler: 24 Mugal-
lym, Musa: „Eger bir adamyň zürýady bolman ölse, do-
gany onuň aýalyny alyp, doganyna nesil ýetişdirmeli-
dir" diýipdir. 25 Biziň aramyzda ýedi dogan bardy. Birin-
jisi öýlendi-de öldi. Zürýady bolmansoň, aýalyny doga-
nyna galdyrdy. 26 Ikinjisi, üçünjisi, tä ýedinjisine çenli
şeýle boldy. 27 Olaryň hemmesinden soň hem aýal öldi.
28 Indi, ölüler direlende, bu aýal ol ýedi doganyň haýsy-
synyň aýaly bolar? Çünki hemmesi ony alypdy». 29 Isa
olara şeýle jogap berdi: «Siz Mukaddes Ýazgylary, Hu-
daýyň gudratyny bilmän ýalňyşýarsyňyz. 30 Ölüler dire-
lenlerinde öýlenmän, äre çykman, Hudaýyň Gökdäki
perişdeleri ýaly bolarlar. 31 Ölümden direlmä geleni-
mizde bolsa, siz Hudaýyň özüňize: 32 „Men Ybraýymyň
Hudaýy, Yshagyň Hudaýy, Ýakubyň Hudaýydyryn" diýe-
nini okamadyňyzmy? Ol ölüleriň däl, dirileriň Hudaýy-
dyr». 33 Märeke muny eşidip, Onuň taglymatyna haý-
ran galdy.

### Iň uly tabşyryk

34 Fariseýler Isanyň saddukeýleriň sesini çykartman-
lygyny eşidenlerinde, bir ýere ýygnanyşdylar. 35 Olar-
dan bir kanunçy Isany synamak üçin: 36 «Mugallym, ka-
nunda iň uly tabşyryk näme?» diýip sorady. 37 Isa oňa
şeýle diýdi: «„Hudaýyň Rebbi bütin ýüregiň, bütin ja-
nyň, bütin düşünjäň bilen söý". 38 Şu birinji we iň uly
tabşyrykdyr. 39 Ikinji hem şonuň ýaly: „Goňşyňy özüň
ýaly söý". 40 Bütin kanun we pygamberler ýazgylary şu
iki tabşyryga baglydyr».

### Mesih kimiň ogly?

41 Fariseýler ýygnanyşyp durkalar, Isa olardan:
42 «Mesih barada näme pikir edýärsiňiz? Ol kimiň Og-
ly?» diýip sorady. Olar hem Isa: «Ol Dawudyň Ogly»
diýdiler. 43 Isa olara şeýle diýdi: «Onda, näme üçin Da-
wut Ruhdan ylham alyp, Oňa Reb diýip: 44 „Reb meniň
Rebbime diýdi: Duşmanlaryňy aýaklaryň astynda goý-
ýançam, Meniň sagymda otur" diýýär? 45 Eger Dawut
Oňa Reb diýýän bolsa, Ol nähili Dawudyň ogly bolýar?»
46 Hiç kim Isa jogap berip ýekeje söz hem aýdyp bilme-
di, şol günden beýläk hiç kim Ondan bir zat soramaga
ýürek etmedi.

## —NJI BAP

### Waý günüňize!

23 Onsoň Isa halka, Öz şägirtlerine şeýle gürrüň
berdi: 2 Kanunçylar bilen fariseýler Musanyň or-
nunda otyrlar. 3 Şonuň üçin olaryň size aýdýanlarynyň
baryny ýerine ýetiriň, berjaý ediň, ýöne olaryň edenle-
rini etmäň, çünki aýdyp-da, özleri edýän däldirler.
4 Olar agyr, götermesi kyn ýükleri baglap, adamlaryň
gerşine goýýandyrlar, ýöne özleri bu ýükleri götermek
üçin bir barmaklaryny hem gymyldatmak isleýän däl-
dirler. 5 Olar edýän ähli zatlaryny göz üçin edýändirler.
Doga gutularyny giňeldip, geýimleriniň pürçügini uzal-
dýandyrlar. 6 Zyýapatlarda töri, sinagogalarda baş kür-
süleri, 7 bazar ýerinde salam almagy, adamlaryň özleri-
ne „mugallym" diýmegini söýýändirler. 8 Siz özüňize
„mugallym, mugallym" diýdirmäň, çünki siziň Mugally-

myňyz birdir, siziň baryňyz dogansyňyz. 9 Ýer ýüzünde
hiç kime „Ata" diýmäň, çünki siziň Ataňyz birdir, Ol
Gökdedir. 10 Özüňize „Ýolbaşçy" diýdirmäň, çünki siziň
Ýolbaşçyňyz birdir, Ol Mesihdir. 11 Ulyňyz hemmäňize
hyzmatkär bolsun. 12 Çünki özüni beýgelden peseler,
özüni peselden beýgeler. 13 Waý günüňize, eý, kanun-
çylar we fariseýler, ikiýüzlüler! Çünki siz Gögüň Patyşa-
lygyny adamlara baglaýarsyňyz, ne özüňiz girýärsiňiz,
ne-de girjeklere ýol berýärsiňiz. 14 Waý günüňize, eý,
kanunçylar we fariseýler, ikiýüzlüler! Çünki siz dul ha-
tynlaryň öýlerini talap, göz üçin uzyn-uzyn dogalar
okan bolýarsyňyz. Şonuň üçin siz has agyr jeza seze-
war bolarsyňyz. 15 Waý günüňize, eý, kanunçylar we fa-
riseýler, ikiýüzlüler! Çünki birje adamy öz diniňize giriz-
jek bolup, deňizlere, düzlere aýlanýarsyňyz. Girizeni-
ňizde bolsa, ony özüňizden iki esse dowzah ogly ed-
ýärsiňiz. 16 „Biriniň ybadathanadan ant içmegi möhüm
däl, ýöne kim ybadathananyň gyzylyndan ant içse, öz
antyna daňylgy bolar" diýýän kör ýol görkezijiler, waý
günüňize! 17 Eý, akmaklar we körler! Haýsysy uly, gyzyl-
my ýa gyzyly mukaddes edýän ybadathana? 18 Ýene:
„Biriniň gurbanlyk edilýän ýerden ant içmegi möhüm
däl, ýöne kim onuň üstündäki gurbandan ant içse, öz
antyna daňylgy bolar" diýýärsiňiz. 19 Eý, akmaklar we
körler! Haýsysy uly, gurbanmy ýa gurbany mukaddes
edýän gurbanlyk ýeri? 20 Gurbanlyk edilýän ýerden ant
içýän ondan hem onuň üstündäki zatlaryň hemmesin-
den ant içýändir. 21 Ybadathanadan ant içýän ondan
we onuň içinde mekan tutan Hudaýdan ant içýändir.
22 Gökden ant içýän Hudaýyň tagtyndan we onuň üs-
tünde Oturandan ant içýändir. 23 Waý günüňize, eý, ka-
nunçylar we fariseýler, ikiýüzlüler! Çünki siz narpyzdan,
anisden we zireden zekat berip, kanunyň wajybrak iş-
lerini, adyllygy, rehimdarlygy, imany taşladyňyz. Bu
zatlary etmeli, beýlekileri-de taşlamaly däldiňiz. 24 Eý
çybyny süzüp aýryp, düýäni ýuwudýan kör ýol görkezi-
jiler! 25 Waý günüňize, eý, kanunçylar we fariseýler, iki-
ýüzlüler! Çünki siz käsedir gap-çanagyň daşyny arassa-
laýarsyňyz, olaryň içi bolsa ogurlyk hem nebisjeňlikden
doly. 26 Eý, kör fariseý! Käsedir gap-çanagyň daşy-da
arassa bolar ýaly, öňinçä içini arassala. 27 Waý günüňi-
ze, eý, kanunçylar we fariseýler, ikiýüzlüler! Çünki siz
agardylyp, daşyndan owadan görünýän, ýöne içi ölüle-
riň süňkleri we her tüýsli murdarlykdan doly mazarlar-
syňyz. 28 Siz hem daşyňyzdan adamlara dogry adam
ýaly görünýärsiňiz, ýöne içiňiz ikiýüzlülikden, erbetlik-
den doly. 29 Waý günüňize, eý, kanunçylar we fariseý-
ler, ikiýüzlüler! Çünki siz pygamberlere mazarlar salyp,
dogry adamlaryň ýadygärliklerini bezäp: 30 „Biz atalary-
myzyň günlerinde bolan bolsak, pygamberleriň gany-
ny dökmekde olara şärik bolmazdyk" diýýärsiňiz.
31 Şeýlelik bilen, pygamberleri öldürenleriň ogullarydy-
gyňyza özüňiz güwä geçýärsiňiz. 32 Onda, atalaryňyzyň
başlan işlerini tamamlaň! 33 Eý ýylanlar we alahöwren-
ler nesli! Dowzah höküminden nähili gaçjak? 34 Şoňa
görä, ine, Men size pygamberler, akyldarlar we kanun-
çylar ýollaýaryn. Siz olaryň käbirini öldürersiňiz, haça
çüýlärsiňiz, käbirini-de sinagogalaryňyzda ýenjersiňiz,
şäherden-şähere kowalarsyňyz. 35 Şeýlelikde, dogry
adam bolan Habylyň ganyndan tä ybadathana bilen
gurbanlyk edilýän ýer arasynda öldüreniňiz Berekýa-
nyň ogly Zekerýanyň ganyna çenli, her dogry adamyň
ýer ýüzünde dökülen ganyna siz jogapkärsiňiz. 36 Size
dogrusyny aýdýaryn, bu zatlaryň ählisine şu nesil jo-
gapkärdir. 37 Eý, Iýerusalim! Pygamberleri öldürýän,
özüne ýollananlary daşlaýan Iýerusalim! Bir towugyň
jüýjelerini ganatlarynyň aşagyna ýygnaýşy ýaly, Men
hem ençeme gezek seniň çagalaryňy ýygnajak bol-
dum, emma siz islemediňiz. 38 Ine, öýüňiz size haraba
bolup galýar. 39 Çünki size aýdýaryn, siz „Rebbiň adyn-
dan gelen gutly bolsun" diýene deňeç Meni gaýtadan
görmersiňiz».

## —NJI BAP

### Ahyrzaman alamaty

24 Isa ybadathanadan çykyp barýarka, şägirtleri
ýanyna gelip, Oňa ybadathananyň jaýlaryny gör-
kezjek boldular. 2 Emma Isa olara şeýle jogap berdi:
«Bütin bu zatlary görýärmisiňiz? Size dogrusyny aýdýa-
ryn, bu ýerde daş üstünde daş galmaz, hemmesi dar-
gar». 3 Isa Zeýtun dagynda otyrka, şägirtleri ýekelikde
Onuň ýanyna gelip, şeýle diýdiler: «Bize aýt, bu zatlar
haçan bolar? Seniň gelmegiňiň we ahyrzamanyň ala-
maty näme bolar?» 4 Isa olara şeýle jogap berdi: «Ägä
boluň, sizi aldaýmasynlar. 5 Çünki köpler: „Men Mesih"
diýip, Meniň adym bilen gelerler, köp adamlary aldar-
lar. 6 Uruş seslerini, uruş turanlygy barada habarlar
eşidersiňiz. Ägä boluň, gorkmaň, çünki bularyň bary
bolmalydyr, ýöne entek dünýäniň soňy däldir: 7 Çünki
millet-millete, patyşalyk-patyşalyga garşy çykar. Aýry-
aýry ýerlerde açlyklar bolar, Ýer titrär. 8 Emma bular
burgularyň başlangyjydyr. 9 Onsoň sizi gaýga basdy-
rarlar, öldürerler, Meniň adym üçin hemme milletler si-
zi ýigrener. 10 Şonda köpler imandan dänip, biri-birleri-
ne haýynlyk eder, biri-birlerini ýigrenerler. 11 Birentek
ýalan pygamberler döräp, köpleri azdyrarlar. 12 Şer iş-
leriň artanlygy zerarly, köpleriň söýgüsi sowar. 13 Em-
ma soňa çenli çydan halas bolar. 14 Patyşalyk baradaky
bu Hoş Habar hemme milletlere güwälik hökmünde
dünýäniň ähli ýerinde wagyz ediler, ahyrzamana şon-
da geler. 15 Şeýlelik bilen, Daniýel pygamber tarapyn-
dan agzalan weýrançylyk getirýän ýigrenjiniň mukad-
des ýerde duranyny göreniňizde (okyjy düşünsin),
16 Ýahudadakylar daglara gaçsyn. 17 Öýüň üçegindäki
— öýünden bir zat almak üçin aşak inmesin. 18 Ekin
meýdanyndaky — donuny almak üçin yzyna öwrülme-
sin. 19 Ol günlerde göwreli, çaga emdirýän aýallaryň
gününe waý! 20 Gaça-gaçlygyňyz gyş ýa Sabat güni bol-
masyn diýip doga ediň. 21 Çünki şonda uly muşakgat
bolar, beýle muşakgat dünýäniň başyndan tä şu wagta
çenli bolanam däldir, bolmazam. 22 Ol günler gysgal-

dylmadyk bolsady, onda, hiç kim halas bolmazdy, ýöne
saýlananlaryň hatyrasyna ol günler gysgaldylar. 23 Şon-
da biri size: „Ine, Mesih şu ýerde" ýa-da „Ine, ol ýerde"
diýse ynanmaň. 24 Çünki ýalan mesihler, ýalan pygam-
berler döräp, mümkin boldugyça, saýlananlary-da az-
dyrjak bolup, uly alamatlar, gudratlar görkezerler.
25 Ine, Men size öňünden aýtdym. 26 Şeýlelikde, size:
„Ine, Mesih çölde" diýseler-de çykmaň, „Ine, içki otag-
larda" diýseler-de ynanmaň. 27 Çünki ýyldyrym nähili
gündogardan turup, günbatarda hem görünýän bolsa,
Ynsan Oglunyň gelşi hem şeýle bolar. 28 Maslyk nirede
bolsa, garaguşlar şol ýere üýşüşýändir. 29 Ol günleriň
muşakgatynyň yzysüre Gün garalar, Aý yşygyny ber-
mez, ýyldyzlar Gökden gaçyp, Gök gudratlary titrär.
30 Onsoň Gökde Ynsan Oglunyň alamaty görner, şonda
ýer ýüzüniň bütin taýpalary perýat eder, Ynsan Oglu-
nyň Gökdäki bulutlarda gudrat hem uly şöhrat bilen
gelýänini görer. 31 Ol Öz perişdelerini belent surnaý se-
si bilen ýollar. Olar-da Onuň saýlananlaryny dört tarap-
dan, Gögüň bir ujundan ol ujuna çenli ýygnarlar. 32 In-
jir agajyndan sapak alyň: onuň şahalary ýumşap, ýap-
rak çykaran mahaly tomsuň golaýdygyny bilýärsiňiz.
33 Şonuň ýaly-da, bu zatlary göreniňizde, Ynsan Oglu-
nyň golaýdygyny, gapynyň agzyndadygyny biliň.
34 Men size dogrusyny aýdýaryn, bu zatlar bolýança,
bu nesil dünýäden ötmez. 35 Gök hem ýer öter, ýöne
Meniň sözlerim asla ötmez.

### Bilinmeýän gün we sagat

36 Emma ol güni hem ol sagady hiç kim, Gökdäki pe-
rişdeler-de bilýän däldir, diňe Ata bilýändir. 37 Nuhuň
günleri nähili bolan bolsa, Ynsan Oglunyň gelşi-de şeý-
le bolar. 38 Çünki adamlar Nuhuň gämä münen günü-
ne çenli, tupandan öňki günlerde iýip, içip, öýlenip, äre
çykýardylar. 39 Tupan turup, hemmesini äkidýänçä, olar
hiç zady bilmeýärdiler. Ynsan Oglunyň gelşi hem şeýle
bolar. 40 Şonda ekin meýdanynda iki adam bolar, biri
alnar, biri goýlar. 41 Degirmen başynda galla üweýän iki
aýal bolar, biri alnar, biri goýlar. 42 Oýa boluň, çünki siz
Rebbiňiziň haýsy gün geljegini bilmeýärsiňiz. 43 Emma
muny biliň: öý eýesi ogrynyň haýsy sagatda geljegini
bilsedi, oýa bolardy, öýüni talatmazdy. 44 Munuň üçin,
siz hem taýýar boluň, çünki Ynsan Ogly siziň oslama-
ýan sagadyňyzda geler. 45 Hyzmatkärlere wagtly-wag-
tynda nahar paýlaryny bersin diýip, agasynyň olaryň
üstünden goýan sadyk hem akylly hyzmatkäri kim?
46 Agasy gelende, şeýle edip ýörenini görjek hyzmatkä-
ri nähili bagtlydyr! 47 Size dogrusyny aýdýaryn, agasy
bütin mal-mülküni şoňa ynanar. 48 Bu ýaramaz hyzmat-
kär öz içinden: „Agam giç geler" diýip, 49 ýoldaşlaryny
urmaga, serhoşlar bilen iýip-içmäge başlasa, 50 ol hyz-
matkäriň agasy onuň oslamaýan gününde, bilmeýän
sagadynda gelip, 51 ony iki bölüp, paýyny ikiýüzlüleriň-
ki bilen deň eder. Ol ýerde agy we diş gyjama bolar».

## —NJI BAP

### On gyz tymsaly

25 Şonda Gögüň Patyşalygy çyralaryny alyp, giýewi
garşylamaga çykan on gyz ýaly bolar. 2 Olaryň
bäşisi akylsyz, bäşisi-de akylly eken. 3 Akylsyzlar çyrala-
ryny alýarlar, ýöne ýanlaryna ýag almaýarlar. 4 Akylly-
lar çyralary bilen birlikde gaplarda ýag äkidýärler. 5 Gi-
ýew gijä galanda, hemmesi irkilip uklaýarlar. 6 Ýarygije:
„Ine, giýew gelýär, garşylamaga çykyň!" diýen batly ses
eşidilýär. 7 Şonda ýaňky gyzlaryň hemmesi turup, çyra-
laryny taýýarlaýarlar. 8 Akylsyzlar akyllylara: „Bize ýagy-
ňyzdan biraz beriň, çyralarymyz sönüp barýar" diýýär-
ler. 9 Emma akyllylar jogap berip: „Bize-de, size-de ýet-
mezlik edäýmesin, gowusy, satyjylara baryň-da, özüňiz
üçin alaýyň" diýýärler. 10 Olar ýag satyn almaga giden-
lerinde, giýew gelýär, taýýar bolup duranlar onuň bilen
toýhana girýärler welin, gapy ýapylýar. 11 Beýleki gyzlar
hem soň gelip: „Aga! Aga! Gapyny aç" diýýärler. 12 Em-
ma ol jogap berip: „Size dogrusyny aýdýaryn, men sizi
tanamok" diýýär. 13 Şeýlelik bilen, oýa boluň, çünki siz
Ynsan Oglunyň ne geljek gününi, ne-de sagadyny bil-
ýärsiňiz».

### Amanat pul tymsaly

14 Gögüň Patyşalygy uzak ýola çykmakçy bolup, hyz-
matkärlerini ýanyna çagyryp, mal-mülküni olara tabşy-
ran adam ýalydyr. 15 Bu adam her haýsynyň başarny-
gyna laýyk: birine — bäş, birine — iki, birine — bir ta-
lant berip, derrew ýola düşýär. 16 Bäş talant alan gidip,
bu pul bilen söwda etmäge girişýär, ýene bäş talant
gazanýar. 17 Iki talant alan-da şonuň ýaly, ýene iki ta-
lant gazanýar. 18 Bir talant alan bolsa baryp, topragy
gazýar-da, agasynyň puluny gizleýär. 19 Köp wagtdan
soň bu hyzmatkärleriň agasy gelip, olardan hasabat
soraýar. 20 Bäş talant alan gelip, ýene bäş talant geti-
rip: „Eý aga! Sen maňa bäş talant beripdiň, ine, men
ýene bäş talant gazandym" diýýär. 21 Agasy oňa: „Bere-
kella, ýagşy, sadyk hyzmatkär! Sen az zatda sadyk bol-
duň, men saňa köp zatlary ynanaryn, agaň şatlygyna
şärik bol" diýýär. 22 Iki talant alan hem gelip: „Eý aga!
Sen maňa iki talant beripdiň, ine, men ýene iki talant
gazandym" diýýär. 23 Agasy oňa: „Berekella, ýagşy we
sadyk hyzmatkär! Sen az zatda sadyk bolduň, men seni
köp zatlara bellärin, agaň şatlygyna şärik bol" diýýär.
24 Bir talant alan hem gelip: „Eý aga, men seniň gaty
adamdygyňy bilýärdim. Sen ekmedik ýeriňden orýar-
syň, sepmedik ýeriňden ýygýarsyň. 25 Şonuň üçin gork-
dum, gidip, talantyňy toprakda gizledim, ine, puluňy
al!" diýýär. 26 Emma agasy oňa şeýle diýýär: „Erbet hem
ýalta hyzmatkär! Sen meniň ekmedik ýerimden orýan-
dygymy, sepmedik ýerimden ýygýandygymy bilýärmi-
diň? 27 Onda, pulumy pul işledýänlere bermelidiň,
men-de gelip, ony peýdasy bilen alardym. 28 Indi bir ta-
lanty ondan alyň-da, on talantla beriň. 29 Çünki kimde

bar bolsa, oňa berler, ondaky bol bolar, kimde ýok bol-
sa, onuň elindäki hem alnar. 30 Peýdasyz hyzmatkäri
daşaryk garaňkylyga taşlaň. Ol ýerde agy we diş gyja-
ma bolar"».

### Goýunlar we geçiler

31 Ynsan Ogly öz şöhraty içinde ähli perişdeler bilen
gelip, şöhratly tagtynda oturar. 32 Ähli milletler Onuň
öňüne ýygnanar, çopanyň goýunlary geçilerden saý-
laýşy ýaly, Ol hem olary biri-birinden saýlar. 33 Goýunla-
ry sagynda, geçileri hem solunda goýar. 34 Onsoň Paty-
şa sagyndakylara diýer: „Eý, Atamyň gutlanlary! Geliň,
dünýä gurlaly beri siziň üçin taýýarlanan patyşalygy
miras alyň. 35 Çünki açdym — iýmäge zat berdiňiz, teş-
nedim — suw berdiňiz, ýatdym — myhman aldyňyz,
36 ýalaňaçdym — geýindirdiňiz, syrkawdym — idetdi-
ňiz, zyndandadym — görmäge geldiňiz". 37 Şonda dog-
ry adamlar Oňa jogap berip diýerler: „Ýa Reb, biz Seni
haçan aç görüp, naharladyk ýa haçan teşne görüp,
suw berdik? 38 Haçan Seni ýat görüp, myhman aldyk ýa
ýalaňaç görüp geýindirdik? 39 Haçan Seni syrkaw ýa-da
zyndanda görüp, ýanyňa geldik?" 40 Patyşa jogap berip
olara diýer: „Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň bu iň kiçi
doganlarymdan birine edeniňizi Maňa edensiňiz".
41 Onsoň solundakylara şeýle diýer: „Eý, lagnatlylar,
Meniň ýanymdan aýrylyň, iblis bilen onuň perişdeleri-
ne taýýarlanan ebedi oda gidiň. 42 Çünki açdym — iý-
mäge zat bermediňiz, teşnedim — suw bermediňiz,
43 ýatdym — myhman almadyňyz, ýalaňaçdym — ge-
ýindirmediňiz, syrkawdym we zyndandadym — ýany-
ma gelmediňiz". 44 Şonda olar şeýle jogap bererler: „Ýa
Reb, biz Seni haçan aç, teşne, ýat, ýalaňaç, syrkaw ýa
zyndanda görüp-de, Saňa hyzmat etmedik?" 45 Şonda
olara şeýle jogap berer: „Size dogrusyny aýdýaryn, bu
iň kiçilerden birine etmedigiňizi, Maňa eden dälsiňiz".
46 Bular ebedi jeza, dogry adamlar bolsa ebedi ýaşaýşa
giderler».

### Isany öldürmek barada dildüwşük

26 Bu sözlerden soň Isa şägirtlerine şeýle diýdi:
2 «Ýene iki günden Pesah baýramydygyny bilýär-
siňiz. Ynsan Ogly haça çüýlenmäge tabşyrylar». 3 Şol
wagt baş ruhanylar bilen halkyň ýaşululary Kaýafa atly
baş ruhanynyň howlusyna ýygnanyp, 4 Isany hile bilen
tutup öldürmek üçin maslahat geçirdiler. 5 Olar: «Baý-
ram günlerinde däl, halk galmagal turzaýmasyn» diýiş-
diler.

### Isa Beýtaniýada

6 Isa Beýtaniýada heýwere keselli Simunyň öýünde-
kä, 7 bir aýal içinde gaty gymmat atyr ysly ýag bolan ak
mermer gap bilen Isanyň ýanyna gelip, Ol saçak ba-
şynda otyrka, ýagy Onuň depesinden guýdy. 8 Şägirtler
muny görenlerinde gaharlanyp: «Beýle isrip etmek nä-
mä gerek? 9 Bu ýagy köp pula satyp, garyplara berip-
de bolardy» diýişdiler. 10 Isa muny bilip, olara şeýle diý-
di: «Näme üçin aýaly ynjadýarsyňyz? Ol Maňa ýagşylyk
etdi. 11 Çünki garyplar hemişe siziň ýanyňyzda, ýöne
Men hemişe siziň ýanyňyzda bolmaryn. 12 Ol bu ýagy
Meniň bedenime guýmak bilen, Meni jaýlanmaga taý-
ýar etdi. 13 Size dogrusyny aýdýaryn, şu Hoş Habar
dünýäniň niresinde wagyz edilse, bu aýalyň edeni-de
ony ýatlamak üçin aýdylar».

### Iudanyň hyýanaty

14 Onsoň Onkilerden Iuda Iskariot atly biri baş ruha-
nylaryň ýanyna baryp, 15 olara: «Eger men Ony size
tabşyrsam, maňa näme berersiňiz?» diýdi. Olar hem
Iuda otuz bölek kümüş çekip berdiler. 16 Ol şondan
beýläk Isany tabşyrmak üçin amatly pursat peýläp gez-
di.

### Pesah nahary

17 Petir baýramynyň ilkinji güni şägirtler Isanyň ýany-
na gelip: «Pesah naharyny iýmegiň üçin, nirede taýýar-
lyk görmegimizi isleýärsiň?» diýdiler. 18 Ol şeýle diýdi:
«Şähere gidiň-de, pylanynyň ýanyna baryp: „Mugal-
lym: wagtym golaý, Pesahy şägirtlerim bilen bilelikde
seniň öýüňde geçirjek" diýýär diýiň». 19 Şägirtler hem
Isanyň özlerine buýruşy ýaly edip, Pesahy taýýarlady-
lar. 20 Agşam düşende, Isa on iki şägirdi bilen bilelikde
saçak başynda oturdy. 21 Olar naharlanyp otyrkalar,
Isa: «Size dogrusyny aýdýaryn, sizden biri Maňa ha-
ýynlyk eder» diýdi. 22 Olar gaty tukatlanyp, yzly-yzyna
Oňa: «Ýa Reb, men-ä däldirin?» diýmäge başladylar.
23 Ol hem şeýle jogap berdi: «Elini Meniň bilen bile ta-
baga batyran Maňa haýynlyk eder. 24 Ynsan Ogly Özi
hakda ýazylyşy ýaly barýar, ýöne Ynsan Ogluna haýyn-
lyk edeniň gününe waý! Ol adam eneden dogulmadyk
bolsa, onuň üçin has oňat bolardy». 25 Oňa haýynlyk
eden Iuda: «Mugallym, men-ä däldirin?» diýdi. Isa hem
oňa: «Seniň aýdyşyň ýalydyr» diýdi. 26 Olar naharlanyp
otyrkalar, Isa çörek alyp, şükür etdi-de, ony döwüp şä-
girtlere berdi we: «Alyň, iýiň, bu Meniň tenimdir» diýdi.
27 Onsoň käsäni aldy, şükür edeninden soň, olara be-
rip, şeýle diýdi: «Şundan hemmäňiz içiň. 28 Çünki bu
Meniň ganym, günäleriň bagyşlanmagy üçin köp
adamlaryň hatyrasyna dökülen täze ähtiň ganydyr.
29 Size diýýärin, Atamyň Patyşalygynda siziň bilen bile
täzesini içjek günüme çenli üzüm şiresini gaýtadan iç-
merin». 30 Olar bir öwgüli aýdym aýdyp bolanlaryndan
soň, Zeýtun dagyna çykdylar.

### Petrusyň inkär etjegi öňünden aýdylýar

31 Onsoň Isa olara şeýle diýdi: «Bu gije siziň hemmä-
ňiz Menden ýüz döndererersiňiz, çünki: „Çopany uraryn,
sürüdäki goýunlar dagar" diýip ýazylgydyr. 32 Emma
Men ölümden direlenimden soň, sizden öň Jelilä bara-
ryn». 33 Petrus Oňa jogap berip: «Hemmeler Senden
ýüz dönderse-de, men asla döndermerin» diýdi. 34 Isa

oňa: «Saňa dogrusyny aýdýaryn, şu gije horaz gygyr-
mazyndan öň, sen Meni üç gezek inkär edersiň» diýdi.
35 Petrus Oňa: «Men Seniň bilen ölmeli bolsam-da, Seni
asla inkär etmerin» diýdi. Şägirtleriň hemmesi-de şeýle
diýdiler.

### Isa Getsemanide doga edýär

36 Onsoň Isa şägirtleri bilen Getsemani diýen ýere
gitdi. Ol olara: «Men hol ýere baryp, doga edip bolýan-
çam, şu ýerde oturyň» diýdi. 37 Petrus bilen Zebedeýiň
iki ogluny ýanyna aldy-da, tukatlanyp, gaýgylanmaga
başlady. 38 Onsoň olara: «Meniň janym öler ýaly tukat,
bu ýerde galyp, Meniň bilen bile oýa boluň» diýdi. 39 Bi-
raz öňe gidip, ýüzin ýatdy-da: «Eý Atam! Mümkin bol-
sa, bu käsäni Menden geçir; ýöne Meniň isleýşim ýaly
däl, Seniň isleýşiň ýaly bolsun» diýip doga etdi. 40 Isa
şägirtleriň ýanyna gelse, olar uklap ýatan eken. Ol Pet-
rusa şeýle diýdi: «Meniň bilen bile bir sagat-da oýa bo-
lup bilmediňizmi? 41 Synaga düşmez ýaly oýa boluň,
doga ediň. Ruh islegli, ýöne ten ejizdir». 42 Isa ikinji ge-
zek gidip: «Eý Atam, Men içmesem, bu käsäniň geçme-
gi mümkin däl bolsa, onda, Seniň islegiň bolsun» diýip
doga etdi. 43 Ýene gelende, şägirtleri uklap ýatan eken,
çünki olaryň gözleri ýumlup gelýärdi. 44 Isa olary galdy-
ryp, ýene gitdi, ýene şol öňki sözler bilen üçünji gezek
doga etdi. 45 Onsoň şägirtleriň ýanyna gelip, olara diý-
di: «Siz entek-de uklap ýatyrmysyňyz? Dynjyňyzy alýar-
mysyňyz? Ine, sagat golaýlady, Ynsan Ogly günäkärle-
riň eline berilýär. 46 Turuň, gideliň, ine, Maňa haýynlyk
eden golaýlady».

### Isa tutulýar

47 Ol entek gepläp durka, ine, Onkileriň biri bolan Iu-
da, onuň bilen bilelikde baş ruhanylar we halkyň ýaşu-
lulary tarapyndan gylyçly, taýakly bir uly märeke geldi.
48 Oňa haýynlyk eden Iuda olara: «Men kimi öpsem,
Şoldur, Şony tutuň» diýip, alamat beripdi. 49 Ol derrew
Isanyň ýanyna baryp: «Salam, Mugallym!» diýip, Ony
öpdi. 50 Isa hem oňa: «Näme üçin geldiň, dostum!» diý-
di. Onsoň olar Isa golaý gelip, el urup, Ony tutdular.
51 Ine, Isanyň ýanyndakylardan biri elini uzadyp, gylyjy-
ny syrdy-da, baş ruhanynyň hyzmatkärini urup, gula-
gyny kesdi. 52 Şonda Isa oňa şeýle diýdi: «Gylyjyňy gy-
nyna sal, çünki gylyç çekenleriň hemmesi gylyç bile-
nem öldüriler. 53 Ýa Men on iki legiondan köp perişdäni
derrew ibersin diýip, Atama ýüz tutup bilmez öýdýär-
siňmi? 54 Onda, bu şeýle bolmalydyr diýen Mukaddes
Ýazgylar nähili ýerine ýeter?» 55 Şol sagat Isa märekä
ýüzlenip, şeýle diýdi: «Bir talaňçynyň garşysyna çykýan
ýaly, Meni tutmak üçin gylyç hem taýak bilen geldiňiz-
mi? Her gün ybadathanada oturyp, sapak berenimde,
Meni tutmandyňyz. 56 Ýöne bularyň hemmesi pygam-
berleriň ýazgylarynyň ýerine ýetmegi üçin boldy». Şon-
da şägirtleriň hemmesi Ony taşlap gaçdylar.

### Isa ýehudylaryň mejlisiniň öňünde

57 Isany tutanlar Ony baş ruhany Kaýafanyň ýanyna
getirdiler, kanunçylar bilen ýaşulular-da şol ýere ýyg-
nanypdylar. 58 Petrus bolsa baş ruhanynyň howlusyna
çenli gara görnümden Isanyň yzyna düşüp gitdi. Içerik
girdi-de, işiň soňuny görjek bolup, hyzmatkärler bilen
bile oturdy. 59 Baş ruhanylar we bütin mejlis Isa ölüm
jezasyny berjek bolup, Oňa garşy ýalan şaýatlar agtar-
dylar. 60 Köp ýalançy şaýatlar geldi, ýöne onda-da ta-
pyp bilmediler. Ahyrsoňy iki ýalançy şaýat gelip, 61 şeý-
le diýdi: «Bu Adam: „Men Hudaýyň ybadathanasyny ýy-
kyp, ony üç günüň içinde salyp bilerin" diýdi». 62 Baş
ruhany ýokaryk galyp: «Sen asla jogap berjek dälmi?
Bu adamlaryň Seniň garşyňa berýän güwäligi näme?»
diýdi. 63 Emma Isa dymdy. Baş ruhany Oňa: «Saňa diri
Hudaýdan kasam edýärin, bize aýt, Hudaýyň Ogly Me-
sih Senmi?» diýdi. 64 Isa oňa: «Seniň aýdyşyň ýalydyr,
ýöne size diýýärin, mundan soň Ynsan Oglunyň gud-
ratly Hudaýyň sagynda oturanyny, Gögüň bulutlary bi-
len gelýänini görersiňiz» diýdi. 65 Şonda baş ruhany öz
egin-eşigini ýyrtyp: «Ol Hudaýa dil ýetirdi, bize başga
şaýat nämä gerek? Ine, Onuň Hudaýa dil ýetirenini
özüňiz eşitdiňiz. 66 Näme diýýärsiňiz?» diýdi. Olar hem
jogap berip: «Ol ölüme mynasyp» diýdiler. 67 Onsoň
Isanyň ýüzüne tüýkürdiler, Ony ýumrukladylar, käbirle-
ri Oňa: 68 «Eý, Mesih, bize welilik et, Seni uran kim?» di-
ýip, Ony şapbatladylar.

### Petrus Isany inkär edýär

69 Petrus bolsa daşarda howluda otyrdy. Bir keniz
onuň ýanyna gelip: «Sen-de jelileli Isa bilen bilediň»
diýdi. 70 Emma ol hemmäniň ýanynda inkär edip: «Men
seniň näme diýýäniňi bilmeýärin» diýdi. 71 Derwezä ta-
rap barýarka, başga bir keniz ony görüp, ol ýerde du-
ranlara: «Bu adam hem Nasyraly Isa bilen biledi» diýdi.
72 Petrus ýene-de inkär edip: «Men ol Adamy tanama-
ýaryn» diýip ant içdi. 73 Az salymdan soň, ol ýerde du-
ranlar gelip, Petrusa: «Dogrudan hem, sen-de olardan,
çünki gepleýşiň muny bildirip dur» diýdiler. 74 Şonda
Petrus: «Men ol Adamy tanamaýaryn» diýip, ant içip,
awy ýalamaga durdy. Edil şol wagt horaz gygyrdy.
75 Petrus Isanyň: «Horaz gygyrmazyndan öň, sen Meni
üç gezek inkär edersiň» diýen sözüni ýatlady-da, daşa-
ryk çykyp, möňňürip aglady.

## —NJI BAP

### Iuda özüni dardan asýar

27 Ertir irden ähli baş ruhanylardyr halkyň ýaşulu-
lary Isa ölüm jezasyny bermek üçin maslahat ge-
çirdiler. 2 Ony baglap, eltip, häkim Pontius Pilatusa tab-
şyrdylar. 3 Onsoň Oňa haýynlyk eden Iuda Isanyň hö-
küm edilenini görüp ökündi, otuz bölek kümşi yzyna —
baş ruhanylara, ýaşululara getirip, 4 «Men ýazyksyz ga-

na haýynlyk edip günä etdim» diýdi. Olar-da: «Bu bize
näme, özüň bilýärsiň» diýdiler. 5 Iuda kümüşleri yba-
dathana zyňdy-da, çykyp gitdi, baryp hem, özüni dar-
dan asdy. 6 Baş ruhanylar bolsa kümüşleri alyp: «Hun
bolany üçin, bulary ybadathananyň hazynasynda goý-
mak bolmaz» diýdiler. 7 Şeýlelikde, maslahat geçirip,
ýatlara gonamçylyk etmek üçin, ol pul bilen küýzegäriň
ýerini satyn aldylar. 8 Şonuň üçin ol ýere şu güne çenli
«Gan ýeri» diýilýär. 9 Şonda Ýeremiýa pygamber arkaly
aýdylan bu söz ýerine ýetdi: 10 «Ysraýyl ogullarynyň ol
Baha Kesilene kesen bahasyny, ýagny otuz bölek küm-
şi alyp, Hudaýyň maňa buýruşy ýaly, küýzegäriň ýeri
üçin berdiler».

### Isa Pilatusyň öňünde

11 Isa häkimiň öňünde durdy. Häkim Ondan: «Sen
ýehudylaryň patyşasymy?» diýip sorady. Isa hem: «Se-
niň aýdyşyň ýalydyr» diýdi. 12 Ýöne baş ruhanylar, ýaşu-
lular Ony aýyplanlarynda, hiç bir jogap bermedi. 13 On-
soň Pilatus Oňa: «Saňa garşy, gör, näçe güwälik beril-
ýär, eşitmeýärsiňmi?» diýdi. 14 Isa onuň ýekeje sözüne
hem jogap bermedi. Häkim muňa gaty geň galdy.
15 Pesah baýramynda halkyň dilän bir tussagyny boşat-
magy häkim adat edinipdi. 16 Şol wagtlar Barabbas atly
bir belli tussag bardy. 17 Şeýlelikde, halk ýygnanyşanda
Pilatus olara: «Siziň üçin kimi boşatmagymy isleýärsi-
ňiz? Barabbasymy ýa-da Mesih diýilýän Isany?» diýdi.
18 Çünki ol Isany göripçilikden tabşyrandyklaryny bil-
ýärdi.
19 Pilatus höküm kürsüsinde otyrka, aýaly oňa: «Ol
dogry Adam bilen seniň işiň bolmasyn, çünki men şu
gün düýşümde Ol zerarly köp ezetler çekdim» diýip,
habar ýollapdy. 20 Baş ruhanylar, ýaşulular Barabbasyň
boşadylmagyny we Isanyň öldürilmegini islesinler di-
ýip, halky yrdylar. 21 Häkim olara ýüzlenip: «Siz bu iki-
sinden haýsynyň boşadylmagyny isleýärsiňiz?» diýdi.
Olar hem: «Barabbasy» diýdiler. 22 Pilatus olara: «Onda,
men Mesih diýilýän Isany näme edeýin?» diýdi. Olaryň
hemmesi: «Ol haça çüýlensin!» diýdiler. 23 Häkim: «Ol
näme ýaman iş etdi?» diýdi. Emma olar: «Ol haça çüý-
lensin!» diýip, has beter gygyryşdylar. 24 Pilatus gep
peýda bermän, gaýtam, galmagalyň barha artýandy-
gyny görüp, suw aldy-da, märekäniň öňünde elini ýu-
wup: «Bu dogry Adamyň ganynyň dökülmeginde men
ýazyksyz, galanyny özüňiz bilýärsiňiz» diýdi. 25 Hemme
halaýyk hem jogap berip: «Onuň ganyna biz, biziň ça-
galarymyz jogapkär!» diýdiler. 26 Şonda Pilatus Barab-
basy boşatdy, Isany bolsa gamçyladyp, haça çüýlemä-
ge berdi.

### Esgerleriň Isany masgaralaýşy

27 Onsoň häkimiň esgerleri Isany hökümet köşgüne
äkitdiler-de, bütin goşun bölümini Onuň daşyna üýşür-
diler. 28 Egin-eşigini çykaryp, egnine gyrmyzy don geý-
dirdiler. 29 Tikenden täç örüp, başyna geýdirdiler-de,
sag eline bir gamyş berdiler. Öňünde dyza çöküp: «Sa-
lam, eý ýehudylar patyşasy» diýip, Ony masgaralady-
lar. 30 Onuň üstüne tüýkürdiler, gamşy alyp, başyna ur-
dular. 31 Ony masgaralanlaryndan soň, gyrmyzy dony
egninden çykardylar-da, Öz egin-eşigini geýdirip, haça
çüýlemäge alyp gitdiler.

### Isa haça çüýlenýär

32 Daşaryk çykanlarynda, Simun atly kireneli bir ada-
ma sataşdylar. Olar bu adamy Isanyň haçyny götermä-
ge mejbur etdiler. 33 Golgata, ýagny «Kelleçanak» diýen
ýere gelenlerinde, 34 Oňa içirjek bolup, öt gatylan şe-
rap berdiler, ýöne Isa dadanyndan soň, ony içmek isle-
medi. 35 Ony haça çüýlänlerinden soň, bije atyşyp egin-
eşigini özara paýlaşdylar. 36 Onsoň ol ýerde oturyp,
Oňa garawullyk etdiler. 37 Depesinde bolsa: «BU ÝeHU-
DYLARYŇ PATYŞASY ISADYR» diýen etmiş ýazgysyny
goýdular. 38 Onuň bilen bile iki garakçy haça çüýlendi.
Olaryň biri Isanyň sag tarapynda, biri-de çep tarapyn-
dady. 39 Geçip barýanlar başlaryny ýaýkap, Isa sögüp:
40 «Ybadathanany ýykyp-da, üç günde saljak Sen Özüňi
halas et! Hudaýyň Ogly bolsaň, haçdan aşak in!» diýiş-
ýärdiler. 41 Şunuň ýaly, baş ruhanylar-da kanunçylar we
ýaşulular bilen Ony masgaralap, şeýle diýişýärdiler:
42 Özgeleri halas etdi, ýöne Özüni halas edip bilmeýär.
Ol Ysraýylyň Patyşasy bolsa, goý, häzir haçdan aşak in-
sin, biz-de Oňa iman edeli. 43 Hudaýa sygynýardy. Hu-
daý Ony halaýan bolsa, goý, häzir Ony halas etsin, çün-
ki Ol: „Men Hudaýyň Ogludyryn" diýýärdi». 44 Onuň bi-
len bile haça çüýlenen garakçylar-da Oňa edil şonuň
ýaly sögýärdiler.

### Isanyň ölümi

45 Günortandan başlap, öýlän sagat üçe çenli bütin
ýurda garaňky düşdi. 46 Öýlän sagat üçlerde Isa gaty
ses bilen gygyryp: «Eli, Eli, lama sabaktani», ýagny:
«Hudaýym, Hudaýym, näme üçin Meni terk etdiň?»
diýdi. 47 Ol ýerde duranlaryň käbiri muny eşidenlerin-
de: «Bu Adam Ylýasy çagyrýar» diýişdiler. 48 Olaryň biri
derrew ylgap, bir gubkany aldy-da, ony sirkeden dol-
duryp, içirjek bolup Isa uzatdy. 49 Beýlekiler-de: «Du-
ruň, göreliň, Ylýas Ony halas etmäge gelýärmi?» diýiş-
diler. 50 Isa ýene gaty ses bilen gygyryp jan berdi.
51 Ine, ybadathananyň tutusy ýokardan aşaklygyna ýyr-
tylyp, ikä bölündi, ýer titräp, daşlar ýaryldy. 52 Mazarlar
açylyp, uka giden ençeme mukaddesleriň jesedi direl-
di. 53 Olar mazarlardan çykyp, Isanyň direlmeginden
soň, mukaddes şähere baryp, köplere göründiler.
54 Ýüzbaşy we onuň bilen bile Isa garawullyk edip du-
ranlar bolsa ýer titremegini, bolan beýleki zatlary gö-
renlerinde: «Dogrudan-da, bu Hudaýyň Ogly eken»
diýşip, gaty gorkdular. 55 Isa hyzmat edip, Jelileden
Onuň yzyna düşüp gelen bir topar aýallar-da ol ýerde-
diler we uzakdan seredişip durdular. 56 Magdalaly Me-

rem, Ýakupdyr Ýusubyň ejesi Merem we Zebedeý ogul-
larynyň ejesi olaryň arasyndady.

### Isanyň jaýlanyşy

57 Agşam bolanda, Ýusup atly arimatiýaly bir baý
adam geldi, onuň özi-de Isanyň şägirtlerindendi. 58 Ol
Pilatusyň ýanyna baryp, Isanyň jesedini diledi. Şonda
Pilatus jesediň oňa berilmegini buýurdy. 59 Ýusup-da
meýidi alyp, Ony tämiz kepene dolap, 60 gaýanyň için-
de gazan täze mazarynda jaýlady, mazaryň agzyna
bolsa bir uly daşy togalady-da, gitdi. 61 Magdalaly Me-
rem bilen beýleki Merem hem şol ýerde mazaryň gar-
şysynda otyrdylar. 62 Ertesi, ýagny Taýýarlyk gününden
soňraky gün baş ruhanylar we fariseýler Pilatusyň ýa-
nyna ýygnanyşyp, 63 şeýle diýdiler: «Jenap, ol aldawçy-
nyň entek dirikä: „Men üç günden soň direlerin" diýeni
biziň ýadymyzda. 64 Şonuň üçin, mazaryň üçünji güne
çenli saklanmagyny buýur, şägirtleri gije gelip, jesedi
ogurlap, halka bolsa: „Ol direldi" diýäýmesinler. Bu
soňky ýalan öňküden erbet bolar». 65 Pilatus olara: «Si-
ziň garawullaryňyz bar, gidiň-de, mazary bilşiňiz ýaly
sakladyň» diýdi. 66 Olar hem baryp, daşy möhürlediler-
de, garawul goýup, mazary saklatdylar.

## —NJI BAP

### Isanyň direlişi

28 Sabat güni geçenden soň, hepdäniň ilkinji güni
daň bilen magdalaly Merem we beýleki Merem
mazary görmäge gitdiler. 2 Ine, birden ýer güýçli titre-
di, çünki Rebbiň bir perişdesi Gökden indi we gelip, da-
şy bir çete togalady-da, onuň üstünde oturdy. 3 Onuň
görnüşi ýyldyrym kimin, eginbaşy gar ýaly akdy. 4 Ga-
rawullar gorkularyndan ýaňa sandyraşyp, öli kimin ýe-
re ýykyldylar. 5 Perişde aýallara şeýle diýdi: «Gorkmaň,
çünki men siziň haça çüýlenen Isany gözleýändigiňizi
bilýärin. 6 Ol bu ýerde däl, aýdyşy ýaly, direldi. Geliň,
Rebbiň ýatan ýerini görüň. 7 Tiz gidip şägirtlerine: „Isa
direlipdir, ine, sizden öň Jelilä barýar. Ony ol ýerde gö-
rersiňiz" diýiň. Ine, men size aýtdym». 8 Aýallar gorky
hem şatlyk bilen tiz mazaryň ýanyndan aýrylyp, habary
Isanyň şägirtlerine bildirmek üçin ylgaşdylar. 9 Onuň
şägirtlerine habar berjek bolup barýarkalar, Isa olara
sataşyp: «Salam!» diýdi. Olar hem ýakyna gelip, Onuň
aýagyna ýapyşdylar, Oňa sežde etdiler. 10 Onsoň Isa
olara: «Gorkmaň, baryň, doganlaryma aýdyň, Jelilä git-
sinler. Meni şol ýerde görerler» diýdi.

### Garawullaryň getiren habary

11 Olar barýarkalar, garawullaryň birnäçesi şähere
baryp, bolan ähli zatlary baş ruhanylara habar berdi-
ler. 12 Olar-da ýaşulular bilen ýygnanyşyp maslahat ge-
çirenlerinden soň, esgerlere köp pul berip, 13 şeýle diý-
diler: «Halka: „Şägirtleri gije gelip, biz ýatyrkak, Onuň
jesedini ogurlapdyrlar" diýiň. 14 Bu söz häkimiň gulagy-
na baryp ýetse, biz ony ynandyryp, sizi ünjüden dynda-
rarys». 15 Garawullar puly alyp, özlerine buýrulyşy ýaly
etdiler. Bu gürrüň ýehudylaryň arasynda şu güne çenli
dowam edip gelýär.

### Iň soňky tabşyryk

16 Şunluk bilen, on bir şägirt Jelilä — Isanyň aýdan
dagyna gitdi. 17 Isany görüp, Oňa sežde etdiler, ýöne
olaryň käbiri şübhelendi. 18 Isa hem ýanlaryna gelip,
olara şeýle diýdi: «Ähli ygtyýar ýerde-Gökde Maňa be-
rildi. 19 Şonuň üçin, gidiň-de, bütin milletleri şägirt
ediň, olary Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň ady bilen
çokundyryň. 20 Size tabşyran ähli zatlarymy berjaý et-
megi olara öwrediň. Men dünýäniň soňuna çenli siziň
bilen bolaryn. Omyn».

# Markus

## —NJI BAP

### Çokundyryjy Ýahýanyň gelşi

1 Bu Hudaýyň Ogly Isa Mesih hakdaky Hoş Habaryň başlangyjydyr. 2 Pygamberleriň 3 «Çölde gygyrýanyň sesi: Rebbiň ýoluny taýýarlaň, Onuň ýodalaryny dogrulaň diýýär». 4 Şeýlelikde, Ýahýa peýda boldy. Ol çölde çokundyrýardy, günäleriň ötülmegi üçin toba edip çokundyrylmagy wagyz edýärdi. 5 Bütin Ýahuda ýurdy, iýerusalimlileriň bary onuň ýanyna çozuşýardylar. Olar günälerini boýun alýardy, Ýahýa hem olary Iordan derýasynda çokundyrýardy. 6 Ýahýanyň düýe ýüňünden geýimi, bilinde gaýyşdan guşagy bardy we çekirtge bilen ýabany bal iýerdi. 7 Ol wagyz edip: «Menden soň menden has güýçli Biri geler. Men egilip, Onuň çarygynyň bagyny çözmäge-de mynasyp däldirin. 8 Men sizi suw bilen çokundyrdym, emma Ol sizi Mukaddes Ruh bilen çokundyrar» diýýärdi.

### Isa wagyz etmäge başlaýar

9 Şol günlerde Isa Jeliläniň Nasyra şäherinden geldi, Ýahýa Ony Iordan derýasynda çokundyrdy. 10 Isa suwdan çykyp gelýärkä, Gögüň ýarylyp açylanyny, Ruhuň kepderi kimin Öz üstüne inip gelýänini gördi. 11 Gökden: «Sen Meniň söýgüli Oglumsyň, Men Senden köp razydyryn» diýen owaz geldi. 12 Ruh Isany derrew çöle ýollady. 13 Ol kyrk günläp çölde boldy; şeýtan Ony synady. Isa wagşy haýwanlaryň arasynda boldy, perişdeler Oňa hyzmat etdiler.

14 Ýahýa tutulandan soň, Isa Hudaýyň Patyşalygy baradaky hoş habary 15 Ol: «Wagt doldy, Hudaýyň Patyşalygy golaýlady. Toba ediň, Hoş Habara ynanyň!» diýýärdi. 16 Isa Jelile kölüniň kenaryndan geçip barýarka, Simun bilen onuň dogany Andreýasyň köle torlaryny zyňyp duranlaryny gördi. Bular balykçydylar. 17 Isa olara: «Meniň yzyma düşüň, Men sizi ynsan tutýan balykçylar edeýin» diýdi. 18 Olar-da derrew torlaryny taşlap, Onuň yzyna düşdüler. 19 Biraz ýöränlerinden soň, Isa Zebedeýiň ogullary Ýakup bilen onuň dogany Ýahýany gördi. Olar gaýygyň içinde torlaryny bejerip otyrdylar. 20 Isa derrew olary çagyrdy. Olar-da kakalary Zebedeýi öz günlükçileri bilen gaýykda galdyryp, Isanyň yzyna düşdüler.

### Isa arwahlary kowýar, syrkawlary sagaldýar

21 Kapernauma geldiler. Sabat güni Isa sinagoga baryp, sapak bermäge durdy. 22 Onuň taglymatyna haýran galdylar. Çünki Isa olara kanunçylar kimin däl-de, erk-ygtyýarly biri ýaly bolup sapak berýärdi. 23 Şol wagt olaryň sinagogasynda arwaha sataşan bir adam bardy. Ol: 24 «Biziň bilen Seniň näme işiň bar, eý, Nasyraly Isa? Bizi heläk etmäge geldiňmi? Men Seniň kimdigiňi bilýärin, Sen Hudaýyň Mukaddesisiň» diýip gygyrdy. 25 Isa arwaha käýäp: «Sem bol-da, ondan çyk!» diýdi. 26 Arwah hem ol adamy sandyratdy-da, bagyryp, ondan çykdy. 27 Hemmeler geňirgenişip, biri-birlerine: «Bu näme boldugy? Bu täze taglymat näme? Ol al-arwahlara-da ygtyýar bilen buýruk berýär, olar-da aýdanyna gulak asýarlar!» diýişdiler. 28 Şeýlelikde, Isa hakdaky gürrüňler tiz Jeliläniň bütin etrabyna ýaýrady. 29 Sinagogadan çykan batlaryna, Ýakup we Ýahýa bilen bilelikde Simun we Andreýasyň öýüne gitdiler. 30 Simunyň gaýynenesi gyzzyrma tutup ýatyrdy. Muny derrew Isa aýtdylar. 31 Ol-da syrkawyň ýanyna bardy, ony elinden tutup galdyrdy. Aýalyň gyzzyrmasy aýrylyp, olara hyzmat etmäge durdy.

32 Gün ýaşyp, agşam düşende, ähli syrkawlary, arwah-jyn uran adamlary Onuň ýanyna getirdiler. 33 Bütin şäher halky gapynyň agzyna ýygnanyşypdy. 34 Isa dürli syrkawçylyklara ýolugan ençeme adamy sagaltdy, ençeme jyny kowup çykardy. Ol jynlary gepletmeýärdi, çünki olar Onuň kimdigini bilýärdiler. 35 Ertir irden, şapak entek gyzarmanka, Isa turup, daşaryk çykdy, bir çola ýere baryp, doga etmäge durdy. 36 Simun bilen ýanyndakylar Ony gözlemäge gitdiler. 37 Ony tapanlarynda: «Her kes Seni gözläp ýör» diýdiler. 38 Isa olara: «Başga ýere, golaýdaky şäherlere gideliň, Men ol ýerlerde-de wagyz etjek, çünki şonuň üçin geldim» diýdi. 39 Şeýlelikde, sinagogalarynda wagyz edip, jynlary kowup, bütin Jeliläni gezdi.

### Isa heýwere kesellini sagaldýar

40 Isanyň ýanyna heýwere keselli bir adam geldi, dyza çöküp: «Eger isleseň, meni tämiz edip bilersiň» diýip, Oňa ýalbardy. 41 Isanyň ýüregi awady, elini uzatdy-da: «Isleýärin, tämiz bol!» diýip, oňa elini degirdi. 42 Heýwere keseli ondan derrew aýrylyp, ol adam tämiz boldy. 43 Isa oňa berk tabşyryk berip, ony derrew ugradyp: 44 «Seret, hiç kime aýtma, ýöne bar, özüňi ruhana gör-

kez-de, hemmelere güwälik bolar ýaly, tämizligiň üçin
Musanyň tabşyran gurbanlaryny bagyş et» diýdi.
45 Emma ol adam çykdy, köp gürrüň berip, bolan zatla-
ry ýaýratmaga başlady. Şonuň üçin, Isa, artykmaç, hiç
bir şähere aç-açan girip bilmän, daşarda, çola ýerlerde
bolýardy. Halk hem her tarapdan Onuň ýanyna çozýar-
dy.

## —NJI BAP

### Bir ysmazyň sagaldylyşy

2 Bir näçe gün soň ýene Kapernauma gelende, Isa-
nyň öýdedigi eşidildi. 2 Üýşüşen adamlar şeýle bir
köpdi welin, gapynyň agzynda-da ýer ýokdy. Isa olara
Hudaýyň sözüni aýdyp durdy. 3 Şonda Onuň ýanyna
dört adam tarapyndan göterilip getirilen bir ysmazy
alyp geldiler. 4 Märeke zerarly Isanyň ýanyna ýakynla-
şyp bilmän, Onuň duran jaýynyň üçegini açyp, ysmazy
düşegi bilen deşikden aşak düşürdiler. 5 Isa olaryň
imanyny görüp, ysmaza: «Oglum, seniň günäleriň
ötüldi» diýdi. 6 Ol ýerde oturan kanunçylaryň käbiri
bolsa: 7 «Bu Adam näme üçin beýle gepleýär? Ol Huda-
ýa dil ýetirýär! Günäleri ýalňyz Hudaýdan başga kim
ötüp biljek?» diýip, içlerini gepletdiler. 8 Isa derrew beý-
le oýlanýandyklaryny ruhunda syzyp, olara şeýle diýdi:
«Näme içiňizi beýle gepledýärsiňiz? 9 Ysmaza haýsyny
aýtmak aňsat: „Günäleriň ötüldi" diýmekmi ýa-da „Tur,
düşegiňi al-da ýöre" diýmek? 10 Emma siz Ynsan Oglu-
nyň ýer ýüzünde günäleri ötmäge ygtyýarynyň barly-
gyny biler ýaly...» diýdi-de, ysmaz bolan adama: 11 «Sa-
ňa diýýärin: tur, düşegiňi al-da, öýüňe git» diýdi. 12 Ol
hem ýokaryk turdy-da, derrew düşegini alyp, hemme-
leriň gözüniň alnynda çykyp gitdi. Bary haýran galy-
şyp, Hudaýy şöhratlandyryp: «Biz beýle zady asla gör-
mändik» diýişdiler.

### Lewiniň şägirtlere goşulyşy

13 Isa çykyp, ýene kölüň ýakasyna gitdi. Bütin halaýyk
Onuň ýanyna geldi, Ol hem olara sapak berdi. 14 Ol ge-
çip barýarka, gümrükhanada oturan Alfaýyň ogly Lewi-
ni görüp oňa: «Meniň yzyma düş!» diýdi. Ol hem turup,
Onuň yzyna düşdi. 15 Ol Lewiniň öýünde saçak başynda
otyrka, Isa we Onuň şägirtleri bilen birlikde birentek
salgytçylar we günäkärler-de otyrdylar. Çünki Onuň
yzyna düşüp gidenleriň sany köpdi. 16 Fariseýler we ka-
nunçylar Isanyň günäkärdir salgytçylar bilen bile na-
har iýip oturanyny görenlerinde, şägirtlerinden: «Ol
näme üçin salgytçylar we günäkärler bilen bile iýip-iç-
ýär?» diýip soradylar. 17 Isa muny eşideninde olara:
«Tebip saglara däl-de, syrkawlara gerekdir. Men dogry
adamlary däl, günäkärleri toba çagyrmaga geldim»
diýdi.

### Oraza barada sorag

18 Ýahýanyň şägirtleriniň we fariseýleriň agyzlary ora-
zaka, käbir adamlar gelip, Oňa: «Näme üçin Ýahýanyň
şägirtleri, fariseýleriň şägirtleri oraza tutýarlar-da, Se-
niň şägirtleriň oraza tutmaýarlar?» diýdiler. 19 Isa olara
şu gaýtargygy berdi: «Giýew ýanlarynda barka, toýda-
kylar oraza tutup bilermi? Giýew ýanlaryndaka, oraza
tutup bilmezler. 20 Emma giýewiň olardan alynjak gün-
leri geler, şonda, şol gün olar oraza tutarlar. 21 Hiç kim
köne eşige täze matadan ýama salmaz. Ýogsa, täze ýa-
ma köne eşikden gopup, ýyrtyk has hem erbet bolar.
22 Hiç kim-de täze şeraby köne meşiklere guýmaz. Ýog-
sa, şerap meşikleri ýaryp döküler, meşikler-de zaýala-
nar. Täze şerap täze meşiklere guýulýandyr».

### Sabat güni barada sorag

23 Bir Sabat güni Isa bugdaýlygyň arasyndan geçip
barýardy. Onuň şägirtleri ýolda barýarkalar, bugdaý
başlaryny ýolmaga başladylar. 24 Fariseýler Isa: «Seret,
näme üçin Sabat güni etmesiz zady edýärler?» diýdiler.
25 Isa olara şeýle gaýtargy berdi: «Siz özi we ýanynda-
kylar aç hem mätäç galanlarynda, Dawudyň näme
edenini asla okamadyňyzmy? 26 Ol baş ruhany Abiýata-
ryň zamanynda Hudaýyň öýüne bardy, Hudaýa hödür-
lenen, ruhanylardan başga hiç kimiň iýmeli däl çörek-
lerini alyp iýdi, ýanyndakylara hem berdi». 27 Ýene ola-
ra: «Adam Sabat güni üçin däl, eýsem, Sabat güni
adam üçin döredildi. 28 Şonuň üçin, Ynsan Ogly Sabat
gününiň-de Rebbidir» diýdi.

## —NJI BAP

### Eli gurap, inçelen adam

3 Isa ýene sinagoga bardy. Ol ýerde eli gurap inçe-
len bir adam bardy. 2 Käbirleri Isany aýyplajak bo-
lup, «Sabat güni şypa edermikä?» diýip aňtaýardylar.
3 Isa eli gurap inçelen adama: «Orta çyk!» diýdi. 4 On-
soň olardan sorady: «Sabat güni haýsysy dogry, ýagşy-
lyk etmekmi ýa ýamanlyk etmek? Jan halas etmekmi ýa
öldürmek?» Olardan ses çykmady. 5 Isa töweregindäki-
lere gahar bilen bakyp, olaryň doňýürekdigine gyna-
nyp, ýaňky adama: «Eliňi uzat!» diýdi. Ol hem elini
uzatdy, eli sagaldy.
6 Fariseýler daşaryk çykyp, Ony nähili heläk etmek
barada Hirodesiň tarapdarlary bilen maslahat geçirdi-
ler.

### Isa Jelile kölüniň ýakasynda

7 Isa şägirtleri bilen bile kölüň ýakasyna gitdi. Jelile-
den bir uly märeke hem Onuň yzyna düşüp barýardy.
8 Onuň eden ähli işlerini eşidip, Ýahudadan, Iýerusa-
limden, Idumeýadan, Iordan derýasynyň aňyrsyndan,
Sur we Saýda töwereklerinden-de uly märeke ýanyna
çozuşdy. 9 Isa märekäniň içinde gysylmazlyk üçin, Öz

şägirtlerine bir gaýygy taýýarlap goýmagy buýurdy.
10 Bir toparlaryny sagaldany üçin hemme syrkawlar
Oňa ellerini degirjek bolup, ýanyna itekleşip gelýärdi-
ler. 11 Al-arwahlar Ony görenlerinde, Öňünde ýere ýy-
kylyp: «Sen Hudaýyň Oglusyň!» diýip gygyrýardylar.
12 Emma Ol Özüniň kimdigini mälim etmezligi olara
berk tabşyrdy.

### Isa on iki resulyny saýlaýar

13 Onsoň Isa daga çykyp, Öz islän adamlaryny ýanyna
çagyrdy, olar-da Onuň ýanyna bardylar. 14 Ol Özi bilen
bile bolar ýaly on iki adamy belledi. Onuň wagyz etmä-
ge iberen, syrkawlary sagaldyp, jynlary kowmaga ygty-
ýar beren bu on iki adamy şulardyr: 17 Petrus lakamyny
bereni Simun, Beni-Regoş, ýagny «Gök gürrüldisiniň
Ogullary» lakamyny bereni Zebedeýiň ogly Ýakup bilen
onuň dogany Ýahýa, Andreas, Filipus, Bartolomeus,
Matta, Tomas, Alfeusyň ogly Ýakup, Taddeus, watançy
Simun we Isa haýynlyk eden Iuda Iskariot.

### Isa we Beýelzebul

20 Onsoň bir öýe bardylar. Ýene şeýle uly märeke ýyg-
nandy welin, Isa bilen şägirtleriniň nahar iýmäge-de eli
ýetmedi. 21 Isanyň ýakynlary muny eşidip, Ony alyp
gaýtmaga bardylar. Çünki Oňa üýtgäpdir diýýärdiler.
22 Iýerusalimden gelen kanunçylar bolsa: «Ony Beýel-
zebul eýeläpdir, Ol jynlary jynlaryň hany arkaly kowup
çykarýar» diýişýärdiler. 23 Şonuň üçin Isa halky ýanyna
çagyryp, olara tymsal bilen şeýle diýdi: «Şeýtan şeýta-
ny nähili kowup çykarsyn? 24 Bir patyşalygyň içinde bö-
lünişik bolsa, ol patyşalyk berk durup bilmez. 25 Bir
öýüň içinde bölünişik bolsa, ol öý berk durup bilmez.
26 Şeýtan öz-özüne garşy çykyp bölünse, berk durup
bilmez, onuň soňunyň geldigidir. 27 Hiç kim bir güýçli
adamyň öýüne girip, malyny talap bilmez; öňürti ony
baglamaly bolar, onsoň öýüni talar. 28 Size dogrusyny
aýdýaryn, ynsanlaryň hemme günäleri, her bir zada dil
ýetirmeleri bagyşlanar. 29 Emma Mukaddes Ruha dil
ýetirene asla bagyşlanma ýokdur. Ol ebedi höküme se-
zewar bolar 30 Isa muny: «Ol arwahly» diýenleri üçin
aýtdy.

### Isanyň ejesi we doganlary

31 Onsoň Onuň ejesi bilen doganlary geldi. Daşarda
durup, ýanyna adam iberip, Ony çagyrdylar. 32 Märeke
Isanyň daşyny alyp otyrdy. Oňa: «Ejeň bilen doganla-
ryň, uýalaryň daşarda Seni soraýarlar» diýdiler. 33 Isa
olara jogap berip: «Meniň ejem, doganlarym kim?»
diýdi. 34 Onsoň daşyny alyp oturanlara seredip, şeýle
diýdi: «Ine, Meniň ejem, Meniň doganlarym! 35 Huda-
ýyň islegini kim berjaý etse, şol Meniň doganym, uýam
we ejemdir».

## —NJI BAP

### Ekin tymsaly

4 Isa ýene-de kölüň ýakasynda halka sapak bermä-
ge başlady. Daşyna üýşüşen märeke şeýle uludy
welin, Ol köldäki bir gaýyga münüp oturdy. Bütin mä-
reke bolsa kölüň ýakasynda, gury ýerde durdy. 2 Olara
tymsallar bilen köp zatlar öwretdi. 3 Olara öwredip
otyrka, şeýle diýdi: «Gulak asyň! Ine, bir daýhan ekin
ekmäge gidýär. 4 Ekip ýörkä, tohumlaryň birnäçesi ýo-
luň kenaryna düşýär. Guşlar hem gelip, ony iýýärler.
5 Birnäçesi topragy az, daşlyk ýere düşüp, tiz gögerip
çykýar, çünki toprak çuň däl eken. 6 Ýöne olar Gün ga-
landa, kökleriniň ýoklugy zerarly, ýanyp, gurap gidýär.
7 Birnäçe tohumlar tikenleriň arasyna düşýär. Tikenler
ösüp, olary basýar. Şeýlelikde, olar hasyl bermeýär.
8 Birnäçesi bolsa gowy ýere düşýär. Ösüp, köpelip, kä-
biri otuz, käbiri altmyş, käbiri hem ýüz esse hasyl ber-
ýär». 9 Isa onsoň olara: «Gulagy barlar eşitsin!» diýdi.

### Tymsallaryň maksady

10 Ol ýeke galanda, Onkiler bilen daşyndakylar On-
dan bu tymsallaryň manysyny soradylar. 11 Isa olara
şeýle diýdi: «Hudaýyň Patyşalygynyň syry size berildi,
ýöne daşardakylara hemme zat tymsallar bilen aýdyl-
ýar. 12 Bu bolsa gözleýänler gözleri bilen seredip gör-
mesinler, eşidýänler gulaklary bilen eşidip düşünme-
sinler diýlip edilýär. Beýle bolmasa, Hudaýa tarap öw-
rülip bagyşlanarlar».

### Ekin tymsaly düşündirilýär

13 Isa olara şeýle diýdi: «Siz bu tymsala düşünmeýär-
siňizmi? Onda bütin tymsallara nähili düşünjek? 14 Daý-
hanyň ekýäni Hudaýyň sözüdir. 15 Sözüň ekilen ýerin-
de, ýoluň kenaryndakylar sözi eşiden, ýöne ýüreklerine
ekilen bu sözi tiz şeýtana aldyran adamlardyr. 16 Şonuň
ýaly-da, daşlyk ýere ekilenler sözi eşidip, ony derrew
şatlyk bilen garşylan adamlardyr. 17 Emma olarda kök
ýokdur, çydamsyzdyrlar. Bu söz üçin muşakgat ýa-da
yzarlama bolanda, derrew ýüz döndererler. 18 Tikenler
arasyna düşen beýlekiler bolsa, sözi eşiden adamlar-
dyr. 19 Emma dünýäniň gaýgylary, baýlygyň aldawçyly-
gy, başga höwesler ara girip, sözi bogýar, ol hasylsyz
bolýar. 20 Gowy topraga ekilen bolsa, sözi eşidip, kabul
eden, käbiri otuz, käbiri altmyş, käbiri hem ýüz esse
hasyl berenlerdir».

### Çyra çyradanda goýulýandyr

21 Isa olara şeýle diýdi: «Çyra galla ölçeginiň ýa çarpa-
ýanyň aşagynda goýmak üçin getirilýärmi? Çyradanyň
üstünde goýmak üçin dälmi? 22 Gizlin bolup-da, belli
bolmajak zat ýokdur, ýaşyryn bolup-da, üsti açylmajak
zat ýokdur. 23 Gulagy barlar eşitsin!» 24 Isa olara ýene
şeýle diýdi: «Eşidýänleriňize üns beriň. Haýsy ölçeg bi-

len ölçeseňiz, size-de şol ölçeg bilen ölçeler. Siz — üns
berýänler hatda köpräk hem alarsyňyz. 25 Çünki kimde
bar bolsa, oňa berler, kimde ýok bolsa, elindäki hem
ondan alnar».

### Biten tohum

26 Onsoň Isa şeýle diýdi: «Hudaýyň Patyşalygy ýere
tohum sepýän adam ýalydyr. 27 Gije-gündiz ýatar, tu-
rar; tohum biter, öser. Ol munuň nähili bolýanyny bil-
mez. 28 Toprak öz-özünden hasyl berer. Öňürti baldagy,
soňra başy, soňra-da başdaky doly däneleri berer.
29 Hasyl bişende, ýaňky adam derrew oragy işe salar.
Çünki orak wagty gelendir».

### Gorçisa tohumy hakda tymsal

30 Olara ýene-de şeýle diýdi: «Hudaýyň Patyşalygyny
nämä meňzedeli ýa ony haýsy tymsal bilen düşündire-
li? 31 Hudaýyň Patyşalygy gorçisa tohumy ýalydyr. Ýer
ýüzünde topraga ekilýän ähli tohumlaryň iň maýdasy
bolan bu tohum ekilenden soň ösüp, ähli ösümlikler-
den belent bolýar. Şeýle uly şahalar çykarýar welin, gö-
günň guşlary kölegesinde höwürtgeläp bilýärler». 33 Isa
sözi olara eşidip biljek möçberlerinde şunuň ýaly köp
tymsallar bilen aýdardy. 34 Olara tymsalsyz hiç zat aýt-
maýardy, ýöne ýeke galanlarynda, Öz şägirtlerine ähli
zady düşündirerdi.

### Isa tupany ýatyrýar

35 Şol gün, agşam bolanda şägirtlerine: «Beýleki ke-
nara geçeliň» diýdi. 36 Märekäni ugradyp, Ony şol otu-
ryşyna gaýyk bilen alyp gitdiler. Ýanynda beýleki ga-
ýyklar-da bardy. 37 Bir güýçli ýel turup, tolkunlar gaýy-
ga şeýle urdy welin, gaýyk eýýäm suwdan dolup ugra-
dy. 38 Ol bolsa gaýygyň artky tarapynda bir ýassygy
ýassanyp, uklap ýatyrdy. Şägirtler Ony oýaryp: «Mugal-
lym, heläklenip barýarys! Seniň perwaýyňa-da dälmi?»
diýdiler. 39 Isa turup, ýele käýäp, köle: «Sem bol, dek
otur!» diýdi. Şeýlelikde, ýel ýatyp, imi-salalyk boldy.
40 Isa şägirtlere: «Näme üçin gorkýarsyňyz? Näme üçin
imanyňyz ýok?» diýdi. 41 Olar gaty gorkuşyp, biri-birle-
rine: «Bu kim? Ýel-de, köl-de Onuň sözüne gulak as-
ýar!» diýişdiler.

### —NJI BAP

### Arwahly adam sagaldylýar

5 Olar kölüň beýleki kenaryna, gadaralylaryň ýur-
duna geldiler. 2 Isa gaýykdan düşen badyna, Oňa
mazarlardan çykan bir arwahly adam gabat geldi. 3 Bu
adam mazarlaryň içinde ýaşardy. Ony, artykmaç, hiç
kim zynjyr bilen-de baglap bilmezdi. 4 Telim gezek kün-
delenip zynjyrlanypdy, ýöne ol zynjyrlary gyryp, künde-
leri bölek-bölek ederdi. Hiç kim ony ýola getirip bil-
mezdi. 5 Hemişe — gije-gündiz mazarlar arasynda,
daglarda gygyryp, özüni daşlar bilen ýaralar ýörerdi.
6 Ol Isany uzakdan görüp, ylgap geldi-de, Oňa sežde
etdi. 7 Batly ses bilen gygyryp: «Eý Isa! Hemmeden be-
ýik bolan Hudaýyň Ogly, meniň bilen näme işiň bar?
Hudaýyň haky üçin Saňa ýalbarýaryn, meni gynama!»
diýdi. 8 Çünki Isa oňa: «Eý arwah, bu adamdan çyk» di-
ýipdi. 9 Onsoň ondan: «Adyň näme?» diýip sorady. Ol
hem: «Adym Legion, çünki biz köpdüris» diýip jogap
berdi. 10 Özlerini ol ýurtdan kowup goýbermezligi üçin
Isa köp ýalbardy.
11 Şol ýerde dagyň eteginde bir uly doňuz sürüsi ot-
lap ýördi. 12 Arwahlar: «Bizi bu doňuzlaryň arasyna
goýber, olaryň içine gireli» diýip, Isa ýalbardylar. 13 Isa
olara rugsat berdi. Al-arwahlar çykyp, doňuzlara girdi-
ler. Iki müňe golaý doňuzdan ybarat bu süri uçutdan
aşak kölüň içine paýyrdaşyp gark boldy. 14 Çopanlar
bolsa gaçyp, şäherdir obalara bu wakany habar berdi-
ler. Halaýyk hem näme bolanyny görmäge geldi.
15 Olar Isanyň ýanyna gelenlerinde, bir legion jyn tara-
pyndan eýelenen adamyň egin-eşikli oturanyny, akyly-
nyň hem ýerindedigini görüp gorkdular. 16 Wakany gö-
renler jynlaryň eýelän adamyna hem doňuzlara näme
bolanyny olara aýtdylar. 17 Onsoň halk öz ülkelerinden
gitmegi üçin Isa ýalbarmaga başlady. 18 Ol gaýyga mü-
nende, jynlardan halas bolan adam Onuň bilen bile
gitmek üçin Isa ýalbardy. 19 Ol muňa rugsat bermän, ol
adama: «Öýüňe, özüňkileriň arasyna git, Rebbiň saňa
edenleriniň baryny, saňa nähili rehim edenini olara
aýt» diýdi. 20 Ol hem gidip, Isanyň özüne edenleriniň
baryny Dekapolisde jar etmäge başlady. Hemme
adamlar muňa haýran galdy.

### Direlen gyz, sagalan aýal

21 Isa gaýyk bilen ýene beýleki kenara geçende, daşy-
na uly märeke üýşdi. Isa kölüň kenaryndady. 22 Sinago-
ga başlyklaryndan Ýaýrus atly bir adam geldi. Isany
görüp, Onuň aýagyna ýykyldy. 23 Oňa köp ýalbaryp:
«Meniň gyzjagazym ölüm ýassygynda ýatyr. Gel-de, el-
leriňi onuň üstünde goý, sagalsyn, ýaşasyn!» diýdi.
24 Isa bu adam bilen gitdi. Uly märeke-de yzyna düşüp,
Ony her ýandan gysyp-gowrup barýardy. 25 Şol ýerde
on iki ýyldan bäri gan akmasy bolan bir aýal bardy.
26 Ol ençeme tebibiň elinden köp ezetler çekip, bar-ýo-
guny harç edipdi, ýöne hiç bir peýda görmän, gaýtam,
haly has erbetleşipdi. 27 Bu aýal Isa hakda aýdylýan
zatlary eşidip, märekäniň içi bilen Onuň ýeňsesinden
gelip, geýimine elini degirdi. 28 Çünki ol öz içinden: «Di-
ňe geýimine elimi degirsem-de, sagalaryn» diýýärdi.
29 Şol bada-da gan akmasy kesilip, derdinden açylandy-
gyny endamynda duýdy. 30 Isa Özünden bir güýjüň çy-
kandygyny derrew aňyp, märekäniň içinde öwrülip:
«Meniň geýimime kim el degirdi!» diýdi. 31 Şägirtleri
Oňa: «Sen Özüňi gysyp-gowrup gelýän märekäni gör-
ýärsiň, ýene-de: „Maňa kim el degirdi?" diýýärsiň» diý-
diler. 32 Emma Isa muny edeni görjek bolup, daş-töwe-
regine seredýärdi. 33 Ýaňky aýal özüne näme bolandy-

gyny bileninden soň gorkup, titräp geldi. Isanyň öňün-
de ýere ýykylyp, Oňa hemme zadyň dogrusyny aýtdy.
34 Isa oňa: «Gyzym, imanyň saňa şypa berdi. Sag-aman
git-de, derdiňden açyl» diýdi. 35 Ol bu sözleri aýdyp
durka, sinagoga başlygynyň öýünden birnäçe adam
gelip: «Gyzyň aýryldy. Näme üçin Mugallyma artykmaç
zähmet berýärsiň?» diýdiler. 36 Isa muny eşiden bady-
na, sinagoga başlygyna: «Gorkma, diňe iman et!» diý-
di. 37 Isa Petrus, Ýakup we Ýakubyň dogany Ýahýadan
başga hiç kime Özi bilen gitmäge rugsat etmedi. 38 Si-
nagoga başlygynyň öýüne gelenlerinde, Isa galmaga-
ly, aglaşyp, dady-perýat edip oturanlary gördi. 39 Içerik
girip, olara: «Näme üçin galmagal edip, aglaşyp otyrsy-
ňyz? Çaga ölenok, ol diňe uklap ýatyr» diýdi. 40 Olar
Oňa gülüşdiler. Emma Isa hemmesini daşarda goýup,
çaganyň ata-enesi bilen Öz ýanyndakylary ýanyna
alyp, çaganyň ýatan ýerine bardy. 41 Çaganyň elinden
tutup, oňa: «Talita kumi!» diýdi. Bu bolsa «Gyzjagaz, sa-
ňa gal diýýärin» diýmekdir. 42 Gyz derrew galyp, ýöräp
başlady. Ol on iki ýaşyndady. Ol ýerdäkileriň ählisi gaty
geň galdylar. 43 Isa olara muny hiç kime bildirmezligi
berk tabşyryp, gyza nahar berilmelidigini aýtdy.

## Isa ret edilýär

6 Isa ol ýeri terk edip, Öz önüp-ösen mekanyna git-
di. Şägirtleri hem Onuň yzyna düşüp gitdiler. 2 Sa-
bat güni gelende, sinagoga baryp, sapak bermäge
durdy. Onuň aýdýanlaryny eşiden köp adamlar geňir-
genişip: «Bu Adam bu zatlary nireden aldy? Muňa ber-
len bu akyldarlyk näme? Beýle mugjyzalary nähili ed-
ýärkä? diýdiler. 3 Bu agaç ussasy dälmi? Bu Meremiň
ogly, Ýakup, Ioses, Iuda we Simunyň dogany dälmi?
Munuň aýal doganlary biziň ýanymyzda dälmi?» Şeýle-
likde, öýke-kine bilen Ony ret etdiler. 4 Isa olara: «Py-
gamber öz ýurdundan, garyndaşlarynyň arasyndan, öz
öýünden başga hiç ýerde gadyrsyz däldir» diýdi.
5 Ol birnäçe syrkawy üstlerine ellerini goýup sagalt-
makdan başga ol ýerde hiç bir mugjyza edip bilmedi.
6 Olaryň imansyzdygyna geň galdy.

## Isa on iki resulyny il arasyna iberýär

Şondan soň Isa töwerekdäki obalara aýlanyp sapak
bererdi. 7 Ol Onkileri ýanyna çagyryp, olary iki-ikiden
ýollamaga başlady, olara al-arwahlary kowmaga ygty-
ýar berdi. 8 Ýol üçin ýanlaryna bir taýakdan başga hiç
bir zat almazlygy tabşyrdy. Ne çörek, ne torba, ne-de
guşaklarynda pul bolmalydy. 9 Olar diňe çaryk geýmeli-
diler, iki köýnek geýmeli däldiler. 10 Isa olara şeýle diý-
di: «Haýsy ýerde bir öýe barsaňyz, ol ýerden gidýänçä-
ňiz şol öýde boluň. 11 Haýsy ýer sizi kabul etmese, sizi
diňlemese, ol ýerden çykyp barýarkaňyz, olara garşy
güwälik bolar ýaly, aýaklaryňyzyň tozuny kakyň».
12 Şunluk bilen, olar ýola düşüp, adamlaryň toba et-
mek gerekdigini wagyz etmäge başladylar. 13 Olar köp
jynlary kowup çykardylar, köp syrkawlary ýag çalyp sa-
galtdylar.

## Ýahýa pygamberiň öldürilmegi

14 Hirodes patyşa-da bolup-geçýän zatlary eşitdi.
Çünki Isanyň at-owazasy il arasyna ýaýrapdy. Hirodes
15 Beýlekiler bolsa: «Bu — Ylýas», käbirleri-de: «Bu şol
öňki pygamberleriň biri ýaly pygamberdir» diýişýärdi-
ler. 16 Hirodes bulary eşidip: «Meniň başyny kesen Ýah-
ýam direlipdir!» diýdi. 17 Çünki Hirodesiň özi adam ibe-
rip Ýahýany tutduryp, el-aýagyny bagladyp, ony zynda-
na saldyrypdy. Ol muny öz dogany Filipusyň aýaly Hi-
rodiýanyň hatyrasyna edipdi. Çünki Hirodes bu aýala
öýlenende, Ýahýa oňa: «Seniň öz doganyňyň aýalyny
almagyň dogry däl» diýipdi. 19 Şeýlelikde, Hirodiýa Ýah-
ýa garşy ýüreginde kine saklap, ony öldürmek isleýär-
di, ýöne bu elinden gelmeýärdi. 20 Çünki Hirodes Ýah-
ýanyň dogry hem mukaddes adamdygyny bilip, ondan
heder ederdi, ony gorardy. Ony diňledigiçe, howsala
düşerdi 21 Ýöne welin Hirodes öz doglan güni mynasy-
betli köşk emeldarlaryny, müňbaşylary we Jeliläniň uly
adamlaryny çagyryp, toý tutanda, amatly pursat hem
gelip ýetdi. 22 Hirodiýanyň gyzy içerik girip, tans edip,
Hirodesiň we onuň myhmanlarynyň göwnüni çaglady.
Patyşa gyza: «Näme dileseň dile, saňa bereýin» diýdi.
23 Oňa: «Menden näme dileseň, patyşalygymyň ýarysy-
da bolsa, saňa bererin» diýip ant içdi. 24 Gyz hem daşa-
ryk çykyp ejesine: «Näme diläýin?» diýdi. Ol hem: «Ço-
kundyryjy Ýahýanyň başyny» diýip jogap berdi. 25 Gyz
derrew patyşanyň ýanyna ylgap geldi-de: «Häziriň
özünde Çokundyryjy Ýahýanyň başyny bir tabakda go-
ýup, maňa bermegiňi isleýärin» diýdi. 26 Patyşa gaty
gamgyn boldy, ýöne myhmanlaryň ýanynda ant içen-
soň, gyzyň dilegini yzyna gaýtarmak islemedi. 27 Der-
rew bir jellady ýollap, Ýahýanyň başyny getirmegi bu-
ýurdy. Jellat-da baryp, zyndanda Ýahýanyň başyny kes-
di. 28 Kesilen başy bir tabakda getirip, gyza berdi. Gyz-
da ony ejesine berdi. 29 Ýahýanyň şägirtleri muny eşi-
dip geldiler-de, onuň jesedini äkidip, bir mazarda jaýla-
dylar.

## Isa bäş müň adamy doýurýar

30 Resullar Isanyň ýanyna ýygnanyp, öz eden işleri-
niň, öwreden zatlarynyň baryny Oňa habar berdiler.
31 Isa olara: «Siziň ýeke özüňiz bir çola ýere geliň-de, bi-
raz dem-dynç alyň» diýdi. Çünki gelip-gidýänleriň köp-
düginden ýaňa, nahar edinmäge-de elleri ýetmeýärdi.
32 Olar-da ýeke özleri gaýyga münüp, bir çola ýere git-
diler. 33 Gidip barýanlaryny görenlerinde, köp adamlar
olary tanap, bütin şäherlerden paý-pyýada ylgaşyp,
olaryň özlerinden öň ol ýere bardylar we Isanyň öňün-
den çykdylar.
34 Isa gaýykdan düşende, uly märekäni görüp, olara
haýpy geldi. Çünki olar çopansyz goýunlar ýalydy. Şo-
nuň üçin, olara köp zatlary öwretmäge başlady.

35 Wagt gijigenden soň, şägirtleri Onuň ýanyna gelip,
şeýle diýdiler: «Bu bir çola ýer, wagt hem gijikdi. 36 Mä-
rekäni goýber, töwerekdäki ekin meýdanlaryna, obala-
ra gidip, özlerine iýere zat satyn alsynlar». 37 Emma Isa:
«Olara siz iýere zat beriň» diýdi. Oňa: «Biz gidip, iki ýüz
dinara çörek satyn alyp-da, olara iýdirelimi?» diýdiler.
38 Isa: «Näçe çöregiňiz bar? Gidiň-de, görüň» diýdi. Gö-
renlerinden soň: «Bäş çörek bilen iki balygymyz bar»
diýdiler.

39 Şonda olara halaýygy topar-topar edip, gök otuň
üstünde oturtmagy buýurdy. 40 Şunluk bilen, olar ýüz-
ýüzden, elli-elliden topar-topar bolup oturdylar. 41 Isa
bäş çörek bilen iki balygy alyp, Göge bakyp şükür etdi-
de, märekäniň öňünde goýar ýaly, bölüşdirip şägirtleri-
ne berdi. Iki balygy-da olaryň hemmesine paýlady.
42 Hemmeler iýip doýdular. 43 Şägirtler artyp galan çö-
regiň döwümlerini, balyklaryň ownuklaryny ýygnap,
on iki sebedi doldurdylar. 44 Çörekleri iýenler bäş müň
adamdy.

### Isa suwuň ýüzünden ýöreýär

45 Isa märekäni urgadyp durka, şägirtlerine derrew
gaýyga münüp, Özünden öň beýleki kenardaky Bet-
saýda geçmegi buýurdy. 46 Märeke bilen hoşlaşanyn-
dan soň, Ol doga etmäge daga çykdy. 47 Agşam düşen-
de, gaýyk kölüň ortasynda, Ol bolsa, ýeke Özi ýerdedi.
48 Isa olaryň kynlyk bilen kürekläp barýandyklaryny
gördi. Çünki ýel olaryň garşysyndandy. Gijäniň dördün-
ji nobaty uçurlarynda 49 Emma olar Onuň kölüň ýüzün-
den ýöräp gelýänini görenlerinde, gözlerine görünýän-
dir öýdüp gygyryşdylar. 50 Çünki hemmeler Ony görüp
gorkdular. Emma Isa derrew olara söz gatyp: «Batyr
boluň! Bu — Men, gorkmaň!» diýdi. 51 Onsoň olaryň ýa-
nyna gaýyga mündi, ýel hem ýatdy. Olar has beter ge-
ňirgenişip, haýran galdylar. 52 Çünki çörekli mugjyza
düşünmändiler, sebäbi ýürekleri gataşypdy.

### Isa Jenesaretde syrkawlary sagaldýar

53 Kölüň aňyrsyna geçensoň, Jenesaret ýurduna ba-
ryp, ol ýerde labyr taşladylar. 54 Gaýykdan inen batlary-
na halk Isany tanap, 55 Ylgaşyp şol jelegaýlara uçdan-
tutma aýlandylar. Isanyň nirededigini eşidenler syr-
kawlary düşekleri bilen bile şol ýere getirmäge başla-
dylar. 56 Oba bolsun, şäher ýa düz bolsun, Ol nirä bar-
sa, syrkawlary bazar ýerinde ýatyryp, diňe geýiminiň
syýnlaryna ellerini degirmäge rugsat etsin diýip, Oňa
ýalbarýardylar. El degrenleriň hemmesi-de sagaldy.

## —NJI BAP

### Adamy näme murdar edýär?

7 Iýerusalimden gelen fariseýler bilen birnäçe ka-
nunçylar Onuň daşyna üýşüşdiler. 2 Olar Onuň şä-
girtlerinden käbirleriniň hapa eli bilen, ýagny dini adat
boýunça elini ýuwman, nahar iýýänini gördüler. 3 Fari-
seýler we bütin ýehudylar ata-babalarynyň adatlaryny
saklap, ellerini ýagşy ýuwman nahar iýmeýärler. 4 Ba-
zardan gelenlerinde ýuwunman, nahar iýmeýärler.
Başga-da käse, gap-çanak, mis gaplary ýuwma ýaly
adatlary saklaýarlar.

5 Fariseýler bilen kanunçylar Oňa sorag berip: «Näme
üçin Seniň şägirtleriň ata-babalaryň adatyna görä gez-
män, hapa elleri bilen nahar iýýärler?» diýdiler. 6 Isa
olara şeýle diýdi: «„Bu halk dilinde Meni sylaýar, emma
ýürekleri Menden uzakdyr. 7 Biderek ýere Maňa sežde
edýärler, çünki taglymat hökmünde öwredýänleri yn-
san buýruklary" diýip ýazylyşy ýaly, Işaýa pygamber siz
ikiýüzlüler hakda oňat welilik edipdir. 8 Siz Hudaýyň
tabşyryklaryny terk edýärsiňiz, küýzedir käsäni ýuw-
mak ýaly köp zatlary edip, adamlaryň adatlaryny ber-
jaý edýärsiňiz». 9 Ýene olara şeýle diýdi: «Öz adatlary-
ňyzy berjaý etmek üçin, Hudaýyň buýruklaryndan ýüz
dönderýärsiňiz! 10 Musa: „Ataňy, eneňi syla", „Atasyna
ýa enesine ýokuş söz aýdan hökman öldürilsin" diýip
aýdypdyr. 11 Emma siz: Eger bir adam atasyna ýa enesi-
ne: „Menden görjek peýdaň gurbandyr, Hudaýa peş-
geşdir" diýse, 12 siz oňa artykmaç ata ýa enesine hiç hili
kömek etmäge rugsat etmeýärsiňiz. 13 Şeýdip, nesil-
den-nesle galdyrýan adatlaryňyz arkaly Hudaýyň sözü-
ni bozýarsyňyz. Şunuň ýaly zatlary köp edýärsiňiz».

14 Ol märekäni ýene ýanyna çagyryp, olara şeýle diý-
di: «Hemmäňiz Meni diňläň, düşüniň: 15 adamyň içine
daşardan girip-de, ony murdar edip biljek hiç bir zat
ýokdur, ýöne adamy murdar edýän adamdan çykýan
zatlardyr. 16 Kimiň eşitmäge gulagy bar bolsa, eşitsin!»

17 Ol märekäniň ýanyndan aýrylyp, öýe girende, şä-
girtleri Ondan bu tymsalyň manysyny soradylar. 18 Isa-
da olara şeýle jogap berdi: «Eýsem siz hem düşüneň-
zokmy? Adamyň içine daşardan giren hiç bir zadyň ony
murdar edip bilmejegine düşünmeýärsiňizmi? 19 Bular
adamyň ýüregine däl-de, garnyna girýär, ol ýerden-de
daşaryk çykýar». Şeýlelik bilen, Isa ähli iýmitleriň tä-
mizdigini aýdypdyr. 20 Ol ýene şeýle diýdi: «Adamy
murdar edýän onuň öz içinden çykýan zatdyr. 21 Çünki
içden, adamyň ýüreginden erbet pikirler, zynahorluk,
ogrulyk, adam öldürme, azgynlyk, açgözlülik, ýaman-
lyk, hile, ahlaksyzlyk, bahyllyk, sögünç, tekepbirlik we
akylsyzlyk çykýar. 23 Bu erbet zatlaryň ählisi içden çy-
kyp, adamy murdar edýär».

### Finikiýaly aýalyň imany

24 Isa ol ýerden aýrylyp, Sur we Saýda etrabyna gitdi.
Bu ýerde bir öýe bardy. Ol muny hiç kimiň bilmegini is-
lemeýärdi, ýöne muny gizlin saklap bilmedi. 25 Kiçijik
gyzyna arwah ýolugan bir aýal Isa hakdaky habarlary
eşiden badyna gelip, Onuň aýagyna ýykyldy. 26 Bu aýal
grek, siriýa-finikiýalydy. Ol gyzyndaky jyny kowup çy-
karmagy üçin, Isa ýalbardy. 27 Isa oňa: «Goý, öňürti ça-
galar doýsun. Çagalaryň çöregini alyp-da, itlere zyň-
mak dogry däldir» diýdi. 28 Aýal hem: «Hawa, ýa Reb!

Ýöne itler hem saçagyň aşagynda çagalaryň çörekle-
rinden gaçan owuntyklary iýýändir» diýdi. 29 Isa oňa:
«Bu sözüň üçin bar, gidiber, jyn seniň gyzyňdan çykdy»
diýdi. 30 Aýal öýüne baranda, jyn çykyp, gyzy düşeginde
ýatan eken.

### Ker adam sagaldylýar

31 Onsoň Isa Sur we Saýda etrabyndan gaýdyp, Deka-
polis 32 Onuň ýanyna hem ker, hem peltek adamy geti-
rip, onuň üstünde elini goýmagy üçin Isa ýalbardylar.
33 Isa ol adamy märekäniň içinden bir çete çekip, bar-
maklaryny onuň gulaklaryna sokdy, tüýkürip, onuň di-
line elini degirdi. 34 Onsoň Göge bakyp, ah çekdi-de:
«Effata!», ýagny: «Açyl» diýdi. 35 Ýaňky adamyň gulakla-
ry derrew açylyp, dili dogry geplemäge başlady. 36 Isa
olara muny hiç kime aýtmazlygy tabşyrdy. Emma ol
näçe tabşyran bolsa, olar habary şonça köp ýaýratdy-
lar. 37 Olar çakdanaşa geňirgenişip: «Ol hemme zady
ýagşy edýär. Kerleriň gulagyny açýar, dilsizleri gepled-
ýär» diýişýärdiler.

## —NJI BAP

### Isa dört müň adamy doýurýar

8 Şol günlerde ýene bir uly märeke ýygnanypdy. Iý-
mäge hiç bir zatlary bolmansoň, Isa şägirtlerini
ýanyna çagyryp, olara şeýle diýdi: 2 Bu märekä haýpym
gelýär! Bular üç gün bäri Meniň ýanymda, iýmäge hem
hiç bir zatlary ýok. 3 Bulary öýlerine aç goýbersem, ýol-
da ysgyndan gaçarlar, çünki käbiri uzak ýerden gelip-
dir». 4 Şägirtleri: «Bu çola ýerde bu adamlary doýrar
ýaly çöregi nireden tapyp bolar?» diýip, Ondan sorady-
lar. 5 Isa: «Näçe çöregiňiz bar?» diýip, olaryň özlerinden
sorady. Olar: «Ýedi» diýip jogap berdiler. 6 Ol märekä
ýerde oturmagy buýurdy. Ýedi çöregi alyp, şükür ede-
ninden soň, bölüşdirdi-de, paýlasynlar diýip, şägirtleri-
ne berdi. Olar hem märekä paýladylar. 7 Olaryň biraz
balyklary hem bardy. Isa şükür edeninden soň, bulary-
da paýlamagy buýurdy. 8 Olar iýip doýdular, artyp ga-
lan döwümleri hem ýygnap, ýedi sebedi doldurdylar.
9 Iýenler dört müňe golaý adamdy. Onsoň Isa olary ug-
ratdy. 10 Özi bolsa derrew şägirtleri bilen gaýyga mü-
nüp, Dalmanuta etrabyna gitdi.

### Fariseýleriň we Hirodesiň hamyrmaýasy

11 Fariseýler gelip, Onuň bilen jedelleşmäge başlady-
lar. Ony synajak bolup, Gökden bir alamat görkezme-
gini talap etdiler. 12 Ol hem ruhundan ah çekip: «Näme
üçin bu nesil alamat talap edýär? Size dogrusyny aýd-
ýaryn, bu nesle hiç bir alamat görkeziljek däldir» diýdi.
13 Isa olary ol ýerde taşlady-da, gaýyga münüp, beýleki
kenara geçdi. 14 Şägirtleri çörek almagy unudan eken-
ler. Gaýykda ýanlarynda diňe ýekeje çörek bardy.
15 «Sak boluň! Fariseýleriň hamyrmaýasyndan, Hirode-
siň hamyrmaýasyndan ägä boluň» diýip, Isa olara duý-
duryş berdi. 16 Olar bolsa özara çekişip: «Çöregimiz
ýok» diýişýärdiler. 17 Isa muny bilip, olara şeýle diýdi:
«Näme üçin çöregimiz ýok diýşip çekişýärsiňiz? Entek-
de, akyl ýetirmeýärsiňizmi, düşünmeýärsiňizmi? Ýürek-
leriňiz entek-de gatymy? 18 Gözli bolup, görmeýärsiňiz-
mi? Gulakly bolup, eşitmeýärsiňizmi? Bolup geçenler
ýadyňyza düşmeýärmi? 19 Men bäş çöregi bäş müň
adama bölenimde, galan döwümlerden näçe sebet
doldurypdyňyz?» Olar: «On iki» diýdiler. 20 «Ýedi çöregi
dört müň adama bölenimde, galan döwümlerden näçe
sebet doldurypdyňyz?» Olar: «Ýedi» diýdiler. 21 Isa: «En-
tek hem düşünmeýärsiňizmi?» diýdi.

### Betsaýdada kör adam sagaldylýar

22 Onsoň Betsaýda geldiler. Ol ýerde bir kör adamy
Onuň ýanyna getirip, oňa elini degirsin diýip ýalbardy-
lar. 23 Isa kör adamyň elinden tutup, ony obanyň daşy-
na çykardy. Onuň gözlerine tüýkürip, ellerini üstünde
goýup: «Bir zat görýärsiňmi?» diýip sorady. 24 Ol hem
ýokaryk seredip: «Adamlary görýärin, olar ýöräp bar-
ýan agaçlar ýaly bolup görünýär» diýdi. 25 Onsoň Isa
ýene-de ellerini onuň gözlerine goýdy. Kör çiňerilip se-
retdi, şypa tapyp, bar zady aýyl-saýyl gördi. 26 Isa: «Oba
barma, muny obada hiç kime aýtma» diýip, ony öýüne
iberdi.

### Petrusyň Mesihi tanamagy

27 Isa şägirtleri bilen Kaýsariýa-Filipi etrabyndaky
obalara gitdi. Ýolda şägirtlerinden: «Adamlar Maňa
kim diýýärler?» diýip sorady. 28 Olar-da: «Çokundyryjy
Ýahýa, käbiri Ylýas, käbiri-de pygamberleriň biri diýýär-
ler» diýip jogap berdiler. 29 Isa olardan: «Siz Maňa kim
diýýärsiňiz?» diýip sorady. Petrus: «Sen Mesih» diýip jo-
gap berdi. 30 Onsoň Isa olara Özi hakda hiç kime hiç zat
aýtmazlygy tabşyrdy.

### Isa ölüp direljegini öňünden aýdýar

31 Ynsan Oglunyň köp görgi görmelidigi, ýaşulular,
baş ruhanylar we kanunçylar tarapyndan ret edilmeli-
digi, öldürilmelidigi, üç günden soň direlmelidigi hak-
da olara sapak bermäge başlady. 32 Ol bu sözleri açyk
aýtdy. Petrus bolsa Ony bir çete çekip, Onuň aýdanla-
ryna garşy çykmaga başlady. 33 Emma Isa öwrülip, şä-
girtlerine seredip: «Çekil öňümden, şeýtan! Sen Hudaý
işlerini däl, ynsan işlerini oýlanýarsyň» diýip, Petrusa
käýedi. 34 Isa märeke bilen Öz şägirtlerini ýanyna çagy-
ryp, olara şeýle diýdi: «Kim Meniň yzyma eýermek isle-
ýän bolsa, özüni inkär etsin-de, haçyny alyp yzyma
düşsün. 35 Çünki kim janyny halas etmek islese, ony ýi-
tirer, ýöne kim janyny Meniň we Hoş Habaryň ugrunda
ýitirse, ony halas eder. 36 Sebäbi bir adam bütin dünýä-
ni gazanyp-da, öz janyny ýogaltsa, oňa näme peýdasy
bar? 37 Adam öz janyna derek näme berip biler? 38 Bu
zynahor, günäkär nesliň içinde kim Menden we Meniň
sözlerimden utansa, Ynsan Ogly-da mukaddes periş-

deleri bilen bilelikde Atasynyň şöhraty bilen gelen ma-
haly ondan utanar».

9 Ol olara şeýle diýdi: «Size dogrusyny aýdýaryn, bu
ýerde duranlaryň arasynda Hudaýyň Patyşalygy-
nyň gudrat bilen gelenini görmezden öň ölümi datma-
jak käbir adamlar bar».

### Isanyň görnüşi üýtgeýär

2 Isa alty günden soň Petrusy, Ýakuby we Ýahýany ýa-
nyna alyp, aýratyn olary bir beýik dagyň üstüne çykar-
dy. Şol ýerde olaryň gözleriniň alnynda Onuň görnüşi
üýtgedi. 3 Egin-eşigi ýaldyrap, şeýle bir agardy welin,
ýer ýüzünde hiç bir ýuwujynyň ony beýle agardyp bil-
jek gümany ýokdy. 4 Olara Ylýas bilen Musa göründi.
Olar Isa bilen gepleşip durdular. 5 Petrus Isa: «Mugal-
lym! Bize bu ýerde bolmak gowy, üç çadyr guraly: biri
Saňa, biri Musa, biri Ylýasa» diýdi. 6 Ol näme diýjegini
bilmeýärdi, çünki gaty gorkupdylar. 7 Bir bulut gelip,
olara kölege saldy. Bulutdan: «Bu Meniň söýgüli og-
lum! Ony diňläň» diýen owaz geldi. 8 Birden, töwerekle-
rine seredenlerinde, ýanlarynda Isadan başga hiç kime
gözleri düşmedi. 9 Dagdan inip gelýärkäler, Isa olara
Ynsan Ogly ölümden direlýänçä gören zatlaryny hiç ki-
me aýtmazlygy buýurdy. 10 Olar bu sözi ýüreklerinde
saklap, Onuň näme diýmek isleýänini biri-birlerinden
soraşýardylar. 11 Olar Isadan: «Näme üçin kanunçylar
öňürti Ylýas gelmelidir diýýärler?» diýip soradylar. 12 Ol
hem olara şeýle diýdi: «Dogrudan-da, Ylýas öňürti ge-
lip, hemme zady düzeder, ýöne näme üçin Ynsan Oglu-
nyň köp görgi görüp-de, ret edilmegi ýazylypdyr?
13 Men size aýdýaryn: Ylýas geldi, ol hakda ýazylyşy ýa-
ly, oňa halanlaryny etdiler».

### Dilsiz ruh ýolugan oglanyň sagaldylyşy

14 Beýleki şägirtleriň ýanlaryna gelenlerinde, olaryň
daşyny alyp duran märekäni, olar bilen jedelleşip du-
ran kanunçylary gördüler. 15 Isany görende, märeke
gaty geňirgendi, hemmeler derrew ylgaşyp gelip, Oňa
salam berdiler. 16 Isa olardan: «Bular bilen näme hakda
jedelleşýärsiňiz?» diýip sorady. 17 Märekäniň içinden bi-
ri Oňa şeýle jogap berdi: «Mugallym, Saňa oglumy ge-
tirdim, oňa bir dilsiz ruh ýolugypdyr. 18 Ony tutan ýe-
rinde ýere urýar. Oglan agzyny köpürjikledip, dişlerini
gyjyrdadyp, gatap galýar. Seniň şägirtleriňden ruhy çy-
karmaklaryny haýyş etdim, ýöne olar başarmadylar».
19 Isa olara: «Eý, imansyz nesil, Men haçana çenli siz bi-
len bile bolaýyn? Haçana çenli size çydaýyn? Oglany
Meniň ýanyma getiriň» diýdi. 20 Olar ony Isanyň ýany-
na getirdiler. Ruh Isany gören badyna, oglany gaty sil-
terledi. Oglan ýere ýykylyp, agzyny köpürjikledip, toga-
lanmaga başlady. 21 Isa oglanyň kakasyndan: «Munuň
beýle bolanyna näçe wagt boldy?» diýip sorady. Kaka-
sy: «Çagalygyndan bäri şeýle. 22 Ruh ony heläklejek bo-
lup, telim gezek oda, suwa atdy. Eliňden bir zat gelse,
bize haýpyň gelsin, kömek et!» diýdi. 23 Isa oňa: «Ima-
nyň bar bolsa, iman 24 Şol bada oglanyň kakasy aglap
gygyrdy: «Iman edýärin, imansyz bolmazlygym üçin
maňa kömek et!» 25 Isa märekäniň ylgaşyp gelýänini
görüp: «Eý, güň hem lal ruh! Saňa buýurýaryn, oglan-
dan çyk, oňa gaýdyp girme!» diýip, arwaha käýedi.
26 Arwah-da gygyryp, oglany has beter silterläp, daşy-
na çykdy. Oglan ölene meňzeýärdi, şonuň üçin märe-
käniň köpüsi: «Ol öldi» diýişýärdi. 27 Emma Isa onuň
elinden tutup galdyrdy, ol hem ör turdy.
28 Isa öýe girenden soň, şägirtleri öz-özlerikä Ondan:
«Biz näme üçin ruhy çykaryp bilmedik?» diýip sorady-
lar. 29 Isa olara: «Bu hili ruhlary dogadan, orazadan
başga hiç bir zat bilen çykaryp bolýan däldir» diýdi.
30 Ol ýerden çykyp, Jeliläniň üstünden geçdiler. Isa mu-
ny hiç kimiň bilmegini islemeýärdi. 31 Ol şägirtlerine sa-
pak berýärkä şeýle diýipdi: «Ynsan Ogly ynsan eline
berler, Ony öldürerler, ýöne öldürenlerinden üç gün
soň Ol direler». 32 Emma olar bu söze düşünmediler,
soramaga-da çekindiler.

### Iň uly kim?

33 Olar Kapernauma bardylar. Öýe girenden soň, Isa
olardan: «Ýolda näme hakda jedelleşýärdiňiz?» diýip
sorady. 34 Emma olaryň hiç birinden ses çykmady. Çün-
ki ýolda biri-birleri bilen kimiň uludygy hakda jedelleş-
ýärdiler. 35 Isa oturyp, Onkileri ýanyna çagyrdy. Olara:
«Biri ilkinji bolmak isleýän bolsa, hemmäniň soňkusy,
hemmäniň hyzmatkäri bolmalydyr» diýdi. 36 Onsoň bir
çagany alyp, olaryň ortasynda duruzdy-da, ony gujak-
lap, olara şeýle diýdi: 37 «Kim şunuň ýaly çagalaryň biri-
ni Meniň adymdan kabul etse, Meni kabul etdigidir.
Kim-de Meni kabul etse, Meni däl, Meni Ýollany kabul
eder».

### Bize garşy bolmadyk biziň tarapdarymyzdyr

38 Ýahýa Oňa şeýle diýdi: «Mugallym! Biz Seniň adyň
bilen jynlary çykarýan, ýöne biziň yzymyza eýermeýän
bir adamy görüp, ony bökdedik, çünki ol biziň yzymyza
eýerenok». 39 Isa oňa şeýle diýdi: «Ony bökdemäň!
Çünki Meniň adym bilen mugjyza edip-de, derrew
yzysüre Meni ýamanlap biljek adam ýokdur. 40 Kim bize
garşy bolmasa, biziň tarapdarymyzdyr. 41 Size dogrusy-
ny aýdýaryn, Mesihe baglydygyňyz üçin, kim Meniň
adym bilen size bir käse suw berse, ol asla sylagsyz
galmaz».

### Bir adama günä etdirmegiň jezasy

42 Kim Maňa iman eden bu çagalardan biriniň günä
etmegine sebäp bolsa, boýnundan uly degirmen daşy
asylyp, deňze zyňylmak onuň üçin has gowy bolar.
43 Eliň seniň günä etmegiňe sebäp bolsa, ony kes. Saňa
çolak bolup ýaşaýşa gowuşmak, iki elli bolup sönmez
oda, dowzaha gitmekden gowudyr. 44 Ol ýerde olaryň
gurdy ölýän däldir, ody sönýän däldir. 45 Eger aýagyň
seniň günä etmegiňe sebäp bolsa, ony kes. Saňa ag-

sak bolup ýaşaýşa gowuşmak, iki aýakly bolup dowza-
ha, sönmez oda zyňylmakdan gowudyr. 46 Ol ýerde ola-
ryň gurdy ölýän däldir, ody sönýän däldir. 47 Gözüň se-
niň günä etmegiňe sebäp bolsa, ony oýup çykar. Saňa
ýeke gözli bolup Hudaýyň Patyşalygyna girmek, iki
gözli bolup dowzaha zyňylmakdan gowudyr. 48 Ol ýer-
de olaryň gurdy ölýän däldir, ody sönýän däldir. 49 Çün-
ki hemmeler ot bilen duzlanar, hemme gurbanlar duz
bilen duzlanar. 50 Duz gowy zatdyr, ýöne duz şorlugyny
ýitirse, onda oňa näme bilen tagam berler? Içiňizde
duz bolup, araňyzda parahatlyk bolsun».

### Talak barada sorag

10 Isa ol ýerden gidip, Ýahuda çäklerine, Iordan
derýasynyň aňyrsyna bardy. Onuň daşyna ýene-
de bir topar märeke ýygnanyşyp, Ol ýene-de adaty bo-
ýunça olara sapak bermäge durdy. 2 Birnäçe fariseý
gelip, Ony synamak üçin: «Bir adamyň aýalyny aýyr-
magy dogrumydyr?» diýip sorady. 3 «Musa size nähili
tabşyryk beripdir?» diýip, Isa olaryň özlerinden sorady.
4 Olar-da: «Musa talak hatyny ýazyp, aýyrmaga ygtyýar
beripdir» diýdiler. 5 Isa olara şeýle diýdi: «Musa bu tab-
şyrygy siziň doňýürekdiňiz zerarly ýazdy. 6 Emma ýara-
dylyşyň başynda Hudaý olary „erkek we aýal edip ýa-
ratdy". 7 Şonuň üçin erkek adam ata-enesini terk edip,
aýalyna goşular. 8 Onsoň ikisi bir ten bolar". Şunluk bi-
len, olar indi iki däl, bir tendir. 9 Şeýlelikde, Hudaýyň
goşanyny adam aýyrmasyn».
10 Şägirtleri Oňa öýde bu barada ýene sorag berdiler.
11 Isa olara: «Kim aýalyny aýryp, başga aýala öýlense,
oňa garşy zyna edýändir. 12 Aýal-da äri̇nden aýrylyp,
başga erkege barsa, zyna edýändir» diýip jogap berdi.

### Isa çagalara ak pata berýär

13 Olara elini degirsin diýip, çagalary Isanyň ýanyna
getirdiler. Şägirtleri bolsa olary getirenlere käýediler.
14 Isa muny görende, gaharlanyp, olara şeýle diýdi:
«Degmäň, çagalar Meniň ýanyma gelsin, olary bökde-
mäň, çünki Hudaýyň Patyşalygy şular ýalylaryňkydyr.
15 Size dogrusyny aýdýaryn, kim Hudaýyň Patyşalygyny
bir çaga ýaly kabul etmese, ol ýere asla girip bilmez».
16 Ol çagalary gujaklap, elini üstlerinde goýup, olara ak
pata berdi.

### Baýlyk we ebedi ýaşaýyş

17 Isa ýola düşüp barýarka, bir adam ylgap geldi-de,
öňünde dyza çöküp: «Eý, ýagşy Mugallym! Men ebedi
ýaşaýşy miras alar ýaly näme etmeli?» diýip, Ondan so-
rady. 18 Isa oňa şeýle jogap berdi: «Näme üçin Maňa
ýagşy diýýärsiň? Bir Hudaýdan başga hiç kim ýagşy
däldir. 19 Sen tabşyryklary bilýänsiň: „Adam öldürme,
zyna etme, ogrulyk etme, ýalan güwälik berme, hiç ki-
mi talama, ataňy, eneňi syla"». 20 Ýaňky adam Oňa:
«Men ýaşlygymdan bäri bularyň baryny berjaý edip
gelýärin» diýdi. 21 Isa oňa söýgi bilen seredip: «Seniň
bir zadyň kem, bar, nämäň bar bolsa sat-da, garyplara
ber, Gökde hazynaň bolar. Onsoň gel-de, Meniň yzyma
düş» diýdi. 22 Bu sözlere ýaňky adamyň mazasy gaçyp,
ol ýerden tukat bolup gitdi. Çünki onuň köp mal-mülki
bardy. 23 Isa töweregine seredip, şägirtlerine: «Barlyla-
ra Hudaýyň Patyşalygyna girmek nähili çetin!» diýdi.
24 Şägirtler Onuň sözlerine geňirgenişdiler. Isa ýene
olara şeýle diýdi: «Oglanlar, baýlyga bil baglaýanlara
Hudaýyň Patyşalygyna girmek nähili çetin! 25 Bir düýä-
niň iňňäniň gözünden geçmegi barly adamyň Hudaýyň
Patyşalygyna girmeginden aňsatdyr». 26 Şägirtler çak-
danaşa geňirgenişip, biri-birlerine: «Onda, kim halas
bolup biler?» diýişdiler. 27 Isa olara seredip: «Ynsanla-
ryň muňa mümkinçiligi ýok, ýöne Hudaý üçin beýle däl
— Hudaý üçin ähli zat mümkin» diýdi. 28 Petrus Oňa:
«Ine, biz ähli zadymyzy taşlap, Seniň yzyňa düşdük» di-
ýip başlady. 29 Isa şeýle diýdi: «Size dogrusyny aýdýa-
ryn, Meniň hatyram üçin, Hoş Habaryň hatyrasy üçin
öýüni, doganlaryny, uýalaryny, enesini, atasyny, oglan-
uşagyny ýa ýerlerini taşlap-da, 30 şindi, bu zamanda
çekjek azaplary bilen birlikde, ýüz esse edip öýler, do-
ganlar, uýalar, eneler, atalar, oglan-uşaklar, ýerler we
geljek döwürde ebedi ýaşaýyş almajak ýokdur. 31 Ýöne
köp ilkinjiler iň soňkular, iň soňkular hem ilkinjiler bo-
lar».

### Isa ölüp direljegini ýene aýdýar

32 Olar ýola düşüp, Iýerusalime bakan barýardylar.
Isa öňlerinden ýöräp barýardy. Şägirtler geňirgeniş-
ýärdi, yzyna düşüp barýanlar hem gorky içindediler. Ol
ýene-de Onkileri bir çete çekdi-de, Özüne näme bolja-
gy hakda gürrüň bermäge başlap, 33 Şeýle diýdi: «Ine,
Iýerusalime barýarys. Ynsan Ogly baş ruhanylara, ka-
nunçylara tabşyrylar. Ony ölüme höküm edip, milletle-
re tabşyrarlar. 34 Oňa gülerler, üstüne tüýkürerler, Ony
gamçylap, öldürerler we üçünji günde

### Ýakup bilen Ýahýanyň dilegi

35 Zebedeýiň ogullary Ýakup bilen Ýahýa Isanyň ýany-
na baryp, Oňa: «Mugallym! Biz Senden näme dilesek,
şony ýerine ýetirmegiňi isleýäris» diýdiler. 36 «Siziň üçin
näme etmegimi isleýärsiňiz?» diýip, Isa olardan sorady.
37 Olar hem: «Öz şöhratyňda birimiziň sagyňda, birimi-
ziň çepiňde oturmagymyza rugsat et» diýdiler. 38 Em-
ma Isa olara: «Siz näme dileýäniňizi bilmeýärsiňiz. Siz
Meniň içjek käsämden içip bilersiňizmi? Ýa Meniň ço-
kunyşym bilen çokunyp bilersiňizmi?» 39 Olar-da Oňa:
«Muny edip bileris» diýdiler. Isa olara şeýle diýdi: «Siz
Meniň içjek käsämden içersiňiz. Meniň çokunyşym bi-
len çokunarsyňyz. 40 Ýöne size sagymda ýa çepimde
oturmaga rugsat bermek Meniň elimde däl. Bu kimler
üçin taýýynlanan bolsa, şolar üçindir». 41 Beýleki on şä-
girt muny eşidip, Ýakup bilen Ýahýa gaharlanmaga
başladylar. 42 Isa olary ýanyna çagyryp, şeýle diýdi:
«Özüňiz bilýärsiňiz, milletleriň arasynda başlyk saýyl-

ýanlar olara agalyk edýär, ululary-da olara ygtyýar bi-
len baştutanlyk edýär. 43 Siziň araňyzda beýle bolma-
syn. Araňyzda kim uly bolmak isleýän bolsa, beýlekile-
riň hyzmatkäri bolsun. 44 Araňyzda kim ilkinji bolmak
isleýän bolsa, hemmäňiziň guly bolsun. 45 Çünki Ynsan
Ogly-da Özüne hyzmat edilmegi üçin däl, eýsem, hyz-
mat etmek üçin, köpleriň ugrunda janyny töleg hök-
münde bermek üçin geldi».

### Bartimaý körüň gözi açylýar

46 Onsoň Eriha geldiler. Isa şägirtleri we uly märeke
bilen Erihadan çykyp barýarka, Timaý ogly Bartimaý
atly bir kör ýoluň kenarynda dilegçilik edip otyrdy. 47 Ol
bu gelýäniň nasyraly Isadygyny eşidip: «Eý, Dawut Og-
ly Isa! Maňa rehim et!» diýip, gygyrmaga durdy. 48 Köp
adamlar sesini çykarmasyn diýip, oňa käýediler, emma
ol öňküden hem gaty ses bilen: «Eý, Dawut Ogly! Maňa
rehim et!» diýip gygyrdy. 49 Isa aýak çekip: «Ony çagy-
ryň» diýdi. Köri çagyryp oňa: «Batyr bol, tur, seni ça-
gyrýar» diýdiler. 50 Ol hem donuny taşlap turdy-da, Isa-
nyň ýanyna geldi. 51 Isa ondan: «Seniň üçin näme et-
megimi isleýärsiň?» diýip sorady. Kör adam: «Ussat,
gözüm görsün» diýdi. 52 Isa hem oňa: «Bar, imanyň sa-
ňa şypa berdi» diýdi. Onuň gözleri derrew görüp, ýol
bilen Isanyň yzyna düşüp gidiberdi.

## —NJI BAP

### Isanyň Iýerusalime girişi

11 Iýerusalime golaýlap, Zeýtun dagynyň etegin-
däki Beýtfajy bilen Beýtaniýa gelip ýetenlerinde,
Isa öz şägirtlerinden ikisini ýollap, 2 olara şeýle diýdi:
«Öňüňizdäki oba baryň. Obanyň içine giren badyňyza
daňylgy duran bir taýhar taparsyňyz, üstüne şu wagta
çenli hiç kim münen däldir. Ony çözüň-de, alyp geliň.
3 Eger biri size: „Näme üçin beýle edýärsiňiz?" diýse,
„Bu taýhar Rebbe gerek, ynha yzyna iberer" diýip aý-
dyň».
4 Olar gitdiler. Köçede bir gapynyň ýanynda daňylgy
duran bir taýhary tapyp, ony çözdüler. 5 Ol ýerde du-
ranlaryň käbiri olara: «Näme üçin taýhary çözýärsiňiz?»
diýdiler. 6 Olar-da Isanyň aýdanyny aýtdylar. Onsoň
ýaňky adamlar olary goýberdiler. 7 Taýhary Isanyň ýa-
nyna getirip, öz egin-eşiklerini onuň üstüne atdylar.
Isa-da taýharyň üstüne mündi.
8 Köp adamlar egin-eşiklerini, käbirleri-de baglardaky
agaçlardan kesen şahalaryny ýola düşediler. 9 Öňden
barýanlar, yzdan gelýänler: «Hosanna! Rebbiň adyn-
dan gelýän gutly bolsun! 10 Atamyz Dawudyň golaýlap
gelýän patyşalygy gutly bolsun! Iň ýokarlarda hosan-
na!» diýip gygyryşýardylar.
11 Isa Iýerusalime baryp, ybadathana girdi. Daş-töwe-
regindäki ähli zatlara göz aýlaşdyrandan soň, wagt
hem gijigeni üçin, Onkiler bilen bilelikde Beýtaniýa git-
di.

### Injir agajyna gargyş

12 Ertesi gün Beýtaniýadan çykanlarynda, Isa ajykdy.
13 Uzagrakda ýaprakly bir injir agajyna gözi düşende,
ondan bir zat tapmazmykam diýip, agaja tarap gitdi.
Onuň ýanyna gelende, ýapraklardan başga hiç zat tap-
mady. Çünki injiriň wagty däldi. 14 Isa agaja: «Mundan
beýläk hiç kim senden asla iýmiş iýmesin!» diýdi. Şä-
girtleri hem muny eşitdiler.

### Isa satyjylary ybadathanadan kowýar

15 Iýerusalime geldiler. Isa ybadathana girip, içerdäki
satyjylary, alyjylary kowmaga durdy. Pul çalyşýanlaryň
tekjelerini, kepderi satýanlaryň oturgyçlaryny düňder-
di. 16 Hiç kimiň ybadathananyň içinden goş gatnatma-
gyna rugsat etmedi. 17 Olara sapak berip, şeýle diýdi:
«„Meniň öýüme bütin milletleriň doga öýi diýler" diýip
ýazylgy dälmi? Emma siz muny garakçylaryň sürenine
dönderdiňiz». 18 Baş ruhanylar we kanunçylar muny
eşidip, Ony heläk etmegiň küýüne düşdüler. Olar Isa-
dan gorkýardylar, çünki bütin halk Onuň taglymatyna
täsin galýardy. 19 Agşam düşende, Isa şäherden çykyp
gitdi.

### Injir agajyndan alynmaly sapak

20 Ertir ir bilen geçip barýarkalar, injir agajynyň köki
bilen gurandygyny gördüler. 21 Petrus bolup geçeni
ýatlap: «Mugallym! Ine, Seniň gargan injir agajyň gu-
rapdyr» diýdi. 22 Isa olara şeýle jogap berdi: «Hudaýa
imanyňyz bolsun. 23 Size dogrusyny aýdýaryn, kim ýü-
reginde şübhä ýol bermän, diýýäniniň boljakdygyna
iman edip, şu daga: „Göteril-de, deňze zyňyl" diýse-de,
onuň diýeni bolar. 24 Munuň üçin size diýýärin: doga bi-
len dilän ähli zadyňyzy aljagyňyza iman ediň, ol size
berler. 25 Gökdäki Ataňyz siziň ýazyklaryňyzy bagyşlar
ýaly, birinden öýke-kinäňiz bar bolsa, doga etmäge du-
ran mahalyňyz siz-de ony bagyşlaň. 26 Siz bagyşlama-
saňyz, Gökdäki Ataňyz hem siziň ýazyklaryňyzy bagyş-
lamaz».

### Isanyň ygtyýary

27 Olar ýene Iýerusalime geldiler. Isa ybadathanada
gezmeläp ýörkä, baş ruhanylar, kanunçylar we ýaşulu-
lar ýanyna gelip, 28 Oňa: «Sen haýsy ygtyýar bilen bu
zatlary edýärsiň? Ýa bulary etmäge Saňa bu ygtyýary
kim berdi?» diýdiler. 29 Isa-da olara şeýle diýdi: «Men
sizden bir zat sorajak. Maňa jogap beriň, Men-de size
bu zatlary haýsy ygtyýar bilen edýänimi aýdaýyn:
30 Ýahýanyň çokundyrmasy Gökdenmidi ýa ynsandan?»
31 Olar-da özara pikir alşyp, şeýle diýdiler: «Biz: „Gök-
den" diýsek, Ol bize: „Onda näme üçin oňa iman getir-
mediňiz?" diýer. 32 Emma ynsandan diýsek...» Olar
halkdan gorkýardylar. Çünki hemmeler Ýahýany çyn
pygamber saýýardy. 33 Olar Isa jogap berip: «Biz bilme-

ýäris» diýdiler. Isa-da olara: «Menem size bu zatlary
haýsy ygtyýar bilen edýänimi aýtmaryn» diýdi.

—NJI BAP

## Üzümlik we bagbanlar tymsaly

12 Isa olara tymsallar bilen gürrüň bermäge dur-
dy: «Bir adam üzüm agaçlaryny oturdyp, daşyna
haýat aýlaýar. Üzümi sykmak üçin bir çukur gazýar,
bir-de diň salyp, üzümligi bagbanlara ekerine berýär-
de, uzak ýola gidýär. 2 Möwsümi gelende, üzümligiň
miwesinden alyp gel diýip, bir hyzmatkärini bagbanla-
ra iberýär. 3 Emma olar ony tutup ýenjip, boş kowup
goýberýärler. 4 Üzümligiň eýesi ýene başga bir hyzmat-
kärini iberýär. Olar onuň kellesini ýaryp, biabraý edýär-
ler. 5 Ýene birini iberýär, muny öldürýärler. Ýene köp
hyzmatkärini iberýär. Bularyň-da käbirini ýenjip, käbiri-
ni hem öldürýärler. 6 Üzümligiň eýesiniň ýene bir ada-
my bar eken, ol-da özüniň söýýän ýekeje ogly eken.
„Oglumy sylarlar" diýip, iň soňy bagbanlara ogluny
iberýär. 7 Emma bagbanlar biri-birlerine: „Mirasdar şu,
geliň, şuny öldüreliň, miras bize galar" diýişýärler.
8 Ony tutup öldürýärler-de, üzümlikden daşaryk taşla-
ýarlar. 9 Indi üzümligiň eýesi näme eder? Ol gelip, bu
bagbanlary heläk eder-de, üzümligi başgalaryna berer.
10 Siz bu Ýazgyny okamadyňyzmy? „Ussalaryň ret eden
daşy, burçuň başy boldy. 11 Bu Rebbiň edenidi, biziň
gözümize bir täsinlik"». 12 Ony tutjak boldular, çünki bu
tymsaly özlerine kakdyryp aýdanyny aňdylar. Ýöne
halkdan gorkup, Ony taşlap gitdiler.

## Kaýsaryňky kaýsara

13 Isany gepde tutjak bolup, fariseýleriň, hirodesçile-
riň birnäçesini Onuň ýanyna iberdiler. 14 Olar hem ge-
lip, Oňa şeýle diýdiler: «Mugallym! Biz Seniň dogruçyl-
dygyňy, hiç kime ýaranjak bolmaýandygyňy bilýäris,
çünki Sen adamlaryň derejesine bakman, Hudaýyň ýo-
luny hakykat ýüzünden öwredýärsiň. Kaýsara salgyt tö-
lemek dogrumy ýa dälmi? Tölälimi ýa tölemälimi?»
15 Isa olaryň ikiýüzlüligini bilip, şeýle diýdi: «Meni näme
üçin synaýarsyňyz? Maňa bir dinar getiriň, göreýin».
16 Olar hem getirdiler. Isa olara: «Bu surat bilen ýazgy
kimiňki?» diýdi. Olar-da Oňa: «Kaýsaryňky» diýdiler.
17 Isa olara: «Kaýsaryňkyny kaýsara, Hudaýyňkyny Hu-
daýa beriň» diýdi. Olar Oňa aňka-taňka boldular.

## Direliş barada sorag

18 Isanyň ýanyna ölümden direlme ýokdur diýýän
saddukeýler gelip, Oňa şeýle sorag berdiler: 19 Mugal-
lym! Musa bize, bir adamyň dogany zürýatsyz ölüp,
yzynda aýaly galsa, dogany onuň aýalyny alyp, doga-
nyna nesil ýetişdirmelidir diýip ýazypdyr. 20 Ýedi dogan
bardy. Birinjisi bir aýal aldy, ýöne yzynda nesil galdyr-
man öldi. 21 Ikinjisi şol aýaly aldy, ol hem yzynda nesil
galdyrman öldi. Olaryň üçünjisi hem şeýle boldy. 22 Ýe-
disi-de nesil galdyrmady. Olardan soň aýal hem öldi.
23 Ölüleriň direlen mahaly, olar direlenlerinde, ol haý-
sysynyň aýaly bolar? Çünki ýedisi hem ony aýal edinip-
diler». 24 Isa olara şeýle jogap berdi: «Siz Mukaddes
Ýazgylary we Hudaýyň gudratyny bilmän ýalňyşmaýar-
syňyzmy? 25 Çünki ölümden direlen mahallary olar öý-
lenmän, äre çykman, Gökdäki perişdeler ýaly bolarlar.
26 Ölüleriň direlişine gelenimizde bolsa, Musanyň kita-
bynyň ýanan çaly baradaky babynda siz Hudaýyň oňa:
„Men Ybraýymyň, Yshagyň, Ýakubyň Hudaýydyryn" di-
ýip ýazanyny okamadyňyzmy? 27 Ol ölüleriň däl, dirile-
riň Hudaýydyr; siz gaty ýalňyşýarsyňyz».

## Iň uly tabşyryk

28 Golaýa gelip, olaryň çekişmelerini eşiden kanunçy-
lardan biri Isanyň olara gowy jogap berenini görüp,
Ondan: «Haýsy tabşyryk ähli tabşyryklaryň birinjisi-
dir?» diýip sorady. 29 Isa şeýle jogap berdi: «Birinji tab-
şyryk şu: „Diňle, eý Ysraýyl! Hudaýymyz Reb ýalňyz
Rebdir. 30 Öz Hudaýyň Rebbi bütin ýüregiň, bütin ja-
nyň, bütin düşünjäň, bütin güýjüň bilen söý!" 31 Ikinjisi
şu: „Goňşyňy özüň ýaly söý!" Bulardan uly tabşyryk
bolmaz». 32 Kanunçy Oňa şeýle diýdi: «Eý, ýagşy Mugal-
lym! Sen „Ol birdir, Ondan başgasy ýokdur" diýip, dog-
ry aýtdyň. 33 Ony bütin ýürek bilen, bütin düşünje bi-
len, bütin güýç bilen söýmeklik, goňşyňy özüň ýaly
söýmeklik ýakylýan sowgatlaryň, kesilýän gurbanlaryň
hemmesinden artykdyr». 34 Isa onuň paýhasly jogap
berenini görüp: «Sen Hudaýyň Patyşalygyndan uzak
dälsiň» diýdi. Şondan soň Ondan bir zat soramaga hiç
kim ýürek etmedi.

## Mesih kimiň ogly?

35 Isa ybadathanada sapak berip otyrka, şeýle diýdi:
«Kanunçylar nähili Mesih Dawudyň Ogludyr diýýärler?
36 Dawudyň özi Mukaddes Ruhdan ylham alyp, şeýle
diýipdir: „Reb Meniň Rebbime diýdi: Duşmanlaryňy
aýaklaryň astynda basgançak edip goýýançam, Meniň
sagymda otur". 37 Dawudyň özi Oňa Reb diýýär. Ol nä-
hili onuň ogly bolýar?» Uly märeke Ony hezil edip diň-
leýärdi.

## Isa ikiýüzli kanunçylary ýazgarýar

38 Isa öwredip diýýärdi: «Kanunçylardan ägä boluň!
Olar uzyn geýimler geýnip gezmegi, bazar ýerinde sa-
lam almagy, 39 sinagogalarda baş kürsüleri, zyýapatlar-
da töri halaýandyr. 40 Olar dul hatynlaryň öýlerini talap,
göz üçin uzyn-uzyn dogalar okan bolýandyrlar. Bular
has agyr jeza sezewar bolarlar».

## Dul hatynyň leptasy

41 Isa hazynanyň garşysynda hazyna pul atýan halky
synlap otyrdy. Köp baý adamlar kän pul atdylar. 42 Bir
garyp dul hatyn gelip, hazyna iki lepta, ýagny bir kod-
rant atdy. 43 Isa şägirtlerini ýanyna çagyryp, olara şeýle

diýdi: «Size dogrusyny aýdýaryn, şu garyp dul hatyn
hazyna pul atýanlaryň hemmesinden kän atdy. 44 Çün-
ki olaryň hemmesi özlerinden artany atdylar, ýöne bu
hatyn garyplygyna garamazdan, bütin elde baryny, bü-
tin çörek puluny atdy».

## —NJI BAP

### Ahyrzamanyň alamatlary

13 Isa ybadathanadan çykanda, şägirtleriniň biri
Oňa: «Mugallym! Gör, ne ajap daşlar, ne ajap
jaýlar!» diýdi. 2 Isa oňa: «Bu uly jaýlary görýäňmi? Bu
ýerde daş üstünde daş galmaz, hemmesi dargar» diý-
di.
3 Ol Zeýtun dagynda ybadathananyň garşysynda
otyrka, Petrus, Ýakup, Ýahýa we Andreas dagy ýekelik-
de Ondan: 4 «Bize aýt, bu zatlar haçan bolar? Bularyň
ählisiniň ýerine ýetjek mahaly näme alamat peýda bo-
lar?» diýip soradylar. 5 Isa-da olara gürrüň bermäge
durdy: «Habardar boluň, sizi aldaýmasynlar! 6 Köpler
Meniň adym bilen gelip: „Men — Ol" diýer. Olar köp
adamy aldarlar. 7 Uruş seslerini, uruş turanlygy barada
habar eşideňizde gorkmaň. Bular bolmalydyr, ýöne en-
tek dünýäniň soňy däldir. 8 Çünki millet-millete, patyşa-
lyk-patyşalyga garşy çykar. Aýry-aýry ýerlerde ýer titre-
meler, açlyklar we belalar ýüze çykar. Bu wakalar bur-
gularyň başlangyjydyr. 9 Emma siz özüňize habardar
boluň! Sebäbi sizi mejlislere tabşyrarlar, sinagogalarda
ýenjerler. Olara güwälik üçin Men sebäpli sizi höküm-
darlaryň, patyşalaryň alnynda durzarlar. 10 Öňürti Hoş
Habar bütin milletlere wagyz edilmelidir. 11 Sizi suda
tabşyrjak bolup alyp barýarkalar, näme diýjegiňizi
öňünden gaýgy etmäň, şol sagatda size näme berilse,
şony diýiň. Çünki gepleýän siz däl-de, Mukaddes Ruh-
dur. 12 Dogan — dogany, ata — çagasyny ölüme tabşy-
rar. Çagalar hem ata-enelerine garşy bolup, olary öl-
dürderler. 13 Meniň adym üçin hemmeler sizi ýigrener,
ýöne soňuna çenli çydan halas bolar. 14 Weýrançylyk
getirýän, Daniýel pygamberiň aýdan ýigrenjisiniň bol-
maly däl ýerinde duranyny göreniňizde, (okyjy düşün-
sin) Ýahudadakylar daglara gaçsyn. 15 Öýüň üçegindäki
aşak inip, bir zat almak üçin, içerik girmesin. 16 Ekin
meýdanyndaky donuny almak üçin, yzyna öwrülmesin.
17 Ol günlerde göwreli, çaga emdirýän aýallaryň günü-
ne waý! 18 Siz bu waka gyşda bolmasyn diýip doga
ediň. 19 Çünki ol günlerde şeýle bir muşakgat bolar we-
lin, beýle muşakgat Hudaýyň bar eden ýaradylyşynyň
başyndan tä şu wagta çenli ne bolandyr, ne-de bolar.
20 Reb ol günleri gysgaltmadyk bolsady, onda hiç kim
halas bolmazdy. Emma Ol saýlan saýlantgylarynyň ha-
tyrasyna ol günleri gysgaltdy. 21 Şonda biri size: „Ine,
Mesih şu ýerde" ýa „Ine, ol ýerde" diýse, ynanmaň.
22 Çünki ýalan mesihler, ýalan pygamberler döräp,
mümkin boldugyça saýlananlary-da azdyrjak bolup,
alamatlar, mugjyzalar görkezer. 23 Ägä boluň. Men
hemme zady size öňünden aýtdym».

### Mesihiň gelşi

24 Şol günlerde ol muşakgatdan soň, Gün garalar, Aý
yşygyny bermez. 25 Ýyldyzlar Gökden gaçar, Gökdäki
güýçler titreşer. 26 Şonda Ynsan Oglunyň bulutlar için-
de uly gudrat hem şöhrat bilen gelýänini görerler.
27 Şonda Ol perişdelerini ýollap, Öz saýlanlaryny dört
tarapdan Ýeriň ujundan tä Gögüň ujuna çenli ýygnar».

### Injir agajyndan alynmaly sapak

28 Injir agajyndan sapak alyň: onuň şahalary ýumşap,
ýaprak çykaran mahaly tomsuň golaýdygyny bilýärsi-
ňiz. 29 Şonuň ýaly-da, bu zatlaryň bolýanyny göreniňiz-
de, Ynsan Oglunyň golaýdygyny, gapynyň agzyndady-
gyny biliň. 30 Size dogrusyny aýdýaryn, bütin bu zatlar
bolýança, bu nesil dünýäden ötmez. 31 Gök hem ýer
öter, ýöne Meniň sözlerim ötmez».

### Bilinmeýän gün we sagat

32 Emma ol güni hem ol sagady hiç kim bilýän däldir,
ne Gökdäki perişdeler, ne-de Ogul, diňe Ata bilýändir.
33 Ägä, oýa boluň, doga ediň! Çünki siz ol wagtyň ha-
çandygyny bilmeýärsiňiz. 34 Bu uzak ýola çykan adam
kimindir. Ol öýünden aýrylyp barýarka, hyzmatkärleri-
ne ygtyýar, her haýsyna-da öz işini berip, gapynyň ga-
rawulyna-da oýa bolmagy tabşyrýandyr. 35 Şeýlelikde,
oýa boluň, çünki siz öý eýesiniň agşammy, ýary gijemi,
horaz gygyrandamy, ertir irdenmi — haçan geljegini
bilmeýärsiňiz. 36 Ol birden gelip-de, ukuda üstüňizi ba-
saýmasyn. 37 Size aýdýanlarymy hemmelere aýdýaryn:
oýa boluň!»

## —NJI BAP

### Isanyň ölümi ýakynlaşýar

14 Pesaha — Petir baýramyna iki gün galypdy. Baş
ruhanylar, kanunçylar Isany hile bilen tutup öl-
dürmegiň ýoluny agtarýardylar. 2 Ýöne welin biri-birle-
rine: «Baýram günlerinde däl, halk galmagal turzaý-
masyn» diýişýärdiler. 3 Isa Beýtaniýada heýwere keselli
Simunyň öýünde saçak başynda otyrka, bir aýal içi
gymmatbaha sap-arassa nard ýagly ak mermer gap bi-
len gelip, gaby döwdi-de, ýagy Onuň depesinden guý-
dy. 4 Käbirleri gaharlanyp, biri-birlerine: «Näme üçin
bu ýag beýle isrip edildi? 5 Bu ýagy üç ýüz dinardan ýo-
kara satyp, garyplara-da paýlap bolardy» diýşip, aýala
igendiler. 6 Emma Isa şeýle diýdi: «Oňa degmäň, näme
üçin ony ynjydýarsyňyz? Ol Maňa ýagşylyk etdi. 7 Çünki
garyplar hemişe siziň ýanyňyzda, olara halan mahaly-
ňyz ýagşylyk edip bilýärsiňiz, ýöne Men hemişe ýany-
ňyzda bolmaryn. 8 Ol elde baryny etdi, jaýlanmagyma
taýýarlyk hökmünde bedenimi öňünden ýaglady. 9 Size
dogrusyny aýdýaryn, Hoş Habar bütin dünýäniň nire-
sinde wagyz edilse, bu aýalyň edeni-de ony ýatlamak
üçin aýdylar». 10 Onsoň Onkileriň biri bolan Iuda Iska-

riot Isa dönüklik etmek üçin, baş ruhanylaryň ýanyna
bardy. 11 Olar hem muny eşidip begenişdiler, oňa pul
bermäge söz berdiler. Ol-da Isany olara tabşyrmak
üçin amatly pursat peýläp gezdi.

### Pesah nahary

12 Pesah gurbanynyň kesilýän wagty bolan Petir baý-
ramynyň ilkinji güni şägirtleri Isa: «Pesah gurbanlygy-
ny iýmegiň üçin, nirä baryp taýýarlyk görmegimizi isle-
ýärsiň?» diýdiler. 13 Isa şägirtleriniň ikisini ýollap, olara
şeýle diýdi: «Şähere baryň, küýze bilen suw alyp bar-
ýan bir adama sataşarsyňyz, şonuň yzyna düşüp gidiň.
14 Ol baryp nirä girse, şol öýüň eýesine: „Mugallym: 'Şä-
girtlerim bilen Pesah baýramyny geçirer ýaly, Meniň
myhman otagym nirede?' diýip soraýar" diýiň. 15 Ol
hem ýokarky mertebede düşek düşelgi, taýýar giň bir
otagy görkezer, şol ýerde bize taýýarlyk görüň». 16 Şä-
girtler ýola düşüp, şähere geldiler, ähli zady Isanyň öz-
lerine aýdyşy ýaly, tapyp, Pesahy taýýarladylar.
17 Agşam düşende, Isa Onkiler bilen bilelikde geldi.
18 Saçak başynda nahar iýip otyrkalar, Isa: «Size dogru-
syny aýdýaryn: siziň biriňiz — Meniň bilen nahar iýip
oturan biri Maňa haýynlyk eder» diýdi. 19 Olar hem tu-
katlanyp, yzly-yzyna Oňa: «Menmi?» diýmäge başlady-
lar. 20 Isa olara şeýle diýdi: «Onkilerden biri — Meniň
bilen tabaga çörek batyryp oturanyň biri. 21 Çünki Yn-
san Ogly Özi hakda ýazylyşy ýaly barýar, ýöne Ynsan
Ogluna haýynlyk edeniň gününe waý! Ol adam eneden
dogulmadyk bolsa, onuň üçin has oňat bolardy».
22 Nahar iýip otyrkalar, Isa çörek alyp, şükür etdi-de,
ony döwüp şägirtlere berdi we: «Alyň, bu Meniň bede-
nimdir» diýdi. 23 Onsoň bir käse alyp, şükür edeninden
soň, olara berdi, hemmesi ondan içdiler. 24 Soňra Isa
olara şeýle diýdi: «Bu Meniň ganym, Täze ähtiň köp
adamlar üçin dökülen ganydyr. 25 Size dogrusyny aýd-
ýaryn, Hudaýyň Patyşalygynda täzesini içjek günüme
deňeç, üzüm şiresini gaýtadan içmerin». 26 Olar bir öw-
güli aýdym aýdyp bolanlaryndan soň, Zeýtun dagyna
çykdylar.

### Petrusyň Isany inkär etjekdigi öňünden aýdylýar

27 Isa olara şeýle diýdi: «Siziň hemmäňiz Menden ýüz
döndererersiňiz, çünki: „Çopany uraryn, goýunlar dagar"
diýip ýazylgydyr. 28 Emma Men ölümden direlenimden
soň, sizden öň Jelilä bararyn». 29 Petrus Oňa: «Hemme-
ler Senden ýüz dönderse-de, men döndermerin» diýdi.
30 Isa-da oňa: «Saňa dogrusyny aýdýaryn: şu gün, şu
gije horaz iki gezek gygyrmazyndan öň, sen Meni üç
gezek inkär edersiň» diýdi. 31 Emma Petrus janygyp:
«Men Seniň bilen ölmeli bolsam-da, Seni asla inkär et-
merin» diýdi. Hemmesi-de şeýle diýdiler.

### Isa Getsemanide doga edýär

32 Olar Getsemani diýen bir ýere geldiler. Isa şägirtle-
rine: «Men doga edip bolýançam, siz şu ýerde oturyň»
diýdi. 33 Petrusy, Ýakuby we Ýahýany Özi bilen äkitdi,
uly galagopluga düşüp, gaýgylanmaga başlady. 34 Ola-
ra: «Meniň janym öler ýaly tukat, siz şu ýerde galyň-da,
oýa boluň» diýdi. 35 Isa biraz öňe gidip, ýere ýykylyp:
«Mümkin bolsa, şu sagat Menden geçsin» diýip doga
etdi. 36 Ol: «Abba, Ata, Seniň üçin hemme zat mümkin.
Bu käsäni Menden geçir, ýöne Meniň islegim däl, Se-
niň islegiň bolsun» diýdi. 37 Gaýdyp gelse, şägirtleri uk-
lap ýatan eken. Petrusa şeýle diýdi: «Uklap ýatyrsyň-
my? Bir sagat-da oýa bolup bilmediňmi? 38 Synaga düş-
mez ýaly, oýa boluň, doga ediň. Ruh islegli, ýöne be-
den ejizdir». 39 Isa ýene gidip, şol öňki sözleri aýdyp
doga etdi. 40 Ýene gelende, şägirtleri uklap ýatan eken,
çünki olaryň gözleri gaty ýumlup gelýärdi. Oňa näme
diýjeklerini bilmediler. 41 Üçünji gezek gelip, olara şeýle
diýdi: «Siz entek-de uklap ýatyrsyňyzmy? Dynjyňyzy al-
ýarsyňyzmy? Bu ýeterlik, sagat geldi, Ynsan Ogly günä-
kärleriň eline berilýär. 42 Turuň, gideliň, ine, Maňa ha-
ýynlyk eden golaýlady».

### Isa tutulýar

43 Edil şol pursatda, Isa entek gepläp durka, Onkileriň
biri bolan Iuda we onuň bilen bilelikde baş ruhanylar-
dan, kanunçylar we ýaşulular tarapyndan gylyçly, ta-
ýakly bir märeke geldi. 44 Oňa haýynlyk eden Iuda ola-
ra: «Men kimi öpsem, Şoldur. Ony tutuň-da, seresap
alyp gidiň» diýip gepleşipdi. 45 Ol gelip, derrew Isanyň
ýanyna bardy-da: «Mugallym» diýip, Ony öpdi. 46 Olar
hem el urup, Ony tutdular. 47 Ýanynda duranlaryň biri
gylyjyny syrdy, baş ruhanynyň hyzmatkärini urup,
onuň gulagyny kesdi. 48 Isa olara şeýle diýdi: «Bir talaň-
çynyň garşysyna çykýan ýaly, Meni tutmak üçin gylyç
hem taýak bilen geldiňizmi? 49 Her gün ybadathanada,
siz bilen bile bolup sapak berenimde, Meni tutmandy-
ňyz. Ýöne, goý, Mukaddes Ýazgylar berjaý bolsun».
50 Şägirtleriniň bary Ony taşlap, gaçyp gitdiler. 51 Ýala-
ňaç bedenini diňe bir kendir mata bilen bürän bir ýaş
ýigit Onuň yzyna düşdi, ony hem tutdular. 52 Emma ol
kendir matany taşlap, ýalaňaç halda olardan gaçyp git-
di.

### Isa mejlisiň öňünde

53 Isany baş ruhanynyň ýanyna getirdiler. Hemme
baş ruhanylar, ýaşulular we kanunçylar ýygnanypdylar.
54 Petrus baş ruhanynyň howlusyna çenli gara gör-
nümden Isanyň yzyna düşüp gitdi, baryp hem hyzmat-
kärler bilen bile oda çoýunyp oturdy. 55 Baş ruhanylar
we bütin mejlis Isa ölüm jezasyny bermek üçin, Oňa
garşy güwäler agtardylar, ýöne tapyp bilmediler.
56 Köpler Oňa garşy ýalan güwälik berseler-de, olaryň
güwälikleri bir çykmady. 57 Käbirleri turup, Oňa garşy
ýalan güwälik berip, şeýle diýdiler: 58 «Biz Onuň: „Men
el bilen salnan şu ybadathanany ýykyp, üç günüň için-
de, el bilen salynmadyk başga bir ybadathana salaryn"
diýenini eşitdik». 59 Barybir, olaryň güwälikleri bir çyk-

mady. 60 Baş ruhany mejlisiň ortasynda ýokaryk galyp,
Isa sorag berip, şeýle diýdi: «Sen asla jogap berjek däl-
mi? Bu adamlaryň Saňa garşy berýän güwäligi näme?»
61 Ol dymdy, hiç bir jogap bermedi. Baş ruhany ýene
Ondan: «Mübärek Hudaýyň Ogly Mesih Senmi?» diýip
sorady. 62 Isa: «Mendirin, siz Ynsan Oglunyň gudratly
Hudaýyň sagynda oturanyny, Gögüň bulutlary bilen
gelýänini görersiňiz!» diýdi. 63 Baş ruhany şonda öz
egin-eşigini ýyrtyp: «Bize başga güwä nämä gerek?
64 Onuň Hudaýa dil ýetirenini özüňiz eşitdiňiz. Näme
diýýärsiňiz?» diýdi. Olaryň hemmesi höküm edip, Ony
ölüme laýyk bildiler. 65 Käbirleri hem Onuň üstüne tüý-
kürip başladylar, ýüzüni örtüp, Ony ýumruklap: «Weli-
lik et!» diýişýärdiler. Hyzmatkärler-de Oňa şapbat ur-
ýardylar.

### Petrus Isany inkär edýär

66 Petrus howluda aşakda durka, baş ruhanynyň ke-
nizlerinden biri geldi. 67 Çoýunyp oturan Petrusy gö-
rende, oňa seredip: «Sen-de şo-o-l Nasyradan dörän
Isa bilen bilediň» diýdi. 68 Emma ol muny inkär edip:
«Men seniň näme diýýäniňi ne bilýärin, ne-de oňa dü-
şünýärin» diýip, daşaryk, howlynyň öň tarapyna gitdi.
Şol wagt hem horaz gygyrdy. 69 Ony gören keniz ol ýer-
de duranlara ýene-de: «Bu şolardan» diýip başlady.
70 Emma ol muny ýene-de inkär etdi. Az salymdan soň,
ol ýerde duranlar Petrusa ýene-de: «Dogrudan-da, sen
hem şolardan, çünki sen jelileli, gepleýşiňden bildirip
dur» diýdiler. 71 Emma ol: «Men siziň aýdýan bu Ada-
myňyzy tanamaýaryn» diýip, ant içip, awy ýalamaga
durdy. 72 Edil şol wagt horaz ikinji gezek gygyrdy. Pet-
rus Isanyň özüne: «Horaz iki gezek gygyrmazyndan
öň, sen Meni üç gezek inkär edersiň» diýen sözüni ýat-
lady-da, möňňürip aglady.

## —NJI BAP

### Isa Pilatusyň öňünde

15 Ertir irden baş ruhanylar, ýaşulular, kanunçylar
we bütin mejlis maslahat geçirip, Isany daňyp,
Pilatusa eltip tabşyrdylar. 2 Pilatus Ondan: «Sen ýehu-
dylaryň patyşasymy?» diýip sorady. Ol jogap berdi:
«Seniň aýdyşyň ýalydyr» diýip jogap berdi. 3 Baş ruha-
nylar Ony köp zatlarda aýypladylar. 4 Pilatus ýene-de
Oňa: «Sen hiç hili jogap berjek dälmi? Gör, näçe zatlar-
da Seni aýyplaýarlar» diýdi. 5 Emma Isa başga hiç hili
jogap bermedi. Pilatus geň galdy.

### Isa ölüme höküm edilýär

6 Pilatus her Pesah baýramynda halkyň dilän tussa-
gyny boşadardy. 7 Pitnede adam öldüren gozgalaňçy-
lar bilen bile tussaga salnan Barabbas atly biri bardy.
8 Halk Pilatusdan hemişeki edýän zadyny özleri üçin
ýerine ýetirmegini gygyryşyp 9 Pilatus bolsa olara:
«Ýehudylaryň patyşasyny boşatmagymy isleýärsiňiz-
mi?» diýdi. 10 Çünki ol baş ruhanylaryň Ony göriplikden
tabşyrandyklaryny bilýärdi. 11 Emma Munuň ýerine Ba-
rabbasy boşatmagyny talap ediň diýip, baş ruhanylar
halky dürtgülediler. 12 Pilatus ýene olara: «Onda, men
siziň ýehudylaryň patyşasy diýýän Adamyňyzy näme
edeýin?» diýdi. 13 Olar bolsa: «Ony haça çüýle!» diýip,
ýene gygyryşdylar. 14 Pilatus olara: «Ol näme ýaman iş
etdi?» diýdi. Emma Olar: «Ony haça çüýle!» diýip, has
beter gygyryşdylar. 15 Şonda Pilatus halky kanagatlan-
dyrma kararyna gelip, Barabbasy boşatdy, Isany bolsa
gamçyladyp, haça çüýlemäge berdi.

### Esgerleriň Isany masgaralaýşy

16 Esgerler Ony Pretorium diýen hökümet köşgüne
eltip, bütin goşun bölümlerini çagyrdylar. 17 Onuň eg-
nine gyrmyzy don, başyna hem tikenden täç geýdirdi-
ler. 18 «Salam, eý, ýehudylaryň patyşasy» diýip, Oňa sa-
lam beren boldular. 19 Başyna taýak bilen urdular, üs-
tüne tüýkürdiler, öňünde dyza çöküp, Oňa sežde eden
boldular. 20 Ony masgaralanlaryndan soň, gyrmyzy do-
ny egninden çykardylar-da, Öz egin-eşigini geýdirip,
haça çüýlemäge äkitdiler.

### Isa haça çüýlenýär

21 Isgender bilen Rufusyň kakasy kireneli Simun meý-
dandan gelşine, şol ýerden geçip barýardy. Ony Isanyň
haçyny götermäge mejbur etdiler. 22 Isany Golgata,
ýagny «Kelleçanak» diýen ýere eltdiler. 23 Oňa mür ga-
tylan şerap berdiler, ýöne Ol almady. 24 Ony haça çüý-
lediler, kim näme alarka diýip bije atyşyp, Onuň egin-
eşigini özara paýlaşdylar. 25 Ony haça çüýlänlerinde
günortan bolmaga üç sagat wagt galypdy. 26 Depesin-
däki etmiş ýazgysynda bolsa: «ÝeHUDYLARYŇ PATYŞA-
SY» diýip ýazylgydy. 27 Isa bilen bile iki garakçyny haça
çüýlediler, olaryň biri Onuň sag tarapynda, biri-de çep
tarapyndady. 28 Şeýlelik bilen, «ol şer iş edýänlerden
saýyldy» diýen Ýazgy berjaý boldy. 29 Geçip barýanlar
başlaryny ýaýkap, Oňa sögüp: «Päheý-de welin, yba-
dathanany ýykyp-da, üç günde saljak Sen, 30 haçdan
aşak in-de, Özüňi halas et!» diýişýärdiler. 31 Şonuň ýaly,
baş ruhanylar bilen kanunçylar-da Isany masgaralap,
biri-birlerine: «Özgeleri halas etdi, ýöne Özüni halas
edip bilmeýär. 32 Biz görüp iman eder ýaly, Ysraýylyň
Patyşasy Mesih häzir haçdan aşak insin» diýişýärdiler.
Onuň bilen bile haça çüýlenenler-de Oňa sögýärdiler.

### Isanyň ölümi

33 Günortan bütin ýurda garaňky düşüp, üç sagatlap
dowam etdi. 34 Öýlän sagat üçde Isa gaty ses bilen gy-
gyryp: «Elohi, Elohi! Lama sabaktani?» ýagny: «Huda-
ýym, Hudaýym! Näme üçin Meni terk etdiň?» diýdi.
35 Ol ýerde duranlaryň käbiri muny eşidenlerinde: «Ine,
Ylýasy çagyrýar» diýişdiler. 36 Biri ylgap, bir gubkany
sirkeden dolduryp, gamşyň başyna dakdy-da, içirjek
bolup, Isa uzadyp: «Duruň göreliň, Ylýas Ony aşak in-

dermäge gelermikä?» diýdi. 37 Emma Isa gaty gygyryp
jan berdi. 38 Ybadathananyň tutusy ýokardan aşaklygy-
na ýyrtylyp, ikä bölündi. 39 Isanyň garşysynda duran
ýüzbaşy Onuň şeýle gygyryp jan berenini görende:
«Bu Adam, dogrudan hem, Hudaýyň Ogly eken» diýdi.
40 Ol ýerde uzakdan seredişip duran aýallar hem bardy.
Hem magdalaly Merem hem-de kiçi Ýakupdyr Iosesiň
ejesi Merem we Salome olaryň arasyndady. 41 Bular Isa
Jelilедекä yzyna düşüp, Oňa hyzmat edýärdiler. Ol ýer-
de Onuň bilen bile Iýerusalime gelen başga köp aýal-
lar hem bardy.

## Isanyň jaýlanyşy

42 Agşam düşende, Taýýarlyk güni, ýagny Sabatdan
bir gün öň bolany üçin, 43 Mejlisiň sylanýan agzasy, Hu-
daýyň Patyşalygyna garaşyp ýören arimatiýaly Ýusup
Pilatusyň ýanyna barmaga batyrlyk edip, ondan Isa-
nyň jesedini diledi. 44 Pilatus Onuň eýýäm ölenine geň
galdy, ýüzbaşyny çagyryp: «Ölenine köp wagt boldu-
my?» diýip sorady. 45 Muny ýüzbaşydan bilensoň, jese-
di Ýusuba berdi. 46 Ol hem kepen mata satyn aldy, jese-
di aşak inderip, kepene dolady-da, gaýada oýulan bir
mazarda jaýlap, mazaryň agzyna hem bir daş togala-
dy. 47 Magdalaly Merem bilen Iosesiň ejesi Merem
Onuň nirede jaýlananyny gördüler.

## Isanyň direlişi

16 Sabat güni geçenden soň, magdalaly Merem,
Ýakubyň ejesi Merem we Salome dagylar gidip,
Isanyň meýidini ýaglamak üçin, ýakymly ysly ýaglar sa-
tyn aldylar. 2 Hepdäniň ilkinji güni daň bilen, Gün do-
ganda, mazaryň başyna geldiler. 3 Olar biri-birlerine:
«Daşy mazaryň agzyndan bize kim aýryp bererkä?» di-
ýişýärdiler. 4 Gabaklaryny galdyranlarynda, daşyň bir
çete togalanandygyny gördüler. Daş gaty uludy. 5 Ma-
zara girenlerinde bolsa, sag tarapda ak don geýnip
oturan bir ýaş ýigidi görüp geňirgenişdiler. 6 Ol olara
şeýle diýdi: «Geňirgenişmäň! Siz haça çüýlenen nasyra-
ly Isany gözleýärsiňiz. Ol direldi. Ol bu ýerde däl. Ine,
Onuň jaýlanan ýeri. 7 Ýöne baryň-da, Onuň şägirtleri-
ne, Petrusa: „Ol sizden öň Jelilä barýar, Özüniň size aý-
dyşy ýaly, Ony şol ýerde görersiňiz" diýiň».
8 Olar mazardan çykyp gaçdylar. Olara sandyrama
hem aljyraňňylyk aralaşypdy, hiç kime-de hiç zat aýt-
madylar, çünki gorkýardylar.

## Isa şägirtlerine görünýär

9 Isa hepdäniň ilkinji güni ir bilen direlip, ilki magda-
laly Mereme göründi. Isa onuň içinden ýedi jyny ko-
wup çykarypdy. 10 Ol hem muny Isa bilen bile bolanlara
habar berdi. Olar ýas tutup, aglaşyp otyrdylar. 11 Isa-
nyň diridigini, Mereme görnendigini eşidenlerinde,
Olar ynanmadylar. 12 Şondan soň Isa olaryň ikisi oba
barýarka, başga keşpde göründi. 13 Olar-da yzlaryna
öwrülip, beýlekilere habar berdiler, ýöne bulara-da
ynanmadylar. 14 Soňra Isa saçak başynda oturan On-
birleriň özlerine görnüp, imansyzdyklary, ýürekleriniň
gatydygy üçin olary ýazgardy. Çünki olar Onuň direlen-
digini görenlere ynanmandylar.

## Isa şägirtlerini bütin dünýä iberýär

15 Olara şeýle diýdi: «Bütin dünýä aýlanyň-da, Hoş
Habary hemme adamlara wagyz ediň. 16 Kim iman
edip çokundyrylsa, halas bolar, ýöne iman etmedige
höküm ediler. 17 Şu alamatlar iman edýänleriň hemra-
sy bolar: Meniň adym bilen jynlary kowup çykararlar,
täze dillerde geplärler. 18 Ýylanlary tutarlar, öldürýän
zäher içseler-de, olara zyýan ýetmez. Syrkawlaryň üs-
tüne ellerini goýarlar, olar hem sagalar». 19 Reb olara
gürrüň bereninden soň, Göge alyndy we Hudaýyň sa-
gynda oturdy. 20 Olar-da çykyp, hemme ýerde wagyz
edýärdiler, Reb hem olar bilen işläp, olara hemralyk
edýän alamatlar arkaly Öz sözüni tassyklaýardy.
Omyn.

# Luka

### —NJI BAP

1 Gadyrly Teofilus, aramyzda ýüze çykan wakalaryň
taryhyny köp adamlar başdan öz gözleri bilen gö-
renleriň we Sözüň hyzmatçysy bolanlaryň bize aýdyşy
ýaly edip ýazmaga girişdiler. 2 Muňa görä men-de tä
başyndan hemmesini üns bilen barlaşdyryp, 3 seniň
özüňe öwredilenleriň dogrudygyny bilmegiň üçin, 4 äh-
lisini bolşy ýaly, birin-birin saňa ýazmaklygy maslahat
bildim.

### Ýahýanyň doguljagy öňünden aýdylýar

5 Ýahuda patyşasy Hirodesiň zamanynda Abiýa bölü-
minden Zekerýa atly bir ruhany bardy. Onuň aýaly
hem Harunyň neslinden bolup, ady Elizabetdi. 6 Bula-
ryň ikisi-de Hudaýyň öňünde dogry bolup, Rebbiň bü-
tin buýruk hem tabşyryklaryny kemsiz berjaý ederdiler.
7 Olaryň perzendi ýokdy, çünki Elizabet önelgesizdi.
Olaryň ikisi-de eýýäm garrylyk ýaşyna ýetipdiler. 8 Bir
gün Zekerýa öz bölüminiň nobatynda Hudaýyň huzu-
rynda ruhanylyk hyzmatyny berjaý edip ýörkä, 9 ruha-
nylyk adaty boýunça, buhur ýakmak üçin Rebbiň yba-
dathanasyna girmek onuň bijesine düşdi. 10 Ähli jema-
gat buhur ýakylýan sagatda daşarda doga edip durdy.
11 Rebbiň buhurdanyň sagynda duran bir perişdesi Ze-
kerýa göründi. 12 Zekerýa ony görende, gorkup aljyra-
dy. 13 Emma perişde oňa şeýle diýdi: «Eý Zekerýa, gork-
ma, çünki dogaň kabul boldy. Aýalyň Elizabet saňa bir
ogul dograr, onuň adyna Ýahýa dakarsyň. 14 Sen şatla-
narsyň, begenersiň, onuň dogulmagyna köp adamlar
şatlanar. 15 Çünki ol Rebbiň nazarynda uly bolar, şerap,
içgi içmez. Ol heniz enesiniň göwresindekä, Mukaddes
Ruh bilen dolar. 16 Ysraýyl ogullarynyň köpüsini öz Hu-
daýlary Rebbe tarap öwrer. 17 Ol atalaryň ýüreklerini
ogullara, günälileri dogrulara tarap öwürmek we Reb-
be taýýar halk taýynlamak üçin, Rebbiň huzurynda Yl-
ýasyň ruhy we gudraty bilen gezer». 18 Zekerýa periş-
dä: «Men muny nähili bileýin? Çünki men bir garry
adam, aýalym-da garrylyk ýaşyna ýeten» diýdi. 19 Periş-
de oňa şeýle jogap berdi: «Men Hudaýyň huzurynda
durýan Jebraýyl. Men seniň bilen gepleşmek, saňa bu
hoş habary gowşurmak üçin iberildim. 20 Ine, diliň tu-
tulyp, bu zatlar bolýança, gepläp bilmersiň. Çünki sen
meniň bellenen wagtda ýerine ýetjek sözlerime ynan-
madyň». 21 Şol wagt halk Zekerýa garaşýardy, onuň
ybadathanada eglenenine geňirgenýärdiler. 22 Zekerýa
daşary çykanda, olar bilen gepleşip bilmedi. Halk onuň
ybadathanada görnüş görenini bildi. Çünki Zekerýa
olara üm bilen yşarat edip, lal galdy. 23 Ol hyzmat gün-
leri dolanda, öýüne gaýtdy. 24 Şu günlerden soň, onuň
aýaly Elizabet göwreli boldy. Ol bäş aýlap gözden-ilden
çekilip: «Adamlar arasyndaky utanjymy aýyrjak bolup,
Reb şu günler maňa nazaryny saldy, meni şeýle etdi»
diýýärdi.

### Isanyň doguljagy öňünden aýdylýar

26 Elizabetiň göwreliliginiň altynjy aýynda Jebraýyl pe-
rişde Hudaý tarapyndan Jeliläniň Nasyra atly şäherine,
27 Dawudyň neslinden Ýusup atly adamyň adaglysy bo-
lan bir çykmadyk gyzyň ýanyna iberildi. Bu gyzyň ady
Meremdi. 28 Perişde onuň ýanyna gelip: «Salam, eý,
merhemete sezewar bolan! Reb seniň bilendir, sen
aýallar arasynda mübäreksiň!» diýdi. 29 Merem bu söz-
lere gaty aljyrap, «Bu nähili salam?» diýip içini gepletdi.
30 Perişde oňa şeýle diýdi: «Gorkma, Merem, sen Hu-
daýdan merhemet tapdyň. 31 Ine, sen göwreli bolup,
bir ogul dograrsyň. Onuň adyna Isa dakarsyň. 32 Ol uly
bolar, Oňa hemmelerden beýik Hudaýyň Ogly diýler.
Reb Hudaý Oňa atasy Dawudyň tagtyny berer. 33 Ol Ýa-
kubyň öýüne ebedi patyşalyk eder, patyşalygynyň soňy
bolmaz». 34 Merem perişdä: «Bu nähili bolar? Men he-
niz durmuşa çykamok» diýdi. 35 Perişde oňa şeýle jo-
gap berdi: «Mukaddes Ruh seniň üstüňe iner, hemme-
lerden Beýigiň gudraty seniň üstüňe kölege salar. Şo-
nuň üçin hem doguljaga Mukaddese Hudaýyň Ogly
diýler. 36 Ine, seniň garyndaşyň Elizabetiň hem garryly-
gynda göwresinde oglany bar. Önelgesiz diýilýäniň eý-
ýäm altynjy aýy. 37 Çünki Hudaýyň ýanynda bolmajak
zat ýokdur». 38 Merem: «Ine, men Rebbiň gyrnagy. Ma-
ňa seniň aýdyşyň ýaly bolsun» diýdi. Perişde onuň ýa-
nyndan gitdi.

### Merem Elizabetiň ýanyna gidýär

39 Merem şol günlerde turup, gyssanmaç daglyga,
Ýahuda ülkesiniň bir şäherine gitdi. 40 Ol Zekerýanyň
öýüne baryp, Elizabete salam berdi. 41 Elizabet Mere-
miň salamyny eşidende, göwresindäki çaga gymyldap,
Elizabet Mukaddes Ruh bilen doldy. 42 Ol batly gygyryp,
şeýle diýdi: «Sen aýallar içinde bagtlysyň, seniň göwrä-
ňiň miwesi-de bagtlydyr! 43 Bu nähili boldy-da, Rebbi-
miň enesi meniň ýanyma geldi. 44 Ine, salamyň gulagy-
ma gelip ýeten badyna, göwrämdäki çaga begençden
gymyldady. 45 Iman getiren aýal bagtlydyr! Çünki Reb

tarapyndan oňa aýdylanlar ýerine ýeter». 46 Merem
şeýle diýdi: «Janym Rebbi öwgi bilen beýgeldýär, 47 Ha-
lasgärim Hudaýa ruhum şatlanýar. 48 Çünki Ol Öz gyr-
nagynyň ejizligini gördi. Mundan beýläk bütin nesiller
maňa bagtly diýer. 49 Çünki Gudratygüýçli maňa uly iş-
ler etdi. Onuň ady mukaddesdir. 50 Onuň rehimi nesil-
den-nesle Özünden gorkýanlaryň üstündedir. 51 Ol go-
ly bilen güýçli işler etdi, öz ýürek pikirleri bilen mag-
tanýanlary dargatdy. 52 Güýçlüleri tagtlaryndan düşü-
rip, ejizleri galdyrdy. 53 Açlary nygmatlar bilen doýrup,
baýlary boş gaýtardy. 54 Atalarymyza beren sözi boýun-
ça, Ybraýym bilen onuň nesline mydamalyk rehim et-
megi unutman, guly Ysraýyla ýardam etdi».
56 Merem Elizabetiň öýünde üç aýa golaý bolup, soň
öýüne gaýtdy.

### Ýahýa pygamberiň dogluşy

57 Elizabetiň güni-sagady dolup, bir ogul dogurdy.
58 Goňşulary hem-de dogan-garyndaşlary Rebbiň oňa
uly rehimdarlyk edenini eşidip, onuň bilen bile şatlan-
dylar.
59 Sekizinji güni oglany sünnetlemäge gelenlerinde,
onuň adyna kakasynyň ady ýaly Zekerýa dakjak boldu-
lar. 60 Ýöne ejesi garşy bolup: «Ýok, onuň ady Ýahýa
bolmalydyr» diýdi. 61 Oňa: «Seniň garyndaşlaryňyň ara-
synda Ýahýa atly adam ýok» diýdiler. 62 Olar oglanyň
kakasyna üm bilen düşündirip, onuň näme at dakmak-
çydygyny soradylar. 63 Ol hem bir kiçiräk tagta isläp,
«Ady Ýahýadyr» diýip ýazdy. Hemmeler haýran galdy-
lar. 64 Şol bada Zekerýanyň dili açylyp, Hudaýa öwgi aý-
dyp, geplemäge başlady. 65 Bütin goňşular gorkdular.
Ýahuda daglygynyň ähli ýerinde bütin bu wakalaryň
gürrüňi edildi. 66 Muny eşidenleriň bary bu zatlary ýü-
reklerinde saklap: «Bu çaga näme bolarka?» diýişýärdi-
ler. Çünki Rebbiň eli onuň bilendi.

### Zekerýanyň weliligi

67 Oglanyň kakasy Zekerýa Mukaddes Ruh bilen do-
lup, welilik edip diýdi: 68 Ysraýylyň Hudaýy Reb mübä-
rek bolsun! Ol Öz halkyny idemäge geldi, oňa gutulyş
gazandyrdy. 69 Ol gadymdan Öz mukaddes pygamber-
leriniň agzy bilen aýdyşy ýaly, bize bendesi Dawudyň
neslinden bir güýçli Halasgär 72 Ol muny atalarymyza
rehim etjek, Öz mukaddes ähtini, 73 biziň atamyz Ybra-
ýyma eden kasamyny ýatlajak bolup etdi. 74 Ol bizi duş-
manlarymyzyň elinden halas edip, 75 takwalyk hem
dogrulyk bilen, öňünde ömürboýy Özüne ybadat et-
mäge bize mümkinçilik berjekdigini aýdypdy.
76 Eý çaga, sen hem hemmelerden beýik Hudaýyň py-
gamberi diýen ady alarsyň! 77 Çünki sen Onuň ýollary-
ny taýýarlamak, Onuň halkyna günäleriniň ötülmegi
bilen gutuljakdyklaryny bildirmek üçin, Rebbiň öňün-
den ýörärsiň. 78 Sebäbi Hudaýymyz ýüreginiň rehimlili-
gine görä, garaňkyda, ölüm kölegesinde oturanlara
yşyk bermek üçin, 79 aýaklarymyzy parahatlyk ýoluna
gönükdirmek üçin, dogan Gün 80 Oglan bolsa ulalyp,
ruhy güýçlenýärdi. Ol Ysraýyla görünmeli günlerine
çenli çöllerde boldy.

### —NJI BAP

### Isanyň dogluşy

2 Şol günlerde kaýsar Awgust bütin dünýäde ilat
ýazuwyny geçirmeli diýen buýrugy çykardy. 2 Bu
Kiriniusyň Siriýa häkimlik edýän wagtynda geçirilen il-
kinji ýazuwdy. 3 Hemmeler ýazylmak üçin öz şäherleri-
ne gitdiler. 4 Ýusup-da Dawudyň öýünden we neslin-
den bolansoň, ol ýerde adyny ýazdyrmak üçin, Jeliledä-
ki Nasyra şäherinden ýola düşüp, Dawudyň Ýahudada-
ky Beýtullaham diýen şäherine gitdi. 5 Göwreli adagly-
sy Merem hem ýanyndady. 6 Olar Beýtullahamdakalar,
Meremiň dogurmaly güni-sagady geldi. 7 Ol ilkinji og-
luny dogrup, gundaga dolady-da, Ony bir ahyrda ýa-
tyrdy. Çünki olara myhmanhanada ýer ýokdy.

### Çopanlar we perişde

8 Şol töwereklerde çopanlar bardy. Olar gijelerine
düzde galyp, sürülerini bakardylar. 9 Ine, Rebbiň periş-
desi olara göründi, Rebbiň ýalkymy daş-töweregi ýag-
tyltdy. Çopanlar gaty gorkdular. 10 Perişde olara şeýle
diýdi: «Gorkmaň, ine, men size bütin halky begendirjek
şatlygy buşlaýaryn: 11 Şu gün Dawudyň şäherinde size
Halasgär doguldy. Ol Reb Mesihdir. 12 Size alamat şeý-
le: siz ahyrda ýatan, gundaga dolangy bir çagany ta-
parsyňyz». 13 Birdenkä perişde bilen birlikde Gökdäki
goşundan bir uly mähelle göründi. Olar Hudaýy öwüp
diýýärdiler: 14 «Iň ýokarlarda Hudaýa şöhrat, ýer ýü-
zünde parahatlyk, ynsanlar arasynda hoşniýetlilik bol-
sun!» 15 Perişdeler çopanlaryň ýanyndan aýrylyp, Göge
çykanlarynda, çopanlar biri-birlerine: «Beýtullahama
gidip, bu bolan wakany, Rebbiň bize bildiren zadyny
göreliň» diýişdiler. 16 Şeýlelikde, ylgap baryp, Meremi,
Ýusuby we ahyrda ýatan çagany tapdylar. 17 Muny gö-
renlerinde, bu çaga hakda özlerine aýdylan sözi olara
gürrüň berdiler. 18 Muny eşidenleriň bary çopanlaryň
aýdanlaryna haýran galdylar. 19 Merem bolsa bu zatlar
hakda ýagşy oýlanyp, bularyň baryny ýüreginde sakla-
ýardy. 20 Çopanlar hemme görüp-eşidenleriniň özlerine
aýdylyşy ýaly bolanlygy üçin, Hudaýy şöhratlandyryp,
öwüp, yzlaryna öwrüldiler.

### Isa ybadathanada Hudaýa hödürlenýär

21 Sekizinji gün dolup, çagany sünnetleme wagty ýe-
tende, enesiniň göwresine düşmezden öň, perişdäniň
aýdyşy ýaly, Onuň adyna Isa dakdylar. 22 Musanyň ka-
nunynda beýan edilen çile döwri tamam bolanda, Reb-
be bagyşlamak üçin, Isany Iýerusalime getirdiler. Çün-
ki Rebbiň kanunynda: «Ilkinji doglan her bir erkek ça-
ga Rebbe bagyşlanmalydyr» diýip ýazylypdyr.

23 Ýene Rebbiň kanunynda aýdylyşyna görä, olar
24 bir jübüt gumry ýa-da iki kepderi çagasyny gurban
etmek üçin gitdiler. 25 Iýerusalimde Simun atly bir
adam bardy. Ol dogry hem dindar bolup, Ysraýylyň te-
selli tapjak wagtyna garaşýardy we Mukaddes Ruh
onuň üstündedi. 26 Oňa Rebbiň Mesihini görmezden
öň ölüm garasyny görmejekdigi Mukaddes Ruh tara-
pyndan aýdylypdy. 27 Ol Ruhuň ýol görkezmesi bilen
ybadathana geldi. Isanyň ene-atasy kanunda ýazylan
adaty berjaý etmek üçin, çagany içerik getirenlerinde,
28 Simun Ony gujagyna alyp, Hudaýa alkyş okap, şeýle
diýdi: 29 Ýa Reb, beren sözüňe görä, indi hyzmatkäriňi
sag-aman goýber. 30 Çünki Seniň bütin halklaryň gözü-
niň alnynda taýýarlap goýan, 31 milletleri ýagtyltjak
yşygyňy, 32 halkyň Ysraýylyň şöhraty bolan gutaryşyňy
gözüm gördi». 33 Ýusup bilen çaganyň enesi 34 Simun
olara ak pata berip, ejesi Mereme şeýle diýdi: «Ine, bu
çaga Ysraýylda köpleriň ýykylmagy we galmagy üçin,
çekişmeler turuzjak alamat bolmak üçin bellenendir.
35 Ençeme ýürekleriň pikirleri äşgär bolar ýaly, seniň
hem janyňa bir gylyç sokular».

36 Aşer taýpasyndan bolan Fanuiliň welilik edýän gyzy
Anna-da şol ýerdedi. Onuň ýaşy garrylyga ýetipdi. Gyz-
lygyndan soňra äri bilen ýedi ýyl ýaşap, 37 indi bolsa ýa-
şy segsen dörde ýeten bu dul hatyn ybadathanadan
çykman, gije-gündiz oraza tutup, doga edip, ybadat bi-
len meşguldy. 38 Ol hem edil şol wagt gelip, Rebbe öw-
gi aýdyp, Iýerusalimiň gutulmagyna garaşýanlaryň ba-
ryna bu çaga hakda gürrüň berdi. 39 Ýusup bilen Me-
rem Rebbiň kanuny boýunça ähli zady berjaý edenle-
rinden soň, Jeliledäki şäherleri Nasyra dolandylar.
40 Çaga ulalýardy, güýçlenip akyldarlykda ösýärdi. Hu-
daýyň merhemeti Onuň üstündedi.

### Isa ybadathanada

41 Isanyň ene-atasy her ýyl Pesah baýramynda Iýeru-
salime giderdiler. 42 Ol on iki ýaşyndaka, baýram adaty
boýunça Iýerusalime gitdiler. 43 Olar baýram günlerini
ötürip, yzlaryna dolananlarynda, ýetginjek Isa Iýerusa-
limde galdy. Ýusup bilen çaganyň ejesi muny bilmeýär-
diler. 44 Olar Ony ýolagçylaryň arasyndadyr öýdüp, bir
günlük ýoly ýörediler. Onsoň, Ony dogan-garyndaşla-
ryň, dost-ýarlaryň arasyndan gözläp başladylar. 45 Tap-
mansoňlar, Ony gözläp, yzlaryna Iýerusalime dolandy-
lar. 46 Üç günden soň, Ony ybadathanadan tapdylar. Ol
mugallymlaryň arasynda oturyp, olara gulak asyp, so-
raglar berýärdi. 47 Isany diňleýänleriň bary Onuň paý-
hasyna, berýän jogaplaryna haýran galýardylar. 48 Ene-
atasy Ony görenlerinde geň galdylar, ejesi Oňa: «Og-
lum! Näme beýtdiň? Ine, kakaň ikimiz Seni gaty gaýgy
edip gözledik» diýdi. 49 Isa olara: «Meni nämä gözledi-
ňiz? Siz Meniň Atamyň öýünde bolmalydygymy bilme-
ýärmidiňiz?» diýdi. 50 Emma olar Onuň aýdan bu sözü-
ne düşünmediler. 51 Onsoň Isa ene-atasy bilen bile Na-
syra gaýtdy, olaryň tabynlygynda galdy. Onuň ejesi bü-
tin bu zatlary ýüreginde saklaýardy. 52 Isa akyldarlykda,
boýda ösüp, Hudaýyň hem adamlaryň mährini gazan-
ýardy.

## —NJI BAP

### Ýahýanyň wagzy

3 Kaýsar Tiberiusyň häkimliginiň on bäşinji ýylynda,
Pontius Pilatus Ýahudanyň häkimikä, Hirodes Jeli-
le tetrarhy, onuň dogany Filipus Iturea we Trahonitis
welaýatynyň tetrarhy, Lisaniýas Abiliniň tetrarhydy.
2 Hanna bilen Kaýafa hem baş ruhanydy. Şonda çölde
Zekerýanyň ogly Ýahýa Hudaýyň sözi geldi. 3 Ol Iorda-
nyň töweregindäki bütin ýurtlara aýlanyp, günäleriň
ötülmegi üçin toba edip çokundyrylmagy wagyz edýär-
di. 4 Şonuň ýaly-da, Işaýa pygamberiň kitabynda ýazyl-
gydyr: «Çölde gygyrýanyň sesi: Rebbiň ýoluny taýýar-
laň, Onuň ýodalaryny dogrulaň. 5 Her dere doldurylar,
her dag, depe peseldiler, egri ýollar dograldylar, çar-
kandakly ýollar tekizlener. 6 Bütin adamzat Hudaýyň
gutaryşyny görer». 7 Ýahýa çokundyryljak bolup ýany-
na gelýän halaýyga şeýle diýýärdi: «Eý, alahöwrenler
nesli! Geljek gazapdan gaçmagy size kim salgy berdi?
8 Indi, toba mynasyp miweler öndüriň. Içiňizden: „Biziň
atamyz Ybraýymdyr" diýip başlamaň. Çünki men size
aýdýaryn: Hudaý Ybraýyma şu daşlardan-da perzent
ýaratmagy başarýandyr. 9 Palta eýýäm agaçlaryň düý-
bünde ýatyr: oňat miwe bermeýän agaç kesilip, oda
taşlanar». 10 Halaýyk ondan: «Onda, biz näme etmeli?»
diýip sorady. 11 Ol: «Iki köýnekli birini köýneksize ber-
sin. Azykly hem şonuň ýaly etsin» diýdi. 12 Salgytçylar-
da çokundyrylmak üçin onuň ýanyna gelip: «Mugal-
lym, biz näme etmeli!» diýdiler. 13 Ýahýa olara: «Özüňi-
ze bellenenden artyk almaň» diýdi. 14 Esgerler-de: «On-
da, biz näme etmeli?» diýip, ondan soradylar. Olara:
«Hiç kimi talamaň, hiç kime töhmet atmaň, öz hakyňy-
za kaýyl boluň» diýdi. 15 Halk garaşyp durka, hemmesi
Ýahýa hakda öz içlerinden: «Bu Mesihmikä?» diýip oý-
lanýardylar. 16 Ýahýa hemmesine şeýle diýdi: «Men sizi
suw bilen çokundyrýaryn, ýöne menden güýçli Biri ge-
ler. Men Onuň çarygynyň bagyny çözmäge-de myna-
syp däldirin. Ol sizi Mukaddes Ruh hem ot bilen çokun-
dyrar. 17 Onuň küregi elindedir. Ol harman ýerini süpü-
rip, bugdaýy ammaryna üýşürip, samany sönmez otda
ýakar». 18 Ol başga-da köp öwüt-ündew edip, halka
Hoş Habary wagyz edýärdi. 19 Emma Hirodes tetrarh
doganynyň aýaly Hirodiýa üçin we öz eden ähli erbet
işleri üçin, Ýahýanyň käýinjine sezewar bolany zerarly,
20 bu ähli erbetlikleriň üstüne Ýahýany zyndana sal-
maklygy hem goşdy.

### Isa çokundyrylýar

21 Bütin halk çokundyrylyp ýörkä, Isa-da çokundyryl-
dy. Ol doga edip otyrka, Gök açylyp, 22 Mukaddes Ruh
jan-ten bolup, kepderi kimin Onuň üstüne indi. Gök-

den: «Sen Meniň söýgüli Oglumsyň. Men senden köp razydyryn» diýen owaz geldi.

### Isanyň nesil şejeresi

23 Isa Öz hyzmatyna başlan wagty otuz ýaşlaryndady, çak edilişine görä, Ýusup ogly, Eli ogly, 24 Mattat ogly, Lewi ogly, Melki ogly, Ýannaý ogly, Ýusup ogly, 25 Mattatýa ogly, Amos ogly, Nahum ogly, Esli ogly, Naggaý ogly, 26 Maat ogly, Mattatýa ogly, Semeýn ogly, Ýoseh ogly, Ýoda ogly, 27 Ýoanan ogly, Risa ogly, Zerubabel ogly, Şealtiýel ogly, Neri ogly, 28 Melki ogly, Addi ogly, Kosam ogly, Elmadam ogly, Er ogly, 29 Ýeşu ogly, Elizer ogly, Ýorim ogly, Mattat ogly, Lewi ogly, 30 Simun ogly, Iuda ogly, Ýusup ogly, Ýonam ogly, Elýakim ogly, 31 Melea ogly, Menna ogly, Mattata ogly, Natan ogly, Dawut ogly, 32 Ýesse ogly, Obed ogly, Boaz ogly, Salmon ogly, Nahşon ogly, 33 Aminadap ogly, Ram ogly, Hesron ogly, Peres ogly, Iuda ogly, 34 Ýakup ogly, Yshak ogly, Ybraýym ogly, Teraz ogly, Nahor ogly, 35 Seruh ogly, Reu ogly, Peleg ogly, Eber ogly, Şela ogly, 36 Kainan ogly, Arfakşad ogly, Sam ogly, Nuh ogly, Lamek ogly, 37 Metuşelah ogly, Hanok ogly, Ýared ogly, Mahalaleýel ogly, Kainan ogly, 38 Enoş ogly, Şit ogly, Adam ogly, Hudaý ogludy.

## —NJI BAP

### Isa çölde synalýar

4 Isa Mukaddes Ruh bilen dolup, Iordandan yzyna öwrüldi. Ruh ony çöle äkitdi. 2 Iblis Isany kyrk günläp synady. Ol bu günleriň dowamynda hiç bir zat iýmän, olar ötende bolsa ajykdy. 3 Iblis Oňa: «Sen Hudaýyň Ogly bolsaň, şu daşa çörek bol diýip buýur» diýdi. 4 Isa oňa şeýle jogap berdi: «„Adam diňe çörek bilen däl, eýsem, Hudaýyň her sözi bilen hem ýaşaýandyr 5 Iblis Ony bir belent ýere çykaryp, bir salymyň içinde dünýäniň bütin patyşalyklaryny görkezip, 6 şeýle diýdi: «Men Saňa şularyň hemmesiniň ygtyýaryny hem şöhratyny bereýin, çünki bular maňa tabşyryldy. Men olary islänime berip bilýärin. 7 Sen maňa sežde etseň, bularyň bary Seniňki bolar». 8 Isa oňa şeýle jogap berdi: «Meniň ýanymdan güm bol, şeýtan! Öz Hudaýyň Rebbe sežde et, diňe Oňa gulluk et diýip ýazylgydyr». 9 Iblis Ony Iýerusalime eltdi, ybadathananyň küňresinde oturdyp, Oňa şeýle diýdi: «Sen Hudaýyň Ogly bolsaň, Özüňi şu ýerden aşak zyň. 10 Sebäbi: „Ol Sen hakda Öz perişdelerine Seni gorasynlar diýip buýruk berer". 11 „Olar aýagyň daşa degäýmesin diýip, Seni ellerinde göterer" diýip ýazylgydyr». 12 Isa oňa: «„Öz Hudaýyň Rebbi synama" diýlendir» diýdi. 13 Iblis bütin synaglary gutarandan soň, birnäçe wagtlap Onuň ýanyndan aýrylyp gitdi.

### Isa Jelilede

14 Isa Ruhuň güýji bilen Jelilä öwrüldi. Ol hakdaky gürrüňler bütin şol töwereklere ýaýrady. 15 Ol hemmeler tarapyndan hormatlanyp, olaryň sinagogalarynda sapak berýärdi. 16 Isa Öz önüp-ösen ýeri bolan Nasyra geldi. Endigi boýunça Sabat güni sinagoga bardy we Mukaddes Ýazgylardan okamak üçin, ýokary turdy. 17 Oňa Işaýa pygamberiň kitaby berildi. Ol hem kitaby açyp, şu sözleriň ýazylan ýerini tapdy: 18 «Rebbiň Ruhy üstümdedir. Çünki garyplara Hoş Habary bildirmegim üçin Meni mesh etdi; Meni tussaglara azatlygy, körlere gözleriniň açylmagyny yglan etmäge, zulum astyndakylary azatlyga çykarmaga, 19 Rebbiň merhemet ýylyny yglan etmäge iberdi». 20 Onsoň kitaby ýapyp, yzyna — hyzmatkäre berdi-de oturdy. Sinagogadakylaryň hemmesiniň gözi Oňa dikildi. 21 Ol bolsa olara gürrüň bermäge durdy: «Siziň eşiden bu ýazgyňyz şu gün berjaý boldy». 22 Hemmeler Ony taryplap, Onuň agzyndan çykýan mähirli sözlere täsin galyp: «Bu Ýusubyň Ogly dälmi?» diýişýärdiler. 23 Isa olara şeýle diýdi: «Siz, hökman, Maňa „Tebip, özüňe em et!" diýen nakyly aýdarsyňyz, „Kapernaumda bolanyny eşiden zatlarymyzy şu ýerde, Öz ýurduňda-da et" diýersiňiz». 24 Ol ýene şeýle diýdi: «Size dogrusyny aýdýaryn: hiç bir pygamber öz ýurdunda kabul edilýän däldir. 25 Size dogrusyny aýdýaryn: Ylýasyň zamanynda Ysraýylda birtopar dul hatyn bardy. Gök üç ýyl alty aýlap baglanyp, bütin ýurda açlyk düşende, 26 Ylýas olaryň hiç biriniň ýanyna iberilmän, diňe Saýdadaky Sarepta şäherinde bolan bir dul hatynyň ýanyna iberildi. 27 Elişa pygamberiň zamanynda-da Ysraýylda birtopar heýwere keselli adam bardy. Ýöne siriýaly Naamandan başga olaryň hiç biri tämiz bolmady». 28 Bu sözleri eşidenlerinde, sinagogadakylaryň hemmesi gahar-gazaba mündüler. 29 Turup, Ony şäherden kowdular, şäherleriniň ýerleşen dagynyň başyna eltip, şol ýerden aşak zyňjak boldular. 30 Emma Isa olaryň arasyndan geçip, ýola rowana boldy.

### Isa arwah-jyny kowýar

31 Isa Jeliläniň bir şäheri bolan Kapernauma geldi. Sabat günlerinde halka sapak bererdi. 32 Halk Onuň taglymatyna haýran galdy. Çünki Onuň sözi erk-ygtyýarlydy. 33 Sinagogada arwah-jynly bir adam bardy. Ol batly ses bilen gygyryp, şeýle diýdi: 34 «Goý, biziň bilen näme işiň bar, eý, Nasyraly Isa? Bizi heläk etmäge geldiňmi? Men Seniň kimdigiňi bilýärin, Sen Hudaýyň Mukaddesisiň». 35 Isa oňa käýäp: «Sesiňi çykarma-da, çyk!» diýdi. Jyn hem ol adamy sinagoganyň ortasynda ýere ýykdy-da, hiç bir zyýan ýetirmän, ondan çykdy. 36 Hemmeler haýran galyşyp, biri-birlerine: «Bu nähili söz? Ol ygtyýar hem gudrat bilen al-arwahlara buýruk berýär. Olar hem çykýarlar» diýişdiler. 37 Ol hakdaky gürrüň şol töwerekleriň hemme ýerine ýaýrady.

### Isa köp syrkawlary sagaldýar

38 Isa sinagogadan çykyp, Simunyň öýüne bardy. Simunyň gaýynenesini agyr gyzzyrma tutup ýatyrdy. Ol hakda Isa haýyş etdiler. 39 Isa onuň başujunda durup, gyzzyrma käýedi. Gyzzyrma ondan aýrylyp, ol derrew ör turdy-da, olara hyzmat etmäge durdy. 40 Gün ýaşanda, dürli syrkawçylyklary bar adamlary Onuň ýanyna getirdiler. Isa hem ellerini her biriniň üstüne goýup, olary sagaltdy. 41 Köpüsinden jynlar: «Sen Hudaýyň Ogly Mesihsiň!» diýip, gygyryşyp çykýardy. Isa hem käýäp, olary gepletmeýärdi. Çünki Onuň Mesihdigini bilýärdiler. 42 Daň atanda, Isa çykyp bir ýere gitdi. Ýöne halaýyk Ony gözläp, ýanyna geldi, ol ýerden gitmez ýaly, olar Isany alyp galjak boldular. 43 Isa olara şeýle diýdi: «Hudaýyň Patyşalygynyň Hoş Habaryny Men beýleki şäherlere-de bildirmeli. Çünki Men munuň üçin wagyz etdim». 44 Şeýdip, Ol Jeliläniň

## —NJI BAP

### Isanyň ilkinji şägirtleri

5 Bir gün halaýyk Hudaýyň Sözüni diňlejek bolup, Isanyň daşyny alyp durka, Ol Jenesaret kölüniň kenarynda durdy. 2 Şonda Isanyň gözi kölüň ýakasynda duran iki gaýyga düşdi. Balykçylar gaýyklardan düşüp, torlaryny ýuwup durdular. 3 Isa gaýyklaryň birine münüp, gaýygyň eýesi Simundan kenardan biraz uzaklaşmagy haýyş etdi. Onsoň gaýykda oturan ýerinden halka sapak bermäge durdy. 4 Sözüni gutaranda Simuna: «Çuň ýere gidiň-de, aw üçin torlaryňyzy suwa zyňyň» diýdi. 5 Simun Oňa şeýle diýdi: «Ussat! Bütin gije zähmet çekip, hiç bir zat tutup bilmedik, ýöne Seniň sözüň hatyrasyna torlary zyňaýyn». 6 Muny edenlerinde, şeýle köp balyk tutdular welin, torlary ýyrtylyp ugrady. 7 Beýleki gaýykdaky ýoldaşlaryna gelip kömekleşmekleri üçin ellerini bulap yşarat etdiler. Olar hem gelip, iki gaýygy-da balykdan doldurdylar. Gaýyklar tas suwa batypdy. 8 Simun Petrus muny görende: «Ýa Reb, meniň ýanymdan aýryl, çünki men bir günäkär adam!» diýip, Isanyň dyzyna ýykyldy. 9 Sebäbi tutan balyklarynyň köpdügine ol we ýanyndakylaryň hemmesi — 10 Simunyň ýoldaşlary bolan Zebedeýiň ogullary, Ýakup bilen Ýahýa hem haýran galdylar. Isa Simuna: «Gorkma, sen mundan beýläk ynsanlary tutarsyň» diýdi. 11 Şeýlelikde, olar gaýyklaryny kenara çykaryp, bar zady taşlap, Onuň yzyna düşdüler.

### Isa heýwere kesellini sagaldýar

12 Isa şäherleriň birindekä, tutuş endamy heýwere keselli bir adam geldi. Ol Isany görende, ýüzüni ýere berip, Oňa: «Ýa Reb, isleseň, meni tämiz edip bilersiň» diýip ýalbardy. 13 Isa hem elini uzadyp: «Isleýärin, tämiz bol!» diýdi-de, oňa elini degirdi. Heýwere keseli derrew ol adamdan aýryldy. 14 Isa oňa: «Muny hiç kime aýtma» diýip tabşyrdy-da: «Ýöne bar-da, özüňi ruhana görkez, hemmelere güwälik bolar ýaly, tämizligiň üçin Musanyň tabşyrygy boýunça gurban bagyş et» diýdi. 15 Isa hakdaky gürrüňler barha ýaýraýardy. Isany diňlejek, syrkawlyklaryndan açyljak bolup, Onuň ýanyna uly märekeler ýygnanýardy. 16 Emma Ol çöllere çykyp doga edýärdi.

### Bir ysmazyň sagaldylyşy

17 Bir gün Isa sapak berip otyrdy. Jeliläniň ähli obalaryndan, Ýahudadyr Iýerusalimden gelen fariseýler bilen kanunçylar-da şol ýerde otyrdylar. Rebbiň gudraty Onuň syrkawlara şypa berşinde özüni görkezýärdi. 18 Şol wagt birnäçe adam bir ysmazy düşegi bilen göterip getirdiler. Ony içerik salyp, Isanyň öňünde ýatyrjak boldular. 19 Emma märeke zerarly içerik salmak üçin ýol tapman, öýüň üstüne çykyp, üçegiň arasyndan ony düşegi bilen orta — Isanyň öňüne düşürdiler. 20 Ol hem olaryň imanyny görüp: «Eý adam, seniň günäleriň ötüldi» diýdi. 21 Kanunçylar bilen fariseýler: «Hudaýa dil ýetirýän bu adam kim? Günäleri Hudaýdan başga kim ötüp biljek?» diýip, içlerini gepletmäge başladylar. 22 Emma Isa olaryň nämä oýlanýanyny bilip, olara şeýle diýdi: «Näme içiňizi gepledýärsiňiz? 23 Haýsy aňsat, „Günäleriň ötüldi" diýmekmi ýa-da „Tur, ýöre" diýmek? 24 Emma siz Ynsan Oglunyň ýer ýüzünde günäleri ötmäge ygtyýarynyň bardygyny biler ýaly...» diýdi-de, ysmaz bolan adama: «Saňa diýýärin, tur, düşegiňi al-da, öýüňe git» diýdi. 25 Ol hem derrew olaryň gözleriniň alnynda ör turup, düşegini aldy-da, Hudaýy şöhratlandyryp, öýüne gitdi. 26 Hemmeler haýran galyşyp, Hudaýy şöhratlandyrdylar, gorky bilen dolup: «Bu gün geň zatlar gördük» diýişdiler.

### Lewiniň şägirtlere goşulyşy

27 Isa daşaryk çykanda, gümrükhanada oturan Lewi atly salgytçyny gördi. Ol oňa: «Meniň yzyma düş!» diýdi. 28 Ol hem bar zady taşlap, turdy-da, Onuň yzyna düşdi. 29 Lewi öz öýünde Isa üçin bir uly zyýapat berdi. Saçagyň başynda olar bilen oturan birtopar salgytçy we başga köp adam bardy. 30 Fariseýler bilen olaryň kanunçylary Onuň şägirtlerine: «Näme üçin salgytçylardyr günäkärler bilen bile iýip-içýärsiňiz?» diýip hüňürdeşdiler. 31 Isa olara: «Tebip saglara däl-de, syrkawlara gerekdir. 32 Men dogry adamlary däl-de, günäkärleri toba çagyrmaga geldim» diýip jogap berdi.

### Oraza barada sorag

33 Olar hem Oňa şeýle diýdiler: «Näme üçin Ýahýanyň şägirtleri ýygy-ýygydan oraza tutup, doga edýärler, fariseýleriňki hem şeýle, ýöne Seniň şägirtleriň iýip-içip ýörler?» 34 Isa şeýle jogap berdi: «Giýew ýanlaryndaka, siz toýdakylara oraza tutduryp bilersiňizmi? 35 Emma giýewiň olaryň ýanyndan alynjak günleri geler, olar şonda, şol günlerde oraza tutarlar». 36 Isa olara bir

tymsal aýtdy: «Hiç kim täze eşikden bir bölek ýyrtyp
alyp, köne eşige ýamalyk etmez. Ýogsa, ol täzäni ýyrtar
hem-de täzeden alnan ýamalyk köne eşige gelişmez.
37 Hiç kim-de täze şeraby köne meşiklere guýmaz. Ýog-
sa, täze şerap meşikleri ýaryp, daşary döküler, meşik-
ler zaýalanar. 38 Täze şerap täze meşiklere guýulmaly-
dyr. Şeýlelikde, ikisi-de aman galar. 39 Hiç kim-de köne
şeraby içensoň täzäni küýsemez, çünki „Könesi oňat"
diýer».

### Sabat güni barada sorag

6 Pesahyň ikinji gününden soňky ilkinji sabat güni
Isa bugdaýlygyň arasyndan geçip barýarka, şä-
girtleri bugdaý başlaryny ýolup, aýalarynda owup iý-
ýärdiler. 2 Fariseýleriň käbirleri olara: «Näme üçin Sa-
bat güni etmesiz zady edýärsiňiz?» diýdiler. 3 Isa olara
şeýle diýdi: «Siz özi we ýanyndakylar aç galanlarynda,
Dawudyň näme edenini okamadyňyzmy? 4 Ol Hudaýyň
öýüne bardy-da, Hudaýa hödürlenen, ruhanylardan
başga hiç kimiň iýmeli däl çöreklerini alyp iýdi we ýa-
nyndakylara hem berdi». 5 Olara: «Ynsan Ogly sabat
gününiň hem Rebbidir» diýdi. 6 Ýene bir sabat güni Isa
sinagoga baryp, sapak bermäge durdy. Ol ýerde sag
eli gurap, inçelen bir adam bardy. 7 Kanunçylar bilen
fariseýler Ony aýyplajak bolup, «Sabat güni şypa eder-
mikä?» diýip, Ony aňtadylar. 8 Isa olaryň pikirlerini bi-
lip, eli gurap, inçelen adama: «Ýokary gal-da, ortada
dur» diýdi. Ol hem ýokary galyp durdy. 9 Onsoň Isa ola-
ra şeýle diýdi: «Sizden soraýaryn: Sabat güni näme et-
mek dogry, ýagşylyk etmekmi ýa ýamanlyk etmek? Jan
halas etmekmi ýa öldürmek?» 10 Onsoň töweregindäki-
leriň hemmesine seretdi-de, ýaňky adama: «Eliňi uzat!»
diýdi. Ol hem şeýle etdi we eli beýlekisi ýaly sagaldy.
11 Olar bolsa gahar-gazaba münüp, Isa näme etmelidi-
gi barada öz aralarynda gürrüňe başladylar.

### Isa on iki resulyny saýlaýar

12 Şol günleriň birinde Isa doga etmäge daga çykyp,
uzyn gijäni Hudaýa doga etmek bilen geçirdi. 13 Gündiz
bolanda şägirtlerini ýanyna çagyrdy. Olardan on ikisini
saýlap, resullar adyny dakdy. Saýlanlary şulardyr:
14 Petrus adyny bereni Simun we onuň dogany And-
reas, Ýakup we Ýahýa, Filipus we Bartolomeus, 15 Matta
we Tomas, Alfeusyň ogly Ýakup we Watançy diýilýän
Simun. 16 Ýakubyň ogly Iuda we soňra Oňa haýynlyk
eden Iuda Iskariot. 17 Isa olar bilen aşak inip, bir tekiz
ýerde durdy. Ol ýerde şägirtlerinden ybarat bir uly mä-
reke we bütin Ýahudadan, Iýerusalimden, Saýdanyň
we Suruň kenar ýakalaryndan Ony diňlemäge, syrkaw-
lygyndan açylmaga gelen uly halk köpçüligi bardy.
18 Al-arwahlardan yza çekýänler-de şypa tapýardylar.
19 Bütin märeke Oňa el degirjek bolup dyrjaşýardy.
Çünki Ondan güýç çykyp, hemmesine şypa berýärdi.

### Bagtlylar we bagtsyzlar

20 Isa şägirtlerine garap, şeýle diýdi: «Eý garyplar, siz
bagtlysyňyz, çünki Hudaýyň Patyşalygy siziňkidir. 21 Hä-
zirki açlar, siz bagtlysyňyz, çünki doýarsyňyz. Häzirki
aglaýanlar, siz bagtlysyňyz, çünki gülersiňiz. 22 Ynsan
Ogly sebäpli adamlar sizi ýigrenip, aralaryndan kowan
wagtlary, size sögüp, adyňyzy ýamana çykaran wagtla-
ry siz bagtlysyňyz! 23 Şol gün şatlanyň, begençden bö-
küň, çünki Gökde aljak sylagyňyz uludyr. Olaryň atala-
ry-da pygamberlere şeýle edendirler. 24 Emma waý si-
ze, eý baýlar! Çünki siz öz tesellňizi alansyňyz. 25 Waý
size, eý, häzirki doklar! Çünki siz aç galarsyňyz. Waý si-
ze, eý, häzirki gülýänler! Çünki siz ýas tutup aglarsy-
ňyz. 26 Ähli adamlar sizi taryplan mahaly waý halyňyza!
Çünki olaryň atalary ýalan pygamberlere-de şeýle
edendirler».

### Duşmanlaryňyzy söýüň

27 Emma, eý, Meni diňleýänler, size diýýärin, duşman-
laryňyzy söýüň, özüňizi ýigrenýänlere ýagşylyk ediň.
28 Özüňize gargaýanlar barada ýagşy dilegde boluň,
özüňizi ynjydýanlara doga ediň. 29 Bir ýaňagyňa urana
ol ýaňagyňy-da tut. Donuňy alandan köýnegiňi hem
gaýgyrma. 30 Saňa dileg salana ber, özüňden bir zat
alandan yzyna dileme. 31 Adamlaryň özüňize näme et-
megini isleýän bolsaňyz, siz-de olara şeýle ediň. 32 Siz
özüňizi söýýänleri söýýän bolsaňyz, munuň bilen näme
abraý gazanýarsyňyz? Çünki günäkärlär-de özlerini
söýýänleri söýýärler. 33 Siz özüňize ýagşylyk edýänlere
ýagşylyk edýän bolsaňyz, munuň bilen näme abraý ga-
zanýarsyňyz? Çünki günäkärler-de muny edýärler.
34 Yzyna almak tamasy bilen karz berýän bolsaňyz, mu-
nuň bilen näme abraý gazanýarsyňyz? Çünki günäkär-
ler-de doly yzyna almak niýeti bilen günäkärlere karz
berýärler. 35 Duşmanlaryňyzy söýüň, ýagşylyk ediň,
yzyna almagy umyt etmän karz beriň. Şeýlelikde, baý-
ragyňyz uly bolup, Hemmelerden Beýik Bolanyň ogul-
lary bolarsyňyz. Çünki Ol gadyr bilmezlere-de, ýaman-
lara-da mähribandyr. 36 Ataňyzyň rehimdar bolşy ýaly,
siz-de rehimdar boluň».

### Başgalaryň üstünden höküm çykarmaň

37 Başgalaryň üstünden höküm çykarmaň, siziň-de
üstüňizden höküm çykarylmaz. Iş kesmäň, size-de iş
kesilmez. Bagyşlaň, siz-de bagyşlanarsyňyz. 38 Beriň, si-
ze-de berler. Gujagyňyza basylyp silkelenip, pürepür,
oňat ölçeg bilen berler. Çünki haýsy ölçeg bilen ölçese-
ňiz, size-de şol ölçeg bilen ölçeler». 39 Isa olara bir tym-
sal hem aýtdy: «Kör köri idip bilermi? Ikisi hem guýa
gaçaýmazmy. 40 Şägirt öz mugallymyndan ýokary däl-
dir, ýöne kämilleşensoň, her kes öz mugallymy ýaly bo-
lar. 41 Näme üçin sen doganyňyň gözündäki çöpi gör-
ýärsiň-de, öz gözüňdäki agajy saýgarmaýarsyň? 42 Ýa-
da öz gözüňdäki agajy görmän, doganyňa nädip: „Do-

gan! Gel, seniň gözüňdäki çöpi çykaraýyn" diýjek? Eý
ikiýüzli! Ilki öz gözüňden agajy çykar. Şonda dogany-
ňyň gözündäki çöpi çykarmak üçin oňat saýgararsyň».

### Agaç we onuň miwesi

43 Oňat agajyň erbet miwe bermeýşi ýaly, erbet agaç-
da oňat miwe bermez. 44 Agaç öz miwesinden tanal-
ýandyr. Sebäbi ne tikenden injir alynýandyr, ne-de ça-
lydan üzüm ýygylýandyr. 45 Oňat adam ýüreginiň oňat
hazynasyndan oňat zat çykarýandyr. Erbet adam-da
ýüreginiň erbet hazynasyndan erbet zat çykarýandyr.
Çünki onuň agzy ýüreginden joşanyny sözleýändir.
46 Näme üçin Maňa „Ýa Reb! Ýa Reb!" diýip-de, aýdanla-
rymy etmeýärsiňiz? 47 Meniň ýanyma gelýän, Meniň
sözlerimi eşidip, olary berjaý edýän adamyň kim ýaly-
dygyny Men size aýdaýyn. 48 Ol bir öý salan adam ýaly-
dyr. Bu adam ýeri çuň gazyp, binany bir gaýanyň üs-
tünde tutdy. Sil gelende bolsa derýa ol öýe urup, ony
gymyldadyp bilmedi. Çünki onuň binasy gaýanyň üs-
tünde tutulypdy 49 Ýöne Meniň sözlerimi eşidip-de,
berjaý etmedik topragyň üstünde binýatsyz öý salan
adam ýalydyr. Derýa ol öýe uran badyna, öý ýykylyp,
onuň dargaýşy gorkunç boldy».

## —NJI BAP

### Ýüzbaşynyň imany

7 Isa bu sözleri halka eşitdirip bolandan soň, Ka-
pernauma bardy. 2 Bir ýüzbaşynyň eziz görýän
hyzmatkäri syrkawlap, ölüm ýassygynda ýatyrdy. 3 Ýüz-
başy Isa baradaky gürrüňleri eşidende, baryp, hyzmat-
kärini sagaltmagy Ondan haýyş etsinler diýip, ýehudy-
laryň birnäçe ýaşulusyny Onuň ýanyna iberdi. 4 Olar
hem Isanyň ýanyna gelenlerinde, Oňa çyny bilen ýal-
baryp, şeýle diýdiler: «Ol muny etmegiňe mynasypdyr.
5 Çünki ol biziň milletimizi söýýär, sinagogany-da bize
şol salyp berdi». 6 Isa olar bilen bile gitdi. Ol onuň öýü-
ne golaýlanda, ýüzbaşy dostlaryny iberip, Oňa şeýle
diýdi: «Ýa Reb, zähmet çekme. Seniň öýüme gelmegiňe
men mynasyp däl. 7 Şonuň üçin hem men özümi Seniň
ýanyňa gelmäge mynasyp görmedim, ýöne bir söz aýt,
meniň hyzmatkärim sagalar. 8 Çünki men bir gol astyn-
daky adam, meniň gol astymda hem esgerler bar, biri-
ne: „Git" diýýärin, gidýär, ýene birine: „Gel" diýýärin,
gelýär, hyzmatkärime: „Şuny et" diýýärin, edýär». 9 Isa
muny eşidende, oňa haýran galdy, yzyna düşüp gelýän
halaýyga ýüzlenip, şeýle diýdi: «Size diýýärin: Men hat-
da Ysraýylda-da beýle imany göremok». 10 Iberilenler
öýe gaýdyp gelenlerinde, syrkaw hyzmatkär sagalan
eken.

### Isa bir dul hatynyň ogluny direldýär

11 Ertesi Isa Nain diýen şähere gitdi. Şägirtleriniň kö-
püsi we uly märeke hem Onuň bilen bile gitdi. 12 Isa şä-
heriň derwezesine golaýlanda, ine, bir ölini ugradyp
barýardylar. Ol dul galan ejesiniň ýalňyz ogludy. Şäher
halkynyň birtopary hem aýalyň ýanyndadylar. 13 Reb
enäni görende, oňa haýpy gelip: «Aglama!» diýdi. 14 Ba-
ryp tabyda elini degirdi, gölegçiler hem durdular. Ol
diýdi: «Eý, ýaş ýigit! Saňa diýýärin, tur!» 15 Öli ýerinden
galyp oturdy-da, geplemäge başlady. Isa ony enesine
gowşurdy. 16 Hemmelere gorky aralaşdy. Olar: «Ara-
myzda bir uly pygamber peýda bolupdyr, Hudaý Öz
halkyny idemäge gelipdir» diýip, Hudaýy şöhratlandyr-
dylar. 17 Isa hakdaky bu gürrüň bütin Ýahuda, dumly-
duşa ýaýrady.

### Isa we Çokundyryjy Ýahýa

18 Ýahýanyň şägirtleri bularyň ählisini oňa habar ber-
diler. 19 Ýahýa-da öz şägirtlerinden ikisini ýanyna çagy-
ryp, Rebden: «Sen şol geljek Mesihmi ýa biz başga biri-
ne garaşmalymy!» diýip soramaga Onuň ýanyna iber-
di. 20 Olar Onuň ýanyna gelip, şeýle diýdiler: «Çokundy-
ryjy Ýahýa bizi Seniň ýanyňa: „Sen şol geljek Mesihmi
ýa biz başga birine garaşmalymy?" diýip soramaga
iberdi». 21 Edil şol wagt Isa birtopar adamlary syrkaw-
lyklardan, dertlerden we erbet ruhlardan sagaltdy. Köp
körleriň gözüni açdy. 22 Şeýlelikde, Ol olara şeýle diýdi:
«Gidiň-de, görüp-eşidenleriňizi Ýahýa habar beriň: kör-
ler görýär, agsaklar ýöreýär, heýwere keselliler tämiz-
lenýär, kerler eşidýär, ölüler direlýär, garyplara Hoş
Habar wagyz edilýär. 23 Men sebäpli büdremedik bagt-
lydyr!» 24 Ýahýanyň iberen adamlary gidenden soň, Isa
halaýyga Ýahýa hakda gürrüň bermäge durdy: «Çöle
näme görmäge gitdiňiz? Ýeliň yraýan gamşynymy?
25 Eýsem, näme görmäge gitdiňiz? Nepis eşikler geý-
nen bir adamymy? Nepis eşikler geýnip, zowky-sapada
ýaşaýanlar patyşalaryň köşklerindedir. 26 Eýsem, näme
görmäge gitdiňiz? Bir pygamberimi? Hawa, size aýdýa-
ryn: ol pygamberden hem artykdyr. 27 „Ine, Men Öz ha-
barçymy Seniň öňüňden iberýärin. Ol öňden gidip, Se-
niň ýoluňy taýýarlar" diýip ýazylan şudur. 28 Size diýýä-
rin: aýaldan doglanlaryň arasynda Çokundyryjy Ýahýa-
dan uly pygamber ýok, ýöne Hudaýyň Patyşalygynda
iň kiçi hem ondan uludyr». 29 Ony diňlän bütin halaýyk
hem salgytçylar Hudaýyň ýoluny oňladylar. Sebäbi
Ýahýa tarapyndan çokundyryldylar. 30 Ýöne fariseýler
bilen kanunçylar onuň tarapyndan çokundyrylman,
Hudaýyň özleri hakdaky niýetinden boýun gaçyrdylar.
31 Şonda Isa olara şeýle diýdi: «Bu nesliň adamlaryny
Men kime meňzedeýin? Olar kime meňzeýär! 32 Olar
bazar ýerinde oturyp, öz ýoldaşlaryna: „Size tüýdük
çaldyk, tans etmediňiz, agy etdik, aglamadyňyz" diýip
gygyrýan çagalara meňzeýärler. 33 Çünki Çokundyryjy
Ýahýa geldi, ol ne çörek iýýär, ne-de şerap içýär, siz
bolsa oňa „jynly" diýýärsiňiz. 34 Ynsan Ogly geldi, iýýär
hem içýär, siz: „Ine, horan, arakhor, salgytçy, günäkär-
leriň dosty" diýýärsiňiz. 35 Ýöne akyldarlyk özüniň ähli
çagalary tarapyndan tassyklandy».

### Isa we günäkär aýal

36 Fariseýlerden biri Isadan özi bilen bile nahar iýme-
gini haýyş etdi. Ol hem ýaňky fariseýiň öýüne baryp,
saçak başynda oturdy. 37 Ol şäherde bir günäkär aýal
bardy. Ol Isanyň fariseýiň öýünde saçak başynda otu-
randygyny eşidende, bir ak mermer gapda atyr ysly
ýag getirdi. 38 Ol aýal yzda, Isanyň aýagyna ýakyn du-
rup, aglap, gözýaşlary bilen Onuň aýagyny ýuwmaga
durdy. Onsoň öz saçy bilen süpürip, aýaklaryndan
öpüp, ysly ýag bilen ýaglady. 39 Isany öýüne çagyran
fariseý muny görende: «Bu Adam pygamber bolsa, on-
da Özüne elini degirýän aýalyň kimdigini, nähilidigini
bilerdi. Bu aýal bir günäkär ahyryn» diýip, içini geplet-
di. 40 Isa oňa: «Simun! Saňa bir aýtjak zadym bar» diýdi.
Ol hem: «Aýdyber, Mugallym» diýdi. 41 Isa şeýle diýdi:
«Iki adam bir karz berijä bergilidi. Biriniň bäş ýüz di-
nar, biriniň hem elli dinar bergisi bardy. 42 Olaryň ber-
mäge zatlary bolmansoň, karz beriji ikisiniň hem ber-
gisini geçdi. Indi Maňa aýt, olaryň haýsysy ony köp sö-
ýer?» 43 Simun: «Meniň pikirimçe, köpräk karzy geçilen
bolsa gerek» diýdi. Isa: «Dogry pikir etdiň» diýdi. 44 On-
soň aýala tarap öwrülip, Simuna şeýle diýdi: «Bu aýaly
görýäňmi? Men seniň öýüňe geldim, sen Maňa aýa-
gym üçin suw-da bermediň. Emma ol Meniň aýagymy
gözýaşlary bilen ýuwup, saçy bilen süpürdi. 45 Sen me-
ni öpmediň, emma bu aýal gelelim bäri, yzyny üzmän
aýaklarymdan öpüp otyr. 46 Sen Meniň başymy zeýtun
ýagy bilen-de ýaglamadyň, emma bu aýal aýaklarymy
ysly ýag bilen ýaglady. 47 Şonuň üçin saňa aýdýaryn:
onuň köp bolan günäleri geçildi. Onuň köp söýýändigi-
niň sebäbi, ine, şunda. Emma kimiň az günäsi geçilse,
ol az söýer». 48 Aýala bolsa: «Seniň günäleriň geçildi»
diýdi. 49 Onuň bilen bile saçak başynda oturanlar: «Gü-
näleri-de geçýän bu kimkä?» diýşip, içlerini gepletmä-
ge başladylar. 50 Isa bolsa aýala: «Imanyň seni halas et-
di. Sag-aman git» diýdi.

### —NJI BAP

### Isanyň yzyna eýeren aýallar

8 Şundan soň, Isa şäherme-şäher, obama-oba aýla-
nyp, wagyz edip, Hudaýyň Patyşalygynyň hoş ha-
baryny bildirýärdi. 2 On iki şägirt we erbet ruhlardan
hem syrkawlyklardan gutulan käbir aýallar, içinden ýe-
di jyn çykan Magdalaly diýilýän Merem, 3 Hirodesiň
öýüni dolandyrýan Huzanyň aýaly Ýuhanna, Suzanna
we başga-da birtopar aýallar Onuň ýanyndady. Olar öz
emläkleri bilen Oňa

### Ekin tymsaly

4 Köp halaýyk üýşüp, her şäherden Isanyň ýanyna
ýygnananlarynda, Ol tymsal bilen gürrüň berdi: 5 Bir
daýhan ekin ekmäge gidýär. Ekip ýörkä, tohumlaryň
birnäçesi ýoluň ýakasyna düşýär, olar depelenýär we
guşlar gelip, olary çokalaýarlar. 6 Birnäçesi hem daşly-
ga düşüp, gögeren badyna guraýar, çünki yzgar ýok
eken. 7 Birnäçesi tikenleriň arasyna düşýär, tikenler
olar bilen ösüp, olary basýar. 8 Birnäçesi-de gowy ýere
düşensoň, gögerip, ýüz esse hasyl berýär». Bulary aý-
dansoň: «Gulagy barlar eşitsin!» diýip gygyrdy. 9 Şägirt-
leri Ondan: «Bu tymsalyň manysy näme?» diýip sora-
dylar. 10 Ol şeýle diýdi: «Hudaýyň Patyşalygynyň syrla-
ryna düşünmek ukyby size berildi, ýöne başgalaryna
gözläp görmesinler, eşidip düşünmesinler diýip, tym-
sallar bilen aýdylýar. 11 Tymsalyň manysy şeýle: Tohum
Hudaýyň sözüdir. 12 Ýoluň ýakasyna düşen däneler sözi
eşidýän adamlary aňladýar. Ýöne soň gutulmazlyklary
üçin şeýtan olaryň kalbyndan sözi sogrup alar. 13 Daş-
lyk ýere düşenler bolsa sözi eşidenlerinde şatlyk bilen
kabul edýän adamlary aňladýar. Ýöne olar kökleriniň
ýoklugy üçin, az wagtlaýyn iman edip, synag wagty
imandan dänýärler. 14 Tikenler arasyna düşenler bolsa
sözi eşidýänleri aňladýar, ýöne bu ýaşaýşyň gaýgylary,
baýlyklary, keýpi-sapasy olary barha bogýar, olar hasyl
bermeýärler. 15 Gowy topraga düşenler bolsa, Sözi eşi-
dip, ony ýagşy hem ak ýürekde saklap, sabyr bilen mi-
we berýänleri aňladýar.

### Ähli zat ýagtylyga çykar

16 Hiç kim çyrany ýakyp, onuň üstüni bir gap bilen
örtýän däldir ýa-da ony çarpaýanyň aşagynda goýýan
däldir. Gaýtam, içerik girenler yşygy görer ýaly, ony çy-
radanyň üstünde goýýandyr. 17 Çünki belli bolmajak
gizlin zat ýokdur, bilnip üsti açylmajak ýaşyryn zat ýok-
dur. 18 Şonuň üçin, eşidişiňize üns beriň, çünki kimde
bar bolsa, oňa berler, ýöne kimde ýok bolsa, özünde
bardyr diýip güman edýäni hem ondan alnar».

### Isanyň ejesi we doganlary

19 Isanyň ejesi bilen doganlary Ony görmäge geldi,
ýöne märeke zerarly, olar Onuň ýanyna baryp bilmedi-
ler. 20 Oňa: «Ejeň bilen doganlaryň daşarda durlar, Seni
görmek isleýärler» diýip habar berildi. 21 Emma Isa:
«Meniň ejem, doganlarym — Hudaýyň Sözüni diňläp,
ony berjaý edýänlerdir» diýdi.

### Isa tupany ýatyrýar

22 Bir gün Isa şägirtleri bilen bir gaýyga münüp, ola-
ra: «Kölüň aňyrsyna geçeliň» diýdi. Şeýlelikde, ugrady-
lar. 23 Barýarkalar, Ol uka gitdi. Kölde birden güýçli ýel
turup, gaýyga suw dolup başlady, olar howply ýagdaýa
düşdüler. 24 Şägirtler baryp, Ony oýaryp: «Ussat, Ussat,
heläklenip barýarys!» diýdiler. Isa turup, ýele hem çaý-
kanýan suwa käýedi, olar-da ýatdy, şeýle imi-salalyk
boldy. 25 Ol şägirtlerine: «Siziň imanyňyz hany?» diýdi.
Olar bolsa geňirgenişip, gorkuşyp, biri-birlerine: «Bu
kim? Bu ýele hem suwa buýruk berýär, olar-da gulak
asýar» diýişdiler.

### Jynly adamyň sagaldylyşy

26 Olar Jeliläniň garşysynda ýerleşen gadaralylaryň
ýurduna geldiler. 27 Isa kenarda gaýykdan düşende,
Oňa şol şäherden bolan we kän wagt bäri jyny bar bir
adam gabat geldi. Bu eginbaş geýmän, öýde ýaşaman,
mazarlaryň içinde ýaşardy. 28 Ol Isany görende gygy-
ryp, Onuň öňünde ýere ýüzin ýykylyp, batly ses bilen
şeýle diýdi: «Eý Isa! hemmelerden beýik Hudaýyň Ogly,
meniň bilen näme işiň bar? Saňa ýalbarýaryn, meni gy-
nama». 29 Çünki Isa arwaha ol adamdan çykmagy buý-
rupdy, sebäbi arwah ony ýygy-ýygydan tutýardy. Mu-
nuň üçin ol adamy zynjyrlap, kündeläp saklardylar.
Emma ol baglary gyrardy, jyn ony çöllere çekerdi. 30 Isa
ondan: «Adyň näme?» diýip sorady. Ol hem: «Legion»
diýip jogap berdi. Çünki oňa köp jyn giripdi. 31 Jynlar
özlerine dowzah çukuryna gitmegi buýurmasyn diýip,
Isa ýalbardylar. 32 Şol ýerde dagyň üstünde bir uly do-
ňuz sürüsi otlap ýördi. Jynlar doňuzlaryň içine girmäge
rugsat bermegi üçin, Oňa ýalbardylar. Ol hem rugsat
berdi. 33 Olar ýaňky adamdan çykyp, doňuzlara girdiler.
Süri bolsa uçutdan kölüň içine paýyrdaşyp gark boldy.
34 Çopanlar bolan zady görenlerinde gaçyp, şäherdir
obalara muny habar berdiler. 35 Halaýyk-da bolan zady
görmek üçin çykyp, Isanyň ýanyna geldi. Olar içinden
jynlaryň çykan adamynyň geýnip, Isanyň aýaklarynyň
düýbünde oturanyny, akylynyň hem ýerindedigini gö-
rüp gorkdular. 36 Bu wakany görenler bolsa jyn uran
adamyň nähili sagalanyny olara gürrüň berdiler. 37 On-
soň gadaralylar ýurdunyň bütin ilaty Isadan ýanlaryn-
dan gitmegini haýyş etdiler, sebäbi olara uly gorky ara-
laşypdy. Isa-da gaýyga münüp, yzyna gaýtdy. 38 Emma
içinden jynlar çykan adam Onuň ýanynda bolmak üçin,
Isa ýalbardy. 39 Isa-da: «Bar, öýüňe gaýt, Hudaýyň saňa
edenlerini gürrüň ber» diýip, ony ugratdy. Ol hem gi-
dip, Isanyň özüne edenlerini bütin şähere jar etdi.

### Direlen gyz, sagalan aýal

40 Isa yzyna öwrülip gelende, halk Ony garşylady,
çünki hemmeler Oňa garaşýardy. 41 Ine, sinagoganyň
başlygy bolan Ýaýrus atly bir adam gelip, Isanyň aýa-
gyna ýykylyp, Ondan öýüne barmagy haýyş etdi.
42 Çünki onuň on iki ýaşlaryndaky ýekeje gyzy ölüm
ýassygynda ýatyrdy. Isa ol ýere barýarka, halaýyk her
ýandan Ony gysýardy. 43 Ol ýerde on iki ýyldan bäri
gan akmasy tutup, bar-ýoguny tebiplere harç etse-de,
hiç birisinden şypa tapmadyk bir aýal bardy. 44 Ol Isa-
nyň ýeňsesinden baryp, Onuň geýiminiň syýyna elini
degirdi welin, şol bada onuň gan akmasy kesildi. 45 Isa:
«Maňa kim el degirdi!» diýdi. Hemmeler inkär edende,
Petrus bilen ýanyndakylar: «Ussat! Halk daşyňy alyp,
Seni gysyp-gowrup barýar, Sen bolsaň: „Maňa kim el
degirdi?" diýýärsiň» diýdiler. 46 Emma Isa: «Maňa biri
elini degirdi, çünki Men Özümden bir güýjüň çykanyny
aňdym» diýdi. 47 Aýal gizlin galyp bilmänini görüp, tit-
räp, Onuň öňünde ýere ýykyldy. Bütin halkyň öňünde
näme üçin Oňa elini degrenini, şol bada hem şypa ta-
panyny aýtdy. 48 Isa oňa: «Gyzym! Imanyň saňa şypa
berdi. Sag-aman git» diýdi. 49 Isa bu sözleri aýdyp dur-
ka, sinagoga başlygynyň öýünden biri gelip: «Gyzyň
aýryldy, Mugallymy azara goýma» diýdi. 50 Emma Isa
muny eşidende, oňa: «Gorkma, diňe iman et, ol gutu-
lar» diýdi. 51 Öýe gelip ýetenlerinde bolsa, Petrus, Ýah-
ýa, Ýakup we gyzyň ene-atasyndan başga hiç kime Özi
bilen içerik girmäge rugsat etmedi. 52 Hemmeler agla-
şyp, ýas tutup otyrdylar. Isa: «Aglamaň, ol ölenok, ol
uklap ýatyr» diýdi. 53 Gyzyň ölüdigini bilýändikleri üçin,
Oňa gülüşdiler. 54 Emma Isa hemmeleri daşaryk ko-
wup, gyzyň elinden tutdy-da, gygyryp: «Gyzym, gal!»
diýdi. 55 Onuň ruhy yzyna gelip, gyz şolbada ýokary
galdy. Isa oňa nahar berilmegini buýurdy. 56 Gyzyň
ene-atasy geň galdy. Isa bolsa näme bolanyny hiç ki-
me aýtmazlygy tabşyrdy.

### Isa on iki resulyny il arasyna iberýär

9 Isa on iki şägirdini bir ýere çagyryp, olara bütin
jynlary kowmaga, syrkawlyklara em etmäge, güýç
hem ygtyýar berip, 2 olary Hudaýyň Patyşalygyny wa-
gyz etmäge, syrkawlara şypa bermäge ýollady. 3 Olara
şeýle diýdi: «Ýol üçin hiç zat almaň: ne taýak, ne torba,
ne çörek, ne pul, ne-de iki köýnek. 4 Haýsy öýe barsa-
ňyz, şol ýerde galyp, şol ýerden hem ýola çykyň. 5 Sizi
nirede kabul etmeseler, şol şäherden çykyp barýarka-
ňyz, olara güwälik bolar ýaly, aýagyňyzyň tozuny ka-
kyň». 6 Olar-da ýola düşüp, obama-oba aýlandylar, Hoş
Habary yglan edip, hemme ýerde şypa berdiler. 7 Tet-
rarh Hirodes bolan wakalaryň baryny eşidip, gaty aljy-
rady. Çünki käbirleri: «Ýahýa ölümden direlipdir», 8 kä-
birleri: «Ylýas peýda bolupdyr», başgalary hem: «Ga-
dym pygamberleriň biri direlipdir» diýişýärdiler. 9 Hiro-
des bolsa: «Men Ýahýanyň başyny kesdim, ýöne bu ha-
barlary eşidýän Adamym kimkä?» diýip, Ony görjek
bolýardy.

### Isa bäş müň adamy doýurýar

10 Resullar yzlaryna öwrülip gelenlerinde, öz eden iş-
lerini Isa habar berdiler. Ol hem olary ýanyna alyp,
Betsaýda diýen şäheriň golaýynda bir çola ýere çekildi.
11 Halaýyk muny bilip, Onuň yzyndan bardy. Ol hem
olary oňat garşylap, Hudaýyň Patyşalygy hakda gürrüň
berip, şypa mätäçleri sagaltdy. 12 Gün ýaşyp barýarka,
Onkiler Isanyň ýanyna gelip, şeýle diýdiler: «Halky goý-
ber, töwerekdäki obalara, meýdanlara gidip, ýatara ýer
we azyk tapsynlar. Çünki biz bir çola ýerde». 13 Emma
Ol: «Olara siz iýere zat beriň» diýdi. Olar hem: «Gidip,
bütin bu halaýyga iýmit satyn almasak, biziň bäş çörek
bilen iki balykdan başga zadymyz ýok» diýdiler. 14 Se-
bäbi olar bäş müňe golaý adamdy. Emma Isa şägirtle-
rine: «Olary elli-elliden topar-topar bölüň-de oturdyň»
diýip tabşyrdy. 15 Olar hem şeýle edip, hemmeleri

oturtdylar. 16 Isa bolsa bäş çörek bilen iki balygy alyp,
Göge bakyp, olar üçin şükür etdi-de, halka paýlar ýaly,
bölüşdirip, şägirtlerine berdi. 17 Hemmeler iýip doýdy,
artyp galan çöregiň döwümlerini bolsa ýygnap, on iki
sebedi doldurdylar.

### Petrusyň Mesihi tanamagy

18 Bir gün Isa ýekelikde doga edýärdi, şägirtleri hem
Onuň ýanyndady. Isa olardan: «Halk Maňa kim diý-
ýär?» diýip sorady. 19 Olar şeýle jogap berdiler: «Çokun-
dyryjy Ýahýa diýýärler. Käbirleri-de Ylýas, käbirleri hem
gadym pygamberleriň biri direlipdir diýýär». 20 Olara:
«Siz Maňa kim diýýärsiňiz?» diýdi. Petrus: «Sen Huda-
ýyň Mesihisiň» diýdi. 21 Isa bolsa muny hiç kime aýt-
maň diýip, olara berk tabşyrdy. 22 Ol ýene şeýle diýdi:
«Ynsan Ogly köp görgi görmeli, ýaşulular, baş ruhany-
lar we kanunçylar tarapyndan ret edilmeli, öldürilmeli
we ölenden üç günden soň direlmelidir». 23 Hemmele-
re şeýle diýdi: «Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bol-
sa, özüni inkär etsin-de, her gün haçyny alyp, yzyma
düşsün. 24 Çünki kim janyny halas etmek islese, ony ýi-
tirer, ýöne kim janyny Meniň ugrumda ýitirse, ony ha-
las eder. 25 Sebäbi bir adam bütin dünýäni gazanyp-da,
özüni ýogaltsa ýa özüne zyýan ýetirse, oňa näme peý-
dasy bar? 26 Kim Menden we Meniň sözlerimden utan-
sa, Ynsan Ogly-da Özüniň, Atasynyň we mukaddes pe-
rişdeleriň şöhraty bilen gelen mahaly ondan utanar.
27 Emma size dogrusyny aýdýaryn: bu ýerde duranla-
ryň arasynda Hudaýyň Patyşalygyny görmezden öň
ölümi datmajak käbir adamlar bar».

### Isanyň görnüşi üýtgeýär

28 Bu sözleri aýdanyndan sekiz güne golaý wagt ge-
çensoň, Isa Petrusy, Ýahýany we Ýakuby ýanyna alyp,
doga etmäge daga çykdy. 29 Doga edip otyrka, Onuň
ýüz keşbi üýtgäp, eginbaşy ýaldyrap agardy. 30 Ine, iki
adam Onuň bilen gürrüň edip durdular. Bu Musa bilen
Ylýasdy. 31 Olar şöhrat bilen peýda bolup, Onuň Iýeru-
salimde amala aşjak aýrylyşy hakda gürrüň edýärdiler.
32 Petrus bilen onuň ýanyndakylary uky basmarlaýardy,
ýöne ukudan açylanlarynda, Isanyň şöhratyny hem
Onuň ýanynda duran iki adamy gördüler. 33 Musa bilen
Ylýas Isanyň ýanyndan aýrylyp barýarkalar, Petrus nä-
me diýýänini bilmän Oňa: «Ussat, Bize bu ýerde bol-
mak gowy, üç çadyr guraly: biri — Saňa, biri — Musa,
biri — Ylýasa» diýdi. 34 Petrus bulary aýdyp durka, bir
bulut gelip, olara kölege saldy. Olar buluda girenlerin-
de gorkdular. 35 Bulutdan: «Meniň söýgüli 36 Bu owaz
gelen wagty, Isa ýeke galdy. Şägirtler bolsa dymyp, gö-
ren zatlary barada şol günlerde hiç kime gürrüň ber-
mediler.

### Arwah ýolugan oglanyň sagaldylyşy

37 Şol günüň ertesi dagdan inenlerinde, bir uly märe-
ke Isany garşylady. 38 Märekäniň içinden bir adam gy-
gyryp, şeýle diýdi: «Mugallym! Saňa ýalbarýaryn, me-
niň ogluma bir seret, çünki ol meniň ýalňyz çagam.
39 Ine, ony bir ruh tutýar-da, çaga birden çygyrýar. Ruh
silterläp, onuň agzyndan ak köpük getirip, pagyş-para
edenden soň, ondan zordan aýrylýar. 40 Ony çykarmak-
lary üçin, Seniň şägirtleriňe ýalbardym, ýöne olar ba-
şarmadylar». 41 Isa oňa: «Eý, ýoldan çykan imansyz ne-
sil! Men haçana çenli siz bilen bile bolup, size çydaýyn?
Ogluňy bärik getir» diýdi. 42 Çaga Isanyň ýanyna gel-
ýärkä, jyn ony ýere urup, köp silterledi. Emma Isa ar-
waha käýäp, çagany sagaldyp, atasyna gowşurdy.
43 Hemmeler Hudaýyň beýikdigine geň galdylar. Hem-
meler Isanyň bütin işlerine geň galyşyp durkalar, Ol Öz
şägirtlerine: 44 «Bu sözler gulagyňyzda galsyn: Ynsan
Ogly ynsan eline berler» diýdi. 45 Emma olar bu söze
düşünmediler. Söz olar akyl ýetirmez ýaly ýaşyryndy,
olar hem bu barada Isadan soramaga çekindiler.

### Iň uly kim?

46 Şägirtleriň arasynda olaryň haýsynyň uludygy ba-
rada jedel ýüze çykdy. 47 Isa olaryň ýüregindäki pikiri
aňyp, bir çagany aldy-da, ýanynda duruzdy. 48 Onsoň
olara şeýle diýdi: «Kim bu çagany Meniň adymdan ka-
bul etse, Meni kabul etdigidir. Kim-de Meni kabul etse,
Meni Ýollany kabul etdigidir. Siziň araňyzda kim hem-
meden kiçi bolsa, ol uly bolar». 49 Ýahýa şeýle diýdi:
«Mugallym! Biz Seniň adyň bilen jynlary çykarýan bir
adamy görüp, ony bökdedik, çünki ol biziň bilen birlik-
de Seniň yzyňa eýerenok». 50 Isa oňa: «Ony bökdemäň!
Çünki kim size garşy bolmasa, siziň tarapdaryňyzdyr»
diýdi.

### Samariýalylar Isany islemeýär

51 Göge alynmaly mahaly golaýlanda, Isa Iýerusalime
tarap aýgytly ýola düşdi. 52 Ol Özünden öň birnäçe ça-
pary ýollady. Olar hem Oňa taýýarlyk görmek üçin ba-
ryp, samariýalylaryň bir obasyna girdiler. 53 Emma Ony
ol ýerde kabul etmediler, çünki ugry Iýerusalime tarap-
dy. 54 Şägirtleri Ýakup bilen Ýahýa muny görüp: «Ýa
Reb! Olary heläk etsin diýip, Ylýasyň edişi ýaly, Gökden
ot ýagdyrmagymyzy isleýärsiňmi?» diýdiler. 55 Isa öw-
rülip, olara käýedi: «Siz haýsy ruhdandygyňyzy bilme-
ýärsiňiz. 56 Ynsan ogly adamlary heläk etmäge däl-de,
halas etmäge geldi». Onsoň başga oba gitdiler.

### Isanyň yzyna eýermek

57 Ýol bilen barýarkalar, bir adam Oňa: «Ýa Reb! Sen
nirä gitseň, men-de yzyňa düşerin» diýdi. 58 Isa oňa:
«Tilkileriň süreni, guşlaryň höwürtgesi bardyr, ýöne Yn-
san Oglunyň başyny goýara-da ýeri ýokdur» diýdi.
59 Başga birine: «Meniň yzyma düş» diýdi. Emma ol:
«Ýa Reb! Rugsat et, öňürti gidip, kakamy jaýlaýyn» diý-
di. 60 Emma Isa oňa: «Goý, ölüler öz ölülerini jaýlasyn-
lar, ýöne sen git-de, Hudaýyň Patyşalygyny wagyz et»
diýdi. 61 Ýene birisi: «Ýa Reb! Seniň yzyňa düşeýin, ýöne

rugsat ber, öňürti öz maşgalam bilen hoşlaşaýyn» diý-
di. 62 Isa oňa: «Eline azaly alansoň, yzyna seredýän
adam Hudaýyň Patyşalygyna ýaraşmaz» diýdi.

### Ýetmişler il arasyna iberilýär

10 Şundan soň Reb başga ýetmiş adamy belläp,
olary Öz gitjek bolup ýören ähli şäherlerine, ýer-
lerine iki-ikiden öňünden ýollady. 2 Olara şeýle diýdi:
«Hasyl bol, ýöne işgär az. Hasylyny ýygmaga işgär ibe-
rer ýaly, hasyl eýesi Rebbe ýalbaryň. 3 Gidiň! Ine, Men
sizi möjekler arasyna guzular ýaly ýollaýaryn. 4 Ýanyňy-
za ne halta, ne torba, ne-de çaryk alyň. Ýolda hiç kime
salam bermäň. 5 Haýsy öýe barsaňyz, öňürti: „Bu öýe
parahatlyk!" diýiň. 6 Ol öýde parahatlygy söýýän adam
bar bolsa, salamyňyz onuň üstüne gonar, ýok-da bol-
sa, ýene özüňize öwrüler. 7 Ol öýde galyp, olaryň be-
renlerini iýip-içiň, çünki işgär öz muzduna mynasypdyr.
Öýden-öýe gitmäň. 8 Bir şähere baryp, kabul edileni-
ňizde, öňüňizde näme goýulsa, şony iýiň. 9 Ol ýerdäki
syrkawlara şypa beriň-de: „Hudaýyň Patyşalygy size
golaýlady" diýiň. 10 Emma bir şähere baryp, kabul edil-
mäniňizde, onuň köçelerine çykyň-da, şeýle diýiň:
11 „Şäheriňizde aýagymyza ýapyşan tozany-da size gar-
şy kakýarys. Ýöne Hudaýyň Patyşalygynyň özüňize go-
laýlaşanyny biliň". 12 Men size şol günde Sodomyň ýag-
daýynyň ol şäheriň ýagdaýyndan has ýeňil boljagyny
aýdýaryn. 13 Waý saňa, eý Horazin! Waý saňa, eý Bet-
saýda! Sizde ýüze çykan mugjyzalar Surda we Saýdada
ýüze çykan bolsady, onda olar eýýäm jul hem külüň
içinde oturyp toba ederdiler. 14 Emma magşar güni Su-
ruň we Saýdanyň ýagdaýy siziň ýagdaýyňyzdan has ýe-
ňil bolar. 15 Sen, eý Kapernaum, arşa göterilersiňmi?
Ýok, dowzaha çenli aşak taşlanarsyň. 16 Sizi diňlän Meni
diňlär, sizi ret eden Meni ret eder. Meni ret eden bolsa,
Meni Ýollany ret eder». 17 Ol ýetmiş şägirt şatlyk bilen
öwrülip: «Ýa Reb! Seniň adyňy agzanymyzda, jynlar
hem bize boýun bolýarlar» diýdiler. 18 Isa olara şeýle
diýdi: «Men şeýtanyň Gökden ýyldyrym ýaly bolup
aşak inenini gördüm. 19 Ine, size ýylanlary, içýanlary we
duşmanyň bütin güýjüni depelemäge ygtyýar berdim,
hiç zat size zyýan ýetirmez. 20 Ýöne ruhlaryň size boýun
bolmagyna däl-de, atlaryňyzyň Gökde ýazylmagyna
begeniň». 21 Şol sagatda Isa Mukaddes Ruh arkaly şat-
lanyp, şeýle diýdi: «Eý, Ýeriň-gögüň Rebbi Atam, Seniň
bu zatlary akyldarlardan, düşünjelilerden ýaşyryp, kiçi-
jik çagalara aýan edeniňe şükür edýärin! Hawa, Ata!
Çünki Seniň halaýşyň şeýledi». 22 Onsoň şägirtlerine
şeýle ýüzlendi: «Hemme zady Maňa Atam tabşyrdy,
Ogluň kimdigini Atadan başga hiç kim bilmez. Atanyň
hem kimdigini Oguldan we Ogluň äşgär etmek isleýän
adamlaryndan başga hiç kim bilmez». 23 Ýörite şägirtle-
re ýüzlenip, şeýle diýdi: «Siziň görýän zatlaryňyzy gör-
ýän gözler ne bagtly! 24 Size aýdýaryn: köp pygamber-
ler, patyşalar siziň görýänleriňizi görmek islediler, ýöne
görmediler, siziň eşidýänleriňizi eşitmek islediler, ýöne
eşitmediler».

### Oňat samariýaly

25 Ine, bir kanunçy turup, Isany synamak üçin: «Mu-
gallym! Ebedi ýaşaýşy miras almak üçin, meniň näme
etmegim gerek?» diýip. Ondan sorady. 26 Isa oňa sorag
bilen ýüzlendi: «Kanunda näme ýazylypdyr? Sen nähili
okaýarsyň?» 27 Ol: «Hudaýyň Rebbi bütin kalbyň, bütin
janyň, bütin güýjüň we bütin düşünjäň bilen söý, goň-
şyňy özüň ýaly söý» diýdi. 28 Isa oňa: «Dogry jogap ber-
diň, şuny et, ýaşarsyň» diýdi. 29 Emma ol özüni aklajak
bolup: «Meniň goňşym kim?» diýip, Isadan sorady.
30 Isa oňa şeýle jogap berdi: «Bir adam Iýerusalimden
Eriha barýarka, garakçylaryň eline düşýär. Olar onuň
eşiklerini egninden sypyryp alýarlar-da, ony ýenjip, ça-
lajan taşlap gidýärler. 31 Tötänlikde bir ruhany şol ýol-
dan barýarka, ol adamy görende, ýoluň ol tarapy bilen
geçip gidýär. 32 Onsoň bir lewili-de şol ýere gelip, ony
görende, ýoluň ol tarapy bilen geçip gidýär. 33 Ýöne şol
ýoldan geçip barýan bir samariýaly onuň üstünden
gelýär, ony görüp ýüregi awaýar. 34 Onuň ýanyna ba-
ryp, zeýtun ýagy bilen şerap guýup, ýaralaryny sara-
ýar. Onsoň ol adamy öz eşegine mündürip, bir myh-
manhana getirip, oňa garaşyk edýär. 35 Şol günüň erte-
si çykaryp myhmanhanaça iki dinar berip: „Muňa gara-
şyk et, artykmaç harajadyňy öwrülip gelýärkäm bere-
rin" diýýär. 36 Seniň pikiriňçe, bu üç adamyň haýsysy
garakçylaryň eline düşen adamyň goňşusy bolýar?»
37 Kanunçy: «Oňa rehim eden adam» diýip jogap berdi.
Isa hem oňa: «Bar, sen-de şonuň ýaly et» diýdi.

### Isa Marta bilen Meremiň öýünde

38 Isa bilen şägirtleri ýollaryna dowam edip barýarka-
lar, Ol bir oba girdi. Ol obada Marta atly bir aýal Ony
öýüne myhman aldy. 39 Bu aýalyň Merem atly bir gyz
dogany bardy. Ol Isanyň aýagyna ýakyn oturyp, Onuň
sözlerine gulak asýardy. 40 Marta hyzmat bilen başagaý
bolup ýörşüne, Isanyň ýanyna gelip, şeýle diýdi: «Ýa
Reb! Gyz doganymyň meniň ýeke özüme hyzmat etdi-
rip ýörmegi seniň perwaýyňa dälmi? Oňa aýt, maňa
kömekleşsin». 41 Isa oňa şeýle diýdi: «Marta, Marta!
Sen köp zatlara aladalanyp, biynjalyk bolýarsyň. 42 Ýö-
ne diňe bir zat gerek. Merem özünden alynmajak oňat
paýy saýlady».

### —NJI BAP

### Nähili doga etmeli

11 Günleriň birinde Isa bir ýerde doga edýärdi. Do-
gasyny gutaranda, şägirtleriniň biri Oňa: «Ýa
Reb! Ýahýanyň öz şägirtlerine öwredişi ýaly, Sen hem
bize doga etmegi öwret» diýdi. 2 Olara şeýle diýdi: «Do-
ga edeniňizde şeýle diýiň: Eý, Gökdäki Atamyz 3 Günde-
lik çöregimizi bize günde ber. 4 Günälerimizi geç. Çünki

biz hem özümize garşy günä edenleriň barynyň günä-
sini geçýäris. Bizi synaga salma, bizi iblisden halas et».
5 Onsoň Isa olara şeýle diýdi: «Aýdaly, siziň biriňiziň bir
dostuňyz bar. Ol ýarygije oňa baryp, şeýle diýýär:
„Dost! Maňa üç çörek karz ber. 6 Çünki bir dostum ýol-
dan meniňkä geldi. Onuň öňünde goýara zadym ýok".
7 Ol hem içerden şeýle diýýär: „Maňa zähmet berme,
gapy eýýäm ýapyldy, çagalarym meniň bilen bile dü-
şekde ýatyr, men turup, saňa zat berip biljek däl". 8 Si-
ze diýýärin, ýaňky dostluk hatyrasyna turup, oňa çörek
bermese-de, onuň höçjetligi üçin näçe islese berer.
9 Size diýýärin, diläň, size berler. Agtaryň, taparsyňyz.
Gapyny kakyň, size açylar. 10 Çünki her dilän alar, agta-
ran tapar, gapy kakana gapy açylar. 11 Sizden haýsy ata
ogly çörek dilände, oňa daş berer? Ýa-da balyk dilände,
balyk ýerine oňa ýylan berer? 12 Ýa-da ýumurtga dilän-
de, oňa içýan berer? 13 Şeýlelikde, erbet bolan siz öz
oglanlaryňyza oňat sylaglar bermegi bilýän bolsaňyz,
Gökdäki Ataňyz Özünden dilänlere has-da köp Mukad-
des Ruhy berer!»

### Isa we Beýelzebul

14 Bir gezek Isa bir lal jyny kowýardy. Jyn çykan bady-
na, lal adam geplemäge başlady, halaýyk muňa geňir-
gendi. 15 Ýöne olaryň käbiri: «Ol jynlaryň hany Beýel-
zebul arkaly jynlary kowýar» diýdiler. 16 Beýlekiler hem
Gökden bir alamat görkezmegini talap edip, Ony syna-
makçy boldular. 17 Emma Isa olaryň pikirlerini bilip,
şeýle diýdi: «Içinde bölünişik bolan patyşalyk dargar,
öz içinden bölnen öý ýykylar. 18 Şeýtan öz içinden bö-
lünse, onuň patyşalygy nähili durar? Muny siziň „Jynla-
ry Beýelzebul arkaly kowýar" diýýäniňiz üçin aýdýaryn.
19 Men jynlary Beýelzebul arkaly kowýan bolsam, onda
siziň adamlaryňyz olary kim arkaly kowýar? Munuň
üçin, olar size kazylyk ederler. 20 Men jynlary Hudaýyň
barmagy arkaly kowýan bolsam, onda Hudaýyň Paty-
şalygy size gelendir. 21 Doly ýaraglanan bir güýçli adam
öz öýüni goraýan bolsa, onuň mal-mülki howpsuzlyk-
dadyr. 22 Emma özünden güýçli adam hüjüm edip, ony
ýeňse, onda onuň buýsanýan hemme ýaraglaryny
alyp, oljasyny paýlar. 23 Meniň bilen bile bolmadyk Ma-
ňa garşydyr, Meniň bilen bile ýygmadyk dagadar. 24 Al-
arwah adamdan çykanda, gurak ýerlere aýlanyp, dynç-
lyk gözleýär, ýöne ony tapmanda: „Çykan öýüme öwrü-
leýin" diýýär. 25 Dolanyp gelende, öýüň süpürilgi, ýer-
be-ýerdigini görýär. 26 Onsoň gidip, özünden hem er-
bet ýedi ruhy ýanyna alýar-da, şol ýere baryp, mesgen
tutýar. Şeýlelikde, ol adamyň soňky ýagdaýy ozalkysyn-
dan hem erbet bolýar». 27 Isa bu zatlary aýdyp durka,
halaýygyň arasyndan bir aýal sesini gataldyp: «Seni
dogran, Seni emdiren ene ne bagtly!» diýdi. 28 Ol bolsa
şeýle jogap berdi: «Hawa, Hudaýyň sözüni eşidip, ony
ýerine ýetirýänler has hem bagtlydyr!»

### Ýunusyň alamaty

29 Halaýyk ýygnanyberende, Isa şeýle diýdi: «Bu nesil
erbet nesil, ol alamat talap edýär, ýöne oňa Ýunus py-
gamberiňkiden başga alamat berilmez. 30 Ýunus Nine-
wiýa halkyna nähili alamat bolan bolsa, şonuň ýaly-da,
Ynsan Ogly bu nesle alamat bolar. 31 Günortanyň aýal
patyşasy höküm gününde bu nesliň adamlary bilen bi-
lelikde galyp, olary höküm eder. Çünki ol Süleýmanyň
pähimini diňlemek üçin, Ýeriň ol ujundan geldi, ine, bu
ýerde Süleýmandan-da uly Biri bar. 32 Ninewiýa halky
höküm gününde bu nesil bilen bilelikde galyp, ony hö-
küm eder, çünki olar Ýunusyň wagzy bilen toba etdiler,
ine, bu ýerde Ýunusdan-da uly Biri bar».

### Bedeniň yşygy

33 Hiç kim çyrany ýakyp, gizlin ýerde ýa-da galla ölçe-
giniň aşagynda goýýan däldir, tersine, içeri girenler
yşygy görer ýaly, ony çyradanyň üstünde goýýandyr.
34 Seniň bedeniň çyrasy gözüňdir. Gözüň sag bolsa, bü-
tin bedeniň hem ýagty bolar, gözüň şikesli bolsa, bütin
bedeniň hem garaňky bolar. 35 Şeýlelikde, ägä bol, sen-
däki yşyk garaňky bolaýmasyn. 36 Seniň bütin bedeniň
ýagty bolup, hiç bir garaňky ýeri ýok bolsa, çyra seni öz
şöhlesi bilen ýagtyldýan ýaly, bedeniň bütinleý ýagty
bolar».

### Waý günüňize, fariseýler!

37 Isa bu zatlary aýdyp durka, bir fariseý Ony öýüne
nahara çagyrdy. Ol baryp, saçak başynda oturdy. 38 Fa-
riseý Onuň nahardan öň ýuwunmanlygyny görende
geňirgendi. 39 Emma Reb oňa şeýle diýdi: «Ine, siz fari-
seýler käsedir gap-çanagyň daşyny arassalaýarsyňyz,
ýöne içiňiz ogrulyk hem ýamanlykdan doly. 40 Akmak-
lar! Daşaryny ýaradan içerini-de ýaratmadymy? 41 Bar
zadyňyzdan sadaka beriň, ine, hemmesi siziň üçin
arassa bolar. 42 Waý günüňize, eý fariseýler! Çünki siz
narpyzdan, sadap otundan, her hili gök önümden ze-
kat berýärsiňiz, ýöne adyllyk we Hudaýyň söýgüsini äs-
germezlik edýärsiňiz. Siz bulary etmeli, beýlekileri-de
äsgermezlik etmeli däldiňiz. 43 Waý günüňize, eý fari-
seýler! Çünki siz sinagogalarda baş kürsüleri, bazar
ýerlerinde salam almagy söýýärsiňiz. 44 Waý günüňize!
Çünki siz belgisiz gabyrlar ýalysyňyz. Bu gabyrlaryň üs-
tünde gezýän adamlar olaryň barlygyny bilýän däldir».
45 Kanunçylaryň biri Oňa: «Eý Mugallym! Sen bu zatlary
aýtmak bilen, biziň hem göwnümize degýärsiň» diýdi.
46 Isa hem şeýle diýdi: «Waý siziň hem günüňize, eý ka-
nunçylar! Çünki siz götermegi kyn ýükleri adamlara
ýükleýärsiňiz, özüňiz bolsa ol ýüklere bir barmagyňyzy
hem degirmeýärsiňiz. 47 Waý günüňize! Çünki siz py-
gamberleriň guburlaryny salýarsyňyz, olary öldürenler
bolsa siziň atalaryňyz. 48 Şeýdip hem, atalaryňyzyň
eden işlerine güwälik berip, olar bilen ylalaşýarsyňyz.
Olar pygamberleri öldürdiler, siz hem olaryň guburla-

ryny salýarsyňyz. 49 Şu sebäpden hem Hudaýyň hikme-
ti aýdypdyr: „Men olara pygamberler, resullar ibererin,
olaryň käbirini öldürerler, käbirini hem yzarlarlar".
50 Şonuň üçin, dünýä gurlaly dökülen bütin pygamber-
leriň gany şu nesilden soralar. 51 Hawa, Men size aýd-
ýaryn: Habylyň ganyndan başlap, tä gurbanlyk edilýän
ýer bilen ybadathana arasynda öldürilen Zekerýanyň
ganyna çenli dökülen ganlar şu nesilden soralar.
52 Waý gününiże, eý kanunçylar! Çünki siz bilimiň aça-
ryny alyp gitdiňiz, ne özüňiz girdiňiz, ne-de girjeklere
ýol berdiňiz». 53 Isa ol ýerden gidensoň, kanunçylar bi-
len fariseýler Ony gaty gyssap, birentek zatlara jogap
bermegini islediler. 54 Şeýlelikde, Onuň agzyndan bir
zat gapjak bolup, duzak gurdular.

## —NJI BAP

### Duýduryş we hyjuwlandyryş

12 Bu aralykda halkdan müňlerçe adam üýşüşip,
biri-birlerine gysylyşyp durkalar, Isa öňürti Öz
şägirtlerine gürrüň bermäge başlady: «Özüňizi fariseý-
leriň hamyrmaýasyndan, ýagny ikiýüzlülikden goraň.
2 Üsti açylmajak ýapyk zat, bilinmejek gizlin zat ýokdur.
3 Garaňkylykda näme aýtsaňyz, ýagtylykda eşidiler, içki
otaglarda çakan çawuşyňyz tamlaryň üstünden yglan
ediler. 4 Emma Men, eý dostlarym, size aýdýaryn, teni
öldürip-de, başga zat etmegi başarmaýanlardan gork-
maň. 5 Kimden gorkmalydygyňyzy Men size aýdaýyn:
öldürenden soň dowzaha zyňmaga gudraty güýçli Hu-
daýdan gorkuň. Hawa, size aýdýaryn, Ondan gorkuň.
6 Bäş serçe iki köpüge satylmaýarmy? Muňa garamaz-
dan, Hudaý olaryň hiç birini unutmaýar. 7 Siziň başyňy-
zyň saçlary hem bütinleý sanalgydyr. Gorkmaň, siz köp
serçelerden gymmatlysyňyz. 8 Size diýýärin, kim Meni
adamlaryň öňünde ykrar etse, Ynsan Ogly hem ony
Hudaýyň perişdeleriniň öňünde ykrar eder. 9 Kim Meni
adamlaryň öňünde inkär etse, ol Hudaýyň perişdeleri-
niň öňünde inkär ediler. 10 Kim Ynsan Ogluna garşy bir
söz aýtsa, bagyşlanar, ýöne kim Mukaddes Ruha dil ýe-
tirse, bagyşlanmaz. 11 Sizi sinagogalara, başlyklaryň,
hökümdarlaryň öňüne getirenlerinde, nähili, näme jo-
gap berjegiňizi, näme diýjegiňizi gaýgy etmäň. 12 Çünki
Mukaddes Ruh näme diýmelidigiňizi şol sagadyň özün-
de size öwreder».

### Baý akmak

13 Halaýygyň arasyndan biri Oňa: «Mugallym! Doga-
nyma aýt, goý, ol mirasy meniň bilen bölüşsin» diýdi.
14 Isa oňa: «Eý adam, kim Meni siziň kazyňyz ýa miras
bölüjiňiz edip belledi?» diýdi. 15 Onsoň olara: «Habar-
dar boluň! Özüňizi her hili betnebislikden goraň, çünki
biriniň ýaşaýşy onuň mal-mülküniň bollugyna bagly
däldir» diýdi. 16 Olara bir tymsal aýtdy: «Bir baý ada-
myň ýeri bol hasyl berýär. 17 Ol adam: „Näme etsem-
käm? Hasylymy goýmaga jaýym ýok" diýip içini gepled-
ýär. 18 Onsoň şeýle diýýär: „Şeýle ederin: ammarlarymy
söküp, ulurak ammarlar salaryn-da, bütin gallamy, bar
zadymy şol ýere ýygnap, 19 özüme: Eý janym, köp ýyl
üçin ýygnalan birtopar zadym bar, dynjyňy al, iý, iç,
keýp çek" diýerin. 20 Emma Hudaý oňa: „Eý akmak! Edil
şu gijäniň özünde janyň senden alnar. Onsoň taýýarlan
zatlaryň kime galar?" diýýär. 21 Hudaýyň nazarynda baý
bolman, özi üçin döwlet ýygnaýan adamyň ýagdaýy
şeýledir».

### Gaýgy etmäň

22 Onsoň Isa şägirtlerine şeýle nesihat berdi: «Şonuň
üçin size diýýärin: näme iýerkäm diýip janyňyzy, näme
geýerkäm diýip teniňizi gaýgy etmäň. 23 Jan — iýmit-
den, ten egin-eşikden ýokarydyr. 24 Gargalara serediň,
olar ne ekýär, ne-de orýar. Olaryň ne ammarlary, ne-de
azyk saklanýan jaýlary bar. Muňa garamazdan, Hudaý
olary iýmitlendirýär. Siz guşlardan näçe gymmatlysy-
ňyz! 25 Siziň haýsy biriňiz alada edip, öz boýuňyzy tirsek
boýy artdyryp bilýärsiňiz? 26 Bu kiçijik zady edip bilme-
ýän bolsaňyz, onda nämä galan zatlaryň gaýgysyny
edýärsiňiz? 27 Liliýalaryň ösüşine serediň, olar ne zäh-
met çekýär, ne-de ýüp egirýär. Emma size diýýärin: Sü-
leýman özüniň bütin şan-şöhratynda hem bularyň biri
ýaly-da geýinmändi. 28 Bu gün meýdanda bolup, ertir
ojaga taşlanýan oty Hudaý şeýle geýindirýän bolsa, sizi
nähili artyk geýindirer, eý, imany azlar! 29 Siz-de näme
iýjegiňizi, näme içjegiňizi agtarmaň, gaýgy etmäň.
30 Çünki dünýäniň milletleri bularyň hemmesini agtar-
ýarlar, Ataňyz hem bularyň size gerekdigini bilýär.
31 Hudaýyň patyşalygyny agtaryň, bu zatlaryň hem ba-
ry size onuň üstüne goşulyp berler. 32 Gorkma, eý kiçi-
jik süri! Çünki Ataňyz Patyşalygy size bermäge razy
boldy. 33 Nämäňiz bar bolsa satyň, sadaka beriň. Özü-
ňize Gökde könelmeýän kiseler, tükenmeýän hazyna
taýýarlaň. Ol ýere ogry golaýlaşýan däldir, güýe deg-
ýän däldir. 34 Hazynaňyz nirede bolsa, ýüregiňiz hem
şol ýerde bolar».

### Oýa hem taýýarlykly boluň

35 Billeriňiz guşalgy, çyralaryňyz ýakylgy bolsun.
36 Agalary toýdan gelip, gapyny kakanda, tiz oňa aç-
mak üçin garaşýan adamlar ýaly boluň. 37 Agasy gelen-
de, oýadygyny görjek hyzmatkärleri nähili bagtly! Size
dogrusyny aýdýaryn, ol bilini guşap, olary saçak ba-
şynda oturdyp, geler-de, olara hyzmat eder. 38 Ikinji
nobatda ýa-da üçünji nobatda gelip-de, olaryň oýady-
gyny görse, ol hyzmatkärler bagtlydyr. 39 Emma muny
biliň: öý eýesi ogrynyň haýsy sagatda geljegini bilsedi,
oýa galardy we öýüni ýardyrmazdy. 40 Siz hem taýýar
boluň. Çünki Ynsan Ogly oslamaýan sagadyňyzda ge-
ler». 41 Şonda Petrus: «Ýa Reb! Bu tymsaly diňe bize
aýdýarsyňmy ýa-da hemmelere?» diýdi. 42 Reb şeýle
diýdi: «Onda, wagtly-wagtynda hyzmatkärlere nahar
paýlaryny bermek üçin, agasynyň olaryň üstünden go-
ýan sadyk hem akylly iş dolandyryjysy kim? 43 Agasy

gelende, onuň şeýle edip ýörenini görjek hyzmatkäri ne bagtly! 44 Size dogrusyny aýdýaryn: agasy bütin mal-mülküni şoňa ynanar. 45 Bu hyzmatkär öz içinden: „Agam giç geler" diýip, hyzmatkärleri, kenizleri urmaga, iýip-içip serhoş bolmaga başlasa, 46 Ol hyzmatkäriň agasy onuň oslamaýan gününde, bilmeýän sagadynda gelip, ony iki böler-de, paýyny imansyzlaryňky bilen deň eder. 47 Agasynyň islegini bilip, taýynlanmadyk, onuň islegini ýerine ýetirmedik hyzmatkär köp ýenjiler. 48 Ýöne bilmän, taýaga mynasyp iş eden az ýenjiler. Kime köp berlen bolsa, ondan has köp talap ediler, kime köp zat ynanylan bolsa, ondan köp hem islener. 49 Men dünýä ot ýagdyrmaga geldim, artykmaç tutaşyp ýanmagyny nähili arzuw edýärin! 50 Meniň ýerine ýetirmeli bir çokunmam bar, bu bolýança nähili darygýaryn! 51 Men ýer ýüzüne parahatlyk getirmäge gelendir öýdýärsiňizmi? Ýok, size aýdýaryn: tersine, bölünişik getirmäge geldim. 52 Mundan beýläk bir öýde ýaşaýan bäş adam bölünişip, üçüsi ikisine garşy, ikisi hem üçüsine garşy bolar. 53 Ata ogla garşy, ogul ata garşy, ene gyza garşy, gyz hem enä garşy, gaýynene gelne garşy, gelin hem gaýynenä garşy bolar».

### Alamatlara düşünmek

54 Isa halaýyga hem şeýle diýdi: «Siz bir buludyň günbatardan galanyny gören badyňyza: „Ýagyş gelýär" diýýärsiňiz, şeýle hem bolýar. 55 Ýel ilerden öwsende: „Yssy boljak" diýýärsiňiz, şeýle hem bolýar. 56 Eý ikiýüzlüler! Ýeriň, Gögüň ýüzüni tanap bilýän siz, nähili bolýar-da, häzirki wagty tanap bilmeýärsiňiz? 57 Näme üçin öz ýanyňyzdan dogryny saýgaryp bilmeýärsiňiz? 58 Dawagäriň bilen häkime barýarkaň, ýolda onuň bilen ýaraşjak bol, ol seni kazynyň öňüne sürmesin, kazy hem seni nobatçynyň eline bermesin, nobatçy hem seni zyndana salmasyn. 59 Saňa aýdýaryn, soňkuja köpügiňi berýänçäň, ol ýerden çykmarsyň».

## —NJI BAP

### Toba ediň

13 Şol wagt birnäçe adam gelip, Pilatusyň gurbanlaryny öz ganlaryna garan jelilelileri hakda Oňa gürrüň berdiler. 2 Isa şeýle jogap berdi: «Bu görgüleri görendikleri üçin, siz ol jelilelileri beýleki bütin jelilelilerden günäkärdir öýdýärsiňizmi? 3 Men size diýýärin: ýok! Ýöne toba etmeseňiz, siziň hemmäňiz şeýle heläk bolarsyňyz. 4 Ýa-da üstlerine Siloam minarasy ýykylyp ölen ol on sekiz adamy Iýerusalimde ýaşaýan ähli adamlardan ýazyklydyr öýdýärsiňizmi? 5 Men size diýýärin: ýok! Ýöne toba etmeseňiz, siziň hemmäňiz şolar ýaly heläk bolarsyňyz».

### Miwe bermeýän agaç

6 Onsoň Isa olara şu tymsaly aýtdy: «Bir adamyň bagynda bitip oturan bir injir agajy bar eken. Ol gelip, ondan miwe agtarýar, ýöne tapmaýar. 7 Bagbana: „Ine, üç ýyldyr, men gelip, bu agaçdan miwe agtarýaryn, emma tapmaýaryn. Ony kes, nämä ýeri biderek tutup otyr?" diýýär. 8 Emma bagban oňa şeýle diýýär: „Aga, oňa bu ýyl hem degme, men onuň töweregini gazyp, dökünläýin. 9 Miwe bersä oňat, bermese-de, geljek ýyl kesäýersiň"».

### Bir aýalyň sagaldylyşy

10 Isa Sabat güni sinagogalaryň birinde sapak berip otyrdy. 11 Ol ýerde on sekiz ýyl bäri içinde ejizlik ruhy bolan bir aýal bardy. Ol iki eplenip, asla gönelip bilmeýärdi. 12 Isa ony görende, ýanyna çagyryp, oňa: «Naçar! Sen öz ejizligiňden halas edildiň» diýdi. 13 Onsoň elini onuň üstünde goýdy welin, aýal derrew göneldi-de, Hudaýy şöhratlandyrmaga başlady. 14 Sinagoganyň başlygy Isanyň Sabat güni şypa berenine gahary geldi, halaýyga ýüzlenip: «Iş etmek üçin alty gün bardyr, şypa tapmaga Sabat güni däl-de, şol günlerde geliň» diýdi. 15 Reb hem oňa şeýle diýdi: «Ikiýüzlüler! Siziň haýsy biriňiz Sabat güni öküz ýa eşegini ahyryň başyndan çözüp, suwa ýakmaga äkitmeýär? 16 Bu bolsa Ybraýymyň on sekiz ýyllap şeýtan tarapyndan baglanan gyzy. Ol Sabat güni bu daňydan halas edilmeli dälmi?» 17 Isa bu sözleri aýdanda, Oňa garşy çykýanlaryň hemmesi utandylar, Onuň edýän dabaraly işlerine bütin halaýyk begendi.

### Gorçisa tohumy we hamyrmaýa

18 Onsoň Isa şeýle diýdi: «Hudaýyň Patyşalygy nämä meňzeýär? Men ony nämä meňzedeýin? 19 Ol bir adamyň alyp, öz bagynda eken gorçisa tohumy ýalydyr. Ol ösüp, bir uly agaç boldy, gögüň guşlary şahalarynda höwürtgelediler». 20 Ýene-de şeýle diýdi: «Hudaýyň Patyşalygyny nämä meňzedeýin? 21 Ol bir aýalyň alyp, bütin hamyr turşaýança üç çanak una goşan hamyrmaýasy ýalydyr».

### Dar gapy

22 Isa Iýerusalime tarap barşyna, şäherleriň, obalaryň içinden geçip, sapak berýärdi. 23 Bir adam Oňa: «Ýa Reb! Halas boljaklar azmy?» diýdi. Isa olara şeýle diýdi: 24 Dar gapydan girmäge çalşyň, çünki size diýýärin: birentekler girjek bolar, ýöne başarmaz. 25 Öý eýesi turup, gapyny ýapanda, siz daşarda galyp: „Ýa Reb, gapyny bize aç" diýip, gapyny kakmaga durarsyňyz. Emma Ol size: „Men sizi tanamaýaryn, nireden gelendigiňizi bilmeýärin" diýip jogap berer. 26 Şonda siz şeýle diýersiňiz: „Biz Seniň öňüňde iýip-içdik, Sen biziň köçelerimizde sapak berdiň". 27 Emma Ol: „Men sizi tanamaýaryn, niredendigiňizi bilmeýärin diýip aýdýaryn ahyryn. Baryňyz ýanymdan aýrylyň, eý, nähak iş edenler" diýer. 28 Ybraýymy, Yshagy, Ýakuby we ähli pygamberleri Hudaýyň Patyşalygynda, özüňiziň bolsa daşaryk kowulanyňyzy göreniňizde, ol ýerde aglama we diş gyjama

bolar. 29 Gündogardan, günbatardan, demirgazykdan, günortadan adamlar gelip, Hudaýyň Patyşalygynda saçak başynda oturarlar. 30 Ine, ilkinjiler boljak ahyrkylar bar we ahyrkylar boljak ilkinjiler bar».

### Eý Iýerusalim!

31 Şol wagt käbir fariseýler gelip, Oňa: «Bu ýerden aýryl, git, Hirodes Seni öldürmek isleýär» diýdiler. 32 Isa olara şeýle diýdi: «Gidiň-de, ol tilkä aýdyň, ine, Men bu gün we ertir jynlary kowup, şypa bererin, üçünji güni işimi bitirerin. 33 Ýöne Men bu gün, ertir we birigün ýol ýöremeli. Çünki bir pygamberiň Iýerusalimden daşarda ölmegi bolup biljek zat däldir. 34 Eý Iýerusalim! Pygamberleri öldürýän, özüne iberilenleri daşlaýan Iýerusalim! Bir towugyň jüýjelerini ganatlarynyň aşagyna ýygnaýşy ýaly, Men hem näçe gezek seniň çagalaryňy üýşürjek boldum, emma siz islemediňiz! 35 Ine, öýüňiz size haraba bolup galýar. Men size aýdýaryn: siz: „Rebbiň adyndan gelen gutly bolsun" diýene deňeç Meni görmersiňiz».

## —NJI BAP

### Isa bir fariseýiň öýünde

14 Bir Sabat güni Isa fariseýleriň başlyklaryndan biriniň öýüne nahara geldi. Olar hem Ony göz astyna alýardylar. 2 Ine, suw ýygnanma keselli bir adam Onuň garşysyna geldi. 3 Isa kanunçylara, fariseýlere ýüzlenip: «Sabat güni şypa bermek dogrumy ýa dogry dälmi?» diýdi. 4 Olar seslerini çykarmadylar. Isa hem ýaňky adamy ýanyna çekip, ony sagaldyp goýberdi. 5 Onsoň olardan: «Sabat güni sizden biriniň eşegi 6 Olar bu soraglara jogap berip bilmediler. 7 Isa çagyrylanlaryň töri saýlaýandyklaryny görüp, olara bir tymsal aýtdy: 8 Biri seni toýa çagyranda, baryp, töre geçme, ol senden has gadyrly birini hem çagyran bolaýmasyn. 9 Seni çagyran gelip, saňa: „Ýeriňi muňa ber" diýäýmesin. Onsoň sen utanyp, iň pes ýerde oturmaly bolarsyň. 10 Çagyrylanyňda, seni çagyran ýanyňa gelip: „Eý dost! Töre geç" diýer ýaly, baryp, iň pes ýerde otur. Onsoň saçak başynda özüň bilen oturanlaryň ýanynda hormatyň bolar. 11 Çünki kim özüni beýgeltse, peseler, özüni peseltse, beýgeler».

### Kimleri nahara çagyrmaly

12 Onsoň Isa Özüni çagyrana şeýle diýdi: «Öýlänlik ýa-da agşamlyk naharyny bereňde dostlaryňy, doganlaryňy ýa garyndaşlaryňy, ýa-da baý goňşularyňy çagyrma. Çagyrsaň, olar hem seni çagyryp, öwezini dolar. 13 Zyýapat bereňde garyplary, maýyplary, agsaklary, körleri çagyr. 14 Olar saňa öwezini dolup bilmedikleri üçin, sen bagtly bolarsyň, çünki dogrularyň direlen wagty, saňa onuň öwezi berler». 15 Isa bilen bile saçak başynda oturanlaryň biri muny eşidende Oňa: «Hudaýyň patyşalygynda çörek iýjek ne bagtly!» diýdi. 16 Ol hem oňa şeýle diýdi: «Bir adam uly zyýapat berip, birtopar adamy çagyrýar. 17 Nahar wagty bolanda çagyrylanlara: „Geliň, ähli zat taýýar" diýip, hyzmatkärini iberýär. 18 Emma olaryň bary, dilleşen ýaly, ötünç soramaga başlaýarlar. Ilkinjisi oňa: „Men bir bölek ýer satyn aldym, gidip şony görmeli. Haýyş edýärin, meni bagyşla" diýýär. 19 Beýlekisi: „Men bäş jübüt öküz satyn aldym, şolary barlamaga barýaryn. Haýyş edýärin, meni bagyşla" diýýär. 20 Ýene biri: „Men ýaňy öýlendim, şonuň üçin gelip bilmeýärin" diýýär. 21 Hyzmatkär gelip, bulary agasyna habar berýär. Onsoň öý eýesi gaharlanyp, hyzmatkärine: „Tiz şäheriň köçelerine, ýollaryna git-de, garyplary, maýyplary, körleri, agsaklary, şu ýere getir" diýýär. 22 Hyzmatkär: „Aga! Seniň aýdanyň ýerine ýetirildi, ýöne entek hem ýer bar" diýýär. 23 Onsoň aga hyzmatkärine: „Ýollara, haýatlara bar-da, adamlary güýç bilen getir, öýüm dolsun" diýýär. 24 Size aýdýaryn, çagyrylan adamlaryň ýekejesi hem Meniň zyýapat naharymdan datmaz».

### Isanyň şägirtleri

25 Uly märeke Isa bilen bile barýardy. Isa yzyna öwrülip, olara şeýle diýdi: 26 Kim Meniň ýanyma gelip, atasyny, enesini, aýalyny, oglan-uşagyny, doganyny, uýasyny hatda öz janyny hem ýigrenmese, Meniň şägirdim bolup bilmez. 27 Kim öz haçyny göterip, Meniň yzyma düşmese, Meniň şägirdim bolup bilmez. 28 Sizden biri bir minara saljak bolýar diýeli. Ol: „Muny tamamlamaga pulum ýetermikä?" diýip, ilki oturyp, harjyny hasaplamazmy? 29 Çünki binany tutup, soň işi tamamlap bilmese, muny görenleriň hemmesi oňa gülüp: 30 „Bu adam salmaga başlady welin, ýöne tamamlap bilmedi" diýer. 31 Ýa-da bir patyşa başga bir patyşa bilen uruş etmäge barýar diýeli. On müň esger bilen üstüme gelýän ýigrimi müňe garşylyk görkezmegi başararynmy diýip, ilki oturyp maslahatlaşmazmy? 32 Başarmajak bolsa, ol duşman entek uzakdaka, ilçi iberip, ýaraşyk şertlerini sorar. 33 Şeýlelikde, siziň her biriňiz bar zadyňyzdan el çekmeseňiz, Meniň şägirdim bolup bilmersiňiz. 34 Duz gowy zatdyr, ýöne ol öz tagamyny ýitirse, onda oňa näme bilen tagam berler? 35 Ol ne ýere, ne-de döküne ýarar, ony daşaryk zyňarlar. Gulagy barlar eşitsin!»

## —NJI BAP

### Ýiten goýun tymsaly

15 Bütin salgytçylardyr günäkärler Isanyň aýdýanlaryny diňlejek bolup, Onuň daşyna üýşüşýärdiler. 2 Fariseýler bilen kanunçylar bolsa: «Bu adam günäkärleri kabul edýär, olar bilen bile nahar iýýär» diýip hüňürdeşýärdiler. 3 Onsoň Isa olara şu tymsaly aýtdy: 4 Sizden biriniň ýüz goýny bar we olaryň birini ýitirýär diýeli. Ol togsan dokuzysyny düzde goýup, tapýança, ýiteniň yzyndan gitmezmi? 5 Tapanda bolsa ony begenç bilen gerşine alyp, 6 öýüne geler. Onsoň dostlary-

ny, goňşularyny çagyryp: „Meniň bilen bile şatlanyň.
Men ýiten goýnumy tapdym" diýer. 7 Size aýdýaryn: şu-
nuň ýaly, toba eden ýeke günäkär üçin, Gökde boljak
şatlyk toba mätäç däl togsan dokuz dogry adam üçin
bolan şatlykdan uly bolar».

### Ýiten pul tymsaly

8 Ýa-da bir aýalyň on sany kümüş puly bar we olaryň
birini ýitirýär diýeli. Ol çyrany ýakyp, öýi süpürip, tap-
ýança, dykgat bilen ony gözlemezmi? 9 Tapanda bolsa
öz joralaryny, goňşularyny çagyryp: „Meniň bilen bile
şatlanyň. Men ýitiren pulumy tapdym" diýer. 10 Şonuň
ýaly, Men hem size aýdýaryn: toba eden ýeke günäkär
üçin Hudaýyň perişdeleriniň arasynda şatlyk bolar».

### Ýiten ogul tymsaly

11 Isa ýene-de şeýle diýdi: «Bir adamyň iki ogly bar
eken. 12 Kiçi ogly kakasyna: „Kaka, mal-mülkden maňa
ýetenini ber" diýýär. Kakasy hem baýlygyny ogullary-
nyň arasynda bölýär. 13 Birnäçe günden soň kiçi ogly
bar-ýoguny toplap, bir daş ýurda gidýär, ol ýerde aýşy-
eşretde ýaşap, mal-mülküni sowurýar. 14 Baryny so-
wandan soň, ýaňky ýurda gaty açlyk düşüp, ol mätäçlik
çekmäge başlaýar. 15 Şeýlelikde, baryp, şol ýurtlularyň
birine günlükçi bolýar. Ol hem ony öz örülerine doňuz
bakmaga ýollaýar. 16 Oglanyň doňuzlaryň iýýän kösük-
leri bilen garnyny doýrasy gelýär, ýöne oňa hiç kim
bermeýär. 17 Ol ahyrsoňy aýňalyp, öz-özüne şeýle diý-
ýär: „Kakamyň günlükçilerinden birenteginiň artykmaç
çörekleri bar, men bolsam bu ýerde açlykdan öljek bo-
lup ýörün! 18 Kakamyň ýanyna baryp oňa: kaka, Men
Hudaýa 19 Men indi seniň ogluň diýilmäge mynasyp
däl, meni öz günlükçileriňden biri ýaly et" diýeýin.
20 Turup, kakasynyň ýanyna gidýär. Entek daşdaka, ka-
kasy ony görüp, oňa ýüregi awaýar, ylgap baryp oglu-
nyň boýnundan gujaklap, ony ogşaýar. 21 Ogly oňa:
„Kaka, men Hudaýa hem saňa garşy günä etdim. Men
indi seniň ogluň diýilmäge mynasyp däl" diýýär. 22 Em-
ma kakasy hyzmatkärlerine şeýle tabşyryk berýär:
„Derrew iň gowy dony getiriň-de, oňa geýdiriň. Ellerine
ýüzük, aýaklaryna çaryk beriň. 23 Baga bakylan göläni
getiriň-de, damagyny çalyň, iýip şatlanalyň! 24 Çünki
meniň bu oglum ölüdi, direldi, ýitipdi, tapyldy". Şeýdip,
olar toý etmäge başlaýarlar. 25 Onuň uly ogly ekin meý-
danynda eken. Gelip, öýe golaýlanda, aýdym-saz hem
tans sesi gulagyna ilýär. 26 Hyzmatkärleriň birini ýany-
na çagyryp, munuň nämedigini soraýar. 27 Ol hem oňa:
„Doganyň geldi. Kakaň ony sag-aman yzyna alany
üçin, baga bakylan göläniň damagyny çaldy" diýýär.
28 Ol gaharlanyp, içerik girmejek bolýar. Kakasy daşa-
ryk çykyp, oňa ýalbarýar. 29 Emma ol kakasyna jogap
berip diýýär: „Ine, näçe ýyldyr men saňa hyzmat edýä-
rin, seniň buýruklaryňa hiç haçan garşy çykamok. Mu-
ňa garamazdan, öz dostlarym bilen şatlyk eder ýaly,
sen maňa hiç haçan bir çebiş hem bermediň. 30 Emma
bütin baýlygyňy ahlaksyz aýallara ýoklan bu ogluň ge-
lende, sen onuň üçin baga bakylan göläniň damagyny
çalýarsyň". 31 Kakasy oňa: „Oglum, sen hemişe meniň
ýanymda, meniň bar zadym seniňki. 32 Ýöne şatlyk
edip, begenişmek gerek, çünki doganyň ölüdi, direldi,
ýitipdi, tapyldy"» diýýär.

### Hilegär iş dolandyryjynyň tymsaly

16 Isa şägirtlerine ýüzlenip şeýle diýdi: «Bir baý
adamyň iş dolandyryjysy bar eken. Oňa: „Iş do-
landyryjyň seniň mal-mülküňi dargadýar" diýip şikaýat
edýärler. 2 Baý ony ýanyna çagyryp: „Sen barada me-
niň bu eşidýänlerim näme! Iş dolandyryşyň babatda
hasabat ber, çünki sen indi iş dolandyryjy bolup bilme-
ýärsiň" diýýär. 3 Iş dolandyryjy öz-özüne şeýle diýýär:
„Näme ederkäm? Agam meniň işimi elimden alýar. Ga-
zy gazmagy başarmaýaryn, dilenmäge utanýaryn. 4 Işi-
mi elden beremde, halk meni öýüne kabul eder ýaly,
näme etjegimi bilýärin". 5 Şeýlelikde, agasyna bergili
adamlary ýekän-ýekän çagyryp, birinjisine: „Meniň
agama näçe bergiň bar?" diýýär. 6 Ol: „Ýüz çanak zeý-
tun ýagy" diýýär. Oňa: „Borçnamaňy al, derrew otur-
da, şony elli edip ýaz" diýýär. 7 Onsoň başga birine:
„Seniň näçe bergiň bar?" diýýär. Ol hem: „Ýüz çanak
bugdaý" diýip jogap berýär. Oňa-da: „Borçnamaňy al-
da, şony segsen edip ýaz" diýýär. 8 Agasy bu hilegär iş
dolandyryjyny paýhasly hereket edeni üçin öwýär.
Çünki bu döwrüň ogullary öz nesline garşy hereket et-
mekde nur ogullaryndan paýhaslydyr. 9 Size aýdýaryn:
mal-mülküňiz tükenende, olar sizi ebedi mesgenlere
kabul eder ýaly, dünýäniň hileli baýlygy bilen dost ga-
zanyň».

### Baýlyk we ynamlylyk

10 Az zatda ynamly bolan köp zatda hem ynamlydyr,
az zatda hilegär bolan köp zatda hem hilegärdir. 11 Şeý-
lelikde, dünýäniň hileli baýlygynda ynamly bolmadyk
bolsaňyz, çyn baýlygy size kim ynanar? 12 Kesekiniň
maly barada ynamly bolmadyk bolsaňyz, özüňiziňkini
size kim berer? 13 Hiç bir hyzmatkär iki hojaýyna hyz-
mat edip bilmez. Çünki ol ýa birini ýigrenip, ol birini sö-
ýer, ýa-da birine wepaly bolup, ol birini äsgermezlik
eder. Siz hem Hudaýa, hem mammona 14 Puly söýýän
fariseýler bu sözleri eşidip, Isa güldüler. 15 Isa olara
şeýle diýdi: «Siz özüňizi adamlaryň ýanynda aklaýarsy-
ňyz, ýöne Hudaý ýüregiňizi bilýändir. Adamlar arasyn-
da ýokary saýylýan zat Hudaý ýanynda ýigrenjidir.
16 Kanun we Pygamberler ýazgylary Ýahýanyň zamany-
na çenli bildirildi. Hudaýyň Patyşalygynyň hoş habary
şondan bäri wagyz edilip gelinýär, her kim zor bilen
oňa girýär. 17 Emma Gök bilen Ýeriň geçip gitmegi Mu-
kaddes Kanundan ýekeje nokadyň gaçyp galmagyn-
dan aňsatdyr. 18 Aýalyny aýryp, başga aýala öýlenen
her kes zyna edýändir, ärinden aýrylan aýala öýlenen-
de zyna edýändir».

### Baý we gedaý

19 Bir baý adam bar eken. Ol gyrmyzy we nepis kete-
niden tikilen eşikler geýnip, her gününi toý-meýlisde
geçirer eken. 20 Onuň gapysynyň agzynda tutuş bede-
nini baş tutan Lazar atly bir gedaý ýatar eken. 21 Ol ba-
ýyň saçagyndan dökülen owuntyklary iýmegiň arzu-
wynda eken. Itler hem gelip, onuň başyny ýalar eken.
22 Gedaý ölende, perişdeler ony Ybraýymyň gujagyna
äkidýärler. Soň baý hem ölüp, jaýlanýar. 23 Ol dowzah-
da gynalyp ýörkä, gabagyny galdyryp, uzakdan Ybra-
ýymy, onuň gujagyndaky Lazary görýär. 24 Şonda gygy-
ryp: „Eý, Ybraýym ata! Maňa rehim et, Lazary iber, bar-
magynyň başyny suw bilen ölläp, meniň dilimi sowat-
syn. Çünki bu ýalynda azap çekýärin" diýýär. 25 Emma
Ybraýym şeýle diýýär: „Eý ogul! Sen öz ýaşaýşyňda
oňat zatlar alanyňy, Lazaryň bolsa erbet zatlar alanyny
ýadyňa sal, indi ol bu ýerde rahatlyk görýär, sen azap
çekýärsiň. 26 Mundan başga hem, bu ýerden siz tarapa
geçjek bolýanlar, ol ýerden hem biz tarapa geçjek bol-
ýanlar geçip bilmez ýaly, biz bilen siziň araňyzda uly
uçut goýlupdyr". 27 Ol-da şeýle diýýär: „Eý ata! Haýyş
edýärin, ony meniň atamyň öýüne iber. 28 Çünki meniň
bäş doganym bar. Olar bu gynalýan ýere gelmez ýaly,
Lazar baryp habar etsin". 29 Emma Ybraýym: „Olarda
Musanyň, pygamberleriň ýazgylary bar, şolara gulak
assynlar" diýýär. 30 Ol hem: „Ýok, eý Ybraýym ata! Olar
diňe ölülerden biri ýanlaryna barsa, toba ederler" diý-
ýär. 31 Ybraýym oňa şeýle diýýär: „Olar Musa hem py-
gamberlere gulak asmaýan bolsalar, onda ölülerden
biri direlse-de, ynanmazlar"».

### —NJI BAP

### Günä, iman we wezipe

17 Isa şägirtlerine şeýle diýdi: «Adamlaryň günä et-
megine sebäp bolýan zatlaryň gelmezligi müm-
kin däl, ýöne olary getiren adamyň gününe waý! 2 Bu
çagalaryň biriniň günä etmegine sebäp bolmakdan
boýnundan bir degirmen daşy asylyp, deňze taşlan-
mak onuň üçin oňat bolardy. 3 Habardar boluň! Doga-
nyň günä etse, oňa käýe, toba etse, ony bagyşla. 4 Ol
saňa garşy günde ýedi gezek günä etse, ýedi gezek-de
ýanyňa gelip: „Toba edýärin!" diýse, ony bagyşla».
5 Resullar Rebbe: «Biziň imanymyzy köpelt!» diýdiler.
6 Reb şeýle diýdi: «Eger siziň bir gorçisa dänesi ýaly
imanyňyz bolup, şu tut agajyna: „Şu ýerden goparyl-
da, deňizde göger!" diýsediňiz, ol size gulak asar. 7 Em-
ma sizden kim ýer sürýän ýa-da çopançylyk edýän hyz-
matkäri bolup, ol düzden öýe gelende: „Tiz gel-de, sa-
çak başyna geç" diýer? 8 Gaýtam, oňa: „Meniň agşam-
lygymy taýýarla, biliňi guşa-da, iýip-içýänçäm, maňa
gulluk et, sen onsoň iýip-içersiň" diýmezmi? 9 Buýruk-
laryny berjaý edeni üçin, ol hyzmatkäre minnetdarlyk
bildirermi? Güman etmeýärin. 10 Siz hem özüňize buý-
rulan ähli zady berjaý edeniňizden soň: „Biz dereksiz
hyzmatkärlerdiris, biz diňe öz wezipämizi berjaý etdik"
diýiň».

### On heýwere keselli

11 Isa Iýerusalime tarap barýarka, Samariýa bilen Jeli-
le arasyndaky serhediň boýy bilen gitdi. 12 Baryp bir
oba girende, Oňa endamy pis açan on adam sataşdy.
Olar daşda durup, 13 gaty ses bilen: «Isa Ussat, bize re-
him et!» diýdiler. 14 Isa olary görüp: «Baryň, ruhanylara
görnüň» diýdi. Olar ýoldakalar keselden gutuldylar.
15 Olaryň biri sagalanyny görende, gaty ses bilen Hu-
daýy şöhratlandyryp yzyna öwrüldi. 16 Ol Isanyň aýagy-
na ýüzin ýykylyp, Oňa minnetdarlyk bildirdi. Bu adam
samariýalydy. 17 Isa şeýle diýdi: «Keselden gutulanlar
on dälmidi? Galan dokuzy hany? 18 Bu ýat adamdan
başga yzyna öwrülip, Hudaýy şöhratlandyran bolma-
dymy?» 19 Onsoň oňa: «Tur, git, imanyň seni halas etdi»
diýdi.

### Hudaýyň Patyşalygy haçan geler?

20 Fariseýler Hudaýyň Patyşalygynyň haçan geljegini
ondan soranlarynda, Isa olara şeýle jogap berdi: «Hu-
daýyň Patyşalygy ne göze görnüp geler, 21 ne-de „Ine,
bu ýerde!" ýa-da „Ine, ol ýerde!" diýerler. Çünki Huda-
ýyň Patyşalygy siziň içiňizdedir». 22 Onsoň şägirtlerine
şeýle diýdi: «Ynsan Oglunyň günlerinden birini görme-
gi küýsejek wagtyňyz gelýär, ýöne ony görmersiňiz.
23 Size: „Ine, şu ýerde" ýa-da „Ine, ol ýerde" diýerler.
Gitmäň, olaryň yzyna düşmäň! 24 Çünki ýyldyrym Gö-
güň bir ujundan çakyp, ol ujuny-da nähili ýagtyldýan
bolsa, Ynsan Ogly hem Öz gününde şeýle bolar. 25 Ýö-
ne Ol öňürti köp görgi görmeli, bu nesil tarapyndan
ret edilmelidir. 26 Nuhuň günlerinde nähili bolan bolsa,
Ynsan Oglunyň günlerinde-de şeýle bolar. 27 Adamlar
Nuhuň gämä münen gününe deňeç iýýär, içýär, öýlen-
ýär we äre çykýardylar. Soň tupan turup, hemmesini
dargatdy. 28 Lutuň günlerinde hem şonuň ýaly boldy:
adamlar iýýär, içýär, alýar, satýar, ekýär we dikýärdiler.
29 Emma Lutuň Sodomdan çykan güni Gökden ot bilen
kükürt ýagyp, hemmesini dargatdy. 30 Ynsan Oglunyň
görünjek gününde hem şeýle bolar. 31 Şol gün özi öýüň
üçeginde bolup, zatlary öýüň içinde bolan adam olary
aljak bolup, aşak inmesin. Şonuň ýaly, ekin meýdanyn-
daky hem yzyna öwrülmesin. 32 Lutuň aýalyny ýada sa-
lyň! 33 Kim janyny saklamaga çalyşsa, ony ýitirer, kim
janyny ýitirse, ony diri saklar. 34 Size aýdýaryn: ol gije
bir düşekde iki adam bolar, biri alnar, biri goýlar. 35 Bi-
lelikde galla üweýän iki aýal bolar, biri alnar, ol biri
goýlar. 36 Ekin meýdanynda iki adam bolar, biri alnar,
biri goýlar». 37 Oňa ýüzlenip: «Ýa Reb, nirede?» diýdiler.
Ol hem: «Maslyk nirede bolsa, garaguşlar hem şol ýere
üýşüşýändir» diýip jogap berdi.

## —NJI BAP

### Hemişe doga

18 Hemişe doga edip, asla ruhdan düşmezligiň
zerurlygy hakda hem Isa Öz şägirtlerine bir tym-
sal aýtdy: 2 Bir şäherde Hudaýdan gorkmaýan, adamla-
ry äsgermeýän bir kazy bar eken. 3 Şol şäherde bir dul
hatyn hem bar eken. Ol gelip: „Dawagärimden meniň
hakymy alyp ber" diýýär. 4 Kazy birnäçe wagtlap etme-
ýär. Soň bolsa öz-özüne şeýle diýýär: „Men Hudaýdan
gorkmasam-da, adamlary äsgermesem-de, 5 üznüksiz
gelip, meni bizar etmez ýaly, bu dul hatynyň hakyny
alyp bereýin. Çünki maňa köp ezet berýär"». 6 Reb şeý-
le diýdi: «Adalatsyz kazynyň aýdýanyna gulak asyň.
7 Hudaý gije-gündiz Özüne ýüz tutup, perýat edýän
saýlananlarynyň hakyny almazmy? Olaryň hakyny al-
magy gijikdirermi? 8 Size diýýärin: haklaryny tiz alar.
Emma Ynsan Ogly gelende ýeriň ýüzünden iman ta-
parmy?»

### Fariseý we salgytçy

9 Öz dogrulygyna bil baglap, beýlekileri kemsidýän
käbir adamlara Isa şu tymsaly aýtdy: 10 Iki adam doga
etjek bolup, ybadathana gidýär. Olaryň biri fariseý, bi-
ri-de salgytçy eken. 11 Fariseý durup, öz içinden şeýle
doga edýär: „Eý Hudaý! Men başga adamlar kimin ta-
laňçy, egri, zynagär we bu salgytçy ýaly-da däldigime
şükür edýärin. 12 Men hepdede iki gezek oraza tutýa-
ryn, bütin girdejimden zekat berýärin". 13 Salgytçy bol-
sa daşda durýar. Ol gabagyny Göge galdyrmaga hem
ýürek etmeýär, ýöne gursagyna urup: „Eý Hudaý! Men
günäkäre rehim et!" diýýär. 14 Size aýdýaryn, fariseý
däl, şu adam aklanyp, öýüne gidýär, çünki her kim özü-
ni beýgeltse, peseler, özüni peseltse, beýgeler».

### Isa çagalara ak pata berýär

15 Kiçijik çagalara elini degirsin diýip, olary Isanyň ýa-
nyna getirýärdiler. Şägirtleri muny görenlerinde olara
käýediler. 16 Emma Isa olary ýanyna çagyryp, şeýle diý-
di: «Degmäň, çagalar Meniň ýanyma gelsin, olary bök-
demäň. Çünki Hudaýyň Patyşalygy şular ýalylaryňky-
dyr. 17 Size dogrusyny aýdýaryn: kim Hudaýyň Patyşa-
lygyny bir çaga ýaly kabul etmese, ol ýere asla girip bil-
mez».

### Baýlyk hem ebedi ýaşaýyş

18 Bir başlyk Ondan: «Ýagşy Mugallym! Men ebedi ýa-
şaýşy miras almak üçin näme etmeli?» diýip sorady.
19 Isa oňa şeýle jogap berdi: «Näme üçin Maňa ýagşy
diýýärsiň? Bir Hudaýdan başga hiç kim ýagşy däldir.
20 Sen tabşyryklary bilýänsiň: zyna etme, adam öldür-
me, ogrulyk etme, ýalan güwälik berme, ataňy, eneňi
syla». 21 Ol: «Men bularyň hemmesini ýaşlygymdan bä-
ri berjaý edip gelýärin» diýdi. 22 Isa muny eşidende
oňa: «Seniň ýene bir zadyň kem. Nämäň bar bolsa, ba-
ryny sat-da, garyplara paýla, Gökde hazynaň bolar. On-
soň gel, Meniň yzyma düş» diýdi. 23 Ol bu sözleri eşi-
dende, gaty tukat boldy, çünki çakdanaşa baýdy. 24 Isa
onuň tukatlygyny görüp, şeýle diýdi: «Barlylara Huda-
ýyň Patyşalygyna girmek nähili çetin! 25 Bir düýäniň iň-
ňäniň gözünden geçmegi, barly adamyň Hudaýyň Pa-
tyşalygyna girmeginden aňsatdyr». 26 Muny eşidenler:
«Onda kim gutulyp biler?» diýdiler. 27 Ol: «Ynsan üçin
mümkin däl zatlar, Hudaý üçin mümkindir» diýdi.
28 Petrus Oňa: «Ine, biz ähli zadymyzy taşlap, Seniň
yzyňa düşdük» diýdi. 29 Isa olara şeýle diýdi: «Size dog-
rusyny aýdýaryn: Hudaýyň Patyşalygynyň hatyrasy
üçin öýüni, aýalyny, doganlaryny, ene-atasyny ýa-da
oglan-uşagyny taşlap, 30 bu zamanda köp essesini we
geljek döwürde ebedi ýaşaýşy almajak ýokdur».

### Isa ölüp direljegini ýene aýdýar

31 Isa on iki şägirdi çete çekip, şeýle diýdi: «Ine, biz
Iýerusalime barýarys. Ynsan Ogly hakda pygamberler
arkaly ýazylanlaryň hemmesi berjaý bolar! 32 Çünki Ol
milletlere tabşyrylar. Olar Oňa gülerler, masgaralarlar,
Onuň üstüne tüýkürerler we Ony gamçylap öldürerler.
33 Ýöne ölenden üç günden soň Ol direler». 34 Şägirtler
bu zatlaryň hiç birine düşünmediler. Bu sözleriň many-
sy olardan gizlenipdi. Olar Onuň näme hakda gürrüň
edýänini bilmediler.

### Bir körüň gözi açylýar

35 Isa Eriha golaýlanda, ýoluň kenarynda bir kör
adam dilegçilik edip otyrdy. 36 Ol halaýygyň gapdalyn-
dan geçip barýanyny eşidip: «Bu näme?» diýip sorady.
37 Oňa: «Nasyraly Isa geçip barýar» diýip habar berdi-
ler. 38 Ol hem: «Eý, Dawut Ogly Isa! Maňa rehim et!» di-
ýip gygyrdy. 39 Öňden barýanlar sesini çykarmasyn di-
ýip, oňa käýediler, ýöne ol öňküden hem gaty: «Dawut
Ogly! Maňa rehim et!» diýip gygyrdy. 40 Isa durdy-da, ol
adamy getirsinler diýip, buýruk berdi. Ol golaý gelen-
de, Isa ondan: 41 «Seniň üçin näme etmegimi isleýär-
siň?» diýip sorady. Ol: «Ýa Reb! Gözüm görsün» diýdi.
42 Isa oňa: «Gözüň görsün! Imanyň saňa şypa berdi»
diýdi. 43 Onuň gözleri derrew görensoň, Hudaýy şöh-
ratlandyrdy-da, Isanyň yzyna düşüp gidiberdi. Bütin
halaýyk muny görüp, Hudaýa alkyş okady.

### Isa bilen Zakkaý

19 Isa Eriha girip, onuň içinden geçip barýardy.
2 Ine, ol ýerde baş salgytçy bolan Zakkaý atly bir
baý adam bardy. 3 Zakkaý Isanyň kimdigini görjek bol-
dy, ýöne märeke zerarly görüp bilmedi, çünki boýy
gysgady. 4 Şeýlelikde, Ony görmek üçin ylgap, öňe geç-
di-de, bir ýabany injir agajynyň üstüne çykdy, çünki Isa
şol ýoldan gelýärdi. 5 Isa ol ýere gelende, ýokary sere-
dip, Oňa: «Zakkaý! Tiz aşak düş, çünki Men bu gün se-
niň öýüňde galmaly» diýdi. 6 Ol hem tiz aşak düşüp,

Ony şatlyk bilen kabul etdi. 7 Halaýyk muny görüp: «Bir günäkäriň öýüne myhman boldy» diýşip, hüňürdemäge başladylar. 8 Zakkaý bolsa galyp, Rebbe: «Ine, ýa Reb! Men baýlygymyň ýarysyny garyplara berýärin. Kimiň-de zadyny aldaw bilen alan bolsam, dört esse edip gaýtaryp bereýin» diýdi. 9 Isa oňa şeýle diýdi: «Bu gün bu öýe gutulyş geldi, çünki bu adam hem Ybraýymyň ogullarynyň biri. 10 Ynsan Ogly ýitenleri agtaryp, halas etmäge gelendir».

### Sadyklyk synagy

11 Bu zatlary diňläp durkalar, Isa bir tymsal bilen sözüniň üstüni ýetirdi. Çünki Ol Iýerusalimiň golaýyndady, halaýyk hem Hudaýyň Patyşalygy tiz görner diýip güman edýärdi. 12 Isa şonuň üçin şeýle diýdi: «Bir asylzada özüne patyşalyk alyp geljek bolup, bir uzak ýurda ýola düşýär. 13 Ol hyzmatkärlerinden onusyny çagyryp, olara: „Men gelýänçäm, şu puly işlediň" diýip, on mina pul berýär. 14 Emma ildeşleri ony ýigrenýän eken. Onuň yzyndan ilçiler iberip: „Bu adamyň biziň üstümizden patyşalyk etmegini islemeýäris" diýýärler. 15 Ol patyşalygy alyp, yzyna gelende, kimiň näme gazananyny biljek bolup, pul beren hyzmatkärlerini ýanyna çagyrýar. 16 Birinjisi gelip, şeýle diýýär: „Aga! Seniň bir minaň ýene on mina gazandy". 17 Oňa: „Berekella, ýagşy hyzmatkär! Az zatda sadyk bolanyň üçin, on şähere häkim bol" diýýär. 18 Ikinjisi gelip: „Aga! Seniň bir minaň ýene bäş mina gazandy" diýýär. 19 Muňa hem: „Sen-de bäş şähere häkim bol" diýýär. 20 Onsoň beýlekisi gelip, şeýle diýýär: „Aga! Ine, seniň bir minaň, men ony elýaglyga düwüp sakladym. 21 Çünki hyrsyz adamdygyň üçin senden gorkdum. Sen goýmadygyňy alýarsyň, ekmedigiňi orýarsyň". 22 Agasy oňa şeýle diýýär: „Eý, erbet hyzmatkär, seni öz agzyň bilen höküm ederin! Sen meniň hyrsyz adamdygymy, goýmadygymy alýanymy, ekmedigimi orýanymy bilýärmidiň? 23 Onda öwrülip gelenimde, peýdasy bilen alar ýaly, pulumy näme üçin pul işledýänlere bermediň?" 24 Onsoň ol ýerde duranlara diýýär: „Minany ondan alyň-da, on minala beriň". 25 Oňa: „Aga, onuň özünde on mina bar!" diýýärler. 26 Ol jogap berýär: „Men size diýýärin, kimde bar bolsa, oňa berler, kimde ýok bolsa, onuň elindäki hem alnar. 27 Üstlerinden patyşalyk etmegimi islemeýän duşmanlarymy bolsa şu ýere getiriň-de, gözümiň alnynda öldüriň"».

### Isanyň Iýerusalime girişi

28 Isa bulary aýdyp bolansoň, öňe düşüp, Iýerusalime tarap ugrady. 29 Zeýtun diýen dagyň etegindäki Beýtfajy bilen Beýtaniýa golaýlanda, şägirtlerinden ikisini ýollap, şeýle diýdi: 30 Öňüňizdäki oba baryň. Oba gireniňizde daňylgy duran bir taýhar taparsyňyz, üstüne şu wagta çenli hiç kim münen däldir. Şony çözüň-de, alyp geliň. 31 Eger biri sizden: „Näme üçin ony çözýärsiňiz?" diýip sorasa: „Bu taýhar Rebbe gerek" diýiň». 32 Ýollananlar gidip, baryny Onuň aýdyşy ýaly tapdylar. 33 Taýhary çözüp durkalar, onuň eýeleri: «Taýhary näme üçin çözýärsiňiz?» diýip soradylar. 34 Olar hem: «Bu taýhar Rebbe gerek» diýdiler. 35 Taýhary Isanyň ýanyna getirip, öz egin-eşiklerini onuň üstüne atdylar-da, Isany oňa mündürdiler. 36 Ol gidip barýarka, halk öz eginbaşlaryny ýola düşeýärdi. 37 Isa Zeýtun dagynyň eňňidine golaýlanda, şägirtleriň bary gören bütin mugjyzalaryna begenip, Hudaýy şöhratlandyrmaga başladylar. 38 Olar: «Rebbiň adyndan gelýän Patyşa gutly bolsun! Gökde parahatlyk, iň ýokarlarda şöhrat!» diýýärdiler. 39 Halaýygyň arasyndan käbir fariseýler Isa: «Mugallym! Şägirtleriňe käýe!» diýdiler. 40 Emma Ol: «Size aýdýaryn: olar dymsa, daşlar gygyryşar» diýdi.

### Isa Iýerusalim üçin aglaýar

41 Isa Iýerusalim şäherine golaýlanda, ony görüp aglady. 42 Diýdi: «Wah, sen, hawa, sen nämäniň özüňe parahatlyk getirjegini şu günüňde bir bilseňdiň! Ýöne ol entek seniň gözleriňden gizlin. 43 Seniň başyňa şeýle günler geler: duşmanlaryň daşyňa garymlar gazyp, seni gurşar, her ýandan gysyp-gowrar. 44 Seni, içiňdäki çagalary ýere ýegsan eder, içiňde daş üstünde daş goýmaz, çünki sen Hudaýyň özüňe gelen wagtyny bilmediň».

### Isa satyjylary ybadathanadan kowýar

45 Onsoň Isa ybadathana girip, ol ýerdäki satyjylary kowmaga başlady. 46 Olara: «„Meniň öýüm doga öýüdir" diýip ýazylgydyr, siz muny garakçylaryň sürenine öwürdiňiz» diýdi. 47 Ol her gün ybadathanada sapak berýärdi. Baş ruhanylar, kanunçylar we halkyň baştutanlary bolsa Ony heläk etmegiň küýündediler. 48 Ýöne munuň ýoluny tapyp bilmeýärdiler, çünki bütin halk Onuň agzyna garaýardy.

## —NJI BAP

### Isanyň ygtyýary

20 Günleriň birinde Isa ybadathanada halka sapak berip, Hoş Habary wagyz edip otyrka, baş ruhanylar, kanunçylar we ýaşulular Onuň üstüne gelip, 2 Oňa: «Bize aýt, göreli, Sen haýsy ygtyýar bilen bu zatlary edýärsiň? Bu ygtyýary Saňa kim berdi?» diýdiler. 3 Ol şeýle diýdi: «Men-de sizden bir zat sorajak. Maňa aýdyň, göreýin, 4 Ýahýanyň çokundyrmasy Gökdenmidi ýa-da ynsandan?» 5 Olar hem özara pikir alşyp, şeýle diýişdiler: «Eger: „Gökden" diýsek, Ol bize: „Onda, näme üçin oňa iman getirmediňiz?" diýer. 6 Eger-de: „Ynsandan" diýsek, bütin halaýyk bizi daşlar, çünki Ýahýanyň pygamberdigine halkyň ynamy bar». 7 Şeýlelikde: «Biz onuň niredendigini bilmeýäris» diýip jogap berdiler. 8 Isa hem: «Men-de size bu zatlary haýsy ygtyýar bilen edýänimi aýtmaryn» diýdi.

### Üzümlik we bagbanlar tymsaly

9 Soňra halka şu tymsaly aýtmaga durdy: «Bir adam
üzümlik gurap, ony bagbanlara ekerine berip, uzak
wagtlaýyn ýola gidýär. 10 Möwsümi gelende, üzümligiň
miwesinden bersinler diýip, bagbanlara bir hyzmatkä-
rini iberýär. Emma bagbanlar ony ýenjip, boş kowup
goýberýärler. 11 Ol başga bir hyzmatkärini iberýär, bag-
banlar ony-da ýenjip, biabraý edip, boş kowup goýber-
ýärler. 12 Ol üçünjini-de iberýär. Olar ony hem ýaralap,
daşaryk taşlaýarlar. 13 Onsoň üzümligiň eýesi: „Men nä-
me etmeli? Gel, öz söýgüli oglumy ibereýin, belki, ony
sylarlar" diýýär. 14 Bagbanlar bolsa ony görenlerinden,
özara pikir alşyp: „Mirasdar şu, şuny öldüreliň, miras
bize galar" diýişýärler. 15 Şeýlelikde, ony-da üzümlikden
daşaryk taşlaýarlar we öldürýärler. Indi üzümligiň eýe-
si bulara näme eder? 16 Ol gelip bu bagbanlary heläk
eder-de, üzümligi başgalaryna berer». Halk muny eşi-
dip: «Hernä, beýle bolmasyn!» diýdi. 17 Isa olara bakyp,
şeýle diýdi: «Onda, „Ussalaryň ret eden daşy, burçuň
başy boldy" diýen ýazgynyň manysy näme? 18 Kim bu
daşyň üstüne ýykylsa, bölek-bölek bolar, ol biriniň üs-
tüne gaçsa, ony mynjyradar». 19 Kanunçylar bilen baş
ruhanylar Ony şol sagatda tutmagyň ýoluny agtardy-
lar, çünki bu tymsaly özlerine kakdyryp aýdanyny aň-
dylar. Ýöne halkdan gorkýardylar.

### Kaýsaryňky kaýsara

20 Ony göz astyna aldylar we gepde tutup, häkimiň
höküm hem ygtyýaryna bersinler diýip, dogrusyraýan
birnäçe içalyny Onuň yzyna saldylar. 21 Şeýlelikde, içaly-
lar Oňa sorag berip, şeýle diýdiler: «Mugallym! Biz Se-
niň dogry zady aýdyp öwredýäniňi, adamlaryň dereje-
sine bakman, Hudaýyň ýoluny hakykat ýüzünden öw-
redýäniňi bilýäris. 22 Biziň kaýsara salgyt tölemegimiz
dogrumy ýa dälmi?» 23 Isa olaryň hilesine düşünip:
24 «Maňa bir dinary görkeziň. Onuň ýüzündäki surat bi-
len ýazgy kimiňki?» diýdi. Olar: «Kaýsaryňky» diýip jo-
gap berdiler. 25 Ol: «Onda, kaýsaryňkyny kaýsara, Hu-
daýyňkyny Hudaýa beriň» diýdi. 26 Olar halkyň ýanynda
Ony sözünde tutup bilmän, beren jogabyna geňirgeni-
şip, seslerini çykarmadylar.

### Direliş barada sorag

27 Ölümden direlme ýokdur diýýän saddukeýleriň kä-
biri Isanyň ýanyna gelip, Oňa şeýle sorag berdiler:
28 Mugallym! Musa bize bir adamyň dogany zürýatsyz
ölüp, yzynda aýaly galsa, dogany onuň aýalyny alyp,
doganyna nesil ýetişdirmelidir diýip ýazypdyr. 29 Ýedi
dogan bardy. Birinjisi bir aýal alyp, zürýatsyz öldi.
30 Ikinjisi we üçünjisi hem şol aýaly aldy. 31 Şeýdip, ýedi-
si hem yzlarynda zürýat galdyrman öldüler. 32 Ahyrso-
ňy aýal hem öldi. 33 Indi ölüler direlende, bu aýal ola-
ryň haýsysynyň aýaly bolar? Çünki ýedisi hem ony aýal
edinipdiler». 34 Isa olara şeýle diýdi: «Bu döwrüň adam-
lary öýlenýändir, äre çykýandyr. 35 Ýöne ol döwre, ölü-
lerden direlişe ýetmäge mynasyp görlenler ne öýlener,
ne-de äre çykar. 36 Artykmaç, ölüp hem bilmez, çünki
olar perişdeler ýalydyr. Direlişiň ogludyklary üçin Hu-
daýyň ogludyrlar. 37 Musa-da ölüleriň direlýändigini ýa-
nan çaly baradaky bapda görkezýär. Ol şol ýerde Rebbi
„Ybraýymyň Hudaýy, Yshagyň Hudaýy we Ýakubyň Hu-
daýy" diýip atlandyrýar. 38 Ol ölüleriň däl-de, dirileriň
Hudaýydyr, çünki Onuň ýanynda hemmeler diridir».
39 Kanunçylaryň käbirleri: «Mugallym, gowy aýtdyň!»
diýdiler. 40 Oňa gaýtadan sorag bermäge ýürek etme-
diler.

### Mesih kimiň ogly?

41 Onsoň Isa olara diýdi: «Nämüçin Mesih Dawudyň
Ogludyr diýýärler? 42 Dawudyň özi Zebur kitabynda
şeýle diýýär: „Reb meniň Rebbime diýdi: Duşmanlary-
ňy aýaklaryňa basgançak edýänçäm, 43 Meniň sagym-
da otur". 44 Dawut Oňa Reb diýýär. Ol nähili onuň ogly
bolýar?» 45 Bütin halk Oňa gulak asyp otyrka, Isa şä-
girtlerine şeýle diýdi: 46 Kanunçylardan ägä boluň! Olar
uzyn geýimler geýnip gezmegi halaýandyr, bazar ýe-
rinde salam almagy, sinagogalarda baş kürsüleri, zyýa-
patlarda töri halaýandyr. 47 Olar dul hatynlaryň öýlerini
talap, göz üçin uzyn-uzyn dogalar okan bolýandyr. Bu-
lar has agyr jeza sezewar bolar».

### —NJI BAP

### Dul hatynyň çörek puly

21 Isa gabagyny galdyranda, baý adamlaryň öz
peşgeşlerini ybadathananyň hazynasyna atyp
duranyny gördi. 2 Ol bir garyp dul hatynyň hem pul
atanyny görüp, 3 şeýle diýdi: «Size dogrusyny aýdýa-
ryn, bu garyp dul hatyn hemmeden kän atdy. 4 Çünki
olaryň hemmesi Hudaýyň sandygyna özlerinden arta-
ny atdylar, bu hatyn bolsa garyplygyna garamazdan,
bütin çörek puluny atdy».

### Ahyrzaman alamatlary

5 Şägirtleriniň käbiri ybadathananyň gymmatbaha
daşlar hem peşgeşler bilen bezelgidigini aýdanlaryn-
da, Isa: 6 «Şeýlelikde, günler geler welin, şonda bu ýer-
de görýän zatlaryňyzdan daş üstünde daş galmaz,
hemmesi dargar» diýdi. 7 Ondan: «Mugallym! Bu zatlar
haçan bolar? Bularyň boljak mahalynda näme alamat
peýda bolar?» diýip soradylar. 8 Ol şeýle jogap berdi:
«Habardar boluň, sizi aldaýmasynlar! Çünki köpler Me-
niň adym bilen gelip, „Men — Ol" we „Wagt golaýlady"
diýerler. Olaryň yzyna düşmäň. 9 Uruşlar hem gozga-
laňlar barada habar eşideniňizde gorkmaň. Bu zatlar
öňürti bolmalydyr, ýöne dünýäniň soňy tiz gelmez».
10 Onsoň Isa olara şeýle diýdi: «Millet-millete, patyşa-
lyk-patyşalyga garşy çykar. 11 Aýry-aýry ýerlerde güýçli
ýer titremeler, açlyk hem gyrgynçylyk, gorkunç waka-

lar, Gökden uly alamatlar bolar. 12 Ýöne bulardan öň,
Meniň adym üçin size el urarlar, yzarlarlar, eltip sina-
gogalara, zyndanlara tabşyrarlar, patyşalaryň, hököm-
darlaryň alnyna getirerler. 13 Bu bolsa güwälik etmek
üçin size bir pursat bolar. 14 Munuň üçin berjek jogaby-
ňyzy öňünden gaýgy etmezligi ýüregiňize düwüň.
15 Çünki Men size dil hem akyldarlyk bererin. Size garşy
çykýanlaryň hiç biri muňa ne garşy durup biler, ne-de
bir zat aýdyp biler. 16 Size ene-atаňyz, doganlaryňyz,
garyndaşlaryňyz, dostlaryňyz hem haýynlyk ederler,
käbiriňizi öldürerler. 17 Meniň adym üçin hemmeler sizi
ýigrener. 18 Ýöne kelläňizden bir gyl hem kemelmez.
19 Siz çydamak bilen, janyňyzy halas edersiňiz. 20 Iýeru-
salimi goşunlaryň gurşanyny göreniňizde, onuň weý-
ran ediljek wagtynyň golaýdygyny biliň. 21 Şonda Ýahu-
dadakylar daglara gaçsyn, şäheriň içindäkiler çyksyn,
töweregindäkiler şähere girmesin. 22 Çünki şol günler
ähli ýazylanlaryň berjaý bolmagy üçin jeza günleridir.
23 Şol günlerde göwreli we çaga emdirýän aýallaryň
gününe waý! Çünki ýurtda uly horluk bolup, bu halk
gazaba sezewar bolar. 24 Olar gylyçdan geçiriler, ýesir
alnyp, bütin milletleriň arasyna sürgün ediler. Olar
möwritleri dolanýança, Iýerusalimi basgylar. 25 Günde,
Aýda we ýyldyzlarda alamatlar bolar. Ýer ýüzünde bol-
sa deňiz hem tolkunlaryň gürrüldisi zerarly, aljyraňňy
ýagdaýdaky milletler galagopluga düşdüler. 26 Adamlar
gorkudan, dünýäniň başyna gelýän belalara garaş-
makdan ýaňa huşlaryny gaçyrar, çünki gögüň gudrat-
lary titrär. 27 Şonda olar Ynsan Oglunyň bulut içinde
gudrat hem uly şöhrat bilen gelýänini görerler. 28 Bu
zatlar bolmaga duranda, ýokaryk galyp başyňyzy gal-
dyryň, çünki gutulyşyňyz golaýlap gelýändir». 29 Isa
olara bir tymsal aýtdy: «Injire, ähli agaçlara serediň.
30 Olaryň ýapraklandyklaryny görüp, tomsuň golaýdy-
gyny öz-özüňizden bilýärsiňiz. 31 Şonuň ýaly hem bu
zatlaryň bolanyny göreniňizde, Hudaýyň Patyşalygy-
nyň golaýdygyny biliň. 32 Size dogrusyny aýdýaryn: bu
zatlar bolýança, bu nesil dünýäden ötmez. 33 Gök hem
ýer öter, ýöne Meniň sözlerim asla ötmez. 34 Habardar
boluň! Horanlyk, serhoşluk, ýaşaýşyň gaýgylary ýüregi-
ňize ýük bolup, ol gün duýdansyzlykda üstüňize aba-
naýmasyn. 35 Çünki ol gün bütin ýer ýüzünde ýaşaýan-
laryň ählisiniň üstüne duzak kimin geler. 36 Bu boljak
zatlaryň baryndan gaçyp biler ýaly, Ynsan Oglunyň hu-
zurynda durup biler ýaly, hemişe oýa bolup, doga
ediň». 37 Isa gündizleri ybadathanada sapak berip, gije-
lerini bolsa daşaryk çykyp, Zeýtun dagynda geçirerdi.
38 Bütin halk Onuň aýdýanlaryny diňlejek bolup, ertir ir
bilen ybadathana gelerdiler.

## —NJI BAP

### Isa garşy dildüwşük

22 Pesah, ýagny Petir baýramy golaýlapdy. 2 Baş
ruhanylar bilen kanunçylar Isany öldürmegiň
ýoluny agtarýardylar, ýöne halkdan gorkýardylar.
3 Şeýtan Onkileriň biri bolan Iskariot diýilýän Iudanyň
ýüregine girdi. 4 Iuda baş ruhanylar we serkerdeleriň
ýanyna baryp, Isany nähili tabşyrjagy barada olar bilen
gürrüň etdi. 5 Olar hem begenişip, oňa pul bermäge
razy boldular. 6 Iuda ylalaşdy. Halk ýokka, Isany olara
tabşyrmak maksady bilen, pursat peýläp gezdi.

### Pesah nahary

7 Pesah gurbanynyň kesilmeli güni bolan Petir güni
geldi. 8 Isa: «Gidiň-de, Pesah baýramyny geçirer ýaly,
taýýarlyk görüň» diýip, Petrus bilen Ýahýany iberdi.
9 Olar: «Ony nirede taýýarlamagymyzy isleýärsiň?» di-
ýip soradylar. 10 Olara şeýle diýdi: «Ine, şähere gireni-
ňizde, küýze bilen suw alyp barýan bir adama sataşar-
syňyz. Girjek öýüne barýança onuň yzyna düşüp gidiň-
de, 11 öý eýesine baryp: „Mugallym senden şägirtlerim
bilen Pesah naharyny iýer ýaly, myhman otagy nirede
diýip soraýar" diýiň. 12 Ol hem size ýokarky mertebede
düşek düşelgi giň bir otagy görkezer. Şol ýerde taýýar-
lyk görüň». 13 Olar gitdiler, ähli zady Isanyň aýdyşy ýaly
tapyp, Pesah naharyny taýýarladylar. 14 Sagady gelen-
de, Isa resullary bilen birlikde saçak başynda oturdy.
15 Olara şeýle diýdi: «Men bu Pesahy görgi görmezim-
den öň, siziň bilen birlikde iýmegi gaty arzuw edipdim.
16 Çünki size diýýärin: Pesahyň maksady Hudaýyň Paty-
şalygynda amala aşýança, Men ony gaýdyp iýmerin».
17 Bir käse alyp, şükür etdi-de, şeýle diýdi: «Muny alyň-
da, özara paýlaşyň. 18 Çünki size diýýärin: Hudaýyň Pa-
tyşalygy gelýänçä, men gaýtadan üzüm şiresini içme-
rin». 19 Onsoň çöregi aldy-da, şükür etdi, ony döwüp,
şägirtlere berip: «Bu Meniň siziň üçin berlen bedenim-
dir, muny Meni ýada salmak üçin berjaý ediň» diýdi.
20 Şonuň ýaly, agşamlyk naharyndan soň hem, bir kä-
säni alyp, şeýle diýdi: «Bu käse Meniň siziň üçin dökü-
len ganym bilen berkidilen Täze ähtdir. 21 Ýöne, ine,
Maňa haýynlyk etjegiň eli Meniň elim bilen birlikde sa-
çak başynda dur. 22 Ynsan Ogly öňünden bellenişi ýaly
gidýär, ýöne Oňa haýynlyk edeniň gününe waý!»
23 Olar bu işi etjegiň öz aralaryndan kim bolup biljegini
biri-birlerinden sorap başladylar. 24 Şunluk bilen, arala-
rynda haýsysynyň uly saýylmalydygy barada jedel tur-
dy. 25 Isa olara şeýle diýdi: «Milletleriň patyşalary olara
agalyk edýär, hökümdarlary özlerine haýyr ediji diýýär.
26 Emma siz beýle bolmaň. Araňyzda iň uly iň kiçi kimin
bolsun, ýolbaşçylyk edýän hyzmat edýän kimin bolsun.
27 Haýsysy has uly, saçak başynda oturanmy ýa-da hyz-
mat edýän? Saçak başynda oturan dälmi? Ýöne Men si-
ziň araňyzda bir hyzmat edýän kimindirin. 28 Synagla-
rymda Meniň bilen birlikde durnuklylyk görkezenler
sizsiňiz. 29 Siz Meniň Patyşalygymda saçagymyň başyn-
da oturyp, iýip-içer ýaly, tagtlarda oturyp, Ysraýylyň on
iki taýpasynyň üstünden höküm çykarar ýaly, 30 Ata-
myň Maňa belleýşi kimin, Men-de size bir patyşalyk
belleýärin. 31 Simun, Simun! Bugdaý kimin galbir bilen
elejek bolup, şeýtan sizi diledi. 32 Emma Men imanyň

kemelmesin diýip, seniň üçin doga etdim. Sen hem bir
wagt öwrülip geleňde, doganlara goltgy ber». 33 Ol: «Ýa
Reb! Men Seniň bilen hem zyndana düşmäge, hem-de
ölüme gitmäge taýýar» diýdi. 34 Isa: «Petrus, saňa diý-
ýärin, sen bu gün horaz gygyrmazdan öň Meni tana-
ýanlygyňy üç gezek inkär edersiň» diýdi. 35 Onsoň Isa
olardan: «Men sizi haltasyz, torbasyz we çaryksyz ýolla-
nymda, kem zadyňyz barmydy?» diýip sorady. Olar:
«Ýokdy» diýip jogap berdiler. 36 Olara şeýle diýdi: «Indi
haltaňyz bar bolsa, ýanyňyza alyň, bir torba hem alyň.
Gylyjyňyz ýok bolsa, egin-eşigiňizi satyň-da, bir gylyç
ediniň. 37 „Ol şer iş edýänlerden saýyldy" diýip ýazylgy-
dyr. Men size diýýärin: bu Men barada berjaý bolmaly-
dyr. Dogrudan-da, Men hakda ýazylanlar berjaý bolup
barýar». 38 Şägirtler: «Ýa Reb! Ine, bu ýerde iki gylyç
bar» diýdiler. Ol hem olara: «Şol ýeterlik» diýdi.

### Zeýtun dagynda okalan doga

39 Isa çykyp, hemişekisi ýaly, Zeýtun dagyna gitdi, şä-
girtleri hem Onuň yzyna düşdüler. 40 Ol ýere baranla-
rynda, Isa olara: «Synaga düşmez ýaly, doga ediň!» diý-
di. 41 Özi bolsa olardan bir daş atyma golaý aňryk çekil-
di-de, dyza çöküp: 42 «Eý Ata! Isleýän bolsaň, bu käsäni
Menden geçir, ýöne Meniň islegim däl, Seniň islegiň
bolsun» diýip, doga etmäge durdy. 43 Gökden bir periş-
de Isa görnüp, Ony güýçlendirdi. 44 Ol agyr ynja düşüp,
gaty yhlas bilen doga etdi. Isanyň deri ýere daman gan
damjalary ýalydy. 45 Dogadan soň turup, şägirtleriň ýa-
nyna gelse, olar tukatlykdan ýaňa uklap ýatan eken.
46 Isa olara: «Näme üçin uklap ýatyrsyňyz? Synaga düş-
mez ýaly, turuň-da, doga ediň!» diýdi.

### Isa tutulýar

47 Ol entek gepläp durka, ine, bir märeke göründi. Iu-
da atly Onkileriň biri märekäniň öňüne düşüp gelýärdi.
Iuda Isany ogşajak bolup, Onuň golaýyna geldi. 48 Isa
oňa: «Iuda! Sen Ynsan Ogluna ogşuk bilen haýynlyk
edýärsiňmi?» diýdi. 49 Onuň ýanyndakylar näme bolja-
gyny görüp: «Ýa Reb! Gylyç bilen uralymy?» diýdiler.
50 Olaryň biri baş ruhanynyň hyzmatkärini urup, onuň
sag gulagyny kesdi. 51 Emma Isa jogap berip: «Bolýar,
bes ediň!» diýdi. Onsoň hyzmatkäriň gulagyna elini
degrip, ony sagaltdy. 52 Onsoň Isa Özüni ele salmaga
gelen baş ruhanylara, ybadathananyň serkerdelerine,
ýaşulular ýüzlenip, şeýle diýdi: «Bir talaňçynyň garşy-
syna çykýan ýaly, gylyç hem taýak bilen geldiňizmi?
53 Men her gün siziň bilen birlikde ybadathanadakam,
maňa el uzatmandyňyz, ýöne indi siziň sagadyňyz, ga-
raňkylygyň höküm sürýän sagadydyr». 54 Isany tutup,
baş ruhanynyň öýüne alyp gitdiler. Petrus hem gara
görnümden olaryň yzyna düşüp gitdi. 55 Olar howlynyň
ortasynda ot ýakyp, bile otyrkalar, Petrus-da olaryň
arasynda oturdy. 56 Petrusyň oduň ýagtysynda otura-
nyny görüp, bir keniz oňa siňe seretdi-de: «Bu adam
hem Onuň bilen biledi» diýdi. 57 Emma Petrus: «Men
ony tanamaýaryn, aýal» diýip inkär etdi. 58 Az salym-
dan soň başga biri ony görüp: «Sen-de şolardan» diýdi.
Emma Petrus: «Olardan däl, aga» diýdi. 59 Aradan bir
sagada golaý wagt geçende, başga bir adam hötjetlik
bilen: «Dogrudan-da, bu adam Onuň bilen bile bolan-
dyr, çünki bu jelileli» diýdi. 60 Emma Petrus: «Eý aga,
men seniň näme aýdýanyňy bilmeýärin» diýdi. Edil şol
wagt — Petrus gepläp durka, horaz gygyrdy. 61 Reb
öwrülip, Petrusa seretdi. Petrus Rebbiň: «Horaz gygyr-
mazdan öň, sen Meni üç gezek inkär edersiň» diýen
sözüni ýatlady. 62 Daşaryk çykyp, möňňürip aglady.
63 Isany saklap duran adamlar Ony masgaralap, urma-
ga başladylar. 64 Gözüni daňyp: «Welilik et! Seni uran
kim?» diýip soradylar. 65 Ýene-de Oňa ençeme hapa
sözler aýtdylar.

### Isa ýehudylaryň mejlisiniň öňünde

66 Daň atanda, halkyň ýaşululary, baş ruhanylar we
kanunçylar ýygnanyşyp, Ony öz mejlislerine getirdiler.
67 Oňa: «Sen Mesih bolsaň, bize aýt» diýdiler. Isa olara
şeýle diýdi: «Aýtsam, ynanmarsyňyz. 68 Sorasam, jogap
bermersiňiz, Meni goýbermersiňiz. 69 Emma mundan
beýläk Ynsan Ogly gudratly Hudaýyň sagynda oturar».
70 Hemmeler: «Onda, Sen Hudaýyň Oglumy?» diýdiler.
Ol hem olara jogap berdi: «Hudaýyň Ogludygymy siz
aýdyp otyrsyňyz». 71 Olar bolsa: «Bize artykmaç güwä-
lik nämä gerek? Biz muny Onuň Öz agzyndan eşitdik»
diýdiler.

## —NJI BAP

### Isa Pilatusyň öňünde

23 Olaryň mejlisindäkileriň ählisi turup, Isany Pila-
tusyň huzuryna eltdiler-de: 2 «Biz bu Adamy mil-
letimizi azdyrmakda ýazykly tapdyk. Ol kaýsara salgyt
bermäge garşy çykyp, Özüne Mesih, ýagny bir patyşa
diýýär» diýip, Ony aýyplamaga durdular. 3 Pilatus On-
dan sorady: «Sen ýehudylaryň patyşasymy?» Isa jogap
berdi: «Seniň aýdyşyň ýalydyr». 4 Onsoň Pilatus baş ru-
hanylar bilen halka: «Men bu Adamdan hiç bir ýazyk
tapmadym» diýdi. 5 Emma olar hötjetlik edip: «Bu
Adam Öz taglymaty bilen bütin Ýahudadaky halky
öjükdirýär. Ol Jelileden başlap, şu ýere çenli geldi» diý-
diler. 6 Pilatus muny eşidende: «Bu Adam jelilelimi?» di-
ýip sorady. 7 Isanyň Hirodesiň welaýatyndandygyny bi-
lende, Ony Hirodesiň ýanyna iberdi, çünki şol günlerde
onuň özi hem Iýerusalimde bolýardy. 8 Hirodes Isany
görüp, gaty begendi, çünki köp wagt bäri Ony görmek
isleýärdi. Sebäbi Ol barada köp zatlar eşidipdi, Ondan
bir alamat görerin diýen umydy bardy. 9 Hirodes On-
dan köp soraglar etdi, emma Isa oňa hiç bir jogap ber-
medi. 10 Baş ruhanylar bilen kanunçylar bolsa ol ýerde
durup, Ony gaty aýyplaýardylar. 11 Onsoň Hirodes es-
gerleri bilen birlikde Ony kemsidip, masgaralap, egni-
ne bir nepis geýim geýdirip, yzyna, Pilatusyň ýanyna

iberdi. 12 Şol gün Pilatus bilen Hirodes dost boldy; ozal
aralarynda duşmançylyk bardy.

## Isa ölüme höküm edilýär

13 Pilatus baş ruhanylary, başlyklary hem halky üýşü-
rip, 14 olara şeýle diýdi: «Siz maňa bu Adamy halky az-
dyrýar diýip getirdiňiz. Ine, men siziň gözüňiziň alnyn-
da barlag geçirip, Ondan hiç bir ýazyk tapmadym.
15 Hirodes hem tapmandyr, çünki men Ony Hirodesiň
ýanyna iberipdim. Siziň görşüňiz ýaly, Onuň ölüme la-
ýyk eden hiç bir zady ýok. 16 Munuň üçin, men Ony je-
zalandyryp boşatjak». 17 Pilatus baýram mynasybetli
halka bir adamy boşatmalydy. 18 Emma bütin halk: «Bu
Adamy ýok et! Bize Barabbasy boşat!» diýip gygyryşdy-
lar. 19 Barabbas şäherde ýüze çykan bir gozgalaňa gat-
naşany we adam öldüreni üçin zyndana salnypdy. 20 Pi-
latus Isany boşatmak niýeti bilen ýene-de halka ýüz-
lendi. 21 Emma olar: «Ony haça çüýle, haça çüýle!» di-
ýip gygyryşdylar. 22 Pilatus üçünji gezek olara: «Bu
Adam näme ýaman iş etdi? Men Ondan ölüme laýyk
hiç bir zat tapmadym. Munuň üçin, Ony jezalandyryp
boşatjak» diýdi. 23 Emma olar seslerini gataldyp, hötjet-
lik bilen Onuň haça çüýlenmegini talap etdiler. Şeýle-
likde, olaryň we baş ruhanylaryň sesi üstün çykdy.
24 Şunluk bilen, Pilatus olaryň islegini ýerine ýetirme
kararyna geldi. 25 Olaryň islän adamyny, gozgalaň tur-
zup, adam öldüreni üçin zyndana salnan adamy boşa-
dyp, Isany olaryň erkine berdi.

## Isa haça çüýlenýär

26 Olar Isany alyp barýarkalar, düzden öwrülip gelýän
kireneli Simuny tutup, Isanyň yzyndan göterip äkitsin
diýip, arkasyna haç ýüklediler. 27 Halkdan uly märeke,
Onuň üçin zarynlap aglaýan aýallar hem yzyna düşüp
gitdiler. 28 Isa öwrülip, olara diýdi: «Eý Iýerusalim gyzla-
ry! Meniň üçin aglaman, özüňiz, çagalaryňyz üçin ag-
laň. 29 Çünki, ine, „Önelgesiz aýallar, çaga dogurmadyk
göwreler, çaga emdirmedik göwüsler ne bagtly!" diýil-
jek günler geler. 30 Şonda daglara: „Biziň üstümize ýy-
kylyň!" Depelere: „Biziň üstümizi örtüň!" diýerler.
31 Çünki gök agaja bu zatlar edilse, onda gury agaja
näme ediler?» 32 Iki jenaýatçyny hem dardan asjak bo-
lup, Isa bilen bile alyp barýardylar. 33 Kelleçanak diýen
ýere gelenlerinde Isany ýaňky jenaýatçylar bilen birlik-
de haça çüýlediler. Jenaýatçylaryň biri Onuň sag tara-
pynda, biri-de çep tarapyndady. 34 Isa: «Ata! Olary ba-
gyşla, çünki näme edýänlerini bilmeýärler» diýdi. Onuň
egin-eşigini bolsa bije atyşyp paýlaşdylar. 35 Halk Oňa
bakyşyp durdy. Başlyklar hem gülüp: «Ol özgeleri ha-
las etdi. Hudaýyň saýlan Mesihi bolsa, Özüni halas et-
sin» diýişýärdiler. 36 Esgerler hem ýanyna gelip, Ony
masgaralaýardylar. Oňa sirke hödür edip: 37 «Ýehudyla-
ryň patyşasy bolsaň, Özüňi halas et» diýişýärdiler.
38 Onuň depesinde bolsa grekçe, latynça we ýewreýçe
«BU ADAM ÝeHUDYLARYŇ PATYŞASY» diýen ýazgy bar-
dy. 39 Asylan jenaýatçylaryň biri Oňa sögüp: «Sen Me-
sih dälmi? Özüňi hem-de bizi halas et!» diýdi. 40 Beýle-
kisi bolsa oňa käýäp, şeýle diýdi: «Onuňky bilen bir hö-
küme sezewar bolanyň üçin Hudaýdan gorkmaýarsyň-
my? 41 Biz adalatlylyk bilen, öz etmişimize laýyk jeza al-
dyk. Bu Adamyň bolsa hiç bir eden etmişi ýok». 42 On-
soň: «Isa, Patyşalygyňa baryp gireniňde, meni ýatla!»
diýdi. 43 Isa hem oňa: «Saňa dogrusyny aýdýaryn, sen
şu gün Meniň bilen bile behiştde bolarsyň» diýdi.

## Isanyň ölümi

44 Wagt günortana golaýdy, şondan soň üç sagatlap
ýurda garaňky düşdi. 45 Gün garaldy, ybadathananyň
tutusy ortarasyndan ýyrtylyp, ikä bölündi. 46 Isa gaty
ses bilen gygyryp: «Eý Ata! Ruhumy Seniň eliňe berýä-
rin!» diýdi, muny aýdandan soň jan berdi. 47 Ýüzbaşy
bolan wakany görende, Hudaýy şöhratlandyryp: «Bu,
hakykatdan-da, dogry Adam eken!» diýdi. 48 Bu tomaşa
üçin üýşüşen halaýygyň bary bolan wakalary görüp,
gursaklaryna ura-ura yzlaryna gaýtdylar. 49 Isany tana-
ýan adamlaryň bary, Jelileden Onuň yzyna düşüp ge-
len aýallar daşrakda durup, bu wakalara syn etdiler.

## Isanyň jaýlanyşy

50 Ine, mejlis agzalaryndan Ýusup atly biri bardy. Ol
gowy hem dogry adamdy. 51 Özi-de mejlisiň kararyna
we işine razyçylyk bermändi. Ýahudanyň Arimatiýa şä-
herinden bolan bu Ýusup Hudaýyň Patyşalygyna ga-
raşýardy. 52 Bu adam Pilatusyň ýanyna baryp, Isanyň
jesedini diledi. 53 Onsoň Ony aşak düşürip, kepene do-
lap, gaýada oýulan we şol wagta çenli hiç kimiň jaýlan-
madyk mazarynda jaýlady. 54 Ol güni taýýarlyk güni bo-
lup, sabat güni başlanmaga golaýdy. 55 Isa bilen bile Je-
lileden gelen aýallar hem Ýusubyň yzyna düşüp, baryp,
mazary we Onuň jesediniň nähili jaýlananyny gördüler.
56 Onsoň öýlerine gaýdyp, ýakymly ysly ýag, atyrlar taý-
ýarlap, sabat güni Hudaýyň buýrugy boýunça dynç al-
dylar.

## —NJI BAP

## Isanyň direlişi

24 Hepdäniň ilkinji güni ertir ir bilen aýallar taýýar-
lan ýakymly ysly ýaglaryny alyp, mazara bardy-
lar; ýanlarynda başga aýallar hem bardy. 2 Ine, maza-
ryň agzyndaky daş bir çete togalanan eken. 3 Olar içe-
rik girenlerinde, Reb Isanyň jesedini tapmadylar. 4 Mu-
ňa geňirgenişip durkalar, birdenkä, garşylarynda ýal-
kym salýan eşikli iki sany adam peýda boldy. 5 Aýallar
gorkup, ýüzlerini ýere egenlerinde, ýaňky adamlar ola-
ra şeýle diýdiler: «Siz näme üçin dirini ölüleriň arasyn-
dan gözleýärsiňiz? 6 Ol bu ýerde däl, direldi! Onuň en-
tek Jeliledekä size aýdanlaryny ýatlaň. 7 Ol: „Ynsan Ogly
günäkär adamlara tabşyrylmaly, haça çüýlenmeli,
ölenden üç günden soň direlmelidir" diýipdi». 8 Onsoň

Isanyň bu sözleri olaryň ýatlaryna düşdi. 9 Aýallar ma-
zardan öwrülip gelip, bularyň baryny Onbirlere we
beýlekileriň hemmesine habar berdiler. 10 Resullara bu
habary ýetirenler Magdalaly Merem, Ýuhanna, Ýaku-
byň ejesi Merem we olaryň ýanyndaky beýleki aýallar-
dy. 11 Bu sözler resullaryň göwnüne manysyz geldi,
olar aýallaryň gepine ynanmadylar. 12 Onsoň Petrus tu-
rup, mazara ylgady-da, egilip, kepen matalaryň boş ýa-
tanyny görende, bolan waka geňirgenip, yzyna gaýtdy.

### Emmaus ýolundaky iki şägirt

13 Ine, şol gün olaryň ikisi Emmaus diýen oba barýar-
dy. Bu obanyň Iýerusalimden on bir kilometre golaý
aralygy bardy. 14 Olar bolan bu wakalar hakda özara
gürleşýärdiler. 15 Şeýlelikde, gürleşip, pikir alşyp bar-
ýarkalar, Isanyň Özi ýakyna gelip, olar bilen bile ýörä-
berdi. 16 Ýöne Ony tanamaz ýaly, olaryň gözleri bagla-
nypdy. 17 Isa olardan sorady: «Bu barşyňyza näme hak-
da gürrüň edişýärsiňiz?» Olar gaýgyly ýagdaýda aýak
çekdiler. 18 Olaryň Kleopas atlysy: «Iýerusalimde bolup-
da, şu günler ol ýerde bolan wakalary bilmeýän keseki
ýeke Senmi?» diýdi. 19 Isa olardan: «Haýsy wakalary?»
diýip sorady. Olar şeýle jogap berdiler: «Nasyraly Isa
hakdaky wakalary. Ol Hudaýyň we bütin halkyň ýanyn-
da sözde hem işde güýçli pygamberdi. 20 Baş ruhanylar
bilen başlyklarymyz ölüm jezasy berilsin diýip, Ony hä-
kime tabşyrdylar, haça çüýlediler. 21 Biz Ysraýyly halas
etjek Şoldur diýip umyt ederdik. Mundan başga hem,
bu zatlaryň bolanyna üç gün boldy. 22 Üstesine-de,
aýallarymyzyň käbiri hem bizi geňirgendirdi. Olar şu
gün ir bilen mazara baryp, 23 Onuň jesedini tapman-
dyrlar. Gelip, gözlerine perişdeleriň görnenini aýtdylar.
Perişdeler Oňa diri diýýärmiş. 24 Onsoň biziňkileriň kä-
biri mazara baryp, ýagdaýyň edil aýallaryň aýdyşy ýaly-
dygyny görüpdirler, ýöne Isany görmändiler». 25 Isa
olara şeýle diýdi: «Eý akmak adamlar, pygamberleriň
ähli aýdanlaryna giç ynanýanlar! 26 Mesih bu görgüleri
görüp, şöhratyna girmeli dälmidi?» 27 Onsoň Musa bi-
len ähli pygamberlerden başlap, hemme Mukaddes
Ýazgylarda Özi hakda aýdylanlary olara düşündirdi.
28 Olar barýan obalaryna golaýlanlarynda, Isa uzagrak
giderli göründi. 29 Emma olar Ony saklap: «Biziň ýany-
myzda galaý, çünki agşam golaýlap, Gün ýaşyp bar-
ýar» diýdiler. Şeýlelikde, Isa olaryň ýanynda galdy.
30 Isa olar bilen saçak başynda otyrka, çörek alyp, şü-
kür etdi-de, bölüp olara berdi. 31 Şonda olaryň gözleri
açylyp, Ony tanadylar, emma Ol gözlerinden gaýyp
boldy. 32 Olar biri-birlerine: «Ýolda biziň bilen gepleşip
gelýärkä, bize Ýazgylary düşündirýärkä, içimizde ýüre-
gimiz ýanmaýarmydy?» diýişdiler. 33 Turup, şol saga-
dyň özünde Iýerusalime öwrüldiler. Görseler, on bir
resul bilen olaryň ýanyndakylar üýşüşip oturan eken.
34 Bular: «Çyn! Reb direlipdir, Simuna görnüpdir» diýiş-
ýärdiler. 35 Onsoň olar-da ýolda bolan wakalary, Isa çö-
regi bölende, Ony tanandyklaryny aýtdylar.

### Isa Onbirlere görünýär

36 Olar heniz bu barada gürrüň berip durkalar, Isa-
nyň Özi ortalarynda durup: «Size parahatlyk!» diýdi.
37 Olar ruh görýändiris öýdüp, tisginip gorka düşdüler.
38 Isa olara şeýle diýdi: «Näme üçin aljyraşýarsyňyz?
Näme sebäpden göwnüňize beýle pikirler gelýär?
39 Meniň ellerime, aýaklaryma serediň. Bu Meniň
Özüm! Maňa elleriňizi degrip görüň. Ruhuň et bilen
süňki bolmaz, ýöne siziň görşüňiz ýaly, Meniňki bar».
40 Muny aýdyp, ellerini, aýaklaryny olara görkezdi.
41 Olar şatlykdan ýaňa entek ynanman, geňirgenişip
durkalar, Isa olara: «Bu ýerde iýmäge bir zadyňyz bar-
my?» diýdi. 42 Oňa bişirilen balygyň bir bölegi bilen bi-
raz bal 43 Isa alyp, olaryň gözleriniň alnynda ony iýdi.
44 Olara şeýle diýdi: «Men hakda Musanyň Kanunynda,
pygamberleriň ýazgylarynda, Zeburda ýazylanlaryň
bary berjaý bolmalydyr diýip, entek siziň ýanyňyzda-
kam aýdan sözlerim şulardyr». 45 Onsoň Ýazgylara dü-
şünmekleri üçin, olaryň aňlaryny açdy. 46 Isa olara şeý-
le diýdi: «Şeýle ýazylgydyr: Mesih görgi görüp, ölenden
üç günden soň direljekdir. 47 Iýerusalimden başlap, bü-
tin milletler günäleriň geçilmegi üçin, Onuň adyndan
toba çagyryljakdyr. 48 Siz bu zatlara şaýat bolarsyňyz.
49 Ine, Men Atamyň wada edenini size ýollaryn. Siz özü-
ňize ýokardan güýç geýdirilýänçä, Iýerusalim şäherin-
de boluň». 50 Onsoň olary daşaryk çykaryp, Beýtaniýa-
nyň golaýyna getirdi, ellerini galdyryp, olara ak pata
berdi. 51 Ak pata berip durşuna olardan aýrylyp, Göge
göterildi. 52 Olar hem Oňa sežde edip, uly şatlyk bilen
Iýerusalime tarap öwrüldiler. 53 Elmydama ybadatha-
nada bolup, Hudaýa öwgi aýdyp, alkyş okaýardylar.
Omyn.

# Ýahýa

—NJI BAP

### Ebedi söz jan-ten bolýar

1 Ozal-başda Söz bardy, Söz Hudaýdady, Söz Huda-
ýyň Özüdi. 2 Ol ozal-başda Hudaýdady. 3 Hemme
zady Ol ýaratdy, ýaradylan zatlaryň hiç biri Onsuz ýara-
dylmady. 4 Onda ýaşaýyş bardy, ýaşaýyş bolsa ynsanla-
ryň nurudy. 5 Bu nur garaňkylykda parlaýandyr, garaň-
kylyk ony öçürip bilen däldir
6 Hudaý tarapyndan iberilen bir adam bardy, onuň
ady Ýahýady. 7 Ol güwälik etmäge, hemmeleriň özi ar-
kaly iman etmegi üçin Nur hakda güwälik etmäge ge-
lipdi. 8 Onuň özi nur däldi, ol diňe nur hakda güwälik
etmelidi. 9 Ähli ynsanlary ýagtylandyrýan hakyky nur
dünýä geldi.
10 Ol dünýädedi, dünýä Ol arkaly ýaradylypdy, emma
dünýä Ony tanamady. 11 Ol özüniňkilere geldi, özüniň-
kiler Ony kabul etmediler. 12 Emma Ol Özüni kabul
edenlere, adyna iman edenlere Hudaýyň oglanlary
bolma hukugyny berdi. 13 Olar gandan, bedeniň islegi
bilen ýa-da adamyň islegi bilen dogulman, eýsem, Hu-
daýdan doguldylar.
14 Söz jan-ten bolup aramyzda ýaşady; biz Onuň şöh-
ratyny, Atasynyň ýalňyz Oglunyň merhemetden, haky-
katdan doly şöhratyny gördük.
15 Ýahýa Ol hakda güwä geçip gygyrdy: «Meniň yzym-
dan bir adam geler, Ol menden üstündir, çünki Ol
menden owal bardy diýenim, ine, Şudur». 16 Onuň do-
lulygyndan biziň hemmämiz merhemet üstüne merhe-
met aldyk. 17 Çünki Musa arkaly Mukaddes Kanun be-
rildi, Isa Mesih arkaly bolsa merhemet we hakykat peý-
da boldy. 18 Hudaýy hiç kim hiç haçan gören däldir.
Ony bize Atasynyň gujagynda bolan ýalňyz Ogly tanat-
dy.

### Çokundyryjy Ýahýa

19 Ýehudylar Iýerusalimden ruhanylary, lewileri ibe-
rip, Ýahýadan: «Sen kim?» diýip soranlarynda, onuň
güwäligi şeýle boldy. 20 Ol ykrar etdi, inkär etmedi.
«Men Mesih däl» diýip ykrar etdi. 21 Onsoň olar: «Onda,
sen Ylýasmy?» diýip soradylar. Ol: «Ýok» diýdi. «Şol gel-
jek pygambermi?» diýdiler. Ol: «Ýok» diýip jogap berdi.
22 «Onda sen kim? Biz özümizi bu ýere ýollanlara näme
jogap bereli, sen özüň hakda näme diýýärsiň?» diýip
soradylar. 23 Ýahýa: «Men, Işaýa pygamberiň aýdyşy
ýaly, Rebbiň ýoluny dogrulaň diýip, çölde gygyrýanyň
sesi» diýdi. 24 Iberilen adamlar fariseýlerdendiler.
25 Olar ondan: «Eger sen Mesih, Ylýas ýa-da şol pygam-
ber däl bolsaň, onda näme üçin çokundyrýarsyň?» di-
ýip soradylar. 26 Ýahýa olara şeýle jogap berdi: «Men
suw bilen çokundyrýaryn, ýöne siziň araňyzda biri bar,
siz Ony tanamaýarsyňyz. 27 Menden soňra geljek Şol-
dur. Men Onuň çarygynyň bagyny çözmäge-de myna-
syp däldirin».
28 Bu Iordan derýasynyň aňyrsynda, Beýtaniýada,
Ýahýanyň çokundyrýan ýerinde boldy.

### Hudaýyň guzusy

29 Ertesi gün Ýahýa özüne tarap gelýän Isany görüp:
«Ine, Şu dünýäniň günäsini Öz üstüne alan Hudaýyň
Guzusydyr» diýdi. 30 Meniň yzymdan bir adam geler, Ol
menden üstündir, çünki Ol menden owal bardy diýip
aýdanym, ine, Şudur. 31 Men Ony tanamaýardym, ýöne
Ol Ysraýylda aýan bolsun diýip, suw bilen çokundyrma-
ga geldim». 32 Ýahýa güwä geçip, şeýle diýdi: «Men Ru-
huň Gökden kepderi ýaly inip, Onuň üstünde durany-
ny gördüm. 33 Men Ony tanamaýardym, ýöne meni
suw bilen çokundyrmaga ýollan Hudaý maňa Ruhuň
inip, kimiň üstünde duranyny görseň, Mukaddes Ruh
bilen çokundyrjak Şoldur diýdi. 34 Men görüp, Onuň
Hudaýyň Ogludygyna şaýat boldum».

### Isanyň ilkinji şägirtleri

35 Ertesi gün Ýahýa ýene öz şägirtleriniň ikisi bilen
durdy. 36 Ol gezip ýören Isany görüp: «Ine, Hudaýyň
Guzusy!» diýdi. 37 Onuň aýdanlaryny eşiden iki şägirt
Isanyň yzyna eýerdi. 38 Isa yzyna garap, arkasyndan
gelýänleri gördi we olara: «Näme gözleýärsiňiz?» diýdi.
Olar Ondan: «Mugallym, Sen nirede ýaşaýarsyň?» diýip
soradylar. 39 Isa olara: «Geliň, görüň» diýdi. Olar baryp,
Isanyň nirede ýaşaýanyny gördüler we şol gün Onuň
ýanynda galdylar. Gündiz sagat dördüň töweregidi.
40 Ýahýanyň aýdanlaryny eşidip, Isanyň yzyndan giden
iki adamyň biri Simun Petrusyň dogany Andreasdy.
41 Ol ilki öz dogany Simuny tapyp, oňa: «Biz Mesihi
(ýagny Hristosy) tapdyk» diýdi. 42 Ony Isanyň ýanyna
alyp bardy. Isa oňa garap: «Sen — Ionanyň ogly
Simun. Seniň adyň Kefas (terjime edilende Petrus, ýag-
ny Gaýa diýmekdir) bolar» diýdi.
43 Ertesi gün Isa Jelilä gitjek bolup, Filipusy tapdy,
oňa: «Meniň yzyma düş!» diýdi. 44 Filipus hem Andreas
we Petrus ýaly Betsaýda şäherindendi. 45 Filipus Nata-

naýeli tapyp, oňa: «Biz Musanyň kanunynda, pygam-
berleriň ýazgysynda ýazylan Ýusubyň ogly nasyraly
Isany tapdyk» diýdi. 46 Natanaýel oňa: «Nasyradan oňly
zat çykarmyka?» diýdi. Filipus hem oňa: «Gel-de, gör»
diýdi. 47 Isa Natanaýeliň Özüne tarap gelýänini görüp,
ol hakda: «Ine, hilesiz, hakyky ysraýylly» diýdi. 48 Nata-
naýel Oňa: «Sen meni nireden tanaýarsyň?» diýdi. Isa
oňa: «Filipus seni çagyrmazyndan öň, men seni injir
agajynyň aşagyndakaň gördüm» diýip jogap berdi.
49 Natanaýel Oňa: «Mugallym, Sen Hudaýyň Oglusyň,
Sen Ysraýylyň Patyşasysyň» diýdi. 50 Isa oňa: «Seni injir
agajynyň aşagyndakaň gördüm diýip aýdanym üçin
Maňa iman edýärsiňmi? Sen mundan uly zatlary görer-
siň» diýdi. 51 Onsoň oňa şeýle diýdi: «Men size, haky-
katdan-da, dogrusyny aýdýaryn, mundan beýläk siz
Gögüň açylyp, Hudaýyň perişdeleriniň Ynsan Oglunyň
üstüne inip-çykyşyny görersiňiz».

## —NJI BAP

### Isanyň ilkinji mugjyzasy

2 Şondan iki gün soň, Jeliläniň Kana şäherinde nika
toýy boldy. Isanyň ejesi-de şol ýerdedi. 2 Isa we
Onuň şägirtleri-de toýa çagyrylypdylar. 3 Şerap ýetmez-
lik edende, Isanyň ejesi Oňa: «Şeraplary ýok» diýdi.
4 Isa oňa: «Eý hatyn, Meniň işimiň saňa näme dahyly
bar? Meniň wagtym entek gelip ýetenok» diýdi. 5 Ejesi
hyzmatkärlere: «Size näme diýse, şony ediň» diýdi.
6 Şol ýerde ýehudylaryň täret kylmak üçin ulanylýan,
her biri iki ýa üç ölçeg tutýan alty sany daşdan ýasalan
suw küýzesi bardy. 7 Isa hyzmatkärlere: «Küýzeleri suw
bilen dolduryň» diýdi. Olary agyzlaryna çenli doldurdy-
lar. 8 Onsoň hyzmatkärlere: «Indi şulardan guýup, to-
ýuň guramaçysyna äkidiň» diýdi. Olar hem äkitdiler.
9 Toýuň guramaçysy şeraba öwrülen suwy dadyp gö-
rende, onuň nireden gelenini bilmän, (muny diňe suw
guýan hyzmatkärler bilýärdi) öýlenýän ýigidi çagyryp,
oňa şeýle diýdi: 10 «Her kes öňi bilen gowy şeraby, köp
içenlerinden soň bolsa erbedini berýändir, emma sen
gowy şeraby henize çenli saklap goýupsyň». 11 Şeýlelik-
de, Isa ilkinji alamatyny Jeliläniň Kana şäherinde ýüze
çykaryp, Öz şöhratyny görkezdi. Şägirtleri Oňa iman
etdiler.

### Isa söwdegärleri ybadathanadan kowýar

12 Şondan soň Isa ejesi, doganlary we şägirtleri bilen
Kapernauma gitdi. Ol ýerde birki gün galdylar. 13 Ýehu-
dylaryň Pesahy ýakynlaşanda, Isa Iýerusalime gitdi.
14 Ol ybadathanada sygyr, goýun, kepderi satýanlary,
pul çalşyp oturanlary gördi. 15 Ýüpden bir dürre örüp,
goýunlardyr sygyrlary bilen birlikde baryny ybadatha-
nadan kowdy, pul çalyşýanlaryň pullaryny dökdi, öňle-
rindäki tekjelerini ýykdy. 16 Kepderi satýanlara: «Bulary
bu ýerden äkidiň, Atamyň öýüni dükana öwürmäň»
diýdi. 17 Şonda şägirtleriň ýadyna Mukaddes Ýazgydaky
«Seniň öýüňe bolan yhlasym Meni iýer» diýlen sözler
düşdi.
18 Ýehudylar garşy çykyp, Ondan: «Sen şeýle etmäge
ygtyýaryň barlygyna bize näme alamat görkezersiň»
diýip soradylar. 19 Isa olara: «Siz şu ybadathanany ýy-
kyň, Men ony üç günüň içinde dikelderin» diýip jogap
berdi. 20 Ýehudylar Oňa: «Bu ybadathana kyrk alty ýyl-
da salyndy, Sen ony üç günde dikeldersiňmi?» diýdiler.
21 Ýöne Isa ybadathana diýip, Öz bedenine aýdýardy.
22 Isa direlenden soň, şägirtleri Onuň aýdanyny ýat-
lap, Ýazga, Isanyň sözlerine iman etdiler. 23 Pesah baý-
ramynda Iýerusalimdekä Isanyň görkezen alamatlary-
ny görenleriň köpüsi Onuň adyna iman etdiler. 24 Em-
ma Isa ähli adamlary tanaýanlygy üçin, olara Özüni
ynanmaýardy. 25 Ol adam babatda hiç kimiň güwäligi-
ne mätäç däldi, çünki ynsanda näme bardygyny Özi
bilýärdi.

## —NJI BAP

### Isa bilen Nikodimos

3 Fariseýleriň arasynda Nikodimos atly bir adam
bardy, ol ýehudylaryň başlyklaryndandy. 2 Bu
adam gijäniň içinde Isanyň ýanyna gelip, şeýle diýdi:
«Mugallym, biz Seniň Hudaýdan gelen bir mugallym-
dygyňy bilýäris, çünki Hudaý Özi bilen bolmasa, hiç
kim Seniň görkezen alamatlaryňy görkezip bilmez».
3 Isa oňa: «Hakykatdan-da, saňa dogrusyny aýdýaryn,
gaýtadan dogulmadyk adam Hudaýyň Patyşalygyny
görüp bilmez» diýip jogap berdi. 4 Nikodimos Oňa:
«Garran adam gaýtadan nähili doglup biler? Ol ýene-
de enesiniň göwresine girip doglup bilermi?» diýdi.
5 Isa şeýle jogap berdi: «Hakykatdan-da, Men saňa
dogrusyny aýdýaryn, suwdan we ruhdan dogulmadyk
adam Hudaýyň Patyşalygyna girip bilmez. 6 Bedenden
doglan bedendir, ruhdan doglan ruhdur. 7 Saňa gaýta-
dan dogulmalysyňyz diýýänime geň galma. 8 Ýel islän
ýerinde öwüsýär, sen onuň şuwwuldysyny eşidýärsiň-
de, nireden gelip, nirä barýanyny bilmeýärsiň. Ruhdan
doglanlaryň ählisi hem şeýledir». 9 Nikodimos Ondan:
«Bu nähili bolup biler?» diýip sorady. 10 Isa oňa şeýle
jogap berdi: «Sen Ysraýylyň mugallymy bolup-da, bula-
ry bilmeýärsiňmi? 11 Hakykatdan-da, Men saňa dogru-
syny diýýärin, biz bilenimizi aýdýarys, görenimize gü-
wä geçýäris, ýöne siz biziň güwäligimizi kabul etme-
ýärsiňiz. 12 Meniň ýerdäki zatlar barada aýdýanlaryma
ynanmasaňyz, onda Gökdäki zatlar barada aýtsam, nä-
hili ynanarsyňyz? 13 Hiç kim Göge çykan däldir; oňa di-
ňe Gökden inen we Gökde bolan Ynsan Ogly çykandyr.
14 Musanyň çölde ýylany ýokaryk galdyryşy ýaly, Ynsan
Ogly-da ýokaryk galdyrylmalydyr. 15 Şeýlelikde, Oňa
ynanýanlaryň hiç biri heläk bolman 16 Çünki Hudaý
dünýäni köp söýýänligi üçin, Ogluna iman edenleriň
hiç biri heläk bolman, ebedi ýaşaýşa gowuşsyn diýip,
Özüniň ýekeje Ogluny berdi. 17 Hudaý Ogluny dünýäni
höküm etsin diýip däl-de, eýsem, dünýä Ol arkaly ha-

las bolsun diýip iberdi. 18 Oňa ynanýan höküm edilmez,
ynanmaýan bolsa, Hudaýyň ýekeje Oglunyň adyna
iman etmeýänligi üçin eýýäm höküm edilendir. 19 Hö-
küm şundan ybarat: dünýä nur indi, ýöne adamlar ga-
raňkylygy nurdan gowy gördüler, çünki olaryň işleri ýa-
manlykdy. 20 Şer iş edýän nury ýigrenýändir, ol işleriniň
äşgär bolmazlygy üçin nura gelýän däldir. 21 Emma hak
iş edýän işleriniň Hudaý arkaly edilýändigi äşgär bol-
sun diýip nura gelýändir».

### Isa bilen Çokundyryjy Ýahýa

22 Şundan soň Isa şägirtleri bilen Ýahuda ülkesine gi-
dip, birnäçe wagtlap olar bilen şol ýerde galyp çokun-
dyrdy. 23 Ýahýa hem Salymyň golaýyndaky Enonda ço-
kundyrýardy, çünki ol ýerde suw boldy, adamlar hem
baryp çokundyrylýardylar. 24 Çünki Ýahýa entek zynda-
na atylmandy.
25 Ýahýanyň şägirtleri bilen käbir ýehudylar arasynda
täret meselesinde jedel çykdy. 26 Olar Ýahýanyň ýanyna
gelip: «Mugallym, Iordanyň aňyrsynda seniň ýanyňda
bolan, seniň güwälik eden adamyň, ine, çokundyrýar,
hemmeler Oňa barýarlar» diýdiler. 27 Ýahýa olara jogap
berip, şeýle diýdi: «Adam Gökden berilmedik hiç bir za-
dy alyp bilmez. 28 „Men Mesih däl, ýöne Ondan öň ibe-
rildim" diýenime siziň özüňiz şaýatsyňyz. 29 Kimiň ge-
linligi bar bolsa, ol giýewdir. Emma giýewiň dosty onuň
ýanynda durup, sesini eşidip, onuň owazyna gaty şat-
lanýandyr. Meniň bu şatlygym-da häzir ýerine ýetdi.
30 Ol beýgelmelidir, men peselmelidirin. 31 Ýokardan
gelen hemmeden ýokarydyr. Ýerden bolan ýeriňkidir,
ýerdäkiler ýaly gepleýändir. Gökden gelen hemmeden
ýokarydyr. 32 Ol görenine, eşidenine güwälik edýär, ýö-
ne Onuň güwäligini hiç kim kabul etmeýär. 33 Emma
Onuň güwäligini kabul eden Hudaýyň hakykatdygyny
tassyklaýandyr. 34 Çünki Hudaý tarapyn Ýollanan Huda-
ýyň sözlerini sözleýändir, sebäbi Hudaý Ruhy ölçeg bi-
len bermeýär. 35 Ata Ogly söýýär we Ol ähli zady Onuň
eline berendir. 36 Ogla iman eden ebedi ýaşar. Ogla
iman etmedik ýaşaýyş görmez, Ol Hudaýyň gazabyna
sezewar bolar».

## —NJI BAP

### Isa bilen samariýaly aýal

4 Ýahýa garanda, Özüniň köp şägirt edinenligi we
çokundyrýanlygy barada fariseýlere habar ýeten-
digini Isa bildi. 2 (Hakykatda, Onuň Özi däl-de, şägirtle-
ri çokundyrýardy.) 3 Ýahudany terk edip, Ol ýene Jelilä
gitdi. 4 Onuň Samariýadan geçmegi gerekdi. 5 Şeýlelik-
de, Ol Ýakubyň öz ogly Ýusuba beren ýeriniň golaýyn-
daky Samariýanyň Sihar diýen şäherine geldi. 6 Bu ýer-
de Ýakubyň guýusy bardy. Ýol ýöräp ýadan Isa guýy-
nyň başynda oturdy; günortana golaýdy. 7 Samariýaly
bir aýal suw çekmäge geldi. Isa oňa: «Maňa içmäge
suw bersene» diýdi. 8 Isanyň şägirtleri iýmit satyn al-
mak üçin şähere gidipdiler. 9 Samariýaly aýal Oňa:
«Sen ýehudy bolup, men samariýaly aýaldan içmäge
suwy nähili dileýärsiň?» diýdi. Çünki ýehudylar samari-
ýalylar bilen gatnaşyk etmeýärdiler. 10 Isa oňa şeýle jo-
gap berdi: «Sen Hudaýyň peşgeşiniň nämedigini, özü-
ňe „Maňa içmäge suw ber" diýýäniň kimdigini bilsediň,
onda suwy seniň özüň Ondan dilärdiň, Ol-da saňa diri-
lik suwuny bererdi». 11 Aýal Oňa şeýle diýdi: «Eý Aga,
Seniň suw çeker ýaly gowaň ýok, guýy-da çuň, dirilik
suwuny nireden aljak? 12 Bu guýyny bize beren, mun-
dan özi-de, çagalary we dowarlary-da suw içen atamyz
Ýakupdan Sen ulumy?» 13 Isa oňa şeýle jogap berdi:
«Bu suwdan içen ýene-de suwsar. 14 Ýöne Meniň berjek
suwumdan içen asla suwsamaz, tersine, Meniň oňa
berjek suwumyň içinde ebedilik ýaşaýyş çeşmesi bo-
lar». 15 Aýal Oňa: «Eý Aga, maňa şol suwdan bersene,
suwsamaýyn, suw çekmäge bu ýere gelmäýin» diýdi.
16 Isa oňa: «Onda, git-de, äriňi çagyryp gel» diýdi.
17 Aýal Oňa: «Meniň ärim ýok» diýdi. Isa-da oňa: «Ärim
ýok diýip, dogry aýtdyň. 18 Seniň bäş äriň bardy, ýöne
häzirkiň öz äriň däl, muny dogry aýtdyň» diýdi. 19 Aýal
Oňa şeýle diýdi: «Eý Aga, görýärin welin, Sen pygam-
ber öýdýän. 20 Biziň atalarymyz şu dagda sežde etdiler,
ýöne siz ýehudylar, sežde edilmeli ýer Iýerusalimdedir
diýýärsiňiz». 21 Isa oňa şeýle diýdi: «Naçar, Maňa ynan,
wagt geler, Ata ne şu dagda, ne-de Iýerusalimde sežde
edersiňiz. 22 Siz tanamaýanyňyza sežde edýärsiňiz, biz
tanaýanymyza sežde edýäris, çünki gutulyş ýehudylar-
dan gelýär. 23 Emma hakyky sežde edijileriň Ata ruhda,
hakykatda sežde etjek wagtlary geler, eýýäm geldi
hem, çünki Ata Özüne şeýle sežde edýänleri agtarýar.
24 Hudaý Ruhdur, Oňa sežde edýänler ruhda, hakykat-
da sežde etmelidir». 25 Aýal Oňa: «Hristos diýilýän Me-
sihiň geljegini bilýärin, Ol gelende bize ähli zady bildi-
rer» diýdi. 26 Isa oňa: «Seniň bilen gepleşip duran Şol»
diýdi. 27 Şu pursatda Isanyň şägirtleri geldiler, Onuň bir
aýal bilen gepleşip duranyna olar haýran galdylar. Ýö-
ne olaryň hiç biri «Näme isleýärsiň?» ýa-da «Bu aýal bi-
len näme üçin gepleşýärsiň?» diýmedi. 28 Onsoň ýaňky
aýal küýzesini goýdy-da, şähere baryp, halka: 29 «Ýö-
rüň, meniň ähli eden işlerimi aýdyp beren Adamy gö-
rüň. Ol Mesih bolaýmasyn» diýdi. 30 Olar şäherden çy-
kyp, Isanyň ýanyna bardylar. 31 Şu aralykda şägirtleri
Ondan: «Mugallym, iý!» diýip haýyş etdiler. 32 Ýöne Isa
olara: «Mende iýere zat bar, ýöne siz ony bilmeýärsi-
ňiz» diýdi. 33 Onsoň şägirtleri: «Oňa biri iýere zat geti-
ren däldir-ä?» diýişdiler. 34 Isa olara: «Iýmitim — Meni
Ýollanyň islegini berjaý etmek, Onuň işini ýerine ýetir-
mekdir diýdi. 35 Siz oraga ýene dört aý bar diýmeýärsi-
ňizmi? Emma Men size gözüňizi galdyryň-da, ekin
meýdanlaryna serediň, olar eýýäm oraga taýýar diýýä-
rin. 36 Eken-de, oran-da bilelikde şatlanar ýaly, oran ha-
kyny alýar, ebedi ýaşaýyş üçin hasyl toplaýar. 37 Çünki
bu ýerde „Biri eker, biri orar" diýilýän söz dogrudyr.
38 Men sizi zähmet çekmedik hasylyňyzy ormaga iber-
dim; başgalar zähmet çekdiler, siz bolsa olaryň zähme-
tiniň hasylyna girdiňiz». 39 «Meniň ähli eden işlerimi aý-

dyp berdi» diýip, güwälik eden aýalyň sözi sebäpli, ol
şäherdäki samariýalylaryň köpüsi Isa iman etdiler.
40 Şonuň üçin-de samariýalylar Isanyň ýanyna gelenle-
rinde, Ondan öz ýanlarynda galmagyny haýyş etdiler.
Ol şol ýerde iki gün galdy. 41 Onuň sözüni diňlän ýene-
de köp adamlar Oňa iman etdi. 42 Ol aýala bolsa olar:
«Biz indi seniň aýdanlaryň sebäpli iman etmeýäris;
özümiz eşitdik, Onuň dünýäniň çyn Halasgäri, Mesihdi-
gini bilýäris» diýdiler.

### Bir gullukçynyň ogly sagaldylýar

43 Iki günden soň Isa ol ýerden Jelilä gitdi. 44 Çünki Ol
pygamberiň öz ýurdunda gadyrynyň ýoklugyna güwä-
lik edipdi.
45 Jelilä baranda, Isanyň Iýerusalimdäki baýramda
eden ähli işlerini gören jelileliler Ony kabul etdiler,
çünki olaryň özleri-de şol baýrama gidipdiler. 46 Şeýle-
likde, Isa ýene-de Özüniň suwdan şerap ýasan ýeri bo-
lan Jeliläniň Kana şäherine gaýdyp geldi. Kapernaum-
da patyşanyň bir gullukçysynyň ogly syrkaw ýatyrdy.
47 Bu adam Isanyň Ýahudadan Jelilä gelenini eşidende,
Onuň ýanyna baryp, ölüm ýassygynda ýatan ogluny
sagaltmagy Ondan haýyş etdi. 48 Isa oňa: «Siz alamat-
lar, mugjyzalar görmeseňiz, asla ynanmarsyňyz» diýdi.
49 Patyşanyň gullukçysy Oňa: «Eý Aga, oglum ölmänkä
barsana!» diýdi. 50 Isa oňa: «Gidiber, ogluň sagaldy»
diýdi. Ol hem Isanyň sözüne ynanyp gitdi. 51 Ol entek
ýoldaka, hyzmatkärleri öňünden çykyp: «Ogluň sagal-
dy» diýdiler. 52 Ol hyzmatkärlerinden oglunyň gowula-
nyp başlan sagadyny anyklamak isledi. Olar oňa:
«Düýn gündiz sagat birde gyzgyny gaýtdy» diýdiler.
53 Şeýlelikde, munuň Isanyň «Ogluň sagaldy» diýen sa-
gadynda bolandygyny bilip, ol bütin içersi bilen birlik-
de Oňa iman etdi. 54 Bu Isanyň Ýahudadan Jelilä gelen-
den soň görkezen ikinji alamatydy.

## —NJI BAP

### Howuz başyndaky bir oturanyň sagaldylmagy

5 Şundan soň ýehudylaryň bir baýramy bardy. Isa
hem Iýerusalime gitdi. 2 Iýerusalimde Goýun der-
wezesiniň ýanynda iwritçe Beýtesta diýilýän bäş eý-
wanly bir howuz bardy. 3 Şol ýerde gaty köp syrkawlar,
körler, agsaklar, oturalar suwuň çaýkanmagyna gara-
şyp ýatyrdylar. 4 Çünki wagtal-wagtal Rebbiň bir periş-
desi şol howza girip, suwy çaýkaýardy, suwuň çaýkan-
magynyň yzysüre ilkinji bolup suwa giren öz keselin-
den saplanýardy. 5 Şol ýerde otuz sekiz ýyl bäri dert çe-
kip ýatan bir adam bardy. 6 Isa onuň ýatanyny gören-
de, uzak wagtdan bäri keseldigini bilip oňa: «Sagalmak
isleýärsiňmi?» diýdi. 7 Syrkaw Oňa şeýle jogap berdi:
«Eý Aga, suw çaýkanan wagty meni howza saljak adam
ýok, men barýançam, başga biri menden öň howza gi-
räýýär». 8 Isa oňa: «Tur, düşegiňi al-da, ýöre!» diýdi.
9 Ýaňky adam derrew sagalyp, düşegini aldy-da, ýöräp
başlady. Bu waka ýehudylaryň ybadat edýän güni —
Sabat güni boldy. 10 Munuň üçin ýehudylar sagalan
adama: «Bu gün Sabat güni, saňa düşegiňi götermek
bolmaz» diýdiler. 11 Sagalan: «Meni sagaldan Adam
maňa „Düşegiňi al-da, git" diýdi» diýip, olara jogap
berdi. 12 «Saňa „Düşegiňi al-da, git" diýen Adam kim?»
diýip, ondan soradylar. 13 Ýöne sagalan adam Onuň
kimdigini bilmeýärdi, çünki Isa şol ýerdäki märekäniň
arasyna girip gidipdi. 14 Soňra Isa ybadathanada oňa
gabat gelip: «Ine, sagaldyň, mundan beýläk günä et-
me, saňa has ýaman zat bolaýmasyn» diýdi.
15 Şeýlelikde, ýaňky adam baryp, özüni sagaldanyň
Isadygyny ýehudylara aýtdy. 16 Bu işi Sabat güni eden-
ligi üçin ýehudylar Isany yzarladylar, Ony öldürjek bol-
dular. 17 Emma Isa olara: «Meniň Atam henize çenli iş-
läp ýör, Men hem işleýärin» diýip jogap berdi. 18 Şu se-
bäpden ýehudylar öňküden-de beter Ony öldürmegiň
küýüne düşdüler, çünki Ol diňe Sabat gününi bozmak
bilen çäklenmän, eýsem, Hudaýa Atam diýip, Özüni
Hudaýa deňeýärdi.

### Ýaşaýyş berýän Isa

19 Isa olara şeýle jogap berdi: «Hakykatdan-da, Men
size dogrusyny aýdýaryn, Atasynyň eden zatlaryny
görmese, Ogul Özünden hiç zat edip bilmez, çünki Ata
näme etse, Ogul-da şony edýändir. 20 Çünki Ata Ogly
söýýär, ähli edýän zatlaryny Oňa görkezýär. Sizi haýran
galdyrjak has beýik zatlary-da Ol Oňa görkezer. 21 Ata-
nyň ölüleri direldişi ýaly, Ogul-da islän adamlaryny di-
relder. 22 Ata hiç kimiň üstünden höküm çykarýan däl-
dir, Ol ähli hökümi Ogla tabşyrandyr. 23 Ata hormat
goýýanlar Ogla-da hormat goýmalydyrlar. Ogla hor-
mat goýmaýan adam Ony ýollan Ata-da hormat goý-
ýan däldir. 24 Men size hakykatyny aýdýaryn, Meniň sö-
zümi diňläp, Meni Ýollana iman edene ebedi ýaşaýyş
bardyr, onuň üstünden höküm çykarylmaz. Ol ölüm-
den ýaşaýşa göçendir. 25 Men size hakykatyny aýdýa-
ryn, Hudaýyň Oglunyň sesini ölüleriň eşitjek wagty ge-
ler, bu wagt eýýäm geldi. Onuň sesini eşidenler ýaşar.
26 Çünki Ata Özünde ýaşaýyş bolşy ýaly, Ogla-da ýaşa-
ýyş ojagy bolmaklygy berendir. 27 Ol höküm çykarmak
ygtyýaryny-da Oňa berdi, çünki Ol Ynsan Ogludyr.
28 Muňa geň galmaň, çünki gabyrdakylaryň hemmesi-
niň Onuň sesini eşitjek wagtlary geler. 29 Haýyr iş eden-
ler ýaşamak üçin, şer iş edenler bolsa höküm üçin di-
reler.

### Isa barada güwälik

30 Men Öz-Özümden hiç bir zat edip bilmeýärin; eşidi-
şime görä höküm çykarýaryn. Meniň hökümim hakdyr,
çünki Men Öz islegimi däl-de, Meni ýollan Atanyň isle-
gini amala aşyrmaga dyrjaşýaryn. 31 Eger Men Özüm
hakda güwälik bersem, onda bu güwäligim hak däldir.
32 Men hakda güwälik berýän başga biri bar, onuň
Özüm hakdaky güwäliginiň dogrudygyny Men bilýärin.
33 Siz Ýahýanyň ýanyna adamlar ýolladyňyz, ol-da haky-

kata güwälik etdi. 34 Emma Men ynsan güwäligini ka-
bul etmeýärin, Men diňe siziň halas bolmagyňyz üçin
bulary aýdýaryn. 35 Ol ýanyp duran, nur saçýan çyra-
dyr. Siz az salym onuň yşygyna guwanmak islediňiz.
36 Emma Mendäki güwälik Ýahýadakydan has uludyr,
çünki ýerine ýetirmegim üçin Atanyň Özüme tabşyran
işleri, ýagny Meniň edýän işlerim Meni Atanyň iberenli-
gine güwä geçýär. 37 Men hakda Meni iberen Atanyň
Özi güwälik etdi. Ýöne siz Onuň ne sesini eşitdiňiz, ne-
de ýüzüni gördüňiz. 38 Onuň sözi sizde galmaýar, çünki
siz Onuň Iberenine iman etmeýärsiňiz. 39 Siz Mukaddes
Ýazgylary agtaryşdyrýarsyňyz, çünki ebedi ýaşaýyş şo-
lardadyr öýdýärsiňiz. Olar bolsa Men hakda güwälik
edýärler. 40 Ýöne siz ömrüňiz bolar ýaly, Maňa gelmek
islemeýärsiňiz. 41 Men ynsanlardan öwgi kabul etmeýä-
rin. 42 Sizi-de tanaýaryn. Sizde Hudaýyň söýgüsi ýok.
43 Men Atamyň adyndan geldim, siz bolsa Meni kabul
etmeýärsiňiz. Ýöne başga biri öz adyndan geläýse, siz
ony kabul edersiňiz. 44 Ýeke-täk Hudaýdan öwgi gözle-
män, biri-biriňizden öwgi kabul edýärkäňiz, siz nähili
iman edip bilersiňiz? 45 Atanyň öňünde Men sizi aýyp-
lar öýtmäň. Sizi aýyplajak öz umyt baglaýanyňyz Musa-
dyr. 46 Siz Musa iman eden bolsadyňyz, onda Maňa-da
iman ederdiňiz, çünki ol Men hakda ýazdy. 47 Onuň ýa-
zanlaryna ynanmaýan bolsaňyz, onda Meniň aýdýanla-
ryma nähili iman edersiňiz?»

### Isa bäş müň adamy doýurýar

6 Şundan soň Isa Jelilä, ýagny Tiberiýa kölüniň
aňyrsyna gitdi. 2 Onuň syrkawlar barada eden ala-
matlaryny gören halaýyk Onuň yzyna düşdi. 3 Isa daga
çykyp, şägirtleri bilen oturdy. 4 Ýehudylaryň Pesah baý-
ramy ýakyndy. 5 Isa töweregine gözüni aýlady we Öz
ýanyna köp halaýygyň gelýänini görüp, Filipusa: «Bu-
lar iýer ýaly çöregi nireden satyn alarys?» diýdi. 6 Ol
muny Filipusy synamak üçin sorapdy, çünki näme etje-
gini Özi bilýärdi. 7 Filipus Oňa: «Iki ýüz dinarlyk çörek
olaryň her biriniň bir döwüm almagyna-da ýetmez»
diýdi. 8 Şägirtleriň biri, Simun Petrusyň dogany And-
reas Oňa şeýle diýdi: 9 «Bu ýerde bir oglanda bäş arpa
çöregi bilen iki balyk bar, ýöne şeýle köp märekä bu
näme bolar?» 10 Isa: «Halaýygy oturdyň» diýdi. Ol ýerde
ot köpdi, bäş müňe golaý adam oturdy. 11 Isa çörekleri
alyp, şükür edeninden soň, olary oturanlara paýlady.
Balyklardan-da näçe isleseler, olara berdi. 12 Olar do-
ýanlaryndan soň, Isa şägirtlerine: «Artan döwümleri
ýygnaşdyryň, hiç zat zaýalanmasyn» diýdi. 13 Şeýlelik-
de, bäş sany arpa çöreginden iýen adamlardan artyp
galan döwümleri ýygnap, on iki sebedi doldurdylar.
14 Isanyň bu alamatyny gören halaýyk: «Hakykatdan-
da, dünýä geljek pygamber Şudur» diýişdiler.
15 Isa olaryň gelip, patyşa etmek üçin Özüni zor bilen
tutjak bolýandyklaryny aňansoň, ýene-de ýeke Özi da-
ga çykyp gitdi.

### Isa suwuň ýüzünden ýöreýär

16 Agşamara Onuň şägirtleri köle geldiler. 17 Bir gaýy-
ga münüp, kölüň aňyrsyndaky Kapernauma ugradylar.
Garaňky düşse-de, Isa entek olaryň ýanyna gelmändi.
18 Güýçli ýel turup, köl tolkun atyp başlady. 19 Gaýyk bi-
len, takmynan, bäş-alty kilometr ýüzenlerinden soň,
Isanyň suwuň ýüzünden ýöräp, gaýyga ýakynlaşyp gel-
ýänini görüp, olar gorkdular. 20 Emma Isa olara: «Bu —
Men, gorkmaň» diýdi. 21 Olar Ony gaýyga mündürjek
boldular, ýöne gaýyk şol pursatda kenara gelip ýetdi.
22 Ertesi gün kölüň beýleki kenarynda galan halaýyk
Isanyň şägirtleriniň münen gaýygyndan 23 Şu aralykda,
Rebbiň şükürinden soň çörek iýen ýerleriniň golaýyna
Tiberiýadan gaýyklar geldi. 24 Isanyň-da, şägirtleriň-de
ol ýerde ýokdugyny gören halaýyk gaýyklara münüp,
Isany gözlemäge Kapernauma bardy. 25 Ony kölüň
aňyrsyndan tapyp: «Mugallym, bu ýere haçan geldiň?»
diýip soradylar.

### Ýaşaýyş çöregi

26 Isa olara şeýle jogap berdi: «Men size hakykatyny
aýdýaryn, siz Meni alamat göreniňiz üçin däl, çörek
iýip doýanyňyz üçin agtarýarsyňyz. 27 Zaýalanýan iýmit
üçin däl-de, ebedi ýaşaýşa çenli galýan iýmit üçin çal-
şyň. Ony size Ynsan Ogly berer, çünki Oňa Ata Hudaý
Öz möhürini basandyr». 28 «Biz Hudaýyň işlerini berjaý
etmek üçin näme etmeli?» diýip, Ondan soradylar.
29 Isa olara: «Hudaýyň işi şu: Onuň Iberenine iman
ediň» diýip jogap berdi. 30 Olar şeýle diýdiler: «Biz gö-
rüp, Saňa iman eder ýaly, Sen nähili alamat görkezer-
siň? Sen näme edersiň? 31 „Ol Gökden iýer ýaly çörek
berdi" diýip, Ýazgyda ýazylyşy ýaly, biziň atalarymyz
manna iýdiler». 32 Isa olara şeýle diýdi: «Men size haky-
katyny aýdýaryn, size Gökden çörek beren Musa däl,
hakyky çöregi Gökden size Atam berýär. 33 Çünki Gök-
den inip, dünýä ýaşaýyş berýän Hudaýyň çöregidir».
34 Olar Oňa: «Ýa Reb, şol çöregi bize hemişe ber» diýdi-
ler. 35 Isa olara şeýle diýdi: «Ýaşaýyş çöregi Mendirin,
Maňa gelen asla aç bolmaz, Maňa iman eden asla suw-
samaz. 36 Aýdyşym ýaly, siz Meni gördüňiz, ýöne Maňa
iman etmeýärsiňiz. 37 Atamyň Maňa berenleriniň bary
Maňa geler, Men Özüme gelenleri asla kowmaryn.
38 Çünki Men Öz islegimi däl-de, Meni Ibereniň islegini
berjaý etmek üçin Gökden indim. 39 Meni Ibereniň isle-
gi bolsa Maňa tabşyranlarynyň hiç birini ýitirmän, ola-
ry ahyretde gaýtadan direltmegimdir. 40 Atanyň islegi
Ogly görüp, Oňa iman eden her kesiň ebedi ýaşaýşy-
nyň bolmagydyr. Men ahyret güni ony gaýtadan direl-
derin».
41 Onuň «Gökden inen çörek — Men» diýeni üçin,
ýehudylar garşy çykyp, hüňürdeşdiler. 42 «Bu Ýusubyň
ogly Isa dälmi? Biz Onuň kakasyny-da, ejesini-de tana-
ýarys. Ol nähili „Men Gökden indim" diýýär?» diýişdiler.
43 Isa olara şeýle diýdi: «Özara hüňürdeşmäň. 44 Meni

iberen Atam Maňa tarap çekmese, hiç kim Meniň ýanyma gelip bilmez. Men ony ahyret güni direlderin. 45 Pygamberleriň ýazgylarynda: „Olaryň hemmesine Hudaý tarapyndan tälim berler" diýilýändir. Atamdan eşidip, Ondan tälim alan her kes Maňa geler. 46 Bu — biri Atany görendir diýildigi däldir. Atany diňe Hudaýdan Gelen görendir. 47 Hakykatdan-da, Men size dogrusyny aýdýaryn, Maňa iman edeniň ebedi ýaşaýşy bardyr. 48 Ýaşaýyş çöregi Mendirin. 49 Siziň atalaryňyz çölde manna iýip öldüler. 50 Bu çörek bolsa ondan iýen ölmez ýaly, Gökden inendir. 51 Gökden inen diri çörek Mendirin. Bu çörekden iýen adam ebedi ýaşar. Dünýäniň ýaşaýşy üçin Meniň berjek çöregim Öz tenimdir». 52 Onsoň ýehudylar: «Bu Adam Öz tenini bize iýmäge nähili berip biler?» diýşip, özara jedelleşdiler. 53 Isa olara şeýle diýdi: «Hakykatdan-da, Men size dogrusyny aýdýaryn, Ynsan Oglunyň tenini iýip, ganyny içmeseňiz, sizde ýaşaýyş bolmaz. 54 Meniň tenimi iýip, ganymy içeniň ebedi ömri bolar. Ahyret güni Men ony direlderin. 55 Çünki Meniň tenim hakyky iýmit, ganym hakyky içgidir. 56 Meniň tenimi iýip, ganymy içen Mende galar, Men hem onda. 57 Diri Atanyň Meni iberişi, Meniň hem Ata arkaly ýaşaýşym ýaly, Meni iýen-de Men arkaly ýaşar. 58 Gökden inen çörek budur. Ol atalaryňyzyň iýen mannalary ýaly däldir, olar öldüler, bu çöregi iýen bolsa ebedi ýaşar».

59 Ol bu sözleri Kapernaumda sinagogada sapak berýärkä aýtdy.

### Köp adamlar Isany terk edýär

60 Şägirtleriň köpüsi muny eşidip: «Bu sözler agyr. Muny kim diňläp biler?» diýişdiler. 61 Isa şägirtleriň muňa hüňürdeşýänini Öz içinden bilip, olara şeýle diýdi: «Bu sizi aljyradýarmy? 62 Onda siz Ynsan Oglunyň owal bolan ýerine gaýtadan çykanyny göräýseňiz näme diýerkäňiz? 63 Ýaşaýyş berýän ruhdur, bedeniň peýdasy ýokdur. Meniň size aýdýan sözlerim ruh hem ýaşaýyşdyr. 64 Ýöne siziň araňyzda käbir iman etmeýänler bar». Çünki Isa iman etmeýänleriň kimdigini, Özüni kimiň tutup berjekdigini öňünden bilýärdi. 65 Ol: «Atanyň gönükdirmedik adamy Maňa gelip bilmez diýip, Men size şonuň üçin aýdypdym» diýdi. 66 Şol wagtdan başlap, şägirtleriniň köpüsi Ondan ýüz öwürdiler, Onuň bilen tirkeşmegi goýdular.

67 Şondan soň Isa Onkilerden: «Siz hem Meni terk edersiňizmi?» diýip sorady. 68 Simun Petrus Oňa şeýle jogap berdi: «Ýa Reb, biz Seni terk edip, kime baraly? Ebedi ýaşaýyş sözleri Sende ahyryn. 69 Biz Seniň Mesihdigiňe, diri Hudaýyň Ogludygyňa 70 Isa olara: «Siz Onkileri Özüm saýlap almadymmy? Muňa garamazdan, siziň biriňiz şeýtan» diýip jogap berdi. 71 Ol muny Simunyň ogly Iuda Iskariota kakdyryp aýdýardy, çünki Ol Onkileriň biridi. Soňra ol Isa haýynlyk etdi.

## —NJI BAP

### Isa Iýerusalime gidýär

7 Şondan soň Isa ondan-oňa gatnap, Jelilede gezdi. Ýehudylar Ony öldürmegiň kastynda bolansoňlar, Ol Ýahudada gezmek islemeýärdi. 2 Ýehudylaryň Çatma baýramy ýakynlapdy. 3 Doganlary Oňa şeýle diýdiler: «Bu ýerden aýrylyp, Ýahuda git, edýän işleriňi şägirtleriň görsün. 4 Özüni açyk tanatmak isleýän adam gizlin iş edýän däldir. Sen bu zatlary edýän bolsaň, Özüňi dünýä görkez». 5 Çünki doganlary-da Oňa iman etmeýärdiler. 6 Isa olara jogap berdi: «Meniň wagtym entek gelenok, ýöne siziň üçin elmydama wagtdyr. 7 Sizi dünýä ýigrenip bilmez, emma Meni ýigrenýär, çünki Men onuň işleriniň erbetdigine güwä geçýärin. 8 Siz baýrama gidiň, Men bu baýrama gitjek däl, çünki Meniň wagtym entek dolanok». 9 Ol bu zatlary olara aýdyp, Jelilede galdy. 10 Emma doganlary baýrama gidenlerinden soň, Ol-da gitdi, ýöne aç-açan däl-de, gizlin gitdi. 11 Ýehudylar baýramda Ony agtaryp: «Ol nirede?» diýişýärdiler. 12 Halaýygyň arasynda Ol hakda köp gürrüň boldy. Käbirleri «Ol gowy adamdyr» diýse, başgalary «Ol halky azdyrýar» diýýärdi. 13 Ýöne ýehudylardan gorkup, hiç kim Ol hakda açyk gürrüň edip bilmeýärdi. 14 Baýramyň ýarysy geçende, Isa ybadathana baryp, sapak bermäge durdy. 15 Ýehudylar haýran galyp: «Bu adam hiç ýerde okamazdan, Mukaddes Ýazgylary nireden bilýärkä?» diýişýärdiler. 16 Isa olara şeýle jogap berdi: «Meniň öwredýänlerim Özümiňki däl, Meni Ibereniňki. 17 Biri Hudaýyň islegini berjaý etmek isleýän bolsa, onda Meniň öwredýänlerimiň Hudaýdandygyny ýa-da Özümden sözleýändigimi ol biler. 18 Özünden sözleýän özi üçin şöhrat agtarýandyr. Özüni Iberen üçin şöhrat agtarýan bolsa dogruçyldyr, onda nädogrulyk ýokdur. 19 Mukaddes Kanuny size Musa bermedimi? Muňa garamazdan, siziň hiç biriňiz kanuny berjaý etmeýärsiňiz. Näme üçin Meni öldürjek bolýarsyňyz?» 20 Halaýyk Oňa: «Sen jynly, kim Seni öldürjek bolýar?» diýdi. 21 Isa olara şeýle jogap berdi: «Men bir iş etdim, oňa hemmäňiz haýran galdyňyz. 22 Musa size sünneti berdi, ýöne bu Musadan däl-de, ata-babalardandyr — siz Sabat güni adam sünnetleýärsiňiz. 23 Musanyň kanuny bozulmasyn diýip, Sabat güni sünnet edilýän bolsa, onda Sabat güni bir adamy büs-bütin sagaldandygym üçin Meni ýazgarmaňyz näme? 24 Daş görnüşe görä höküm çykarman, adyllyk bilen höküm çykaryň».

### Isa Mesihmidir?

25 Bu ýerde iýerusalimlileriň käbiri: «Öldürjek bolýanlary bu Adam dälmi? 26 Bu, ine, açyk gürrüň berip dur, Oňa hiç zat diýmeýärler, biziň başlyklarymyz Munuň Mesihdigini, hakykatdan hem bilýän bolaýmasynlar?! 27 Ýöne biz bu Adamyň nirelidigini bilýäris. Mesih gelende bolsa Onuň nirelidigini hiç kim bilmez» diýişdiler. 28 Onsoň Isa ybadathanada sapak berip durka, şeýle

diýip gygyrdy: «Siz Meni hem tanaýarsyňyz, hem nireli-
digimi bilýärsiňiz. Ýöne Men Öz-Özümden gelemok,
Meni Iberen hakdyr, siz Ony tanamaýarsyňyz. 29 Men
Ony tanaýaryn, çünki Men Ondandyryn. Meni iberen
Oldur».
30 Şondan soň Ony tutjak boldular, ýöne hiç kim Oňa
el uzatmady, çünki Onuň wagty entek gelmändi. 31 Ha-
laýygyň köpüsi Oňa iman edip, şeýle diýdi: «Mesih ge-
lende, Şunuňkydan köp alamat görkezermi?» 32 Fari-
seýler Isa hakda halk arasyndaky bu pyşyrdylary eşitdi-
ler. Onsoň baş ruhanylar, fariseýler Ony tutmak üçin
serkerdeleri ýolladylar. 33 Isa şeýle diýdi: «Men ýene az
salym siziň ýanyňyzda galyp, soňra Özümi Iberene gi-
derin. 34 Siz Meni gözlärsiňiz, ýöne tapmarsyňyz. Meniň
barjak ýerime siz baryp bilmersiňiz». 35 Onsoň ýehudy-
lar biri-birine: «Bu Adam, biz tapyp bilmez ýaly, nirä
gitjekkä? Grekleriň arasyna dagap gidenleriň ýanyna
baryp, greklere sapak berjekmikä? 36 Munuň „Meni
gözlärsiňiz, ýöne tapmarsyňyz, Meniň barjak ýerime
baryp bilmersiňiz" diýýäni nämekä?» diýişdiler.
37 Baýramyň soňky uly gününde Isa ör turup gygyr-
dy: «Suwsaýanlar Meniň ýanyma gelsin, içip gansyn.
38 Kim Maňa iman etse, Ýazgyda aýdylyşy ýaly, onuň
içinden dirilik suwunyň bulaklary akar». 39 Ol muny
Özüne iman edenleriň soňra aljak Ruhy barada aýd-
ýardy. Olara entek Mukaddes Ruh inmändi, çünki Isa
entek şöhratlandyrylmandy. 40 Halaýykdan käbirleri bu
sözi eşidip: «Bu, hakykatdan hem, şol geljek pygam-
berdir» diýdiler. 41 Başgalary: «Bu Mesihdir» diýdiler,
emma käbirleri: «Mesih Jelileden gelmelimidi? 42 Ýazgy-
da „Mesih Dawudyň neslinden, Dawudyň obasy Beý-
tullahamdan geler" diýip ýazylmanmy näme?» diýdiler.
43 Şeýlelikde, halaýygyň arasynda Isa barada agzalalyk
döredi. 44 Olardan käbirleri Ony tutmak islediler, ýöne
hiç kim Oňa el degirmedi.

### Ýehudy ýolbaşçylarynyň imansyzlygy

45 Serkerdeler gaýdyp gelenlerinde, baş ruhanylar,
fariseýler olardan: «Näme üçin Ony getirmediňiz?» di-
ýip soradylar. 46 Serkerdeler: «Hiç kim hiç haçan bu
Adamyňky ýaly 47 Fariseýler olara şeýle diýdiler: «Siz-de
aldandyňyzmy? 48 Başlyklardan ýa fariseýlerden Oňa
iman eden barmy? 49 Mukaddes Kanuny bilmeýän bu
halka nälet!» 50 Içlerinden biri, ozal Isanyň ýanyna ba-
ran Nikodimos olara: 51 «Kanunymyz bir adamy öňürti
diňlemän, onuň näme edenini bilmän, höküm edýär-
mi?» diýdi. 52 Oňa: «Sen-de jelilelimi? Mukaddes Kitaba
seret: Jelileden hiç wagt pygamber çykmaz» diýdiler.
53 Soňra hemmesi öýli-öýüne gitdi.

### —NJI BAP

### Zynada tutulan aýal

8 Isa Zeýtun dagyna gitdi. 2 Daňdan ýene ybadat-
hana bardy. Ähli halk Onuň ýanyna geldi; Isa olara
sapak bermäge başlady. 3 Kanunçylar bilen fariseýler
zyna üstünde tutulan bir aýaly alyp geldiler. Olar ony
ortada duruzdylar we Isa ýüzlenip, şeýle diýdiler: «Mu-
gallym, bu aýal zyna üstünde tutuldy. 5 Musa kanunda
bular ýalylary daşlap öldürmegi buýrupdyr. Sen näme
diýýärsiň?» 6 Olar muny Isany synap, aýyplamak üçin
bir tutaryk tapjak bolup aýtdylar. Emma Ol eglip, bar-
magy bilen ýere bir zatlar ýazýardy. 7 Ondan soramagy
dowam etdirenlerinde, Isa dikelip: «Siziň araňyzda ki-
miň günäsi ýok bolsa, bu aýala daşy ilki şol atsyn» diý-
di. 8 Ol ýene-de eglip ýere ýazmaga durdy. 9 Muny eşi-
denlerinde, wyždanlary ynjalyksyzlandy, ýaşulusyndan
başlap soňkusyna çenli ýeke-ýekeden gitdiler. Isa ýeke
galdy, aýal hem şol ýerdedi. 10 Isa dikelende, aýaldan
başga hiç kimi görmänsoň oňa: «Naçar, ýaňkylar ha-
ny? Saňa hiç kim jeza bermedimi?» diýdi. 11 Aýal: «Eý
Aga, hiç kim» diýdi. Isa: «Onda, saňa Men hem jeza
bermeýärin, gidiber, ýöne indi günä iş etme» diýdi.

### Hak güwälik

12 Isa ýene-de halka ýüzlenip şeýle diýdi: «Men dün-
ýäniň nurudyryn. Meniň yzyma eýeren garaňkylykda
gezmez, onda ýaşaýyş nury bolar». 13 Fariseýler Oňa:
«Sen Özüň hakda güwälik edýärsiň, Seniň güwäligiň
hak däl» diýdiler. 14 Isa olara şeýle jogap berdi: «Özüm
hakda güwälik edýän hem bolsam, Meniň güwäligim
hakdyr, çünki Men nireden gelip, nirä barýanymy bilýä-
rin, ýöne Meniň nireden gelenimi ýa nirä barýanymy
siz bilmeýärsiňiz. 15 Siz tene — bedene garap höküm
çykarýarsyňyz, Men hiç kimiň üstünden höküm çykar-
maýaryn. 16 Men höküm çykaraýsam-da, hökümim
hakdyr, çünki Men ýeke däl-de, Özümi iberen Ata bi-
lendirin. 17 Iki adamyň güwäliginiň hakdygy bolsa siziň
kanunyňyzda ýazylgydyr. 18 Men Özüm hakda güwälik
edýärin, Meni iberen Ata-da Men hakda güwälik ed-
ýär». 19 Onsoň Oňa: «Seniň Ataň nirede?» diýdiler. Isa
olara jogap berip: «Siz ne Meni, ne-de Meniň Atamy ta-
naýarsyňyz. Meni tanaýan bolsaňyz, Meniň Atamy-da
tanardyňyz» diýdi. 20 Ol bu sözleri ybadathanada sapak
berip durka, sadaka sandygynyň ýanynda aýtdy, ýöne
hiç kim Oňa ýapyşmady, çünki Onuň wagty entek gel-
mändi. 21 Isa olara ýene: «Men barýaryn, siz Meni agta-
rarsyňyz, günäňiziň içinde ölersiňiz, ýöne Meniň bar-
ýan ýerime baryp bilmersiňiz» diýdi. 22 Ýehudylar: «Ol
Özüni öldürjekmikä? Çünki Meniň barýan ýerime ba-
ryp bilmersiňiz diýýär» diýişdiler. 23 Isa olara şeýle diý-
di: «Siz aşakdansyňyz, Men ýokardandyryn; siz bu dün-
ýädensiňiz, Men bu dünýäden däldirin. 24 Munuň üçin
Men size „günäli ölersiňiz" diýdim, çünki Meniň Biri-
bardygyma iman etmeseňiz, günäli ölersiňiz». 25 «Sen
kimsiň?» diýip, Ondan soradylar. Isa olara şeýle jogap
berdi: «Ozal-başdan size näme aýdan bolsam, Şoldu-
ryn. 26 Siz hakda aýtjak, höküm etjek zatlarym köp. Me-
ni Iberen hakdyr, Men Ondan eşidenlerimi dünýä aýd-
ýaryn». 27 Olar Onuň Ata barada aýdýandygyna düşün-
mediler. 28 Soňra Isa olara şeýle diýdi: «Ynsan Ogluny

ýokaryk galdyran mahalyňyz, şonda Onuň Mendigimi
we Meniň Öz-Özümden hiç zat etmän, diňe Atanyň
Maňa öwredenlerini aýdandygymy bilersiňiz. 29 Meni
Iberen Meniň bilendir; Ol Meni ýalňyz goýmady, çünki
Men hemişe Oňa ýaraýan zatlary edýärin». 30 Bulary
aýdanda köp adamlar Oňa iman etdiler.

### Ybraýymyň perzentleri — iblisiň perzentleri

31 Onsoň, Isa Özüne iman eden ýehudylara şeýle diý-
di: «Meniň sözümi tutsaňyz, hakykatdan hem Meniň
şägirtlerim bolarsyňyz; 32 Siz hakykaty bilersiňiz, haky-
kat-da sizi azat eder». 33 «Biz Ybraýymyň perzentleridi-
ris, hiç haçan hiç kime gul bolan däldiris. Seniň „Azat
bolarsyňyz" diýýäniň näme?» diýip, olar Onuň Özün-
den soradylar. 34 Isa olara şeýle jogap berdi: «Men size
hakykatyny aýdýaryn, günä edýän kişi günäniň gulu-
dyr. 35 Gul öýde hemişelik galmaz, ýöne Ogul hemişelik
galar. 36 Şonuň üçin hem Ogul sizi azat etse, siz, haky-
katdan hem azat bolarsyňyz. 37 Siziň Ybraýymyň per-
zentleridigiňizi bilýärin, ýöne siz Meni öldürmegiň kas-
tynda, çünki Meniň sözüm siziň içiňizde ýer tutmaýar.
38 Men Atamyň ýanynda görenlerimi aýdýaryn, siz hem
öz ataňyzdan görenleriňizi edýärsiňiz». 39 Olar Oňa:
«Biziň atamyz Ybraýymdyr» diýdiler. Isa olara şeýle diý-
di: «Siz Ybraýymyň perzentleri bolýan bolsaňyz, Ybra-
ýymyň işlerini ederdiňiz. 40 Emma siz Meni, Hudaýdan
eşiden hakykatyny aýdýan Adamy öldürmäge synanyş-
ýarsyňyz. Ybraýym beýle zady etmändi. 41 Siz öz ataňy-
zyň işlerini edýärsiňiz». Olar Oňa: «Biz zynadan doglan
däl, biziň diňe bir Atamyz bar, Ol hem Hudaý» diýdiler.
42 Isa olara şeýle diýdi: «Hudaý siziň ataňyz bolsady,
onda, siz Meni söýerdiňiz, çünki Men Hudaýdan çykyp
geldim, Öz-Özümden gelemok, Meni Ol iberdi. 43 Nä-
me üçin Meniň aýdýanlaryma düşünmeýärsiňiz? Çünki
siz Meniň sözümi diňläp bilmeýärsiňiz. 44 Siziň ataňyz
iblis, siz ataňyzyň dilegini berjaý etmek isleýärsiňiz. Ol
owaldan ganhordy, hiç wagt hakykatyň tarapdary bol-
mady, çünki onda hakykat ýok. Ol ýalan sözlän mahaly
öz-özünden sözleýär, çünki ol ýalançy, ýalanyň atasy.
45 Maňa bolsa hakykaty aýdýanlygym üçin iman etme-
ýärsiňiz. 46 Siziň haýsyňyz maňa günä ýöňkäp bilersi-
ňiz? Eger Men hakykaty aýdýan bolsam, onda näme
üçin siz Maňa iman etmeýärsiňiz? 47 Hudaýdan gelen
Hudaýyň sözlerini diňleýändir. Siz diňlemeýärsiňiz,
çünki siz Hudaýdan däl».

### Isanyň şöhraty

48 Ýehudylar Oňa: «Sen samariýalysyň, Sen jynly diý-
ýänimiz dogry dälmi?» diýdiler. 49 Isa olara şeýle jogap
berdi: «Men jynly däl, Men diňe Atamy hormatlaýaryn,
emma siz Meni hormatlamaýarsyňyz. 50 Men Özüme
şöhrat agtarmaýaryn, muny agtarýan we höküm çy-
karýan Biri bar. 51 Men size hakykatyny aýdýaryn, Me-
niň sözümi tutan adam asla ölüm görmez». 52 Ýehudy-
lar Oňa şeýle diýdiler: «Seniň jynlydygyňy indi bildik.
Ybraýym-da öldi, pygamberler-de; ýöne Sen: „Meniň
sözümi tutan adam asla ölümden datmaz" diýýärsiň.
53 Sen atamyz Ybraýymdan ulumy? Ol öldi, pygamber-
ler-de öldi. Sen Özüňi kimdirin öýdýärsiň?» 54 Isa olara
şeýle jogap berdi: «Men Özümi şöhratlandyrsam, onda
bu şöhrat puç bolar. Meni şöhratlandyrýan Meniň
Atamdyr; siz Oňa Hudaýymyz diýýärsiňiz. 55 Ýöne Ony
tanamaýarsyňyz, Men Ony tanaýaryn. Eger Ony tana-
maýaryn diýsem, onda Men hem siziň ýaly ýalançy bo-
laryn. Men Ony tanaýaryn, Onuň sözüni tutýaryn. 56 Si-
ziň ataňyz Ybraýym Meniň günlerimi görjekdigine şat-
lanýardy; ol gördi we şatlandy». 57 «Heniz elli ýaşa-da
barmadyk halyňa Sen Ybraýymy gördüňmi?» diýip,
ýehudylar Ondan soradylar. 58 Isa olara: «Men size ha-
kykatyny aýdýaryn, Ybraýym dogulmazyndan öň hem
Men bardyryn» diýdi. 59 Şonda Oňa zyňmak üçin daş al-
dylar, emma Isa gizlendi we ybadathanadan çykyp git-
di.

### Kör sagaldylýar

9 Geçip barýarka, Isa bir doga kör adamy gördi.
2 Şägirtleri Ondan: «Mugallym, bu adamyň kör bo-
lup dogulmagyna kim günäkär, munuň özümi ýa ene-
atasy?» diýip soradylar. 3 Isa olara şeýle jogap berdi:
«Ne munuň özi günä etdi, ne-de ene-atasy; bu onda
Hudaýyň işleriniň görkezilmegi üçin boldy. 4 Özümi
Ibereniň işlerini Men gündiz etmeli. Gije ýetip gelýär,
şonda hiç kim işläp bilmez. 5 Men dünýädekäm, dünýä-
niň nurudyryn». 6 Ol şeýle diýip, ýere tüýkürdi-de, tüý-
küliginden palçyk ýasady, palçygy bolsa körüň gözüne
sürtdi. 7 Onsoň oňa: «Git-de, Siloam 8 Goňşulary we
onuň dilegçilik edip ýörenini ozal görenler: «Şu ýerde
oturyp, dilegçilik edýän şu dälmidi?» diýdiler. 9 Käbirle-
ri: «Şol» diýdiler; käbirleri: «Ýok, bu diňe şoňa meňzeş»
diýdiler. Ýöne onuň özi: «Men» diýdi. 10 Oňa: «Onda
gözleriň nähili açyldy?» diýdiler. 11 Ol: «Isa diýilýän
adam palçyk ýasap, gözüme sürtdi-de: „Siloama git-de,
ýuwun" diýdi. Men hem gidip ýuwundym, gözlerim
açyldy» diýip jogap berdi. 12 Oňa: «Ol nirede?» diýdiler.
Ol: «Bilmeýärin» diýdi.

### Fariseýleriň soraglary

13 Ozal kör bolan bu adamy fariseýleriň ýanyna getir-
diler. 14 Isanyň palçyk ýasap, onuň gözüni açan güni
Sabatdy. 15 Fariseýler-de onuň gözüniň nähili açylany-
ny soradylar. Ol olara: «Ol meniň gözüme palçyk sürt-
di, onsoň ýuwundym. Indi men görýärin» diýip jogap
berdi. 16 Fariseýleriň käbirleri: «Ol adam Hudaýdan däl,
çünki Sabat gününi tutmaýar» diýdiler. Başgalary bol-
sa: «Bir günäkär adam beýle alamatlary nähili görkezip
biler?» diýdiler. Olaryň arasyna agzalaçylyk düşdi.
17 Olar ýene-de körden: «Gözüňi açan şol Adam barada
näme diýýärsiň?» diýip soradylar. Ol hem: «Ol bir py-
gamber» diýdi. 18 Ýehudylar gözleri açylan adamyň eje-
si bilen kakasyny çagyryp soraýançalar, onuň ozal kör

bolup, indi gözleriniň açylandygyna ynanmadylar. 19 Olardan: «Kör doguldy diýýän ogluňyz şumy? Indi bu nädip görýär?» diýip soradylar. 20 Onuň ejesi bilen kakasy olara şeýle jogap berdi: «Munuň öz oglumyzdygyny, kör doglandygyny bilýäris. 21 Ýöne onuň indi nädip görýändigini ýa-da onuň gözüni kimiň açandygyny biz bilmeýäris. Ol indi bir ýetişen ýigit, özünden soraň, özi aýdyp bersin». 22 Onuň ejesi bilen kakasy ýehudylardan gorkularyna şeýle diýdiler, çünki ýehudylar Onuň Mesihdigini ykrar eden adamy sinagogadan kowmak barada dil birikdiripdiler. 23 Şonuň üçin onuň ejesi bilen kakasy: «Ol bir ýetişen ýigit, özünden soraň» diýdiler. 24 Şeýlelik bilen, fariseýler ozalky köri ikinji gezek çagyryp, oňa: «Hudaýy şöhratlandyr, biz ol adamyň günäkärdigini bilýäris» diýdiler. 25 Ol: «Onuň günäkärdigini ýa däldigini bilmeýärin. Men bir zady bilýärin: ozal kördüm, indi görýärin» diýip jogap berdi. 26 «Ol saňa näme etdi? Gözüňi nädip açdy?» diýip, ondan ýene soradylar. 27 Ol bulara şeýle jogap berdi: «Men ýaňy aýtdym, diňlemediňiz; näme üçin ýene eşitmek isleýärsiňiz? Ýa siz-de Onuň şägirtleri bolmakçymy?» 28 Oňa sögüp, şeýle diýdiler: «Onuň şägirdi — sen, biz Musanyň şägirtleridiris. 29 Biz Hudaýyň Musa bilen gepleşendigini bilýäris; bu Adamyň bolsa nirelidigini-de bilmeýäris». 30 Ýaňky adam olara şeýle jogap berdi: «Haýran galaýmaly! Siz Onuň nirelidigini-de bilmeýärsiňiz, Ol bolsa meniň gözümi açdy. 31 Hudaýyň günäkärleri diňlemeýändigini bilýäris, ýöne biri hudaýhon bolsa, Onuň islegini berjaý etse, Hudaý ony diňleýär. 32 Doga körüň gözüniň açylmagy henize çenli eşidilen zat däl. 33 Bu Adam Hudaýdan bolmadyk bolsa, onda hiç bir zat edip bilmezdi». 34 Oňa: «Sen bütinleý günä içinde doglup, indi bize sapak berjek bolýarsyňmy?» diýdiler. Şeýlelikde, ony kowup goýberdiler.

### Ruhy körlük

35 Ony kowup goýberenlerini eşiden Isa ýaňky adamy tapyp: «Sen Hudaýyň Ogluna 36 Ol hem Oňa jogap berip: «Eý aga, Oňa iman eder ýaly, Ol kim?» diýdi. 37 Isa oňa: «Sen Ony gördüň, Ol seniň bilen gepleşip dur» diýdi. 38 Ol hem: «Ýa Reb, iman edýärin» diýip, Oňa sežde etdi. 39 Isa oňa: «Men bu dünýä görmeýänler görsün, görýänler kör bolsun diýip, höküm etmäge geldim» diýdi. 40 Muny diňläp duran fariseýleriň käbiri Oňa: «Onda biz-de körmi?» diýdiler. 41 Isa olara: «Kör bolan bolsaňyz, günäňiz bolmazdy, ýöne görýäris diýýäniňiz üçin günäňiz aýrylmaýar» diýdi.

### Oňat çopan

10 «Hakykatdan-da, Men size dogrusyny aýdýaryn, goýun agylyna gapysyndan girmän, başga ýerinden aşyp girýän ogrudyr, garakçydyr. 2 Gapydan girýän goýunlaryň çopanydyr. 3 Sakçy oňa gapyny açyp berýändir. Goýunlar çopanyň sesini eşidýändir. Çopan hem goýunlaryny atma-at çagyryp, olary daşaryk çykarýandyr. 4 Goýunlaryny daşaryk çykarandan soň, olaryň öňünden ýöreýändir, onuň sesini tanaýan goýunlar bolsa onuň yzyna düşýändir. 5 Olar kesekiniň yzyna düşýän däldir, ondan gaçýandyr, sebäbi kesekiniň sesini tanaýan däldirler». 6 Isa olara tymsal aýtdy, ýöne olar onuň manysyna düşünmediler. 7 Isa ýene-de olara şeýle diýdi: «Men size hakykatyny aýdýaryn, Men goýunlaryň agylyna gapydyryn. 8 Menden öň gelenleriň ählisi ogrudyr, garakçydyr; ýöne goýunlar olary diňlemediler. 9 Men gapydyryn. Menden giren halas bolar. Ol girer, çykar, öri tapar. 10 Ogry diňe ogurlap öldürmek, heläk etmek üçin gelýändir. Emma Men olarda ýaşaýyş bolsun, gurply ýaşaýyş bolsun diýip geldim. 11 Men gowy çopandyryn. Gowy çopan goýunlary üçin janyny pida edýändir. 12 Çopan däl-de, diňe hakyna tutulan adam bolsa möjegiň gelýänini görüp, goýunlar özüniňki bolmansoň, olary taşlap gaçýandyr. Möjek-de olary gapyp dargadýandyr. 13 Çünki ol hakyna tutulandyr. Ol goýunlaryň gamyny iýmez. 14 Men gowy çopandyryn; Özümiňkileri tanaýandyryn, olar-da Meni tanaýandyr. 15 Atamyň Meni, Meniň-de Atany tanaýşym ýaly tanaýandyrlar. Men goýunlar üçin janymy pida edýärin. 16 Meniň bu agyldakylardan başga-da goýunlarym bar. Men olary hem ýygnamalydyryn. Olar hem Meniň sesimi eşider. Onsoň bir süri, bir çopan bolar. 17 Janymy gaýtadan almak üçin pida edýänligim sebäpli Ata Meni söýýär. 18 Janymy Menden hiç kim almaýar, Özüm pida edýärin. Meniň ony pida etmäge-de, ony gaýtadan almaga-da ygtyýarym bar. Men bu buýrugy Atamdan aldym». 19 Bu sözler sebäpli, ýehudylaryň arasyna ýene-de agzalalyk aralaşdy. 20 Olaryň köpüsi: «Ol jynly, Ol däliräpdir. Näme üçin siz Ony diňleýärsiňiz?» diýdiler. 21 Başgalary bolsa: «Bular jynly adamyň aýtjak sözleri däl. Jyn körleriň gözüni açyp bilermi?» diýdiler.

### Ýehudylaryň imansyzlygy

22 Iýerusalimde ybadathananyň açylyşynyň ýyllyk baýramy boldy. Gyşdy. 23 Isa ybadathanada Süleýmanyň eýwanynda gezmeläp ýördi. 24 Ýehudylar Onuň daşyna üýşüp: «Sen haçana çenli bizi alasarmyk edip ýörjek? Mesih bolsaň, açygyny aýt» diýdiler. 25 Isa olara şeýle jogap berdi: «Men size aýtdym, ýöne siz iman etmeýärsiňiz. Atamyň ady bilen eden işlerim Maňa güwälik edýär. 26 Ýöne siz iman etmeýärsiňiz, çünki size aýdyşym ýaly, siz Meniň goýunlarymdan däl. 27 Meniň goýunlarym sesime gulak asýar, Men hem olary tanaýaryn, olar Meniň yzyma düşýärler. 28 Men olara ebedi ýaşaýyş bererin. Olar asla heläk bolmaz, hiç kim olary Meniň elimden kakyp almaz. 29 Olary Maňa beren Atam hemmeden uludyr. Atamyň elinden olary hiç kim alyp bilmez. 30 Atam Ikimiz birdiris». 31 Ýehudylar Ony daşlajak bolup, ýene ýerden daş aldylar. 32 Isa olara: «Men Atam tarapyndan size köp ýagşylyklar etdim. Bularyň haýsysy üçin siz Meni daşlajak bolýarsyňyz?» diýdi. 33 Ýehudylar Oňa: «Biz Seni ýagşy iş edýänligiň üçin

däl, Hudaýa dil ýetirýänligiň üçin, ýagny ynsan halyňa Özüňi Hudaý saýýanlygyň üçin daşlajak bolýarys» diýdiler. 34 Isa olara şeýle diýdi: «„Men aýtdym, siz taňrylarsyňyz" diýip, siziň kanunyňyzda ýazylgy dälmi näme? 35 Mukaddes kanun özlerine Hudaýyň sözleri gelenleri taňrylar diýip atlandyran bolsa, şonuň bilen Ýazgy bozulmaýar ahyryn. 36 Şeýle bolsa, Men Hudaýyň Ogly diýýänim üçin siz Atanyň saýlap, dünýä iberen Adamyna näme üçin Hudaýa dil ýetirýär diýýärsiňiz? 37 Men Atamyň işlerini etmeýän bolsam, onda Maňa iman etmäň. 38 Eger-de ol işleri edýän bolsam, onda Maňa ynanmasaňyz-da, Atamyň Mendedigini we Meniň Atadadygymy bilip, oňa göz ýetirer ýaly, edýän işlerime ynanyň». 39 Şonda Ony ýene tutmaga synanyşdylar, ýöne Isa olaryň ellerinden sypyp gitdi. 40 Isa ýene-de Iordanyň aňyrsyna, Ýahýanyň ozallar çokundyrýan ýerine baryp, şol ýerde galdy. 41 Köp adamlar Onuň ýanyna gelip: «Ýahýa hiç hili alamat görkezmedi, ýöne onuň bu Adam hakda aýdanlarynyň bary çyn eken» diýişdiler. 42 Şeýlelikde, köp adamlar ol ýerde Oňa iman etdi.

## —NJI BAP

### Lazaryň ölümi

11 Merem bilen onuň uýasy Martanyň obasy bolan Beýtaniýadan Lazar atly bir adam syrkawdy. 2 Merem Rebbiň üstüne atyr ysly ýag çalyp, Onuň aýagyny öz saçy bilen süpürip guradan aýaldy. Onuň dogany Lazar syrkawdy. 3 Şeýlelikde, uýalar: «Ýa Reb, Seniň söýýän adamyň syrkaw ýatyr» diýip, Isa habar ýolladylar. 4 Isa muny eşidende: «Bu syrkawlyk ölüm üçin däl-de, Hudaýyň Ogly ol arkaly şöhratlanar ýaly, Hudaýyň şöhraty üçindir» diýdi. 5 Isa Martany, onuň uýasyny we Lazary gowy görýärdi. 6 Onuň syrkawdygyny eşidende, Isa şol bolýan ýerinde iki gün galdy. 7 Onsoň şägirtlerine: «Ýene Ýahuda gideliň» diýdi. 8 Şägirtleri Oňa: «Mugallym, ýehudylar Seni ýaňy daşlamaga synanyşdylar, Sen ýene-de şol ýere gitjek bolýarsyňmy?» diýdiler. 9 Isa olara şeýle jogap berdi: «Gündizde on iki sagat bar dälmi? Gündiz gezýän adam büdremez, çünki ol bu dünýäniň nuruny görýändir. 10 Ýöne adam gije gezse, büdrär, çünki onda nur ýokdur». 11 Soňra Isa olara: «Dostumyz Lazar uklap ýatyr, diňe şony oýarmak üçin barýaryn» diýdi. 12 Şägirtleri Oňa: «Ýa Reb, uklan bolsa sagalar» diýdiler. 13 Isa onuň ölendigi hakda gürrüň edýärdi, ýöne olar adaty ukudyr öýdýärdiler. 14 Şeýlelikde, Isa olara açygyny aýtdy: «Lazar ölüpdir. 15 Men siz iman edersiňiz diýip, şol ýerde bolmanlygyma siziň üçin şat, ýöne indi onuň ýanyna gideliň». 16 Didimos (Ekiz) diýilýän şägirt Tomas ýoldaşlaryna: «Onuň bilen öler ýaly, biz-de gideliň» diýdi.

### Marta bilen Merem ýas tutýar

17 Isa gelende, Lazaryň gabyrda ýatanyna dört gün bolan eken. 18 Beýtaniýa Iýerusalimden üç kilometre golaý uzakdady. 19 Doganlarynyň ölümi zerarly, Marta bilen Mereme göwünlik berjek bolup, bu ýere köp ýehudy gelipdi. 20 Marta Isanyň gelýänini eşidip, Ony garşylamaga gitdi, Merem bolsa öýde galdy. 21 Marta Isa: «Ýa Reb, Sen şu ýerde bolan bolsaň, doganym ölmezdi. 22 Häzir hem Hudaýdan näme dileseň, Onuň dilegiňi bitirjegini bilýärin» diýdi. 23 Isa oňa: «Doganyň direler» diýdi. 24 Marta bolsa: «Men ahyret güni boljak kyýamatda onuň direljegini bilýärin» diýdi. 25 Isa oňa şeýle diýdi: «Direliş-de, ýaşaýyş-da Mendirin, Maňa iman eden ölse-de, ýaşar. 26 Her bir ýaşaýan we Maňa iman edýän asla ölmez. Sen muňa ynanýarsyňmy?» 27 Ol Oňa: «Hawa, ýa Reb, men Seniň Hudaýyň dünýä inen Ogly Mesihdigiňe iman etdim» diýdi. 28 Ol muny aýdyp, gitdi-de, uýasy Meremi ýaşyrynlyk bilen çagyryp: «Mugallym şu ýerde, seni çagyrýar» diýdi. 29 Merem muny eşiden badyna tiz ýerinden turup, Isanyň ýanyna gitdi. 30 Isa entek oba barmandy, Ol heniz hem Martanyň garşylan ýerindedi. 31 Öýde Meremiň ýanynda bolup, oňa göwünlik berýän ýehudylar onuň howulhalat ýerinden turup, çykyp gidenini görenlerinde, aglamak üçin gabra tarap barýandyr öýdüp, onuň yzyndan gitdiler. 32 Merem Isanyň duran ýerine gelende, Ony gördi, Onuň aýagyna ýykylyp: «Ýa Reb, Sen şu ýerde bolan bolsaň, doganym ölmezdi» diýdi. 33 Isa onuň we onuň bilen bile gelen ýehudylaryň aglaýanyny görende, çuňňur gynanyp, ýüregi gyýyldy. 34 Ol: «Ony nirede jaýladyňyz?» diýip sorady. Oňa: «Ýa Reb, bar-da, Özüň göräý» diýdiler. 35 Isa aglady. 36 Ýehudylar: «Ol ony, gör, nähili söýýän eken!» diýişdiler. 37 Käbirleri bolsa: «Körüň gözüni açan bu Adam munuň-da ölmezligi üçin bir zat edip bilmezmidi?» diýişdiler.

### Isa Lazary direldýär

38 Şol wagt Isa ýene-de gynanyp, gabryň ýanyna bardy. Gabyr bir gowakdy, onuň agzyna bolsa daş goýupdylar. 39 Isa: «Daşy aýryň» diýdi. Merhumyň uýasy Marta Oňa: «Ýa Reb, ol indi porsandyr, onuň gabyrda ýatanyna dört gün boldy» diýdi. 40 Isa oňa: «Men saňa „Iman etseň, Hudaýyň şöhratyny görersiň" diýmedimmi?» diýdi. 41 Şeýlelikde, daşy aýyrdylar. Isa gözüni Göge dikip, şeýle diýdi: «Eý Ata, dilegimi eşideniň üçin Saňa şükür edýärin. 42 Meni hemişe eşidýändigiňi bilýärin, ýöne Men muny töwerekdäki halaýyk sebäpli, Meni Seniň iberendigiňe ynansynlar diýip aýtdym». 43 Şu sözlerden soň Ol gaty ses bilen: «Lazar, daşaryk çyk!» diýip gygyrdy. 44 Elleri, aýaklary kepene dolanan, ýüzi ýaglyk bilen saralan öli gabyrdan çykdy. Isa olara: «Onuň daňylaryny çözüň-de, goýberiň, gitsin» diýdi.

### Isany öldürmek barada dildüwşük

45 Şeýlelikde, Meremiň ýanyna gelen, Isanyň eden işini gören ýehudylaryň köpüsi Oňa iman etdiler. 46 Birnäçesi bolsa baryp, Isanyň edenlerini fariseýlere aýtdylar. 47 Onsoň baş ruhanylardyr fariseýler mejlis çagy-

ryp, şeýle diýdiler: «Näme etmeli? Bu Adam köp ala-
mat görkezýär. 48 Oňa ýol bersek, onda hemmeler Oňa
iman eder, rimliler hem gelip, ýurdumyzy-da, halkymy-
zy-da eýelär». 49 Olaryň biri, şol ýyl baş ruhany bolan
Kaýafa olara: «Siz hiç zady bilmeýärsiňiz. 50 Ähli halkyň
heläk bolmagynyň deregine bir adamyň halk üçin öl-
megini̇ň bize 51 Ol muny öz-özünden aýtman, eýsem,
şol ýyl baş ruhany bolanlygyndan, Isanyň halk üçin öl-
jegini pygamberlik edip aýtdy. 52 Ol diňe halk üçin hem
däl-de, Hudaýyň dagynyk perzentlerini birleşdirmek
üçin hem ölmelidi. 53 Şeýlelikde, şol günden başlap,
Ony öldürmegi ýüreklerine düwdüler. 54 Şondan soň
Isa ýehudylaryň arasynda aç-açan gezmän, ol ýerden
çöllügiň gyrasyndaky Efraim diýen şähere gidip, şägirt-
leri bilen bile şol ýerde galdy. 55 Ýehudylaryň Pesah
baýramy ýakynlapdy. Ýurduň ähli künjeklerinden gelen
köp adamlar Pesahdan öň özlerini tämizlemek üçin
Iýerusalime gelipdiler. 56 Olar Isany agtarýardylar, yba-
dathanada durkalar biri-birlerine: «Näme diýýärsiňiz,
Ol baýrama gelmezmikä?» diýişýärdiler. 57 Baş ruhany-
lar bilen fariseýler Ony tutmak üçin Onuň nirededigini
kim bilýän bolsa, görkezsin diýip buýruk beripdiler.

## —NJI BAP

### Isa Beýtaniýada

12 Isa Pesahdan alty gün öň Beýtaniýa bardy. Ölen
we Isa tarapyndan direldilen Lazar şol ýerde ýa-
şaýardy. 2 Ol ýerde Isanyň hatyrasyna nahar berildi.
Marta hyzmat edýärdi, Lazar bolsa Isa bilen saçak ba-
şynda oturanlaryň biridi. 3 Onsoň Merem bir gadak
gymmat bahaly nardyň sap-arassa ýagyny alyp, Isanyň
aýagyna çaldy, saçy bilen süpürip guratdy. Öýüň içi ýa-
gyň ýakymly ysyndan doldy. 4 Şol wagt Onuň şägirtleri-
niň biri, Oňa haýynlyk etmegi ýüregine düwen Simu-
nyň ogly Iuda Iskariot: 5 «Näme üçin bu ýag üç ýüz di-
nara satylyp, garyplara berilmedi?» diýdi. 6 Ol muny
garyplaryň gamyny iýýänligi üçin däl-de, öz ogrulygy
üçin aýdýardy. Çünki olaryň pul torbasyny göteren bo-
lup, näme berilse, özi alyp ýördi. 7 Emma Isa şeýle diý-
di: «Naçara degmäň, ol muny Meniň jaýlanjak günüm
üçin saklady. 8 Çünki garyplar hemişe siziň ýanyňyzda
bolar, ýöne Men hemişe siziň ýanyňyzda bolmaryn».
9 Ýehudylardan bir uly märeke Isanyň ol ýerdedigini
eşidip, diňe bir Isany däl, eýsem, Onuň ölümden direl-
den Lazaryny-da görmäge geldiler. 10 Baş ruhanylar La-
zary-da öldürmegi maslahatlaşypdylar. 11 Çünki ol se-
bäpli köp ýehudylar Isa iman edýärdiler.

### Isanyň Iýerusalime girişi

12 Ertesi gün baýrama gelen köp halaýyk Isanyň
Iýerusalime gelýänini eşidende, 13 hurma şahalaryny
alyp, Ony garşylamaga çykdy. Adamlar: «Hosanna!
Rebbiň adyndan gelýän Ysraýyl patyşasy gutly bol-
sun!» diýip gygyryşdylar. 14 «Gorkma, eý Sion gyzy! Ine,
seniň patyşaň taýhara münüp gelýär» diýip, Ýazgyda
ýazylyşy ýaly, Isa bir taýhar tapyp, oňa mündi. 16 Şägirt-
leri ilki bu zatlara düşünmediler, ýöne bularyň Ol hak-
da ýazylandygy we bu zatlary Oňa özleriniň edendigi
Isa şöhratlandyrylandan soň ýatlaryna düşdi. 17 Indi
Isanyň Lazary gabyrdan çagyryp, ony ölümden direl-
den mahaly ýanynda bolan halaýyk güwä geçýärdi.
18 Onuň bu alamaty görkezenini eşiden halaýyk-da, bu
sebäpden Ony garşylamaga çykdy. 19 Şeýlelikde, fari-
seýler: «Görüň, hiç zada peýdaňyz degmeýär, ine, ähli
dünýä Onuň yzyna eýerdi!» diýişýärdiler.

### Isa öljegini öňünden aýdýar

20 Baýramda ybadat etmäge Iýerusalime gelenleriň
arasynda birnäçe grek-de bardy. 21 Olar Jeliläniň Bet-
saýda şäherinden bolan Filipusyň ýanyna gelip: «Eý
aga, biz Isany görmek isleýäris» diýip, ondan haýyş et-
diler. 22 Filipus hem muny Andreasa aýtdy. Onsoň And-
reas bilen Filipus ikisi baryp, Isa aýtdylar. 23 Isa olara
şeýle jogap berdi: «Ynsan Oglunyň şöhratlanmaly wag-
ty geldi. 24 Men size hakykatyny aýdýaryn, bugdaý dä-
nesi ýere gaçyp ölmese, ýalňyz galar, ýöne öläýse, köp
hasyl berer. 25 Janyny söýýän ony ýitirýändir, bu dünýä-
de janyny ýigrenýän bolsa ony ebedi ýaşaýyş üçin sak-
laýandyr. 26 Maňa hyzmat etjek adam yzyma eýersin.
Men nirede bolsam, Meniň hyzmatkärim-de şol ýerde
bolar. Maňa hyzmat edeni Atam hormatlar. 27 Häzir
Meniň ýüregim gysýar. Men näme diýeýin? „Eý Ata,
Meni şu pursatdan halas et" diýeýinmi? Men bu pursa-
ta şonuň üçin geldim ahyryn. 28 Eý Ata, adyňy şöhrat-
landyr». Şonda Gökden: «Men adymy şöhratlandyr-
dym we ýene-de şöhratlandyraryn» diýen ses geldi.
29 Muny eşiden ol ýerdäki halaýyk: «Gök gürledi» diýdi;
başgalary bolsa: «Onuň bilen bir perişde gepleşdi» diý-
diler. 30 Isa olara şeýle jogap berdi: «Bu ses Meniň üçin
däl-de, siziň üçin geldi. 31 Indi bu dünýäniň höküm
wagty boldy. Bu dünýäniň Hökümdary indi kowlup çy-
karylar. 32 Ýerden ýokary göterilenimde, Men ähli yn-
sanlary Özüme çekerin». 33 Isa muny nähili ölüm bilen
öljegine yşarat edip aýtdy. 34 Indi: «Biz Mesihiň ebedi
galjagyny Mukaddes Kanundan eşitdik, Sen nähili „Yn-
san Ogly ýokary göterilmelidir" diýýärsiň? Bu Ynsan
Ogly diýýäniň kim?» diýip, halaýyk Ondan sorady. 35 Isa
olara şeýle jogap berdi: «Ýene bir az wagtlap nur siziň
araňyzda bolar. Nur barka, geziň, üstüňizi tümlük ba-
saýmasyn, çünki tümlükde gezýän özüniň nirä barýa-
nyny bilýän däldir. 36 Nuruň ogullary bolmak üçin nu-
ruňyz barka nura iman ediň». Isa bulary aýdansoň,
olaryň ýanyndan gidip gizlendi.

### Ýehudylaryň kesirligi

37 Ýöne Isa olaryň gözleriniň alnynda şunça alamat
görkezen hem bolsa, olar Oňa iman etmediler. 38 Çünki
Işaýa pygamberiň: «Ýa Reb, biziň beren habarymyza
kim ynandy? Rebbiň gudratly goly kime göründi?» di-
ýen sözleri berjaý bolmalydy. 39 Olar şu sebäpden iman

edip bilmeýärdiler, çünki Işaýa ýene-de şeýle diýipdi:
40 «Hudaý olaryň gözlerini kör etdi, ýüreklerini gatatdy.
Beýle bolmadyk bolsa, olar görerdiler, ýürekleri bilen
syzardylar we Maňa tarap öwrülerdiler. Men bolsa ola-
ra şypa bererdim». 41 Işaýa Isanyň şöhratyny görüp,
bulary Ol hakda aýdypdyr. 42 Muňa garamazdan, baş-
lyklaryň köpüsi Oňa iman etdiler, ýöne welin sinagoga-
dan kowulmazlyk üçin, fariseýler zerarly, Ony ykrar et-
mediler. 43 Çünki olar ynsanlaryň öwgüsini Hudaýyň
öwgüsinden gowy gördüler. 44 Isa bolsa gygyryp şeýle
diýdi: «Maňa iman edýän Maňa däl-de, Meni Iberene
iman edýändir. 45 Meni görýän, Meni Ibereni-de gör-
ýändir. 46 Maňa iman edýänleriň garaňkylykda galmaz-
lary ýaly, Men dünýä nur bolup geldim. 47 Sözlerimi eşi-
dip, olary tutmadyk adamyň üstünden hem Men hö-
küm çykarmaryn. Çünki Men dünýäniň üstünden hö-
küm çykarmaga däl-de, ony halas etmäge geldim.
48 Meni ret edip, sözlerimi kabul etmeýäniň üstünden
höküm çykarjak bardyr; Meniň aýdan sözüm ahyret
güni ony höküm eder. 49 Çünki Men Öz-Özümden gep-
lemedim. Näme aýtmalydygymy, näme sözlemelidigi-
mi Özümi iberen Ata Maňa buýurdy. 50 Onuň buýrugy-
nyň ebedi ýaşaýyşdygyny Men bilýärin. Şoňa görä, Ata
Maňa näme buýuran bolsa, Men diňe şony aýdýaryn».

## —NJI BAP

### Isa şägirtleriniň aýagyny ýuwýar

13 Pesah baýramynyň öň ýanyndaky gündi. Özü-
niň bu düne bilen hoşlaşmaly we Atanyň ýanyna
gitmeli sagadynyň gelendigini Isa bilýärdi. Özüniňkileri
bu dünede nähili söýen bolsa, Ol olary iň soňky deme
çenli hem hut şonuň ýaly söýdi.
2 Agşam nahary çagydy. Isa haýynlyk etmegi Simu-
nyň ogly Iuda Iskariotyň ýüregine iblis eýýäm guýup-
dy. 3 Atanyň ähli zady Öz eline berendigini, Özüniň Hu-
daýdan gelip, Hudaýa gaýtjakdygyny Isa bildi. 4 Nahar
başyndan turup, donuny çykardy-da, bir ýaglyk bilen
Ol bilini guşady. 5 Onsoň bir legene suw guýdy-da, şä-
girtleriň aýaklaryny ýuwup, guşanan ýaglygy bilen ola-
ry süpürmäge durdy. 6 Ol Simun Petrusyň ýanyna ge-
lende, Petrus Isa garap: «Ýa Reb, meniň aýagymy Sen
ýuwmaly bolduňmy?» diýdi. 7 Isa oňa: «Meniň edýän
işimi sen entek bilmersiň, oňa sen soň düşünersiň»
diýdi. 8 Petrus Oňa: «Men aýagymy Saňa asla ýuwdur-
maryn» diýdi. Emma Isa oňa: «Men seni ýuwmasam,
onda Meniň bilen üleşigiň bolmaz» diýip jogap berdi.
9 Simun Petrus Oňa: «Ýa Reb, onda diňe aýagymy däl,
elimi-de, başymy-da ýuw» diýdi. 10 Isa oňa: «Ýuwnan
adamyň diňe aýagyny ýuwmakdan başga hajaty ýok-
dur, ol bütinleý tämizdir. Siz hem tämizsiňiz, ýöne
hemmäňiz däl» diýdi. 11 Çünki Ol Özüne haýynlyk etje-
giň kimdigini bilýärdi. Şonuň üçin-de «Hemmäňiz tä-
miz däl» diýipdi.
12 Olaryň aýaklaryny ýuwup bolanyndan soň, donuny
geýdi-de, Ol ýene saçak başynda oturdy we olara şeýle
diýdi: «Size näme edenime düşünýärsiňizmi? 13 Siz Ma-
ňa „Mugallym" we „Reb" diýip, dogry edýärsiňiz, sebä-
bi Men şolduryn. 14 Men Reb we Mugallym bolup, siziň
aýagyňyzy ýuwan bolsam, onda siz-de biri-biriňiziň
aýagyny ýuwmalysyňyz. 15 Çünki siz-de Meniň size edi-
şim ýaly edersiňiz diýip, Men size görelde görkezdim.
16 Hakykatdan-da, Men size dogrusyny aýdýaryn, gul
agasyndan uly däldir, iberilen-de ony iberenden uly
däldir. 17 Bu zatlary bilýändigiňize görä, olary berjaý et-
seňiz, bagtly bolarsyňyz.

### Isa hyýanat edilmegi

18 Siziň hemmäňiz hakda aýtmaýaryn, Men Öz saý-
lap-seçenlerimi bilýärin, ýöne „Meniň bilen çörek iýen
maňa el galdyrdy 19 Men muny size boljak wakadan
öňinçä, şol waka ýüze çykan wagtynda Meniň şol aýd-
ýanymdygyma iman etmegiňiz üçin aýdýaryn. 20 Haky-
katdan-da, Men size dogrusyny aýdýaryn. Meniň ibe-
ren adamymy kabul eden Meni kabul edýändir, Meni
kabul eden bolsa, Meni Ibereni kabul edýändir». 21 Isa
bu zatlary aýdandan soň, ýüregi gyýlyp, güwälik edip:
«Hakykatdan-da, Men size dogrusyny aýdýaryn, siziň
içiňizden biri Maňa haýynlyk eder» diýdi. 22 Şägirtleri
Onuň muny kime kakdyryp aýdýanyny bilmän, aljyraň-
ňylyk bilen biri-birlerine seredişdiler. 23 Şägirtlerden bi-
ri saçak başynda Isanyň döşüne ýaplanyp ýatyrdy. Isa
ony gowy görýärdi. 24 Simun Petrus Onuň kime kakdy-
ryp aýdýanyny soramagy ýaňky şägirde ümledi. 25 Isa-
nyň döşüne ýaplanyp ýatan Oňa: «Ýa Reb, ol kim?» diý-
di. 26 «Şu çöregi tabaga batyryp kime bersem, şoldur»
diýip, Isa jogap berdi. Onsoň Ol çöregi tabaga batyrdy-
da, ony Simunyň ogly Iuda Iskariota berdi. 27 Çöregi
alan badyna, Iudanyň içine iblis girdi. Isa oňa: «Näme
etjek bolsaň, tiz et» diýdi. 28 Muny Isanyň oňa näme
üçin aýdanyna oturanlaryň hiç biri düşünmedi. 29 Pul
torba Iudada bolansoň käbirleri Isa oňa «Baýram üçin
bize gerek zatlary satyn al» ýa «Garyplara biraz paýla»
diýýändir öýtdüler. 30 Iuda çöregi aldy-da, derrew daşa-
ryk çykdy. Gijelikdi.

### Täze tabşyryk

31 Ol çykanda, Isa şeýle diýdi: «Ine, indi Ynsan Ogly
şöhratlandyryldy, Ol arkaly Hudaý-da şöhratlandyryldy.
32 Hudaý Onda şöhratlansa, Hudaý-da Ony Özünde
şöhratlandyrar, hawa, Ony derrew şöhratlandyrar.
33 Çagalar, Men indi siziň bilen uzak wagt bolmaryn. Siz
Meni agtararsyňyz, ýöne ýehudylara: „Meniň gitjek ýe-
rime siz baryp bilmersiňiz" diýenimi indi size-de aýdýa-
ryn. 34 Size bir täze tabşyryk berýärin: biri-biriňizi sö-
ýüň, Meniň sizi söýşüm ýaly, siz-de biri-biriňizi söýüň.
35 Biri-biriňize söýgiňiz bolsa, siziň Meniň şägirdimdigi-
ňizi hemmeler biler».

### Petrusyň Isany inkär etjekdigi öňünden aýdylýar

36 Simun Petrus Oňa: «Ýa Reb, Sen nirä barýarsyň?»
diýdi. Isa oňa: «Sen Meniň bilen häzir gidip bilmersiň,
ýöne soň baryp bilersiň» diýip jogap berdi. 37 Petrus
Oňa: «Ýa Reb, näme üçin men Seniň bilen häzir gidip
bilmerin? Men Seniň üçin janymy-da pida ederin» diý-
di. 38 Isa oňa şeýle jogap berdi: «Meniň üçin janyňy pi-
da edersiňmi? Hakykatdan-da, Men saňa dogrusyny
aýdýaryn, horaz gygyrmazdan öň, sen Meni üç gezek
inkär edersiň.

## —NJI BAP

### Isa — Hudaýa gidýän ýol

14 Ýüregiňiz gysmasyn. Hudaýa iman ediň, Maňa
iman ediň. 2 Atamyň öýünde mesgenler köpdür;
şeýle bolmasa, Men size „Ýer taýýarlamaga barýaryn"
diýermidim? 3 Gidip ýer taýýarlanymdan soň, siziň hem
Öz ýanymda bolmagyňyz üçin ýene gelip, sizi Özüm bi-
len alyp giderin. 4 Siz Meniň nirä barýanymy, ýoly bil-
ýänsiňiz». 5 Tomas Oňa: «Ýa Reb, biz Seniň nirä barýa-
nyňy bilmeýäris, ýoly nädip bileli?» diýdi. 6 Isa oňa şeý-
le diýdi: «Men — ýol, hakykat we ýaşaýyşdyryn, Mensiz
hiç kim Ata baryp bilmez. 7 Meni tanasaňyz, Atamy-da
tanarsyňyz. Siz mundan beýläk Ony tanaýarsyňyz, Ony
gördüňiz». 8 Filipus Oňa: «Ýa Reb, Atany bize görkez,
bize şol bolýar» diýdi. 9 Isa oňa şeýle diýdi: «Eý Filipus,
Men siziň bilen şeýle köp wagt bolsam-da, Meni tana-
madyňmy? Meni gören Atany-da görendir. Seniň „Ata-
ny bize görkez" diýmäň näme? 10 Meniň Atadadygyma,
Atanyň hem Mendedigine sen iman etmeýärsiňmi?
Men size aýdýan sözlerimi Öz-Özümden aýtmaýaryn,
Mende ýaşaýan Ata Öz işlerini edýär. 11 Meniň Atada-
dygyma, Atanyň-da Mendedigine iman ediň; hiç bol-
manda, eden işlerim üçin Maňa iman ediň. 12 Men size
hakykatyny aýdýaryn, Maňa iman eden Meniň bitiren
işlerimi-de bitirer, bulardan has ulularyny-da eder,
çünki Men Atama barýaryn. 13 Atam Ogulda şöhratla-
nar ýaly, Meniň adym bilen näme dileseňiz, dilegiňizi
bitirerin. 14 Meniň adym bilen bir zat dileseňiz, berjaý
ederin.

### Mukaddes Ruh wadasy

15 Meni söýýän bolsaňyz, buýruklarymy berjaý ediň.
16 Men-de Atama ýalbararyn, Ol size, hemişe siziň bilen
bolar ýaly, başga bir Göwünlik Beriji, ýagny Hakykat
Ruhuny berer. 17 Hakykat Ruhuny dünýä kabul edip bil-
mez, çünki dünýä Ony ne görýär, ne-de tanaýar. Ýöne
siz Ony tanaýarsyňyz, çünki Ol siziň araňyzda ýaşaýar
we siziň içiňizde bolar. 18 Men sizi ýetim goýmaryn, ýa-
nyňyza gaýdyp gelerin. 19 Az salymdan soň dünýä Meni
görmez, ýöne siz görersiňiz, çünki Men ýaşaýaryn, siz-
de ýaşarsyňyz. 20 Şol gün Meniň Atamdadygymy, siziň
hem Mendedigiňizi, Meniň-de sizdedigimi bilersiňiz.
21 Meniň buýruklarymy tutup, olary berjaý edýän Meni
söýýändir. Meni söýýäni Atam-da söýer. Men-de ony
söýerin we oňa görnerin». 22 «Ýa Reb, Sen Özüňi dünýä
däl-de, bize görkezmek isleýärsiň welin, bu nähili bol-
ýar?» diýip, Iuda (Iskariot däl) Ondan sorady. 23 Isa oňa
şeýle jogap berdi: «Kim Meni söýýän bolsa, sözümi tu-
tar. Atam-da ony söýer, biz oňa baryp, ýanynda mes-
gen tutarys. 24 Meni söýmeýän Meniň sözümi tutmaz.
Siziň bu eşidýän sözleriňiz Meniňki däl-de, Meni iberen
Atanyňkydyr. 25 Men bu zatlary size Özüm ýanyňyzda-
kam aýdýaryn. 26 Meniň adymdan Atanyň iberjek Gö-
wünlik Berijisi — Mukaddes Ruh size ähli zady öwre-
der, Meniň aýdan ähli zatlarymy ýadyňyza salar. 27 Men
size parahatlyk goýup barýaryn, Öz parahatlygymy si-
ze berýärin. Men muny, dünýäniň berşi ýaly bermeýä-
rin. Ýüregiňiz gysmasyn, gorkmaň. 28 „Men barýaryn,
ýöne ýanyňyza öwrülip gelerin" diýenimi eşitdiňiz. Me-
ni söýýän bolsaňyz, Meniň Atanyň ýanyna gidýänligi-
me şatlanardyňyz, çünki Ata Menden beýikdir. 29 Men
muny size bolan wagty iman edersiňiz diýip, bolma-
zyndan öň aýtdym. 30 Maňa indi siziň bilen gepleşere
köp wagt galmady, çünki bu dünýäniň hökümdary gel-
ýär. Onuň Men barada erk-ygtyýary ýokdur. 31 Ýöne
Meniň Atany söýýänligimi, Ata Maňa nähili tabşyryk
beren bolsa, şony berjaý edýänligimi dünýä bilmelidir.
Turuň, bu ýerden gideliň.

## —NJI BAP

### Üzüm agajy we şahalar

15 Men hakyky üzüm agajydyryn, Atam bagban-
dyr. 2 Mendäki miwe bermeýän her bir şahany
Ol keser, miwe berýänini bolsa has-da köp miwe ber-
sin diýip timarlar, tämizlär. 3 Meniň size aýdan sözüm
arkaly siz indi tämizsiňiz. 4 Siz Mende galyň, Men hem
sizde galaýyn. Üzüm agajyndan aýrylan şahanyň öz-
özünden miwe berip bilmeýşi ýaly, Menden aýrylsaňyz,
siz hem miwe berip bilmersiňiz. 5 Men üzüm agajydy-
ryn, siz şahalarsyňyz. Kim Mende galýan bolsa we Men
kimde galýan bolsam, ol bol miwe berer. Siz Menden
üzňe hiç zat edip bilmersiňiz. 6 Kim Mende galmasa,
şaha kimin kesilip taşlanar, gurar. Olary ýygnaşdyryp,
oda atarlar, olar hem ýanar. 7 Siz Mende galsaňyz, Me-
niň sözlerim sizde galsa, islän dilegiňiz biter. 8 Siziň köp
miwe bermegiňiz bilen Atam şöhratlanar. Şeýlelikde,
siz Meniň şägirtlerim bolarsyňyz. 9 Atamyň Özümi söý-
şi ýaly, Men-de sizi söýdüm. Meniň söýgimde galyň.
10 Meniň Atamyň buýruklaryny berjaý edip, Onuň söý-
güsinde galyşym ýaly, siz hem buýruklarymy berjaý et-
seňiz, Meniň söýgimde galarsyňyz. 11 Size bu zatlary
Meniň şatlygym sizde bolsun we şatlygyňyz doly bol-
sun diýip aýtdym. 12 Meniň buýrugym şu: biri-biriňizi
Meniň sizi söýşüm ýaly söýüň. 13 Bir adamyň öz dostla-
ry üçin janyny pida etmeginden uly söýgi hiç kimde
ýokdur. 14 Meniň özüňize buýranymy berjaý etseňiz,
Maňa dostsuňyz. 15 Mundan beýläk Men size gul diý-

merin, çünki gul agasynyň näme edýänini bilýän däl-
dir. Men size dost diýdim, çünki Atamdan eşiden ähli
zatlarymy size aýtdym. 16 Siz Meni saýlamadyňyz, Men
sizi saýladym, gidip, miwe öndüriň we miwäňiz uzak
galsyn diýip, sizi wezipä belledim. Şeýlelikde, Meniň
adym bilen Atadan näme dileseňiz, Ol size berer.
17 Meniň size buýrugym şu: biri-biriňizi söýüň.

### Dünýäniň ýigrentgisi

18 Dünýä sizi ýigrense, onuň sizden öň Meni ýigre-
nendigini biliň. 19 Dünýäden bolan bolsaňyz, dünýä sizi
özüniňkiler kimin söýerdi. Ýöne dünýäden däldigiňiz
üçin, Meniň sizi dünýäden saýlap alanlygym üçin, ine,
şunuň üçin dünýä sizi ýigrenýär. 20 Meniň size „Gul öz
agasyndan uly däldir" diýen sözümi ýada salyň. Olar
Meni yzarlan bolsalar, onda sizi-de yzarlarlar. Meniň
sözümi tutan bolsalar, siziňkini-de tutarlar. 21 Olar size
bu zatlaryň ählisini Meniň adym sebäpli ederler, çünki
olar Meni Ibereni tanamaýarlar. 22 Men gelip, olara aýt-
madyk bolsadym, onda günäleri bolmazdy, ýöne indi
günäleri üçin ötünçleri ýokdur. 23 Meni ýigrenýän Me-
niň Atamy-da ýigrenýändir. 24 Men başgasynyň etme-
dik işlerini olaryň arasynda etmedik bolsam, onda gü-
näleri bolmazdy, ýöne indi görüp, hem Meni, hem-de
Atamy ýigrendiler. 25 Kanunlarynda: „Meni nähak ýig-
rendiler" diýip ýazylan söz berjaý bolmalydyr. 26 Atadan
size iberiljek Göwünlik Berijim, ýagny Atadan çykan
Hakykat Ruhy gelende, Men hakda güwälik eder. 27 Siz-
de güwälik edersiňiz, çünki başdan Meniň bilen biledi-
ňiz.

16 Bu zatlary size aldanyp, ýoldan çykmazlygyňyz
üçin aýtdym. 2 Sizi sinagogalardan kowarlar. Ha-
wa, sizi öldüren her kesiň şeýtmek bilen Hudaýa hyz-
mat edýändirin öýtjek wagty geler. 3 Bu işleri ederler,
sebäbi olar ne Atany, ne-de Meni tanaýarlar. 4 Ýöne
Men bulary özüňize aýdandygymy wagty gelende ýat-
larsyňyz diýip aýtdym. Özüm ýanyňyzda bolanym üçin
size bu zatlary başda aýtmandym.

### Mukaddes Ruhuň işleýşi

5 Indi bolsa Men Özümi Iberene barýaryn. Sizden hiç
kim „Nirä barýarsyň?" diýip soramaýar. 6 Ýöne bu zatla-
ry aýdanym üçin siziň ýüregiňiz gaýgydan dolandyr.
7 Muňa garamazdan, Men size hakykaty sözleýärin:
Meniň gitmegim size peýdadyr, Men gitmesem, Gö-
wünlik Beriji size gelmez, gitsem welin, Ony size ibere-
rin. 8 Ol gelende, günä, dogrulyk we hüküm babatda
dünýäniň ýalňyşandygyny aýan eder. 9 Günä babatda
olaryňky nädogry, çünki Maňa iman etmeýärler.
10 Dogrulyk babatda-da olaryňky nädogry, çünki Men
Atama barýaryn, mundan beýläk Meni görmersiňiz.
11 Höküm babatda-da olaryňky nädogry, çünki bu dün-
ýäniň hökümdary höküm edilendir. 12 Size aýtjak ýene
köp zatlarym bar, ýöne häzir siz olary göterip bilmersi-
ňiz. 13 Emma Hakykat Ruhy gelende, Ol size bütin haky-
kata tarap ýol görkezer, çünki Ol Öz-Özünden aýtmaz,
näme eşitse, şony aýan eder, geljek zatlary size bildi-
rer. 14 Meni şöhratlandyrar, çünki Ol Meniňkiden alyp,
size bildirer. 15 Atamyň nämesi bar bolsa Meniňkidir.
Şuňa görä-de, Meniňkiden alyp, size bildirer diýýärin.
16 Az wagtdan soň Meni görmersiňiz, ýene az wagtdan
soň Meni görersiňiz, çünki Men Atama barýaryn».

### Gaýgyňyz şatlyga öwrüler

17 Şonda Isanyň şägirtleriniň käbirleri biri-birine şeýle
diýdiler: «Onuň „Az wagtdan soň Meni görmersiňiz,
ýene az wagtdan soň Meni görersiňiz", „Atama barýa-
ryn" diýenine nähili düşünmelikä? 18 Az wagtdan soň
diýdigi nämekä? Onuň aýdýanyna biz düşünmeýäris».
19 Isa Özüne sorag bermek isleýändiklerini bilip şeýle
diýdi: «Az wagtdan soň Meni görmersiňiz, ýene az
wagtdan soň Meni görersiňiz diýýänim üçin biri-biriňi-
ze sorag berýärsiňizmi? 20 Hakykatdan-da, Men size
dogrusyny aýdýaryn, siz möňňürip aglarsyňyz, dünýä
bolsa şatlanar. Siz gaýgylanarsyňyz, ýöne gaýgyňyz
şatlyga öwrüler. 21 Aýal dogurjak wagty gam-gussa
çekýändir, çünki sagady gelendir, ýöne dogranyndan
soň, ol bir adamyň dünýä inendiginiň şatlygy bilen
gaýgy-gussany unudar. 22 Siz barada hem şeýle, siziň-
de häzir gaýgyňyz bar, emma Men sizi ýene görerin,
göwnüňiz galkynar, hiç kim şatlygyňyzy sizden almaz.
23 Şol gün Menden hiç zat soramarsyňyz. Hakykatdan-
da, Men size dogrusyny aýdýaryn, Atadan näme dile-
seňiz, Meniň adymyň hatyrasyna Ol ony size berer.
24 Şu wagta çenli siz Meniň adymdan hiç zat dilemedi-
ňiz. Diläň, alarsyňyz, şatlygyňyz dolup-daşar. 25 Men bu
zatlary size tymsallar bilen aýtdym, ýöne wagt geler,
Men tymsallar bilen geplemän, Ata barada aç-açan
gürrüň bererin. 26 Şol gün Meniň adym bilen dilärsiňiz.
Men siziň üçin Atadan dilärin diýmeýärin. 27 Çünki Ata-
nyň Özi sizi söýýär, sebäbi, siz Meni söýýärsiňiz, Meniň
Atadan gelendigime iman edýärsiňiz. 28 Men Atadan
çykyp, dünýä geldim. Indi bolsa dünýäni terk edip, Ata
barýaryn». 29 Onuň şägirtleri şeýle diýdiler: «Ine, indi
Sen hiç bir tymsalsyz, açyk sözleýärsiň. 30 Biz Seniň ähli
zatlary bilýändigiňi indi bilýäris, hiç kimiň Senden sora-
magyna zerurlyk ýok. Şoňa görä-de, Seniň Hudaýdan
gelendigiňe iman edýäris». 31 Isa olara şeýle diýdi: «In-
di iman edýärsiňizmi? 32 Ine, wagt geler, hawa, geldi
hem, ähliňiz öýüňize-iliňize dagap gidersiňiz, Meni ýe-
ke galdyrarsyňyz. Ýöne Men ýeke däldirin, çünki Ata
Meniň bilendir. 33 Bu zatlary Mende parahatlygyňyz
bolsun diýip aýtdym. Dünýäde gaýgy-gussaňyz bolar,
emma mert boluň. Men dünýäni ýeňendirin».

### —NJI BAP

### Isa doga edýär

17 Bu zatlary aýdansoň, Isa gözlerini Göge dikip,
şeýle diýdi: «Eý Ata, pursat geldi, Ogluň-da Seni
şöhratlandyrar ýaly, Ony şöhratlandyr. 2 Çünki Seniň

Oňa berenleriňiň ählisine ebedi ýaşaýyş bersin diýip, Sen Ogla bütin adamzat üstünden häkimiýet berdiň. 3 Ebedi ýaşaýyş Seni, ýalňyz hak Hudaýy we Seniň ibereniň Isa Mesihi tanamakdyr. 4 Maňa tabşyran işiňi berjaý etmek bilen, Seni Ýer ýüzünde şöhratlandyrdym. 5 Eý Ata, dünýä döremezden öň huzuryňda Maňa bolan şöhrat bilen indi Meni huzuryňda şöhratlandyr. 6 Men dünýäden Maňa beren Öz adamlaryňa Seniň adyňy tanatdym. Olar Seniňkidir, olary Maňa Sen berdiň, olar Seniň sözüňi tutdular. 7 Indi olar Maňa beren ähli zatlaryňyň Sendendigini bilýärler. 8 Çünki Maňa tabşyran sözleriňi olara ýetirdim. Olar kabul etdiler, Meniň, hakykatdan-da, Senden gelendigimi bildiler. Meni Seniň iberendigiňe iman etdiler. 9 Olar üçin ýalbarýaryn. Dünýä üçin däl-de, Maňa beren adamlaryň üçin ýalbarýaryn, çünki olar Seniňkidir. 10 Meniň ähli zadym Seniňkidir, Seniňki-de Meniňkidir, Men olar arkaly şöhratlandym. 11 Indi Men bu dünýäde däl, ýöne olar entek dünýäde. Men Saňa gaýdyp barýaryn. Eý Mukaddes Ata, Maňa berenleriňi Öz adyň bilen gora, olar-da biziň ýaly bolsunlar. 12 Men olar bilen bile bolan wagtym Maňa berenleriňi Seniň adyň bilen gorap sakladym. Ýazgy berjaý bolar ýaly, heläkçilik oglundan başga olaryň hiç biri heläk bolmady. 13 Men indi Saňa barýaryn. Men bu zatlary dünýädekäm şatlygym olarda doly bolsun diýip aýdýaryn. 14 Men olara Seniň sözüňi berdim, dünýä olary ýigrendi, çünki Meniň dünýäden bolmaýşym ýaly, olar-da dünýäden däldirler. 15 Olary dünýäden almagyňy däl-de, ýamanlykdan goramagyňy dileýärin. 16 Meniň dünýäden bolmaýşym ýaly, olar-da dünýäden däldirler. 17 Olary hakykatyň bilen mukaddes et. Seniň sözüň hakykatdyr. 18 Seniň Meni dünýä iberişiň ýaly, Men-de olary dünýä iberdim. 19 Men Özümi olar üçin niýetleýärin 20 Men diňe olar üçin däl, eýsem, olaryň sözi bilen Maňa iman etjekler üçin-de dileg edýärin. 21 Olaryň hemmesi bir bolsun. Ata, Seniň Mende, Meniň-de Sende bolşum ýaly, olar-da bizde bolsun, şeýlelikde, Meni Seniň iberendigiňe dünýä iman eder. 22 Maňa beren şöhratyňy Men-de olara berdim, biziň bir bolşumyz ýaly, olar-da bir bolsun. 23 Men olarda we Sen Mendesiň. Meni Seniň iberendigiňi, Meni söýşüň kimin olary-da söýýändigiňi dünýä biler ýaly, olar bütinleý birlikde bolsun. 24 Eý adyl Ata, Seniň Maňa berenleriň-de, bolan ýerimde Meniň bilen bile bolup, Maňa beren şöhratyňy görmeklerini isleýärin, çünki Sen Meni dünýä döremezden öň söýüpdiň. 25 Eý dogry Ata, dünýä Seni tanamady, emma Men Seni tanadym, bular hem Meni Seniň iberendigiňi bildiler. 26 Seniň Maňa bolan söýgiň olarda bolsun, Men-de olarda bolaýyn diýip, adyňy olara bildirdim we bildirerin».

## —NJI BAP

### Isa tutulýar

18 Bu zatlary aýdansoň, Isa şägirtleri bilen bile Kidron çaýynyň aňyrsyna gitdi. Ol ýerde bir bag bardy. Isa şägirtleri bilen bile şol baga girdi. 2 Oňa haýynlyk eden Iuda-da ol ýeri bilýärdi, çünki Isa şägirtleri bilen, köplenç, şol ýerde duşuşardy. 3 Şonuň üçin-de Iuda bir topar esger bilen birlikde, baş ruhanylardan we fariseýlerden serkerdeler alyp, panusly, çyraly we ýaragly şol ýere bardy. 4 Isa Öz başyna düşjek ähli zady bilensoň, öňe çykyp, olara: «Kimi gözleýärsiňiz?» diýdi. 5 Olar Oňa: «Nasyraly Isany» diýip jogap berdiler. Isa olara: «Ol — Men» diýdi. Oňa haýynlyk eden Iuda-da olar bilen bile durdy. 6 Isa olara «Ol — Men» diýende, olar yza çekilip, ýere ýykyldylar. 7 Isa olardan ýene: «Kimi gözleýärsiňiz?» diýip sorady. Olar-da: «Nasyraly Isany» diýdiler. 8 Isa olara: «Men size „Ol — Men" diýdim ahyryn, Meni gözleýän bolsaňyz, bulary goýberiň, gitsinler» diýdi. 9 Isa muny «Maňa berenleriňiň hiç birini ýitirmedim» diýen sözi berjaý bolsun diýip aýtdy. 10 Şol wagt Simun Petrus ýanyndaky gylyjy syrdy-da, baş ruhanynyň hyzmatkärini urup, onuň sag gulagyny kesdi. Ol hyzmatkäriň ady Malhusdy. 11 Isa Petrusa: «Gylyjyňy gynyna sal. Atamyň Maňa beren käsesini içmäýinmi?» diýdi. 12 Onsoň esgerler, olaryň baştutany we ýehudylaryň nökerleri Isany tutdular we daňdylar. 13 Ony ilki Hannanyň ýanyna alyp bardylar. Hanna şol ýylky baş ruhany Kaýafanyň gaýynatasydy. 14 Halk üçin bir adamyň ölmegi ýagşydyr diýip, ýehudylara maslahat beren hem Kaýafady.

### Petrus Isany inkär edýär

15 Simun Petrus bilen ýene bir şägirt Isanyň yzyna düşüp gitdiler. Ýaňky şägirt baş ruhany bilen öňden tanyş bolansoň, ol Isa bilen bile baş ruhanynyň howlusyna girdi. 16 Ýöne Petrus daşarda gapynyň agzynda durdy. Onsoň baş ruhany bilen tanyş şägirt daşaryk çykdy-da, gapyny saklaýan aýala bir zatlar aýdyp, Petrusy içerik saldy. 17 Gapyny saklaýan aýal Petrusa: «Sen-de bu Adamyň şägirtlerinden-ä dälsiň?» diýdi. Ol: «Ýok» diýip jogap berdi. 18 Howanyň sowuklygy üçin hyzmatkärler we nökerler ot ýakyp, çoýunyp durdular. Petrus hem olaryň ýanynda ýylnyp durdy.

### Baş ruhany Isany soraga çekýär

19 Baş ruhany Isadan Onuň şägirtleri, taglymaty hakda sorag edýärdi. 20 Isa oňa şeýle jogap berdi: «Men dünýä aç-açan aýtdym. Hemişe ýehudylaryň ýygnanýan sinagogalarynda, ybadathanada sapak berdim, gizlin zat aýtmadym. 21 Näme üçin Menden soraýarsyň? Näme aýdanymy eşidenlerden sora, ine, olar Meniň näme aýdanymy bilýändir». 22 Bu zatlary aýdanda, şol ýerde duran nökerleriň biri: «Baş ruhana şeýle jo-

gap berýärsiňmi?» diýip, Isanyň dulugyna urdy. 23 Isa
oňa: «Men nädogry aýdan bolsam, nädogrydygyny su-
but et, eger-de dogry aýdan bolsam, onda, näme üçin
Meni urýarsyň?» diýdi. 24 Onsoň Hanna Isanyň elini
daňdyryp, Ony baş ruhany Kaýafanyň ýanyna iberdi.

### Petrus Isany ýene inkär edýär

25 Simun Petrus ol ýerde ýylynyp durdy. Oňa: «Sen
hem Onuň şägirtlerinden-ä dälsiň?» diýdiler. Emma ol:
«Ýok» diýip inkär etdi. 26 Petrusyň gulagyny kesen ada-
mynyň garyndaşy, baş ruhanynyň hyzmatkärlerinden
biri: «Men seni bagda Onuň bilen görmedimmi?» diýdi.
27 Petrus ýene inkär etdi, edil şol wagt horaz gygyrdy.

### Isa Pilatusyň öňünde

28 Onsoň Isany Kaýafanyň ýanyndan hökümet köşgü-
ne alyp bardylar. Daňdandy. Arassaçylyk düzgünini
berjaý etmek hem-de Pesah naharyny düzgün boýun-
ça iýmek üçin, ýehudylar hökümet köşgüne girmediler.
29 Şeýlelikde, Pilatus olaryň ýanyna gelip: «Bu Adamy
nämede aýyplaýarsyňyz?» diýip sorady. 30 Olar: «Bu
Adam jenaýatçy bolmadyk bolsa, Ony tutup, seniň ýa-
nyňa getirmezdik» diýip jogap berdiler. 31 Pilatus olara:
«Beýle bolsa, Ony alyň-da, öz kanunyňyz boýunça hö-
küm çykaryň» diýdi. Ýehudylar Pilatusa: «Biziň kimdir
birini ölüme höküm etmäge hakymyz ýok» diýdiler.
32 Şeýlelik bilen, Özüniň nähili ölüm bilen öljegi barada
Isanyň yşarat edip aýdan sözleri berjaý bolmalydy.
33 Pilatus ýene hökümet köşgüne girdi-de, Isany çagy-
ryp Oňa: «Sen ýehudylaryň patyşasymy?» diýdi. 34 Isa
oňa: «Muny özüňden aýdýarsyňmy ýa Men hakda baş-
galar saňa aýtdymy?» diýdi. 35 Pilatus Isa şeýle diýdi:
«Eýsem men ýehudymy? Seni Öz halkyň bilen baş ru-
hanylar tutup getirdiler. Sen näme etdiň?» 36 Isa şeýle
jogap berdi: «Meniň patyşalygym bu dünýäden däl.
Eger-de Meniň patyşalygym bu dünýäden bolan bolsa,
onda hyzmatkärlerim Meni ýehudylaryň eline berdir-
mejek bolup göreşerdiler, ýöne Meniň patyşalygym bu
ýerden däl». 37 Pilatus Oňa: «Onda, Sen patyşamy?»
diýdi. Isa şeýle jogap berdi: «Meniň patyşadygymy
özüň aýdýarsyň. Men hakykata güwälik etmek üçin do-
guldym, şonuň üçin hem dünýä geldim. Hakykatyň ta-
rapdary bolan her bir kişi Meniň sesimi eşider». 38 Pila-
tus Oňa: «Hakykat näme?» diýeninden soň, ýene ýehu-
dylaryň ýanyna baryp, olara: «Men Ondan hiç bir ýazyk
tapmadym. 39 Ýöne adatyňyz boýunça, Pesahda men
bir tussagy boşatmalydyryn. Siz ýehudylaryň patyşasy-
ny boşatmagymy isleýärsiňizmi?» diýdi. 40 Olar ýene
gygyryşyp: «Ony däl, Barabbasy!» diýişdiler. Barabbas
bolsa bir garakçydy.

### Isa ölüme höküm edilýär

19 Soňra Pilatus Isany ýençmekligi buýurdy. 2 Es-
gerler tikenden täç örüp, Onuň başyna geýdirdi-
ler, egnine gyrmyzy don geýdirdiler. 3 Ýanyna baryp:
«Salam, eý, ýehudylaryň patyşasy!» diýşip, Onuň dulu-
gyna şarpyk çaldylar. 4 Pilatus ýene daşaryk çykyp, ola-
ra: «Onda hiç bir ýazyk tapmanlygymy bilmegiňiz üçin,
ine, Ony siziň ýanyňyza getirýärin» diýdi. 5 Isa başy ti-
kenden täçli, gyrmyzy donly daşaryk çykdy. Pilatus ola-
ra: «Ine, ol Adam!» diýdi. 6 Baş ruhanylar we nökerler
Isany görüp: «Haça çüýläň, haça çüýläň!» diýip gygy-
ryşdylar. Pilatus olara: «Ony äkidip, özüňiz haça çüýläň,
çünki men Onda hiç bir ýazyk tapmadym» diýdi.
7 Ýehudylar oňa şeýle jogap berdiler: «Biziň bir kanuny-
myz bar, şol kanun boýunça Ol ölmeli, çünki Ol Özüne
Hudaýyň Ogly diýýär». 8 Bu sözleri eşiden Pilatus has-
da gorkdy. 9 Ol ýene hökümet köşgüne girip, Isadan:
«Sen nireli?» diýip sorady. Emma Isa oňa jogap berme-
di. 10 Pilatus Oňa: «Sen meniň bilen gepleşmeýärsiňmi?
Seni boşatmaga-da, haça çüýlemäge-de meniň ygtyýa-
rymyň bardygyny bilýärsiňmi?» diýdi. 11 Isa oňa şeýle
jogap berdi: «Saňa ýokardan berilmedik bolsa, Maňa
hiç hili ygtyýaryň bolmazdy. Şonuň üçin-de, Meni seniň
eliňe bereniň günäsi has-da uludyr». 12 Şondan beýläk
Pilatus Isany boşatmaga synanyşdy, ýöne ýehudylar
gygyryşyp: «Ony boşatsaň, sen kaýsaryň dosty dälsiň,
kim-de kim özüni patyşa etse, ol kaýsara garşydyr»
diýdiler. 13 Pilatus bu sözleri eşidende, Isany daşaryk
çykaryp, Daşly Meýdançada, iwritçe Gabbata diýilýän
ýerde höküm kürsüsinde oturdy. 14 Pesah baýramyna
taýýarlyk güni günortana golaý Pilatus ýehudylara:
«Ine, patyşaňyz!» diýdi. 15 Olar: «Ýok et, ýok et, Ony ha-
ça çüýle!» diýip gygyryşdylar. Pilatus olara: «Patyşaňy-
zy haça çüýläýinmi?» diýdi. Baş ruhanylar: «Biziň kaý-
sardan başga patyşamyz ýokdur» diýip jogap berdiler.
16 Onsoň Pilatus haça çüýlemek üçin Isany olaryň ygty-
ýaryna berdi. Olar Isany alyp gitdiler.

### Isa haça çüýlenýär

17 Isa Öz haçyny göterip, Kelleçanak — iwritçe Golgo-
ta diýilýän ýere çykdy. 18 Ol ýerde Ony we Onuň ýanyn-
da ýene iki adamy haça çüýlediler: olaryň biri Onuň bu
tarapynda, beýlekisi ol tarapyndady, Isa bolsa ortada-
dy. 19 Pilatus bir tagtanyň ýüzüne: «NASYRALY ISA,
ÝeHUDYLARYŇ PATYŞASY» diýip ýazdy-da, haçdan as-
dy. 20 Ýehudylaryň köpüsi bu ýazgyny okadylar, çünki
Isanyň haça çüýlenen ýeri şähere ýakyndy. Bu ýazgy
iwritçe, grekçe we latynça ýazylypdy. 21 Ýehudylaryň
baş ruhanylary Pilatusa: «„Ýehudylaryň patyşasy" diýip
ýazma-da, „Bu Adam: Men ýehudylaryň patyşasydyryn
diýdi" diýip ýaz» diýdiler. 22 Pilatus olara: «Ýazjagymy
eýýäm ýazdym» diýip jogap berdi. 23 Isany haça çüýlän
esgerler Onuň egin-eşigini alyp, her esger üçin bir paý
edip dört böldüler. Ýene bir köýnek bardy. Bu köýnek
tikilgi däl-de, tutuşlygyna dokalgydy. 24 «Egin-eşigimi
özara paýlaşdylar, eşigim üçin bije atdylar» diýen Ýaz-
gy berjaý bolar ýaly, esgerler: «Muny ýyrtman, bije aty-
şalyň, kime düşse, şonuňky» diýişdiler. Şeýle hem etdi-
ler. 25 Isanyň haçynyň ýanynda Onuň ejesi we ejesiniň

aýal dogany, Kleopasyň aýaly Merem we magdalaly
Merem durdy. 26 Isa ejesini, onuň ýanynda Özüniň go-
wy görýän şägirdiniň duranyny görüp, ejesine: «Eý ha-
tyn, ine, seniň ogluň» diýdi. 27 Onsoň şägirde: «Ine, se-
niň ejeň» diýdi. Şondan soň ýaňky şägirt ony öz öýüne
aldy.

### Isanyň ölümi

28 Onsoň Isa ähli zadyň tamam bolup barýanyny bi-
lip, Mukaddes Ýazgynyň berjaý bolmagy üçin, «Suwsa-
dym» diýdi. 29 Şol ýerde sirkeden doly bir gap durdy.
Esgerler bir gubkany sirkä batyrdylar-da, naýza dakyp,
Onuň agzyna tutdular. 30 Isa sirkäni dadyp: «Hemmesi
berjaý boldy!» diýdi-de, başyny egip jan berdi.
31 Sabadyň öň ýanyndaky taýýarlyk güni bolansoň, je-
setler Sabat güni haçda galmasyn diýip, (çünki Sabat
güni möhüm gündi) ýehudylar Pilatusdan haça çüýle-
nenleriň injiklerini döwüp, jesetleri aşak düşürtmegi
haýyş etdiler. 32 Şeýlelik bilen, esgerler baryp, birinjiniň
we onuň bilen bile haça çüýlenen beýlekiniň injiklerini
döwdüler. 33 Ýöne Isanyň ýanyna gelip, eýýäm ölendi-
gini görenlerinde, olar Onuň injiklerini döwmediler.
34 Muňa garamazdan, esgerleriň biri naýza bilen Onuň
böwrüni dildi, şol bada-da gan we suw çogduryldy.
35 Gören şaýat boldy, onuň şaýatlygy hakdyr. Ol siz
iman eder ýaly, özüniň dogry aýdýanyny bilýändir.
36 Çünki bu iş «Onuň hiç bir süňki döwülmez» diýen
Ýazgynyň berjaý bolmagy üçin boldy. 37 Başga bir Ýaz-
gyda bolsa «Bedenini dilen Adamlaryna serederler» di-
ýilýär.

### Isanyň jaýlanyşy

38 Onsoň Isanyň şägirdi bolan, ýöne ýehudylardan
gorkup, muny ýaşyrýan arimatiýaly Ýusup Onuň jese-
dini haçdan aýyrmaga Pilatusdan rugsat sorady. Pila-
tus muňa rugsat berdi. Ol baryp, Isanyň jesedini haç-
dan aýyrdy. 39 Ozal gijäniň içinde Isanyň ýanyna baran
Nikodimos-da ýüz gadaga golaý garyşyk mür we sary-
sabyr ýagyny alyp geldi. 40 Olar Isanyň jesedini alyp,
ýehudylaryň jaýlama adaty boýunça, Ony ýakymly ysly
ýag sepilen kepene doladylar.
41 Isanyň haça çüýlenen ýerinde bir bag we bagda
heniz hiç kim jaýlanmadyk bir täze mazar bardy.
42 Ýehudylaryň Sabada taýýarlyk güni bolany üçin Isa-
ny şol ýerde goýdular, çünki mazar ýakyndy.

## —NJI BAP

### Isanyň direlişi

20 Hepdäniň ilkinji güni, entek garaňkyka, Magda-
laly Merem irden mazara baranda, daşyň mazar-
dan aýrylandygyny gördi. 2 Ol derrew ylgap, Simun
Petrusa we Isanyň gowy görýän beýleki şägirdiniň ýa-
nyna bardy-da, olara: «Rebbi mazardan çykaryp äkidip-
dirler, Ony nirede goýandyklaryny bilmeýäris» diýdi.
3 Petrus bilen beýleki şägirt derrew çykyp, mazara ta-
rap gitdiler. 4 Olaryň ikisi-de ylgaýardy, ýöne beýleki şä-
girt Petrusdan çalt ylgap, mazara ondan öň bardy. 5 Ol
eglip seredende, mazaryň içinde kepen matalaryň ýa-
tandygyny gördi, ýöne içerik girmedi. 6 Şol wagt onuň
yzyndan Simun Petrus hem geldi. Ol mazara girip, ke-
peniň ýerde ýatanyny, ýöne Isanyň başyna oralan ýag-
lygyň kepen bilen bir ýerde bolman, aýry bir ýerde sa-
ralgy ýatanyny gördi. 8 Soňra mazara ondan öň baran
şägirt hem mazaryň içine girdi-de, ony görüp iman et-
di. 9 Çünki olar Isanyň direljekdigi hakdaky Mukaddes
Ýazga henize çenli düşünmändiler.

### Isa magdalaly Mereme görünýär

10 Soňra şägirtler öýlerine gaýtdylar. 11 Merem bolsa
mazaryň ýanynda aglamaga durdy. Ol aglap durka, eg-
lip mazaryň içine seredende, iki sany ak eşikli perişdä
onuň gözi düşdi. Olaryň biri Isanyň jesediniň ýatan ýe-
riniň başujunda, beýlekisi-de aýagujunda otyrdy.
13 Olar oňa: «Eý naçar, sen näme üçin aglaýarsyň?» diý-
diler. Ol-da olara: «Rebbimi mazardan çykaryp äkidip-
dirler, Ony nirede goýandyklaryny bilmeýärin» diýdi.
14 Muny aýdansoň, yzyna seredende, ol Isanyň duran-
dygyny gördi, ýöne Ony tanamady. 15 Isa oňa: «Eý na-
çar, sen näme üçin aglaýarsyň? Kimi gözleýärsiň?» diý-
di. Merem Oňa bagbandyr öýdüp: «Eý aga, mazardan
Ony sen äkiden bolsaň, nirede goýanyňy maňa aýt,
men Ony alyp gideýin» diýdi. 16 Isa oňa: «Merem!» diý-
di. Ol hem Oňa tarap gaňrylyp, iwritçe: «Rebbuni!» diý-
di. Bu «Mugallym» diýmekdir. 17 Isa oňa: «Maňa galtaş-
ma, çünki Men entek Atamyň ýanyna çykamok, ýöne
doganlarymyň ýanyna bar-da, olara Meniň Atamyň we
siziň Ataňyzyň, Meniň Hudaýymyň we siziň Hudaýyňy-
zyň ýanyna çykyp barýanymy aýt» diýdi. 18 Magdalaly
Merem baryp, Rebbi görendigini, Rebbiň özüne aýdan-
laryny şägirtlere habar berdi.

### Isa şägirtlerine görünýär

19 Hepdäniň şol ilkinji güni agşamara Isanyň şägirtle-
ri ýehudylardan gorkularyna gapylary gulplap, bir öý-
de üýşüşip otyrkalar, Isa geldi. Isa olaryň ortalarynda
durup: «Size parahatlyk!» diýip, olara ýüzlendi. 20 Muny
aýdyp, olara Öz ellerini, böwrüni görkezdi. Şägirtleri
Rebbi görüp şatlandylar. 21 Isa olara ýene: «Size para-
hatlyk! Atamyň Meni iberişi ýaly, Men-de sizi iberýärin»
diýdi. 22 Soňra bolsa olaryň üstüne üfläp goýberdi-de:
«Mukaddes Ruhy alyň. 23 Siz kimiň günäsini bagyşlasa-
ňyz, ol bagyşlanar, kimiň günäsini geçmeseňiz, ol ge-
çilmez» diýdi.

### Isa Tomasa görünýär

24 Onkileriň biri bolan Ekiz diýilýän Tomas Isa gelen
mahaly olaryň ýanynda däldi. 25 Beýleki şägirtler oňa:
«Rebbi gördük» diýdiler. Ýöne ol: «Men Onuň ellerinde
çüýleriň yzyny görüp, şol yzlara barmaklarymy degir-

mesem, böwrüne elimi degirmesem, asla ynanmaryn»
diýdi. 26 Sekiz günden soň, şägirtler ýene öýdekäler, To-
mas hem olaryň arasyndady. Gapylar gulply bolsa-da,
Isa gelip, olaryň ortasynda durdy-da: «Size parahat-
lyk!» diýdi. 27 Onsoň Isa Tomasyň ýanyna baryp, oňa:
«Barmagyňy bu ýere degir, ellerimi gör, eliňi uzat-da,
böwrüme degir, imansyz bolma, imanly bol» diýdi.
28 Tomas Oňa: «Rebbim, Hudaýym!» diýdi. 29 Isa oňa:
«Sen Meni göreniň üçin iman etdiň. Meni görmän
iman edenler nähili bagtly!» diýdi. 30 Isa şägirtleriniň
ýanynda bu kitapda ýazylmadyk başga-da köp alamat-
lar görkezdi. 31 Ýöne bular siziň Isanyň Hudaýyň Ogly
Mesihdigine iman etmegiňiz we iman edip, Onuň ady
bilen ýaşaýşa gowuşmagyňyz üçin ýazyldy.

## —NJI BAP

### Isa kölüň kenarynda

21 Bulardan soň, Isa Tiberiýa kölüniň kenarynda
peýda bolup, ýene şägirtlerine göründi. Ol Özü-
ni şeýle görkezdi: 2 Simun Petrus, Ekiz diýilýän Tomas,
Jeliläniň Kana şäherinden bolan Natanaýel, Zebedeýiň
ogullary we Isanyň şägirtlerinden ýene ikisi bilelikdedi-
ler. 3 Simun Petrus olara: «Men balyk tutmaga gidýä-
rin» diýdi. Olar-da oňa: «Biz-de seniň bilen gitjek» diý-
diler. Baryp, gaýyga mündüler, ýöne ol gije hiç zat tu-
tup bilmediler. 4 Ertir ir bilen Isa kenarda durdy, ýöne
şägirtleri Onuň Isadygyny bilmediler. 5 Isa olara: «Eý
balalar, iýmäge bir zadyňyz barmy?» diýdi. Olar: «Ýok»
diýip jogap berdiler. 6 Isa olara: «Toruňyzy gaýygyň sag
tarapyndan sallaň, tutarsyňyz» diýdi. Olar tory sallady-
lar, balygyň köplüginden ýaňa tory çekip çykaryp bil-
mediler. 7 Şonda Isanyň gowy görýän şägirdi Petrusa:
«Bu — Reb!» diýdi. Simun Petrus Onuň Rebdigini eşi-
den badyna geýimini biline orap, (ol ýalaňaçdy) özüni
köle oklady. 8 Beýleki şägirtler bolsa balyk toruny çe-
kip, gaýyk bilen ýüzüp geldiler, olar kenardan uzak bol-
man, onuň iki ýüz arçyn çemesi ýakynyndadylar. 9 Olar
gury ýere çykanlarynda, kömür odunyň ýanyp duran-
dygyny gördüler, közüň üstünde bolsa balyk bilen çö-
rek bardy. 10 Isa olara: «Indi tutan balyklaryňyzdan ge-
tiriň» diýdi. 11 Simun Petrus gaýyga münüp, ýüz elli üç
sany ullakan balykdan doly tory kenara çykardy. Balyk
şeýle köp bolsa-da, tor ýyrtylmandy. 12 Isa olara: «Ge-
liň, nahar ediniň» diýdi, ýöne şägirtleriň hiç biri Ondan
«Sen kim?» diýip soramaga ýürek edip bilmedi, çünki
Onuň Rebdigini olar bilýärdiler. 13 Isa geldi-de, çöregi
alyp, olara berdi, balygy-da şeýtdi. 14 Bu Isanyň direlen-
den soň, şägirtlerine üçünji gezek görnüşidi.

### Isa, Petrus we Ýahýa

15 Olar nahar edinip bolanlaryndan soň, Isa Simun
Petrusa: «Eý, Ýahýanyň ogly Simun, sen Meni bulardan
artyk söýýärsiňmi?» diýdi. Simun Oňa: «Hawa, ýa Reb,
Seni söýýänligimi Özüň bilýänsiň» diýdi. Isa-da oňa:
«Guzularymy otlat» diýdi. 16 Isa ikinji gezek ýene oňa:
«Eý, Ýahýanyň ogly Simun, Meni söýýärsiňmi?» diýdi.
Ol-da Oňa: «Hawa, ýa Reb, Seni söýýänligimi Özüň bil-
ýänsiň» diýdi. Isa-da oňa: «Goýunlarymy bak» diýdi.
17 Isa oňa üçünji gezek: «Eý, Ýahýanyň ogly Simun, Me-
ni söýýärsiňmi?» diýdi. Petrus Onuň üçünji gezek «Me-
ni söýýärsiňmi?» diýip soranyna gaýgylandy, Oňa: «Ýa
Reb, Sen ähli zady bilýänsiň, Seni söýýänimi-de bilýän-
siň» diýdi. Isa oňa şeýle diýdi: «Goýunlarymy otlat.
18 Hakykatdan-da, Men saňa dogrusyny aýdýaryn, ýaş-
kaň özüň biliňi guşap, halan ýeriňe gidýärdiň, emma
garranyňda elleriňi uzadyp durarsyň, seni başga biri
guşandyryp, halamaýan ýeriňe alyp gider». 19 Ol muny
Petrusa onuň nähili ölüm bilen Hudaýy hormatlajakdy-
gyna yşarat edip aýtdy. Muny aýdandan soň, oňa:
«Meniň yzyma düş» diýdi. 20 Petrus-da öwrülip, Isanyň
gowy görýän şägirdiniň, ýagny agşam nahary wagtyn-
da Isanyň döşüne ýaplanyp Oňa: «Ýa Reb, Saňa haýyn-
lyk etjek kim?» diýeniň-de, yzlaryna düşüp gelýänini
gördi. 21 Petrus ony görüp, Isa: «Ýa Reb, bu näme bo-
lar?» diýdi. 22 Isa oňa: «Men Özüm gelýänçäm, onuň
galmagyny isleýän bolsam, saňa näme? Sen Meniň
yzyma düş» diýdi.
23 Şeýlelikde, doganlar arasynda bu şägirt ölmez di-
ýen gürrüň ýaýrady. Emma Isa oňa «Ölmez» diýmän,
diňe «Men Özüm gelýänçäm, onuň galmagyny isleýän
bolsam, saňa näme?» diýipdi. 24 Bu zatlara şaýat bolup,
şulary ýazan şägirt şoldur. Biz onuň şaýatlygynyň hak-
dygyny bilýäris. 25 Isanyň başga-da eden işleri gaty
köpdür. Olar birin-birin ýazylsa, onda ýazylan kitaplar
dünýä sygmaz diýip pikir edýärin. Omyn!

# Resullar Işleri

—NJI BAP

1 Eý Teofilus! Men ilkinji kitabymy Isanyň Öz saýlan
resullaryna Mukaddes Ruh arkaly buýruk berenin-
den soň, Onuň tä Göge alnan gününe çenli etmäge we
öwretmäge başlan ähli zatlary hakda ýazdym. 3 Ol gör-
güsinden soň hem kyrk günüň dowamynda resullara
göründi, Hudaýyň Patyşalygy barada gürrüň berip,
köp kesgitli alamatlar bilen Özüniň diridigini olara gör-
kezdi. 4 Olar bilen bile bolan wagty olara buýruk berdi:
«Iýerusalimden aýrylman, Atanyň wadasyna garaşyň.
Siz ol wadany menden eşitdiňiz. 5 Çünki Ýahýa suw bi-
len çokundyrdy, ýöne siz ýene birnäçe günden Mukad-
des Ruh bilen çokundyrylarsyňyz».

### Isa Göge alynýar

6 Indi bular özara ýygnanyşanlarynda Ondan sorady-
lar: «Ýa Reb, Ysraýyl üçin patyşalygy gaýtadan şu wagt
berkarar etjekmi?» 7 Isa olara şeýle diýdi: «Atanyň Öz
ygtyýaryna tabyn eden wagt ýa möwsümlerini bilmek
siziň işiňiz däl. 8 Ýöne Mukaddes Ruh üstüňize inende,
güýç-kuwwat alyp, Iýerusalimde, bütin Ýahudada, Sa-
mariýada, Ýeriň tä soňuna çenli Meniň şaýatlarym bo-
larsyňyz». 9 Isa bulary aýdandan soň, olaryň gözleriniň
alnynda ýokary galdyryldy, bir bulut Ony olaryň naza-
ryndan gizledi.
10 Ol barýarka, olar hem Göge bakyşyp durkalar, ine,
ýanlarynda egni ak eşikli iki adam durup, şeýle diýdi-
ler: 11 «Eý, jelileli adamlar! Nämä bu ýerde Göge baky-
şyp dursuňyz? Isa Göge alyndy. Ol gidişi ýaly, gaýdyp
hem geler».

### Iudanyň ýerine Mattiýas saýlanýar

12 Ine, şonda olar Zeýtun dagy diýen dagdan Iýerusa-
lime öwrüldiler. Bu dag Iýerusalime ýakyn bolup, bir
sabat günlük ýoldur. 13 Şähere girenlerinde Petrus,
Ýahýa, Ýakup, Andreas, Filipus, Tomas, Bartolomeus,
Matta, Alfeusyň ogly Ýakup, Watançy Simun we Ýaku-
buň ogly Iuda öz bolýan balahanalaryna çykdylar.
14 Bularyň bary aýallar, Isanyň ejesi Merem we Onuň
doganlary bilen bile bir adam ýaly bolup, üznüksiz do-
ga we dileg edýärdiler.
15 Şol günlerde Petrus sany ýüz ýigrimä golaý bolan
doganlaryň ortasynda ýokary turup, şeýle diýdi: 16 «Eý
doganlar! Isany tutanlara ýolbaşçylyk eden Iuda hakda
Mukaddes Ruhuň Dawudyň agzy bilen ozaldan bildi-
ren ýazgysy berjaý bolmalydy. 17 Çünki ol bizden saýy-
lyp, bu gullukdan paý aldy. 18 Bu adam ýamanlyk muz-
dy bilen bir ekin meýdanyny satyn aldy. Soň ýere ýüzin
ýykylyp, ortadan iki ýaryldy, bütin içegeleri döküldi.
19 Bu ähli Iýerusalim ilatyna belli boldy; şoňa görä-de ol
ekin meýdanyna öz dillerinde „Hakeldama", ýagny
„Gan meýdany" diýdiler.) 20 Çünki Zebur kitabynda:
„Onuň mesgeni çolarsyn, içinde ýaşan bolmasyn, wezi-
pesini başga biri alsyn" diýip ýazylgydyr. 21 Munuň üçin
Reb Isanyň biziň aramyzda girip-çykan bütin zamany-
nyň dowamynda, 22 Ýahýanyň çokundyrmasyndan baş-
lap, tä Onuň bizden ýokary alnan gününe çenli bize
hemra bolan adamlaryň biri Onuň direlişine biziň bilen
birlikde güwä geçsin».
23 Şeýlelikde, iki adamy, lakamy Ýustus bolup, Barsa-
ba diýilýän Ýusup bilen Mattiýasy teklip etdiler. 24 On-
soň doga edip diýdiler: «Eý hemmäniň ýüregini bilýän
Hudaý! Bu ikisinden haýsysyny saýlan bolsaň, görkez;
25 ol Iudanyň öz ýerine gitmek üçin terk eden bu gulluk
we resullyk paýyny 26 Olar üçin bije atdylar; bije Matti-
ýasa düşüp, ol on bir resuluň hataryna girdi.

—NJI BAP

### Mukaddes Ruhuň gelmegi

2 Pentikost güni gelende, olaryň bary bir ýere ýyg-
nanyşdylar. 2 Birden asmanda güýçli ýeliň sesine
çalymdaş ses peýda bolup, ol olaryň oturan öýlerini
bütinleý doldurdy. 3 Olara oduň ýalynlary kimin bölnen
diller aýan bolup, olaryň her biriniň üstüne gondy.
4 Olaryň bary Mukaddes Ruhdan dolup, Ruhuň geple-
dişine görä, başga dillerde gepläp başladylar. 5 Iýeru-
salimde ýehudylar, Gök astyndaky her milletden bolan
Hudaýdan gorkýan adamlar galýardy. 6 Bu ses gelen-
de, halaýyk bir ýere ýygnandy. Olar haýran galdylar,
çünki resullaryň aýdýan sözlerini olaryň hersi öz dilin-
de eşidýärdi. 7 Hemmeler haýran galdylar we geňirge-
nişip, biri-birlerine şeýle diýdiler: «Bu gepleýänleriň
hemmesi jelileli dälmi näme? 8 Onda biziň her birimiz
nähili öz ene dilimizi eşidýäris? 9 Biz — parfiýalylar, mi-
diýalylar, eýlamlylar, Mesopotamiýada, Ýahudada, Kap-
padokiýada, Pontusda we Aziýada, 10 Firikiýada we
Pamfiliýada ýaşaýanlar, şeýle hem Müsüriň, Libiýanyň
we Kirinäniň töwereginde ýaşaýanlar, rimli myhman-
lar, ýehudylar we ýehudy dinine geçenler, 11 kiritliler,
araplar bolup, olaryň öz dilimizde Hudaýyň uly işlerini
gürrüň berişlerini eşidýäris». 12 Olaryň bary haýran gal-
dylar we aljyrap: «Bu näme boldugy?» diýişdiler. 13 Kä-

birleri bolsa olary masgaralap: «Olar täze şerapdan
julk bolupdyr» diýdi.

### Petrusyň sözi

14 Ine, şonda Petrus Onbirler bilen birlikde ýokary
turdy-da, sesini gataldyp, olara ýüzlendi: «Eý ýahudaly
adamlar we bütin Iýerusalim ilaty! Bu size belli bolsun,
meniň sözlerime gulak asyň. 15 Bular siziň güman edi-
şiňiz ýaly, serhoş däl, sebäbi heniz gün guşluk hem bo-
lanok. 16 Ýöne bu Ioel pygamberiň aýdanydyr: 17 „Hu-
daý diýýär: soňky günlerde şeýle bolar, Men Ruhum-
dan bütin adamzat üstüne dökerin. Siziň ogullaryňyz,
gyzlaryňyz pygamberlik eder, ýaşlaryňyz görnüşler,
garrylaryňyz düýşler görer. 18 Şol günlerde Ruhumdan
gullarymyň, gyrnaklarymyň üstüne dökerin, olar hem
pygamberlik eder. 19 Ýokarda — Gökde gudratlar, aşak-
da — ýer ýüzünde alamatlar, gan, ot we tüsse buguny
görkezerin. 20 Rebbiň uly, dabaraly güni gelmezden
ozal, Gün — tümlüge, Aý gana döner. 21 Onsoň Rebbi
çagyran adam gutular". 22 Eý ysraýyllylar, bu sözleri
diňläň! Nasyraly Isa Özi arkaly Hudaýyň araňyzda dö-
reden gudratlary, mugjyzalary we alamatlary bilen size
Hudaý tarapyndan tassyklanan bir adamdy. Öz bilşiňiz
ýaly, 23 Hudaýyň berk islegi, öňünden bilmegi bilen eli-
ňize berlen bu adamy siz kanunsyzlaryň eli bilen tut-
duňyz we haça çüýläp öldürdiňiz. 24 Emma Hudaý ölüm
agyrylaryny çözüp, Ony direltdi, sebäbi ölümiň Ony
saklamagy mümkin däldi. 25 Çünki Dawut Ol barada
şeýle diýýär: „Rebbi elmydama garşymda gördüm,
çünki men endiremez ýaly, Ol sagymdadyr. 26 Şonuň
üçin göwnüm galkyndy, dilim şatlandy; tenim hem
umytda ýaşar. 27 Çünki Sen janymy ölüler diýarynda
goýmarsyň, Öz Mukaddesiň çüýremegine razy bolmar-
syň. 28 Sen Maňa ýaşaýyş ýollaryny görkezdiň. Meni Öz
huzuryňda şatlykdan doldurarsyň".
29 Doganlar! Men uly atamyz Dawut hakda size açy-
gyny sözlesem, ol öldi, jaýlandy, mazary bolsa şu güne
çenli aramyzda dur. 30 Ýöne ol pygamber bolanlygy
üçin we Hudaýyň oňa beden boýunça öz zürýadyndan
bolan Mesihi çykaryp, tagty üstünde oturtjakdygyna
31 muny öňden görüp, Mesihiň direlişi barada şeýle
diýdi: „Ol ne ölüler diýarynda goýuldy, ne-de teni çüý-
redi". 32 Isany Hudaý direltdi; muňa biziň barymyz şa-
ýatdyrys. 33 Isa Hudaýyň sagyna galdyrylandan we wa-
da edilen Mukaddes Ruhy Atadan alandan soň, siziň
bu görýän, eşidýän zatlaryňyzy dökdi. 34 Çünki Dawut
Göge çykanok; onuň özi şeýle diýýär: „Reb Rebbime
diýdi: 35 Duşmanlaryňy aýaklaryňa basgançak edýän-
çäm, Meniň sagymda otur". 36 Şeýlelik bilen, bütin Ys-
raýyl öýi siziň haça çüýlän bu Isaňyzy Hudaýyň hem
Reb, hem-de Mesih edenini äşgär bilsin». 37 Muny eşi-
denlerinde, ýüreklerinde sanjy döräp, Petrus we beýle-
ki resullara: «Doganlar, biz näme etmeli?» diýdiler.
38 Petrus olara şeýle diýdi: «Toba ediň, günäleriňiziň
ötülmegi üçin ähliňiz Isa Mesihiň adyna çokundyrylyň.
Ine, şeýdip, siz Mukaddes Ruhuň sylagyny alarsyňyz.
39 Çünki wada siziň özüňiz, çagalaryňyz, uzakda bolan-
laryň ählisi, şeýle hem Hudaýymyz Rebbiň çagyrjakla-
rynyň hemmesi üçindir». 40 Ýene-de köp sözler bilen
şaýatlyk etdi we: «Özüňizi bu azgyn nesilden halas
ediň!» diýip öwüt berdi. 41 Onuň sözüni begenç bilen
unanlar çokundyrylyp, şol günde olara üç müňe golaý
adam goşuldy. 42 Resullaryň nesihatlaryny diňlemek,
çörek bölmek, ýakyn aragatnaşykda bolmak we doga
okamak bilen olar wagtlaryny geçirýärdiler.

### Imanlylar arasyndaky agzybirlik

43 Hemmeleriň janyna gorky aralaşypdy. Resullar ar-
kaly köp gudratlar, alamatlar görkezilýärdi. 44 Iman
edenleriň bary bilediler, olaryň ähli zatlary ortadady.
45 Olar mal-mülklerini satyp, her kimiň mätäçligine gö-
rä, öz aralarynda bölüşerdiler. 46 Bir adam ýaly bolup,
her gün ybadathana ýygnanardylar, öýden-öýe çörek
bölüşip, guwanç, akýüreklilik bilen nahar edinerdiler.
47 Hudaýa alkyş okap, bütin il ýanynda eziz görlerdiler.
Hudaý hem gutulanlaryň sanyny günsaýyn köpelderdi.

### —NJI BAP

### Otura gedaýyň sagaldylyşy

3 Bir gün günortandan üç sagat soň — doga wag-
tynda Petrus bilen Ýahýa ikisi ybadathana gitdi.
2 Dogabitdi otura birini her gün göterip, ybadathana-
nyň Owadan diýen gapysynyň agzynda oturdýardylar.
Ol ybadathana girýänlerden sadaka dileýärdi. 3 Bu
adam Petrus bilen Ýahýanyň ybadathana girip barýa-
nyny görüp, olardan sadaka diledi. 4 Petrus bilen Ýah-
ýanyň oňa gözleri düşdi. Petrus oňa garap: «Bize se-
ret!» diýdi. 5 Ýaňky adam olardan bir zat hantama bo-
lup, olara çiňerilip seretdi. 6 Petrus oňa şeýle diýdi:
«Meniň kümşüm, altynym ýok, ýöne öz barymy saňa
berýärin: Nasyraly Isa Mesihiň adyndan: Ýöre!» 7 On-
soň sag elinden tutup, ol ony galdyrdy. Şobada hem
ýaňky adamyň aýaklaryna, topuklaryna ysgyn geldi.
8 Ol ýokary towusdy-da, dik durup, ýöräp başlady. Gez-
meläp, towsup, Hudaýa alkyş okap, olar bilen birlikde
ybadathana girdi. 9 Bütin halk onuň ýöräp, Hudaýa al-
kyş okap ýörenini gördi. 10 Onuň sadaka dilemek üçin
ybadathananyň Owadan diýen gapysynyň agzynda
oturýan adamdygyny tanadylar, onuň başyndan geçen
işe haýran galdylar.

### Petrusyň ybadathanadaky sözi

11 Ýaňky sagalan otura Petrus bilen Ýahýany goýber-
män durka, bütin halk geňirgenişip, olara tarap, Süleý-
manyň Eýwany diýen ýere ylgaşyp geldi. 12 Petrus mu-
ny görende, halka ýüzlenip, şeýle diýdi: «Eý, Ysraýyl
adamlary! Näme üçin muňa geňirgenişýärsiňiz? Biz
muny öz güýjümiz ýa takwalygymyz bilen ýöreden ýa-
ly, näme üçin bize bakyşyp dursuňyz? 13 Ybraýymyň,

Yshagyň, Ýakubyň Hudaýy, biziň atalarymyzyň Hudaýy
Öz guly Isany şöhratlandyrdy. Ony siz ölüme tabşyrdy-
ňyz, Pilatus Ony boşatmagy ýüregine düwende, onuň
öňünde siz Ony inkär etdiňiz. 14 Mukaddes we dogry
Adamy inkär edip, bir adam öldürijiniň özüňize bagyş-
lanmagyny talap etdiňiz. 15 Ýaşaýyş Başlygyny öldürdi-
ňiz; ýöne Hudaý Ony direltdi, muňa biz güwä geçýäris.
16 Siziň görýän, tanaýan şu adamyňyz Isa bolan öz yna-
my arkaly gözüňiziň alnynda bütinleý sagaldy. Bu ada-
ma kuwwat beren zat onuň Isa bolan ynamydyr. 17 Eý
doganlar, men siziň-de öz başlyklaryňyz ýaly, muny bil-
mezlikden edendigiňizi bilýärin. 18 Ýöne Hudaý Öz Me-
sihiniň görgi görjekdigi baradaky ähli pygamberler ar-
kaly öňünden aýdanlaryny şeýle ýerine ýetirdi. 19 Indi
günäleriňiziň geçilmegi üçin toba ediň, dönüň. 20 Şeý-
lelikde, Rebbiň huzuryndan täzelenme pursatlary ge-
ler, Ol siziň üçin bellenen Mesih Isany ýollar. 21 Huda-
ýyň gadymdan mukaddes pygamberler arkaly aýdan-
larynyň barynyň gaýtadan tertip-düzgüne salynjak
wagtyna çenli Gök Ony kabul etmelidir. 22 Çünki Musa
atalarymyza şeýle diýipdi: „Reb Hudaý size öz doganla-
ryňyzyň arasyndan meniň ýaly bir pygamber döretjek-
dir. Onuň ähli diýjeklerine gulak asyň. 23 Şol Pygambe-
re gulak asmadyk her jan halk arasyndan ýok ediler".
24 Samuýelden başlap, ähli pygamberler, geplänleriň
bary şu günleri habar berdiler. 25 Siz pygamberleriň
ogullarysyňyz, Hudaýyň Ybraýyma: „Ýer ýüzüniň ähli
uruglary seniň nesliňden bereket tapar!" diýip, ata-ba-
balaryňyz bilen baglaşan ähtiniň ogullarysyňyz. 26 Hu-
daý Öz saýlan guly Isany siziň her biriňizi ýaman päli-
ňizden gaýtarsyn, size bereket bersin diýip direltdi,
Ony ilki bilen size ýollady».

## —NJI BAP

### Petrus bilen Ýahýa ýehudylaryň mejlisiniň öňünde

4 Olar halka gürrüň berip durkalar, ruhanylar, yba-
dathananyň serkerdesi we saddukeýler olaryň üs-
tüne döküldiler. 2 Olar gaharlydylar, sebäbi resullar
halka sapak berip, Isanyň (mysalynda) ölüleriň direlişi-
ni yglan edýärdiler. 3 Olara el urdular, ertire çenli tussa-
ga saldylar; çünki eýýäm agşam bolupdy. 4 Emma sözi
eşidenleriň köpüsi iman etdi; iman edenleriň sany bäş
müňe golaýlady. 5 Şol günüň ertesi olaryň başlyklary,
ýaşululary we kanunçylary Iýerusalime ýygnandylar.
6 Baş ruhany Hanna we Kaýafa, Ýahýa we Isgender
hem-de baş ruhanynyň urugyndan bolanlaryň bary şol
ýerdediler. 7 Olary ortada durzup: «Siz muny haýsy
güýç, haýsy at bilen etdiňiz?» diýip soradylar. 8 Şonda
Petrus Mukaddes Ruh bilen dolup, olara şeýle diýdi:
«Eý, halkyň başlyklary, Ysraýyl ýaşululary! 9 Biz bu gün
bir maýyp adama edilen ýagşylyk üçin we onuň şypa
tapanlygy üçin soraga çekilýän bolsak, 10 onda siziň
hemmäňiz we bütin Ysraýyl halky bilsin: bu adam siziň
haça çüýläniňiz we Hudaýyň direldeni Nasyraly Isa Me-
sihiň ady arkaly sag-salamat öňüňizde dur. 11 Siz ussa-
lar tarapyndan äsgerilmedik bu Daş burçbaşy bolup
çykdy. 12 Başga hiç kimde gutulyş ýokdur. Çünki biziň
halas bolmagymyz üçin adamzada berlen gaýry at as-
manyň astynda ýokdur».

13 Petrus bilen Ýahýanyň gaýratyny görenlerinde, ola-
ryň okuwsyz, garamaýak adamlardygyny saýgaranla-
rynda, olar geňirgenişdiler, olaryň Isa bilen bile bolan-
dyklaryna göz ýetirdiler. 14 Şypa tapan adamyň hem
olar bilen duranyny görüp, munuň garşysyna hiç zat
aýdyp bilmediler. 15 Şeýlelikde, olara mejlisden daşaryk
çykmagy buýurdylar-da, özara geňeşip, şeýle diýdiler:
16 «Bu adamlara näme edeli? Çünki bular arkaly göze il-
ginç alamatyň ýüze çykanyny bütin Iýerusalim ilaty bil-
ýär, biz muny inkär edip bilmeris. 17 Ýöne munuň halk
arasyna mundan artyk ýaýramazlygy üçin, mundan
beýläk bu at bilen hiç kime hiç zat aýtmazlary ýaly, ola-
ra haýbat atalyň».

18 Onsoň olary çagyryp, Isanyň adyndan geplemezligi
we öwretmezligi tabşyrdylar. 19 Emma Petrus bilen
Ýahýa olara şeýle gaýtargy berdiler: «Size Hudaýa gu-
lak asandan hem artyk gulak asmak Hudaýyň ýanynda
dogrumydyr? Özüňiz oýlanyp görüň! 20 Çünki göreni-
mizi, eşidenimizi sözlemezlik biziň üçin mümkin däl».
21 Olar ýene-de haýbat atyp, ýöne halk zerarly temmi
bermegiň çäresini tapman, olary boşatdylar, çünki
hemmeler bolan iş üçin Hudaýy şöhratlandyrýardylar.
22 Sebäbi bu şypa keramaty ýaşy kyrkdan agan bir
adamda ýüze çykypdy.

### Imanlylar batyrlyk üçin doga edýär

23 Olar boşadylandan soň, özleriniňkilere gelip, baş
ruhanylaryň, ýaşululary özlerine aýdanlarynyň bary-
ny habar berdiler. 24 Muny eşidenlerinde, olar agzybir-
lik bilen seslerini gataldyp, Hudaýa, ine, şeýle diýdiler:
«Eý Baýar! Gögi, Ýeri, deňzi we onuň içindäki ähli zady
ýaradan Hudaý Sensiň, 25 Sen Öz guluň Dawudyň agzy
bilen şeýle diýdiň: „Näme sebäpden milletler bulagaý-
çylyk turuzdy, halklar puç zatlaryň küýüne düşdi? 26 Nä-
me sebäpden ýer ýüzüniň patyşalary aýaga galdylar,
hökümdarlar Rebbe garşy, Onuň Mesihine garşy ýyg-
nanyşdylar?" 27 Çünki, hakykatdan-da, şu şäherde Hiro-
des we Pontius Pilatus özge milletler we Ysraýyl halky
bilen bilelikde Seniň wezipä bellän mukaddes Guluň
Isa garşydyr. 28 Olar Seniň eliňiň, islegiňiň ýüze çykma-
gyny öňünden bellänleriniň baryny amala aşyrmak
üçin ýygnanyşdylar. 29 Ýa Reb, indi olaryň howp salyşla-
ryna seret, gullaryňa batyrlyk bilen Öz sözüňi sözlemä-
ge gaýrat ber. 30 Öz mukaddes Guluň Isanyň ady bilen
şypalaryň, alamatlaryň we gudratlaryň döremegi üçin
eliňi uzat!» 31 Doga edip bolanlarynda, olaryň üýşüp
duran ýerleri titredi, hemmeler Mukaddes Ruh bilen
dolup, batyrgaýlyk bilen Hudaýyň sözüni gaýratly söz-
lemäge başladylar.

### Imanlylar ähli zatlaryny paýlaşýarlar

32 Iman eden halaýyk bir ýürek we bir jandy, biri-de öz malyndan bolan bir zada meniňki diýmeýärdi, bar zatlary ortakdy. 33 Resullar uly güýç bilen, Reb Isa Mesihiň direlişine güwä geçýärdiler. Barynyň üstünde uly merhemet bardy. 34 Aralarynda mätäç kişi ýokdy. Sebäbi ýerli, öýli bolanlaryň ählisi olary satýardylar. Satylan zatlaryň bahasyny bolsa getirip, 35 resullaryň öňünde goýýardylar. Şeýlelikde, her kime geregiçe paýlanýardy. 36 Resullaryň Barnabas («Göwünlik Ogly») lakamyny bereni, kiprli lewili Ýusubyň hem 37 bir mellegi bardy. Ýusup ony satdy-da, puluny getirip, resullaryň öňünde goýdy.

## —NJI BAP

### Hananýa bilen Safira

5 Hananýa atly bir adam aýaly Safira bilen bir mülki satyp, 2 onuň bahasyndan bir bölegini özüne aldy we onuň diňe bir bölegini getirip, resullaryň öňünde goýdy. Onuň bu hilesinden aýalynyň-da habary bardy. 3 Petrus oňa şeýle diýdi: «Hananýa, şeýtanyň „Mukaddes Ruhy alda-da, satylan ýeriň bahasynyň bir bölegini özüňe al" diýen päline näme üçin ýüregiňden ýer berdiň? 4 Ol satylman galanda-da seniňki, satylandan soň hem seniň erkiňde dälmidi? Näme üçin bu zady ýüregiňe düwdüň? Sen ynsanlara däl-de, Hudaýa ýalan sözlediň». 5 Hananýa bu sözleri eşidip, ýykyldy we jan berdi. Muny eşidenleriň barynyň üstüne uly gorky abandy. 6 Ýaşlar turup, ony kepene doladylar-da, äkidip jaýladylar.

7 Üç sagat çemesi geçenden soň, Hananýanyň bolan zatdan habarsyz aýaly içerik girdi. 8 Petrus oňa: «Maňa aýt, ýeri şunça satdyňyzmy?» diýdi. Ol hem: «Hawa, şunça» diýdi. 9 Petrus oňa şeýle diýdi: «Näme üçin siz Rebbiň Ruhuny synamak üçin dilleşdiňiz? Ine, seniň äriňi jaýlanlar gapyda dur, olar seni hem äkiderler». 10 Edil şol pursat aýal Petrusyň aýagyna ýykylyp, jan berdi. Ýaşlar içeri girenlerinde, onuň ölendigini görüp, äkitdiler-de, äriniň ýanynda jaýladylar. 11 Bütin ýygnak we bulary eşidenleriň barynyň üstüne uly gorky abandy.

### Resullar köp syrkawlary sagaldýarlar

12 Resullar il içinde köp alamatlar, gudratlar görkezýärdiler we hemmeler bir adam ýaly bolup, Süleýmanyň Eýwanynda bolardylar. 13 Beýlekilerden hiç kim olara birikmäge ýürek etmeýärdi, ýöne halk olary juda sylaýardy. 14 Ýene-de Rebbe iman eden köp adamlar, topar-topar erkekdir aýallar olara goşulýardy. 15 Şeýlelikde, Petrus geçende, hiç bolmanynda, onuň kölegesi syrkawlaryň biriniň üstüne düşsün diýip, olary köçelere çykaryp, düşek hem çarpaýa üstünde ýatyrýardylar. 16 Iýerusalimiň töweregindäki şäherlerden-de halaýyk ýygnanyşyp, syrkawlary, murdar ruh uranlary getirdiler, olaryň bary şypa tapdy.

### Resullara edilen sütemler

17 Şeýlelikde, baş ruhany we onuň ýanyndakylaryň ählisi, ýagny saddukeýler mezhebi göriplikden ýaňa aýaga galdylar. 18 Olar resullara el urdular, olary halk tussaghanasyna saldylar. 19 Ýöne gije Rebbiň bir perişdesi zyndanyň gapylaryny açdy-da, olary daşary çykaryp: 20 «Baryň, ybadathanada durup, halka bu täze ýaşaýşyň ähli sözlerini wagyz ediň» diýdi. 21 Resullar muny eşidenlerinde, säher bilen ybadathana baryp, sapak bermäge durdular. Bu aralykda baş ruhany bilen onuň ýanyndakylar gelip, mejlisi we Ysraýyl ogullarynyň ähli ýaşulularyny bir ýere çagyrdylar; onsoň resullary getirmäge tussaghana adam ýolladylar. 22 Emma gullukçylar olary zyndandan tapman, gelip: 23 «Tussaghananyň mäkäm ýapykdygyny, garawullaryň hem gapylaryň agzynda duranyny gördük, ýöne açanymyzda içerden hiç kimi tapmadyk» diýip habar berdiler. 24 Ybadathananyň serkerdesi, baş ruhanylar bu sözleri eşidenlerinde: «Bu näme boldugyka?» diýşip, aljyraňňy ýagdaýa düşdüler. 25 Emma biri gelip, olara: «Ine, zyndana salan adamlaryňyz ybadathanada halka sapak berip dur» diýip habar berdi. 26 Şeýlelikde, gullukçylar bilen gidip, serkerde olary güýç ulanmazdan getirdi, çünki olar halkyň özlerini daşlamagyndan gorkýardylar.

27 Olary getirip, mejlisiň öňünde duruzdylar. Baş ruhany olary soraga çekip: 28 «Şu at bilen sapak bermäň diýip, biz size berk tabşyryk berdik, emma siz öz taglymatyňyz bilen Iýerusalimi doldurdyňyz, bu adamyň ganyny hem biziň üstümize ýüklejek bolýarsyňyz» diýdi. 29 Petrusdyr resullar gaýtargy berip, şeýle diýdiler: «Adama garanda, Hudaýa boýun bolmak artykmaç bolmalydyr. 30 Ata-babalarymyzyň Hudaýy siziň agaçdan asyp öldüren Isaňyzy direltdi. 31 Hudaý Ysraýyla toba etdirip, günälerini bagyşlamak üçin, bu Adamy Başlyk hem Halasgär edip, Öz sagyna galdyrdy. 32 Biz bu babatda Oňa şaýatdyrys; Hudaýyň Özüne boýun bolanlara beren Mukaddes Ruhy hem bu babatda Oňa şaýatdyr».

33 Muny eşidenler gahar-gazaba münüp, olary öldürmegiň küýüne düşdüler. 34 Ine, şonda mejlisde Mukaddes Kanun mugallymy we bütin halk ýanynda hormatlanýan Gamaliýel atly bir fariseý turup, resullary birsalym daşary çykarmagy buýurdy. 35 Soňra ol şeýle diýdi: «Eý, Ysraýyl adamlary! Bu adamlar babatda etjek bolýan işiňizde seresap boluň. 36 Sebäbi bu günlerden ozal özüni uly adam saýýan Teudas çykdy, dört ýüze golaý adam onuň yzyna düşüpdi. Ol öldürildi, yzyna eýerenleriň hemmesi hem dagap gitdi. 37 Mundan soň ilat ýazuwy günlerinde jelileli Iuda çykyp, köp adamy öz yzyna düşürse-de, heläk bolup, yzyna eýerenleriň bary dagady. 38 Indi, bu adamlardan el çekiň, olary goýberiň, sebäbi bu iş ynsandan bolsa, onda öz-özün-

den ýok bolup gider. 39 Eger Hudaýdan bolsa, onda siz
bu işiň 40 Ýöne resullary çagyryp, ýençdirdiler. Isanyň
ady bilen geplemezligi tabşyryp, olary boşatdylar.
41 Resullar mejlisiň öňünden şadyýan gitdiler, çünki
Reb Isanyň ady üçin masgaraçylyk çekmäge mynasyp
bolupdylar. 42 Olar her gün ybadathanada we öýden-
öýe sapak bermegiň, Isa Mesihiň hoş habaryny wagyz
etmegiň yzyny üzmediler.

## —NJI BAP

### Ýedi ýardamçy

6 Bu şägirtleriň sanynyň barha artýan günlerinde
grekçe gepleşýän ýehudylar tarapyndan ýerli hal-
ka garşy nägilelik döredi, çünki gündelik iýmit paýlaşy-
gynda olaryň dul hatynlary gözden salynýardy. 2 Şeýle-
likde, on iki resul ähli şägirtleri ýanlaryna çagyryp, ola-
ra şeýle diýdiler: «Hudaýyň sözüni taşlap, saçak başyn-
da hyzmatkärlik etmek bize gelşikli däl. 3 Eý doganlar,
öz araňyzdan ýagşy atly, Mukaddes Ruhdan doly we
akyl-paýhasly ýedi adamy saýlaň; bu işi şolara tabşyra-
lyň. 4 Biz doga we sözüň gullugyna beriljek». 5 Bu söz
bütin jemagata ýarady. Olar imandan hem Mukaddes
Ruhdan doly adamlar bolan Stefanusy, Filipusy, Proho-
rusy, Nikanory, Timony, Parminasy we ýehudy dinine
geçen antakiýaly Nikolausy saýladylar-da, bulary
6 resullaryň öňünde duruzdylar. Resullar ellerini olaryň
depesinde goýup, olar üçin doga etdiler. 7 Şeýlelikde,
Hudaýyň sözi ýaýylyp, Iýerusalimde şägirtleriň sany
barha köpelýärdi. Ruhanylaryň uly topary-da imana
uýýardylar.

### Stefanus tutulýar

8 Iman 9 Şol aralykda libertinler, kirneliler, isgenderi-
ýalylar diýip atlandyrylan sinagogadan, şeýle hem, Kili-
kiýadan we Aziýadan bolan käbir adamlar gelip, Stefa-
nus bilen jedelleşdiler. 10 Ýöne onuň parasatlylygyna
we Ruha garşylyk görkezmäge olaryň gurplary çatma-
dy. 11 Şeýlelikde, birnäçe kişini yryp, olara: «Onuň Musa
we Hudaýa dil ýetirenini eşitdik» diýdirdiler. 12 Halky,
ýaşululary we kanunçylary öjükdirdiler. Baryp, Stefanu-
sy tutdular-da, mejlisiň öňüne getirdiler. 13 Ýalan güwä-
ler goýdular, olar-da: «Bu adam häli-şindi şu mukad-
des mekana, Kanuna dil ýetirip ýör. 14 Biz onuň: „Nasy-
raly Isa bu mekany berbat eder, Musanyň bize beren
adatlaryny üýtgeder" diýenini eşitdik» diýdiler. 15 Mej-
lisde oturanlaryň bary Stefanusyň ýüzüne seredenle-
rinde, onuň ýüzüniň bir perişdäniň ýüzüne meňzeýän-
ligini gördüler.

## —NJI BAP

### Stefanusyň sözi

7 Baş ruhany: «Bu zatlar şeýlemidir?» diýip sorady.
2 Stefanus şeýle diýdi: «Eý doganlar, atalar! Gulak
asyň, şöhratly Hudaý biziň atamyz Ybraýyma Haranda
oturmazyndan öň, Mesopotamiýadaka aýan boldy.
3 Oňa: „Ýurduňdan, kowum-garyndaşyň ýanyndan çyk-
da, Meniň saňa görkezjek ýurduma git" diýdi. 4 Şeýle-
likde, ol keldanylar ýurdundan çykyp, Haranda oturdy;
atasy ölenden soň bolsa Hudaý ony siziň häzirki otur-
ýan ýurduňyza göçürdi. 5 Hudaý bu ýerden oňa aýak
basarlyk-da miras bermedi, ýöne heniz perzendi ýok-
ka, bu ýurdy mülk hökmünde Ybraýyma, ondan soň
hem zürýadyna bermegi wada etdi. 6 Hudaý şeýle diý-
di: „Seniň zürýadyň bir ýat ýurtda dört ýüz ýyllap my-
sapyrlyk çeker, olary gul edip gysarlar". 7 Hudaý: „Men
olary gul eden milleti höküm ederin. Onsoň olar çykyp,
şu ýerde maňa gulluk ederler" diýdi. 8 Hudaý Ybraýy-
ma sünnet ähtini berdi. Şeýlelikde, ondan Yshak önen-
de, sekizinji güni ony sünnetledi. Yshakdan bolsa Ýa-
kup, Ýakupdan-da on iki uly ata öndi. 9 Uly atalar Ýusu-
ba göripçilik edip, ony Müsüre satdylar; ýöne Hudaý
onuň bilendi. 10 Ol Ýusuby ähli muşakgatlaryndan ha-
las etdi, Fyrownyň — Müsür patyşasynyň huzurynda
oňa mähir, akyldarlyk berdi. Fyrown ony Müsüriň we
tutuş köşgüň häkimi edip goýdy. 11 Ine, bütin Müsür
we Kengan ýurduna açlyk hem uly muşakgat indi. Ata-
larymyz hem iýmit tapmadylar. 12 Ýakup Müsürde galla
barlygyny eşidip, atalarymyzy ilkinji gezek ol ýere ýol-
lady. 13 Ikinji gezekde bolsa Ýusup doganlaryna özüni
tanatdy. Şeýlelikde, Ýusubyň asly fyrowna belli boldy.
14 Ýusup adam ýollap, atasy Ýakuby, ýetmiş bäş adam-
dan ybarat bolan bütin garyndaşlaryny çagyrdy. 15 Şeý-
lelikde, Ýakup Müsüre gitdi. Ýakupdyr atalarymyz şol
ýerde wepat boldular. 16 Olary Şekeme äkidip, Ybraýy-
myň Şekemde Hamor ogullaryndan pul berip satyn
alan mazarynda jaýladylar. 17 Hudaýyň Ybraýyma be-
ren wadasynyň wagty golaýladygyça, halkymyzyň sany
hem Müsürde barha köpelýärdi. 18 Şeýlelikde, Ýusuby
tanamaýan başga bir patyşa tagta çykdy. 19 Bu urugy-
myza hilegärlik etdi, atalarymyzy gysyp başlady, çaga-
laryny diri galmaz ýaly, daşary taşlamaga mejbur etdi.
20 Şol wagt Musa eneden doguldy. Hudaý ony eý gör-
ýärdi. Musa üç aý atasynyň öýünde eklendi. 21 Ýöne da-
şary taşlanandan soň, fyrownyň gyzy ony alyp, özüne
ogul edindi, ekledi. 22 Musa müsürlileriň ähli bilimlerin-
den sapak berildi, ol sözlerinde, işlerinde güýçlüdi.
23 Kyrk ýaşyna ýetenden soň, Musa doganlaryny, Ysra-
ýyl ogullaryny sorap-idemegi ýüregine düwdi. 24 Biriniň
adalatsyzlyga sezewar edilenini görüp, oňa arka çykdy,
ýaňky müsürlini öldürip, ezileniň aryny aldy. 25 Musa
Hudaýyň öz eli bilen gutulyş berýänligine doganlary
düşüner öýdýärdi, ýöne olar muňa düşünmediler. 26 Er-
tesi gün iki adam dawalaşyp durka, Musa ýanlarynda
peýda bolup, olary ýaraşdyrmaga synanyp: „Eý adam-
lar, siz dogan ahyryn, nämä biri-biriňize adalatsyzlyk
edýärsiňiz?" diýdi. 27 Öz ýakynyna adalatsyzlyk edýän
adam ony itekläp şeýle diýdi: „Kim seni bize başlyk ýa
kazy edip goýdy? 28 Düýnki müsürlini öldürişiň ýaly,
meni-de öldürmekçimisiň?" 29 Musa bu sözi eşidenden
gaçyp, Midiýan ýurdunda mysapyrlyk çekdi. Şol ýerde

ondan iki ogul öndi. 30 Kyrk ýyl dolanda, Sina dagynyň
töweregindäki çölde lowlap duran bir çalynyň ýalnyn-
da oňa Rebbiň bir perişdesi 31 Musa bu görnüşi gören-
de geňirgendi. Ol siňe seretjek bolup, ýakynlaşanda,
Rebbiň sesi eşidildi: 32 „Men seniň atalaryň Ybraýymyň,
Yshagyň we Ýakubyň Hudaýydyryn". Ine, şonda Musa
titräp başlady, seretmäge ýürek etmedi. 33 Reb oňa
şeýle diýdi: „Aýaklaryňdan çarygy çykar, çünki üstünde
duran bu ýeriň mukaddes toprakdyr. 34 Men halkymyň
Müsürde horlanýanyny gördüm, olaryň nalasyny eşit-
dim, olary halas etmek üçin aşak indim. Indi, gel, men
seni Müsüre iberjek". 35 Hudaý olaryň: „Kim seni bize
başlyk ýa kazy edip goýdy?" diýip inkär eden bu Musa-
syny oňa çalyda görnen perişdäniň üsti bilen başlyk
we halasgär edip ýollady. 36 Musa Müsür ýurdunda,
Gyzyl deňizde we çölde kyrk ýyllap gudratlar hem ala-
matlar görkezip, olary daşary çykardy. 37 Ysraýyl ogul-
laryna: „Reb Hudaýyňyz doganlaryňyzyň arasyndan
meniň ýaly bir pygamber çykarar, oňa gulak asyň" di-
ýen Musadyr. 38 Sina dagynda özi bilen gepleşen periş-
de we atalarymyz bilen çölde toplanan ýygnakda bo-
lan, bize bermek üçin diri sözler alan hem şoldur.
39 Atalarymyz oňa boýun bolman, ony ret edip, ýürek-
lerini Müsüre tarap öwürdiler. 40 Olar Haruna: „Bize
öňümizden ýörär ýaly taňrylar ýasap ber, çünki bizi
Müsür ýurdundan çykaran Musa näme bolanyny bil-
meýäris" diýdiler. 41 Şol günlerde bir göle ýasadylar, bu
buta gurbanlyk berip, öz elleriniň işlerine guwandylar.
42 Şeýlelikde, Hudaý dönüp, olary Gök goşunyna gulluk
etmäge berdi. Ine, pygamberler kitabynda şeýle ýazyl-
gydyr: „Eý, Ysraýyl öýi! Siz kyrk ýyllap çölde maňa gur-
banlyklar, sowgatlar berdiňizmi? 43 Siz Molokuň çadyry-
ny, taňryňyz Refanyň ýyldyzyny we sežde etmek üçin
ýasan suratlaryňyzy göterdiňiz. Men sizi Babylyň aňyr-
syna göçürerin". 44 Atalarymyzyň çölde mukaddes ça-
dyry bardy. Musa muny özi bilen Gepleşeniň buýruşy
ýaly, gören suraty boýunça ýasapdy. 45 Muny atalary-
myz nobatma-nobat göterip, Ýeşuwyň ýolbaşçylygyn-
da Hudaýyň atalarymyzyň öňünden kowup çykaran
başga milletleriniň ýurduna getirdiler; ol Dawudyň
günlerine çenli şol ýerde galdy. 46 Dawut Hudaýyň
mährini gazanansoň, Ýakubyň Hudaýyna bir mesgen
salmaga rugsat diledi. 47 Muňa garamazdan, Hudaýa
öý salan Süleýman boldy. 48 Ýöne hemmelerden beýik
Bolan ynsan eli bilen salnan jaýlarda ýaşamaz. Ine, py-
gamber şeýle diýýär: 49 „Gök — Meniň tagtym, Ýer
aýaklarymyň basgançagydyr. Siz Maňa nähili öý sal-
jak?" Reb şeýle diýýär: „Ýa-da haýsy ýer Meniň dynçlyk
mekanym bolar? 50 Bularyň baryny Öz elim ýaratmady-
my?" 51 Eý boýnuýogynlar, ýürek we gulaklary sünnet-
sizler 52 Pygamberleriň haýsysyna atalaryňyz azar ber-
medi? Olar ol Adylyň geljegini öňünden yglan edenleri
öldürdiler. Siz-de, ine, Oňa hyýanat etdiňiz, Ony öldür-
diňiz, 53 eý, Mukaddes Kanuny perişdeleriň tertipleşdi-
rişi ýaly alyp-da, ony tutmadyklar!»

### Stefanusy daşlap öldürýärler

54 Olar muny eşidenlerinde, gahar-gazaba münüp,
Stefanusa dişlerini gyjadylar. 55 Mukaddes Ruh bilen
doly bolan Stefanus Göge seredip, Hudaýyň şöhratyny,
Hudaýyň sagynda duran Isany görüp: 56 «Men Gögüň
açykdygyny, Ynsan Oglunyň Hudaýyň sagynda duran-
dygyny görýärin» diýdi. 57 Şonda olar batly gygyryşyp,
gulaklaryny tutuşyp, hemmesi birden Stefanusyň üstü-
ne topuldylar. 58 Ony şäherden daşary çykaryp daşla-
dylar. Güwäler öz geýimlerini Saul atly bir ýaş ýigidiň
öňünde goýdular. 59 Olar Stefanusy daşlap durkalar, ol
Rebbi çagyryp: «Ýa Reb, Isa! Meniň ruhumy kabul et!»
diýdi. 60 Onsoň dyza çöküp, batly gygyryp: «Ýa Reb! Bu
günäni olara ýazma!» diýdi. Muny aýdandan soň bolsa
ol jan berdi.

### —NJI BAP

8 Stefanusyň öldürilmegini Saul hem unady. Şol
gün Iýerusalimdäki ýygnagy yzgytsyz yzarlamaga
başladylar. Resullardan başga hemmeler Ýahuda, Sa-
mariýa ýurtlaryna dagadylar. 2 Emma Stefanusy Hu-
daýdan gorkýan adamlar jaýlap, oňa uly ýas tutdular.
3 Munuň tersine, Saul öýden-öýe girip, ýygnaga ezet
berýärdi, erkekdir aýallary süýräp zyndana salýardy.

### Filipus Samariýada

4 Dagan imanlylar bolsa aýlanyp, Hudaýyň sözüni yg-
lan edýärdiler. 5 Filipus-da Samariýanyň bir şäherine
gelip, olara Mesihi wagyz etdi. 6 Halaýyk Filipusa gulak
asdy, onuň eden alamatlaryny eşidip, görüp, aýdanla-
ryny bir adam ýaly diňlediler. 7 Çünki murdar ruhly
adamlaryň köpüsinden ol ruhlar gaty gygyryşyp çyk-
ýardylar, ençeme ysmaz hem otura şypa tapýardy.
8 Şeýlelikde, şäherde uly şatlyk döredi.

### Simun jadygöý

9 Ozal bu şäherde jadygöýlük bilen meşgullanyp, Sa-
mariýa halkyny haýran galdyran, özüni uly adam diýip
yglan eden Simun atly bir adam bardy. 10 Oňa uly-kiçi
hemmeler üns berip: «Hudaýyň uly gudraty 11 Oňa üns
bererdiler, çünki ol öz jadygöýlügi bilen ep-esli wagt
olary haýran galdyrypdy. 12 Ýöne Hudaýyň Patyşalygy,
Isa Mesihiň ady baradaky Hoş Habary wagyz eden Fi-
lipusa ynananlarynda hem erkekler, hem aýallar ço-
kundyryldylar. 13 Simunyň özi-de iman etdi, çokundyry-
landan soň bolsa Filipusyň ýanyndan aýrylmady. Ol uly
alamatlaryň, gudratlaryň ýüze çykyşyny görüp haýran
galýardy. 14 Resullar samariýalylaryň Hudaýyň sözüni
kabul edenini Iýerusalimde eşidip, Petrus bilen Ýahýa-
ny olaryň ýanyna ýolladylar. 15 Bular hem baryp, Mu-
kaddes Ruhy alsynlar diýip, olar üçin doga etdiler.
16 Sebäbi Ruh entek olaryň hiç biriniň üstüne inmändi,
olar diňe Reb Isanyň ady bilen çokundyrylypdy. 17 Şon-
da resullar ellerini olaryň üstünde goýanlarynda, olar

hem Mukaddes Ruhy aldylar. 18 Simun resullaryň elleri-
niň goýulmagy bilen, Mukaddes Ruhuň berlenini gö-
rende, olara pul getirip, şeýle diýdi: 19 «Elimi üstünde
goýan adamym Mukaddes Ruhy alar ýaly, maňa-da bu
ygtyýary beriň». 20 Ýöne Petrus oňa şeýle diýdi: «Puluň
özüň bilen bile heläk bolsun! Çünki sen Hudaýyň syla-
gyny pul bilen satyn alaryn öýtdüň. 21 Bu işde seniň ne
paýyň, ne-de hakyň bar, sebäbi seniň ýüregiň Hudaýyň
öňünde dogry däl. 22 Indi, bu ýaman päliňden gaýt-da,
Rebbe ýalbar, belki, Ol seniň bu pikiriňi bagyşlar.
23 Men seniň ajy ötden doludygyňy we erbetlik bilen
baglydygyňy görýärin». 24 Simun oňa: «Meniň üçin
Rebbe doga ediň, aýdanlaryňyzyň hiç birine duçar bol-
maýyn!» diýdi. 25 Olar Rebbiň sözüne güwä geçip, ony
aýdanlaryndan soň, Iýerusalime tarap gaýdyp, Samari-
ýanyň ençeme obasynda Hoş Habary wagyz etdiler.

### Filipus we hebeş

26 Rebbiň bir perişdesi Filipusa: «Tur, günorta bakan
Iýerusalimden Gaza gidýän ýola rowana bol, ol çola-
dyr» diýdi. 27 Ol hem turup, ýola rowana boldy. Gidip
barýarka, Hebeşistanyň aýal patyşasy Kandakynyň we-
zirleriniň biri, onuň gaznaçysy bolan bir agta duşdy. Ol
Iýerusalime ybadat etmäge gelip, 28 indi hem yzyna
dolanyp barýardy. Ol öz arabasynyň üstünde Işaýa py-
gamberiň kitabyny okap otyrdy. 29 Ruh Filipusa: «Bar,
arabanyň ýanyndan ýöre!» diýdi. 30 Filipus ylgady-da,
onuň Işaýa pygamberiň kitabyndan okaýan sözlerini
eşidip: «Okaýan zatlaryňa düşünýärsiňmi?» diýdi. 31 Ol:
«Biri ýol görkezmese, nähili düşüneýin?» diýdi. Onsoň
araba münüp, ýanynda oturmagy Filipusdan haýyş et-
di. 32 Onuň Mukaddes Ýazgylardan okap oturan ýeri
şudy: «Goýun kimin öldürilmäge äkidildi, gyrkymçysy-
nyň öňünde sem bolan guzy ýaly agzyny açmaýar.
33 Onuň kemsidilişinde adalat inkär edildi. Kim Onuň
nesli hakynda gürrüň eder? Çünki Onuň ömür tanapy
üzülendir». 34 Wezir Filipusa ýüzlenip: «Aýtsaňyzlaň, py-
gamber muny kim hakda aýdýar? Özi hakdamy ýa-da
başga biri hakda?» diýdi. 35 Filipus şu ýazgydan söze
başlap, Isanyň Hoş Habaryny oňa wagyz etdi. 36 Olar
ýoldan barýarkalar, bir suwa geldiler. Wezir: «Ynha
suw, meniň çokundyrylmagyma näme päsgel berýär?»
diýdi. 37 Filipus oňa: «Bütin ýüregiň bilen iman edýän
bolsaň, muňa rugsatdyr» diýdi. Ol: «Isa Mesihiň Huda-
ýyň Ogludygyna iman edýärin» diýdi. 38 Onsoň araba-
ny saklatdy. Filipus bilen wezir bilelikde suwa girdiler;
Filipus ony çokundyrdy. 39 Olar suwdan çykanlarynda,
weziriň üstüne Mukaddes Ruh indi, Rebbiň bir perişde-
si bolsa Filipusy göterip äkitdi 40 Filipus Azotosda peý-
da boldy. Ol Kaýsariýa çenli aýlanyp, ähli şäherlerde
Hoş Habary wagyz etdi.

### Isa Saula görünýär

9 Saul Rebbiň şägirtlerine heniz hem ölüm howpu-
ny salyp, baş ruhanynyň ýanyna bardy. 2 Bu ýola
uýanlary tapsa, erkek diýmän, aýal diýmän, tutup
Iýerusalime getirer ýaly, özüne ondan Şamdaky sina-
gogalar üçin hatlar diledi. 3 Ol Şama ýetip barýarka,
birdenkä Gökden bir nur onuň daş-töweregini ýagtylt-
dy. 4 Saul ýere ýykyldy. Şonda oňun gulagyna: «Saul!
Saul! Näme üçin Maňa azar berýärsiň?» diýen ses gel-
di. 5 Ol: «Ýa Reb, Sen kim?» diýip sorady. Reb: «Men se-
niň azar berýän Isaň. Çişe depmek saňa kyndyr» diýdi.
6 Saul titräp, aljyrap: «Ýa Reb, meniň näme etmegimi
isleýärsiň?» diýdi. Reb oňa: «Tur-da, şähere git, näme
etmelidigiň saňa aýdylar» diýdi. 7 Onuň bilen bile bar-
ýan adamlar ol ýerde doňup durdylar, çünki sesi eşit-
seler-de, hiç kimi görmeýärdiler. 8 Saul ýerden turdy,
ýöne gözüni açanda hiç kimi 9 Ol üç günläp görüp bil-
medi, iýmedi we içmedi. 10 Şamda Hananýa atly bir şä-
girt bardy. Reb onuň gözüne görnüp: «Eý Hananýa!»
diýdi. Ol hem: «Lepbeý, Ýa Reb!» diýip jogap berdi.
11 Reb oňa şeýle diýdi: «Tur, Dogry diýen köçä bar-da,
Iudanyň öýünden tarsusly Saul atly adamy sora; ine, ol
doga edýär. 12 Ol bir görnüşde Hananýa atly bir ada-
myň içeri girip, gözi gaýtadan görer ýaly, elini öz üs-
tünde goýanyny gördi». 13 Hananýa şeýle jogap berdi:
«Ýa Reb! Men bu adam barada, onuň Iýerusalimde Se-
niň mukaddesleriňe näçe ýamanlyk edenini köp kişi-
lerden eşitdim. 14 Seniň adyňy agzanlaryň baryny tutup
daňmaga onuň bu ýerde-de baş ruhanylardan ygtyýa-
ry bar». 15 Reb oňa şeýle diýdi: «Bar, çünki bu adam
milletleriň, patyşalaryň we Ysraýyl ogullarynyň öňünde
Meniň adymy götermek üçin saýlanan guraldyr.
16 Çünki Meniň adym ugrunda bu adamyň näçe görgi
görmelidigini Men oňa görkezmekçi». 17 Şeýlelikde, Ha-
nanýa baryp, ýaňky öýe girdi, ellerini Saulyň üstünde
goýup, şeýle diýdi: «Saul dogan! Gelýän ýoluňda saňa
görnen Reb Isa seniň gözüň açylyp, Mukaddes Ruhdan
dolmagyň üçin, meni iberdi». 18 Şol bada-da gözünden
barda aýrylan ýaly bolup, Sauluň gözi açyldy. Ol ýokary
turup çokundyryldy. 19 Nahar iýip, gaýtadan kuwwata
geldi.

### Saul Şamda hem Iýerusalimde

Ol bir näçe günläp Şamda şägirtleriň ýanynda galyp,
20 derrew hem Isanyň Hudaýyň Ogludygy barada sina-
gogalarda wagyz etmäge başlady. 21 Muny eşidenleriň
bary geňirgenişip: «Iýerusalimde şu Ady tutanlary ýere
ýegsan eden bu dälmidi? Ol bu ýere olary tutup, baş
ruhanylaryň ýanyna äkitmäge gelmänmidi näme?» di-
ýişýärdiler. 22 Saul bolsa barha güýçlenýärdi. Ol: «Bu
Mesihdir» diýip subut etmek bilen, Şamda oturan
ýehudylaryň başyny çaşyrdy.

23 Ençeme gün geçenden soň, ýehudylar ony öldür-
megiň maslahatyny etdiler. 24 Ýöne olaryň dildüwşügi
Saula belli boldy. Olar ony öldürmek niýeti bilen gije-
gündiz derwezeleri hem saklaýardylar. 25 Şägirtler bol-
sa gijäniň birwagty ony sebediň içine salyp, şäheriň di-
waryndan sallap düşürdiler. 26 Saul Iýerusalime gelip,

şägirtlere goşulmaga synanyşdy, ýöne hemmeler on-
dan gorkýardylar, çünki onuň şägirtdigine ynam etme-
ýärdiler. 27 Onsoň Barnabas Sauly alyp, resullaryň ýa-
nyna getirdi, olara ýolda onuň nähililik bilen Rebbi gö-
rendigini, Rebbiň onuň bilen gepleşendigini hem-de
onuň Şamda Isanyň ady bilen gaýratly gepländigini
gürrüň berdi.
28 Saul Iýerusalimde Rebbiň ady bilen gaýratly gep-
läp, olar bilen bilelikde girip-çykýardy. 29 Ol grekçe gep-
leşýän ýehudylar bilen gürleşip çekişýärdi; ýöne olar
Sauly öldürmegiň kastyna düşdüler. 30 Doganlar mun-
dan habarly bolanlarynda, ony Kaýsariýa getirip, Tar-
susa tarap ýola saldylar. 31 Şeýlelikde, ýygnaklar bütin
Ýahudada, Jelilede we Samariýada parahat ýaşaýardy,
abatlanyp, Reb gorkusynda gezip, Mukaddes Ruhuň
göwünlik bermegi bilen köpelýärdi.

### Eneas bilen Tabita

32 Petrus hemme ýere aýlanyp ýörşüne Liddada otu-
ran imanlylaryň ýanyna geldi. 33 Petrus ol ýerde sekiz
ýyl bäri düşekde ysmaz bolup ýatan Eneas atly bir ada-
my görüp: 34 «Eneas, Isa Mesih saňa şypa berýär. Ýoka-
ryk tur-da, ýorgan-düşegiňi düzet!» diýdi. Ol hem şo-
bada ýokary turdy. 35 Lidda we Şaronda oturanlaryň
bary ony görüp, Rebbe tarap öwrüldiler. 36 Ýafada Tabi-
ta atly (grekçe terjimesi Dorkas) bir zenan şägirt bardy.
Munuň eden ýagşy işleri, beren sadakalary gaty köpdi.
37 Şol günlerde ol syrkawlap öldi, ony ýuwup, balaha-
nada goýdular. 38 Lidda Ýafa ýakyn bolansoň, şägirtler
Petrusyň şol ýerdedigini eşidenlerinde, oňa iki adamy
ýollap: «Gijikdirmän, biziň ýanymyza gel!» diýip haýyş
etdiler. 39 Petrus turup, olar bilen gitdi. Gelende, ony
balahana eltdiler. Ähli dul hatynlar Petrusyň ýanyna
ýygnandylar we aglaşyp, Dorkasyň heniz olaryň ýanyn-
daka tiken ähli köýnekdir lybaslaryny oňa görkezdiler.
40 Petrus hemmeleri daşary çykardy-da, dyza çöküp
doga etdi we jesede ýüzlenip şeýle diýdi: «Tabita, tur!»
Aýal gözüni açyp, Petrusy görende, galyp oturdy.
41 Petrus elini berip, ony turuzdy. Onsoň mukaddesleri
we dul hatynlary çagyryp, ony olara diri tabşyrdy. 42 Bu
habar bütin Ýafa ýaýrap, köp adamlar Rebbe iman et-
diler. 43 Petrus Ýafada Simun atly bir eýleýjiniňkide en-
çeme günläp galdy.

### Iman eden ýüzbaşy

10 Kaýsariýada italiýaly diýen goşun bölüminiň
ýüzbaşysy bolan Kornelius atly bir adam bardy.
2 Ol tutuş öý-içersi bilen birlikde Hudaýdan gorkýan,
takwa adamdy, ýehudy halkyna köp sadakalar berip,
Hudaýa mydama doga ederdi. 3 Kornelius öýlän sagat
üçlerde Hudaýyň bir perişdesiniň: «Eý Kornelius!» di-
ýip, ýanyna içerik girenini bir görnüşde aýdyň gördi.
4 Kornelius gorky içinde oňa gözlerini dikip: «Ýa Reb,
näme?» diýdi. Perişde oňa jogap berdi: «Seniň okan
dogalaryňy, beren sadakalaryňy Hudaý ýatlap kabul
etdi. 5 Indi Ýafa birnäçe adam ýolla-da, lakamy Petrus
bolan Simuny getirt. 6 Bu adam Simun atly bir eýleýji-
niňkide myhmandyr, onuň öýi bolsa deňziň ýakasyn-
dadyr. Petrus seni we içeriňi gutarjak sözler aýdar».
7 Özi bilen gepleşen perişde gidenden soň, Kornelius
hyzmatçylaryndan ikisini we hemişe öz töwereginde
bolýanlardan bir takwa esgeri çagyrdy. 8 Ähli zady aý-
dyp, olary Ýafa ýollady.

### Petrusa görnen görnüş

9 Şol günüň ertesi olar ýoldakalar, şähere golaýlanla-
rynda, günortan ýakyn Petrus doga etmek üçin üçege
çykdy. 10 Ol ajykdy we naharlanmak isledi. Nahar taý-
ýarlanyp ýörkä, özüni ýitirme ýagdaýyna geldi. 11 Ol
Gögüň açylyp, dört burçundan baglanan saçak ýaly bir
uly zadyň Ýere sallanyp, öz üstüne inip gelýänini gördi
12 Onuň içinde bolsa Ýeriň ähli dört aýaklylaryndan,
wagşy haýwanlaryndan, süýrenijilerinden 13 Bir ses
oňa gygyryp: «Petrus tur, damaklaryny çal-da, iý!» diý-
di. 14 Petrus: «Ýok, ýa Reb, men asla hapa, haram zat
iýen däldirin» diýdi. 15 Ses ýene ikinji gezek oňa: «Hu-
daýyň tämiz eden zatlaryna hapa diýme» diýdi. 16 Bu
üç gezek gaýtalanyp, saçak tiz Göge alyndy. 17 Petrus
bu gören görnüşiniň nämedigi hakynda oýlanyp dur-
ka, ine, Korneliusyň ýollan adamlary Simunyň öýüni
sorap, gapa gelip durdular. 18 Olar gygyryp: «Petrus la-
kamly Simun şu ýere myhmanmydyr?» diýip soradylar.
19 Petrus bu görnüş barada oýlanyp durka, Ruh oňa
şeýle diýdi: «Ine, üç adam seni gözläp ýör. 20 Tur, aşak
düş, ikirjiňlenme-de, olar bilen git, çünki olary Men ýol-
ladym». 21 Adamlaryň ýanyna gelen Petrus: «Ine, gözle-
ýän adamyňyz men. Näme üçin geldiňiz?» diýdi. 22 Olar
şeýle diýdiler: «Ýüzbaşy Kornelius dogry, Hudaýdan
gorkýan adam, ýehudy halkynyň ýanynda at-abraýy
bar. Ol bir mukaddes perişdeden seni öýüne getirmek
hem-de seniň aýtjak sözleriňi diňlemek barada buýruk
alypdyr». 23 Petrus olary içerik çagyryp, myhman aldy.

### Petrus Korneleusyň öýünde

Şol günüň ertesi Petrus turup, olar bilen ýola düşdi.
Ýafaly doganlaryň-da käbiri onuň bilen bile gitdi. 24 Er-
tesi gün olar Kaýsariýa bardylar. Kornelius hem dogan-
garyndaşlaryny, ýakyn dostlaryny bir ýere çagyryp,
olara garaşyp otyrdy. 25 Petrus içerik girende, Korne-
lius ony garşylap, aýagyna ýykyldy, oňa sežde etdi.
26 Emma Petrus ony galdyryp: «Tur! Men hem adam»
diýdi. 27 Onsoň onuň bilen gürrüňleşip, içerik girende,
köp adamlaryň ýygnanandygyny gördi. 28 Olara şeýle
diýdi: «Bir ýehudy üçin başga milletden bolan biri bilen
gatnaşmagyň ýa onuň ýanyna gitmegiň nähili ýerlik-
sizdigini özüňiz bilýänsiňiz, ýöne Hudaý maňa hiç bir
adama hapa ýa haram diýmeli däldigimi görkezdi.
29 Şonuň üçin hem, çagyrylanymda, gürrüňsiz geldim.
Indi bolsa soraýaryn: näme sebäpden meni çagyrdy-
ňyz?» 30 Kornelius şeýle jogap berdi: «Üç gün mundan

ozal şu wagtlarda agzym orazady. Öýlän sagat üçlerde
öýümde doga edip otyrdym. Ine, bir parlak egin-eşikli
adam garşymda durup, maňa şeýle diýdi: 31 „Kornelius,
seniň dogaň eşidildi, sadakalaryňy Hudaý ýatlady.
32 Ýafa adam ýolla-da, Petrus lakamly Simuny çagyr. Ol
deňiz ýakasyndaky Simun eýleýjiniň öýüne myhman-
dyr. Ol gelip, saňa bir söz aýdar". 33 Men derrew saňa
adam ýolladym, sen-de gelip ýagşy etdiň. Ine, hemmä-
miz Hudaý tarapyndan saňa tabşyrylan ähli zady eşit-
mek üçin, Onuň huzurynda häzir bolup otyrys». 34 Şon-
da Petrus söze başlap şeýle diýdi: «Men, dogrudan-da,
Hudaýyň hiç kimi ala tutman, 35 eýsem, her milletde
kim Ondan gorksa, dogrulyk etse, şony kabul edýändi-
gine göz ýetirdim. 36 Onuň barçanyň Rebbi bolan Isa
Mesih arkaly parahatlyk yglan edip, Ysraýyl ogullaryna
ýollan sözi şudur: 37 Ýahýanyň wagyz eden çokundyr-
masyndan soň, Jelileden başlap, bütin Ýahudada ýüze
çykanlary, 38 Hudaýyň Mukaddes Ruh we gudrat berip,
Nasyraly Isany wezipä bellänini, Onuň hem aýlanyp,
ýagşylyk edip, iblisiň golastynda ezilenleriň baryna şy-
pa berenini siz bilýänsiňiz, çünki Hudaý Onuň bilendi.
39 Biz Onuň Ýahudada, Iýerusalimde edenleriniň bary-
na şaýatdyrys. Ony agaçdan asyp öldürdiler. 40 Hudaý
üçünji gün Isany direldip, 41 bütin halka däl-de, diňe
Hudaýyň öňden saýlan şaýatlaryna, ýagny ölümden di-
releninden soň, Onuň bilen bile iýip-içenler bolan bize
açykdan-açyk görkezdi. 42 Ol Özüniň dirileriň hem ölü-
leriň Hudaý tarapyndan bellenen Kazysydygyny halka
wagyz edip, güwä geçmegimizi bize tabşyrdy. 43 Isa
iman eden her kesiň Onuň ady bilen günäsiniň ötülje-
gine ähli pygamberler güwä geçýär». 44 Petrus bu söz-
leri aýdyp durka, sözi eşidenleriň barynyň üstüne Mu-
kaddes Ruh indi. 45 Petrus bilen gelen sünnetli imanly-
lar Mukaddes Ruh sylagynyň başga milletleriň üstüne-
de dökülenine geňirgendiler, 46 çünki olaryň başga dil-
lerde gepläp, Hudaýy öwgi bilen beýgeldişini eşitdiler.
Şonda Petrus: 47 «Biziň ýaly Mukaddes Ruhy alan bu
adamlaryň suw bilen çokundyrylmagyny kim gadagan
edip biler?» diýdi. 48 Onsoň Petrus olary Isa Mesihiň
ady bilen çokundyrmagy buýurdy. Soňra olar Petrus-
dan birnäçe günläp galmagy haýyş etdiler.

## —NJI BAP

### Petrusyň düşündirişleri

11 Ýahudada bolýan resullar, doganlar başga mil-
letleriň-de Hudaýyň sözüni kabul edenini eşitdi-
ler. 2 Petrus Iýerusalime gelende, sünnetliler onuň bi-
len dawalaşyp: 3 «Sen sünnetsiz adamlaryň ýanyna ba-
rypsyň, olar bilen nahar iýipsiň» diýdiler. 4 Petrus hem
söze başlap, bolan wakany olara birin-birin aýdyp ber-
di: 5 «Ýafa şäherinde doga edip otyrkam, özümi ýitiren
ýagdaýymda bir görnüş gördüm. Uly saçaga meňzeş
bir zat dört burçundan Gökden Ýere sallanyp, meniň
ýanyma çenli inip geldi. 6 Onuň içine bakyp synlanym-
da, Ýeriň dört aýakly haýwanlaryny, ýabany hem süý-
reniji haýwanlaryny, Gögüň guşlaryny gördüm. 7 On-
soň bir ses eşitdim, ol maňa: „Petrus, tur, damaklaryny
çal-da, iý!" diýdi. 8 Men: „Ýok, ýa Reb! Hapa, haram zat
meniň agzyma asla giren däldir" diýdim. 9 Emma ses
Gökden ikinji gezek maňa: „Hudaýyň tämiz eden zatla-
ryna hapa diýme!" diýdi. 10 Bu üç gezek gaýtalanyp,
hemmesi ýene ýokaryk Göge çekildi. 11 Ine, şol pursat-
da üç adam meniň bolýan öýümiň öňüne gelip durdu-
lar. Olar meniň ýanyma Kaýsariýadan ýollanan eken.
12 Onsoň Ruh maňa hiç ikirjiňlenmän, olar bilen bile ro-
wana bolmalydygymy aýtdy. Bu alty dogan hem meniň
bilen bile gitdi, biz ol adamyň öýüne bardyk. 13 Ol hem
bize perişdäni görendigini, onuň öýünde durup: „Ýafa
adam ýolla-da, Petrus lakamly Simuny getirt. 14 Ol saňa
birnäçe söz aýdar. Şol sözler arkaly sen tutuş içeriň bi-
len gutularsyň" diýenini aýtdy. 15 Men söze başlanym-
da, ozal biziň üstümize inişi ýaly, olaryň üstüne hem
Mukaddes Ruh indi. 16 Şonda Rebbiň: „Ýahýa suw bilen
çokundyrypdy, ýöne siz Mukaddes Ruh bilen çokundy-
rylarsyňyz" diýip aýdan sözi ýadyma düşdi. 17 Şeýlelik-
de, Reb Isa Mesihe iman edenlerinden soň, Hudaý bize
berşi ýaly, olara-da şol sylagy beren bolsa, Hudaýa gar-
şy durup biler ýaly, men kim bolupdyryn?» 18 Olar mu-
ny eşidenlerinde köşeşdiler, Hudaýy şöhratlandyryp:
«Onda, Hudaý ýaşaýyş getirýän tobany özge milletle-
re-de beripdir» diýişdiler.

### Antakiýadaky imanlylar

19 Stefanus bilen baglanyşykly bolan yzarlamalar ne-
tijesinde dargadylanlar Finikiýa, Kipr we Antakiýa çenli
aýlandylar. Olar sözi ýehudylardan başga hiç kime wa-
gyz etmeýärdiler. 20 Olaryň arasynda birnäçe kiprli we
kireneli adamlar bardy. Olar Antakiýa gelenlerinde,
Reb Isanyň Hoş Habaryny wagyz edip, greklere-de aýt-
dylar.
21 Rebbiň eli olar bilendi. Şeýlelikde, köp adamlar
iman getirip, Rebbe tarap öwrüldiler. 22 Bu hakdaky ha-
barlar Iýerusalimdäki ýygnanyşyga gelip ýetdi. Olar
Barnabasy Antakiýa ýolladylar. 23 Ol gelende, Hudaýyň
merhemetini görüp şat boldy, gaýduwsyz ýürek bilen
Rebbe ýapyşar ýaly, hemmelere öwüt-nesihat etdi.
24 Çünki ol oňat adamdy, Mukaddes Ruhdan, imandan
doludy. Şeýlelikde, köp adamlar Rebbe goşuldylar.
25 Onsoň Barnabas Sauly idäp, Tarsusa gitdi. 26 Ony ta-
pyp, Antakiýa getirdi. Olar bütin bir ýyllap ýygnakda
toplanyp, köp adamlara sapak berdiler. Şägirtleriň me-
sihi adyny almagy ilki bilen Antakiýada ýüze çykdy.
27 Şol günlerde Antakiýa Iýerusalimden birnäçe py-
gamber geldi. 28 Bulardan Agabus atly biri galyp, bütin
dünýäniň başyna uly açlyk gelmelidigini Ruh arkaly ha-
bar berdi. (Bu kaýsar Klaudiusyň zamanynda boldy.)
29 Şonda Ýahudada ýaşaýan doganlara goldaw üçin,
şägirtleriň her biri gurbunyň çatdygyndan olara pul
ýollamagy karar etdiler. 30 Puly Barnabas we Sauluň eli

bilen ýygnak ýolbaşçylaryna ibermek bilen, bu karary
ýerine ýetirdiler.

## —NJI BAP

### Petrusyň zyndandan gaçyşy

12 Şol wagtlar Hirodes patyşa ýygnaga degişli bo-
lanlaryň käbirini sütem etmek maksady bilen
tutdy. 2 Ýahýanyň dogany Ýakuby gylyç bilen öldürtdi.
3 Ol munuň ýehudylaryň göwnüne ýaranyny görüp,
soňra Petrusy-da tutdy. Petir baýramy günleridi. 4 Hiro-
des Petrusy ele salyp, Pesahdan soň halk öňüne çykar-
mak niýeti bilen zyndana saldy-da, her biri dört esger-
den ybarat bolan dört topary oňa garawul goýmagy
tabşyrdy. 5 Şeýlelikde, Petrus zyndanda saklanýardy,
ýöne ýygnak onuň üçin Hudaýa jan çekip doga edýär-
di. 6 Hirodesiň ony orta çykarjak gününiň öň ýanynda-
ky gije Petrus iki esgeriň arasynda goşa zynjyr bilen
bagly ýatyrdy, garawullar-da gapynyň agzynda zynda-
na garawulçylyk edýärdiler. 7 Birdenkä Rebbiň bir pe-
rişdesi görnüp, türmede nur ýalpyldady. Perişde Pet-
rusyň böwrüne dürtüp, ony oýardy-da: «Tiz tur!» diýdi.
Şobada-da Petrusyň zynjyrlary elinden ýere gaçdy.
8 Perişde oňa: «Guşagyňy guşan-da, çaryklaryňy bag-
la!» diýdi. Ol şeýle hem etdi. Perişde oňa: «Geýimiňi
geý-de, meniň yzyma düş!» diýdi. 9 Petrus daşary çy-
kyp, onuň yzyna düşdi. Ol perişde arkaly bolanlaryň
çynlygyny bilmän, gözüne görünýändir öýdýärdi.
10 Olar birinji, ikinji garawullardan geçip, şähere çykýan
demir derwezä geldiler. Derweze olara öz-özünden
açyldy. Olar daşary çykyp, bir köçäni ilerligine geçdiler
welin, perişde birdenkä gaýyp boldy. 11 Ine, şonda Pet-
rus aýňalyp: «Rebbiň perişdesini ýollap, Hirodesiň elin-
den, ýehudy halkynyň garaşan ähli zatlaryndan meni
halas edendigine, hakykatdan hem, indi göz ýetirýä-
rin» diýdi. 12 Muny aňlanyndan soň, ol Markus lakamly
Ýahýanyň ejesi Meremiň öýüne gitdi. Ol ýerde köp
adam üýşüp, doga edip otyrdy. 13 Petrus howlynyň ga-
pysyny kakanda, gapyny Roda atly bir keniz açmaga
geldi. 14 Ol Petrusyň sesini saýgaranda, begenjinden
ýaňa gapyny açman, içerik ylgap, Petrusyň howlynyň
gapysynda duranyny habar berdi. 15 Öýdäkiler oňa:
«Sen akylyňdan azaşypsyň» diýdiler. Ýöne ol öz gepini
berk nygtanynda olar: «Ol Onuň perişdesidir» diýdiler.
16 Emma Petrus birsyhly gapyny kakyp durdy. Gapyny
açanlarynda, ony görüp haýran galdylar. 17 Seslerini çy-
karmazlyklary üçin, Petrus olara eli bilen yşarat etdi.
Onsoň Rebbiň özüni zyndandan çykaranyny olara gür-
rüň berip: «Muny Ýakuba hem doganlara habar beriň»
diýdi-de, başga ýere çykyp gitdi.
18 Gün doganda, Petrusa näme bolduka diýip, esger-
leriň arasyna uly galmagal düşdi. 19 Hirodes Petrusy
agtardy. Ol ony tapmansoň bolsa garawullary soraga
çekip, olary öldürmegi buýurdy.

### Hirodes patyşanyň ölümi

Şondan soň Hirodes Ýahudadan Kaýsariýa gidip, şol
ýerde galdy. 20 Hirodes Sire we sidonlylara garşy dişini
gyjaýardy. Olar hem birleşip, Hirodesiň ýanyna geldi-
ler-de, patyşanyň ýatak jaýynyň başlygy Wlastosy öz
taraplaryna çekip, ýaraşyk dilediler; çünki olaryň ýurdy
patyşanyň ýurdundan azyk alýardy. 21 Ine, bellenen
günde Hirodes patyşalyk lybasyny geýip, kürsüde otur-
dy-da, halka söz sözledi. 22 Halk hem: «Bu bir taňry se-
si, ynsan sesi däl!» diýip gygyryşýardy. 23 Şol bada Reb-
biň bir perişdesi Hirodesi urdy, çünki ol Hudaýy şöhrat-
landyrmandy. Şeýlelikde, ol endam-jany gurtlap öldi.
24 Hudaýyň sözi bolsa pajarlap ösýärdi. 25 Barnabas bi-
len Saul hem ýumşy bitirip, yzlaryna gaýtdylar. Olar
Markus lakamly Ýahýany-da ýanlaryna alyp, Iýerusa-
limden yzlaryna öwrüldiler.

## —NJI BAP

### Barnabas bilen Saul wezipä bellenýär

13 Antakiýadaky ýygnakda birnäçe pygamber we
mugallym bardy: Barnabas, Niger diýen Simun,
kireneli Lukius, ýurduň dörtden birine höküm sürýän
bilen bile ulalan Manean we Saul. 2 Bular Rebbe yba-
dat edip, oraza tutup ýörkäler, Mukaddes Ruh: «Meniň
çagyran işim üçin, Barnabas bilen Sauly Maňa aýryp
goýuň!» diýdi. 3 Şonda oraza tutup, doga etdiler-de, el-
lerini olaryň üstüne goýup, Barnabas bilen Sauly ýola
saldylar.

### Kiprde

4 Şeýlelikde, Mukaddes Ruh tarapyndan ýollanan
Barnabas bilen Saul Selukiýa geldiler. Ol ýerden hem
gämili Kipre geçdiler. 5 Onsoň Salamise gelip, ýehudy-
laryň sinagogalarynda Hudaýyň sözüni wagyz etdiler.
Ýahýa hem olara ýardam edýärdi. 6 Olar bütin adany
aýlanyp, Pafosa geldiler. Ol ýerde Bareşu atly bir ja-
dygöý hem ýalan ýehudy pygambere sataşdylar. 7 Ba-
reşu paýhasly adam bolan häkim Serjius Pawlusyň ýa-
nynda bolardy. Häkim Barnabas bilen Sauly çagyryp,
olardan Hudaýyň sözüni eşitmek isledi. 8 Emma Elimas
jadygöý (onuň ady şeýle terjime edilýär) olara garşy çy-
kyp, häkimi imandan dändirjek boldy. 9 Şeýlelikde,
Saul, ýagny Pawlus Mukaddes Ruhdan dolup, oňa se-
retdi we şeýle diýdi: 10 «Eý, ähli kezzaplykdan we ähli
galplykdan doly adam, iblis ogly, ähli dogrulygyň duş-
many! Sen Rebbiň dogry ýollaryny egreltmegi bes et-
jek dälmi? 11 Indi, ine, Rebbiň eli üstüňe gelýär, sen kör
bolarsyň, belli bir wagta çenli güneşi görmersiň». Şo-
bada-da onuň üstüne tümlük, garaňkylyk indi. Ol özüni
itdirjek bolup, töweregini sermeläp, adam agtaryp
başlady. 12 Häkim ýüze çykan wakany görüp iman etdi,
çünki ol Rebbiň taglymatyna haýran galypdy.

### Pisidýa Antakiýasynda

13 Pawlus we onuň ýoldaşlary Pafosdan gämä mü-
nüp, Pamfiliýa Pergasyna geldiler. Şol ýerde Ýahýa
olardan aýrylyp, Iýerusalime gaýtdy. 14 Olar bolsa Per-
gadan ýollaryny dowam etdirip, Pisidýa Antakiýasyna
geçdiler. Sabat güni sinagoga baryp oturdylar. 15 Mu-
kaddes Kanundan we pygamberler ýazgysyndan oka-
landan soň, sinagoga başlyklary olara adam ýollap:
«Doganlar, halka öwüt-ündewli sözüňiz bar bolsa aý-
dyň» diýdiler. 16 Şeýlelikde, Pawlus turup, eli bilen yşa-
rat edip, şeýle diýdi: «Eý, ysraýylly adamlar, Hudaýdan
gorkýanlar, diňläň! 17 Bu Ysraýyl halkynyň Hudaýy biziň
atalarymyzy saýlady, halky Müsür ýurdunda oturan
mahaly beýgeldip, güýçli gol bilen ol ýerden çykardy.
18 Olary kyrk ýyl çemesi çölde ekledi. 19 Kengan ýurdun-
da ýedi milleti heläkläp, ýurtlaryny olara miras berdi.
20 Onsoň olara dört ýüz elli ýyl çemesi — Samuýel py-
gambere çenli kazylar berdi. 21 Ine, şondan başlap, olar
bir patyşa talap etdiler. Hudaý olara kyrk ýyllap benýa-
myn taýpasyndan bir adamy, ýagny Kişiň ogly Sauly
berdi. 22 Ony tagtdan düşürenden soň bolsa, olara Da-
wudy patyşa etdi. Ol hakda güwä hem geçip: „Göwnü-
me jaý bir adamy, Ýessäniň ogly Dawudy tapdym. Ol
Meniň ähli islegimi berjaý eder" diýdi. 23 Şeýlelikde, Hu-
daý Öz wadasyna görä, onuň neslinden Ysraýyl üçin
Isany halasgär edip çykardy. 24 Ol gelmezden öň bolsa
Ýahýa bütin Ysraýyl halkyna toba etmegi wagyz edip,
olary çokundyrylmaga çagyrdy. 25 Ýahýa işini bitirmäge
golaýlan wagty şeýle diýdi: „Meni kimdir öýdýärsiňiz?
Men — Ol däl. Ine, meniň yzymdan Biri geler, men
Onuň çarygynyň bagyny çözmäge-de mynasyp däldi-
rin". 26 Doganlar, eý, Ybraýym nesliniň ogullary we ara-
ňyzdaky Hudaýdan gorkýanlar! Bu gutulyş sözi size
27 Çünki Iýerusalim ilaty we olaryň başlyklary Ony tana-
madylar. Ony höküm etmek bilen, her sabat güni okal-
ýan pygamberler sözlerini berjaý etdiler. 28 Ölüm jeza-
syna hiç bir sebäp tapmasalar-da, Pilatusdan Onuň öl-
dürilmegini haýyş etdiler. 29 Ol hakda ýazylanlaryň ba-
ryny bitirenlerinden soň bolsa Ony agaçdan aşak dü-
şürip, bir mazarda goýdular. 30 Emma Hudaý Ony di-
reltdi. 31 Ol Özi bilen Jelileden Iýerusalime gelenlere
köp günleriň dowamynda göründi. Şindi bu adamlar
halkyň öňünde Onuň güwäleridir. 32 Biz atalara berlen
wadanyň hoş habaryny size wagyz edýäris. 33 Hudaý
Isany direltmek bilen, olaryň oglanlary bolan biziň üçin
şol wadany ýerine ýetirdi. Ikinji mezmurda hem şeýle
ýazylypdyr: „Sen Meniň Oglumsyň, Men bu gün Seni
öndürdim". 34 Asla çüýretmezlik üçin, Ony ölümden di-
reldişi hakda hem şeýle diýdi: „Men size Dawuda wada
eden mukaddes hem ygtybarly bereketlerimi bererin".
35 Munuň üçin başga bir ýerde-de: „Sen Öz Mukaddesi-
ňiň çüýremegine razy bolmarsyň" diýýär. 36 Çünki Da-
wut Hudaýyň islegi boýunça öz nesline gulluk edenden
soň öldi. Ol atalarynyň ýanynda jaýlandy; onuň bedeni
çüýredi. 37 Ýöne Hudaýyň Direldeni çüýremedi. 38 Biliň,
eý doganlar, günäleriň bagyşlanmagy bu Adam arkaly
size wagyz edilýär. 39 Musanyň kanunynda aklanyp bil-
medik bütin zatlaryňyzda iman eden her kes bu Adam
arkaly aklanar. 40 Indi sak boluň, pygamberler kitabyn-
da aýdylanlar başyňyza geläýmesin: 41 „Serediň, eý
masgaralaýjylar, haýran galyň, heläk boluň; çünki Men
siziň günleriňizde şeýle bir iş ederin welin, ony size biri
beýan etse, asla ynanmarsyňyz"». 42 Olar ýehudylaryň
sinagogasyndan çykyp barýarkalar, ýehudy däller bu
sözleriň geljek sabat güni-de özlerine wagyz edilmegi-
ni olardan haýyş etdiler. 43 Sinagogadaky halaýyk da-
ganynda, ýehudylaryň we ýehudy dinine geçip, Huda-
ýa ybadat edýänleriň köpüsi Pawlus bilen Barnabasyň
yzyna düşdüler. Bular hem gürrüň berip, Hudaýyň
merhemetinde erjellik etmekleri üçin, olara nesihat et-
diler. 44 Soňky sabat güni bolsa Hudaýyň sözüni diňle-
mek üçin, bütin şäher diýen ýaly ýygnandy. 45 Ýehudy-
lar halaýygy görenlerinde göripçilikden dolup, Pawlu-
syň aýdan zatlaryna garşy çykyp, dil ýetirdiler. 46 Paw-
lus bilen Barnabas hem gaýratlylyk bilen şeýle diýdiler:
«Hudaýyň sözi ilki size wagyz edilmelidi. Ýöne siz ony
ret etdiňiz, özüňizi ebedi ýaşaýşa mynasyp görmedi-
ňiz. Şonuň üçin, ine, biz özge milletlere tarap ýüzlenýä-
ris. 47 Çünki Reb bize şeýle tabşyrdy: „Ýeriň ujuna çenli
gutulyş daşamagyň üçin, Men Seni milletlere nur et-
dim"». 48 Milletler muny eşidenlerinde şatlanyp, Rebbiň
sözüni şöhratlandyrdylar. Şeýlelikde, ebedi ýaşaýyş
üçin bellenenleriň bary iman etdi.
49 Rebbiň sözi ýurduň hemme ýerine ýaýraýardy.
50 Ýehudylar dindar, sylanýan aýallary we şäheriň ab-
raýly adamlaryny öjükdirdiler. Şeýlelikde, Pawlus bilen
Barnabasy kowalap, serhetlerinden çykardylar. 51 Paw-
lus bilen Barnabas aýaklarynyň tozuny olara garşy ka-
kyp, Konýa gitdiler. 52 Şägirtler bolsa şatlyk we Mukad-
des Ruh bilen doludylar.

### —NJI BAP

### Konýada

14 Konýada bilelikde ýehudylaryň sinagogasyna
bardylar; olaryň gürrüň berişi hem ýehudylar-
dan, hem greklerden uly toparyň iman getirmegine se-
bäp boldy. 2 Ýöne iman etmedik ýehudylar özge millet-
leri küşgürip, olaryň aňyny doganlara garşy garalady-
lar. 3 Esli wagt ol ýerde bolan Pawlus bilen Barnabas
Reb üçin gaýratly wagyz edýärdiler. Reb hem olaryň el-
leri bilen alamatlar, gudratlar görkezip, Öz merhemeti
baradaky söz üçin güwä geçýärdi. 4 Şäher halky iki bö-
lünip, bir bölegi ýehudylaryň, bir bölegi-de resullaryň
tarapyna geçdi. 5 Ýöne milletler hem-de ýehudylar we
olaryň başlyklary tarapyndan resullary ryswa etmek,
daşlamak üçin bir hüjüm ýüze çykanda, 6 mundan ha-
barly bolan resullar Likaoniýanyň şäherleri bolan Lis-
tra, Derbä we şol etraplara gaçyp baryp, 7 ol ýerlerde-
de Hoş Habary wagyz etdiler.

### Listrada hem Derbede

8 Listrada aýaklary ysgynsyz bir adam ýaşaýardy, ol
eneden dogma otura bolup, hiç wagt ýöremändi. 9 Bu
adam Pawlusyň gürrüňini diňledi; Pawlus hem oňa
göz dikdi, onuň sagaljagyna imanynyň bardygyny gö-
rüp, 10 gaty ses bilen: «Aýagyň üstünde dik dur!» diýdi.
Ol hem ýokary towsup, ýöräp başlady. 11 Halaýyk Paw-
lusyň eden işini görende seslerini gataldyp, likaoniýa
dilinde: «Taňrylar ynsan keşbine girip, biziň ýanymyza
inipdir!» diýişdiler. 12 Barnabasa Zews, Pawlusa-da söz
sözleýän bolany üçin Hermes diýdiler. 13 Şäheriň da-
şynda ýerleşen Zews ybadathanasynyň ruhanysy der-
wezeleriň agzyna öküzler, wenoklar getirip, halk bilen
birlikde gurbanlyk berjek boldy. 14 Emma resullar, ýag-
ny Barnabas, Pawlus muny eşidenlerinde, öz egin-eşik-
lerini ýyrtyp, halkyň ortasyna zyňyldylar, gygyryp, şeýle
diýdiler: 15 «Adamlar! Näme üçin beýle edýärsiňiz? Biz-
de duýgulary size meňzeş ynsanlardyrys we sizi bu boş
zatlardan dönüp, Gögi, Ýeri, deňzi we olaryň içindäki
ähli zatlary ýaradan diri Hudaýa tarap öwrülmäge ça-
gyrýarys. 16 Ol geçen nesillerde bütin milletlere öz ýol-
lary bilen ýöremäge rugsat etdi. 17 Muňa garamazdan,
ýagşylyk etmek, size Gökden ýagmyr hem hasylly
möwsümler bermek, ýüregiňizi iýmit hem şatlykdan
doldurmak bilen, Özüni güwäsiz goýmady». 18 Bu söz-
ler bilen halky özlerine gurban kesmekden zordan
dändirdiler. Hemmesini öz öýüne iberdiler. Olar ol ýer-
de galyp, ders berip ýörkäler, 19 Antakiýadan, Konýa-
dan ýehudylar geldi; olar halky öjükdirip, Pawlusy daş-
ladylar, ony ölendir öýdüp, şäherden daşary süýrediler.
20 Emma şägirtler daşyna üýşenlerinde, Pawlus ör tu-
rup, şähere gaýtdy. Şol günüň ertesi hem Barnabas bi-
len Derbä tarap ýola düşdi. 21 Olar bu şähere Hoş Ha-
bary wagyz edip, köpleri şägirt edenlerinden soň, Lis-
tra, Konýa we Antakiýa gaýdyp geldiler. 22 Şägirtleriň
janlaryna kuwwat berip, olara imanda berk durmagy
ündäp: «Biz Hudaýyň patyşalygyna köp muşakgatlar
bilen girmelidiris» diýýärdiler. 23 Pawlus bilen Barnabas
her ýygnakda olara ýolbaşçylar saýlap, orazaly doga
edip, olary iman eden Reblerine tabşyrdylar. 24 Onsoň
Pisidiýanyň içinden geçip, Pamfiliýa geldiler. 25 Perga-
da Rebbiň sözüni 26 Ol ýerden hem öz bitiren işleri üçin
Hudaýyň merhemetine tabşyrylan ýerleri bolan Antaki-
ýa gämili gaýtdylar. 27 Gelip, ýygnagy üýşürdiler, Huda-
ýyň özleri arkaly ähli edenlerini, ýehudy dällere iman
gapysyny açanyny gürrüň berdiler, 28 köp wagtlap şä-
girtleriň ýanynda boldular.

### —NJI BAP

### Iýerusalimde bolan geňeş

15 Ýahudadan gelen käbir adamlar doganlara sa-
pak berip: «Musanyň adaty boýunça sünnetlen-
meseňiz, gutulyp bilmersiňiz» diýýärdiler. 2 Pawlus bi-
len Barnabas bu adamlar bilen kän çekişip, jedelleşdi-
ler. Onsoň bu meseläniň çözgüdi üçin, beýleki dogan-
laryň birnäçesi bilen birlikde Pawlus bilen Barnabas
resullaryň, ýolbaşçylaryň ýanyna, Iýerusalime gitmeli
diýen karara gelindi. 3 Şeýlelikde, ýygnak tarapyndan
ýola salnanlar Finikiýanyň, Samariýanyň içinden geçdi-
ler, milletleriň Rebbe tarap öwrülendigini aýdyp, do-
ganlara uly şatlyk berdiler. 4 Iýerusalime gelenlerinde
bolsa ýygnak, resullar we ýolbaşçylar tarapyndan ka-
bul edilip, Hudaýyň özleri arkaly eden ähli zadyny ha-
bar berdiler. 5 Emma fariseýler mezhebinden iman
edenleriň käbiri aýaga galyp: «Beýleki milletlerden bo-
lanlary sünnetlemeli, Musanyň kanunyny saklamagy
tabşyrmaly» diýdiler. 6 Onsoň resullar, ýolbaşçylar bu
mesele barada maslahatlaşmak üçin ýygnandylar.
7 Gürrüň uzaga çekende, Petrus ýokary turup, olara
şeýle diýdi: «Doganlar! Öz bilşiňiz ýaly, milletleriň Hoş
Habar sözüni meniň agzymdan eşidip, iman etmelidigi
üçin, Hudaý köp wagt mundan ozal aramyzdan 8 Ýü-
rekleri bilýän Hudaý bize berşi ýaly, özge milletlere-de
Mudakkes Ruhy bermek bilen, olara güwä geçdi. 9 Ýü-
reklerini iman arkaly tämizledi, biz bilen olaryň arasyn-
da hiç bir parh goýmady. 10 Indi, näme üçin atalarymy-
zyň, özümiziň dakynyp bilmedik boýuntyrygymyzy şä-
girtleriň boýnuna saljak bolup, Hudaýy synaýarsyňyz?
11 Biz Reb Isanyň merhemeti bilen gutulandygymyza
ynanýarys, olar hem şeýle». 12 Onsoň bütin jemagat
dymyp, Hudaýyň özleri arkaly milletler arasynda gör-
kezen uly alamatlaryny, gudratlaryny aýdyp beren Bar-
nabas bilen Pawlusy diňledi. 13 Olar gürrüňlerini guta-
ranyndan soň, Ýakup söze başlap, şeýle diýdi: «Dogan-
lar, maňa gulak asyň! 14 Özge milletlerden Öz adyna bir
halk almak üçin Hudaýyň ilki bilen olara nähili ideg
edenini Simon aýdyp berdi. 15 Pygamberleriň sözleri-de
munuň bilen utgaşýar; ine, şeýle ýazylypdyr: 16 Onsoň
yzyma dolanyp, Dawudyň ýykylan çadyryny gaýtadan
bina ederin, onuň harabalaryny gaýtadan bina ederin.
17 Galan adamlar, Meniň adym dakylan bütin milletler
Rebbi agtarar ýaly, ony gaýtadan dikelderin. Bularyň
baryny eden Reb şeýle diýýär". 18 Hudaý Öz ähli işlerini
ezelden bilýändir. 19 Munuň üçin, meniň pikirimçe, öz-
ge milletlerden Hudaýa tarap öwrülenlere kynçylyk dö-
retmeli däl. 20 Ýöne olara butlaryň nejisliginden, zyna-
dan, boglan haýwanlaryň etinden we gandan gaça
durmagy, özlerine edilmegini islemeýän zatlaryny baş-
galara etmezligi ýazmaly. 21 Çünki Musanyň sözleri her
sabat güni sinagogalarda okalýar, gadym zamanlar-
dan bäri her şäherde wagyz edilýär».

### Beýleki milletlerden bolan imanlylara hat

22 Şeýlelikde, resullardyr ýolbaşçylar bütin ýygnak bi-
len birlikde özlerinden birnäçe adamy, ýagny doganla-
ryň arasynda ýolbaşçylyk edýän Barsaba lakamly Iuda
bilen Silasy saýlap, Pawlus we Barnabas bilen birlikde
Antakiýa ýollamaly diýen karara geldiler. 23 Onsoň şu
haty ýazyp, olardan iberdiler: «Resullar, ýolbaşçylar we

doganlar 24 Bizden bolan käbirleriniň öz sözleri bilen sizi ynjydyp, sünnetleniň, Mukaddes Kanuny berjaý ediň diýip, aňyňyzy bulaşdyranyny eşitdik; muny biz olara tabşyrmandyk. 25 Munuň üçin hem birnäçe adamy saýlap, eziz doganlarymyz Barnabas we Pawlus bilen birlikde size ýollamagy bir agyzdan makulladyk. 26 Bular Rebbimiz Isa Mesihiň ady ugrunda janlaryny orta goýan adamlardyr. 27 Biz Iuda bilen Silasy ýolladyk, olaryň özi hem muny dilden habar bererler. 28 Çünki Mukaddes Ruh we biz şu wajyp zatlardan başga hiç bir zady siziň üstüňize ýüklemezligi unadyk: 29 butlara gurban edilen iýmitlerden, gandan, boglan haýwanlaryň etinden, zynadan gaça duruň, özüňize edilmegini islemeýän zatlaryňyzy başgalara etmäň. Şulardan saklansaňyz, ýagşy edersiňiz. Saglykda boluň!» 30 Şeýlelikde, olar ýola düşdüler. Antakiýa gelip, jemagaty üýşürdiler-de, haty berdiler. 31 Olar muny okap, bu öwüt-nesihat hakda begenişdiler. 32 Onsoň özleri hem pygamber bolan Iuda bilen Silas doganlara köp öwüt-nesihat berip, olary güýçlendirdiler. 33 Birnäçe wagt ol ýerde galanlaryndan soň bolsa, doganlar olary sag-aman resullara ugratdylar. 34 Silas ol ýerde galmagy ýagşy görensoň, Iýerusalime Iudanyň ýeke özi gaýtdy. 35 Pawlus bilen Barnabas hem Antakiýada galdylar. Olar başga-da birentek adamlar bilen sapak berip, Rebbiň sözüniň Hoş Habaryny yglan etdiler.

### Pawlus bilen Barnabas

36 Birnäçe günden soň, Pawlus Barnabasa: «Indi yzymyza dolanyp, Rebbiň sözüni yglan eden her şäherimizde doganlara görme-görşe baryp, hal-ýagdaýlaryny soraly» diýdi. 37 Barnabas Markus diýen Ýahýany-da äkitmegiň pikirindedi. 38 Ýöne Pawlus özleri bilen bile işe gitmän, olary Pamfiliýada terk eden adamy äkitmegi makul bilmedi. 39 Şeýlelikde, aralaryna agzalalyk düşüp, olar biri-birlerinden aýryldylar; Barnabas Markusy ýanyna alyp, gämi bilen Kipre gitdi. 40 Pawlus hem Silasy saýlady, doganlar tarapyndan Hudaýyň 41 Ol Siriýa, Kilikiýa aýlanyp, ýygnaklary güýçlendirdi.

### Timoteus Pawlus bilen Silasa goşulýar

16 Pawlus Derbe we Listra-da geldi; ine, ol ýerde ejesi imanly ýehudy we kakasy grek bolan Timoteus atly bir şägirt bardy. 2 Onuň Listradaky we Konýadaky doganlaryň arasynda ýagşy ady bardy. 3 Pawlus Timoteusy özi bilen äkitmek isleýärdi. Şonuň üçin ol etrapdaky ýehudylar sebäpli ony alyp, sünnetledi, çünki hemmeler Timoteusyň kakasynyň grekdigini bilýärdi. 4 Olar şäherleriň içinden geçip, Iýerusalimdäki resullar we ýolbaşçylar tarapyndan kabul edilen kararlara eýermekligi doganlara tabşyrýardylar. 5 Şeýlelikde, ýygnaklaryň imany berkeşýärdi, sanlary gün-günden artýardy.

### Makedoniýa barada Pawlusa görnen görnüş

6 Sözi Aziýada wagyz etmeleri Mukaddes Ruh tarapyndan bökdelensoň, Pawlus dagy Frikiýa we Galatýa ülkesinden geçdiler. 7 Olar Misiýa serhetlerine gelip, Bitiniýa gitjek bolanlarynda, Isanyň Ruhy muňa rugsat etmedi. 8 Onsoň Misiýadan geçip, Troasa indiler. 9 Şol gije Pawlus görnüş gördi: makedoniýaly bir adam onuň garşysynda durup, ýalbaryp: «Makedoniýa gel, bize ýardam et!» diýdi. 10 Pawlus bu görnüşi görenden soň, Reb

### Lidiýa iman edýär

11 Şeýlelikde, Troasdan gämi bilen göni Samotrakiýa, ertesi hem Neapolise, 12 ol ýerden-de Makedoniýa welaýatynyň birinji şäheri hem Rim koloniýasy bolan Filipä gelip ýetdik. Bu şäherde birnäçe günläp galdyk. 13 Sabat güni şäher derwezesinden daşaryk, derýa ýakasyna çykdyk. Bu ýerde adat boýunça doga edilýärdi. Onsoň ýygnanan aýallara oturyp gürrüň berdik. 14 Tiýatira şäherinde gyrmyzy geýim söwdagäri bolan, Hudaýa ybadat edýän Lidiýa atly bir aýal bizi diňledi; Pawlusyň aýdýanlaryna üns bermegi Reb onuň ýüregine guýupdy. 15 Ol aýal öý-içersi bilen çokundyrylandan soň ýalbaryp: «Meni Rebbe wepaly saýýan bolsaňyz, geliň-de, öýümde galyň» diýip, bizi yrdy.

### Pawlus bilen Silas tussagda

16 Soňra doga okalýan ýere barýarkak, pal atmaklyk bilen hojaýynlaryna uly gazanç getirýän, palçy ruhly bir kenize duş geldik. 17 Bu gyz Pawlus dagymyzyň yzymyza düşüp: «Bu adamlar hemmelerden beýik Hudaýyň gullary, olar bize 18 Ol gygyrmasyny ençeme günläp dowam edensoň, Pawlus gaty tolgundy, yzyna öwrülip, ruha: «Onuň içinden çykmagy Isa Mesihiň adyndan saňa buýurýaryn!» diýdi. Ruh şol sagadyň özünde daşary çykdy. 19 Onuň hojaýynlary gazanç umytlarynyň elden gidenini görüp, Pawlus bilen Silasy tutup, bazara, başlyklaryň öňüne süýrediler. 20 Olary häkimleriň ýanyna getirip, şeýle diýdiler: «Bu adamlar şäherimizi bulam-bujar edýärler, özlerem ýehudy. 21 Biz rimlilere kabul edilmegi, berjaý edilmegi rugsat edilmedik adatlary wagyz edýärler!»

22 Halaýyk hem olara garşy aýaga galdy. Şeýlelikde, häkimler: «Egin-eşiklerini sypyryp, taýak bilen urmaly» diýen buýrugy berdiler. 23 Köp taýaklanlaryndan soň, zyndana saldylar-da, türmeçä olary berk saklamagy buýurdylar. 24 Ol-da şeýle buýruk alansoň, olary içki tussaghana salyp, aýaklaryna künde baglady. 25 Gije ýaryma golaýlanda, Pawlus bilen Silas doga edip, Hudaýa öwgüli nagmalar aýdýardylar, tussaglar hem olary diňleýärdi. 26 Birdenkä Ýer güýçli titredi, tussaghananyň binalary sarsyp, birbada ähli gapylar açyldy, hemmäniň zynjyrlary çözüldi. 27 Ukudan oýanan türmeçi zyndanyň gapylarynyň açykdygyny görüp, tussaglar

gaçandyr öýtdi-de, özüni öldürjek bolup, gylyjyny syr-
dy. 28 Emma Pawlus gaty ses bilen: «Özüňe tyg çekme,
biziň hemmämiz şu ýerde!» diýip gygyrdy. 29 Türmeçi
çyra getirdip, içerik kürsäp girdi-de, sandyrap, Pawlus
bilen Silasyň öňünde ýere ýykyldy. 30 Olary daşary çy-
karyp: «Eý agalar! Men gutulmak üçin näme etmeli?»
diýdi. 31 Olar hem: «Reb Isa iman et, öý-içeriň bilen gu-
tularsyň» diýdiler. 32 Şeýlelikde, oňa we öýündäkileriň
baryna Rebbiň sözüni aýtdylar. 33 Türmeçi gijäniň şol
sagadynda olary alyp, ýaralaryny ýuwdy-da, derrew öý-
içersi bilen çokundyryldy. 34 Onsoň olary öýüne äkidip,
öňlerine saçak ýazdy, Hudaýa iman getirdik diýip, bü-
tin öý-içersi bilen şatlandy.
35 Gün doganda, häkimler garawullary ýollap: «Hälki
adamlary boşat» diýdiler. 36 Türmeçi hem bu sözleri
Pawlusa habar berip: «Häkimler sizi boşatmak üçin
adam ýollapdyr; indi çykyň-da, sag-aman ýola düşüň»
diýdi. 37 Emma Pawlus olara şeýle diýdi: «Olar Rim
graždanlary bolan bizi hökümsiz halk öňünde ýençdi-
ler, zyndana taşladylar, indi bolsa ogrynça daşaryk çy-
karjak bolýarlarmy? Bu bolmaz! Bizi özleri gelip çykar-
synlar».
38 Garawullar hem bu sözleri häkimlere habar berdi-
ler. Häkimler olaryň rimlidiklerini eşidenlerinde gork-
dular. 39 Gelip ýalbardylar, olary daşary çykaryp, şäher-
den gitmeklerini haýyş etdiler. 40 Pawlus bilen Silas
zyndandan çykyp, Lidiýanyň öýüne bardylar, doganlary
görüp, olara göwünlik berenlerinden soň ýola düşdü-
ler.

## —NJI BAP

### Selanikde

17 Olar Amfipolisiň we Apolloniýanyň içinden ge-
çip, Selanike geldiler. Ol ýerde ýehudylaryň bir
sinagogasy bardy. 2 Pawlus öz endigine görä, olaryň
arasyna bardy. Üç sabat olara Mukaddes Ýazgylardan
gürrüň berdi. 3 Mesihiň görgi görüp, ölümden direlme-
giniň zerur bolandygyny düşündirip görkezdi. «Meniň
size wagyz edýän bu Isam Mesihdir» diýdi. 4 Onsoň
olaryň birnäçesi, dindar grekleriň uly topary we at-ab-
raýly aýallaryň köpüsi ynanyp, Pawlus bilen Silasa go-
şuldylar. 5 Ýöne iman etmedik ýehudylar göripçilik etdi-
ler, bazarda boş aýlanyp ýören ýaramaz adamlaryň
birnäçesini ýanlaryna alyp, üýşmeleň gurap, şäherde
topalaň turuzdylar. Ýasonuň öýüne hüjüm edip, Paw-
lus bilen Silasy halkyň öňüne çykarjak boldular. 6 Ýöne
olary tapman, Ýason bilen birnäçe dogany şäher baş-
lyklarynyň öňüne süýräp: «Bütin dünýäde topalaň tur-
zan bu adamlar bu ýere hem geldiler. 7 Ýason olary
öýüne myhman aldy. Bularyň ählisi başga biri, ýagny
Isa patyşadyr diýip, kaýsaryň buýruklaryna ters here-
ket edýärler» diýip gygyrdylar. 8 Şeýdip, olary eşiden
halky, şäheriň başlyklaryny howsala saldylar. 9 Ýöne Ýa-
son bilen beýlekileri girew alyp boşatdylar.

### Weriýada

10 Doganlar derrew şol gije Pawlus bilen Silasy Weri-
ýa iberdiler. Pawlus bilen Silas Weriýa gelip, ýehudyla-
ryň sinagogasyna bardylar. 11 Bu ýerdäkiler Salonikdä-
kilerden has asyllydy. «Bu zatlar şeýlemikä?» diýip, her
gün Ýazgylary gözleşdirip, sözi bütin göwünjeňlik bilen
kabul etdiler. 12 Şeýlelikde, olaryň köpüsi, at-abraýly
grek aýallarynyň hem-de erkekleriniň birentegi iman
etdi. 13 Ýöne Salonikdäki ýehudylar Hudaýyň sözüniň
Pawlus tarapyndan Weriýada-da wagyz edileninden
habarly bolanlarynda, bu ýere hem gelip, halaýygy
howsala salyp öjükdirdiler. 14 Şeýlelikde, doganlar Paw-
lusy deňze tarap ýola saldylar, ýöne Silas bilen Timo-
teus ol ýerde galdy. 15 Pawlusa hemralyk edenler ony
Afina eltip, Silas bilen Timoteusa tiz gelsinler diýen
buýrugy alyp, yzlaryna gaýtdylar.

### Afinyda

16 Pawlus Afinyda Silas bilen Timoteusa garaşyp ýör-
kä, şäheriň butlardan doludygyny görüp, onuň ýüregi
awady. 17 Ol sinagogada ýehudylar, Hudaýdan gorkýan
grekler hem-de her gün bazarda sataşan adamlary bi-
len gürrüň ederdi. 18 Epikurçy we stoik filosoflaryň kä-
birleri-de oňa garşy çykdylar. Käbiri: «Bu ýaňra näme
diýjek bolýar?» diýse, käbiri: «Ol ýat taňrylaryň wagyz-
çysyna meňzeýär» diýýärdi. Sebäbi Pawlus Isanyň Hoş
Habaryny we direlişi wagyz edýärdi. 19 Şeýlelikde, ony
tutup, Ares depesi mejlisine getirdiler-de, şeýle diýdi-
ler: «Seniň gürrüňini edýän bu täze taglymatyňyň nä-
medigini bilip bilerismi? 20 Çünki sen biziň gulagymyza
käbir ýat zatlary getirýärsiň. Biz indi bu zatlaryň näme-
digini bilmek isleýäris». 21 Ähli afinylylar hem ol ýerde
ýaşaýan ýatlar täze zat sözlemekden we diňlemekden
başga hiç bir zat bilen wagtlaryny ötürmeýärdiler.
22 Pawlus mejlisiň ortasynda durup şeýle diýdi: «Eý
afinylylar! Men sizi her babatda gaty dindar görýärin.
23 Çünki aýlanyp, siziň ybadat edýän zatlaryňyzy göz-
den geçirip ýörkäm, depesinde „Nätanyş Taňra" diýen
ýazgyly bir gurbanlyk edilýän ýeri hem gördüm. Men,
ine, tanaman, ybadat edýän bu zadyňyzy size wagyz
edýärin. 24 Dünýäni, onuň içinde bolan bütin zatlary ýa-
radan Hudaý Ýeriň-gögüň Rebbi bolup, el bilen ýasa-
lan ybadathanalarda ýaşamaz. 25 Şeýle hem, hamala
bir zada zar ýaly, Oňa adam eli bilen gulluk edip bol-
maz, sebäbi hemmelere dirilik, dem we ähli zady Onuň
özi berýär. 26 Ol adamlaryň ähli milletlerini bir gandan
ýaradyp, olary bütin ýer ýüzünde ýaşatdy. 27 Hudaýy
agtararlar, Ony, belki-de, sermeläp taparlar diýip, ola-
ryň wagtlaryny, mesgen tutjak ýerleriniň çäklerini
öňünden belledi. Muňa garamazdan, Ol biziň hiç biri-
mizden uzakda däldir. 28 Çünki biz Onda ýaşaýandyrys,
hereket edýändiris we bardyrys. Siziň şahyrlaryňyzyň
käbiriniň aýdyşy ýaly, „Biz-de Onuň zürýadydyrys".
29 Biz indi Hudaýyň zürýadydygymyza görä, Hudaýyň

tebigaty adam sungaty we hünäri bilen suratlandyry-
lan gyzyla, kümşe ýa-da daşa meňzeşdir öýtmeli däldi-
ris. 30 Hudaý nadanlyk döwründen göz ýumup geçen-
soň, indi hemme ýerde adamlaryň ählisiniň toba etme-
gini buýurýar. 31 Çünki Hudaý bir güni belledi. Ol Öz
saýlan Adamy arkaly dünýäniň üstünden şol günde
adyl höküm çykarar. Hudaý bu Adamy ölümden direlt-
mek bilen, hemmelere subutnama berdi». 32 Ölümden
direlmegi eşidenlerinde, kimsi güldi, kimsi hem: «Bu
hakda seni ýene diňläris» diýdi. 33 Şeýlelikde, Pawlus
olaryň arasyndan çykyp gitdi. 34 Ýöne käbir adamlar
oňa goşulyp iman etdiler. Olaryň arasynda mejlis agza-
sy Dionisius, Damaris atly bir aýal we başgalar bardy.

## —NJI BAP

### Korintosda

18 Mundan soň Pawlus Afinyny terk edip, Korinto-
sa geldi. 2 Italiýadan ýaňy gelen, asly pontusly
Akila atly bir ýehudy bilen onuň aýaly Priskilla sataşyp,
şolaryň öýüne gitdi (Klaudius bütin ýehudylar Rimden
çykmaly diýen buýrugy beripdi). 3 Kärleri bir bolansoň,
Pawlus olaryň ýanynda galyp işledi. Olaryň käri çadyr
ýasamakdy. 4 Pawlus her sabat güni sinagogada gür-
rüň berip, ýehudylary hem grekleri ynandyrýardy. 5 Si-
las bilen Timoteus Makedoniýadan gelenlerinde, Paw-
lus ruhunda gysylyp 6 Emma olar Pawlusa garşy çykyp
sögenlerinde, Pawlus egin-eşigini kakyşdyryp, olara:
«Eden işiňiziň jezasyny özüňiz çekiň 7 Onsoň ol ýerden
çykyp, Hudaýa ybadat edýän Ýustus atly bir adamyň
öýüne geldi. Onuň öýi sinagoga bilen ýanaşykdy. 8 Si-
nagoga başlygy Krispus bütin öý-içersi bilen Rebbe
iman etdi; korintoslylaryň köpüsi muny eşidip iman et-
diler hem çokundyryldylar. 9 Bir gije Reb Pawlusa bir
görnüşde diýdi: «Gorkma, geple, dymma! 10 Çünki Men
seniň bilendirin, ýamanlyk etjek bolup, hiç kes saňa el
uzatmaz, sebäbi bu şäherde Meniň halkym köpdür».
11 Şeýlelikde, Pawlus bir ýarym ýyllap olaryň arasyn-
da galyp, Hudaýyň sözüni öwretdi. 12 Galio Ahaýa hä-
kimlik edýärkä, ýehudylar birleşip, Pawlusa hüjüm et-
diler, ony höküm kürsüsiniň garşysyna eltip: 13 «Bu
adam Mukaddes Kanuna garşy tärde Hudaýa ybadat
etdirjek bolup, halky yrýar» diýdiler. 14 Ýöne Pawlus ag-
zyny açjak bolanda, Galio ýehudylara şeýle diýdi: «Eý
ýehudylar, eger bir adalatsyzlyk ýa agyr jenaýat bolan
bolsa, size, elbetde, çydardym. 15 Ýöne taglymatlary,
atlary we öz kanunyňyza degişli jedelleri özüňiz çözüň,
meniň bu zatlar hakda kazylyk edesim gelenok».
16 Şeýlelikde, olary höküm kürsüsinden kowdy. 17 On-
soň olar sinagoganyň başlygy Sostenisi höküm kürsü-
siniň öňünde tutup ýençdiler; bularyň hiç biri Galiony
ýekeje-de ynjatmady.

### Antakiýa öwrüliş

18 Pawlus ol ýerde ýene birnäçe günläp galdy. Onsoň
doganlar bilen hoşlaşyp, Priskilla we Akila bilen birlik-
de gämä münüp, Siriýa gitdi. (Ol Hudaýa nezir edeni
üçin Kenhreada başyny syrdyrypdy.) 19 Efesosa gelip
ýetenlerinde, Pawlus Priskilla bilen Akilany şol ýerde
galdyryp, özi sinagoga bardy-da, ýehudylar bilen gür-
rüň etdi. 20 Ýöne bu ýerde köpräk galmagyny ondan
haýyş edenlerinde razy bolmady. 21 Olar bilen hoşla-
şyp: «Ýetip gelýän baýramy, her niçik-de bolsa Iýerusa-
limde tutmagym gerek, Hudaý oňlasa, ýene siziň ýany-
ňyza öwrülerin» diýdi. Şeýlelikde, gämi bilen Efesos-
dan ugrady, ýöne Akila bilen Priskilla Efesosda galdy-
lar.
22 Kaýsariýa gelip, ýygnak bilen salamlaşandan soň,
Antakiýa gitdi. 23 Ol ýerde birnäçe wagt galandan soň,
ýene ýola düşdi, Galatýa we Frikiýa ülkelerini nobat-
ma-nobat aýlanyp, bütin şägirtlere güýç-kuwwat berdi.

### Appollos

24 Şol wagt asly isgenderiýaly bolan Apollos atly bir
dilewar, Mukaddes Ýazgylara ökde ýehudy Efesosa gel-
di. 25 Reb ýolunda tälim alan bu adam, diňe Ýahýanyň
çokundyrmasyny bilmegine garamazdan, ruhy hyjuwly
bolup, Reb 26 Ol sinagogada gaýratlylyk bilen geplemä-
ge başlady. Akila bilen Priskilla muny eşidenlerinde,
Apollosy öz ýanlaryna alyp, oňa Hudaýyň ýoluny has
takyk düşündirdiler. 27 Apollos Ahaýa gitmekçi bolan-
da, doganlar oňa bu işi ündäp, şägirtlere ony kabul et-
megi ýazdylar. Ol gelip ýetende, merhemet arkaly
iman edenlere köp ýardam etdi. 28 Çünki ol Isanyň Me-
sihdigini Ýazgylar arkaly subut edip, ýehudylaryň aý-
danlaryny halkyň öňünde hyjuw bilen paş edýärdi.

## —NJI BAP

### Pawlus Efesosda

19 Apollos Korintosdaka, Pawlus ülkäniň içki sebit-
lerine aýlanyp, Efesosa geldi. Ol ýerde birnäçe
şägirde sataşyp, 2 olardan: «Iman edeňizde Mukaddes
Ruhy aldyňyzmy?» diýip sorady. Olar hem oňa: «Biz
Mukaddes Ruhuň bardygyny hem eşidemizok» diýdi-
ler. 3 Ol: «Onda, näme çokundyrma bilen çokundyryl-
dyňyz?» diýip sorady. Olar: «Ýahýanyň çokundyrmasy
bilen» diýip jogap berdiler. 4 Pawlus: «Ýahýa halka
özünden soň Geljege, ýagny Isa iman etmelerini aý-
dyp, olary toba çokundyrmasy bilen çokundyrypdy»
diýdi. 5 Olar muny eşidenlerinde, Reb Isanyň ady bilen
çokundyryldylar. 6 Pawlus üstlerine ellerini goýan ba-
dyna, Mukaddes Ruh olara inip, olar başga dillerde
gepläp, welilik etmäge başladylar.
7 Bu adamlaryň jemi on ikä golaýdy. 8 Soň Pawlus si-
nagoga bardy. Üç aýlap gürrüň berip, Hudaýyň Patyşa-
lygyna degişli zatlary olara ynandyryp, gaýratly wagyz
etdi. 9 Ýöne käbirleri gatap, ynanmazlyk etdiler, Mesi-
hiň ýoluny halk öňünde ýamanladylar. Şeýlelikde, Paw-
lus olardan çekildi, şägirtleri äkidip, her gün Tiranno-
syň mekdebinde gürrüň berdi. 10 Bu iş iki ýyl dowam

etdi. Şeýlelikde, Aziýada ýaşaýanlaryň bary, ýehudylar-
dyr grekler Rebbiň sözüni eşitdiler.
11 Hudaý Pawlusyň eli bilen görlüp-eşidilmedik mug-
jyzalar etdi. 12 Şeýlelikde, onuň bedenine degen elýag-
lykdyr guşaklary alyp, syrkawlaryň üstüne örtenlerin-
de, olaryň dertleri aýrylyp, içlerinden erbet ruhlar çyk-
dy. 13 Aýlanyp ýören ýehudy dogagöýleriň käbiri hem
Reb Isanyň adyny tutup, erbet ruhlulara şypa bermäge
girişýärdiler. «Pawlusyň wagyz edýän Isasynyň ady bi-
len size buýruk berýärin!» diýýärdiler. 14 Muny edýänler
Skewa atly bir ýehudy baş ruhanysynyň ýedi ogludy.
15 Emma erbet ruh olara gaýtargy berip: «Isany tanaýa-
ryn, Pawlusy-da bilýärin, ýöne siz kim?» diýdi. 16 Onsoň
erbet ruhly adam olaryň üstüne topuldy, ählisini bas-
dy. Olar ýeňlip, ýalaňaç hem ýaraly ol öýden gaçyp git-
diler. 17 Bu waka Efesosda ýaşaýan ýehudylaryň, grek-
leriň gulagyna ýetdi. Hemmesiniň üstüne gorky inip,
Reb Isanyň ady beýgeldi. 18 Iman edenleriň köpüsi gel-
diler, eden etmişlerini aýdyp, boýun aldylar. 19 Jadygöý-
lük bilen meşgullanýanlaryň bir topary kitaplaryny üý-
şürip, hemmäniň gözüniň alnynda ýakdy. Olaryň baha-
syny hasaplanlarynda, elli müň kümüş pula ýetdi.
20 Şeýlelikde, Rebbiň sözi barha ýaýrap güýçlenýärdi.
21 Bu wakalardan soň, Pawlus Makedoniýa we Ahaýa-
dan geçip, Iýerusalime gitmegi ýüregine düwdi. Ol: «Ol
ýerde bolanymdan soň, Rimi hem görmelidirin» diý-
ýärdi. 22 Pawlus özüne hyzmat edýänlerden ikisini — Ti-
moteus we Erastosy Makedoniýa ýollap, özi birnäçe
wagtlap Aziýada galdy.

### Efesosda bolan galmagal

23 Şol wagtlar Mesih ýolundan ötri uly galmagal tur-
dy. 24 Dimitrius atly bir zergär bardy. Ol Artemis yba-
dathanasynyň kümüş nusgalaryny ýasamak bilen, hü-
närmentlere köp iş getirerdi. 25 Dimitrius hünärment-
ler bilen şuňa meňzeş kärleriň işçilerini üýşürip, şeýle
diýdi: «Adamlar! Biziň gazanjymyzyň şu işdendigini
özüňiz bilýärsiňiz. 26 Bu Pawlusyň hem: „Adam eli bilen
ýasalan zat taňry däldir" diýip, diňe Efesosda däl, eý-
sem, bütin Aziýada diýen ýaly köp halky ynandyryp az-
dyrandygyny-da görýärsiňiz hem eşidýärsiňiz. 27 Biziň
üçin hatarly bolan diňe bu kesbiň gadyrdan düşmegi
däl, eýsem, beýik zenan taňry Artemisiň ybadathana-
synyň-da zada saýylman, bütin Aziýa we hatda dünýä-
niň hormat edýän taňrysynyň şöwketden düşmegidir».
28 Olar muny eşidenlerinde, gahar-gazapdan dolup:
«Efesoslylaryň Artemisi beýikdir!» diýip gygyryşdylar.
29 Şeýlelikde, bütin şäher galagopluga düşdi. Olar
Pawlusyň ýoldaşlary, makedoniýaly Gaýus bilen Aris-
tarhosy tutup, bary birlikde teatra okduryldylar. 30 Ýö-
ne Pawlus halkyň arasyna barjak bolanda, şägirtler
ony goýbermediler. 31 Onuň dostlary bolan Aziýa baş-
lyklaryndan käbiri-de Pawlusa habar ýollap, teatra
aýak basmazlygyny haýyş etdiler. 32 Indi, biri beýle,
beýlekisi eýle diýip gygyrýardy, çünki märeke galagop-
luga düşüp, olaryň aglabasy näme üçin üýşendiklerini
hem bilmeýärdi. 33 Onsoň ýehudylaryň öňe itmegi bi-
len, märekäniň içinden Isgenderi çekip çykardylar
34 Ýöne onuň ýehudydygyny bilenlerinde, hemmeleriň
agzyndan bir söz çykdy. Olar iki sagatlap: «Efesoslyla-
ryň Artemisi beýikdir!» diýip gygyryşdylar. 35 Şäher käti-
bi halaýygy köşeşdirip, şeýle diýdi: «Eý efesoslylar! Efe-
soslylar şäheriniň beýik Artemis ybadathanasynyň we
Gökden inen heýkeliň goragçysydygyny haýsy kişi bil-
meýär? 36 Muny inkär edip bolmaz. Şonuň üçin hem
köşeşmelisiňiz, hiç zady gyssanmaç etmeli dälsiňiz.
37 Siz ne ybadathana ogrusy bolan, ne-de taňryňyza
38 Dimitriusyň ýa-da onuň ýanyndaky hünärmentleriň
birine garşy dawalary bar bolsa, diwan gapylary açyk,
häkimler bar; goý, biri-biriniň üstünden şikaýat etsin-
ler. 39 Başga bir zady gözleýän bolsaňyz, onda ol resmi
ýygnakda çözüler. 40 Sebäbi bu günki wakalar zerarly,
topalaňçylykda günäkärlenmek howpy üstümize aba-
nyp dur, hiç bir sebäpsiz edilen bu üýşmeleňi biz aklap
bilmeris». Ol şeýle diýip, märekäni dagatdy.

## —NJI BAP

### Pawlus Troasda

20 Başagaýlyk ýatyşandan soň, Pawlus şägirtleri
ýanyna çagyryp, nesihat berdi, olar bilen hoşla-
şyp, Makedoniýa gitmek üçin ýola düşdi. 2 Ol etraplary
aýlanyp, imanlylara köp sözler bilen nesihat edenden
soň, Gresiýa geldi. 3 Ol ýerde üç aýlap galdy. Soň gämi-
li Siriýa gitjek bolup ýörkä, ýehudylar tarapyndan özü-
ne garşy dildüwşük guralandygy zerarly, Makedoniýa-
nyň üsti bilen yzyna dolanmaklygy makul bildi. 4 Pirro-
syň ogly weriýaly Sopatros, saloniklilerden Aristarhos,
Sekundus, derbeli Gaýus Timoteus we aziýaly Tihikus
bilen Trofimos ony Aziýa ugratdylar. 5 Bular öňden gi-
dip, Troasda bize garaşdylar. 6 Biz hem Petir baýramy
günlerinden soň, Filipiden gämi bilen bäş günde ola-
ryň ýanyna — Troasa gelip ýetdik. Ol ýerde ýedi gün
bolduk. 7 Hepdäniň ilkinji güni çörek bölmek üçin ýyg-
nanyşdyk. Pawlus ertesi gün ýola düşmekçi bolansoň,
olara gürrüň berip, sözüni ýarygijä çekdirdi. 8 Ýygnany-
şan balahanamyzda köp çyra bardy. 9 Pawlus ýene-de
gürrüň berip durka, penjirede oturan Eftihos atly bir
ýaş ýigidi agyr uky basdy. Ol ukudaka üçünji gatdan
aşak gaçyp, öli halynda galdyryldy. 10 Pawlus aşak düş-
di, ýigidiň üstüne egildi-de, ony gujaklap: «Galmagal
etmäň, içinde jany bar» diýdi. 11 Onsoň ýokary çykdy,
çörek bölüp iýdi. Olar bilen daň atýança, köp söhbet
edeninden soň bolsa ýola düşdi. 12 Olar ýaňky oglany
öýlerine diri getirip, köp ynjalyk tapdylar. 13 Biz öňden
gämä münüp, Pawlusy Asosadan almak üçin, ol ýere
ugradyk, çünki ol pyýada gitmek niýeti bilen bize şeýle
tabşyrypdy. 14 Pawlus Asosada bize sataşdy. Ony alyp
Midillä geldik. 15 Onsoň ol ýerden gämi bilen ýola dü-
şüp, ertesi Hios garşysyna ýetdik. Bir gün soň bolsa
Samosa geçip, Trogilliýada galdyk, ertesi hem Militosa

geldik. 16 Pawlus Aziýada wagty biderek geçirmezlik
üçin, Efesosyň gapdalyndan geçip gitmegi ýüregine
düwüpdi. Ol howlugýardy, sebäbi başartsa, aňrujy
Pentikost güni Iýerusalimde bolmakçydy.

### Pawlus efesosly ýolbaşçylar bilen hoşlaşýar

17 Pawlus Militosdan Efesosa adam iberip, ýygnagyň
ýolbaşçylaryny ýanyna çagyrdy. 18 Gelenlerinde, olara
şeýle diýdi: «Meniň Aziýa gelen ilkinji günümden bäri
hemişe siziň ýanyňyzda bolanymy özüňiz bilýänsiňiz.
19 Men bütin pes göwünlilikde, gözýaş we ýehudylaryň
dildüwşüklerinden alan tejribelerim bilen Rebbe gulluk
etdim. 20 Peýdaly bolan zatlaryň hiç birini sizden gaý-
gyrman, hemmesini size wagyz etdim. 21 Hem ýehudy-
lara, hem greklere Hudaýa toba we Rebbimiz Isa Mesi-
he iman etmek üçin güwä geçip, aç-açan hem öýme-öý
aýlanyp size sapak berdim. 22 Indi hem, ine, ruhumda
bent bolup, Iýerusalime barýaryn, ol ýerde başyma nä-
me geljegini bilemok. 23 Ýöne Mukaddes Ruh bentleriň
we muşakgatlaryň maňa garaşýanyny şäherme-şäher
güwä geçip aýdýar. 24 Men bulary hiç zat hasap etme-
ýärin, janymy özüm üçin gymmat bilmeýärin; döwrü-
mi, Hudaýyň merhemetiniň Hoş Habaryna güwä geç-
mek üçin, Reb Isadan alan hyzmatymy bitirsem bolýar.
25 Men araňyzda Hudaýyň Patyşalygyny wagyz edip
gezdim, indi bolsa siziň hiç biriňiziň ýüzümi gaýdyp
görmejegiňizi bilýärin. 26 Şonuň üçin bu gün size bütin
adamlaryň ganyndan tämizdigime güwä geçýärin.
27 Çünki men Hudaýyň bütin islegini wagyz etmegi siz-
den gaýgyrmadym. 28 Özüňize we Reb Hudaýyň Öz ga-
ny bilen edinen ýygnagyny bakmak üçin, Mukaddes
Ruhuň sizi içinde gözegçi edip goýan tutuş sürüsine
göz-gulak boluň. 29 Men gidenimden soň, azgyn gurt-
laryň araňyza girjegini bilýärin, olar sürini aýamaz.
30 Araňyzdan şägirtleri yzlaryna eýertjek bolup, hakyka-
ty ýoýjak adamlar çykar. 31 Şonuň üçin oýa boluň, üç
ýyllap gije-gündiz gözýaş bilen siziň her biriňize üznük-
siz nesihat edenimi ýatlaň. 32 Indi bolsa sizi Hudaýa,
Onuň merhemetiniň sözüne tabşyrýaryn. Ol sizi abat-
lamagy, size ähli mukaddesleriň arasyndan miras ber-
megi başarýandyr. 33 Men hiç kimiň kümşüne, gyzylyna
ýa eşigine göz diken däldirin. 34 Siz meniň öz zerurlyk-
laryma we ýanymdakylara bu elleriň hyzmat edenini
bilýänsiňiz. 35 Men şeýle işläp, ejizleri goldamalydygy-
ny, Reb Isanyň hut Özüniň: „Bermek almakdan bagtly-
dyr" diýen sözüni ýatlamalydygyny ähli zatda size gör-
kezdim».
36 Ol muny aýdandan soň dyza çöküp, olaryň bary bi-
len birlikde doga etdi. 37 Şonda olaryň hemmesi köp
agladylar, Pawlusyň boýnundan gujaklap, ony ogşady-
lar. 38 «Siz meniň ýüzümi gaýdyp görmersiňiz» diýen
sözi olary has tukatlandyran zat boldy. Onsoň ony gä-
mä barynça ýola saldylar.

## —NJI BAP

### Iýerusalime sapar

21 Olardan aýrylyp, gämi bilen göni Kosa, ertesi
gün Rodosa, ol ýerden hem Patara geldik. 2 On-
soň Finikiýa barýan bir gämi tapyp, şoňa mündük we
deňze çykdyk. 3 Kipr görnende, ony çepimizde galdyr-
dyk-da, Siriýa tarap ýüzüp, Sura bardyk, sebäbi gämi
şol ýerde ýüküni düşürmelidi. 4 Surda şägirtleri tapyp,
ýedi gün galdyk. Şägirtler Ruh arkaly Pawlusa Iýerusa-
lime gitmezligi aýtdylar. 5 Biz şol günleri geçirdik-de,
çykyp, ýene ýola düşdük. Olaryň bary aýallar we oglan-
uşaklary bilen şäheriň daşyna çenli bizi ýola saldylar.
Onsoň kenarda dyza çöküp, doga etdik. 6 Biri-birimiz
bilen hoşlaşanymyzdan soň, gämä mündük, olar hem
öýlerine gaýtdylar. 7 Surdan ýolumyzy dowam etdirip,
Ptolemaise ýetdik, doganlar bilen salamlaşyp, bir gün
olaryň ýanynda galdyk. 8 Ertesi gün biz, ýagny Pawlus
we ýanyndakylar ýola düşüp, Kaýsariýa geldik. Ýedile-
riň biri bolan Hoş Habarçy Filipusyň öýüne baryp,
onuň ýanynda galdyk. 9 Onuň welilik edýän çykmadyk
dört gyzy bardy. 10 Biz ol ýerde ençeme gün galany-
myzda, Ýahudadan Agabus atly pygamber geldi. 11 Ol
biziň ýanymyza gelip, Pawlusyň guşagyny aldy-da, öz
elini hem aýagyny baglap: «Muny Mukaddes Ruh aýd-
ýar: Iýerusalimdäki ýehudylar şu guşagyň eýesini şeýle
baglap, milletleriň eline bererler» diýdi. 12 Muny eşide-
nimizde biz-de, ol ýerde ýaşaýanlar-da Iýerusalime git-
mezligi üçin Pawlusa ýalbardyk. 13 Pawlus şeýle jogap
berdi: «Näme üçin aglaşyp, meniň ýüregimi agyrdýar-
syňyz, bu edýäniňiz näme? Men Iýerusalimde diňe
bendi bolmaga däl, eýsem, Reb Isanyň ady üçin ölmä-
ge-de taýyn». 14 Ony yryp bilmänimizden soň biz: «Reb-
biň islegi bolsun!» diýip dymdyk. 15 Şol günlerden soň
goşumyzy taýýarlaşdyryp, Iýerusalime gitdik. 16 Kaýsa-
riýada bolýan şägirtleriň hem birnäçesi biz bilen gidip,
Minason diýen bir kiprli köne şägirdiň ýanyna eltdiler,
biz oňa myhman bolmalydyk.

### Pawlus Iýerusalimde

17 Iýerusalime gelenimizde, doganlar bizi şatlyk bilen
garşyladylar. 18 Ertesi Pawlus biz bilen birlikde Ýakubyň
ýanyna bardy, ähli ýolbaşçylar-da geldiler. 19 Pawlus
olar bilen salamlaşandan soň, Hudaýyň öz hyzmaty ar-
kaly milletler arasynda edenlerini birin-birin aýdyp
berdi. 20 Olar muny eşidip, Hudaýy şöhratlandyrdylar.
Soň Pawlusa şeýle diýdiler: «Eý dogan! Özüň görýärsiň,
ýehudylar arasynda iman eden näçe müň adam bar;
hemmesi-de Mukaddes Kanuna yhlasly. 21 Milletler ara-
syndaky hemme ýehudylara Musadan dönmekligi öw-
redip, oglanlary sünnetlemeli däl, adatlara görä ýöre-
meli däl diýýär diýip, olara sen hakda habar berlipdir.
22 Indi näme etmeli? Elbetde, märeke ýygnanar, çünki
seniň geleniňi eşiderler. 23 Şonuň üçin biziň şu aýdýa-
nymyzy et: bizde Hudaýa kasam eden dört adam bar.

24 Bu adamlary ýanyňa al-da, olar bilen birlikde täret
edip, kellelerini syrdyrma harçlaryny ber. Şeýlelikde,
hemmeler sen hakda habar berlen zatlaryň ýerliksizdi-
gini, seniň-de kanuny saklap hereket edýäniňi biler.
25 Iman eden milletler hakda aýdanymyzda bolsa, biz
beýle zatlary asla tabşyramyzok, diňe butlara gurban
edilen zatlardan, gandan, boglan haýwanlaryň etinden
hem-de zynadan gaça durmak baradaky kararymyzy
ýazdyk». 26 Ertesi gün Pawlus ýaňky adamlary ýanyna
alyp, olar bilen bile etdi. Onsoň olaryň her biri üçin
gurbanlyk berilýänçä, täret günleriniň haçan doljagyny
yglan edip, olar bilen birlikde ybadathana girdi.

### Pawlus tutulýar

27 Bu ýedi gün dolmaga golaýka, aziýaly ýehudylar
ony ybadathanada görüp, bütin halky öjükdirdiler, oňa
el urup: 28 «Eý, Ysraýyl adamlary, kömek ediň! Şu adam
her ýerde, her kese halkymyzyň, Mukaddes Kanunyň
we bu ýeriň tersine sapak berýär. Üstesine-de, grekleri
ybadathana getirip, bu mukaddes ýeri hem haramla-
dy» diýip gygyryşdylar. 29 Çünki olar Pawlusy mundan
öňinçä efesosly Trofimos bilen bilelikde şäherde gö-
rendikleri üçin, Pawlus ony-da ybadathana getirendir
öýdýärdiler. 30 Şeýlelikde, bütin şäher aýaga galyp, halk
her tarapdan ylgady. Pawlusy tutup, ybadathanadan
daşary süýrediler; şol bada-da ybadathananyň gapyla-
ry ýapyldy. 31 Pawlusy öldürjek bolup durkalar, esgerle-
riň müňbaşysyna bütin Iýerusalimiň aýaga galandygy
baradaky habar gelip gowuşdy. 32 Ol hem derrew es-
gerleri, ýüzbaşylary ýanyna alyp, halkyň üstüne eňdi.
Olar müňbaşy bilen esgerleri görenlerinde, Pawlusy
ýençmegi bes etdiler. 33 Şol wagt müňbaşy golaý geldi-
de, Pawlusy tutup, goşa zynjyrlar bilen baglamagy bu-
ýurdy. Onsoň onuň kimdigini, näme edenini sorady.
34 Ýöne halaýykdan biri beýle, beýlekisi eýle diýip gygy-
ransoň, müňbaşy başagaýlyk zerarly belli bir zat bilip
bilmän, Pawlusy gala äkitmegi buýurdy. 35 Pawlus bas-
gançaga gelende, märekäniň dyzamagy sebäpli, es-
gerler ony göterip äkitmeli boldular. 36 Çünki halkyň bir
topary onuň yzyna düşüp: «Ony ýok ediň!» diýip gygy-
ryşýardylar.

### Pawlus özüni goraýar

37 Pawlus ýaňy galanyň içine getirilmeli bolanda,
müňbaşa şeýle diýdi: «Saňa bir zat aýdyp bilerinmi?»
Ol hem: «Sen grekçe bilýärsiňmi? 38 Birnäçe wagt mun-
dan öň topalaň turzup, pitneçilerden dört müň adamy
çöle çykaran müsürli sen dälmi?» diýdi. 39 Pawlus:
«Men bir tarsusly ýehudy, Kilikiýada şöhraty az bolma-
dyk bir şäheriň ilatyndan. Senden haýyş edýärin, maňa
halka söz sözlemäge rugsat et» diýdi. 40 Ol rugsat
edende, Pawlus basgançagyň üstünde durup, halka eli
bilen yşarat etdi. Çuň ümsümlik aralaşansoň, olara
ýewreý dilinde ýüzlenip:

## —NJI BAP

22 «Eý doganlar, atalar! Meniň şindi size sözlejek
sözüme gulak asyň!» diýdi. 2 Olar onuň özlerine
ýewreý dilinde ýüzlenenini eşidenlerinde, ümsümligi
has beter sakladylar. Şonda Pawlus şeýle diýdi: 3 Men
Kilikiýanyň Tarsusynda doglan bir ýehudy; ýöne şu şä-
herde ösdüm, Gamaliýeliň terbiýesi astynda ata-baba-
larymyzyň kanunynyň berk talap edijiligine görä tälim
aldym. Bu gün siziň baryňyzyň bolşuňyz ýaly, men-de
Hudaýa yhlaslydym. 4 Men hem erkekleri, hem-de aýal-
lary tutup, zyndanlara tabşyrmak bilen, Mesih ýolun-
dakylary ölüme çenli yzarladym. 5 Bu babatda baş ru-
hany bilen bütin ýaşulular-da güwä geçerler. Men olar-
dan doganlara hatlar hem alyp, Şamdakylary-da jeza-
landyrmak üçin baglap, Iýerusalime getirmek maksa-
dy bilen Şama tarap ýola düşdüm. 6 Ýol ýöräp, Şama
golaýlanymda, günortanlar birdenkä daş-töweregimde
Gökden bir güýçli nur ýaldyrady. 7 Men ýere ýykyldym,
onsoň bir ses eşitdim, ol maňa: „Saul, Saul, näme üçin
Maňa azar berýärsiň?" diýdi. 8 Men: „Ýa Reb, Sen kim?"
diýdim. Ol maňa: „Men seniň azar berýän Nasyraly
Isaň" diýip jogap berdi. 9 Meniň ýanymdakylar nury
görüp gorkdular, ýöne meniň bilen Gepleşeniň sesini
eşitmediler. 10 Men: „Ýa Reb! Men näme etmeli?" diý-
dim. Reb hem maňa: „Tur, Şama git, etmeli zatlaryň ba-
ry şol ýerde saňa aýdylar" diýdi. 11 Ýaňky nuruň ýalky-
my sebäpli görmez bolanym üçin, ýanymdakylar elim-
den tutup itdiler; şeýlelikde, Şama geldim. 12 Mukad-
des Kanun boýunça takwa bolup, Şamda oturan bütin
ýehudylar arasynda ýagşy ady bolan Hananýa atly bir
adam ýanyma geldi. 13 Ol durup maňa: „Saul dogan!
Gözüň açylsyn" diýdi. Men şol pursatda gözümi açyp,
ony gördüm. 14 Hananýa ýene şeýle diýdi: „Ata-babala-
rymyzyň Hudaýy Öz islegini bilmegiň, Adyly görüp-de,
agzyndan bir ses eşitmegiň üçin seni öňünden belläp
goýdy. 15 Çünki sen gören, eşiden zatlaryň barada bü-
tin adamlaryň öňünde Oňa güwä geçmelisiň. 16 Indi
näme gijikdirýärsiň? Tur, çokundyryl, Ony çagyr-da,
günäleriňden saplan". 17 Men Iýerusalime öwrülip ge-
lip, ybadathanada doga edip otyrkam, özümi ýitirme
ýagdaýyna düşdüm. 18 Ony gördüm, Ol maňa: „Tiz bol-
da, çalt Iýerusalimden git, çünki olar seniň Men hakda
güwäligiňi kabul etmezler" diýdi. 19 Men şeýle diýdim:
„Ýa Reb, olar meniň sinagogadan-sinagoga aýlanyp,
Saňa iman edenleri tussaga atyp, ýenjenimi bilýärler.
20 Seniň şaýadyň Stefanusyň gany dökülende, men
hem şol ýerde durdum, bu işi oňladym, ony öldürenle-
riň egin-eşigini sakladym". 21 Ol maňa: „Bar, Men seni
uzakdaky milletlere ýollajak"» diýdi.

### Rimli Pawlus

22 Olar şu söze deňeç ony diňlediler, onsoň seslerini
gataldyp: «Beýle adamy ýer ýüzünden ýok ediň! Mu-
nuň diri galmagy gelşikli däl» diýdiler. 23 Olar şeýle gy-
gyryşyp, egin-eşiklerini zyňyp, howa tozan sowrup dur-

kalar, 24 müňbaşy märekäniň näme üçin Pawlusa gygy-
ryşýandygyny bilmek üçin, onuň gala äkidilip, dürre bi-
len soraga çekilmegini buýurdy. 25 Ony gaýyş çekiler
bilen baglanlarynda, Pawlus ýanynda duran ýüzbaşa:
«Rimli hem-de höküm edilmedik bir adamy dürrelemä-
ge hakyňyz barmy?» diýdi. 26 Ýüzbaşy muny eşidende
baryp, müňbaşa habar berip: «Bu etjek bolýanyň nä-
me? Bu adam rimli» diýdi. 27 Şonda müňbaşy Pawlusyň
ýanyna gelip: «Maňa aýt, sen rimlimi?» diýip, ondan
sorady. Ol: «Hawa» diýip jogap berdi. 28 Müňbaşy:
«Men bu hukugy kän pul bilen edindim» diýdi. Pawlus:
«Emma men rimli bolup doguldym» diýdi. 29 Şeýlelikde,
ony soraga çekjek bolup duranlar derrew ýanyndan
çekildiler; müňbaşy hem Pawlusyň rimlidigini bilende
gorkdy, çünki ony baglapdy.

### Pawlus ýehudylaryň mejlisiniň öňünde

30 Ol ertesi gün ýehudylaryň Pawlusy nämede aýypla-
ýandygyny takyk bilmek üçin, ony çözdi, baş ruhanylar
bilen bütin mejlise hem ýygnanmagy buýurdy. Onsoň
Pawlusy getirip, olaryň garşysynda duruzdy.

### —NJI BAP

23 Pawlus mejlise nazaryny dikip: «Eý doganlar!
Men Hudaýyň öňünde şu güne çenli sap wyždan
bilen gezdim» diýdi. 2 Baş ruhany Hananýa ýanynda
duranlara onuň agzyna urmagy buýurdy. 3 Pawlus oňa
şeýle diýdi: «Eý agardylan diwar! Seni Hudaý urar! Me-
niň üstümden Mukaddes Kanun boýunça höküm çy-
karmak üçin otyrsyň, özüň bolsaň kanundan çykyp,
meni urmagy buýurýarsyň». 4 Baş ruhanynyň ýanynda
duranlar: «Näme üçin Hudaýyň baş ruhanysyna sög-
ýärsiň?» diýip, ondan soradylar. 5 Pawlus: «Doganlar,
onuň baş ruhanydygyny bilmeýärdim; çünki: „Öz hal-
kyň baştutanyna hapa söz aýtma" diýip ýazylgydyr»
diýdi. 6 Pawlus olaryň bir böleginiň saddukeýlerden,
beýlekisiniň hem fariseýlerdendigini bilip: «Eý dogan-
lar, men fariseý ogly fariseýdirin; meniň üstümden ölü-
leriň direlme umydy üçin höküm çykarylýar!» diýip,
mejlisde gygyrdy. 7 Ol muny aýdanda, fariseýler bilen
saddukeýleriň arasyna agzalalyk düşüp, jemagat ikä
bölündi. 8 Sebäbi saddukeýler ne direlme, ne perişde,
ne-de ruh bar diýýärler, fariseýler bolsa hemmesine
ynanýarlar. 9 Şeýlelikde, uly galmagal turdy, fariseýler
mezhebinden bolan käbir kanunçylar ýokary turdular-
da, dawalaşyp: «Biz bu adamda hiç bir erbetlik görme-
ýäris. Eger bir ruh ýa bir perişde onuň bilen gepleşen
bolsa, onda Hudaýa garşy göreşmäliň» diýdiler. 10 Ag-
zalalyk ula ýazanda, olaryň Pawlusy parçalamaklaryn-
dan heder eden müňbaşy esgerlere aşak düşüp, ony
olaryň arasyndan zor bilen alyp, gala äkitmegi buýur-
dy. 11 Şol gije Reb Pawlusyň ýanyna gelip, oňa: «Batyr
bol! Çünki sen Men barada Iýerusalimde nähili güwä
geçen bolsaň, Rimde-de şeýle güwä geçmelisiň» diýdi.

### Pawlusy öldürme barada dildüwşük

12 Ertesi gün ýehudylar biri-birleri bilen dil birikdirip:
«Pawulsy öldürýänçäk, iýsek, içsek bize lagnat bolsun»
diýip kasam etdiler. 13 Bu dildüwşüge gatnaşanlaryň
sany kyrkdan hem köpdi. 14 Olar baş ruhanylaryň, ýa-
şulularyň ýanyna gelip şeýle diýdiler: «Biz Pawlusy öl-
dürýänçäk bir zat datsak, bize lagnat bolsun diýip ka-
sam etdik. 15 Şeýlelikde siz mejlis bilen bilelikde Pawlu-
syň işine has takyk garamak bahanasy bilen, Pawlusy
ýanyňyza getirmegini müňbaşydan haýyş ediň; biz-de
gelip ýetmänkä, ony öldürmäge taýyn». 16 Emma Paw-
lusyň ýegeni olaryň dildüwşük guranyny eşidip, gala
bardy-da, muny Pawlusa habar berdi. 17 Pawlus hem
ýüzbaşylaryň birini ýanyna çagyryp: «Bu ýigidi müňba-
şynyň ýanyna elt, çünki oňa habar bermeli zady bar»
diýdi. 18 Şeýlelikde, ýüzbaşy ony alyp, müňbaşynyň ýa-
nyna getirdi we: «Tussag Pawlus meni ýanyna çagyryp,
şu ýigidi saňa getirmegimi haýyş etdi. Onuň saňa aýt-
jak zady bar eken» diýdi. 19 Müňbaşy ýigidiň elinden tu-
tup, bir gyra çekildi we ondan: «Maňa habar bermeli
zadyň näme?» diýip sorady. 20 Ol şeýle jogap berdi:
«Ýehudylar Pawlusyň işini has takyk barlamak bahana-
sy bilen, ony ertir mejlise getirmegi senden haýyş et-
mek üçin dilleşdiler. 21 Ýöne sen olara gulak asma, çün-
ki olaryň kyrkdan gowrak adamy Pawlusa bukuda ga-
raşýar, olar Pawlusy öldürýänçäk, iýsek, içsek bize lag-
nat bolsun diýip kasam etdiler. Şindi olar taýýar, seniň
razyçylygyňa garaşýarlar». 22 Müňbaşy: «Muny maňa
habar bereniňi hiç kime aýtma» diýip tabşyryp, ýigidi
ugratdy.

### Pawlus Kaýsariýa iberilýär

23 Onsoň ýüzbaşylaryndan ikisini ýanyna çagyryp,
şeýle tabşyryk berdi: «Gije sagat üçde Kaýsariýa git-
mek üçin iki ýüz esger, ýetmiş atly, iki ýüz naýzadar ta-
ýynlaň. 24 Pawlusy mündürip, sag-aman häkim Felikse
gowşurar ýaly-da, ulaglar taýýarlaň». 25 Onsoň müňba-
şy şeýle hat ýazdy: 26 Klawdius Lisiýas hormatly häkim
Felikse salam aýdýar. 27 Ýehudylar bu adamy tutup, öl-
dürjek bolup durkalar, men onuň rimlidigini bilip, es-
gerlerim bilen ýetişip, ony olaryň elinden halas etdim.
28 Ony nämede aýyplaýanlaryny bilmek isläp, olaryň
mejlisiniň öňüne çykardym. 29 Ony öz kanunlary bara-
daky jedelli pikirler üçin aýyplaýandyklaryny bildim,
ýöne ondan ölüme ýa tussaglyga mynasyp bir ýazyk
tapmadym. 30 Bu adamyň janyna ýehudylaryň kast et-
jek bolýandygy maňa habar berlende bolsa, ony der-
rew saňa ýollap, şikaýatçylara-da şikaýatlaryny seniň
huzuryňda aýtmaklaryny buýurdym. Hoş gal». 31 Esger-
ler özlerine buýrulyşy ýaly, Pawlusy alyp, gije Antipatri-
se getirdiler. 32 Ertesi gün hem atlylary onuň bilen ug-
radyp, özleri yzlaryna gala gaýtdylar. 33 Atlylar Kaýsari-
ýa gelip, haty häkime berdiler-de, Pawlusy onuň huzu-
ryna çykardylar. 34 Häkim haty okap, Pawlusyň haýsy

welaýatdandygyny sorady; onuň Kilikiýadandygyny bi-
lende bolsa: 35 «Seni şikaýatçylaryň gelende diňlärin»
diýdi-de, ony Hirodes saraýynda saklamagy buýurdy.

## —NJI BAP

### Pawlus Feliksiň öňünde aýyplanýar

24 Bäş günden soň, baş ruhany Hananýa ýaşulular
we Tertullus atly bir garalawjy bilen geldi; bular
häkime Pawlus barada şikaýat etdiler. 2 Pawlusy çagyr-
dylar. Tertullus ony aýyplamaga başlap diýdi: 3 Eý hor-
matly Feliks, seniň saýaňda uly parahatlyga gowşandy-
gymyzy, seniň aladaň arkaly bu millet üçin çäreleriň
görlendigini, biz hemişe we her ýerde uly minnetdar-
lyk bilen boýun alýarys. 4 Emma seni köp güýmemezlik
üçin, özüňe mahsus mylakatlylygyň bilen, bizi sähelçe
diňlemegiňi haýyş edýärin. 5 Biz bu adamy başymyza
inen bela hem-de Ýer ýüzündäki bütin ýehudylar ara-
synda topalaňçy we nasyraly mezhebiniň baştutanlary-
nyň biri diýip bilýäris. 6 Ol ybadathanany-da haramla-
maga çalyşdy. Biz ony tutduk. Öz kanunymyz esasynda
onuň üstünden höküm çykarmak isledik. 7 Ýöne müň-
başy Lisiýas gelip, uly zorluk bilen ony elimizden aldy.
8 Onuň şikaýatçylaryna seniň huzuryňa gelmegi buýur-
dy. Seniň özüň hem ony soraga çekip, biziň ony aýypla-
ýan zatlarymyzyň barynyň anygyna ýetip bilersiň».
9 Ýehudylar hem munuň şeýledigini tassyklap, Pawlusa
gönükdirilen bu aýyplamalara goşuldylar. 10 Häkim
geple diýip, Pawlusa ümläninde, Pawlus şeýle jogap
berdi: «Seniň köp ýyllardan bäri bu milletiň kazysdy-
gyňy bilýänligim üçin, özümi begenç bilen gorajak.
11 Meniň Iýerusalime ybadat etmäge gidenime on iki
günden köp bolmandygyny özüň hem anyklap biler-
siň. 12 Olar meniň ne ybadathanada, ne sinagogalarda,
ne şäherde biri bilen jedelleşip duranymy, ne-de halky
aýaga galdyranymy gördüler. 13 Bular maňa ýöňkeýän
aýyplaryny saňa subut edip bilmezler. 14 Ýöne şuny sa-
ňa ykrar edýärin: men Mukaddes Kanun esasyndaky
her bir zada, pygamberler kitabynda ýazylanlaryň ähli-
sine iman edip, bularyň azgyn mezhep diýýän Ýoly bo-
ýunça ata-babalarymyň Hudaýyna hyzmat edýärin.
15 Bularyň özüniň hem kabul edişi ýaly, hem dogrula-
ryň, hem egrileriň ölümden direlmegini Hudaýdan
umyt edýärin. 16 Şonuň üçin hem Hudaýyň, hem-de
adamlaryň öňünde elmydam sap wyždanly bolmaga
çalyşýaryn. 17 Men köp ýyldan soň milletime sadaka,
gurbanlyk bermäge geldim. 18 Bu zatlar bilen gümra
bolup ýörkäm, meni täretli ýagdaýda ybadathanada
gördüler; ne üýşmeleň, ne-de başagaýlyk bardy. 19 Ýö-
ne ol ýerde Aziýadan bolan käbir ýehudylar bardy. Ola-
ryň-da maňa garşy bir zatlary bolan bolsa, şu ýerde se-
niň huzuryňda durup, meni aýyplamaklary gerekdi.
20 Mejlisiň öňünde duranymda, menden näme ýazyk
tapan bolsalar, goý, bularyň özleri aýtsyn. 21 Şeýle bol-
sa, olaryň ortasynda durkam: „Bu gün ölüleriň direl-
megi hakda siziň huzuryňyzda meniň üstümden hö-
küm çykarylýar" diýip aýdan şu ýekeje sözüm üçindir».
22 Mesih ýoly hakda has takyk maglumaty bolan Feliks
işi soňa goýup: «Dawaňyz hakda müňbaşy Lisiýas ge-
lende karar çykararyn» diýdi. 23 Onsoň ýüzbaşa Pawlu-
sy saklap, oňa ýeňillik bermegi, oňa garaşyk etmekleri
üçin, dostlarynyň ýanyna gelmegini bökdemezligi bu-
ýurdy. 24 Birnäçe günden soň bolsa Feliks öz ýehudy
aýaly Deusilla bilen geldi-de, Pawlusy getirdip, onuň
Mesihe iman hakda aýdýan gürrüňlerini diňledi.
25 Pawlus dogrulyk, nebsiňe buýurma hem geljek hö-
küm hakda gürrüň berende, Feliks gorkup: «Häzirlikçe
git, pursat tapan mahalym seni çagyrdaryn» diýdi.
26 Şol bir wagtda-da boşadylmagy üçin Pawlus özüne
pul berer diýip umyt edýärdi. Şonuň üçin hem Pawlusy
ýygy-ýygydan çagyryp, onuň bilen söhbet edýärdi.
27 Şeýlelikde, iki ýyl geçip, Feliksiň ýerine Porkius Fes-
tus geldi. Feliks ýehudylaryň göwnüni awlamak üçin,
Pawlusy zyndanda galdyryp gitdi.

## —NJI BAP

### Pawlus Festusyň öňünde

25 Festus welaýata gelenden üç gün soň, Kaýsari-
ýadan Iýerusalime gitdi. 2 Baş ruhanylar bilen
ýehudylaryň ululary oňa Pawlusyň üstünden şikaýat
etdiler. 3 Ondan haraý isläp, Pawlusy Iýerusalime ge-
tirtmegi haýyş etdiler. Olar buky gurap, Pawlusy ýolda
öldürmegiň niýetindediler. 4 Festus Pawlusyň Kaýsari-
ýada zyndandadygyny, özüniň bolsa basym ol ýere git-
jekdigini aýtdy. 5 Onsoň: «Araňyzdaky sözi ötýän adam-
lar meniň bilen gelip, ol adamyň ýazykly ýeri bar bolsa,
ony aýyplasynlar» diýdi. 6 Ol olaryň arasynda sekiz-on
günden artyk galman, Kaýsariýa gaýtdy. Ertesi gün hö-
küm kürsüsinde oturyp, Pawlusyň getirilmegini buýur-
dy. 7 Pawlus gelende, Iýerusalimden baran ýehudylar
onuň daşyny alyp, oňa subut edip bilmedik köp hem
agyr aýyplaryny ýöňkediler. 8 Pawlus özüni gorap:
«Men ne ýehudylaryň kanunyna, ne ybadathana, ne-
de kaýsara garşy günä etdim» diýdi. 9 Festus ýehudyla-
ryň göwnünden turmak üçin, Pawlusa: «Iýerusalime
gidip, şol ýerde bu babatda üstüňden höküm çykarma-
gymy isleýärsiňmi?» diýdi. 10 Emma Pawlus şeýle diýdi:
«Men kaýsaryň höküm kürsüsi öňünde durun, meniň
üstümden şu ýerde höküm çykarylmalydyr; men ýehu-
dylara hiç bir ýamanlyk edemok, muny seniň özüň
hem oňat bilýänsiň. 11 Men ýamanlyk eden bolsam ýa
ölüme mynasyp etmiş eden bolsam, ölümden gaçma-
ýaryn; bularyň maňa ýöňkeýän aýyplary esassyz bolsa,
onda hiç kim meni bularyň eline berip bilmez. Men da-
wamy kaýsara arz edýärin». 12 Onsoň Festus mejlis bi-
len maslahatlaşyp: «Dawaňy kaýsara arz etdiň, kaýsa-
ra-da gidersiň» diýdi.

### Festus Agrippa patyşa geňeşýär

13 Birnäçe gün geçenden soň, Agrippa patyşa bilen
Beriniki Kaýsariýa, Festusa salama geldiler. 14 Olar köp

wagt ol ýerde galanlaryndan soň, Festus Pawlusyň işi-
ni patyşa gürrüň berip, şeýle diýdi: «Feliksiň tussag
edip goýan bir adamy bar. 15 Men Iýerusalimdekäm,
ýehudylaryň baş ruhanylary, ýaşululary oňa garşy hö-
küm sorap, onuň üstünden şikaýat etdiler. 16 Men ola-
ra: „Aýyplanýany şikaýatçylary bilen ýüzleşdirmän, oňa
ýöňkelýän aýyp barada özüni goramaga pursat ber-
män, höküm etmek rimlileriň adaty däldir" diýip jogap
berdim. 17 Olar bu ýere üýşenlerinde bolsa eglemän,
ertesi gün höküm kürsüsinde oturyp, ol adamyň geti-
rilmegini buýurdym. 18 Ýöne şikaýatçylar galanlarynda,
meniň oslan aýyplarymyň hiç birini ýöňkemediler.
19 Olaryň öz dinleri hem-de bir Isa atly ölen, ýöne Paw-
lusyň diri diýýän şahsy hakda käbir jedelleri bar eken.
20 Men bu zatlar baradaky jedelden aljyrap, ondan:
„Iýerusalime gidip, ol ýerde bu zatlar babatda özüňe
höküm edilmegini isleýärsiňmi?" diýip soradym. 21 Ýö-
ne Pawlus dawasyny Awgustusyň hökümine saklama-
gy haýyş edensoň, kaýsara ýollaýançam, ony tussag-
lykda saklamagy buýurdym». 22 Agrippa Festusa: «Men
hem şol adamyň gürrüňini diňlemek isleýärin» diýdi.
Ol-da: «Ertir ony diňlärsiň» diýdi.

### Pawlus Agrippanyň öňünde

23 Ertesi gün Agrippa, Berniki uly dabarada gelip,
müňbaşylar, şäheriň atly-abraýly adamlary bilen birlik-
de zala girenlerinde, Festusyň buýrugy boýunça Paw-
lusy getirdiler. 24 Festus şeýle diýdi: «Eý, Agrippa patyşa
we şu ýerdäki ähli adamlar! Siz bu adamy görýärsiňiz;
hem Iýerusalimde, hem-de şu ýerde ähli ýehudy jema-
gaty maňa ondan şikaýat edip: „Ol mundan artyk diri
galmaly däl!" diýip gygyryşdylar. 25 Emma men onuň
ölüme mynasyp iş edenini tapmanym üçin, özüniň
hem dawasyny Awgustusa arz edeni üçin, ony ýolla-
magy karar etdim. 26 Ol hakda tagsyra ýazar ýaly belli
bir zadym ýok. Şonuň üçin-de derňew geçirilenden
soň, ýazmaga bir zadym bolsun diýip, ony siziň huzu-
ryňyza, ylaýta-da, eý Agrippa patyşa, seniň huzuryňa
çykardym. 27 Sebäbi, bir tussagy ýollap, oňa ýöňkelýän
aýyplary bildirmezlik maňa manysyz görünýär».
26 Agrippa patyşa Pawlusa: «Saňa özüňi gorap
geplemäge rugsatdyr» diýdi. Ine, şonda Pawlus
elini uzadyp, özüni goramaga durdy: 2 Eý Agrippa paty-
şa! Ýehudylaryň meni aýyplaýan bütin zatlary babatda
özümi bu gün seniň öňüňde goramalydygym üçin men
özümi bagtly saýýaryn. 3 Çünki, ýehudylaryň ähli adat-
laryndan, jedelli pikirlerinden seniň habaryň bar. Şo-
nuň üçin hem meni sabyrlylyk bilen diňlemegiňi haýyş
edýärin. 4 Meniň öz milletimiň arasynda, Iýerusalimde
geçen durmuşymy başlangyçdan, ýaşlygymdan bäri
bütin ýehudylar bilýärler. 5 Güwä geçmek isleýän bol-
salar, meni köp wagtdan bäri tanaýarlar. Men dinimi-
ziň iň berk mezhebi boýunça fariseý bolup ýaşadym.
6 Şindi hem Hudaý tarapyndan ata-babalarymyza ber-
len wada umyt baglanym üçin diwan öňünde durun.
7 Halkymyzyň on iki taýpasy gije-gündiz Hudaýa yhlasly
gulluk edip, bu wada ýetmegi umyt edýär. Eý patyşa,
men şu umyt üçin ýehudylar tarapyndan aýyplanýa-
ryn. 8 Hudaýyň ölüleri direltmegi näme üçin sizde bol-
majak zat saýylýar? 9 Dogrusy, Nasyraly Isanyň adyna
garşy köp zatlary etmegi men öz ýanymdan wajyp bil-
ýärdim. 10 Muny-da Iýerusalimde etdim; baş ruhanylar-
dan ygtyýar alyp, imanlylaryň köpüsini zyndanlara sal-
dym, öldürilmeli bolanlarynda ses berdim. 11 Olary bü-
tin sinagogalarda öwran-öwran jezalandyryp, Isa dil
ýetirmäge mejbur etdim. Olara garşy çendenaşa gu-
duzlap, olary hatda ýat şäherlere çenli yzarladym.
12 Munuň üçin baş ruhanylaryň ygtyýary we ýumşy bi-
len Şama barýarkam, 13 Eý patyşa, günortanlar ýolda
Gökden meniň we meniň bilen barýanlaryň daş-töwe-
regini ýagtyldan, Günüň şöhlesinden hem güýçli bir
nur gördüm. 14 Barymyz ýere ýykylanymyzda, bir ses
eşitdim. Ol maňa ýewreý dilinde: „Saul, Saul, näme
üçin Maňa azar berýärsiň? Çişe depmek saňa kyndyr"
diýdi. 15 Men: „Ýa Reb, Sen kimsiň?" diýdim. Reb şeýle
diýdi: „Men seniň azar berýän Isaň. 16 Hany, dikel-de,
aýak üstüne gal; çünki Men saňa gören zatlaryňa hem-
de içinde aýan boljak zatlaryma hyzmatkär hem güwä
edip bellemek üçin göründim. 17 Men seni öz halkyň
we başga milletleriň içinden çykaryp halas ederin.
18 Olar tümlükden nura, şeýtanyň gol astyndan Huda-
ýa döner ýaly, şeýle hem Maňa bolan iman bilen günä-
leri bagyşlanyp, mukaddeslenenleriň arasyndan miras
alar ýaly, gözlerini açmak üçin, seni olara ýollaýaryn".
19 Eý Agrippa patyşa, şonuň üçin hem men Gökden ge-
len görnüşe gulak asmazlyk etmedim. 20 Ilki Şamdaky-
lary, Iýerusalimde we bütin Ýahuda ýurdundakylary
hem-de başga milletleri toba edip, Hudaýa dönmäge,
toba mynasyp iş bitirmäge çagyrdym. 21 Şonuň üçin
ýehudylar meni ybadathanada tutup, öldürjek boldu-
lar. 22 Indi maňa Hudaýyň hemaýaty nesip bolany üçin,
men hem kiçä, hem ula şu güne çenli güwä geçip ýö-
rün. Men pygamberler bilen Musanyň boljagyny aýdan
zatlaryndan, 23 ýagny Mesihiň görgi görmeli bolandy-
gyndan, ölümden ilkinji direlen hökmünde hem öz hal-
kymyza hem özge milletlere nury yglan etmelidiginden
başga hiç zady aýdamok». 24 Ol şeýdip, özüni gorap
durka, Festus gaty ses bilen: «Pawlus, sen däliräpsiň!
Okumyşlyk seni dälilige eltipdir» diýdi. 25 Pawlus oňa
şeýle jogap berdi: «Eý, hormatly Festus, men dälirä-
mok, diňe hakykat we sagdyn paýhas sözlerini aýdýa-
ryn. 26 Meniň huzurynda gaýratlylyk bilen gürleýän pa-
tyşam bu zatlardan habarlydyr. Bularyň hiç biriniň on-
dan ýaşyryn däldigine ynanýaryn, sebäbi bular bir
künjekde ýüze çykan zatlar däl. 27 Agrippa patyşa! Sen
pygamberlere iman edýärsiňmi? Iman edýäniňi bilýä-
rin». 28 Agrippa Pawlusa: «Meni az salymyň içinde yryp,
mesihi etjek bolýarsyňmy?» diýdi. 29 Pawlus oňa: «Men,
az bolsun, köp bolsun, diňe sen däl, eýsem, şu gün
meni diňleýänleriň bary hem şu zynjyrlarsyz meniň ýa-
ly bolardylar diýip, Hudaýdan dileýärin» diýdi. 30 Paty-

şa, häkim, Berniki we olar bilen oturanlar bu sözleri eşidenlerinde, ýerlerinden galdylar. 31 Olar daşaryk çykanlarynda özara gürleşip: «Bu adam ölüme ýa-da tussaglyga mynasyp bir iş etmändir» diýişdiler. 32 Agrippa Festusa: «Ol dawasyny kaýsara arz etmedik bolsady, ony boşatmak bolardy» diýdi.

## —NJI BAP

### Pawlus gämili Rime ugraýar

27 Gämä münüp, Italiýa gitmegimiz karar edilende, Pawlus bilen ýene-de birnäçe tussagy Awgustus goşunyndan bolan Ýulius atly ýüzbaşa tabşyrdylar. 2 Şeýlelikde, Aziýa welaýatynyň kenarlaryndaky ýerlere barýan Edremit gämisine münüp ýola düşdük. Ýanymyzda Salonikden bolan makedoniýaly Aristarhos hem bardy. 3 Ertesi gün Saýda gelip ýetdik; Pawlusa ynsanperwerlik eden Ýulius oňa öz dostlary garaşyk etsin diýip, olaryň ýanyna gitmegine rugsat etdi. 4 Ol ýerden ýola düşüp, Kipriň ygyndan geçdik, çünki ýel garşymyzdandy. 5 Kilikiýa we Pamfiliýanyň garşysyndaky deňizden geçip, Likiýanyň Mira şäherine geldik. 6 Ýüzbaşy şol ýerde Italiýa gitjek bolup duran bir Isgenderiýa gämisini tapyp, bizi oňa mündürdi. 7 Ençeme günläp assa gidip, zordan Knidosyň deňine baranymyzda, ýel oňaýsyz bolany üçin, Giridiň ygy bilen Salmonäniň deňinden geçdik. 8 Kenara golaý ýüzüp, Owadan duralgalar diýen ýere zordan geldik. Onuň golaýynda Lasea şäheri bardy. 9 Köp wagt ötüpdi. Hatda oraza hem geçip, indi ýola düşmek hatarly bolany üçin, Pawlus olara nesihat berip: 10 «Adamlar! Görýän welin, ýola düşmek diňe ýüke, gämä däl, eýsem, janlarymyza-da azaply, köp zyýanly boljak» diýdi. 11 Emma ýüzbaşy Pawlusyň aýdanyna gulak asman, gämiçi bilen gäminiň hojaýynyna ynandy. 12 Ýöne duralga gyşlamaga ýaramly bolmany üçin, adamlaryň köpüsi, başartsa, bu ýerden gidip, Giridiň demirgazyk-günbatara we günorta-günbatara bakyp duran duralgasy bolan Fenikse baryp gyşlamagy maslahat bildiler.

### Gaý

13 Şeýlelikde, günorta şemaly ýuwaşja öwüsmäge başlanda, öz maksatlaryna ýetendirler öýdüp, labyry çekdiler-de, Giridiň golaýy bilen ýola düşdüler. 14 Ýöne kän wagt geçmänkä, ada tarapdan Ewroklidon diýilýän güýçli ýel turdy. 15 Ýel gämä urup, onuň öňünde durmak başartmansoň, ondan el üzüp, şol ugra kowuldyk. 16 Klawda diýen bir kiçijik adanyň yk tarapyna ýetenimizde, gaýyga erk etmegi zordan başardyk. 17 Gaýygy ýokary çekip, gämini daşyndan tanap bilen berk bagladylar-da, Sirtiň daşly saýlaryna düşmekden gorkup, ýelkeni inderdiler. Şeýdip, ýeliň ugruna kowuldyk. 18 Gaýdan ýaňa agyr horluk çekenimiz üçin, ertesi gün gämiden ýük zyňmaga başladylar. 19 Üçünji gün gäminiň şaýlaryny-da öz elleri bilen zyňdylar. 20 Ençeme günläp Gün, ýyldyz görünmänsoň, güýçli tupan sowulmansoň, iň soňunda gutulma umydymyzy bütinleý ýitirdik. 21 Köp wagtlap naharsyz galnansoň, Pawlus gämidäkileriň ortasynda durup, şeýle diýdi: «Eý adamlar! Meniň aýdanlaryma gulak asyp, Giritden aýrylman, bu azapdyr zyýany çekmeli däldik. 22 Ýöne size aýdýaryn, arkaýyn boluň, çünki siziň araňyzda heläk boljak adam ýok, diňe gämi dargajak. 23 Sebäbi Özüniňki bolup, Özüne gulluk edýän Hudaýymyň bir perişdesi öten agşam ýanymda durup: 24 „Gorkma, Pawlus. Sen kaýsaryň öňünde durmalysyň. Hudaý seniň bilen barýanlaryň baryny, ine, saňa bagyşlady" diýdi. 25 Şonuň üçin, adamlar, arkaýyn boluň, özüme aýdylyşy ýaly boljakdygyna meniň Hudaýa ynamym bar. 26 Ýöne biz bir ada düşmelidiris».

### Gämi batýar

27 On dördünji gije gelende, biz Adriatik deňzinde her ýana kowlup ýörkäk, ýarygije towerekleri deňizçiler gury ýeriň ýakynlaşýandygyny çakladylar. 28 Çuňlugy ölçänlerinde, ýigrimi gulaç çykdy; biraz ilerlänlerinden soň, ýene ölçänlerinde, on bäş gulaç çykdy. 29 Gaýalyga düşmekden gorkup, arka tarapdan dört labyr atdylarda, gündiz bolsun diýip doga etdiler. 30 Deňizçiler gämiden gaçjak bolup, öň tarapdan labyr atmak bahanasy bilen, gaýygy deňze inderenlerinde, 31 Pawlus ýüzbaşy bilen esgerlere: «Bular gämide galmasalar, siz gutulyp bilmersiňiz» diýdi. 32 Şeýlelikde, esgerler gaýygyň tanaplaryny kesip, ony aşak gaçyrdylar. 33 Daň saz berip barýarka, Pawlus naharlanmaklary üçin, hemmelere ýalbaryp, şeýle diýdi: «Hiç zat iýmän, garaşyp, naharsyz galanyňyza şu gün on dört gün boldy. 34 Munuň üçin, haýyş edýärin, naharlanyň. Bu siziň gutulmagyňyz üçindir, çünki hiç biriňiziň başyňyzdan bir tüý-de kemelmez». 35 Ol muny aýdyp, eline çörek aldy, hemmäniň öňünde Hudaýa şükür etdi-de, bölüp iýmäge başlady. 36 Şeýlelikde, hemmeler arkaýynlaşyp, naharlandylar. 37 Gämide biziň jemimiz iki ýüz ýetmiş alty adamdy. 38 Nahardan doýanlaryndan soň, bugdaýy deňze döküp, gämini ýeňletdiler. 39 Gün doganda, ol ýeri tanamadylar; onsoň kenary çägelik bir aýlag görüp, başartsa, gämini şol ýere sürmeli diýen karara geldiler. 40 Labyrlary kesip, deňze goýberen batlaryna, ruluň tanaplaryny çözdüler-de, öňdäki ýelkeni ýele galdyryp, göni kenara ugradylar. 41 Onsoň bir burna düşüp, gämini saýa çykardylar. Gäminiň başy batyp, gymyldysyz galdy, arka tarapy bolsa gomlaryň zoruna dargap başlady. 42 Tussaglaryň hiç biri ýüzüp gaçmaz ýaly, esgerler olary öldürmegiň niýetindediler. 43 Emma ýüzbaşy Pawlusy halas etmek isläp, olary niýetlerinden dändirdi. Onsoň ýüzüp bilýänler gämiden özlerini öňürti zyňsynlar, 44 galanlary hem käsi tagtalar, käsi-de gäminiň döwükleri bilen gury ýere çyksynlar diýip buýruk berdi. Şeýlelikde, ählisi gury ýere çykyp gutuldylar.

## —NJI BAP

### Maltada

28 Halas bolanymyzdan soň, adanyň adynyň Mal-
tadygyny bildik. 2 Ýerli halk bize adatdan daşary
ynsanperwerlik görkezdi; ýagyş ýagyp, sowuk bolan-
soň, ot ýakyp, hemmämizi myhman aldylar. 3 Pawlus
bir üýşmek çöpleme çöpläp, oduň üstüne goýanda, bir
zäherli ýylan oduň howrundan gaçyp, onuň eline ýa-
pyşdy. 4 Ýerli halk onuň elinden ýylanyň sallanyp dur-
şuny görende: «Her niçik-de bolsa, bu adam ganhor-
dyr. Deňizden gutulan hem bolsa, Adalat taňrysy ony
ýaşatmady» diýişdiler. 5 Ýöne Pawlus elini silkip, ýylany
oduň içine zyňdy, hiç bir zyýan hem görmedi. 6 Olar
onuň çişmegine ýa-da birden ölüp ýykylmagyna garaş-
dylar. Köp garaşyp, oňa zelelli hiç zadyň bolmanyny
görenlerinde, pikirlerini üýtgedip: «Ol bir taňry!» diýiş-
diler. 7 Ol ýeriň golaýynda adanyň Publius atly başlygy-
nyň emlägi bardy. Ol bizi myhman alyp, üç gün hezzet-
hormat etdi. 8 Şol wagt Publiusyň atasyny ysytma, gan-
ly içgeçme tutup ýatyrdy. Pawlus onuň ýanyna baryp,
doga etdi-de, ellerini onuň üstüne goýup, ony sagalt-
dy. 9 Bu wakadan soň, adadaky beýleki syrkawlar-da
gelip şypa tapdylar. 10 Bular hem bizi köp sylaglar bilen
hormatladylar, ýola düşüp barýarkak, gerek-ýaraklary-
myzy gämä ýüklediler.

### Rime geliş

11 Biz üç aýdan soň, Isgenderiýanyň şol adada gyşlan
Ekizler belgili gämisi bilen ýola düşdük. 12 Sirakusa ba-
ryp, üç gün galdyk. 13 Ol ýerden aýlanyp, Regiuma ge-
lip ýetdik. Bir günden soň, günorta ýeli turany üçin,
ikinji güni Puteola geldik. 14 Ol ýerde birnäçe dogany
tapdyk. Olar bizden ýedi günläp ýanlarynda galmagy-
myzy haýyş etdiler. Şeýlelik bilen, Rime geldik. 15 Rim-
däki doganlar bizden habarly bolanlarynda, ol ýerden
Appius Forumyna we Üç Myhmanhana çenli bizi garşy-
lamaga geldiler. Pawlus olary görende, Hudaýa şükür
etdi, gaýratlandy. 16 Rime baranymyzda, ýüzbaşy tus-
saglary serkerdä tabşyrdy, Pawlusa bolsa özüne gö-
zegçilik edýän esger bilen birlikde, özbaşdak galmaga
rugsat etdiler.

### Pawlus Rimde wagyz edýär

17 Üç günden soň Pawlus ýehudylaryň ulularyny ça-
gyrdy. Üýşenlerinde, olara şeýle diýdi: «Eý doganlar!
Men halkyň garşysyna, ata-baba adatlarynyň garşysy-
na hiç zat etmesem hem, tussag edilip, Iýerusalimden
rimlileriň eline berildim. 18 Olar meni soraga çekenle-
rinden soň, boşatjak boldular, çünki meni öldürmäge
hiç bir esas ýokdy. 19 Emma ýehudylar garşy çykanla-
rynda, men kaýsara arz etmäge mejbur boldum, ýöne
öz milletimden nägileligim ýok. 20 Men sizi şu babatda
görüşmek, gepleşmek üçin çagyrdym, sebäbi men Ys-
raýylyň umydy üçin bu zynjyr bilen bagly». 21 Olar-da
oňa diýdiler: «Bize sen hakda Ýahudadan ne hatlar go-
wuşdy, ne-de doganlardan biri gelip, sen hakda habar
berdi ýa-da erbet zat aýtdy. 22 Ýöne seniň nähili düşün-
jeleriň bardygyny özüňden eşidesimiz gelýär, çünki her
ýerde bu mezhebiň ýamanlanýandygy bize mälim».
23 Şeýlelikde, bir güni belläp, köp adamlar onuň ýany-
na, bolýan ýerine geldiler. Ol hem Hudaýyň Patyşaly-
gyna güwä geçmek bilen, olara hakykaty düşündirdi. Ir
ertirden giç agşama çenli Musanyň kanunyna, pygam-
berler ýazgysyna salgylanyp, olary Isa ynandyrmaga
çalyşdy. 24 Aýdylan zatlara käbiri ynandy, käbiri ynan-
mady. 25 Olar özara ylalaşman, Pawlus bu soňky sözi
aýdandan soň gitdiler: «Mukaddes Ruh Işaýa pygam-
ber arkaly atalarymyza 26 Bar, bu halka aýt: Eşidýän gu-
laklar bilen eşidip, düşünmersiňiz; Görýän gözler bilen
görüp, seljermersiňiz; 27 Çünki bu halkyň ýüregi gata-
dy, gulaklary agraldy, gözlerini-de ýumdular. Beýle bol-
masa, gözleri bilen görüp, gulaklary bilen eşidip, ýü-
rekleri bilen düşünip, Maňa tarap öwrülerdiler, Men-de
olara şypa bererdim". 28 Şeýlelikde, Hudaýyň bu gutuly-
şynyň ýehudy dällere iberilendigini indi biliň, olar diň-
lär». 29 Pawlus muny aýdandan soň, ýehudylar öz ara-
larynda köp jedelleşip gitdiler. 30 Şeýlelikde, Pawlus tu-
tuş iki ýyllap öz kireýine tutan jaýynda bolup, ýanyna
gelenleriň baryny kabul etdi. 31 Hudaýyň Patyşalygyny
wagyz edip, Reb Isa Mesihe degişli zatlary bütin gaý-
ratlylyk bilen bökdençsiz öwretdi.

# Rimliler

—NJI BAP

## Salamlar

1 Isa Mesihiň guly, resullyga çagyrylyp, Hudaýyň
Hoş Habaryna saýlanan men Pawlusdan salam!
2 Hudaýyň pygamberleri arkaly Mukaddes Ýazgylarda
öňden wada eden ol Hoş Habary 3 Ten boýunça Dawu-
dyň tohumyndan bolup, 4 mukaddeslik ruhy boýunça
ölümden direlmegi arkaly Hudaýyň Ogludygy gudrat
bilen subut bolan Öz Ogly, Rebbimiz Isa Mesih hakda-
dyr. 5 Biz Onuň adynyň hatyrasyna bütin milletlerde
imana tabynlyk oýarmak üçin Ol arkaly merhemet we
resullyk aldyk. 6 Siz hem Isa Mesih tarapyndan çagyry-
lanlar hökmünde şol milletler arasyndasyňyz. 7 Huda-
ýyň Rimdäki ähli eý görýänleri we mukaddeslige çagy-
rylan size Atamyz Hudaý we Reb Isa Mesih merhemet
etsin, parahatlyk bersin.

## Pawlus Rimdäkileri küýseýär

8 Ilki bilen, imanyňyzyň bütin dünýäde yglan edilýän-
ligi sebäpli, baryňyz üçin Isa Mesih arkaly Hudaýyma
şükür edýärin. 9 Çünki Hudaýyň islegi bilen ahyrsoňy
indi hoşbagtlyk tapyp, bir tär bilen size gelmezmikäm
diýip ýalbaryp, 10 elmydam dogalarymda sizi birsyhly
ýatlaýanyma Oglunyň Hoş Habarynda ruhum bilen
gullugyny edýän Hudaýym güwämdir. 11 Çünki men,
berkitjek bir ruhy sylaga ýetirmek üçin, sizi görmegi
gaty küýseýärin. 12 Islegim özüm araňyzdakam sizde
we mende, biri-birimizde bolan iman arkaly bilelikde
teselli tapmagymyzdyr. 13 Eý doganlar, men beýleki
milletler arasynda bolşy ýaly, siziň araňyzda-da hasy-
lym bolsun diýip, ýanyňyza gelmegi telim gezek ýüre-
gime düwenimiň, ýöne şu wagta çenli päsgelçilige ga-
bat gelenimiň size nämälim bolup galmagyny isleme-
ýärin. 14 Men greklere hem warwarlara, akyldarlara
hem nadanlara borçludyryn. 15 Şeýlelikde, elimden ge-
leni aýaman, siz Rimdäkilere-de Hoş Habary wagyz et-
mäge taýyn. 16 Çünki men Hoş Habara utanmaýaryn,
sebäbi ol her bir iman edene, ilki bilen ýehudylara we
soňra greklere Hudaýyň gutulma güýjüdir. 17 Çünki:
«Dogry adam iman bilen ýaşar» 18 Sebäbi Hudaýyň ha-
kykaty nädogrulykda saklaýan adamlaryň bütin hudaý-
syzlyk we nädogrulygyna edýän gahar-gazaby Gökden
aýan bolýandyr.

## Hudaýyň gahar-gazaby

19 Çünki Hudaý hakdaky mälim zatlar olara bellidir,
muny Hudaý olara belli edendir. 20 Çünki olar ötünçsiz
bolar ýaly, Onuň göze görünmeýän zatlary, ýagny ebe-
di gudraty, Hudaýlygy dünýä döredilenden bäri ýara-
dylan zatlar bilen düşünilýär, görülýär. 21 Ýöne olar Hu-
daýy tanasalar-da, Ony Hudaý hökmünde şöhratlan-
dyrman, Oňa şükür etmän, öz düşünjelerinde batyl
boldular, pähimsiz ýürekleri garaňkylykda galdy. 22 Öz-
lerini akyldar saýyp, akmak boldular. 23 Pany däl Huda-
ýyň şöhratyny pany adamyň, guşlaryň, dört aýaklyla-
ryň we süýreniji haýwanlaryň suratyna meňzeş zatlara
öwürdiler. 24 Şonuň üçin, tenleri öz aralarynda betnam
bolsun diýip, Hudaý olary ýürekleriniň haram keýpi
içinde pislige tabşyrdy. 25 Olar Hudaýyň hakykatyny
galplyga çalşyp, ýaradylana Ýaradandan zyýada hor-
mat hem gulluk etdiler. Ol bolsa baky mübärekdir.
Omyn. 26 Şu sebäpden Hudaý olary wejera hyjuwlara
tabşyrdy, çünki olaryň aýallary hem teniň tebigy ulany-
lyşyny tebigy däl ulanyşa öwürdiler. 27 Şonuň ýaly-da,
erkekleri aýalyň tebigy ulanylyşyny terk edip, hyjuwla-
rynda biri-birleri bilen gyzyklandylar. Erkekler erkekler
bilen ryswalyk edip, öz azgynçylyklaryna laýyk haklary-
ny hem aldylar. 28 Olaryň öz paýhaslarynda Hudaýy ta-
namak islemeýişi ýaly, Hudaý hem olary ýerliksiz işleri
etmekleri üçin ýaramaz pikirde taşlady. 29 Olar bütin
nädogrulyk, zyna, erbetlik, betnebislik, ýamanlyk bilen
doly bolup, içigaraçylyk, adam öldürmek, jedel, mekir-
lik, bethäsiýetlikden doly, 30 gepçi, töhmetçi, Hudaýy
ýigrenýän, tekepbir, öwünjeň, erbet zatlary oýlap tapy-
jy, ata-enä etagatsyz, 31 pähimsiz, wepasyz, tebigy söý-
güsiz we rehimsizdir. 32 Olar Hudaýyň beýle işleri ed-
ýänler ölüme mynasypdyr diýen adyl hökümini bilse-
ler-de, bu işleri diňe bir etmek bilen çäklenmän, eý-
sem, olary edýänleri-de halaýarlar.

—NJI BAP

## Hudaýyň adyl hökümi

2 Şonuň üçin, eý, hüküm edýän adam, sen ötünç-
sizsiň, çünki başga birini höküm edýän zadyňda
özüňe iş kesýänsiň, çünki, eý, höküm edýän, sen şol
zatlaryň özüni edýänsiň. 2 Biz bolsak Hudaýyň hökümi-
niň beýle zatlary edýänler barada hakykat esasyndady-
gyny bilýäris. 3 Eý, beýle işleri edenleri höküm edip-de,
özi bu işleri edýän adam, sen Hudaýyň höküminden

gaçyp syparyn öýdýärsiňmi? 4 Ýa-da Hudaýyň ýagşylygynyň özüňi toba eltýänini bilmän, Onuň ýagşylygynyň, sabrynyň, çydamynyň baýlygyny äsgermezlik edýärsiňmi? 5 Sen keçjallygyňa, toba gelmez ýüregiňe görä, gazap güni üçin Hudaýyň adyl höküminiň aýan boljak güni üçin, özüňe gazap ýygnaýarsyň. 6 Hudaý her kişä öz eden işine görä hak berer: 7 ýagşy işde çydamlylyk görkezip, şöhrat, hormat we çüýremezligi agtarýanlara ebedi ýaşaýyş; 8 igenjeň, hakykata boýun bolman, nädogrulyga boýun bolanlara bolsa gazap hem gahar, 9 ilki bilen ýehudylara, soňra greklere, ýamanlyk eden her adama muşakgat we gaýgy; 10 ýagşylyk eden adama hem, ilki bilen ýehudylara, soňra greklere şöhrat, hormat we parahatlyk berer. 11 Sebäbi Hudaýyň ýüz görmesi ýokdur. 12 Mukaddes Kanuny bolman günä edenler bikanun hem heläk bolar. Kanun astynda günä edenler kanun boýunça höküm ediler. 13 Çünki Hudaýyň huzurynda aklanjaklar kanuny diňleýänler däl-de, kanuny berjaý edýänlerdir. 14 Sebäbi kanuny ýok milletler häsiýetlerine görä kanuna laýyk işleri berjaý edýän bolsa, onda bu kanuny ýoklaryň özi bir kanundyr. 15 Ynsaplary olar bilen birlikde güwä geçmek, pikirleri öz aralarynda olary kä aýyplap, kä-de ýuwmarlamak bilen, kanuna laýyk işleriň olaryň ýüreginde ýazylgydygyny görkezýändir. 16 Meniň Hoş Habaryma görä, Hudaýyň Isa Mesih arkaly adamlaryň ýaşyryn işleriniň üstünden höküm çykarjak gününde şu zatlar bolar.

### Ýehudylar we Mukaddes Kanun

17 Ine, sen ýehudy adyny alyp-da, kanuna guwanýan, Hudaýa buýsanýan bolsaň, 18 kanundan tälim almak bilen, Onuň islegini bilip, iň ýagşy zatlary saýgarýan bolsaň, 19 kanunda bilim we hakykatyň esasyna eýe bolup, körleriň ýol görkezýäni, tümlükdäkileriň ýyşygy, 20 nadanlaryň terbiýeçisi, ýaşy ýetmedikleriň mugallymydygyňa öz ynamyň bar bolsa, 21 onda başgasyna tälim berýän sen indi özüňe tälim bermeýärsiňmi? Ogrulyk etmeli däl diýip wagyz edýän sen ogrulyk edýärsiňmi? 22 Zyna etmeli däl diýýän sen zyna edýärsiňmi? Butlary ýigrenji saýýan sen ybadathanany ýarýarsyňmy? 23 Kanuna buýsanýan sen kanuna garşy çykmak bilen, Hudaýa hormatsyzlyk edýärsiňmi? 24 Çünki ýazylyşy ýaly, milletler arasynda Hudaýyň adyna siz zerarly dil ýetirilýär. 25 Kanuny berjaý etseň, sünnetlilik peýdalydyr, eger-de kanuna garşy çyksaň, onda sünnetliligiň eýýäm sünnetsizlige öwrülendir. 26 Şeýle hem bir sünnetsiz kanunyň adyl hökümlerini saklaýan bolsa, onuň sünnetsizligi sünnetlilik hasaplanmazmy? 27 Ten boýunça sünnetsiz bolsa-da, kanuny ýerine ýetirýän adam Ýazga we sünnetlilige eýe bolup, kanuna garşy çykýan seni höküm etmezmi? 28 Sebäbi daşy ýehudy entek ýehudy däl, daşy, teni sünnetli hem entek sünnetli däldir, 29 diňe içi ýehudy ýehudydyr, ýazgyda däl-de, ýüregiň ruhdaky sünnetliligi hakyky sünnetlilikdir. Munuň öwgüsi adamlardan däl-de, Hudaýdandyr.

## —NJI BAP

### Hudaýyň ynamdarlygy

3 Şeýlelikde, ýehudynyň näme artykmaçlygy bar? Sünnetliligiň peýdasy näme? 2 Ähli babatda köp. Çünki Hudaýyň sözleri ilki ýehudylara ynanyldy. 3 Onda näme? Käbirleri iman etmände, olaryň imansyzlygy Hudaýyň ynamdarlygyny ýok edermi? 4 Asla etmez! Ýöne: «Sen Öz sözleriňde dogry çykyp, üstüňden höküm çykarylanda, ýeňer ýaly» diýip ýazylyşy kimin, bütin adamlar ýalançy bolsa-da, Hudaý dogruçyldyr. 5 Biziň nädogrulygymyz Hudaýyň dogrulygyny görkezýän bolsa, onda näme diýeris? Adamlaryň pikir edişine görä aýdýaryn, gazap edýän Hudaý adalatsyzmydyr? 6 Ýok! Beýle bolsa, Hudaý dünýäniň üstünden nähili höküm çykaryp biler? 7 Sebäbi meniň ýalanym bilen Hudaýyň hakykaty Onuň şöhratyny artdyrýan bolsa, näme üçin ýene men günäli hökmünde höküm edilýärin? 8 Käbirleriniň bize töhmet atyp, şeýle gürleýşimizi aýdyşy ýaly, näme üçin: «Ýagşylyk geler ýaly, ýamanlyk edeliň» diýmäli? Olaryň hökümi dogrudyr.

### Dogry adam ýok

9 Indi näme? Biziň artykmaçlygymyz barmy? Asla ýokdur, çünki biz bary günä astyndadyr diýip, öň hem ýehudylary, hem-de grekleri günäkär etdik. 10 Hiç dogry adam ýok, biri-de ýok. 11 Düşünýän ýok, Hudaýy agtarýan ýok. 12 Hemmesi ýoldan çykdy, olaryň ählisi dereksiz boldy. Ýagşylyk edýän ýok, biri-de ýok. 13 Olaryň bogazy açyk gabyrdyr. Olar dilleri bilen aldaýarlar, dodaklarynda gömülgeniň zäheri bar. 14 Olaryň agzy gargyşdan, ajylykdan doludyr. 15 Olaryň aýagy gan dökmäge ýorga. 16 Olaryň ugran ugry weýrançylyk bilen zorlukdyr. 17 Olar parahatlyk ýoluny bilmediler, 18 gözleriniň öňünde Hudaýdan gorkma ýok» diýlip ýazylandyr. 19 Ýöne her agyz baglanyp, bütin dünýä Hudaýyň hökümine sezewar bolar ýaly, Mukaddes Kanunyň aýdýanlarynyň baryny kanun astyndakylara aýdýandygyny bilýäris. 20 Munuň üçin, Onuň huzurynda hiç kim kanun işlerini etmek bilen aklanmaz, çünki günäni bilmek kanun arkaly döreýändir.

### Iman arkaly aklanma

21 Kanun we pygamberler tarapyndan güwä geçilen Hudaýyň dogrulygy, 22 ýagny Isa Mesihe iman arkaly iman edenleriň ählisine we ählisiniň üstünde bolan Hudaýyň dogrulygy şu wagt kanunsyz aýan boldy. 23 Çünki hiç bir parh ýok, sebäbi bary günä edip, Hudaýyň şöhratyndan mahrum boldy. 24 Olar Isa Mesihde bolan gutulyş arkaly Onuň merhemeti bilen mugt aklanar. 25 Hudaý Mesihi ganyna iman arkaly merhemet kürsüsi edip goýdy. Ol muny ozal Öz sabry astynda ýüze çykan günäleriň ötülmegine degişli adalatyny görkezmek üçin, 26 Özi adyl bolup, Mesihe iman edeni ak-

lar ýaly, Özüniň häzirki zaman adalatyny görkezmek
üçin etdi. 27 Onda öwünme nirede? Ol daşarda. Haýsy
kanun bilen? Işleriňki bilenmi? Ýok, iman kanuny bilen.
28 Çünki biz adam kanun işlerinden üzňelikde, iman ar-
kaly aklanar diýip hasap edýäris. 29 Eýsem, Hudaý diňe
ýehudylaryň Hudaýymy? Özge milletleriňki hem däl-
mi? Ol, elbetde, olaryň hem Hudaýy. 30 Sebäbi sünnetli-
leri-de öz imanlary arkaly, sünnetsizleri-de öz imanlary
arkaly aklajak Hudaý ýalňyz Hudaýdyr. 31 Onda biz
iman arkaly kanuny ýatyrýarysmy? Ýok, ony berkarar
edýäris.

## —NJI BAP

### Ybraýymyň imany

4 Onda, ten boýunça atamyz bolan Ybraýym näme
tapdy diýeli? 2 Ybraýym iş bilen aklanan bolsa, on-
da onuň öwünmäge haky bar, ýöne Hudaýyň öňünde
däl. 3 Ýazgy näme diýýär? «Ybraýym Hudaýa iman etdi,
bu oňa dogrulyk saýyldy». 4 Buýrugy berjaý edene sy-
lag merhemete görä däl, borja görä saýylýandyr. 5 Em-
ma buýrugy berjaý etmän, hudaýsyzy aklana iman
edeniň imany oňa aklanma saýylýandyr. 6 Dawut hem
Hudaýyň işine garaman aklan adamynyň bagtyýarly-
gyndan gürrüň berende şeýle diýýär: 7 Kanunsyzlyklary
bagyşlananlar, günäleriniň üsti örtülenler nähili bagtly!
8 Rebbiň günäli saýmaýan adamy nähili bagtly!» 9 Bu
bagtlylyk diňe sünnetlilere degişlimi? Ýa sünnetsizlere-
de degişlimi? Çünki biz iman Ybraýyma dogrulyk saýyl-
dy diýýäris. 10 Eýle bolsa, haçan saýyldy? Sünnetlilikde-
mi ýa sünnetsizlikde? Sünnetlilikde däl, ol sünnetsizlik-
de aklandy. 11 Ybraýym sünnetsizlikde iman edýänleriň
barynyň atasy bolup, olara dogrulyk saýylar ýaly, ol
sünnetsizlikdekä özünde bolan iman arkaly gazanan
dogrulygynyň möhri hökmünde sünnetlilik tagmasyny
aldy. 12 Ol diňe bir sünnetli bolanlaryň däl, eýsem, sün-
netsizlikdekä atamyz Ybraýymda bolan imanyň yzyna
eýerýänleriň hem sünnet atasydyr. 13 Çünki dünýä mi-
rasçysy bolmak wadasy Ybraýyma, onuň nesline kanun
arkaly däl, eýsem, iman bilen gazanylan dogrulyk arka-
ly berildi. 14 Çünki kanuna daýanýanlar mirasçy bolsa,
onda iman boşap, wada ýatyrylandyr. 15 Sebäbi kanun
gahar getirýändir, kanunyň ýok ýerinde jenaýat hem
ýokdur. 16 Şeýlelikde, wada merhemete görä bolup, bü-
tin nesil barada, diňe kanuna daýanan däl, eýsem, Yb-
raýymyň imanyna eýe bolan barada-da ýörgünli bol-
magy üçin imandandyr. 17 «Seni köp milletleriň atasy
etdim» diýip ýazylyşy ýaly, Ybraýym özüniň iman eden
Hudaýynyň, ölä jan beren, ýoklary barlyga çagyran Hu-
daýynyň öňünde biziň hemmämiziň atamyzdyr. 18 Ol
«Seniň nesliň şeýle bolar» diýip aýdylyşyna görä, umyt-
syzlykda umyt bilen iman edip, köp milletleriň atasy
boldy. 19 Ol imanynda gowşaman, tas ýüz ýaşynda bol-
sa-da, bedeni ölüdir, Saranyň ýatgysy ölüdir öýtmedi.
20 Hudaýyň wadasyna imansyzlyk bilen şübhelenmän,
gaýtam, Hudaýy şöhratlandyryp imanda güýjedi.
21 Onuň beren wadasyny ýerine ýetirmegi başarýanly-
gyna doly ynandy. 22 Şonuň üçin hem imany oňa dog-
rulyk saýyldy. 23 Dogrulyk saýylandygy diňe ol babatda
däl, 24 eýsem Rebbimiz Isany Direldene iman eden we
dogry saýyljaklar bolan biz babatda hem ýazylandyr.
25 Isa biziň günä-tagsyrymyz üçin ölüme berlip, biziň
aklanmagymyz üçin hem direldildi.

## —NJI BAP

### Hudaý bilen ýaraşyk

5 Şeýlelikde, iman bilen aklanandygymyz üçin, Reb-
bimiz Isa Mesih arkaly Hudaý bilen ýaraşygymyz
bardyr. 2 Biz içinde duran bu merhemetimize girmegi-
de Ol arkaly iman bilen gazandyk. Hudaýyň şöhratyna
şärik bolmak umydy bilen magtanýarys. 3 Diňe munuň
bilen hem däl, eýsem, muşakgatlar bilen-de magtan-
ýarys, çünki muşakgatyň çydamy, 4 çydamyň tejribäni,
tejribäniň hem umydy emele getirýändigini bilýäris.
5 Umyt bolsa utandyrmaz, çünki Hudaýyň söýgüsi bize
berlen Mukaddes Ruh arkaly ýüreklerimize guýlandyr.
6 Hawa, biz entek güýçsüzkäk, Mesih belli wagtda hu-
daýsyzlar ugrunda öldi. 7 Bir dogry adam ugrunda biri-
niň ölmegi müşgüldir, ýöne bir oňat adam ugrunda,
belki, biri ölmäge ýürek eder. 8 Hudaý bize bolan söý-
güsini, biz entek günäkärkäk, Mesihiň biziň ugrumyz-
da ölmegi bilen görkezdi. 9 Şeýle, Onuň gany bilen şu
wagt aklanyşymyz ýaly, Ol arkaly gazapdan gutuljagy-
myz hem has anykdyr. 10 Sebäbi duşmankak, Oglunyň
ölümi arkaly Hudaý bilen ýaraşan bolsak, ýaraşyk ede-
nimizden soň, Onuň ömri bilen gutuljagymyz has
anykdyr. 11 Diňe bu hem däl, Rebbimiz Isa Mesih arkaly
Hudaý bilen-de magtanýarys. Biz ýaraşygy Mesih arka-
ly aldyk.

### Ölüm we ýaşaýyş

12 Şeýlelikde, bir adam arkaly günäniň we günä arka-
ly ölümiň peýda bolşy ýaly, ölüm hem ähli adamlara
geçdi, çünki olaryň hemmesi günä etdi. 13 Kanun beril-
mezden öň hem dünýäde günä bardy, ýöne kanun bol-
masa, günä hasaba alynmaz. 14 Emma Adamatadan
Musa çenli Geljegiň nusgasy Adamatanyň jenaýatyna
meňzeş günä etmedikleriň hem üstünden ölüm hö-
küm sürdi. 15 Ýöne merhemet sylagy tagsyr ýaly däldir.
Sebäbi biriniň tagsyry arkaly köp adamlar ölen bolsa,
onda Hudaýyň merhemeti we bir Adam, ýagny Isa Me-
sih arkaly bolan merhemetdäki sylag köpler üçin has-
da artandyr. 16 Sylag bir adamyň gazanan günäsiniň
netijesi ýaly däldir. Sebäbi bir günäden bolan höküm iş
kesmek, ýöne köp günäden bolan merhemet sylagy
aklanmak üçin berilýändir. 17 Çünki biriniň günäsi bilen
ölüm biri arkaly höküm süren bolsa, onda, merhemet
we aklanma sylagynyň bollugyny alanlar hem Biri, ýag-
ny Isa Mesih arkaly ýaşaýyşda has beter höküm sürer.
18 Bir günä arkaly bütin adamlara iş kesilişi ýaly, bir
dogrulyk arkaly-da bütin ynsanlara ýaşaýyş üçin aklan-

ma geldi. 19 Sebäbi bir adamyň boýun bolmazlygy üçin
kömleriň günäkär ornunda oturdylyşy ýaly, Biriniň bo-
ýun bolmagy bilen-de köp adamlar dogry ornunda
oturdylar. 20 Kanun günäniň köpelmegi üçin ara girdi.
21 Emma günäniň ölümde höküm sürşi ýaly, merhemet
hem Rebbimiz Isa Mesih arkaly ebedi ýaşaýyş üçin
dogrulyk bilen höküm sürsün diýip, günäniň köpelen
ýerinde merhemet has-da artdy.

6 Indi näme diýeliň? Merhemet köpelsin diýip, gü-
näde galalyňmy? 2 Ýok! Günä etmeklige ölen biz
indi onda gaýtadan nähili ýaşarys? 3 Ýa-da Mesih Isa
çokundyrylanlarymyzyň barynyň Onuň ölümine çokun-
dyrylandygyny bilmeýärsiňizmi? 4 Atanyň şöhraty arka-
ly Mesihiň ölümden direlişi kimin, biz hem täzelenen
ýaşaýyşda gezer ýaly, çokunma arkaly Onuň bilen bile
ölüme gömlendiris. 5 Onuň ölümine meňzeşlikde
Onuň bilen birleşen bolsak, direlmegine meňzeşlikde-
de birleşeris. 6 Çünki günä jesedi ýogalyp, biz mundan
beýläk günä gulluk etmez ýaly, köne adamymyzyň
Onuň bilen birlikde haça çüýlenendigini bilýäris. 7 Çün-
ki kim ölen bolsa, ol günäden aklanandyr. 8 Biz Mesih
bilen ölen bolsak, onda Onuň bilen ýaşajagymyza hem
ynanýarys. 9 Sebäbi biz Mesihiň direlendigini, indi öl-
mejekdigini, indi ölümiň Oňa agalyk etmejekdigini bil-
ýäris. 10 Çünki Ol ölen ölümini günä üçin bir gezek öldi,
ýöne ýaşaýan ýaşaýşyny Hudaý üçin ýaşaýandyr. 11 Şo-
nuň ýaly, siz-de özüňizi günä etmeklige öli, ýöne Reb-
bimiz Mesih Isada Hudaýa diri saýyň. 12 Höweslerine
boýun bolmazlygyňyz üçin, ölümli teniňizde günä hö-
küm sürmesin. 13 Synalaryňyzy nädogrulyk guraly edip,
günä tabşyrman, eýsem, ölümden direlen hökmünde
özüňizi Hudaýa tabşyryň, synalaryňyzy dogrulyk guraly
edip, Hudaýa tabşyryň. 14 Günä size agalyk etmez. Çün-
ki siz kanun astynda däl, merhemet astyndasyňyz.

### Ýaşaýyş gullary

15 Ýene näme? Kanun astynda bolman, merhemet as-
tyndadygymyz üçin günä edeliňmi? Ýok! 16 Boýun bol-
mak üçin özüňizi gul hökmünde kime tabşyrsaňyz, ki-
me boýun bolsaňyz onuň, ölüm üçin günäniň ýa dog-
rulyk üçin tabynlygyň gullarydygyňyzy bilmeýärsiňiz-
mi? 17 Ýöne Hudaýa şükür, siz günäniň gullarykaňyz,
tabşyrylan taglymatyňyzyň mazmunyna ýürekden bo-
ýun bolduňyz. 18 Şeýle, günäden azat edilip, dogrulyk
gullary bolduňyz.
19 Teniňiziň ejizligi üçin, men adamlaryň pikir edişine
görä gepleýärin. Çünki synalaryňyzy hapalyga, kanun-
syzlyk üçin kanunsyzlygyň gullugyna tabşyryşyňyz ýa-
ly, indi synalaryňyzy mukaddeslik üçin dogrulygyň gul-
lugyna tabşyryň. 20 Siz günäniň gullarykaňyz dogrulyk-
dan azatdyňyz. 21 Häzirki utanýan zatlaryňyzdan şol
wagt näme hasylyňyz bardy? Çünki ol zatlaryň soňy
ölümdir. 22 Ýöne indi günäden dynyp, Hudaýyň gullary
bolduňyz, mukaddeslik üçin hasylyňyz bar, munuň so-
ňy bolsa ebedi ýaşaýyşdyr. 23 Sebäbi günäniň muzdy
ölüm, Hudaýyň sylagy bolsa, Rebbimiz Mesih Isada
ebedi ýaşaýyşdyr.

### —NJI BAP

### Kanundan azat

7 Eý doganlar, (kanuny bilýänlere gürrüň berýärin)
siz adam dirikä kanunyň oňa agalyk edýänini bil-
meýärsiňizmi? 2 Ärli aýal diri ärine kanun arkaly bagly-
dyr, äri ölse welin, nika kanunyndan boşaýar. 3 Şoňa
görä-de, aýal äri dirikä başga äre barsa, oňa zynahor
diýler, ýöne äri ölse, ol kanundan azatdyr, başga äre
barsa hem zynahor däldir. 4 Eý doganlar, siz hem şo-
nuň ýaly başga Biriniňki, ýagny Direleniňki bolmak
üçin, Hudaýa hasyl getirer ýaly, Mesihiň bedeni arkaly
kanuna öldüňiz. 5 Sebäbi biz teniň hökümi astyndakak,
kanun arkaly oýarylan günä höwesleri ölüm hasylyny
getirmek üçin, synalarymyzda işleýärdi. 6 Emma indi,
ýazgy köneliginde däl, ruhuň täzeliginde gulluk eder
ýaly, tutulanymyza ölenimiz üçin, kanundan boşady-
landyrys.

### Günä bilen söweş

7 Indi näme diýeliň? Kanun günämidir? Ýok! Ýöne ka-
nun ara düşmedik bolsa, günäni tanamazdym, kanun:
«Açgöz bolma» diýmedik bolsa, açgözlükden hem hiç
zat bilmezdim. 8 Emma günä bu buýruk arkaly bahana
tapyp, içimde her hili açgözlügi döretdi, çünki günä ka-
nundan üzňelikde ölüdir. 9 Men bir wagtlar kanundan
üzňelikde diridim, ýöne buýruk gelende, günä janlan-
dy. 10 Men hem öldüm. Şeýlelikde, ýaşaýyş üçin berlen
buýrugyň özi maňa ölüm üçin bolup çykdy. 11 Sebäbi
günä buýruk arkaly bahana tapyp, meni aldawa saldy,
ol arkaly öldürdi. 12 Şoňa görä-de, kanun mukaddes,
buýruk hem mukaddes, adalatly we oňatdyr. 13 Şeýle-
likde, oňat bolan zat maňa ölüm boldumy? Ýok! Ýöne
günä buýruk arkaly çendenaşa günäli bolar ýaly, günä
— günä bolup görünsin diýip, oňat zat arkaly maňa
ölüm hasyl etdi.
14 Kanunyň ruhudygyny bilýäris, ýöne men tene de-
gişli bolup, günäniň guly hökmünde satylandyryn.
15 Sebäbi men näme edýänimi bilmeýärin, ýagny islän
zadymy etmän, ýigrenen zadymy edýärin. 16 Eger-de is-
lemeýän zadymy edýän bolsam, onda kanunyň oňat-
dygyny tassyklaýandyryn. 17 Ýöne ony edýän indi men
däl-de, meniň içimde mesgen tutan günädir. 18 Çünki
mende, ýagny tenimde ýagşy zadyň mesgen tutman-
dygyny bilýärin, sebäbi mende gowulyk islegi bar, ýö-
ne gowy zady etmegi başarmaýaryn. 19 Çünki isleýän
ýagşy işimi edemok-da, islemeýän erbet işimi edýärin.
20 Men islemeýänimi edýän bolsam, onda ony edýän
indi men däl-de, meniň içimde mesgen tutan günädir.
21 Şeýlelikde, men bu kanuny tapýaryn, ýagşylyk etjek
bolamda, mende erbetlik häzir bolýar. 22 Hudaýyň ka-
nunyndan içki tebigatyma görä lezzet tapmaýaryn.
23 Öz synalarymda başga bir kanuny görýärin. Ol pikiri-

miň kabul eden kanunyna garşy söweşip, meni synala-
rymdaky günä kanunyna ýesir edýär.
24 Ne biçäre adam men! Bu ölüm teninden meni kim
halas eder? 25 Rebbimiz Isa Mesih arkaly Hudaýa şükür
edýärin. Men indi pikir bilen Hudaýyň kanunyna, ýöne
ten bilen günä kanunyna gulluk edýärin.

—NJI BAP

### Ýaşaýyş berýän Ruh

8 Şeýlelik bilen, Mesih Isada bolanlara, ten bilen
däl-de, Ruh bilen gezýänlere häzir hiç hili iş kesme
ýokdur. 2 Çünki Mesih Isadaky ýaşaýyş Ruhunyň kanu-
ny meni günä hem ölüm kanunyndan azat edendir.
3 Çünki teniň güýçsüzligi zerarly, kanuna mümkin bol-
madyk zady Hudaý etdi. 4 Ol kanunyň talap edýän dog-
rulygy tene görä däl, Ruha görä gezýän bizde ýerine
ýeter ýaly, Öz Ogluny günä teni meňzeşliginde günä
üçin ýollap, tende günä iş kesdi. 5 Çünki tene görä bo-
lanlar tene degişli işlere, Ruha görä bolanlar hem Ru-
ha degişli işlere pikir edýändir. 6 Çünki tene daýanýan
pikir ölüm, Ruha daýanýan pikir ýaşaýyşdyr, parahat-
lykdyr. 7 Sebäbi tene daýanýan pikir Hudaýa duşman-
çylykdyr, Hudaýyň kanunyna tabyn bolýan däldir, mu-
ny başarýan hem däldir. 8 Şonuň üçin teniň hökümi as-
tyndakylar Hudaýyň göwnünden turmagy başarmaz.
9 Hudaýyň Ruhy sizde mesgen tutan bolsa, onda siz
tende däl, Ruhdasyňyz. Kimde Mesihiň Ruhy ýok bolsa,
ol Onuňky däldir. 10 Mesih sizde bolsa, onda ten günä
üçin öli, ruh hem aklanma üçin diridir. 11 Isany Direlde-
niň Ruhy sizde mesgen tutýan bolsa, onda Mesihi
ölümden Direlden sizde mesgen tutan Ruhy üçin
ölümli bedeniňize-de ýaşaýyş berer. 12 Eý doganlar, biz
borçludyrys, ýöne tene görä ýaşamak üçin tene borçly
däldiris. 13 Tene görä ýaşasaňyz, ölersiňiz, ýöne beden
işlerini Ruh bilen öldürseňiz, ýaşarsyňyz. 14 Çünki Hu-
daýyň Ruhy arkaly ideklenýänleriň bary Hudaýyň oglu-
dyr. 15 Çünki siz ýene-de gorky üçin gulluk ruhuny däl-
de, ogullyk ruhuny alansyňyz. Biz şol ruh bilen: «Abba,
Ata» diýip seslenýäris. 16 Biziň Hudaýyň perzendidigi-
mize şol ruhuň özi ruhumyz bilen güwä geçýär. 17 Per-
zent bolan bolsak, onda hem mirasçydyrys — Hudaýyň
mirasçylary, Mesihiň hem mirasdaşlarydyrys. Isa bilen
bile görgi görýän bolsak, bile şöhratlanmagymyz üçin-
dir.

### Geljekki şöhrat

18 Meniň pikirimçe, şu wagtky görgüler bize aýan bol-
jak geljekki şöhrat bilen deňeşdirer ýaly däl. 19 Çünki
ýaradylyş Hudaýyň ogullarynyň aýan bolmagyna küý-
seg bilen garaşýar. 20 Sebäbi ýaradylyş öz islegi bilen
däl-de, ony tabyn Etdireniň islegi bilen puçluga tabyn
boldy. 21 Munda ýaradylyşyň özi hem çüýreme gullu-
gyndan azat edilip, Hudaýyň perzentleriniň şöhratly
azatlygyna gowşar diýen umyt bardy. 22 Çünki biz bütin
ýaradylyşyň şu wagta çenli birlikde ah çekip, birlikde
burgusynyň tutup ýatanyny bilýäris. 23 Diňe bir ýarady-
lyş hem däl, eýsem, Ruhuň ilkinji miwesini alan biziň
özümiz hem ogullyga alynmagymyza, ýagny tenimiziň
halas bolmagyna garaşyp, içimizden ah çekýäris.
24 Çünki biz bu umyt bilen halas bolandyrys. Ýöne gö-
rünýän umyt umyt däldir, görýän zadyna kim umyt
baglar? 25 Ýöne görmedik zadymyza umyt baglasak,
şonda sabyrly garaşarys. 26 Ruh hem ejizligimizde bize
kömek berer, çünki biz nähili doga etmelidigimizi bil-
meýäris, ýöne Ruhuň Özi aýdyp bolmaz iňňildiler bilen
biziň üçin töwella eder. 27 Emma ýürekleri Derňeýän
Ruhuň pikiriniň nämedigini bilýändir, çünki Ruh mu-
kaddesler üçin Hudaýyň islegine görä töwella edýän-
dir.
28 Biz ähli zatlaryň Hudaýy söýýänleriň, Onuň maksa-
dyna görä çagyrylanlaryň bähbidi üçin birlikde işleýän-
digini bilýäris. 29 Sebäbi köp doganlaryň arasynda Öz
Oglunyň ilkinji doglan bolmagy üçin, Hudaý öňden ta-
naýan adamlaryny Oglunyň keşbine dönmek üçin öň-
den belläp goýdy. 30 Ol öňden bellänlerini-de çagyrdy,
çagyranlaryny-da aklady, aklanlaryny-da şöhratlandyr-
dy.

### Ýeňenlerden üstün

31 Ýeri, muňa näme diýersiň? Hudaý bizlik bolsa, on-
da kim bize garşy? 32 Öz Ogluny gaýgyrman, biziň
hemmämiz üçin ölüme beren Hudaý Onuň bilen bile
bize bar zady nähili bagyşlamaz? 33 Hudaýyň saýlanla-
ryny kim aýyplar? Olary aklaýan Hudaýdyr. 34 Kim iş ke-
ser? Biziň üçin töwella edýän ölen, ondan hem beter
direlip, Hudaýyň sagynda oturan Mesih Isadyr. 35 Mesi-
hiň söýgüsinden bizi kim aýrar? Muşakgatmy, gaýgy-
my, azarmy, açlykmy, ýalaňaçlykmy, howpmy ýa gylyç-
my? 36 «Seniň ugruňda bizi her gün öldürýärler, bizi
goýun hasaplaýarlar» diýip ýazylypdyr. 37 Emma biz
özümizi Söýýän arkaly bularyň baryny ýeňenlerden üs-
tündiris. 38 Sebäbi, men ne ölümiň, ne-de ýaşaýşyň, ne
perişdeleriň, ne hökümdarlaryň, ne-de gudratlaryň, ne
şu wagtyň, ne-de geljegiň, 39 ne belentligiň, ne-de çuň-
lugyň ne-de başga mahlugyň Rebbimiz Mesih Isada
bolan Hudaý söýgüsinden bizi aýyrmagy başarmajak-
dygyna ynanýaryn.

### Hudaýyň saýlanlary

9 Men Mesihde hakykaty aýdýaryn, ýalan sözlä-
mok. Ynsabym hem aýdýanlaryma Mukaddes
Ruhda güwä geçýär. 2 Meniň uly gaýgym, ýüregimde
dyngysyz agyrym bar. 3 Men doganlarym, ten boýunça
garyndaşlarym bolan ysraýyllylar üçin gargyşa galyp,
Mesihden aýra düşmäge razy bolardym. 4 Ogullyk,
şöhrat, ähtler we kanunyň berilmesi, hakyky ybadat
we wadalar olaryňkydyr. 5 Atalar hem olaryňky, Mesih
hem ten boýunça olardandyr. Ol barçanyň baky mübä-
rek Hudaýydyr. Omyn. 6 Emma bu Hudaýyň sözi ýalana
çykdy diýmek däldir. Sebäbi Ysraýyldan bolanlaryň ba-

ry ysraýylly däldir. 7 Ybraýymyň neslinden bolsalar-da,
hemmesi onuň perzendi däldir, ýöne: «Seniň nesliň Ys-
hakda dowam eder» diýlendir. 8 Ýagny ten boýunça Yb-
raýymyň perzendi bolanlar Hudaýyň perzendi däl, eý-
sem, wada arkaly perzent bolanlar nesil diýip hasap-
lanýandyr. 9 Berlen wada bolsa: «Bellenen wagtda ge-
lerin, Saranyň bir ogly bolar» diýen sözdür. 10 Diňe bu
hem däl, eýsem, Rebeka-da bir erkekden, atamyz Ys-
hakdan göwreli bolanda, 11 hatda oglanlar entek do-
gulmankalar, ýagşylyk ýa ýamanlyk etmänkäler, Huda-
ýyň maksady işlerden däl-de, eýsem, Çagyrandan bo-
lup, saýlawa görä durar ýaly, 12 Rebeka: «Ulusy kiçisine
gulluk eder» diýildi. 13 Şonuň ýaly-da: «Ýakuby söýdüm,
Ysuwy ýigrendim» diýip ýazylgydyr. 14 Indi näme diýe-
liň? Eýsem Hudaýyň ýanynda adalatsyzlyk barmy? Ýok-
dur! 15 Çünki Ol Musa: «Merhemet edenime merhemet
ederin, rehim edenime rehim ederin» diýýär. 16 Şeýlelik
bilen, saýlanma adamyň islegine ýa tagallasyna däl-de,
Hudaýyň merhemetine baglydyr.

17 Hudaý Mukaddes Ýazgyda fyrowna şeýle diýýär:
«Men gudratymy sende görkezip, adym bütin ýer ýü-
zünde yglan edilsin diýip, seni galdyrdym». 18 Şeýlelik-
de, Hudaý islänine merhemet edýändir, isläniniň ýüre-
gini gataldýandyr. 19 Sen maňa: «Ýene näme üçin ýaz-
garýar? Kim Onuň islegine garşy durup biler?» diýer-
siň. 20 Ýeri, eý adam, Hudaýa ters jogap gaýtarar ýaly,
sen kim bolupsyň? Şekil berlen bir zat şekil berene:
«Meni näme üçin beýle ýasadyň» diýermi? 21 Ýa küýze-
gäriň şol bir üýşmek toýundan bir gaby hormatlylyk
we beýlekisini hormatsyzlyk üçin ýasamaga ygtyýary
ýokmy? 22 Hudaý gazabyny görkezmek, Öz gudratyny
bildirmek isläp, heläkçilik üçin taýýarlanyp, gazaba se-
zewar bolanlara uly sabyr-takat bilen döz gelen bolsa
näme? 23 Ol muny Öz şöhratynyň baýlygyny Özüniň
öňden şöhrat üçin taýýarlap, merhemet edenlerine bil-
dirjek bolup eden bolsa näme? 24 Hudaýyň diňe ýehu-
dylardan däl-de, özge milletlerden hem çagyran bu
adamlary bizdiris. 25 Hoşeanyň kitabynda-da diýýär:
«Men halkym däle halkym, söýülmeýäne söýgüli diýe-
rin». 26 «Bu olara: Siz Meniň halkym däl diýlen ýerde
ýüze çykar, şol ýerde-de olara diri Hudaýyň ogullary
diýler». 27 Işaýa bolsa Ysraýyl hakda şeýle gygyrýar:
«Ysraýyl ogullarynyň sany deňziň çägesi ýaly bolsa-da,
diňe galany gutular. 28 Reb işini bitirer, ony tiz ýerine
ýetirer, çünki Ol işini ýer ýüzünde tiz amala aşyrar
29 Işaýanyň öňünden aýdyşy ýaly: «Goşunlar Rebbi bize
bir tohum galdyrmadyk bolsa, onda Sodom ýaly bolar-
dyk, Gomorra meňzärdik».

### Ysraýylyň imansyzlygy

30 Ýene näme diýeliň? Dogrulyga kowalaşmadyk mil-
letler dogrulyga, imandan gelen dogrulyga ýetdiler.
31 Ýöne Ysraýyl dogrulyk kanunyna kowalaşyp, bu ka-
nuna ýetmedi. 32 Näme üçin? Sebäbi iman bilen däl-de,
Kanunyň amallary 33 «Ine, Sionda bir büdreme daşyny,
böwet gaýasyny goýýaryn, oňa iman eden utandyryl-
maz» diýip ýazylyşy ýaly, büdreme daşyna büdrediler.

10 Eý doganlar, meniň göwün arzuwym, ysraýylly-
lar hakda Hudaýa ýalbarmagym olaryň gutulma-
gy üçindir. 2 Men olaryň Hudaýa yhlaslarynyň barlygy-
na güwä geçýärin, ýöne bu aňly-düşünjeli yhlas däl.
3 Çünki olar Hudaýyň dogrulygyny bilmän, özleriniňkini
gurjak bolup, Onuň dogrulygyna tabyn bolmadylar.
4 Çünki Mesih iman eden her bir adamyň aklanmagy
üçin kanunyň soňudyr.

### Hemmeler üçin gutulyş

5 Çünki Musa kanundan bolan dogrulyk hakda şeýle
ýazýar: «Bu zatlary berjaý eden adam olar arkaly ýa-
şar». 6 Imandan bolan dogrulyk bolsa şeýle diýýär: «Öz
içiňden: Mesihi düşürmek üçin Göge kim çykar? 7 Ýa-
da: Mesihi ölümden çykarmak üçin çuňluga kim iner
diýme». 8 Gör, näme diýýär? «Hudaýyň sözi saňa ýa-
kyndyr, ol seniň agzyňda, seniň ýüregiňdedir», ýagny
wagyz edýän iman sözümiz. 9 Çünki sen agzyň bilen
Isany Reb hökmünde ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölüm-
den direldendigine ýüregiň bilen ynansaň gutularsyň.
10 Aklanmak üçin ýürek bilen iman getirilýändir, gutu-
lyş üçin agyz bilen ykrar edilýändir. 11 Çünki Mukaddes
Ýazgy: «Oňa iman eden kişi utandyrylmaz» diýýär.
12 Ýehudy bilen gregiň arasynda tapawut ýokdur, sebä-
bi barynyň Rebbi birdir, Ol Özüni çagyrýanlaryň baryna
sahydyr. 13 Çünki: «Rebbi çagyran 14 Olar öz iman etme-
diklerini nähili çagyrarlar? Eşitmediklerine nähili iman
ederler? Wagyzçysyz nähili eşiderler? 15 Iberilmeseler,
nähili wagyz ederler? Şeýle hem ýazylgydyr: «Parahat-
lyk hoş habaryny, ýagşy zatlaryň hoş habaryny wagyz
edýänleriň aýaklary ne ajap!» 16 Ýöne Hoş Habara hem-
me kişi gulak asmady. Çünki Işaýa: «Ýa Reb, kim biz-
den eşiden habaryna iman etdi?» diýýär. 17 Şeýlelik bi-
len, iman eşitmek arkaly, eşitmek hem Hudaýyň 18 Ýö-
ne men diýýärin: olar eşitmedimi? Elbetde, eşitdi. «Ola-
ryň sesi bütin dünýä, sözleri Ýeriň uçlaryna ýetdi».
19 Emma men diýýärin: Ysraýyl bilmedimi? Ilki bilen
Musa diýýär: «Men bir millet bolmadyk halk arkaly si-
ziň gabanjaňlygyňyzy oýandyraryn, bir pähimsiz millet
arkaly sizi gaharlandyraryn». 20 Işaýa batyrgaýlyk bilen:
«Men özümi agtarmaýanlara tapdyrdym, meni sora-
maýanlara göründim» diýýär. 21 Ysraýyl hakda bolsa:
«Söze gulak asmaz keçjal halka günuzyn ellerimi uzat-
dym» diýýär.

### —NJI BAP

### Saýlanan galyndy

11 Men şuny soraýaryn: Hudaý öz halkyny ret etdi-
mi? Ýok! Çünki men-de Ybraýymyň neslinden,
benýamyn taýpasyndan bolan bir ysraýylly. 2 Hudaý
Özüniň öňden tanan halkyny ret edenok. Mukaddes
Ýazgynyň Ylýas hakdaky bölümde näme diýýänini bil-
meýärsiňizmi? Ol Ysraýyl babatda Hudaýa şikaýat edip,

şeýle diýýär: 3 «Ýa Reb! Pygamberleriňi öldürdiler, gur-
banlyk edilýän ýerleriňi ýykdylar, diňe men galdym.
Olar meniň hem janymyň kastynda». 4 Hudaýyň oňa
beren jogaby näme? «Men Baal öňünde dyz epmedik
ýedi müň adamy Özüme aýryp goýdum». 5 Şonuň ýaly
häzirki wagtda hem merhemet bilen saýlanan bir ga-
lyndy bar. 6 Ýöne merhemet bilen bolsa, onda işe görä
däldir. Ýogsa, merhemet merhemet bolmazdy. Işe gö-
rä bolsa, onda ol eýýäm merhemetden däldir, ýogsa, iş
eýýäm iş bolmazdy. 7 Indi näme? Ysraýyl agtaranyna
ýetmedi, ýöne saýlananlar ýetdiler, beýlekiler hem,
8 «Hudaý olara ukuçyllyk ruhuny berdi, şu gün hem
gözleri görmeýär, gulaklary eşitmeýär» diýip ýazylyşy
ýaly gatadylar. 9 Dawut: «Saçaklary olara kement, du-
zak, böwet we jeza bolsun! 10 Gözleri görmez ýaly, ga-
raňkyrasyn, billeri hemişe bükük bolsun!» diýýär.

### Sapylan baldaklar

11 Men diýýärin: olar ýykylmaly bolup büdredimi?
Ýok! Ýöne gabanjaňlygyny oýandyrmak üçin olaryň, ýa-
zyklary sebäpli özge milletlere gutulyş berildi. 12 Olaryň
ýazygy dünýäniň baýlygy, olaryň zyýany milletleriň
baýlygy bolsa, olaryň tamamlanmagy has uly baýlyk
getirer. 13 Men siz ýehudy dällere aýdýaryn. Özge mil-
letleriň resulydygym üçin, öz hyzmatymy şöhratlandyr-
ýaryn. 14 Belki, şeýdip, öz halkymdan bolanlaryň ga-
banjaňlygyny oýandyryp, olaryň käbirlerini halas et-
megi başararyn. 15 Çünki olaryň ret edilişi dünýäniň ýa-
raşygy bolsa, olaryň kabul edilişi ölümden ýaşaýşa go-
wuşmakdan başga näme bolar? 16 Hamyryň ilkinji böle-
gi mukaddes bolsa, onda bütin hamyr hem şeýledir,
kök mukaddes bolsa, baldaklar-da şeýledir. 17 Ýöne bal-
daklaryň käbiri döwlen bolsa, sen ýabany zeýtun aga-
jykaň, olara sapylyp, zeýtun agajynyň dok köküne, su-
wuna şärik bolan bolsaň, onda baldaklaryň öňünde
magtanma. 18 Magtanýan hem bolsaň, sen köki göter-
män, eýsem, köküň seni göterýändigini bilip goý.
19 Sen: «Baldaklar meniň sapylmagym üçin döwüldi»
diýjeksiň. 20 Dogry, olar imansyzdyklary zerarly döwül-
di, ýöne sen iman arkaly dursuň. Tekepbirlik etme-de,
gaýtam, gork. 21 Sebäbi Hudaý tebigy baldaklary gaý-
gyrmadyk bolsa, seni-de gaýgyrmaz. 22 Indi Hudaýyň
ýagşylygyny, gatylygyny gör, Ol ýykylanlara gaty, saňa
bolsa, eger Hudaýyň ýagşylygynda galsaň, ýagşy bo-
lar, ýogsa, sen hem kesilersiň. 23 Olar hem imansyzlyk-
da galmasalar, täzeden sapylarlar, çünki Hudaý olary
sapmagy başarýandyr. 24 Çünki sen tebigaty boýunça
ýabany zeýtun agajyndan kesilip, tebigatyň tersine,
oňat zeýtun agajyna sapylan bolsaň, bu tebigy baldak-
lar öz zeýtun agaçlaryna has gowy sapylar!

### Hemmelere merhemet

25 Çünki, eý doganlar, özüňizi dana saýmaz ýaly, men
siziň bu syrdan habarsyz galmagyňyzy islemeýärin:
milletleriň sany tamamlanýança, Ysraýyl bölekleýin ga-
tap galar. 26 Şeýle: «Siondan Halasgär geler, Ol hudaý-
syzlygy Ýakupdan sowar. 27 Günälerini geçjek wagtym
olar bilen etjek ähtim şudur» diýip ýazylyşy ýaly, tutuş
Ysraýyl gutular. 28 Hoş Habar babatda olar siziň hatyra-
ňyza Hudaýa duşman boldular, ýöne saýlaw babatda
atalaryň hatyrasyna ezizdirler. 29 Sebäbi Hudaýyň sy-
laglary, çakylygy yzyna alynmaz. 30 Siziň bir wagtlar Hu-
daýa boýun bolman, ýöne häzir bularyň boýun bol-
mazlygy arkaly merhemet astyna gelşiňiz ýaly, 31 bular-
da siziň ýeten merhemetiňiz bilen merhemete ýetjek
bolup, şindi boýun bolmadylar. 32 Çünki Hudaý baryna
merhemet etmek üçin, hemmesini boýun bolmazlykda
tussag etdi. 33 Hudaýyň baýlygy, akyldarlygy, bilimi
çuňdur! Onuň hökümleri akyla sygmaz, ýollary bilin-
mezdir! 34 Çünki Rebbiň pikirini kim bildi? Kim Oňa ge-
ňeşdar boldy? 35 Ol bergili bolar ýaly, kim Oňa öňinçä
bir zat berdi? 36 Sebäbi ähli zatlar Ondan, Ol arkaly we
Onuň üçindir. Oňa baky şöhrat bolsun! Omyn.

## —NJI BAP

### Diri gurbanlar

12 Eý doganlar, özüňizi diri, mukaddes, Hudaýyň
halajak gurbany hökmünde hödürläň diýip, Hu-
daýyň rehimleri arkaly size ýalbarýaryn, bu siziň ruhy
ybadatyňyzdyr. 2 Bu dünýä meňzeş bolman, Hudaýyň
halaýan, oňat, kämil isleginiň nämedigini aňlar ýaly, pi-
kiriňiziň täzelenmegi bilen üýtgäň. 3 Men özüme ber-
len merhemet arkaly siziň hemmäňize diýýärin: öz ba-
raňyzda gereginden artyk oýlanman, Hudaýyň her ki-
me beren imanynyň möçberine görä, salykatlylyk bilen
oýlanyň. 4 Çünki biziň bir tenimiz we köp agzamyz bo-
lup, bütin agzalaryň işiniň bolsa bir bolmaýşy ýaly,
5 köp bolan biz-de Mesihde bir ten we biri-birimiziň ag-
zalarydyrys. 6 Biziň özümize berlen merhemet boýun-
ça, aýry-aýry sylaglarymyz bardyr. Bu welilik etmek
bolsa, iman möçberine görä welilik edeliň. 7 Hyzmat
bolsa, hyzmat edeliň. Biri öwrediji bolsa öwretsin. 8 Biri
nesihatçy bolsa nesihat etsin. Haýyr-yhsan edýän mu-
ny sahylyk bilen etsin, baştutanlyk edýän gaýrat bilen,
rehimdarlyk edýän begenç bilen etsin.

### Doganlyk söýgi

9 Söýgi ikiýüzli bolmasyn. Erbetligi ýigrenip, ýagşyly-
ga ýapyşyň. 10 Biri-biriňizi doganlyk söýgi bilen ýürek-
den söýüň, hormatda her kişi beýlekini özünden ýoka-
ry saýsyn. 11 Gaýratyňyz gowşamasyn. Ruhda hyjuwly
boluň. Rebbe hyzmat ediň. 12 Umytda şatlanyň. Muşak-
gatda çydamly boluň. Dogada erjellik ediň. 13 Mätäçlik
çekýän mukaddeslere ýardam ediň. Myhmansöýer bol-
maga dyrjaşyň. 14 Özüňize azar berýänlere haýyr-doga
ediň, gargamaň. 15 Şatlanýanlar bilen şatlanyň, agla-
ýanlar bilen aglaň. 16 Özara pikirdeş boluň. Özüňizi ýo-
kary tutman, orny aşaklar bilen dost boluň. Akyllysyra-
maň. 17 Ýamanlyk deregine hiç kime ýamanlyk etmäň.
Ähli adamlaryň öňünde oňat işlere üns beriň. 18 Oňar-

dygyňyzdan ähli adamlar bilen oňşukly ýaşamak bara-
da eliňizden geleni aýamaň. 19 Eý, söýgüli doganlar,
özüňiz öç alman, Hudaýyň gazabyna ýol beriň. Çünki:
«Reb diýýär: Öç Meniňkidir, öwezini Men bererin».
20 «Duşmanyň aç bolsa, ony naharla, susan bolsa gan-
dyr, sebäbi muny etseň, onuň başyna közler guýarsyň»
diýip ýazylgydyr. 21 Özüňi ýamanlyga ýeňdirme-de, ýa-
manlygy ýagşylyk bilen ýeň.

—NJI BAP

### Häkimiýete tabynlyk

13 Her kişi ýokary häkimiýetlere tabyn bolsun, çün-
ki Hudaý tarapyndan bolmadyk häkimiýet ýok-
dur, bu barlar Hudaý tarapyndan gurlandyr. 2 Munuň
üçin kim häkimiýete garşy bolýan bolsa, Hudaýyň gu-
ranyna garşy bolýandyr, garşy bolýanlar özlerini hö-
küm edýändir. 3 Çünki başlyklar ýagşy iş edýän üçin
däl-de, ýaman iş edýän üçin gorkunçdyr. Häkimiýetden
gorkmazlyk isleýärsiňmi? Onda ýagşy iş et, ol seni ta-
ryplar. 4 Sebäbi başlyk seniň ýagşylygyň üçin Hudaýyň
hyzmatkäridir. Ýaman iş edýän bolsaň, onda gork, çün-
ki ol gylyjy ýöne ýere göterýän däldir. Sebäbi ol Huda-
ýyň hyzmatkäridir, ýamanlyk edenden jeza berip, öç al-
ýandyr. 5 Şonuň üçin diňe jeza zerarly däl-de, ynsap se-
bäpli hem häkimiýetlere tabyn bolmak zerurdyr. 6 Siz
salgytlary hem munuň üçin töleýärsiňiz. Olar mydama
şu iş bilen meşguldygy sebäpli Hudaýyň hyzmatkäridir.
7 Her kişä bermelisini beriň: salgyt bolsa, salgydy;
gümrük bolsa, gümrügi; gorky bolsa, gorkyny; hormat
bolsa, hormaty.

### Biri-biriňizi söýüň

8 Biri-biriňizi söýmekden başga hiç kime bergili bol-
maň, sebäbi kim başgany söýýän bolsa, kanuny berjaý
edýändir. 9 Çünki: «Zyna etme, adam öldürme, ogrulyk
etme, ýalan güwälik berme, açgöz bolma» we ýene-de
buýruk bar bolsa, ol hem şu sözde jemlenendir: «Goň-
şyňy özüň ýaly söý». 10 Söýgi goňşa hiç hili ýamanlyk
etmez. Söýgi kanunyň berjaý edilişidir. 11 Muny häzirki
zamana düşünip ediň. Biziň ukudan oýanmaly sagady-
myz eýýäm geldi, çünki şu wagt gutulyşymyz iman
eden wagtymyzdakydan ýakyndyr. 12 Gije geçip, gündiz
golaýlady. Indi garaňkylyk işlerini egnimizden çykaryp,
nur ýaraglaryny dakynalyň. 13 Aýşy-eşret, serhoşluk,
azgynlyk, ahlaksyzlyk, dawa, içigaraçylyk bilen däl-de,
gündizki ýaly sypaýy gezeliň. 14 Reb Isa Mesihi geýniň,
teniň höweslerini kanagatlandyrmak üçin alada et-
mäň.

—NJI BAP

### Doganyňy ýazgarma

14 Imany gowşagy kabul ediň, ýöne pikirleri hakda
onuň bilen jedelleşmäň. 2 Bir kişi ähli zady iýip
bilýänine imany bardyr, ýöne imany gowşak adam di-
ňe gök iýýändir. 3 Kim iýýän bolsa, iýmeýäni äsgermez-
lik etmesin. Kim iýmeýän bolsa, iýýäni ýazgarmasyn,
çünki Hudaý ony kabul edendir. 4 Başga biriniň hyz-
matkärini ýazgarýan sen kim? Ol öz hojaýynynyň
öňünde durar ýa ýykylar, ýöne dikeler, çünki Hudaý
5 Biri bir güne beýlekiden parh goýýandyr; başga biri
bolsa, ähli günleri deň görýändir. Ýöne her kesiň öz
garaýşyna ynamy bolsun. 6 Kim güni sylaýan bolsa,
ony Reb üçin sylaýandyr. Kim güni sylamaýan bolsa,
ony Reb üçin sylaýan däldir. Kim iýýän bolsa, Reb üçin
iýýändir, çünki Hudaýa şükür edýändir. Kim iýmeýän
bolsa, Reb üçin iýmän, Hudaýa şükür edýändir. 7 Sebä-
bi hiç birimiz özümiz üçin ýaşaýan däldiris, hiç kim
hem özi üçin ölýän däldir. 8 Sebäbi ýaşaýan bolsak, Reb
üçin ýaşaýandyrys, ölýän bolsak, Reb üçin ölýändiris.
Şoňa görä, ýaşasak-da, ölsek-de Rebbiňkidiris. 9 Sebäbi
Mesih hem ölüleriň, hem dirileriň Rebbi bolmak üçin,
hem öldi, hem direldi, hem-de ýaşaýşa gowuşdy.
10 Emma sen näme üçin doganyňy ýazgarýarsyň? Ýa-da
sen näme üçin doganyňy äsgermezlik edýärsiň? Çünki
biziň barymyz Mesihiň 11 «Reb diýýär: Öz diriligimden
kasam, her dyz öňümde epiler, her dil Hudaýy ykrar
eder» diýip ýazylgydyr. 12 Şeýlelikde, her kişi özi üçin
Hudaýa jogap berer. 13 Munuň üçin biri-birimizi ýazgar-
man, gowusy, bir doganyň öňüne büdreme, taýma da-
şyny goýmazlygyň pikirini edeliň. 14 Men hiç bir zadyň
öz-özünden murdar däldigini bilýärin, muňa Reb Me-
sihde ynamym bar. Ýöne biri bir zady murdar saýýan
bolsa, oňa murdardyr. 15 Çünki doganyň iýýän dama-
gyň üçin gam çekýän bolsa, onda sen entek söýgi ýo-
lundan ýöreýän dälsiň. Damagyň bilen hiç kişini heläk
etme, Mesih şolaryň ugrunda janyny pida etdi. 16 Ýag-
şylygyňyzy ýamanlatmaň. 17 Çünki Hudaýyň patyşalygy
iýmek, içmek däl-de, dogrulyk, parahatlyk we Mukad-
des Ruhda şatlykdyr. 18 Kim Mesihe şeýle gulluk edýän
bolsa, Hudaýyň pisindiniň oturýany we adamlaryň ha-
lany şoldur. 19 Şeýlelikde, parahatlyga, biri-birimizi di-
keltmäge ýaraýan işler ugrunda dyrjaşalyň. 20 Damak
üçin Hudaýyň işini bozma. Hemme zat tämiz, ýöne biri-
niň büdremegine sebäp bolup iýýän adama erbetdir.
21 Et iýmezlige, şerap içmezlige hem-de doganyňyň
büdremegine, günä itilmegine ýa ejizlemegine sebäp
bolýan zady etmezlik ýagşydyr. 22 Imanyň barmy? Ony
Hudaýyň huzurynda özüň üçin sakla. Gowy görýän za-
dynda özüni höküm etmeýän bagtlydyr. 23 Emma şüb-
he edýän iýse, ol höküm ediler, sebäbi ol muny iman
bilen edýän däldir. Imansyz edilen zat günädir. 24 Me-
niň wagyz edýän Hoş Habaryma we Isa Mesihiň wag-
zyna görä, gadym döwürlerden bäri ýaşyryn galan,
25 ýöne indi aýan bolup, ebedi Hudaýyň buýrugy bilen
pygamberleriň ýazgylary arkaly bütin milletlere imana
boýun bolmak üçin bildirilen syryň aýan bolmagyna
görä sizi berkitmegi başarýan, 26 ýalňyz akyldar Huda-
ýa Isa Mesih arkaly baky şöhrat bolsun! Omyn.

## —NJI BAP

### Özara pikirdeşlik

15 Ýöne biz güýçlüler ejizleriň ejizliklerini göterme-
lidiris, öz göwnümizden turmaly däldiris. 2 Her
kişi abatlyk üçin, ýagşylyk üçin goňşusynyň göwnün-
den turmalydyr. 3 Çünki: «Seni kemsidýänleriň kemsit-
mesine men duçar boldum» diýip ýazylyşy ýaly, Mesih
hem Öz göwnünden turmady. 4 Çünki näme öňden ýa-
zylan bolsa, bary çydam arkaly, Ýazgylaryň tesellisi ar-
kaly umytly bolar ýaly, bize tälim üçin ýazylandyr. 5 Siz
ýürekdeş bolup, Hudaýy, ýagny Rebbimiz Isa Mesihiň
Atasyny biragyzdan şöhratlandyrar ýaly, 6 çydam hem
teselli Hudaýy Isa Mesihe görä, size özara pikirdeşlik
bersin. 7 Bu sebäpden, Hudaýyň şöhraty üçin Mesihiň
sizi kabul edişi ýaly, siz-de biri-biriňizi kabul ediň.
8 Çünki men aýdýaryn: «Munuň üçin milletler arasynda
Seni ykrar edip, adyňa nagma aýdaryn» diýip ýazylyşy
ýaly, özge milletler Hudaýy merhemeti üçin şöhratlan-
dyrsyn diýip, 9 Mesih atalara berlen wadany tassyklajak
bolup, Hudaýyň hakykaty üçin sünnetlileriň hyzmatkä-
ri boldy. 10 Ýene diýýär: «Eý milletler, Onuň halky bilen
birlikde şatlanyň». 11 Ýene: «Eý bütin milletler, Hudaýa
alkyş okaň, bütin halklar Oňa öwgi aýtsyn». 12 Ýene Işa-
ýa diýýär: «Milletlere höküm etmek üçin Galan, Ýessä-
niň Köki geler, milletler Oňa umyt baglar». 13 Mukad-
des Ruhuň gudraty bilen umytda artar ýaly, umyt Hu-
daýy sizi imanda bütin şatlyk we parahatlyk bilen doly
etsin.

### Mesihiň hyzmatkäri

14 Eý doganlar, men siziň hem ýagşylykdan doludygy-
ňyza, bütin bilim bilen dolup, özara nesihat bermegi
başarýandygyňyza ynanýaryn. 15 Eý doganlar, ýöne
men Hudaýyň özüme beren merhemetine görä, siziň
ýadyňyza salmak üçin, käbir zatlary batyrgaýlyk bilen
ýazdym. 16 Maňa bu merhemet milletleriň sowgady
Mukaddes Ruh arkaly mukaddes edilip, kabul bolar ýa-
ly, Hudaýyň Hoş Habary ugrunda ruhanylyk kärini ýeri-
ne ýetirmegim, milletlere Mesih Isanyň hyzmatkäri
bolmagym üçin berildi. 17 Şeýlelikde, Mesih Isa degişli
biri hökmünde Hudaýa edýän hyzmatym bilen mag-
tansam ýerliklidir. 18 Sebäbi men özge milletleriň bo-
ýun bolmagy üçin, Mesihiň men arkaly sözde hem iş-
de, 19 alamatlar, gudratlar arkaly, Mukaddes Ruh arkaly
edenlerinden başga zatlary aýtmaga het etmerin. Şeý-
lelikde, men Iýerusalimden başlap, Illiriýa çenli aýla-
nyp, Mesihiň Hoş Habaryny ýaýratdym. 20 Başga biriniň
binasynyň üstünden gurmaýyn diýip: «Ondan habar-
syz bolanlar görer, eşitmedikler düşüner» diýip ýazyly-
şy ýaly, 21 Mesihiň ady eşidilmedik ýerlerde Hoş Habary
wagyz etmäge yhlas etdim.

### Pawlusyň Rime gitmek niýeti

22 Meniň siziň ýanyňyza gelmegime-de ençeme ge-
zek päsgel beren şu boldy. 23 Indi bolsa bu ýurtlarda
maňa edere iş ýoklugy we köp ýyllardan bäri ýanyňyza
gelmegi küýseýänligim üçin, 24 Ispaniýa barýarkam, ýa-
nyňyza degerin. Sebäbi geçip barýarkam, sizi görüp,
didaryňyzdan biraz doýanymdan soň, siz meni ol ýere
ugradarsyňyz diýen umydym bar. 25 Häzir bolsa mu-
kaddeslere gulluk etmek üçin, Iýerusalime barýaryn.
26 Çünki Makedoniýa we Ahaýa ilaty Iýerusalimde bo-
lan mukaddesler arasyndaky mätäçlere sadaka iber-
megi maslahat bildiler. 27 Olar maslahat bildiler, aslyn-
da, olara borçludyrlar. Çünki özge milletler olaryň ruhy
bereketlerine şärik bolandyklaryna görä, maddy zatlar-
da olara hyzmat etmäge borçludyrlar. 28 Men şuny biti-
renimden, bu hasyly olara gowşuranymdan soň, siziň
üstüňiz bilen Ispaniýa gitmekçi. 29 Siziň ýanyňyza bara-
nymda, Mesih baradaky Hoş Habaryň berekediniň 30 Eý
doganlar, men Ýahudadaky imansyzlardan gutular ýa-
ly we Iýerusalim üçin edýän hyzmatymy hudaýhonlar
kabul eder ýaly, 31 meniň üçin Hudaýa doga edip, me-
niň bilen birlikde göreşmegiňizi Rebbimiz Isa Mesihiň
we Ruhuň söýgüsi hatyrasyna sizden haýyş edýärin.
32 Onsoň Hudaýyň islegi bilen şatlyk içinde siziň ýany-
ňyza gelip, siz bilen ynjalaryn. 33 Parahatlyk Hudaýy si-
ziň baryňyz bilen bolsun! Omyn.

### Aýratyn salamlar

16 Kenreadaky ýygnagyň gullukçysy aýal dogany-
myz Fibini size tabşyrýaryn. 2 Ony mukaddeslere
mynasyp ýagdaýda Rebde kabul edip, size mätäç zatla-
rynda kömek beriň, çünki ol köplere, meniň özüme-de
kömekçi boldy. 3 Mesih Isa ýolunda işdeşlerim Priskilla
bilen Akila salam aýdyň. 4 Olar meniň janym üçin öz
janlaryny howp astyna saldylar, olara diňe men däl,
milletleriň ähli ýygnaklary hem minnetdar. 5 Olaryň
öýündäki ýygnaga-da salam aýdyň. Mesih üçin Aziýa-
nyň ilkinji miwesi eziz dostum Epenetosa salam aýdyň.
6 Siziň üçin köp zähmet çeken Mereme salam aýdyň.
7 Resullar arasynda at-abraý gazanyp, Mesihe menden
öň iman eden garyndaşlarym, tussagdaşlarym Andro-
nikosa bilen Ýuniasa salam aýdyň. 8 Rebde eziz dostum
Ampliýatusa salam aýdyň. 9 Mesihde işdeşimiz Urba-
nusa, eziz dostum Stahise salam aýdyň. 10 Mesihde sy-
nagdan geçen Apellise salam aýdyň. Aristobulosyň
içersine salam aýdyň. 11 Garyndaşym Hirodiona salam
aýdyň. Narkissisiň içersinden Rebde bolanlara salam
aýdyň. 12 Rebde zähmet çekýän Trifena, Trifosa salam
aýdyň. Rebde köp zähmet çeken söýgüli Persise salam
aýdyň. 13 Rebde saýlanan Rufusa we maňa hem enelik
eden onuň enesine salam aýdyň. 14 Asinkritosa, Flego-
na, Ermise, Patrobasa, Ermasa we olaryň ýanyndaky
doganlara salam aýdyň. 15 Filologosa we Ýuliýa, Nereu-
sa hem-de onuň aýal doganyna, Olimpasa we olaryň

ýanyndaky ähli mukaddeslere salam aýdyň. [16] Biri-biri-
ňize mukaddes ogşuk bilen salam aýdyň. Mesihiň
hemme ýygnaklary size salam gönderýär. [17] Eý dogan-
lar, öwrenen taglymatyňyza garşy gidip, bölünme we
böwetlere sebäp bolýanlardan ägä bolmagy sizden ha-
ýyş edýärin, olardan daşda duruň. [18] Çünki beýle
adamlar Rebbimiz Isa Mesihe däl-de, öz garynlaryna
gulluk edýändir, süýji söz sözläp, owadan gürläp, ýöne-
keý adamlaryň ýüreklerini aldawa salýandyr. [19] Siziň
boýun bolanlygyňyz hemmäniň gulagyna ýetdi. Men
munuň üçin hem begenýärin, ýöne siziň ýagşylykda
akyldar, erbetlikde ýöntem bolmagyňyzy isleýärin.
[20] Parahatlyk Hudaýy haý diýmän, şeýtany aýaklaryňy-
zyň astynda mynjyradar. Rebbimiz Isa Mesihiň [21] Işde-
şim Timoteos, daryndaşlarym Lukius, Ýason we Sosi-
patros size salam gönderýär. [22] Bu haty ýazan men Ter-
tius size Rebde salam aýdýaryn. [23] Meni hem bütin
ýygnagy myhman alan Gaýus size salam gönderýär.
Şäheriň hazynaçysy Erastos we doganymyz Kuwartos
size salam gönderýär. [24] Rebbimiz Isa Mesihiň merhe-
meti siziň hemmäňiz bilen bolsun! Omyn.

# 1 Korintoslylar

—NJI BAP

### Salamlar we şükürler

1 Hudaýyň islegi bilen Mesih Isanyň resuly bolma-
ga çagyrylan Pawlusdan we Sostenis dogandan,
2 Hudaýyň mukaddeslige çagyrylyp, Mesih Isada mu-
kaddes edilen Korintosdaky ýygnagyna we her ýerde
hem olaryň, hem-de biziň Rebbimiz Isa Mesihiň adyny
tutýanlaryň barysyna salam! 3 Atamyz Hudaýdan, Reb
Isa Mesihden size merhemet hem parahatlyk bolsun!
4 Men Mesih Isada size berlen Hudaýyň merhemeti
üçin, siz barada elmydam Hudaýa şükür edýärin.
5 Çünki siz Onda her zada, her söze we her bilime baý
bolduňyz. 6 Biziň Mesih hakdaky güwäligimiz sizde ber-
kedi. 7 Şonuň üçin hem siz Rebbimiz Isa Mesihiň aýan
bolmagyna garaşyp, hiç bir sylagda ýetmezçiligiňiz
ýokdur. 8 Ol sizi Rebbimiz Isa Mesihiň gününde müýn-
süz bolar ýaly, soňa deňeç berkider. 9 Sizi Öz Ogly, bi-
ziň Rebbimiz Isa Mesih bilen şärikçilige çagyran Hudaý
ynamdardyr.

### Imanlylar ýygnagyndaky bölünişikler

10 Eý doganlar, hemmäňiziň diliňiz bir bolup, araňyz-
da bölünişik bolman, bir pikirde we bir islegde birleş-
megiňizi Rebbimiz Isa Mesihiň ady bilen sizden haýyş
edýärin. 11 Çünki, eý doganlar, siziň araňyza dawa dü-
şenligi hakda Kloiniň öýündäkiler maňa habar berdi.
12 Meniň aýtjak bolýan zadym şu: siziň her biriňiz «Men
Pawlusyňky», «Men Apollosyňky», «Men Kifasyňky»,
«men Mesihiňki» diýýärsiňiz. 13 Mesih bölündimi? Paw-
lus siziň üçin haça çüýlendimi? Ýa siz Pawlusyň adyna
çokundyryldyňyzmy? 14 Hiç kim maňa öz adyna çokun-
dyrdy diýmez ýaly, 15 Men Krispus we Gaýusdan başga
siziň hiç biriňizi çokundyrmanyma Hudaýa şükür edýä-
rin. 16 Şeýle hem men Stefanyň içersini-de çokundyr-
dym, başga çokundyranym ýadyma düşmeýär. 17 Çünki
Mesih meni çokundyrmak üçin däl-de, Hoş Habary yg-
lan etmek üçin ýollady, ýöne Mesihiň haçy biderek bol-
maz ýaly, muny söz akyldarlygynda etmeli däldim.

### Hudaýyň gudraty we akyldarlygy Mesih

18 Çünki haçyň sözi heläk bolanlar üçin akmaklyk, biz
— gutulanlar üçin bolsa Hudaýyň gudratydyr. 19 Çünki:
«Men akyldarlaryň akyldarlygyny weýran ederin, dü-
şünjelileriň düşünjesini güýçden düşürerin» diýip ýa-
zylgydyr. 20 Akyldar hany? Kanunçy hany? Bu döwrüň
alymy hany? Hudaý bu dünýäniň akyldarlygyny ak-
maklyga öwürmedimi? 21 Çünki dünýäniň Hudaýyň
akyldarlygynda öz akyldarlygy bilen Hudaýy tanama-
dygyna görä, Hudaý iman edenleri wagyz akmaklygy
arkaly gutarmagy unady. 22 Çünki ýehudylar gudrat
görkezmegi talap edýär, grekler akyldarlygy gözleýär.
23 Biz bolsak haça çüýlenen Mesihi ýehudylar üçin büd-
remäge sebäp, grekler 24 ýöne çagyrylanlara, hem
ýehudylara, hem greklere Hudaýyň gudraty we Huda-
ýyň akyldarlygy bolan Mesihi wagyz edýäris. 25 Çünki
Hudaýyň «akmaklygy» adam akylyndan üstün, Huda-
ýyň «ejizligi» adam güýjünden güýçlüdir. 26 Çünki, eý
doganlar, çagyrylyşyňyza serediň. Adam ölçegi boýun-
ça köpiňiz akyldar, güýçli, asylzada däldiňiz. 27 Ýöne
Hudaý akyldarlary utandyrmak üçin, dünýäniň akmak
saýýanlaryny saýlady. Hudaý güýçlüleri utandyrmak
üçin, dünýäniň ejiz saýýanlaryny saýlady. 28 Hudaý äh-
miýetli zatlary ýatyrmak üçin, bu dünýäniň asylzada
dällerini, äsgerilmeýänlerini we ähmiýetsizlerini saýla-
dy. 29 Ol muny hiç bir adam Hudaýyň huzurynda mag-
tanmasyn diýip etdi. 30 Ýöne: «Magtanan Reb bilen
magtansyn» diýip ýazylyşy ýaly, 31 siz Hudaýyň saýa-
synda Mesih Isadasyňyz. Ol biziň üçin Hudaýyň akyl-
darlygy we dogrulygy, mukaddesligi we gutaryşy bol-
dy.

—NJI BAP

### Haça çüýlenen Mesihi tanadyş

2 Eý doganlar, men size Hudaýyň güwäligini wagyz
etmäge gelenimde, söz we akyl artyklygy bilen ge-
lemok. 2 Çünki siziň araňyzdakam, Isa Mesihden, Onuň
haça çüýlenmeginden başga hiç bir zady bilmezligi ýü-
regime düwdüm. 3 Men size ejizlik we gorky içinde gel-
dim, gaty-da sandyraýardym. 4 Sözüm hem wagzym
ynsan akyldarlygynyň ynandyryjy sözlerine däl-de, 5 si-
ziň imanyňyz ynsan akyldarlygynda durman, Hudaýyň
güýjünde durar ýaly, Ruhuň we Onuň güýjüniň görke-
zilmegine daýanýardy.

### Hudaýyň akyldarlygy

6 Biz akyldarlygy kämiller arasynda sözleýäris. Biziň
sözleýän bu akyldarlygymyz bu döwrüňki, bu döwrüň
geçiji hökümdarlarynyňky däl-de, 7 Hudaýyň zaman
başlamazdan öň biziň şöhratymyz üçin bellän gizlin,
syrly akyldarlygydyr. 8 Bu akyldarlyga bu döwrüň hö-
kümdarlarynyň hiç biri düşünmedi, çünki düşünen bol-

salar, şöhratly Rebbi haça çüýlemezdiler. 9 Emma ýazy-
lyşy ýaly: «Hudaýyň Özüni söýenler üçin taýýarlan zat-
laryny ne göz görendir, ne gulak eşidendir, ne-de
adam ýüregi hyýal edendir». 10 Bize bolsa Hudaý muny
Öz Ruhy arkaly aýan etdi, sebäbi, Ruh ähli zady, Huda-
ýyň çuň pikirlerini-de barlaýandyr. 11 Çünki adamda nä-
me barlygyny adamyň özünde bolan ruhundan başga
kim biler? Şeýle hem Hudaýda näme barlygyny Huda-
ýyň Ruhundan başga hiç kim bilýän däldir. 12 Biz bu
dünýäniň ruhuny däl-de, Hudaýyň özümize beren be-
reketlerini biler ýaly, Hudaýdan gelen Ruhy aldyk. 13 Biz
bulary adam akyldarlygynyň öwreden sözleri bilen däl-
de, ruhy zatlary ruhy sözler bilen sözläp, Ruhuň öwre-
den sözleri bilen aýdýarys. 14 Tebigy adam Hudaýyň
Ruhuna degişli zatlary unamaz, çünki bular onuň üçin
akmaklykdyr, bulary bilip bilmez, sebäbi bulara ruh bo-
ýunça düşünilýändir. 15 Ruha uýan adam ähli zady saý-
garar, ýöne ony hiç kim saýgarmaz. 16 Çünki, «Rebbe
öwüt berer ýaly, onuň pikirini kim bildi?» Ýöne bizde
Mesihiň pikiri bardyr.

## —NJI BAP

### Hudaýyň işdeşleri

3 Eý doganlar, men size Ruha uýanlara däl-de, te-
bigy adamlara, Mesihdäki çagalara gürrüň berşim
ýaly gürrüň berdim. 2 Size gaty-guty däl-de, süýt ber-
dim, çünki siz gaty-guty iýmegi başarmaýardyňyz, mu-
ny häzir hem başarmaýarsyňyz. 3 Çünki siz entek te-
bigy adamlarsyňyz. Sebäbi araňyzda içigaraçylyk, çe-
kişme we dawanyň barlygyna görä, siz tebigy adamlar
dälmi? Adam adaty boýunça gezmeýärsiňizmi? 4 Çünki
biri «Men Pawlusyňky», ýene biri «Men Apollosyňky»
diýýän bolsa, tebigy adamlar dälsiňizmi? 5 Pawlus kim?
Apollos kim? Olar hyzmatçy, siz hem Rebbiň her birine
berşine görä, olar arkaly iman etdiňiz. 6 Men ekdim,
Apollos suwardy, ýöne ösdürýän Hudaýdyr. 7 Şoňa gö-
rä, eken-de, suwaran-da hiçdir, diňe ösdürýän Hudaý
ähmiýetlidir. 8 Eken bilen suwaran birdir, ýöne her biri
öz zähmetine görä sylagyny alar. 9 Biz Hudaýyň işdeş-
leridiris, siz bolsaňyz, Hudaýyň ekin meýdany, Huda-
ýyň ymaratysyňyz. 10 Hudaýyň özüme berlen merhe-
metine görä, men akyldar ussa kimin binanyň düýbüni
tutdum. Başga biri bolsa, onuň üstüni gurýandyr, ýöne
her kişi nähili salşyna dykgat etsin. 11 Sebäbi hiç kim
tutulan düýpden, ýagny Isa Mesihden başga düýbi tu-
tup bilmez. 12 Bu düýbüň üstünde gyzyldan, kümüş-
den, gymmatbaha daşlardan, agaçdan, otdan, saman-
dan, 13 ymarat salan her kişiniň işi belli bolar, çünki
Rebbiň güni ony aýan eder, sebäbi otda belli bolar, her
biriniň işiniň nähilidigini ot synar. 14 Kimiň bina edeni
oda çydasa, şol sylag alar. 15 Kimiň işi ýansa, ol zyýan
çeker, ýöne özi ot içinden geçen ýaly bolup gutular.
16 Siz Hudaýyň ybadathanasydygyňyzy, Hudaýyň Ruhu-
nyň sizde ýaşaýanyny bilmeýärsiňizmi? 17 Biri Hudaýyň
ybadathanasyny ýyksa, Hudaý hem ony ýykar, çünki
Hudaýyň ybadathanasy mukaddesdir. Ine, şol ybadat-
hana sizsiňiz. 18 Hiç kim özüni aldamasyn. Siziň araňyz-
dan biri şu dünýäde özüni akyldar saýýan bolsa, onda
ol akyldar bolmak üçin akmak bolsun. 19 Çünki bu dün-
ýäniň akyldarlygy Hudaýyň ýanynda akmaklykdyr, se-
bäbi: «Ol akyldarlary öz hilelerinde tutýandyr» diýip ýa-
zylgydyr. 20 Ýene-de: «Reb akyldarlaryň pikirleriniň boş-
dugyny bilýändir» diýip ýazylgydyr. 21 Şoňa görä, hiç
kim adam bilen magtanmasyn, çünki hemme zat siziň-
kidir: 22 Pawlus, Apollos ýa Kifas bolsun, dünýä, ýaşa-
ýyş, ölüm bolsun, häzirki ýa geljekki zatlar bolsun —
hemmesi siziňkidir. 23 Siz Mesihiňkisiňiz, Mesih-de Hu-
daýyňkydyr.

## —NJI BAP

### Mesihiň resullary

4 Şeýlelikde, adamlar bizi Mesihiň hyzmatçylary,
Hudaýyň syrlarynyň wekilleri hasap etmelidir.
2 Wekilleriň her birinden bolsa sadyklyk talap edilýär.
3 Siziň ýa-da adamlaryň diwanynyň üstümden höküm
çykarmagy meniň üçin möhüm zat däl, ýöne özüm
hem öz üstümden höküm çykarmaýaryn. 4 Çünki men
özümde bir aýyp görmeýärin, ýöne munuň bilen özü-
mi aklamaýaryn. Meniň üstümden höküm çykarýan
Rebdir. 5 Şonuň üçin Reb gelýänçä, wagtyndan öň hiç
bir zadyň üstünden höküm çykarmaň. Ol garaňkylygyň
gizlin zatlaryny ýagtyldar, ýürekleriň niýetlerini aýan
eder, şol wagt her kes Hudaýdan özüne laýyk tarypyny
alar.
6 Eý doganlar, siz ýazylanlardan artyk pikir etmezligi
bizden öwrenip, hiç biriňiz beýlekiniň öňünde gabar-
maz ýaly, men bu zatlary siz sebäpli özüme hem Apol-
losa tymsal edip aýtdym. 7 Çünki kim seni beýlekiler-
den parhly edýär? Almadyk nämäň bar? Alan bolsaň,
almadyk ýaly, öwünmäň näme? 8 Siz eýýäm doýup, eý-
ýäm baýadyňyz, bizsiz höküm sürdüňiz. Dogrudan
hem, biz-de siz bilen höküm sürer ýaly, käşgä höküm
sürsediňiz! 9 Çünki Hudaý biz resullary ölüme bellenen-
ler ýaly soňkular hökmünde orta çykarandyr öýdýärin,
sebäbi biz dünýä, perişdelere we adamlara tomaşa
bolduk. 10 Biz Mesihiň hatyrasyna akmakdyrys, ýöne siz
Mesihde akyllysyňyz. Biz ejiz, siz güýçli, siz şöhratly, biz
äsgerilmedikdiris. 11 Biz şu çaka çenli açlyga, suwsuzly-
ga, ýalaňaçlyga, ýenjilmäge, sergezdanlyga döz gelip
ýörendiris. 12 Öz ellerimiz bilen işläp, zähmet çekýäris,
sögülenimizde, haýyr-doga edýäris, azar berlende çy-
daýarys. 13 Myjabat ýapylanda, mylaýym jogap berýä-
ris. Şu çaka çenli dünýäniň syr-süplügi, hemmäniň zir-
zibili bolduk. 14 Men bu zatlary sizi utandyrmak üçin ýa-
zamok, size söýgüli balalarym hökmünde nesihat ber-
ýärin. 15 Mesihde on müňlerçe terbiýeçiňiz bolsa-da,
köp ataňyz ýokdur, sebäbi Mesih Isada Hoş Habar ar-
kaly men siziň ataňyz boldum. 16 Şoňa görä-de, maňa
öýküniň diýip, sizden haýyş edýärin. 17 Rebbe sadyk
bolan söýgüli oglum Timoteosy şu maksat bilen size

iberýärin. Ol meniň Mesih Isadaky ýollarymy her ýer-
de, her ýygnakda öwredişim ýaly, siziň ýadyňyza salar.
18 Hamala, men size gelmejek ýaly, käbirleri gabarýan
eken. 19 Reb islese, basym size gelip, gabarýanlaryň sö-
züni däl-de, güýjüni görerin. 20 Sebäbi Hudaýyň Patyşa-
lygy sözde däl-de güýçdedir. 21 Siz näme isleýärsiňiz?
Ýanyňyza taýak bilen baraýynmy ýa-da söýgüdir ýum-
şaklyk ruhy bilen?

## —NJI BAP

### Ahlaksyzyň üstünden höküm çykaryň

5 Siziň araňyzda butparazlar arasynda-da görülme-
dik ahlaksyzlygyň barlygy eşidilýär: biri öz atasy-
nyň aýalyny alanmyş. 2 Siz bolsa bu işi eden araňyzdan
aýrylar ýaly, ýas tutman, gaýtam, gabarýarsyňyz.
3 Men ten bilen siziň ýanyňyzda bolmasam-da, ruhda
siz bilendirin. Siziň ýanyňyzda ýaly, bu işi eden adamy
men eýýäm höküm etdim. 4 Ruhum araňyzda bolup,
Rebbimiz Isa Mesihiň gudraty bilen bir ýere üýşen ma-
halyňyz, 5 teni heläk bolup, ruhy Reb Isanyň gününde
gutular ýaly, bu adamy şeýtana tabşyryň.
6 Magtanmagyňyz dogry däldir. Azajyk hamyrmaýa-
nyň bütin hamyry turşadýanyny siz bilmeýärsiňizmi?
7 Hamyrmaýa täze hamyr bolar ýaly, köne hamyrmaýa-
ny aýyryň. Çünki biziň Pesahlyk guzymyz Mesih-de
gurban edilendir. 8 Şonuň üçin köne hamyrmaýa bilen,
ýamanlyk we erbetlik hamyrmaýasy bilen däl-de, ak
ýürekliligiň, hakykatyň petiri bilen baýram edeliň.
9 Men size hatymda ahlaksyzlar bilen gatnaşyk et-
mäň diýip ýazdym. 10 Bu dünýäniň, umuman, ahlaksyz-
lary, açgözleri, talaňçylary ýa butparazlary bilen diýe-
mok, ýogsam, siz bu dünýäden çykmaly bolardyňyz.
11 Ýöne men size dogan diýilýäniň biri ahlaksyz, açgöz,
butparaz, agzy paýyş, arakkeş ýa talaňçy bolsa, onuň
bilen gatnaşmazlygy, beýle adam bilen nahar hem iý-
mezligi ýazýaryn. 12 Çünki meniň daşardakylaryň üs-
tünden höküm çykarmaga näme hakym bar? Siz içer-
däkileriň üstünden höküm çykarmaly dälmi? 13 Daşar-
dakylaryň üstünden Hudaý höküm çykarar. Siz ýamany
öz araňyzdan çykaryň.

### Dawalar barada

6 Başga biri bilen dawasy bolan siziň biriňiz mukad-
desler huzurynda däl-de, imansyzlaryň öňünde
üstünden höküm çykarylmagyna ýürek edermi? 2 Ýa-
da siz mukaddesleriň dünýäniň üstünden höküm çy-
karjagyny bilmeýärsiňizmi? Dünýäniň üstünden hö-
küm çykarjak bolsaňyz, onda kiçi dawalaryň üstünden
höküm çykarmaga siz mynasyp dälmi? 3 Bu ýaşaýşyň
işleri beýlede dursun, siz biziň perişdeleriň-de üstün-
den höküm çykarjakdygymyzy bilmeýärsiňizmi? 4 Bu
ýaşaýşyň işlerini höküm etmeli bolsaňyz, onda ýygnak-
da sylanmaýan adamlary bu işe goýýarsyňyz. 5 Muny
sizi utandyrmak üçin aýdýaryn: öz doganlarynyň ara-
synda höküm etmegi başarýan ýekeje-de akyldar
adam araňyzda ýokmy? 6 Gaýtam, dogan-dogan bilen
diwana gidişýär, özem imansyzlaryň öňünde. 7 Dogru-
dan-da, araňyzda diwana gidişmeleriň barlygynyň özi
siziň üçin bütinleý bir şowsuzlykdyr. Adalatsyzlyk çek-
mek siziň üçin has gowy dälmi? Talaňa döz gelmek si-
ziň üçin has gowy dälmi? 8 Emma siziň özüňiz adalat-
syzlyk edýärsiňiz, talaýarsyňyz, özem doganlaryňyzy.
9 Ýa-da adalatsyzlaryň Hudaýyň Patyşalygyny miras al-
majakdygyny bilmeýärsiňizmi? Aldanmaň, Hudaýyň
Patyşalygyny ne ahlaksyzlar, ne butparazlar, ne zyna-
horlar, ne gomoseksuallar, ne beçebazlar, 10 ne ogru-
lar, ne açgözler, ne arakkeşler, ne agzy paýyşlar, ne-de
talaňçylar miras alar. 11 Siziň hem käbirleriňiz şeýledi-
ňiz, ýöne ýuwuldyňyz, mukaddes edildiňiz, Rebbimiz
Isa Mesihiň ady bilen, Hudaýymyzyň Ruhy arkaly ak-
landyňyz.

### Ahlaksyzlykdan gaçyň

12 Maňa hemme zada rugsat berlendir, ýöne hemme
zat peýdaly däldir. Maňa hemme zada rugsat berlen-
dir, ýöne hiç zat maňa agalyk etmeli däldir. 13 Iýmit ga-
ryn üçin, garyn-da iýmit üçindir, ýöne Hudaý ikisini-de
ýok eder. Ten bolsa ahlaksyzlyk üçin däl-de, Reb üçin-
dir, Reb-de ten üçindir. 14 Hudaý Öz gudraty bilen Reb-
bi direltdi, bizi-de direlder. 15 Siz teniňiziň Mesihiň ag-
zasydygyny bilmeýärsiňizmi? Men Mesihiň agzasyny
alyp, bir kemçiniň agzasy edeýinmi? Etmen! 16 Ýa-da bir
kemçin bilen birleşeniň onuň bilen bir ten bolýanyny
bilmeýärsiňizmi? Sebäbi: «Ikisi bir ten bolar» diýlendir.
17 Emma Reb bilen birleşen Onuň bilen bir ruhdur.
18 Ahlaksyzlykdan gaçyň! Adamyň edýän her bir günäsi
teniň daşyndadyr, ýöne ahlaksyzlyk edýän öz tenine
garşy günä edýändir. 19 Ýa-da teniňiziň sizde ýaşaýan
we siziň Hudaýdan alan Mukaddes Ruhuňyzyň ybadat-
hanasydygyny, siziň özüňiziňki däldigiňizi bilmeýärsi-
ňizmi? 20 Çünki siz bir baha alyndyňyz. Munuň üçin,
Hudaýyňky bolan teniňiz we ruhuňyz bilen Hudaýy
şöhratlandyryň.

## —NJI BAP

### Öýlenmek barada

7 Indi siziň ýazan zatlaryňyz hakda: bir adama aýa-
la el degirmezlik ýagşydyr. 2 Ýöne ahlaksyzlykdan
saklanmak üçin, her kişiniň öz aýaly we her aýalyň öz
äri bolsun. 3 Är aýalyna, şeýle hem aýal ärine mähri-
banlyk borjuny berjaý etsin. 4 Aýalyň öz tenine ygtyýa-
ry ýokdur, bu ygtyýar äriňkidir we şonuň ýaly, äriň-de
öz tenine ygtyýary ýokdur, bu ygtyýar aýalyňkydyr.
5 Diňe oraza we doga bilen meşgul bolar ýaly, ylalaşy-
ga görä, wagtlaýynça bolmasa, biri-biriňizi är-aýallyk
hakyndan mahrum etmäň. Wagtlaýyn aýrylsaňyz-da,
şeýtan nebsiňize buýurmak babatda sizi synaga sal-
maz ýaly, ýene-de birleşiň. 6 Emma muny buýruk däl-
de, rugsat hökmünde aýdýaryn. 7 Men ähli adamlaryň
özüm ýaly bolmagyny arzuw edýärin, ýöne her kişiniň

Hudaýdan öz sylagy bardyr; biriniňki bir hili, başga biriniňki başga hilidir. 8 Emma öýlenmediklere, dul hatynlara, meniň ýaly galsalar, olar üçin ýagşydyr diýýärin. 9 Nebislerine buýrup bilmeýän bolsalar, onda öýlensinler, sebäbi öýlenmek yşk oduna ýanmakdan gowudyr. 10 Öýlenenlere bolsa men däl-de, Reb: «Aýal ärinden aýrylmasyn» diýip, buýruk beripdir. 11 Eger-de aýrylan bolsa, ärsiz galsyn ýa-da äri bilen ýaraşsyn. Är-de aýalynyň talagyny bermesin. 12 Beýlekilere bolsa Reb däl-de, men diýýärin: bir doganyň iman etmedik aýaly bar bolsa, ol aýal hem onuň bilen ýaşamaga razy bolsa, ol onuň talagyny bermesin. 13 Bir aýalyň iman etmedik äri bar bolsa, äri hem onuň bilen ýaşamaga razy bolsa, onda ol ärinden aýrylmasyn. 14 Çünki iman etmedik är 15 Ýöne iman etmedik aýrylsa, goý aýrylsyn. Dogan ýa-da aýal dogan beýle ýagdaýlarda bagly däldir. Hudaý bizi parahat ýaşamaga çagyrandyr. 16 Çünki, eý aýal, sen äriňi halas edip-etmejegiňi nireden bilýärsiň? Eý är, sen aýalyňy halas edip-etmejegiňi nireden bilýärsiň?

### Haýsy ýagdaýda çagyrylan bolsaňyz, şeýle geziň

17 Ýöne Reb her kesi nähili bellän bolsa, Hudaý kimi nähili çagyran bolsa, ol şeýle gezsin. Men bu buýrugy ähli ýygnaklara berýärin. 18 Kim sünnetlikä çagyrylan bolsa, sünnetsiz bolmasyn. Kim sünnetsizkä çagyrylan bolsa, sünnetlenmesin. 19 Sünnetlilik-de hiçdir, sünnetsizlik-de hiçdir, iň möhümi Hudaýyň buýruklaryny berjaý etmekdir. 20 Kim nähili ýagdaýda çagyrylan bolsa, şonda galsyn. 21 Gulkaň çagyrylan bolsaň, gaýgy etme, ýöne azat bolmagy başarsaň, pursatdan peýdalan. 22 Çünki gulka Reb tarapyndan çagyrylan adam Rebbiň erkin adamydyr, şonuň ýaly, erkinlikde çagyrylan-da Mesihiň guludyr. 23 Siz bir baha satyn alyndyňyz, adamyň guly bolmaň. 24 Doganlar, kim nähili ýagdaýda çagyrylan bolsa, şol ýagdaýda Hudaýyň huzurynda galsyn. 25 Gyzlar hakda Rebden buýrugym ýok; ýöne Rebbiň merhemeti saýasynda sadyk kişi hökmünde maslahat berýärin.

### Öýlenmedikler

26 Meniň pikirimçe, häzirki aladaly ýagdaý zerarly, adama öz bolşy ýaly galmak ýagşydyr. 27 Bir aýala baglymysyň? Onda, aýryljak bolma. Aýaldan aýryldyňmy? Onda, aýal gözleme. 28 Ýöne öýlenseň hem günä eden dälsiň, gyz-da äre çyksa, günä eden däldir. Emma öýlenenleriň ýaşaýyşda muşakgaty bolar, men size dözemok. 29 Ýöne, eý doganlar, size aýdýaryn: wagt gysgadyr. Mundan beýläk aýaly barlar aýaly ýoklar ýaly, 30 aglaýanlar hem aglamaýanlar ýaly, şatlanýanlar hem şatlanmaýanlar ýaly, mal alanlar hem maly ýoklar ýaly, 31 dünýäden peýdalanýanlar hem peýdalanmaýanlar ýaly bolsun, sebäbi dünýäniň häzirki ýagdaýy geçegçidir. 32 Men siziň gaýgysyz bolmagyňyzy isleýärin. Öýlenmedik kişi Rebbi hoşnut etjek bolup, Onuň işleriniň aladasyny edýändir. 33 Ýöne öýlenen aýalyny hoşnut etjek bolup, dünýä işleriniň aladasyny edýändir. 34 Ärli aýal bilen gyzyň arasynda-da parh bardyr. Ärsiz aýal hem tende, hem-de ruhda mukaddes bolar ýaly, Rebbiň işleriniň aladasyny edýändir, ýöne ärli aýal ärini hoşnut etjek bolup, dünýä işleriniň aladasyny edýändir. 35 Men muny siziň boýnuňyza syrtmak salmak üçin däl-de, eýsem, edepli bolup, pikiriňizi dagatman, Rebbe berler ýaly, öz peýdaňyz üçin aýdýaryn. 36 Emma biri öz gelinligi bilen gelşiksiz iş edýändir öýtse, gyzyň hem ýaşy geçen bolup, öýlenmek zerur bolsa, ol halanyny etsin, günä edýän däldir. Olar öýlensin. 37 Emma kim niýetinde berk durup, mätäçlik çekmän, nebsine buýrup, gelinligi bilen öýlenmezligi ýüregine düwen bolsa, onda ol gowy edýär. 38 Şeýle, adaglysy bilen öýlenen gowy edýär, ýöne öýlenmedik ondan-da gowy edýär. 39 Aýal, äri ölýänçä, oňa baglydyr. Eger-de äri ölse, öz islänine barmaga azatdyr, ýöne Rebde bolmalydyr. 40 Eger-de ol ärsiz galsa, meniň pikirimçe, has hem bagtyýardyr. Mende-de Hudaýyň Ruhy bardyr diýip pikir edýärin.

## —NJI BAP

### Butlara hödürlenen gurbanlaryň eti

8 Butlara berilýän gurbanlar hakda hemmämiziň bilimimiziň barlygyny bilýäris. Bilim tekepbir edýändir, ýöne söýgi abatlaýandyr. 2 Kim bir zady bilýändirin öýdýän bolsa, onda ol entek bilmelisi ýaly bilýän däldir. 3 Ýöne kim Hudaýy söýýän bolsa, Hudaý hem ony tanaýandyr. 4 Butlara berlen gurbanlaryň etinden iýilmegi barada bolsa, butuň dünýäde hiçdigini, bir Hudaýdan başga hudaýyň ýokdugyny bilýäris. 5 Çünki Ýerde bolsun, Gökde bolsun, «taňry» diýilýänler näçe bolsa-da, ençeme «taňrylaryň» we ençeme «rebleriň» bolşy ýaly, 6 biziň bir Ata Hudaýymyz bardyr. Hemme zat Ondandyr, biz Onuň üçin ýaşaýandyrys we bir Rebbimiz Isa Mesih bardyr, hemme zat Ol arkaly bolandyr, biz Ol arkaly ýaşaýandyrys. 7 Emma hemmelerde bu bilim ýok, käbirleri butuň pikirinde bolup, eti entek-de 8 Damak bizi Hudaýa ýakyn edýän däldir. Iýmesek-de kemligimiz bolmaz, iýsek-de artykmaçlygymyz bolmaz. 9 Emma welin bu azatlygyňyzyň ejizleriň büdremegine sebäp bolaýmagyndan habardar boluň. 10 Çünki biri bilimli bolan seniň buthanada saçak başynda oturanyňy görse, ejizligi zerarly, onuň ynsaby butlara berlen gurbanlardan iýmäge meýillenmezmi? 11 Onsoň seniň bilimiň zerarly, bu ejiz dogan heläk bolar, Mesih bolsa onuň ugrunda öldi. 12 Şeýlelikde, siz doganlaryňyza garşy günä edip, olaryň ejiz ynsaplaryny ýaralamak bilen, Mesihe garşy günä edýärsiňiz. 13 Şonuň üçin, damak doganymyň büdremegine sebäp bolýan bolsa, onda men doganymy büdretmez ýaly, asla et iýmerin.

### Resulyň haklary

9 Men erkin dälmi? Men resul dälmi? Men Rebbimiz
Mesihi görmedimmi? Siz Rebde meniň zähmeti-
miň netijesi dälmisiňiz? 2 Men başgalara resul bolma-
sam-da, size resuldyryn; siz Reb ýolunda meniň resul-
lygymyň möhrüsiňiz. 3 Özümi soraga çekýänleriň gar-
şysynda men şeýle goranýaryn. 4 Biziň iýmäge, içmäge
hakymyz ýokmy? 5 Beýleki resullar, Rebbiň doganlary
we Kifas ýaly, imanly bir aýaly ýanymyzda gezdirmäge
hakymyz ýokmy? 6 Ýa-da işlemezlige diňe men bilen
Barnabasyň haky ýokmy? 7 Kim öz harjy bilen esgerlik
edýär? Kim üzüm agajyny ekip-de, onuň miwesinden
iýmeýär? Ýa-da kim sürini bakyp-da, onuň süýdünden
içmeýär? 8 Men muny adamlaryň pikir edişine görä
aýdýarynmy? Kanun-da şuny aýtmaýarmy? 9 Çünki Mu-
sanyň kanunynda: «Harman döwen öküziň agzyny
baglama» diýip ýazylgydyr. Hudaý öküzleriň aladasyny
edýärmi? 10 Bulary bütinleý biziň üçin aýtmaýarmy?
Hawa, bu biziň üçin ýazylandyr. Şeýle, ýer süren umyt
bilen sürmelidir, harman döwen hem harmana şärik
bolmak umydy bilen döwmelidir. 11 Biz sizde ruhy zat-
lary ekip, sizden maddy zatlary orsak, bu bir uly zatmy-
dyr? 12 Başgalaryň sizden muny islemäge haky bar bol-
sa, biziň muňa olardan köp hakymyz ýokmudyr? Ýöne
biz bu hakdan peýdalanman, Mesihiň Hoş Habarynyň
öňüni bökdemezlik üçin, her zada döz gelýäris. 13 Siz
mukaddes zatlar bilen meşgullanýanlaryň ybadatha-
nadan iýýänini, gurbanlyk edilýän ýeri saklaýanlaryň
gurbanlyk edilýän ýerden paýlaryny alýanyny bilme-
ýärsiňizmi? 14 Şeýle, Reb hem Hoş Habary wagyz ed-
ýänleriň Hoş Habardan ýaşamagyny buýurdy. 15 Men
bu zatlaryň hiç birinden peýdalanamok, şu zatlar ma-
ňa şeýle edilsin diýip hem ýazamok, sebäbi bu buýsan-
jymy biriniň biderek edeninden ölenim gowudyr.
16 Çünki Hoş Habary wagyz edýän bolsam, öwünmäge
hakym ýokdur, sebäbi bu maňa wajypdyr. Eger Hoş
Habary wagyz etmesem, waý meniň halyma! 17 Çünki
muny meýletin etsem, sylagym bolar. Meýletin etme-
sem-de, diňe özüme tabşyrylan wezipäni berjaý etdi-
gimdir. 18 Ýeri, sylagym näme? Hoş Habardaky hakym-
dan doly peýdalanmaz ýaly, Hoş Habary wagyz edip,
Hoş Habary mugt bermegim. 19 Çünki men her kesden
azat bolsam-da, köp adamlary gazanjak bolup, özümi
hemmelere gul etdim. 20 Men ýehudylary gazanjak bo-
lup, ýehudylara ýehudy boldum. Kanun astyndakylary
gazanjak bolup, kanun astynda bolmasam-da, kanun
astyndakylara kanun astyndaky ýaly boldum. 21 Huda-
ýyň garşysynda kanunsyz bolman, Mesihiň Kanuny as-
tynda bolsam-da, kanuny ýoklary gazanjak bolup, ka-
nuny ýoklara kanuny ýok kimin boldum. 22 Ejizleri ga-
zanjak bolup, ejizlere bir ežiz ýaly boldum. Her niçik-de
bolsa, käbirlerini halas etjek bolup, her kese her zat
boldum. 23 Men bulary
24 Siz ylgaw meýdanynda ylgaýanlaryň hemmesiniň
ylgap, ýöne baýragy biriniň alýanyny bilmeýärsiňizmi?
Baýrak alar ýaly ylgaň. 25 Göreşýän adam ähli zatda öz
nebsine buýurýandyr. Olar muny pany täji almak üçin,
biz hem baky täji almak üçin edýäris. 26 Şonuň üçin,
men maksatsyz ylgaýan ýaly ylgamaýaryn, howany
ýumruklaýan ýaly ýumruklamaýaryn. 27 Ýöne beýlekile-
re wagyz edenimden soň, özüm mahrum galmaz ýaly,
tenimi horlap, ony gul edýärin.

### Ysraýyl taryhyndan alynmaly sapaklar

10 Eý doganlar, atalarymyzyň barynyň bulut astyn-
da bolanyndan, barynyň deňizden geçeninden
habarly bolmagyňyzy isleýärin. 2 Bary bulutda hem de-
ňizde Musa çokundyryldy. 3 Bary şol bir ruhy iýmiti iýdi.
4 Bary şol bir ruhy içgini içdi, sebäbi olar özlerine hem-
ralyk eden ruhy gaýadan içýärdi. Ol gaýa bolsa Mesih-
di. 5 Emma Hudaý olaryň köpüsinden razy däldi. Çölde
olaryň jesetleri serlip galdy. 6 Ýöne olaryň höweslenişi
kimin, biz-de ýamana höweslenmez ýaly, bu wakalar
bize mysal hökmünde ýüze çykdy. 7 «Halk iýip-içmek
üçin aşak oturdy we oýnamak üçin ýokary galdy» diýip
ýazylyşy ýaly, olaryň käbirleri kimin siz hem butparaz
bolmaň. 8 Zyna etmäliň, çünki olaryň käbirleri zyna
edip, bir günde ýigrimi üç müň adam öldi.
9 Rebbi synamalyň, çünki olaryň käbirleri Ony synap,
ýylanlardan heläk boldular. 10 Käýinmäň, çünki olaryň
käbirleri käýinip, ölüm perişdesiniň elinden heläk bol-
dular. 11 Ýöne bu zatlaryň bary olaryň başyna görelde
hökmünde inip, döwürleriň soňuna ýeten bize ündew
üçin ýazyldy. 12 Şonuň üçin men dogrudyryn diýip pikir
edýän adam öz ýykylmagyndan ägä bolsun.
13 Siz her kişiniň başyna gelýänden başga hiç bir sy-
naga salynmadyňyz. Hudaý dogruçyldyr, Ol size güýjü-
ňizden öte synalmagyňyza ýol bermän, döz gelip bil-
megiňiz üçin, synag bilen bilelikde çykalga-da açar.

### Butlar we Rebbiň saçagy

14 Şonuň üçin, eý, eziz doganlarym, butparazlykdan
gaçyň. 15 Men düşünjeli adamlara gürrüň berýärin.
Aýdýanlaryma özüňiz baha beriň. 16 Biziň şükür edýän
şükür käsämiz Mesihiň ganyna şärikçilik dälmi? Biziň
bölýän çöregimiz Mesihiň tenine şärikçilik dälmi? 17 Çö-
regiň bir bolşy ýaly, köp bolan biz hem bir tendiris, se-
bäbi biziň hemmämiziň şol bir çörekde paýymyz bar-
dyr. 18 Ysraýyl halkyna serediň, gurbanlyklary iýýänler
gurbanlyk edilýän ýer bilen şärikçilik edýänler dälmi?
19 Men näme diýýärin? Buta berlen gurban bir zatmy-
dyr? Ýa-da but bir zatmydyr? 20 Ýok, ýöne butparazlar
berýän gurbanyny Hudaýa däl-de, jynlara berýär diý-
ýärin. Men siziň jynlar bilen şärikçilik etmegiňizi islä-
mok. 21 Siz hem Rebbiň käsesinden, hem jynlaryň käse-
sinden içip bilmersiňiz. Siz hem Rebbiň saçagyna, hem
jynlaryň saçagyna şärik bolup bilmersiňiz. 22 Ýa-da biz

Rebbiň gabanjaňlygyny oýarýarysmy? Biz Ondan güýç-
lümi?

### Imanlynyň azatlygy

23 Maňa ähli zada rugsat edilendir, ýöne hemme zat
peýdaly däldir. Maňa ähli zada rugsat edilendir, ýöne
hemme zat abatlaýan däldir. 24 Hiç kim öz peýdasyny
gözlemesin, başganyň peýdasyny gözlesin. 25 Et baza-
rynda näme satylýan bolsa, ynsap hatyrasy üçin, hiç
bir zady seljermän iýiň. 26 Çünki Ýer we onuň ýüzündä-
ki ähli zat Rebbiňkidir. 27 Iman etmedikleriň biri sizi na-
hara çagyryp-da, siz hem gitmek isleseňiz, öňüňizde
näme goýulsa, ynsap hatyrasy üçin, her bir zady seljer-
män iýiň. 28 Emma biri size: «Bu butlara berlen gurba-
nyň etidir» diýse, ýaňky habar bereniň hatyrasy üçin
we ynsap hatyrasy üçin iýmäň, çünki Ýer we onuň için-
däkileriň bary Rebbiňkidir.
29 Men ynsap diýip, seniň özüňkä däl-de, beýlekiniň-
kä diýýärin, sebäbi näme üçin meniň azatlygymyň üs-
tünden beýlekiniň ynsaby höküm çykarýar? 30 Men şü-
kür edip, nahara goşulýan bolsam, onda näme üçin
şükür edýän zadym üçin maňa käýelýär? 31 Iýseňiz-de,
içseňiz-de, her näme etseňiz-de, baryny Hudaýyň şöh-
raty üçin ediň. 32 Ýehudylara, greklere we Hudaýyň
ýygnagyna büdremäge sebäp bolmaň. 33 Çünki men
hem her zatda her kesi razy etmäge çalyşýaryn. Men
muny öz bähbidim üçin edemok, gutulsynlar diýip, köp
adamlaryň bähbidi üçin edýärin.

### —NJI BAP

11 Meniň Mesihden görelde alşym ýaly, siz hem
menden görelde alyň.

### Baş örtme barada

2 Eý doganlar, her zatda meni ýada salýanlygyňyz,
taglymaty size tabşyryşym ýaly saklaýanlygyňyz üçin,
men sizi taryplaýaryn. 3 Siziň muny-da bilmegiňizi isle-
ýärin: her erkegiň baýary Mesih, aýalyň baýary erkek,
Mesihiň baýary hem Hudaýdyr. 4 Başyna zat geýip, do-
ga ýa pygamberlik edýän erkek kişi öz başyny biabraý
edýändir. 5 Başy açyk doga ýa pygamberlik edýän aýal
kişi hem öz başyny biabraý edýändir, çünki bu saçy sy-
rylmak bilen birdir. 6 Çünki aýal başyny örtmeýän bol-
sa, onda saçyny-da kesdirsin. Aýal saçynyň kesilmegin-
den ýa-da syrylmagyndan utanýan bolsa, onda başyny
örtsün. 7 Çünki erkek Hudaýyň suraty hem şöhratydy-
gy üçin başyny örtmeli däldir, ýöne aýal erkegiň şöhra-
tydyr. 8 Çünki erkek aýaldan däl-de, aýal erkekdendir.
9 Sebäbi erkek aýal üçin däl-de, aýal erkek üçin ýara-
dyldy. 10 Şonuň üçin, perişdeleriň hatyrasyna aýalyň
başynda onuň ygtyýar astyndadygyny görkezýän belgi
bolmalydyr 11 Ýöne welin Rebde ne aýal erkeksiz, ne-de
erkek aýalsyzdyr. 12 Çünki aýalyň erkekden bolşy ýaly,
erkek hem aýal arkaly dünýä inendir, ýöne hemme za-
dy Hudaý ýaradandyr. 13 Siziň özüňiz baha beriň: aýa-
lyň başy açyk Hudaýa doga etmegi ýaraşyklymydyr?
14 Erkegiň saçy uzyn bolsa, bu onuň üçin biabraýçylyk-
dygyny, 15 ýöne aýalyň saçy uzyn bolsa, bu onuň üçin
abraýdygyny tebigatyň özi öwretmeýärmi? Çünki saç
aýala bürenjek ýerine berlendir. 16 Ýöne biriniň jedel
edesi gelýän bolsa, biziň hem, Hudaýyň ýygnaklarynyň
hem beýle endigi ýok.

### Rebbiň saçagyna degişli öwütler

17 Emma bu taglymatda sizi taryplamaýaryn, çünki si-
ziň üýşmeleriňiz peýdaly däl, zyýanlydyr. 18 Çünki, bi-
rinjiden, haçan ýygnakda üýşüşeniňizde, araňyzda bö-
lünişigiň bolýanyny eşidýärin, muňa az-kem ynanýary-
nam. 19 Çünki araňyzdaky Hudaýyň tassyklan adamlary
belli bolar ýaly, araňyzda bölünişigiň bolmagy zerur-
dyr. 20 Siz bir ýere üýşüşeniňizde, Rebbiň naharyny iý-
mek üçin üýşmeýärsiňiz. 21 Çünki nahar iýeniňizde, her
kim öz naharyny beýlekilerden öňürti alýar, biri aç gal-
ýar, ýene biri serhoş bolýar. 22 Siziň iýmäge, içmäge
öýüňiz ýokmy? Ýa-da Hudaýyň ýygnagyny äsgermän,
ýoksullary utandyrýarsyňyzmy? Men size näme diýe-
ýin? Sizi taryplaýynmy? Bu zatda sizi taryplamaryn.
23 Çünki men Rebden alanymy size tabşyrdym. Reb Isa
Özüniň tutulyp berlen gijesi çörek alyp, 24 şükür ede-
ninden soň, ony bölüp: «Alyň, iýiň, bu meniň siziň üçin
döwlen bedenimdir, muny meni ýada salmak üçin ber-
jaý ediň» diýdi. 25 Şonuň ýaly-da, nahardan soň käsäni
alyp: «Bu käse meniň ganym bilen berkidilen täze äht-
dir, her gezek içeniňizde, meni ýada salmak üçin muny
berjaý ediň» diýdi. 26 Çünki siz bu çöregi her gezek iýe-
niňizde, käseden her gezek içeniňizde, tä Özi gelýänçä,
Rebbiň ölümini yglan edýänsiňiz. 27 Şonuň üçin her kim
mynasyp bolmadyk tärde Rebbiň bu çöregini iýse ýa
bu käseden içse, Onuň teni we gany babatda ýazykly
bolar. 28 Adam özüni synap görensoň, bu çörekden iý-
meli, bu käseden hem içmelidir. 29 Çünki kim Rebbiň
tenini saýgarman, gelşiksiz tärde iýse, içse, özüne gar-
şy höküm iýýändir we içýändir. 30 Şonuň üçin siziň ara-
ňyzda köpleri ejiz, hassa, ölenleriň hem sany az däl.
31 Öz-özümizi synan bolsak, höküme duçar bolmazdyk.
32 Üstümizden höküm çykarylanda, bize dünýä bilen bi-
lelikde iş kesilmez ýaly, Reb bizi terbiýeleýär. 33 Eý do-
ganlar, nahar iýmek üçin üýşüşeniňizde, biri-biriňize
garaşyň. 34 Siz höküm üçin üýşüşmez ýaly, kim aç bol-
sa, öz öýünde iýsin. Galan zatlary bolsa özüm baramda
düzederin.

### —NJI BAP

### Ruhy sylaglar

12 Eý doganlar, men ruhy sylaglar barada-da, siziň
bihabar galmagyňyzy islemeýärin. 2 Butparazka-
ňyz, biri sizi çekýän ýaly, dilsiz butlaryň yzyna eýerýär-
diňiz. 3 Şonuň üçin size aýdýaryn: Hudaýyň Ruhy bilen
gepleýän kişi: «Isa lagnat!» diýmez, hiç kim hem Mu-
kaddes Ruh bilen bolmasa: «Isa Rebdir!» diýip bilmez.
4 Sylaglar dürli-dürli, ýöne Ruh şol bir Ruhdur. 5 Gulluk-

lar-da dürli-dürli, ýöne Reb şol bir Rebdir. 6 Amallar
dürli-dürli, ýöne hemmede her zady emele getirýän
Hudaý şol bir Hudaýdyr. 7 Ýöne her kişä Ruhuň aýan
bolmagy hemmäniň peýdalanmagy üçin berilýär.
8 Çünki Ruh arkaly birine akyldarlyk sözi, ýene birine
şol Ruh arkaly bilim sözi, 9 başga birine şol Ruh arkaly
iman, beýlekä şol Ruh arkaly şypa sylaglary, 10 birine
gudrat görkezme, ýene birine pygamberlik, başga biri-
ne ruhlary saýgarma, beýleki birine dürli diller, ýene
birine bolsa dilleri düşündirme berilýär. 11 Bularyň
hemmesini bolsa şol bir Ruh emele getirýär. Ol her bi-
rine Öz halaýşyna görä, aýry-aýry bölüp berýär.

### Köp agza, bir ten

12 Ýöne teniň bir we agzasynyň köp bolşy ýaly, teniň
agzasy köp bolsa-da, bir tendir, Mesih-de şeýledir.
13 Çünki ýehudy bolsun ýa grek bolsun, gul bolsun ýa
azat bolsun — biziň hemmämiz bir Ruh arkaly bir tene
çokundyryldyk, hemmämize bir Ruhdan içirildi. 14 Ten
hem bir agzadan däl-de, köp agzadan ybaratdyr.
15 Aýak: «Men el däldigim üçin, tene degişli däldirin»
diýeni bilen, tene degişli bolman bilmez. 16 Gulak:
«Men göz däldigim üçin, tene degişli däldirin» diýeni
bilen, tene degişli bolman bilmez. 17 Tutuş ten göz bo-
lan bolsa, onda eşidiş nirede bolardy? Bary eşidiş bo-
lan bolsa, onda ysgaýyş nirede bolardy? 18 Emma Hu-
daý agzanyň her birini tende Öz isleýşine görä goýdy.
19 Hemmesi bir agza bolan bolsa, onda ten nirede bo-
lardy? 20 Şeýlelikde, agza köp, ýöne ten bir. 21 Göz ele:
«Sen maňa gerek däl» diýip bilmez. Kelle aýaklara: «Siz
maňa gerek däl» diýip bilmez. 22 Tersine, teniň ejiz gö-
rünýän agzalary has köp gereklidir. 23 Biz teniň hor-
matsyzrak görünýän agzasyna has köp hormat goýýa-
rys, owadan däl agzalarymyzyň has köp görki bardyr.
24 Ýöne görkli agzalarymyz muňa mätäç däldir. Emma
Hudaý tende hiçbir bölünişik bolman, agzalar deňlik
bilen biri-biriniň aladasyny etsin diýip, 25 teni guranda,
ähmiýetsiz agzalary has köp hormatlady. 26 Bir agza
horluk çekse, ähli agzalar bilelikde horluk çeker. Bir
agza şöhratlansa, ähli agzalar bilelikde şatlanar. 27 Siz
Mesihiň teni, aýry-aýry agzalarysyňyz. 28 Hudaý ýyg-
nakda birinjileri resul, ikinjileri pygamber, üçünjileri
öwrediji edip oturtdy. Ondan soň gudrat görkezmeleri,
soňra şypa sylaglaryny, ýardamlary, edaralary, dürli
dilleri berdi. 29 Hemmeler resulmydyr? Hemmeler py-
gambermidir? Hemmeler öwredijimidir? Hemmeler
gudrat görkezýänmidir? 30 Hemmeleriň şypa sylagy
barmy? Hemmeler dürli dillerde gepleýärmi? Hemme-
ler dilleri manylandyrýarmy? 31 Siz ulurak sylaglara yh-
las ediň, men ýene size mundan hem gowy ýoly görke-
zeýin.

## —NJI BAP

### Söýgi

13 Eger men ynsan hem perişdeleriň dillerinde
gepleýän bolsam, ýöne söýgim ýok bolsa, onda
jyňňyrdaýan misdirin ýa-da seslenýän simbalydyryn.
2 Pygamberlik sylagym bolup, ähli syrlary hem ylymla-
ry bilýän bolsam, daglary ýerinden gozgajak imanym
bolsa, ýöne söýgim bolmasa, onda men hiçdirin. 3 Ähli
zadymy paýlap, ýoksullary doýursam, tenimi ýakmaga
bersem, ýöne söýgim bolmasa, onda munuň maňa hiç
bir peýdasy ýokdur. 4 Söýgi sabyrlydyr, şepagatlydyr,
söýgi göripçilik edýän däldir, söýgi öwünip, tekepbirlik
edýän däldir. 5 Biabraýçylykly iş edýän däldir, öz nepini
gözleýän däldir, gaharlanýan däldir, içinde hylt sakla-
ýan däldir. 6 Adalatsyzlyga şatlanman, hakykata şatlan-
ýandyr. 7 Her zada döz gelýändir, her zada ynanýandyr,
her zada umyt baglaýandyr, her zada çydaýandyr.
8 Söýgi asla tükenmez. Pygamberlikler bolsa aýrylar,
diller dymar, bilim ýoga çykar. 9 Çünki biz bölekleýin bi-
lip, bölekleýin pygamberlik edýäris. 10 Ýöne kämil bolan
gelende, bölekleýin bolan aradan aýrylar. 11 Men çaga-
kam, çaga ýaly gepläp, çaga ýaly oýlanyp, çaga ýaly
paýhas ederdim, ulalanymda, çaga gylyklarymy goý-
dum. 12 Şindi her zady aýnadaky ýaly ümüzli görýäris,
ýöne şol wagt ýüzbe-ýüz göreris. Häzir men bölekleýin
bilýärin, ýöne şol wagt öz bilinişim ýaly bilerin. 13 Häzir
şu üçüsi galýar: iman, umyt, söýgi. Bularyň iň ulusy
bolsa söýgüdir.

## —NJI BAP

### Diller hem pygamberlik

14 Söýginiň yzynda boluň hem-de ruhy sylaglara,
has-da pygamberlik etmäge yhlas ediň. 2 Çünki
bilinmeýän dilde gepleýän, adam bilen däl-de, Hudaý
bilen gepleşýändir, çünki oňa hiç kim düşünýän däldir,
ol syrlary ruh bilen aýdýandyr. 3 Pygamberlik edýän ki-
şi adamlary abatlamak, nesihat we göwünlik bermek
üçin gepleýändir. 4 Başga dilde gepleýän özüni abatla-
ýandyr, ýöne pygamberlik edýän ýygnagy abatlaýan-
dyr. 5 Men siziň hemmäňiziň başga dillerde geplemegi-
ňizi, has-da pygamberlik etmegiňizi arzuw edýärin. Bu
dillerde gepleýän ýygnagyň abatlanmagy üçin düşün-
dirmeýän bolsa, onda pygamberlik edýän ondan go-
wudyr. 6 Eý doganlar, men siziň ýanyňyza baryp, başga
dillerde geplesem, ýöne ylham, bilim, pygamberlik ýa
taglymatdan gürrüň bermesem, size näme haýrym de-
ger? 7 Ses çykarýan jansyz zatlar, meselem, tüýdük ýa
gusli biri-birinden parhly ses çykarmasa, tüýdük ýa
gusli bilen näme çalynýandygy nähili bilner? 8 Çünki
surnaý hem näbelli ses çykarsa, urşa kim taýýarlanar?
9 Şeýlelikde, siz hem dil arkaly düşnükli gürrüň berme-
seňiz, näme aýdýanyňyz nähili bilner? Çünki bu howa
gürrüň berdigimiz bolar. 10 Dünýäde dürli-dürli dilleriň

bardygy, olaryň hiç biriniň-de manysyz däldigi gürrüň-
sizdir. 11 Ýöne aýdylana düşünmesem, onda men gep-
leýäne bigäne, ol hem maňa bigäne bolar. 12 Şeýlelik-
de, siz hem ruhy sylaglara yhlas edişiňize görä, ýygna-
gy abatlamak üçin, sylaglara baý bolmaga çalşyň.
13 Şonuň üçin bilinmeýän dilde gepleýän adam ony
manylandyrar ýaly doga etsin. 14 Çünki men başga bir
dilde doga edýän bolsam, ruhum doga edýändir, ýöne
akylym miwesizdir. 15 Näme etmeli? Men ruh bilen do-
ga etjek, ýöne akyl bilen hem doga etjek. Ruh bilen
nagma aýtjak, ýöne akyl bilen hem nagma aýtjak.
16 Sebäbi sen ruh bilen alkyş aýtsaň, bilimsiz adamlar
seniň şüküriňe nähili «omyn» diýsin? Sebäbi ol seniň
näme aýdýanyňa düşünýän däldir. 17 Dogry, sen gowy
şükür edýärsiň, ýöne beýleki abatlanmaýar. 18 Men dil-
lerde hemmäňizden köp gepleýänime Hudaýa şükür
edýärin. 19 Ýöne ýygnakda beýlekilere-de öwreder ýaly,
akylym bilen bäş söz aýtmagy başga dilde on müň söz
aýtmakdan gowy görýärin.
20 Doganlar, akylda çaga ýaly bolman, ýamanlykda
çaga ýaly bolup, akylda kämil boluň. 21 Reb şeýle diý-
ýär: «Men bu halka başga diller bilen, ýatlaryň agzy bi-
len gürrüň bererin, şonda-da Meni diňlemezler» diýip
Kanunda ýazylgydyr. 22 Şeýlelikde, diller iman edenlere
däl-de, iman etmediklere, pygamberlik hem iman et-
mediklere däl-de, iman edenlere alamatdyr. 23 Bütin
ýygnak bir ýere üýşüp, ählisi başga dillerde geplese we
bilimsizler ýa-da iman etmedikler içeri girse, olar: «Siz
akylyňyzdan azaşypsyňyz» diýmezmi? 24 Emma hem-
meler pygamberlik etse we bir iman etmedik ýa bir bi-
limsiz içeri girse, hemmeler tarapyndan ýazgarylyp,
hemmeler tarapyndan höküm ediler. 25 Ýüreginiň gizlin
syrlary aýan bolup, ýüzin ýykylar, «Hudaý, dogrudan-
da, siziň araňyzda» diýip, Hudaýa secde eder.

### Tertipli ybadat

26 Doganlar, indi näme? Bir ýere üýşüşeniňizde, siziň
her biriňizde mezmur, tälim, dil, ylham ýa dilleri dü-
şündirme bardyr — ählisi abatlama üçin bolsun.
27 Kimdir biri bilinmeýän dilde gepleýän bolsa, onda iki
ýa-da iň ýokarsy üç adam nobatma-nobat gepläp, biri-
de manylandyrsyn. 28 Düşündirýän ýok bolsa, onda ol
adam ýygnakda dymyp, özüne we Hudaýa gürrüň ber-
sin. 29 Pygamberleriň hem ikisi ýa üçüsi gürrüň berip,
beýlekiler saýgarsynlar. 30 Oturanlardan birine ylham
gelse, onda ilkinji dymsyn. 31 Çünki hemmeler öwrenip,
hemmeler öwüt alar ýaly, hemmäňiz biri-biriňiziň yzyn-
dan pygamberlik edip bilersiňiz. 32 Pygamberleriň ruh-
lary pygamberlere tabyndyr. 33 Çünki Hudaý tertipsizlik
Hudaýy däl-de, mukaddesler ýygnaklarynyň hemme-
sinde bolşy ýaly, parahatlyk Hudaýydyr. 34 Ýygnaklarda
aýallaryňyz geplemesin, çünki olara geplemäge rugsat
edilen däldir. Olar, kanunyň hem aýdyşy ýaly, tabyn
bolmalydyrlar. 35 Olar bir zady öwrenjek bolsalar, öýde
öz ärlerinden sorasynlar, çünki aýala ýygnakda geple-
mek aýypdyr. 36 Hudaýyň sözi, eýsem, sizden çykdymy?
Ýa diňe size ýetdimi? 37 Özüni pygamber ýa ruhda kä-
mil saýýan adam size ýazýanlarymyň Rebbiň buýrugy-
dygyny aňlasyn. 38 Biri nadanlyk etse, goý, nadanlyk et-
sin. 39 Şonuň üçin, eý doganlar, pygamberlik etmäge
yhlas ediň, başga dillerde geplemegi-de gadagan et-
mäň. 40 Ýöne herki zat sypaýyçylyk hem tertip bilen
bolsun.

## —NJI BAP

### Mesihiň direlmeginiň ähmiýeti

15 Eý doganlar, size Hoş Habary ýatladýaryn. Men
ony size wagyz etdim, siz hem ony unap, oňa
bagly galdyňyz. 2 Size wagyz eden sözümi tutsaňyz,
eden imanyňyz biderek bolmaz, ol arkaly gutularsyňyz.
3 Çünki men alanymy öňürti size tabşyrdym. Mesih
Ýazgylara görä, biziň günälerimiz üçin öldi. 4 Jaýlandy
we Ýazgylara görä, ölenden üç günden soň direldi.
5 Onsoň Kifasa, soň-da Onkilere göründi. 6 Ondan soň
bäş ýüzden köp dogana birden göründi. Bu doganla-
ryň köpüsi häzir hem diri, käbirleri bolsa öldi. 7 Ondan
soň Ýakuba, soň hem bütin resullara göründi. 8 Iň so-
ňunda hem biwagt doglan çaga ýaly bolan maňa gö-
ründi. 9 Çünki men resullaryň iň kiçisi, resul adyny al-
maga hem mynasyp däldirin, sebäbi men Hudaýyň
ýygnagyna azar berdim. 10 Ýöne näme bolsam, Huda-
ýyň merhemeti arkaly boldum, Onuň maňa görkezen
merhemeti biderek bolman, olaryň hemmesinden köp
zähmet çekdim. Muny men däl-de, meniň bilen bolan
Hudaýyň merhemeti etdi. 11 Indi men bolaýyn, olar
bolsun, biz şeýle wagyz edýäris, siz hem şeýle iman ge-
tirdiňiz.

### Ölüleriň direlişi

12 Mesih direldi diýip wagyz edilýän bolsa, onda siziň
araňyzdan käbirleri näme üçin ölüler direlmez diýýär?
13 Ölüler direlmeýän bolsa, onda Mesih hem direlen
däldir. 14 Mesih direlmedik bolsa, onda biziň wagyz et-
megimiz biderek, siziň hem imanyňyz biderekdir.
15 Şeýlelikde, biz Hudaý hakda ýalançy şaýatlar bolarys,
çünki biz Hudaý Mesihi direltdi diýip güwä geçdik.
Eger ölüler direlmeýän bolsa, Ony-da direlden däldir.
16 Çünki ölüler direlmeýän bolsa, Mesih hem direlen
däldir. 17 Mesih direlmedik bolsa, onda siziň imanyňyz
hem puç bolup, siz entek öz günäleriňiziň içindesiňiz.
18 Şeýle hem Mesihde imanly bolup ölenler-de heläk
bolandyr. 19 Biz diňe bu ýaşaýyşda Mesihe umyt baglan
bolsak, onda bütin ynsanlaryň iň bagtygarasydyrys.
20 Emma Mesih ölüleriň ilkinji miwesi bolup ölümden
direldi. 21 Çünki ölümiň ynsan arkaly gelşi ýaly, ölüleriň
direlişi-de ynsan arkaly geldi. 22 Çünki Adam ata bagly
bolup, hemmäniň ölşi ýaly, Mesihe bagly bolup hem
hemmeler ýaşaýşa ýeter. 23 Ýöne her kes öz nobatyna
görä: ilkinji miwe bolan Mesih, Ol gelensoň hem Mesi-
hiňkiler. 24 Soňra Ol her hili baştutanlygy, her hili häki-

miýeti hem gudraty ýok edip, Patyşalygy Ata Hudaýa
tabşyranda, ahyrzaman bolar. 25 Çünki Ol bütin duş-
manlaryny aýak astyna salýança höküm sürmelidir.
26 Ýogaldyljak soňky duşman bolsa ölümdir. 27 Çünki
hemme zady Onuň aýaklarynyň astyna tabyn edendir.
Ýöne ähli zat Oňa tabyn edildi diýlende, her zady Oňa
tabyn etdiren Hudaýyň aýratynlyk gazanýanlygy äşgär-
dir. 28 Emma ähli zat Oňa tabyn bolanda, Ogluň özi
hem, Hudaý hem ähli zatda höküm sürer ýaly, Oňa ähli
zady tabyn etdirene tabyn bolar. 29 Ýogsa, ölüler üçin
çokundyrylanlar näme eder? Ölüler asla direlmeýän
bolsa, onda nämä olar üçin çokundyrylýarlar? 30 Nämä
biz häli-şindi howp astyna girýäris? 31 Eý doganlar, siz
barada Rebbimiz Mesih Isada bolan magtanjyma ka-
sam, men her gün ölüm bilen ýüzbe-ýüz bolýaryn.
32 Eger bir adam ýaly oýlanyp, Efesosda ýabany haý-
wanlar bilen uruş eden bolsam, maňa näme peýdasy
bar? Ölüler direlmeýän bolsa, onda iýeliň, içeliň, çünki
ertir öleris.
33 Aldanmaň! Ýaman ýaranlar ýagşy ahlagy bozýan-
dyr. 34 Dogrulyk bilen hüşgär boluň, günä etmäň, çünki
siziň käbirleriňiz Hudaýy tanamaýar. Men muny siziň
utanmagyňyz üçin aýdýaryn.

### Direlen täze ten

35 Emma biriniň: «Ölüler nähili direler? Haýsy ten bi-
len geler?» diýmegi mümkindir. 36 Eý akmak! Seniň ek-
ýän zadyň ölmese, ýaşaýşa gowuşmaz. 37 Sen ekeňde
gögermeli bütin ösümligi däl-de, diňe tohumyny, bug-
daý ýa başga bir ösümligiň tohumyny ekýärsiň. 38 Ýöne
Hudaý oňa Öz isleýşi ýaly, bir ten, her tohumyň öz teni-
ni berýär. 39 Hemme et bir et däldir, ynsan eti başga,
haýwan eti başga, guşlaryň eti başga, balyklaryň eti bir
başgadyr. 40 Asmana degişli tenler hem dünewi tenler
bardyr, ýöne asmana degişlileriň şöhraty başga, düne-
wileriňki başgadyr. 41 Günüň şöhraty başga, Aýyň şöh-
raty başga we ýyldyzlaryň şöhraty başgadyr, çünki
şöhratda ýyldyz hem ýyldyzdan parhlydyr. 42 Ölüleriň
direlmegi-de şeýledir. Ten çüýremede ekilip, çüýremez-
likde galýandyr; 43 harlykda ekilip, şöhratda galýandyr,
ejizlikde ekilip, kuwwatda galýandyr; 44 tebigy ten eki-
lip, ruhy ten galýandyr. Tebigy ten bar bolsa, ruhy ten
hem bardyr. 45 Şeýle-de ýazylgydyr: «Ilkinji ynsan Adam
ýaşaýan jan boldy», ýöne soňky Adam ýaşaýyş berýän
ruh boldy. 46 Emma ruhy bolan däl-de, tebigy bolan il-
kinjidir, ruhy bolan soň gelendir. 47 Ilkinji adam ýerden,
toprakdandyr, ikinji adam bolsa Gökden inen Rebdir
48 Toprakdan bolan adam nähili bolsa, topraga degişli-
ler hem şeýledir. Gökden inen nähili bolsa, Göge de-
gişliler hem şeýledir. 49 Biz toprakdan bolanyň keşbini
nähili göteren bolsak, Gökden ineniň keşbini hem şeý-
le götereris.
50 Ýöne, eý doganlar, men et bilen ganyň Hudaýyň
Patyşalygyndan paý alyp bilmeýänini, şeýle hem çüýre-
ýäniň-de çüýremezlikden paý alyp bilmeýänini aýdýa-
ryn. 51 Ine, size bir syry paş edeýin. Biziň hemmämiz öl-
jek däl, soňky surnaý çalnanda, birden göz açyp-ýuma-
sy salymda üýtgediljekdiris. 52 Çünki surnaý çalynjak,
ölüler çüýremez bolup, direljek, biz üýtgediljekdiris.
53 Sebäbi bu çüýreýän çüýremezlik donuny geýmelidir,
bu ölümli ölmezlik donuny geýmelidir. 54 Bu çüýreýän
çüýremezlik, bu ölümli ölmezlik donuny geýende,
«ölüm ýeňişde ýuwdauldy» diýen söz ýerine ýeter. 55 «Eý
ölüm, hany seniň tikeniň 56 Ölümiň tikeni günädir, gü-
näniň güýji bolsa kanundyr. 57 Emma Rebbimiz Isa Me-
sih arkaly bize ýeňşi yhsan eden Hudaýa şükür! 58 Şo-
nuň üçin, eý söýgüli doganlar, elmydam berk, durnuk-
ly bolup, Rebbiň işine yhlasly ýapyşyň, çünki zähmeti-
ňiziň Rebde boş däldigini bilýänsiňiz.

### Kömek ýygnama barada öwütler

16 Mukaddesler üçin kömek ýygnama hakda, siz
hem Galatýa ýygnaklaryna tabşyryşym ýaly ediň.
2 Men baranymda, ýygnama zerurlygy bolmaz ýaly, si-
ziň her biriňiz hepdäniň birinji güni öz ýagdaýyna gö-
rä, bir mukdar pul süýşürip, ýanynda saklasyn. 3 Bara-
nymda bolsa mynasyp gören adamlaryňyzy siziň ga-
tanjyňyzy Iýerusalime gowşurar ýaly, hatlar bilen ýolla-
ryn. 4 Meniň gitmegim hem ýaraşykly bolsa, onda olar
meniň bilen gider.

### Aýratyn islegler we salamlar

5 Makedoniýadan geçenimden soň, siziň ýanyňyza-
da bararyn, sebäbi men Makedoniýadan geçmekçi.
6 Meni gitjek ýerime ugratmagyňyz üçin, belki, siziň ýa-
nyňyzda bir mütdet galaryn ýa gyşy-da geçirerin.
7 Çünki sizi häzir ýol ugrunda göresim gelenok. Reb
rugsat etse, birnäçe wagtlap ýanyňyzda bolaýsam di-
ýen umydym bar. 8 Men Hasyl baýramyna çenli Efesos-
da bolaryn. 9 Çünki maňa uly, iş bitiriji bir gapy açyldy,
garşy çykýanlar hem köp. 10 Timoteos baranda, ýany-
ňyzda gorkusyz bolar ýaly, göz-gulak boluň, sebäbi ol
hem meniň ýaly Rebbiň işini edýär. 11 Ony hiç kim äs-
germezlik etmesin. Meniň ýanyma geler ýaly, ony sag-
salamat ýola salyň. Çünki men oňa doganlar bilen bile-
likde garaşýaryn. 12 Dogan Apollos hakda aýdanymda
bolsa, men doganlar bilen bilelikde siziň ýanyňyza git-
megini ondan köp haýyş etdim, emma onuň şu wagt
gelmäge meýli ýok; amatly pursat tapanda geler.
13 Hüşgär boluň, imanda berk duruň, mert boluň, gu-
jurly boluň! 14 Edýän ähli zadyňyz söýgi bilen bolsun.
15 Doganlar, sizden şuny haýyş edýärin, siz Stefanyň
içersini tanaýansyňyz, olaryň Ahaýada ilkinji mesihiler-
digini we mukaddesleriň gullugyna berlendiklerini bil-
ýänsiňiz. 16 Siz hem şeýle adamlara, olar bilen işläp,
zähmet çekýänleriň hemmesine baş egiň. 17 Men Stefa-
nyň, Fortunatusyň we Ahaýakusyň gelenine begenýä-
rin, sebäbi olar maňa siziň ýoklugyňyzy bildirmeýärler.
18 Çünki olar meniň ruhuma-da siziňkä berişleri ýaly
ynjalyk berdi. Şeýle adamlaryň gadyryny biliň.

[19] Aziýanyň ýygnaklary size salam aýdýar. Akila we Priskilla öýlerindäki ýygnak bilen birlikde size Rebde köp salam aýdýar. [20] Doganlaryň bary size salam aýdýarlar. Biri-biriňize mukaddes ogşuk bilen salam aýdyň. [21] Men Pawlus öz salamymy öz elim bilen ýazýaryn. [22] Reb Isa Mesihi söýmeýäne lagnat bolsun. Eý Rebbimiz, gel! [23] Reb Isa Mesihiň merhemeti siziň bilen bolsun! [24] Meniň söýgim Mesih Isada siziň ähliňiz bilen bolsun! Omyn.

# 2 Korintoslylar

## —NJI BAP

1 Hudaýyň islegi bilen Isa Mesihiň resuly bolan
Pawlusdan we dogan Timoteosdan bütin Ahaýa-
daky mukaddesleriň baryna, Hudaýyň Korintosdaky
ýygnaklaryna salam! 2 Atamyz Hudaý, Reb Isa Mesih si-
ze merhemet etsin, parahatlyk bersin!

### Teselliler Hudaýy

3 Rebbimiz Isa Mesihiň Hudaýy hem Atasyna alkyş! Ol
rehimler Atasy, bütin teselliler Hudaýydyr. 4 Hudaýyň
bize berýän tesellisi bilen biz-de her hili muşakgat için-
däkilere teselli berer ýaly, Ol her muşakgatymyzda bi-
ze teselli berýär. 5 Çünki Mesihiň görgüleriniň bizde ar-
tyşy ýaly, biziň tesellimiz hem Mesih arkaly artýar.
6 Muşakgat çekýän bolsak, bu siziň teselli tapyp, gutul-
magyňyz üçindir. Bu gutulyş biziň hem görýän görgü-
lerimize döz gelmegiňiz bilen emele gelýändir. Bize te-
selli berilýän bolsa, bu siziň teselli tapmagyňyz, gutul-
magyňyz üçindir 7 Biziň siz hakdaky umydymyz berk-
dir, çünki görgülerimize şärik bolşuňyz ýaly, ruhlanma-
myza-da şärikdigiňizi bilýäris. 8 Çünki, eý doganlar, Azi-
ýada biziň başymyza gelen muşakgatlardan siziň ha-
barsyz bolmagyňyzy islemeýäris. Biz çendenaşa, çydar-
dan agyr kynçylyga düşüp, diri galmakdan hem umy-
dymyzy üzdük. 9 Ölüm jezasyny içimizde duýduk. Bu
özümize däl-de, ölüleri direlden Hudaýa bil baglama-
gymyz üçin boldy. 10 Ol bizi şeýle uly ölümden gutardy
we gutarýar. Biziň üçin edýän dogalaryňyzyň kömegi
bilen Onuň bizi ýene-de gutarjagyna umyt baglaýarys.
11 Şeýlelikde, köp adamlaryň dogasy netijesinde, bize
berlen merhemetden ötri köpler biz babatda Hudaýa
şükür eder. 12 Çünki biziň buýsanjymyz bu dünýäde,
ylaýta-da, siziň bilen bolan gatnaşygymyzda tebigy
akyldarlyk bilen däl-de, Hudaýyň merhemeti bilen, Hu-
daýdan bolan mukaddeslik we janypkeşlik bilen gezen-
ligimize ynsabymyzyň güwäligidir. 13 Çünki biz size oka-
ýanlaryňyzdan, düşünýänleriňizden başga hiç bir zady
ýazmaýarys. 14 Bölekleýin düşünişiňiz, Rebbimiz Isa
Mesihiň gününde biziň buýsanjymyz bolşuňyz ýaly, bi-
ziň hem siziň buýsanjyňyz bolmagymyz üçin, muňa so-
ňuna çenli düşünersiňiz diýen umydym bar.

### Pawlus Korintosa wagtynda baryp bilmeýär

15 Bu ynam bilen, bähbidiňiz iki esse bolar ýaly, öňür-
ti size barsam, 16 siziň üstüňiz bilen Makedoniýa geçip,
Makedoniýadan ýene size gelip, Ýahuda siz ýola salar-
syňyz diýen niýetim bardy. 17 Men şeýle niýet edip, dur-
nuksyzlyk etdimmi? Ýa mende hem «hawa, hawa»
hem-de «ýok, ýok» bolar ýaly, niýet edýänlerimi adam
pikiri boýunça niýet edýärinmi? 18 Biziň size gowşuran
sözümiziň hem «hawa», hem «ýok» däldigine Hudaýyň
ynamdarlygyndan ant içýärin. 19 Çünki Silwanus we Ti-
moteos dagymyz tarapdan siziň araňyzda wagyz edi-
len Hudaýyň Ogly Isa Mesih «hawa» we «ýok» bolman,
Onda hemişe «hawa» bolandyr. 20 Hudaýyň ähli wada-
lary Mesihde «hawadyr». Şonuň üçin, biz arkaly Huda-
ýa şöhrat bolar ýaly, omyn Ol arkaly aýdylýandyr. 21 Bizi
siz bilen birlikde Mesihde berkiden, wezipä bellän Hu-
daýdyr. 22 Ol bize möhür basyp, Mukaddes Ruhy ýürek-
lerimizde girew goýdy. 23 Hudaýy janyma güwä tutýa-
ryn, şu çaka çenli Korintosa gelmedigimiň sebäbi sizi
aýamakdy. 24 Bu biz siziň imanyňyzyň üstünden höküm
sürýäris diýmek däldir, biz şatlygyňyz üçin siziň işdeş-
leriňizdiris. Çünki siz imanda berk dursuňyz.

## —NJI BAP

2 Men siziň ýanyňyza ikilenç gaýgy bilen gelmezligi
ýüregime düwdüm. 2 Çünki sizi gaýgylandyrsam,
gaýgylandyran adamym bolmasa, meni şatlandyrjak
kim? 3 Muny gelemde şatlanmaly adamlarymdan gaý-
gylanmaýyn diýip ýazdym. Çünki meniň şatlygymyň
hemmäňiziň şatlygydygyna ynanýaryn. 4 Men size agyr
muşakgat we ýürek gorkusy zerarly köp gözýaş döküp,
siziň gaýgylanmagyňyz üçin däl-de, meniň özüňize bo-
lan bol söýgimi bilmegiňiz üçin ýazdym.

### Günäkäri bagyşlaň

5 Biri gaýgylandyran bolsa, ol meni däl-de, ulaltma-
ýyn welin, belli bir derejede siziň hemmäňizi gaýgylan-
dyrandyr. 6 Şeýle adama köplügiň beren şol jezasy ýe-
terlikdir. 7 Beýle adam çendenaşa gaýga batmaz ýaly,
ony bagyşlamalysyňyz, ruhlandyrmalysyňyz. 8 Şonuň
üçin oňa bolan söýgiňizi tassyklamagyňyzy sizden ha-
ýyş edýärin. 9 Şoňa görä-de, men siziň her zatda boýun
bolýanlygyňyzy synagda biljek bolup ýazdym. 10 Siz ki-
mi bir zatda bagyşlasaňyz, men hem bagyşlaýaryn, se-
bäbi men hem birini bir zatda bagyşlan bolsam, bagyş-
lanymy siziň üçin Mesihiň huzurynda bagyşladym.
11 Muny şeýtan bizden üstün çykmasyn diýip etdim,
çünki biz onuň ýaman niýetlerinden habarsyz däldiris.

### Täze ähtiň gullukçylary

12 Men Mesihiň Hoş Habaryny wagyz etmäge Troasa
baranymda, maňa Reb tarapyndan bir gapy açylanda,
13 ruhumda ynjalygym ýokdy, çünki doganym Titusy
tapman, olar bilen hoşlaşyp, Makedoniýa gitdim.
14 Emma bizi Mesihiň yzyndan elmydam ýeňişli ýollar-
dan ýöredýän, biz arkaly her ýerde Özüni tanamakly-
gyň atyr ysyny saçýan Hudaýa şükür! 15 Çünki biz hem
gutulanlaryň, hem-de heläk bolanlaryň arasynda Hu-
daý üçin Mesihiň atyr ysydyrys. 16 Biz birine ölüm getir-
ýän ölüm ysy, beýlekä bolsa ýaşaýyş getirýän ýaşaýyş
ysydyrys. Kim bu zatlara mynasyp? 17 Çünki biz, köp
adamlar ýaly, Hudaýyň sözüni alyş-çalyş etmän, eý-
sem, Hudaýdan bolup, Hudaýyň huzurynda Mesihe
baglylykda janypkeşlik bilen gepleýäris.

## —NJI BAP

3 Biz ýene-de özümize maslahat bermäge başlaýa-
rysmy? Bize käbirleri ýaly sizden ýa-da size masla-
hat hatlary gerekmi? 2 Siz biziň ýüregimizde ýazylan,
ähli adamlar tarapyndan tanalan, okalan hatymyzsy-
ňyz. 3 Hyzmatymyzyň netijesi hökmünde syýa bilen
däl-de, diri Hudaýyň Ruhy bilen, daş sahypalaryň ýü-
zünde däl-de, ýüregiň et sahypalarynyň ýüzünde ýazy-
lan Mesihiň hatydygyňyz äşgärdir. 4 Biziň Mesih arkaly
Hudaýa bolan ynamymyz şeýledir. 5 Bir zady hamala
özümizden ýaly saýmaga biziň özümiz ukyply däl-de,
eýsem, ukybymyz Hudaýdandyr. 6 Ol bize harp däl-de,
ruh esasyndaky Täze Ähtiň gullukçylary bolmak ukyby-
ny berdi, sebäbi harp öldürýär, ýöne ruh ýaşadýar.

### Täze ähtiň şöhraty

7 Ölüm gullugy daşlaryň ýüzüne oýulyp ýazylan harp-
lar bilen şöhratda gelip, Ysraýyl ogullary Musanyň ýü-
zündäki geçip barýan şöhrat üçin onuň ýüzüne gözleri-
ni sowman bakyp bilmedik bolsa, 8 Onda Ruh gullugy
has şöhratda bolmazmy? 9 Çünki iş kesme gullugy şöh-
ratly bolsa, onda dogrulyk hyzmaty has hem şöhratly-
dyr. 10 Çünki öňki şöhratlanan soňkynyň artyk şöhraty-
na garanda, şöhratlanan däldir. 11 Çünki geçip barýan
şöhratly bolan bolsa, onda galyjy has hem şöhratlydyr.
12 Şeýle umydymyzyň barlygyna görä, uly gaýratymyz
hem bardyr. 13 Biz Musa ýaly däldiris. Ol, Ysraýyl ogul-
lary geçip barýan şöhratyň soňuny görmesin diýip, öz
ýüzüni perdeläpdi. 14 Ýöne olaryň akyllary küteldi, se-
bäbi şu güne çenli Köne Äht okalanda, şol perde syryl-
man galyp, diňe Mesihde aradan aýrylýar. 15 Musa oka-
landa, perde şu güne çenli olaryň ýüregini büreýär.
16 Ýöne biri Rebbe tarap öwrülende, ol perde aýrylýar.
17 Reb Ruhdur. Rebbiň Ruhy nirede bolsa, azatlyk hem
şol ýerdedir. 18 Emma biziň hemmämiz perdesi aýrylan
ýüz bilen Rebbiň şöhratyny görüp, şöhrat üstüne şöh-
rat bilen şol keşbe dönderilýändiris. Bu hem Ruh bolan
Mesih tarapyndyr.

## —NJI BAP

### Ruhdan düşmeýäris

4 Şonuň üçin özümize görkezilen merhemet saýa-
synda bu hyzmata ýetenimiz üçin, biz ruhdan düş-
meýäris. 2 Gizlin, utançly ýollary ret etdik. Biz hile bilen
gezmän, Hudaýyň sözüniň saplygyny bozman, hakyka-
ty aýan edip, özümizi Hudaýyň huzurynda ähli adam
ynsabyna maslahat berýäris. 3 Biziň Hoş Habarymyz
perdeli-de bolsa, heläk bolanlar üçin perdelidir. 4 Hu-
daýyň keşbi bolan Mesihiň şöhratynyň Hoş Habarynyň
nury olary ýagtylandyrmasyn diýip, bu dünýäniň taňry-
sy 5 Çünki biz özümizi däl-de, Mesih Isany Reb diýip,
özümizi bolsa Isanyň hatyrasyna siziň gullaryňyz diýip
yglan edýäris. 6 Çünki «Tümlükden nur parlasyn» diýen
Hudaý Mesihiň ýüzünde Hudaýyň şöhratyny tanamak
nuruny bermek üçin biziň ýüregimizi ýagtylandyrdy.
7 Ýöne iň üstün gudratyň bize däl-de, Hudaýa degişlidi-
gi bilinsin diýip, bu genji toprak gaplarda saklap ýörüs.
8 Biz her tarapdan gysylýarys, ýöne owranmaýarys. Biz
çäresiz ýagdaýdadyrys, ýöne çykalgasyz däldiris. 9 Ko-
walanýandyrys, ýöne terk edilen däldiris. Ýere urlandy-
rys, ýöne ölen däldiris. 10 Isanyň ýaşaýşy tenimizde
aýan bolsun diýip, Onuň ölümini hemişe tenimizde gö-
terýäris. 11 Çünki biziň ölümli tenimizde Isanyň ýaşaýşy
hem aýan bolsun diýip, biz — ýaşaýanlar Onuň hatyra-
syna ölüme tabşyrylýarys. 12 Şeýlelikde, ölüm bizde, ýa-
şaýyş bolsa sizde işleýär.
13 «Iman etdim, şonuň üçin gepledim» diýip ýazylyşy-
na görä, biz-de bu iman ruhuna eýe bolup iman edýä-
ris, şonuň üçin-de gepleýäris. 14 Çünki Reb Isany Direl-
deniň bizi hem Isa arkaly 15 Sebäbi Hudaýyň merheme-
ti kän adamlar arkaly köpelip, Hudaýyň şöhratyna şü-
küri artdyrar ýaly, ähli zat siziň üçindir. 16 Munuň üçin,
biz ruhdan düşmeýäris, gaýtam, daşky adamymyz bo-
zulsa-da, içki adamymyz günbe-günden täzelenýär.
17 Sebäbi wagtlaýyn, ýeňil muşakgat biziň üçin juda ar-
tykmaç şöhratyň ebedi agramyny emele getirýär. 18 Se-
bäbi biz görünýän zatlara däl-de, görünmeýänlere se-
redýäris, çünki görünýänler wagtlaýyn, görünmeýän-
ler ebedidir.

## —NJI BAP

### Gökdäki mesgenimiz

5 Çünki biziň bu dünewi öýümiz, bu çadyr 2 Sebäbi
Gökdäki mesgenimizi geýinmegi küýsäp, munda
ah çekýäris. 3 Ýöne geýinsek, ýalaňaç görünmeris.
4 Çünki bu çadyrda bolýan biz ýük astynda ah çekýäris,
sebäbi pany bolanlary ýaşaýyş ýuwutsyn diýip, ýala-
ňaçlanmak däl-de, geýinmek isleýäris. 5 Hudaý bizi şu-
nuň özi üçin taýýarlap, bize Ruhy hem girew berdi.
6 Şeýlelikde, hemişe gaýratly bolup, tende mesgen tut-
ýan wagtymyz Rebden uzakdadygymyzy bilýäris —
7 çünki biz didar arkaly däl-de, iman arkaly gezýäris.

8 Gaýratly bolup, tenden aýrylmagy, Rebbiň ýanynda mesgen tutmagy gowy görýäris. 9 Şonuň üçin bu tende ýaşasak-da, aýrylsak-da, Onuň pisindi oturjak adamlary bolmaga yhlas edýäris. 10 Çünki ýagşy bolsun, ýaman bolsun, bedendekäk öz edenlerimize laýyk almytymyzy almak üçin, hemmämiz Mesihiň höküm kürsüsi öňünde häzir bolmalydyrys.

### Ýaraşdyrma gullugy

11 Şeýlelikde, biz Rebden gorkmagyň nämedigini bilýändigimiz üçin adamlary ynandyrýarys, ýöne Hudaýa aýandyrys, siziň ynsabyňyza-da aýandyrys diýen umydym bar. 12 Biz ýene-de özümizi size maslahat bermeýäris, ýöne ýürek bilen däl-de, daşky görnüş bilen magtanýanlara aýdara gepiňiz bolar ýaly, size biziň bilen magtanmaga esas berýäris. 13 Biz akylymyzy ýitiren bolsak, bu Hudaý üçindir, eger-de akylymyz başymyzda bolsa, siziň üçindir. 14 Çünki Mesihiň söýgüsi bizi mejbur edýär, sebäbi biri hemmäniň ugrunda öldi, eýle bolsa, hemmesi ölendir diýip hasap edýäris. 15 Ol ýaşaýanlar artykmaç özleri üçin däl-de, olar ugrunda Ölen we Direlen üçin ýaşasyn diýip, hemmäniň ugrunda öldi. 16 Şonuň üçin biz mundan beýläk hiç kimi adam ölçeglerine görä tanamaýarys. Mesihi şeýle tanan hem bolsak, indi beýle tanamaýarys. 17 Şonuň üçin kim Mesihe bagly bolsa, ol täze mahlukdyr. Köne zatlar geçdi, indi ählisi täze bolandyr

18 Herki zat Hudaýdandyr. Ol bizi Mesih arkaly Özi bilen ýaraşdyrdy, bize ýaraşdyrma gullugyny berdi.
19 Ýagny Hudaý dünýäni Özi bilen Mesihde ýaraşdyrdy, ýazyklaryny hasaba alman, bize ýaraşdyrma sözüni berdi. 20 Şeýlelikde, indi hamala Hudaý biz arkaly haýyş edýän ýaly, biz Mesihiň ilçileridiris. Mesih tarapyndan ýalbarýarys: Hudaý bilen ýaraşyň! 21 Biz Oňa bagly bolup, Hudaýyň dogrulygyndan paý alar ýaly, Ol günäni tanamaýan Mesihi biziň üçin günä gurbany etdi.

6 Biz Onuň bilen işdeşlik edip, Hudaýyň merhemetini boş ýere kabul etmäň diýip ýalbarýarys. 2 Çünki Ol: «Amatly wagtda saňa gulak asdym, gutulyş gününde saňa ýardam etdim» diýýär. Ine, indi şu amatly wagtdyr, ine, indi şu gutulyş günüdir.

### Pawlusyň çeken muşakgatlary

3 Biz gullugymyz käýinje sezewar bolmaz ýaly, hiç zatda biriniň büdremegine sebäp bolman, 4 her zatda Hudaýyň gullukçylary hökmünde özümizi maslahat berýäris: agyr çydamlarda, muşakgatlarda, mätäçliklerde, çykgynsyz ýagdaýlarda, 5 taýaklanmalarda, tussaglarda, aýaga galmalarda, azaplarda, ukusyzlyklarda, orazalarda; 6 tämizlikde, bilimde, sabyrda, ýagşylykda, Mukaddes Ruhda, hilesiz söýgüde, 7 Hakykat sözünde, Hudaýyň güýjünde, sagda hem çepde dogrulyk ýaraglary bilen, 8 abraý we biabraýçylykda, betnamlyk we tarypda özümizi Hudaýyň gullukçylary hökmünde maslahat berýäris. Biz ýalançy hasaplansak-da, hakykaty sözleýändiris. 9 Nätanyş ýaly bolsak-da meşhurdyrys; öli ýaly bolsak-da diridiris; jeza çeksek-de, öldürilen däldiris. 10 Gaýgyly bolsak-da, hemişe şatdyrys; garyp bolsak-da, köpleri baýadýandyrys; hiç zady ýok ýaly bolsak-da, ähli zada eýediris.

11 Eý korintoslylar, biziň sözümiz size açyk, göwnümiz giňdir. 12 Sizden öz mährini aýaýan biz däl-de, bizden mährini aýaýan sizsiňiz. 13 Muňa derek size öz balalarym hökmünde aýdýaryn, siz hem göwnüňizi giň tutuň.

### Siz Hudaýyň ybadathanasysyňyz

14 Imansyzlar bilen bir boýuntyryga girmäň. Çünki dogrulygyň şer iş bilen näme şärikligi bar? Ýa-da nuruň tümlük bilen näme ýoldaşlygy bar? 15 Mesihiň Belial 16 Hudaýyň ybadathanasynyň butlar bilen näme ylalaşygy bar? Çünki siz diri Hudaýyň ybadathanasysyňyz 17 Reb şeýle diýýär: «Munuň üçin olaryň arasyndan çykyň, olardan aýrylyň, murdara galtaşmaň, Men hem sizi kabul ederin». 18 Her zady başarýan Reb: «Men siziň Ataňyz bolaryn, siz hem Meniň ogul-gyzlarym bolarsyňyz» diýýär.

### —NJI BAP

7 Eý, söýgüli doganlar, bu wadalarymyzyň barlygyna görä, her hili ten we ruh pisliginden tämizlenip, Hudaýdan gorkmakda mukaddesligi kämilleşdireliň.

### Pawlusyň begenji

2 Bize ýüregiňizden ýer beriň. Biz hiç kimi ynjadan däldiris, hiç kimi azdyran däldiris, hiç kimi ezen däldiris. 3 Muny sizi ýazgarmak üçin aýtmaýaryn. Sebäbi bile ölüp, bile ýaşar ýaly, biziň ýüregimizdedigiňizi men ozal aýtdym. 4 Size biçak ynanýaryn, size biçak guwanýaryn. Men tesselliden doly, muşakgatymyz arasynda begenjim çäksiz. 5 Çünki Makedoniýa gelenimizde-de, göwnümiziň ynjalygy bolman, her tarapdan gysylýardyk. Daşarda uruşlar, içimizde gorkular bardy. 6 Emma pes göwünlileri ruhlandyrýan Hudaý Titusyň gelmegi bilen bize teselli berdi. 7 Diňe onuň gelmegi bilen hem däl, siziň oňa eden tesselliňiz bilen hem teselli tapdyk. Ol siziň küýsegiňizi, ýasyňyzy, maňa bolan yhlasyňyzy habar berende, has hem begendim. 8 Çünki hatym bilen sizi gaýgylandyran bolsam hem ökünmeýärin. Ökünen bolsam-da — çünki ol hatyň az wagt hem bolsa, sizi gaýgylandyranyny görýärin — indi begenýärin. 9 Gaýgylananyňyza däl-de, toba üçin gaýgylananyňyza begenýärin. Çünki siz bizden hiç bir zyýan görmän, Hudaýyň islegi boýunça gaýgylandyňyz. 10 Çünki Hudaýyň islegi boýunça gaýgylanmaklyk gutulyş üçin ökünçsiz tobany emele getirýändir. Dünýäniň gaýgylary bolsa, ölümi emele getirýändir. 11 Bu gaýgyňyzyň Hudaýyň islegine görä bolmagy, gör, sizde nähili gaýrat, nähili ökünç, nähili gahar, nähili gorky, nähili küýseg, nähili yhlas, nähili adalata ymtylyş döretdi! Siz bu işde

her taýdan tämizdigiňizi görkezdiňiz. [12] Şeýlelikde, size ýazan hem bolsam, muny ynjydan üçin ýa-da ynjan üçin däl-de, bize bolan gaýratyňyzyň Hudaýyň huzurynda özüňize aýan bolmagy üçin ýazdym. [13] Bular bize teselli berýär. Ýöne öz tesellimizden köp Titusyň şatlygyna begendik, çünki siziň baryňyz onuň göwnüni ynjaldypsyňyz. [14] Çünki onuň ýanynda siz barada bir zat diýip öwünen bolsam hem, meni utandyrmadyňyz, gaýtam, biziň size hemme zady hakykatda aýdyşymyz ýaly, Titusyň garşysyndaky magtanjymyz hem hakykat boldy. [15] Ol hemmäňiziň boýun bolanyny, ony gorky hem titreme bilen garşylanyňyzy ýatlanda, size bolan söýgüsi has-da artýar. [16] Men her zatda size bil baglap biljegime begenýärin.

## —NJI BAP

### Sahylyk nusgasy

8 Eý doganlar, Hudaýyň Makedoniýanyň ýygnaklaryna beren merhemetini size bildirýäris. [2] Uly muşakgat synagynda olaryň şatlygynyň bollugy aýan boldy, olaryň aşa garyplygy sahylyklarynda çäksiz baýlyga öwrüldi. [3] Olaryň öz ýagdaýlaryna görä hem-de ýagdaýlaryndan aşa sahylyk edenlerine men güwä geçýärin. [4] Olar bu haýyr işe, mukaddeslere gulluk etmäge özleriniň gatnaşmagyny köp ýalbaryp, bizden haýyş etdiler. [5] Hatda umyt edişimizden-de ýokary bolup, olar özlerini ilki Rebbe, soň-da Hudaýyň islegi bilen bize peşgeş etdiler. [6] Şonuň üçin bu haýyr işi ozal nähili başlan bolsa, şeýle hem araňyzda bitirmegini biz Titusdan haýyş etdik. [7] Imanda, sözde, bilimde, her hili gaýratda, bize bolan söýgiňizde, ähli zatda bolşuňyz ýaly, bu haýyr işde-de üstün boluň. [8] Muny buýruk hökmünde däl-de, beýlekileriň gaýraty arkaly söýgiňiziň hakykylygyny synap aýdýaryn. [9] Çünki siz Rebbimiz Isa Mesihiň merhemetini bilýänsiňiz. Garyplygy bilen siz baýar ýaly, Ol baýka garyp boldy. [10] Bu hakda men öz pikirimi aýdaýyn. Çünki bu siziň üçin peýdalydyr. Siz öten ýyldan bäri diňe etmekde däl-de, muny arzuwlamakda hem ilkinjilerdiňiz. [11] Indi arzuwlamaga göwünjeň bolşuňyz ýaly, başardygyňyzdan, bu işiň bitmegi üçin, ony soňuna çenli alyp baryň. [12] Çünki göwünjeňlik bar bolsa, adamyň ýoguna görä däl, baryna görä bermegi makuldyr. [13] Biz başgalaryna ýeňil, size agyr bolmagyny islämzok, deňligi isleýäris. [14] Olaryň hem artykmaç zady siziň ýetmeziňizi doldurar ýaly, şu wagt siziň artykmaç zadyňyz olaryň ýetmezini doldursyn. [15] Şeýle, «Köp ýygnanyň artygy, az ýygnanyň hem kem zady bolmady» diýip ýazylyşy ýaly, deňlik bolar.

### Titus Korintosa iberilýär

[16] Siz babatdaky şeýle yhlasy Titusyň ýüregine guýýan Hudaýa şükür! [17] Çünki ol biziň haýyşymyza gulak asyp, köp yhlasly bolany üçin, öz islegi bilen siziň ýanyňyza gitdi. [18] Biz Hoş Habarda bütin ýygnaklar tarapyndan taryplanýan dogany hem onuň bilen bile ýolladyk. [19] Mundan başga-da ol dogan Rebbiň şöhraty üçin we biziň öz göwünjeňligimizi görkezmek üçin ýerine ýetirýän bu haýyr işimizde ýygnaklar tarapyndan bize ýoldaşlyk etmäge saýlandy. [20] Biz gullugymyz bilen gazanylan bu gatanç hakda hiç kim bize garalyk ýapmaz ýaly, ätiýajy elden bermeýäris. [21] Çünki biz diňe bir Reb huzurynda däl, eýsem, adamlar huzurynda-da ýagşy işiň aladasyny edýäris. [22] Yhlaslydygyny köp zatlarda telim gezek synan, indi hem size bolan uly ynamy arkaly has-da yhlasly bolan doganymyzy hem olar bilen ýolladyk. [23] Titus hem meniň şägirdim, siziň araňyzdaky işdeşimdir. Doganlarymyz bolsa ýygnaklaryň ilçileri, Mesihiň şöhratydyr. [24] Indi söýgiňizi, siz hakdaky magtanjymyzy ýygnaklaryň gözüniň alnynda olara subut ediň.

### Mätäç imanlylara kömek

9 Mukaddeslere gulluk etmek barada meniň size ýazmagymyň geregi ýok. [2] Çünki ýardama bolan meýliňizi bilýärin, Ahaýa öten ýyldan bäri taýýar dur diýip, makedoniýalylaryň ýanynda siz hakda öwünýärin. Siziň yhlasyňyz köpleri höweslendirdi. [3] Biziň bu babatda siz hakda öwünmämiz biderek bolman, aýdyşym ýaly, taýýarlykly bolmagyňyz üçin, doganlary ýanyňyza iberýärin. [4] Çünki makedoniýalylar meniň bilen gelipde, siziň taýýar däldigiňizi görseler, biz — siz diýmeýäris — beýle ynamlylyk üçin utanja galarys. [5] Şoňa görä hem menden öň ýanyňyza baryp, wada edilen peşgeşleriňizi öňden taýýarlamaklaryny doganlardan haýyş etmegi zerur bildim. Şeýlelikde, ol borçlulyk bilen däl-de, bir hakyky peşgeş hökmünde taýýarlanar. [6] Şuny biliň: az eken az orar, köp eken köp orar. [7] Tukatlyk ýa mejburlyk bilen däl-de, her kim öz göwnünden çykaranyny bersin. Sebäbi Hudaý begenç bilen bereni söýýändir. [8] Hemişe hemme zadyňyz ýeterlik bolup, her ýagşy işe bol mümkinçiligiňiz bolar ýaly, Hudaý size her nygmaty boldan bermegi başarýandyr. [9] Şonuň ýaly hem: «Paýlap, garyplara berdi, Onuň dogrulygy baky galar» diýip ýazylgydyr. [10] Ekýäne tohum, iýmäge çörek berýän Hudaý ekeniňizi hem boladyp artdyrar, dogrulygyňyzyň hasylyny ösdürer. [11] Siz her hili jomartlyk etmek üçin, hemme zada baýarsyňyz. Bu-da biz arkaly Hudaýa şükür döreder. [12] Çünki bu hyzmaty ýerine ýetirmek diňe mukaddesleriň ýetmezini doldurman, eýsem, Hudaýa edilýän şükürleri hem köpelder. [13] Bu gulluk netijesinde, olar siziň Mesihiň Hoş Habaryna bolan ykraryňyza baglydygyňyz üçin, olar bilen we hemmeler bilen malyňyzy paýlaşmakda görkezýän jomartlygyňyz üçin, Hudaýy şöhratlandyrar. [14] Hudaýyň üstüňizdäki bol merhemeti üçin siz babatda doga edip, sizi küýsär. [15] Çendenaşa sylagy üçin Hudaýa şükür!

### Pawlus goranýar

10 Araňyzdakam kiçigöwünli, gaýybana bolsa size garşy batyr bolan Pawlus Mesihiň ýumşaklygy

we mähribanlygy bilen sizden haýyş edýärin. 2 Gele-
nimde, bizi dünýä ýollary boýunça gezýändir öýdýänle-
riň käbirlerine garşy oýlanýan niýetimde batyrlyk ulan-
maly bolmaýyn diýip ýalbarýaryn. 3 Çünki biz dünýäde
gezýän hem bolsak, dünýä ýollary boýunça söweşýän
däldiris. 4 Sebäbi biziň söweş ýaraglarymyz dünewi däl-
dir, galalary ýykmak üçin Hudaýyň gudratyna eýedir.
5 Biz ters çekişmeleri, Hudaýyň biliminiň garşysyna
aýaga galan her bir belentligi ýykyp, her pikiri Mesihe
boýun bolmaga ýesir edýändiris. 6 Mesihe bütinleý bo-
ýun bolan mahalyňyz, her bir boýun bolmazlygy jeza-
landyrmaga taýýardyrys.
7 Göz öňündäkilere serediň. Kim özüniň Mesihiňkidi-
gine ynamy bar bolsa, biziň hem özi ýaly Mesihiňkidi-
gimiz hakda öz ýanyndan oýlansyn. 8 Men Rebbiň bize
sizi weýran etmek üçin däl-de, abat etmek üçin beren
ygtyýaryna has köpräk öwünýän hem bolsam utanma-
ýaryn. 9 Muny sizi öz hatlary bilen gorkuzjak bolýar diý-
mäň diýip edýärin. 10 «Ol hatlarynda ýowuz hem güýçli,
ýöne şahsy huzury ejiz, sözi dereksiz» diýýärler. 11 Beý-
le adam muny bilsin: biz ýokkak hat arkaly sözde nähili
bolsak, barkak amalda hem şeýlediris. 12 Çünki biz öz-
lerini maslahat berýänleriň käbirleri bilen özümizi bir
tutmaga ýa-da deňemäge het edip bilmeýäris. Olar öz-
lerini özleri bilen ölçäp, özlerini özleri bilen deňäp, pä-
himsiz bolýarlar. 13 Emma biz hetdenaşa däl-de, siziň
hetdiňize ýeter ýaly, Hudaýyň bize bellän iş meýdany-
nyň çägine görä magtanýarys. 14 Siziň hetdiňize ýetme-
dik ýaly, öz hetdimizden aşmaýarys, çünki biz Mesihiň
Hoş Habary bilen size-de ýetdik. 15 Biz başganyň zäh-
meti bilen hetdenaşa magtanmaýarys. 16 Emma Hoş
Habary sizden aňyrrak-da wagyz edip, başganyň meý-
danynda taýýar işler bilen magtanmaz ýaly, siziň ima-
nyňyz ösdügiçe, biziň-de iş meýdanymyz has köp giňär
diýen umydymyz bar. 17 Ýöne magtanýan Reb bilen
magtansyn. 18 Çünki özüni maslahat berýän arzyly däl-
de, Rebbiň maslahat berýäni arzylydyr.

### —NJI BAP

### Galp resullar

11 Käşgä meniň akylsyzlygyma az-kem çydasady-
ňyz! Ýöne siz maňa çydaman hem durmaýarsy-
ňyz. 2 Çünki men size Hudaýyň yhlasy bilen yhlas edýä-
rin, sebäbi men sizi päk gyz hökmünde Mesihe hödür-
lemek üçin diňe bir äre niýetledim. 3 Emma ýylanyň
How enäni kezzaplyk bilen aldaýşy ýaly, siziň hem pi-
kirleriňiz bozulyp, Mesihde bolan sadalykdan aýrylar-
mykan diýip gorkýaryn. 4 Çünki biri gelip, biziň wagyz
edenimizden başga Isany wagyz edip-de, alanyňyzdan
başga ruhy alsaňyz ýa kabul edeniňizden başga Hoş
Habary kabul etseňiz, muňa gowy çydarsyňyz. 5 Çünki
men hiç zatda bu ýokary derejeli resullardan yzda däl-
dirin diýip güman edýärin. 6 Söz sözlemekde ökde däl
hem bolsam, bilimde ökdedirin. Biz muny size her ýol-
da, her zatda görkezendiris. 7 Ýa-da sizi beýgeltmek
üçin özümi peseltmek bilen günä etdimmi? Çünki men
Hudaýyň Hoş Habaryny size mugt wagyz etdim. 8 Size
gulluk etmek üçin, beýleki ýygnaklardan muzd alyp,
olara harç çekdirdim. 9 Araňyzda bolup, mätäçlik çeke-
nimde-de, hiç kime ýük bolmadym, sebäbi Makedoni-
ýadan gelen doganlar meniň ýetmezimi ýetirdiler. Hiç
bir zatda size agram salman, özümi sakladym, şeýle-de
saklaryn. 10 Mesihiň mendäki hakykaty bilen aýdýaryn:
Ahaýa etrabynda hiç kim meni bu magtançdan mah-
rum edip bilmez. 11 Näme üçin? Sizi söýmeýänim üçin-
mi? Muny Hudaý bilýändir. 12 Ýöne magtanýan zatla-
rynda biziň bilen deň saýylmak üçin pursat gözleýänle-
re pursat bermejek bolup, edenimi ýene-de ederin.
13 Çünki beýle adamlar galp resullar, Mesihiň resullary-
nyň keşbine girýän aldawçy işgärlerdir. 14 Bu geň zat
däl, sebäbi, şeýtanyň özi-de nur perişdesiniň keşbine
girýär. 15 Şonuň üçin onuň gullukçylary-da dogrulyk
gullukçylarynyň keşbine girse, bu uly bir zat däldir, ola-
ryň soňy işlerine görä bolar.

### Magtanmaly bolsa...

16 Ýene-de diýýärin: hiç kim meni akylsyzdyr öýtme-
sin. Ýöne şeýle bolsa, men hem biraz magtanar ýaly,
siz meni bir akylsyz hökmünde kabul ediň. 17 Men bu
aýdýanlarymy Rebbe görä däl-de, akylsyz ýaly magtan-
ma ynamy bilen aýdýaryn. 18 Köpleriň dünýä ýollaryna
görä magtanyşy ýaly, men-de şeýle magtanýaryn.
19 Çünki siz akylly bolup, ýene akylsyzlara höwes bilen
çydaýarsyňyz. 20 Çünki biri sizi gul etse, biri sizi iýse, bi-
ri sizi talasa, biri özüni ýokary tutsa, biri siziň ýaňagy-
ňyza şapbatlasa, siz oňa çydaýarsyňyz. 21 Biziň muňa
güýjümiz ýetmänsoň, utanyp gepleýärin. Biri näme za-
da ýürek edýän bolsa, akylsyzlyk bilen aýdýaryn, men
hem ýürek edýändirin. 22 Olar ýewreými? Men-de. Ysra-
ýyllymy? Men-de. Ybraýymyň neslimi? Men-de. 23 Olar
Mesihiň gullukçylarymy? (Däli ýaly aýdýaryn.) Men
olardan artyk: zähmetde artyk, tussaglarda artyk, ýen-
jilmekde — hetdenaşa, ölümli hatarlarda — ençeme
gezek. 24 Ýehudylardan bäş gezek kyrkdan bir kem şal-
lak iýdim; 25 üç gezek taýaklandym, bir gezek daşlan-
dym, üç gezek gämim gark bolup, bir gije-gündizi de-
ňizde geçirdim. 26 Ençeme gezek ýolagçylyk etdim, der-
ýalarda hem garakçylar arasynda, öz halkym hem öz-
ge milletler arasynda howp-hatara uçradym. Şäherde,
çölde, deňizde, galp doganlar arasynda howp-hatarda
boldum. 27 Zähmet hem zorlukda, köp gezek ukusyz-
lykda, açlyk hem suwsuzlykda, köp gezek orazalarda,
sowukda hem ýalaňaçlykda boldum. 28 Bulardan baş-
ga-da her gün meni basmarlaýan ähli ýygnaklar bara-
daky aladadyr. 29 Kim ejizläp, men ejizlemeýärin? Kim
büdräp, men ýanmaýaryn? 30 Magtanmaly bolsa, men
öz ejizligimi görkezýän zatlar bilen magtanjak. 31 Me-
niň ýalan sözlemeýänimi baky mübärek Rebbimiz Isa-
nyň Hudaýy hem Atasy bilýändir. 32 Şamda Aret patyşa-
nyň welaýat häkimi meni tutjak bolup, şamlylaryň şä-

herini saklaýardy. Şonda meni sebede salyp, şäher diwarynyň penjiresinden aşak düşürdiler, şeýdip, ondan sypdym.

### —NJI BAP

### Pawlusa gelen ylhamlar

12 Magtanmagym, dogrudan-da, peýdaly zat däl, çünki Rebden gelen görnüşlere, ylhamlara gelýärin. 2 Men Mesihde bir adamy tanaýaryn. Ol on dört ýyl mundan ozal (bilmeýärin tendemi, bilmeýärin tenden daşardamy, Hudaý bilýär) üçünji Göge äkidildi. 3 Bu adam barada şuny bilýärin (bilmeýärin tendemi, bilmeýärin tenden daşardamy, Hudaý bilýär), 4 ol behişde äkidildi. Ol ýerde adamzada sözlemäge rugsat edilmedik, aýdyp bolmajak sözleri eşitdi. 5 Men şeýle adam hakda magtanýaryn, ýöne ejizligim bolaýmasa, özüm hakda magtanara zadym ýok. 6 Çünki magtanjak bolsam, akylsyz bolmaryn, sebäbi men hakykaty aýdaryn. Ýöne biri meni göreninden ýa eşideninden ýokary biläýmesin diýip, magtanmakdan saklanýaryn. 7 Ylhamlaryň bollugyndan ýaňa özümi ýokary tutmaz ýaly, tenimde tiken, ýagny özümi ýokary tutmaz ýaly, meni ýumruklamagy üçin, maňa bir şeýtan perişdesi berildi. 8 Ony menden aýyrsyn diýip, Rebbe üç gezek ýalbardym. 9 Ol maňa: «Saňa meniň merhemetim ýeterlikdir, çünki Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýändir» diýdi. Şunuň üçin Mesihiň gudraty üstüme kölege salar ýaly, höwes bilen öz ejizliklerim hakda has hem magtanýaryn. 10 Şu sebäpden men Mesih ugrundaky ejizliklere, sögünçlere, mätäçliklere, azarlara, kynçylyklara razy, sebäbi men ejizkäm güýçlüdirin. 11 Men bir akylsyz boldum, muňa siz meni mejbur etdiňiz. Aslynda, siz meni öwmelidiňiz, sebäbi hiç hem bolsam, hiç bir zatda bu ýokary derejeli resullardan yzda däldirin. 12 Resullyk alamatlarym siziň araňyzda uly sabyr bilen alamatlarda, mugjyzalarda, gudratlarda görkezildi. 13 Çünki meniň size ýük bolmaýşymdan başga siziň beýleki ýygnaklardan näme pesligiňiz bar? Meniň bu adalatsyzlygymy bagyşlaň.

### Pawlusyň korintoslylar barada gaýgysy

14 Ine, bu siziň ýanyňyza gitmäge üçünji gezek taýýarlanyşym, ýöne size ýük bolmaryn, sebäbi men siziň zatlaryňyzy däl-de, özüňizi küýseýärin. Çünki oglanlar ene-ata däl-de, ene-ata çagalar üçin mal-mülk ýygnamalydyr. 15 Men siziň janyňyz ugrunda barymy höwes bilen harçlap, bütinleý harçlanaryn. Sizi köpräk söýsem, siz meni azrak söýermisiňiz? 16 Goý, şeýle bolsun, emma men size ýük bolmandyryn, ýöne mekir bolanym üçin sizi hile bilen tutanmyşym! 17 Ýanyňyza iberen adamlarymyň biri arkaly sizi ezdimmi? 18 Men Titusdan haýyş etdim, dogany onuň bilen ýolladym. Titus sizi ezdimi? Biz şol bir ruhda gezmedikmi? Şol bir yzy yzarlamadykmy? 19 Siz ýene 20 Çünki ýanyňyza gelip-de, sizi isleýşim ýaly, siz hem meni isleýşiňiz ýaly görmezmikäňiz diýip gorkýaryn. Dawa, içigaralyk, gahar, jenjel, töhmet, gybat, gabarma we tertipsizlik bardyr öýdüp gorkýaryn. 21 Ýanyňyza baranymda, Hudaýym meni ýanyňyzda pese düşürip, ozaldan günä batyp, eden murdarlyklaryndan, zyna we ahlaksyzlyklaryndan toba etmedik köp adamlar üçin ýas tutmaly bolarmykam diýip gorkýaryn.

### —NJI BAP

### Duýduryşlar we salamlar

13 Bu üçünji gezek ýanyňyza barşymdyr. Her söz iki ýa üç güwäniň agzy bilen tassyklanar. 2 Men ikinji gezek ýanyňyzdakam, öňünden aýdyşym ýaly, şindi-de ýokkam ozaldan günä edenlere hem-de beýlekileriň baryna öňünden ýazýaryn: ýene ýanyňyza baraýsam, gaýgyrmaryn. 3 Çünki siz Mesihiň men arkaly gepleýänine subutnama agtarýarsyňyz. Ol size garşy ejiz däl-de, siziň araňyzda güýçlüdir. 4 Sebäbi Ol ejizlikde haça çüýlenen hem bolsa, Hudaýyň gudraty arkaly ýaşaýar. Biz-de Onda ejizdiris, ýöne Hudaýyň size bolan gudraty arkaly Onuň bilen ýaşarys.

5 Imandadygyňyzy özüňiz barlap görüň. Özüňizi synaň. Ýa-da Mesihiň sizdedigini özüňiz hem bilmeýärsiňizmi? Beýle bolmasa, synagdan ýykylardyňyz. 6 Ýöne biziň synagdan ýykylmandygymyzy bilýänsiňiz diýip umyt edýäris. 7 Biz siziň asla erbet iş etmezligiňiz üçin Hudaýa doga edýäris. Bu synagdan geçen ýaly bolup görünmegimiz üçin däl-de, biz synagda ýykylan ýaly bolup, siziň ýagşy iş etmegiňiz üçindir. 8 Çünki biz hakykata garşy hiç bir iş edip bilmän, diňe hakykat ugrunda bir iş edip bilýäris. 9 Biz özümiz ejiz-de, siz güýçlükäňiz begenýäris. Munuň üçin, ýagny siziň kämilleşmegiňiz üçin hem doga edýäris. 10 Rebbiň maňa ýykmak üçin däl-de, abatlamak üçin beren ygtyýary boýunça, özüm barkam sizi gaty tutmaýyn diýip, bu zatlary araňyzda ýokkam ýazýaryn. 11 Eý doganlar, mahlasy, şatlykda boluň! Kämil boluň, aýdýanlaryma gulak asyň, pikirdeş boluň, parahat ýaşaň, söýgi hem parahatlyk Hudaýy siziň bilen bolar. 12 Biri-biriňize mukaddes ogşuk bilen salam aýdyň. Bütin mukaddesler size salam aýdýar. 13 Reb Isa Mesihiň merhemeti, Hudaýyň söýgüsi, Mukaddes Ruha şäriklik siziň ähliňiz bilen bolsun! Omyn.

# Galatýalylar

## —NJI BAP

### Ýeke-täk Hoş Habar

1 Adamlar tarapyndan we adamzat arkaly däl-de,
eýsem, Isa Mesih we Ony ölülerden direlden Ata
Hudaý arkaly resul bolan Pawlus 2 we meniň bilen bile-
likdäki bütin doganlardan Galatýadaky ýygnaklara sa-
lam! 3 Atamyz Hudaý, Rebbimiz Isa Mesih size merhe-
met etsin, parahatlyk bersin. 4 Atamyz hem Hudaýymy-
zyň islegine görä, bizi häzirki ýaman çagdan gutarjak
bolup, Ol Özüni biziň günälerimiz üçin pida etdi. 5 Hu-
daýa ebedilik şöhrat bolsun! Omyn. 6 Men siziň Mesi-
hiň merhemeti arkaly özüňizi Çagyrany beýle tiz taş-
lap, başga Hoş Habara öwrülişiňize haýran galýaryn.
7 Dogrudan-da başga Hoş Habar ýok, ýöne sizi bulaş-
dyrjak, Mesihiň Hoş Habaryny ýoýjak bolýan käbir
adamlar bar. 8 Emma biz ýa Gökden inen bir perişde
hem size wagyz edenimizden başga bir zady Hoş Ha-
bar diýip wagyz etse, oňa lagnat bolsun! 9 Öň aýdyşy-
myz ýaly, ýene-de aýdýaryn: biri size kabul edeniňiz-
den başga bir zady Hoş Habar diýip wagyz etse, oňa
lagnat bolsun! 10 Indi men adamlaryň razyçylygyny
gözleýärinmi ýa Hudaýyň razyçylygyny? Ýa-da adamla-
ra ýaranjak bolýarynmy? Men heniz hem adamlara ýa-
ranýan bolsam, Mesihiň guly bolmadygymdyr.

### Pawlus Mesihiň resuly

11 Eý doganlar, meniň wagyz eden Hoş Habarymyň
adamdan däldigini size aýdýaryn. 12 Çünki men ony bir
adamdan alman, bir adamdan öwrenmän, Isa Mesihiň
ylhamy arkaly aldym. 13 Çünki siz meniň ýehudylykda
geçen ýaşaýşymy eşidensiňiz. Men Hudaýyň ýygnagy-
na çendenaşa azar berip, ony weýran etdim. 14 Atalary-
myň däp-dessuryna biçak yhlasly bolup, halkymda bo-
lan ýaşdaşlarymyň köpüsinden ýehudylykda ozdum.
15 Emma enemiň garnyndakam, meni seçip, Öz merhe-
meti bilen çagyran Hudaý, 16 milletler arasynda Ony
wagyz eder ýaly, Öz Ogluny mende aýan etmäge razy
bolanda, men derrew et we gan bilen maslahatlaş-
man, 17 Iýerusalime menden öň resul bolanlaryň ýany-
na gitmän, Arabystana gitdim, soň hem Şama öwrül-
dim. 18 Üç ýyldan soň Petrus 19 Ýöne Rebbiň dogany Ýa-
kupdan başga resullaryň hiç birini görmedim. 20 Size
näme ýazsam, ine Hudaýyň huzurynda ýalan sözleme-
ýärin. 21 Onsoň Siriýa we Kilikiýa etrabyna gitdim.
22 Emma Ýahudanyň Mesihdäki ýygnaklary meniň özü-
mi tanaman, 23 diňe: «Bize ozallar azar beren adam in-
di bir wagtlar özüniň weýran eden imanyny wagyz ed-
ýär» diýşip, 24 men sebäpli Hudaýy şöhratlandyrýardy-
lar.

## —NJI BAP

### Beýleki resullar Pawlusy kabul edýär

2 Onsoň on dört ýyldan soň, Titusy hem ýanyma
alyp, Barnabas bilen ýene Iýerusalime rowana
boldum. 2 Men ylham bilen gitdim, biderek ýere ýort-
maýyn ýa ýortan bolaýmaýyn diýip, olara, ylaýta-da,
at-abraýlylara milletler arasynda wagyz eden Hoş Ha-
barymy beýan etdim. 3 Ýanymdaky Titus hem grekdigi-
ne garamazdan, sünnetlenmäge mejbur edilmedi. 4 Bu
ýagdaý bizi gul etjek bolup, Mesih Isadaky azatlygymy-
zy bilmek üçin ogrynça aramyza giren galp doganlar
sebäpli ýüze çykdy. 5 Hoş Habaryň hakykaty diňe siziň
ýanyňyzda galsyn diýip, biz birsalym hem olara tabyn
bolup baş egmedik. 6 Emma at-abraýlylar — näme-de
bolan bolsalar, maňa parhy ýok, çünki Hudaý adamyň
daş görnüşine bakmaýar — bu at-abraýlylar meniň aý-
danlaryma hiç bir zat goşmadylar. 7 Gaýtam tersine,
Hoş Habary sünnetlilere wagyz etme işiniň Petrusa
berlişi ýaly, sünnetsizlere wagyz etme işiniň-de maňa
berlenini gördüler. 8 Sebäbi sünnetlilere resullyk etme-
gi üçin Petrusda işlän Hudaý ýehudy dällere resullyk
etmek üçin hem mende işledi. 9 Ýygnagyň diregleri ha-
saplanan Ýakup, Kifas we Ýahýa maňa berlen merhe-
meti aňanlarynda, şärikçiligimiz üçin maňa we Barna-
basa sag ellerini berdiler. Şeýdibem, biz özge milletler
arasyna gitdik, olar hem sünnetlileriň arasyna gitmeli
boldular. 10 Olar diňe garyplary ýatlamagymyzy isledi-
ler, men hem edil şony etmäge gaýrat edýärdim.

### Pawlus Petrusa garşy çykýar

11 Emma Petrus Antakiýa gelende, günäli bolany
üçin, men oňa aç-açan garşy çykdym. 12 Çünki Ýakubyň
ýanyndan käbir adamlar gelmezden öň, ol özge millet-
lerden bolanlar bilen nahar iýýärdi, ýöne ol adamlar
gelenlerinde, Petrus gorkup, sünnetlilerden çekilip aý-
ryldy. 13 Onuň bilen birlikde beýleki ýehudylar hem iki-
ýüzlülik etdiler. Barnabas hem olaryň ikiýüzlüligine go-
şuldy. 14 Men olaryň Hoş Habaryň hakykatyna görä
dogry ýol bilen ýöremeýänlerini göremde, hemmeleriň
öňünde Petrusa şeýle diýdim: «Sen ýehudy bolup,
ýehudy ýaly däl-de, özge milletlerden biri ýaly ýaşaýan

bolsaň, onda näme üçin özge milletleri ýehudy bol-
maklyga mejbur edýärsiň?» 15 Biz doga ýehudydyrys,
özge milletlerden bolan günäkärler däldiris. 16 Biz ada-
myň Mukaddes Kanunyň işlerini berjaý etmek bilen
däl-de, diňe Isa Mesihe bolan iman bilen aklanýandy-
gyny bilýäris. Şonuň üçin biz hem Kanun işlerini berjaý
etmek bilen däl-de, Mesihe bolan iman bilen aklanar
ýaly, Mesih Isa iman etdik. Sebäbi hiç kim diňe kanun
işlerini berjaý etmek bilen aklanmaz. 17 Mesihde aklan-
mak isläp, özümiz hem günäkär bolup çyksak, Mesih
günäniň gullukçysy bolýarmy? Ýok! 18 Çünki ýykan zat-
larymy gaýtadan diksem, özümi kanundan çykyjy ed-
ýärin. 19 Sebäbi men Hudaý üçin ýaşar ýaly, kanun ar-
kaly kanuna öldüm. 20 Mesih bilen birlikde haça çüýlen-
dim. Indi men ýaşaman, eýsem, Mesih mende ýaşaýar.
Şindi tende geçirýän ýaşaýşymy Hudaýyň meni söýen,
meniň ugrumda Özüni pida eden Ogluna bolan iman
bilen geçirýärin. 21 Men Hudaýyň merhemetini ýatyra-
mok, çünki aklanma kanun arkaly gazanylýan bolsa,
onda Mesih biderek ýere ölendir.

—NJI BAP

## Mukaddes Kanun we iman

3 Eý, akmak galatýalylar! Hakykata boýun bolmaz
ýaly, sizi kim jadylady? Isa Mesih haça çüýlenen
hökmünde gözüňiziň öňünde suratlandyrylmadymy?
2 Men sizden diňe şuny biljek bolýaryn: siz Mukaddes
Ruhy Mukaddes Kanunyň işlerini berjaý etmek bilen al-
dyňyzmy ýa-da eşidenleriňize iman etmek bilen? 3 Siz
beýle akmakmysyňyz? Ruh bilen başlap-da, indi adam
güýji bilen soňlajak bolýarsyňyzmy? 4 Siz beýle görgü-
leri biderek ýere gördüňizmi? Dogrudan-da biderekmi-
di? 5 Size Ruhy beren, araňyzda gudratlar görkezen
muny kanun işlerini berjaý edeniňiz üçin, eşidenleriňi-
ze iman edeniňiz üçin edýärmi? 6 Meselem, «Ybraýym
Hudaýa iman etdi, bu oňa dogrulyk saýyldy». 7 Şeýlelik-
de, şuny bilip goýuň: Ybraýymyň çyn ogullary iman ge-
tirenlerdir. 8 Mukaddes Ýazgy Hudaýyň milletleri iman-
lary arkaly aklajagyny öňünden görüp, Ybraýyma: «Bü-
tin milletlere sen arkaly bereket iner» diýip öňünden
buşlady. 9 Şeýle, iman edenler iman eden Ybraýym bi-
len bilelikde bereket taparlar. 10 Kanun işlerine umyt
baglaýanlaryň ählisi gargyş astyndadyr, çünki: «Kanun
kitabynda ýazylgy zatlary yzygiderli berjaý etmeýän
adam lagnatlydyr» diýip ýazylgydyr. 11 Hudaýyň öňün-
de bolsa hiç kimiň kanun bilen aklanmaýanlygy aýdyň-
dyr, çünki «dogry adam iman bilen ýaşar» 12 Emma ka-
nun imandan däl, eýsem, «kim bu zatlary berjaý etse,
olar arkaly ýaşar». 13 Ybraýymyň berekedi Isa Mesih ar-
kaly milletlere iner ýaly, biz-de wada edilen Ruhy iman
bilen alar ýaly, 14 Mesih biziň ugrumyzda gargalyp, bizi
kanunyň gargyşyndan halas etdi. Çünki: «Dar agaçdan
asylan kişi lagnatlydyr» diýip ýazylgydyr.

## Mukaddes Kanun we Hudaýyň wadasy

15 Doganlar, adamlaryň oýlanyşyna görä aýdýaryn,
hiç kim tassyklanan bir ähti, adamyňky hem bolsa,
güýçden düşürip bilmez ýa oňa bir zat goşup bilmez.
16 Wadalar Ybraýyma, onuň nesline berildi. Hudaý köp-
lerine wada berýän ýaly, «nesillere» däl, eýsem, birine
wada berip, «seniň nesliňe» diýýär. Bu-da Mesihdir.
17 Meniň aýtjak bolýanym şu: dört ýüz otuz ýyl soňra
gelen Mukaddes Kanun Hudaýyň öňden Mesihe tas-
syklan ähtini güýçden düşürip, berlen wadany ortadan
aýyrmaz. 18 Çünki miras kanuna bagly bolsa, onda wa-
da bagly däldir. Emma Hudaý mirasy beren wadasy bi-
len Ybraýyma berdi. 19 Onda Kanun nämä gerek boldy?
Kanun özüne wada edilen, Ybraýymyň neslinden bolan
Mesih gelýänçä, perişdeler arkaly araçynyň eli bilen
düzgünleşdirilip, jenaýatlar sebäpli ähte goşuldy.
20 Araçy diňe bir tarapa degişli däldir, Hudaý bolsa bir-
dir.

## Mukaddes Kanunyň maksady

21 Kanun Hudaýyň beren wadalaryna garşymydyr?
Ýok! Çünki ýaşaýyş bermegi başarýan bir kanun berlen
bolsa, onda, dogrudan-da, dogrulyk kanuna bagly bo-
lardy. 22 Emma Isa Mesihe bolan iman arkaly berlen
wada iman getirenlere bolar ýaly, Mukaddes Ýazgy bü-
tin dünýäni günäniň ýesiri etdi. 23 Biz bu iman gelmez-
den öň kanun astynda saklanyp, geljekki iman aýan
bolýança, ýesir edilipdik. 24 Şeýlelikde, biz iman bilen
aklanar ýaly, kanun Mesih gelýänçä, biziň terbiýeçimiz
boldy. 25 Iman geleni üçin, biz indi terbiýeçiniň gol as-
tynda däldiris. 26 Çünki siziň hemmäňiz Mesih Isa bo-
lan imanyňyz arkaly Hudaýyň ogullarysyňyz. 27 Sebäbi
Mesihe çokundyrylanlaryňyzyň bary Mesihi geýindi.
28 Ýehudy, grek, gul, azat, erkek ýa aýal ýok, siziň bary-
ňyz Mesih Isada birsiňiz. 29 Mesihiňki bolsaňyz, onda
Ybraýymyň nesli, berlen wada boýunça mirasçysyňyz.

—NJI BAP

4 Emma şuny aýdaýyn: mirasçy hemmäniň agasy
hem bolsa, ýaşka guldan parhy ýokdur. 2 Ol atasy-
nyň bellän wagtyna çenli, hossarlarynyň, wekilleriniň
gol astynda bolýandyr. 3 Biz hem, şonuň ýaly, çagakak
dünýäniň ýöntem ýörelgeleriniň guludyk. 4 Ýöne wagty
dolanda, biz ogulluk hakyny alar ýaly, 5 Mukaddes Ka-
nun astyndakylary azatlyga ýetirsin diýip, Hudaý ka-
nun astynda aýaldan doglan Ogluny ýollady. 6 Ogullar-
dygyňyz üçin hem Hudaý Öz Oglunyň, «Abba, Ata!» di-
ýip seslenýän Ruhuny siziň 7 Şeýlelikde, sen indi gul
däl-de, ogulsyň. Ogul bolsaň, onda Isa Mesih arkaly
Hudaýyň hem mirasçysysyň

## Pawlusyň galatýalylar barada gaýgysy

8 Ýöne welin, ozal Hudaýy tanamaýarkaňyz öz tebi-
gatlary boýunça Hudaý dällere gulluk etdiňiz. 9 Indi

bolsa Hudaýy tanap, has hem Hudaý tarapyndan tanalyp-da, nähili bu ejiz, dereksiz ýörelgelere ýüzlenýärsiňiz? Bulara täzeden gulluk etjek bolýarsyňyzmy? 10 Aýratyn günler, aýlar, pasyllar we ýyllar belleýärsiňiz. 11 Men siz hakda biderek ýere zähmet çeken bolaýmaýyn diýip, siziň üçin gorkýaryn. 12 Eý doganlar, size ýalbarýaryn, meniň ýaly boluň. Çünki men hem siziň ýaly boldum, siz maňa hiç bir erbetlik etmediňiz. 13 Hoş Habary size ilkinji gezek ten ejizligi sebäpli wagyz edenimi bilýänsiňiz. 14 Siz tendäki synagymy 15 Indi siziň şol bagtyýarlygyňyza näme boldy? Çünki men siziň üçin güwä geçýärin: eliňizden gelse, öz gözüňizi hem oýup, maňa bererdiňiz. 16 Şeýlelikde, gepiň dogrusyny aýtmak bilen, men siziň duşmanyňyz boldummy? 17 Ol adamlar size ýagşy niýet bilen yhlas etmän, eýsem, siz özlerine yhlas eder ýaly, bizden aýyrjak bolýarlar. 18 Niýet ýagşy bolsa, diňe meniň ýanyňyzda bolan wagtym däl-de, hemişe yhlasly bolmak ýagşydyr. 19 Balalarym, Mesih sizde şekillenýänçä, men siziň üçin ýene dogurma agyrysyny çekýärin. 20 Şu wagt ýanyňyzda bolup, sesimi bir gataldyp bilsedim! Çünki size näme etjegimi bilmeýärin.

### Hajar bilen Saranyň galdyran nusgasy

21 Kanun astynda bolmak isleýän siz maňa aýdyň: kanuna gulak asmaýarsyňyzmy? 22 Çünki: «Ybraýymyň biri gyrnakdan, ýene biri azat aýalyndan bolan iki ogly bardy» diýip ýazylgydyr. 23 Gyrnakdan bolan ogul tene görä, azat aýaldan bolan ogul hem berlen wada görä doglupdy. 24 Bu ýerde bir meňzetme bardyr. Sebäbi bu aýallar iki ähtdir: biri Sina dagyndan bolup, gulluk üçin ogul dogran Hajardyr. 25 Hajar Arabystanda bolan Sina dagydyr, häzirki Iýerusalime meňzeşdir, çünki ol ogullary bilen gulçulyk edýär. 26 Ýöne ýokarky Iýerusalim azatdyr, hemmämiziň 27 Sebäbi: «Şatlan, eý önelgesiz aýal, dogurma agyrysyny bilmeýän, batly seslen, gygyr! Çünki taşlanan aýalyň çagalary ärli aýalyňkydan köpdür» diýip ýazylgydyr. 28 Doganlar, biz 29 Şol wagt tene görä doglan Ruha görä doglana nähili azar beren bolsa, şu wagt hem şeýle. 30 Emma Mukaddes Ýazgy, gör, näme diýýär: «Gyrnagy hem onuň ogluny taşla, çünki gyrnagyň ogly azat aýalyň ogly bilen bile miras almaz». 31 Eý doganlar, biz gyrnagyň däl-de, azat aýalyň oglanlarydyrys.

## —NJI BAP

### Azatlygyňyzy goraň

5 Şeýlelikde, Mesihiň bize beren azatlygynda berk duruň, gulçulyk boýuntyrygyny gaýtadan saldyrmaň. 2 Ine, men Pawlus size diýýärin, sünnetlenseňiz, Mesihiň size hiç bir peýdasy degmez. 3 Men ýene-de sünnetlenen her bir adamyň Mukaddes Kanuny bütinleý berjaý etmäge borçludygyna güwä geçýärin. 4 Kanun bilen aklanjak bolýan siz Mesihden aýryldyňyz, Hudaýyň merhemetinden mahrum bolduňyz. 5 Çünki biz aklanma umydyna iman bilen Ruh arkaly garaşýarys. 6 Çünki Mesih Isada sünnetli ýa sünnetsiz bolmak hiç bir zady başarýan däldir, diňe söýgi bilen işleýän iman ähmiýetlidir.

7 Siz oňat ylgaýardyňyz, hakykata bagly galmagyňyza kim päsgel berdi? 8 Nähili aldawa düşdüňiz? Bu sizi çagyran Hudaý tarapyndan bolan däldir. 9 Bir bölek hamyrmaýa bütin hamyry turşadýandyr. 10 Başga hili oýlanmajagyňyza meniň Rebde ynamym bar. Akylyňyzy çaşyran kim bolsa bolsun, jezasyny çeker.

11 Eý doganlar, men heniz hem sünnetliligi wagyz edýän bolsam, onda näme häzir-de kowalanýaryn? Beýle bolsa, haç böwedi aradan aýrylardy! 12 Sizi biynjalyk edenler özlerini agta etsin!

### Günäli ten we Mukaddes Ruh

13 Eý doganlar, siz azatlyga çagyryldyňyz, ýöne bu azatlygy günäli teniň nepi üçin ulanman, biri-biriňize söýgi bilen gulluk ediň. 14 Çünki bütin kanun şu ýeke sözde jemlenendir: «Goňşyňy özüň ýaly söý!» 15 Biri-biriňizi çeýnäp, iýýän bolsaňyz, onda biri-biriňizi ýok etmegiňizden habardar boluň. 16 Ine, men diýýärin, Ruhda geziň, şonda teniň höweslerini ýerine ýetirmersiňiz. 17 Çünki ten Ruha garşy bolana, Ruh hem tene garşy bolana höwes edýändir. Siz isläniňizi etmez ýaly, bular bir-birlerine garşydyr. 18 Ruh size ýol görkezýän bolsa, onda kanun astynda dälsiňiz. 19 Ten işleri bellidir. Olar zynahorlyk, murdarlyk, ahlaksyzlyk, 20 butparazlyk, jadygöýlük, duşmanlyk, dawa, göripçilik, gahar, jenjel, bölünişik, pyrgalar, 21 içigaraçylyk, adam öldürmeklik, serhoşluk, aýşy-eşret we şunuň ýaly zatlardyr. Bulary edýänleriň Hudaýyň Patyşalygyny miras almajagyny ozal aýdyşym ýaly, ýene-de aýdýaryn. 22 Ruhuň miwesi bolsa söýgi, şatlyk, parahatlyk, sabyr, mähribanlyk, ýagşylyk, sadyklyk, 23 ýumşaklyk we nebsiňe buýurmaklykdyr. Bu zatlara garşy çykýan kanun ýokdur. 24 Mesih Isa degişli bolanlar bedeni hyjuw hem höwesleri bilen birlikde haça çüýländir. 25 Ruha görä ýaşaýan bolsak, onda Ruha görä-de gezeliň. 26 Biri-birimizi gaharlandyryp, bir-birimize içigaraçylyk edip, şöhratparaz bolmalyň.

### Ýagşylyk etmekden ýadamalyň

6 Eý doganlar, bir adam bir ýazyk üstünde tutulsa, Ruha uýan siz beýle adamy ýumşaklyk ruhy bilen dogry ýola getiriň. Sen hem synalmaz ýaly, özüňe seret. 2 Birek-biregiň ýüküni göterip, Mesihiň kanunyny berjaý ediň. 3 Çünki bir adam hiçkä özüni bir zatdyr öýtse, öz-özüni aldaýandyr. 4 Her kişi öz işini derňesin. Onsoň onuň başga biri hakda däl-de, özi hakda magtanjy bolar. 5 Sebäbi her kim öz ýüküni özi götermelidir. 6 Hudaýyň sözüni öwrenen öwreden bilen ähli ýagşylyklary paýlaşsyn. 7 Aldanmaň, Hudaý Özüni ýaňsyladýan däldir! Adam näme ekse, şony orar. 8 Çünki öz günäli teninde ekin eken tenden çüýreme orar, Ruhda

eken bolsa Ruhdan ebedi ýaşaýyş orar. 9 Ýagşylyk et-
mekden ýadamalyň, çünki gowşamasak, wagtynda
orarys. 10 Şeýlelikde, wagt barka hemmelere, ylaýta-da
imanlylar içersine ýagşylyk edeliň.

### Duýduryşlar we salamlar

11 Ine, men öz elim bilen size nähili uly harplar bilen
ýazýaryn! 12 Tende gowy görnesi gelýänler diňe Mesi-
hiň haçy üçin azar görmez ýaly, sizi sünnetlenmäge
mejbur edýändir. 13 Çünki sünnetlileriň özi-de kanuny
berjaý etmän, eýsem, siziň teniňiz bilen magtanmak
üçin sünnetlenmegiňizi isleýärler. 14 Men hiç haçan
Rebbimiz Isa Mesihiň haçyndan başga bir zat bilen
magtanmaryn. Ol haç arkaly dünýä maňa haça çüýle-
nendir, men hem dünýä haça çüýlenendirin. 15 Çünki
Mesih Isada sünnetlilik ýa sünnetsizlik möhüm däl, di-
ňe täzeden ýaradylyş möhümdir. 16 Bu kada uýanlaryň
baryna, Hudaýyň Ysraýylyna parahatlyk we rehim bol-
sun! 17 Mundan beýläk hiç kim maňa zähmet bermesin!
Çünki men Reb Isanyň ýaralarynyň yzlaryny tenimde
göterýärin. 18 Eý doganlar, Rebbimiz Isa Mesihiň mer-
hemeti siziň ruhuňyz bilen bolsun! Omyn.

# Efesliler

### —NJI BAP

1 Hudaýyň islegi bilen Mesih Isanyň resuly bolan
men Pawlusdan Efesdäki mukaddeslere, Mesih
Isa imany bolanlara salam! 2 Atamyz Hudaý, Reb Isa
Mesih size merhemet etsin, parahatlyk bersin!

### Mesihdäki ruhy patalar

3 Bize Mesihde her hili ruhy pata bilen Gökdäki älem-
lerde pata beren Rebbimiz Isa Mesihiň Hudaýy hem
Atasyna alkyş bolsun! 4 Ol Öz öňünde söýgüde mukad-
des, müýnsüz bolmagymyz üçin, dünýä gurulmazdan
öň bizi Mesihde saýlady. 5 Söýgüli Oglunda 6 bizi Öz
ýagşy niýetli islegine görä, Mesih arkaly öňünden Özi
üçin ogullyga belledi. 7 Onuň bütin akyldarlyk we dü-
şünje bilen üstümize bolelin ýagdyran merhemetiniň
baýlygy saýasynda, 8 biz Mesihde Onuň gany arkaly
gutulyşa, ýazyklarymyzyň bagyşlanmagyna eýediris.
9 Ol Mesihde öňden bellän ýagşy niýetine görä, Öz isle-
giniň syryny açdy. 10 Bu taslama görä, wagty dolanda,
Hudaý Gökde hem ýerde bolan bar zatlary Mesihde
birleşdirer. 11 Herki zady Öz isleginiň karary boýunça
emele getiren Hudaýyň maksadyna görä öňünden bel-
lenip, 12 Mesihe öňden umyt baglan biz Onuň şöhraty-
nyň tarypy üçin ýaşar ýaly, Onda saýlandyk. 13 Siz hem
hakykat sözüni, gutulyşyňyzyň Hoş Habaryny eşidip,
Oňa iman getireniňizde, wada edilen Mukaddes Ruh
bilen Onda möhürlendiňiz. 14 Hudaýyň şöhratynyň öw-
güsi üçin Oňa degişli bolanlar gutulýança, Ruh biziň
mirasymyzyň girewidir.

### Pawlusyň imanlylar baradaky dogasy

15 Munuň üçin, Reb Isa bolan imanyňyzy, ähli mukad-
deslere bolan söýgüňizi eşidelim bäri, 16 siziň üçin dyn-
gysyz şükür edip, sizi dogalarymda ýatlaýaryn. 17 Reb-
bimiz Isa Mesihiň Hudaýy, şöhratly Ata Özüni tana-
makda size akyldarlyk hem ylham ruhuny bersin diýip
doga edýärin. 18 Onuň çakylygynyň beren umydyny,
mukaddeslerdäki mirasynyň şöhratly baýlygyny, 19 biz
iman edenlerde bolan güýjüniň biçak uludygyny biler
ýaly, ýüregiňiziň gözleri aýdyňlansyn diýip doga edýä-
rin. 20 Bu güýç Mesihi ölümden direldip, Gökdäki älem-
lerde Öz sagynda oturdanynda Hudaýyň Onda işleden
güýçli gudratynyň işleýşine meňzeşdir. 21 Mesih her
hökümdarlykdan, ygtyýarlylykdan, gudrat we häkimi-
ýetden, diňe bir şu döwürde däl, eýsem, geljek döwür-
de-de tutuljak her atdan has belentdir. 22 Hudaý bar
zady Onuň aýaklary astyna tabyn edip, Ony bütin zat-
lara baş bolar ýaly, imanlylar ýygnagyna berdi. 23 Ýyg-
nak Onuň tenidir, her zady her taýdan dolduranyň do-
lulygydyr.

### —NJI BAP

### Ölümden ýaşaýşa gowuşdyk

2 Siz bir wagtlar içinde gezýän ýazyk we günäleriňiz
zerarly ölüdiňiz. Bu dünýäniň gerdişine, söz diňle-
meýän adamlarda häzir işleýän ruhuň, ýagny howada-
ky erbet güýçleriň hökümdaryna 3 Bir wagtlar biziň
hemmämiz günäli teniň, akylyň islegini kanagatlandy-
ryp, tenimiziň höweslerine görä olaryň arasynda ýa-
şapdyk, tebigatymyz boýunça beýlekiler ýaly, gahar-
gazaba sezewar bolan adamlardyk. 4 Emma rehime
baý Hudaý bizi çäksiz söýgi bilen söýýänligi üçin, 5 ýa-
zyklarymyz zerarly öli hem bolsak, Mesih bilen bilelik-
de direltdi. Siz Onuň merhemeti bilen gutuldyňyz.
6 Hudaý Mesih Isada bize bolan mähribanlygyndaky
merhemetiniň çäksiz baýlygyny geljek döwürlerde gör-
kezmek üçin, 7 Mesih Isada bizi Onuň bilen direldip,
Gökdäki älemlerde oturtdy. 8 Siz iman arkaly merhe-
met bilen gutuldyňyz. Bu siziň öz tagallaňyz däl, Huda-
ýyň sylagydyr. 9 Hiç kim magtanmaz ýaly, oňat işlere-
de bagly däldir. 10 Çünki biz Hudaýyň öňden taýýarlan
oňat işlerinde gezer ýaly, Onuň Mesih Isada ýaradylan
eseridiris.

### Hudaýyň täze ýygnagy

11 Şonuň üçin bir wagtlar özge milletlerden dogan,
tende adam eli bilen emele gelen sünnetlilik bilen sün-
netli diýip atlandyrylanlar tarapyndan sünnetsiz diýlen
siz, 12 şol wagtlar Mesihsiz, Ysraýyla raýatlykdan mah-
rum, wadanyň ähtlerine ýat, umytsyz, dünýäde Hudaý-
syz bolandygyňyzy ýada salyň. 13 Bir wagtlar Hudaýdan
daş bolan siz indi Mesih Isada, Mesihiň gany saýasyn-
da Oňa ýakyn bolduňyz. 14 Çünki Ol biziň parahatlygy-
myzdyr. Ol iki tarapy birleşdirip, aradaky diwary, duş-
mançylygy Öz teni bilen ýykdy. 15 Tabşyryklardan yba-
rat buýruklar kanunyny ýatyrdy. Ol muny Özünde iki-
sinden bir täze adam ýaradyp, parahatlygy berkarar
etmek, 16 duşmançylygy haçda öldürip, haç arkaly bir
tende ikisini Hudaý bilen ýaraşdyrmak üçin etdi. 17 Me-
sih gelip, daşdaky size hem ýakyndakylara parahatlygy
yglan etdi. 18 Çünki biziň ikimiziň bir Ruhda Ol arkaly
Atanyň huzuryna çykara ýolumyz açykdyr. 19 Şeýlelikde,

siz indi ýat, mysapyr däl-de, mukaddesleriň watandaşy
bolup, Hudaýyň maşgalasyna degişlisiňiz. 20 Isa Mesi-
hiň Özi burç daşy bolup, siz resullaryň, pygamberleriň
düýp-teýkarynda bina edildiňiz. 21 Bütin ymarat Rebde
bir mukaddes ybadathana bolsun diýip, Onda örülýär,
beýgelýär. 22 Siz hem Ruhda Hudaýyň mesgeni bolmak
üçin, bilelikde Mesihde bina edilýärsiňiz.

### —NJI BAP

### Pawlusa aýan bolan syr

3 Şu sebäpli, siz özge milletler ugrunda Mesih Isa-
nyň bendisi bolan men Pawlus siziň üçin doga ed-
ýärin. 2 Hudaýyň siziň üçin maňa beren merhemetiniň
wekilliginden siziň habaryňyz bardyr. 3 Ozal hem size
gysgaça ýazyşym ýaly, Mesihiň syry maňa ylham arka-
ly aýan boldy. 4 Bu haty okanyňyzda, meniň bu syra
düşünýänligimi aňarsyňyz. 5 Ine, Hudaýyň mukaddes
resullaryna, pygamberlerine Ruh arkaly aýan edilişi ýa-
ly, öňki nesillere bildirilmedik bu syr şeýle: 6 özge mil-
letler hem mirasa şärikdir, olar hem bir teniň agzalary
bolup, Hoş Habar arkaly Mesih Isada berlen wada şä-
rikdir. 7 Men Hudaýyň güýjüniň işleýşi boýunça özüme
berlen merhemetiniň sylagy saýasynda şol Hoş Haba-
ryň gullukçysy boldum. 8 Mesihiň akyl ýetmez baýlygy-
ny milletlere wagyz etme, 9 bar zatlary Isa Mesih arkaly
ýaradan Hudaýdaky ezelden gizlin syryň nähili düz-
günleşdirilişini ähli adamlara aýdyňlaşdyrma merhe-
meti ähli mukaddesleriň iň ähmiýetsizi bolan maňa be-
rildi. 10 Bu — Hudaýyň köp taraply akyldarlygy, Onuň
başlangyçdan Rebbimiz Isa Mesihde edinen maksady-
na görä, 11 imanlylar ýygnagy arkaly asmandaky älem-
de bolan hökümdarlara, ygtyýarlara bildiriljek bolup
edildi. 12 Biz Mesihe bolan imanymyz arkaly Ondan
gaýrat alyp, Hudaýa ýakynlaşmaga ynamlydyrys. 13 Şo-
nuň üçin siziň ugruňyzda görýän muşakgatlarym ze-
rarly ruhdan düşmäň diýip, sizden haýyş edýärin. Me-
niň muşakgatlarym size şöhrat gazandyrar.

### Mesihiň söýgüsini tanamak

14 Şoňa görä-de, Ýerde-Gökde her maşgalanyň adyny
Özünden alan Rebbimiz Isa Mesihiň Atasynyň 16 Mesih
iman arkaly ýürekleriňizde ýaşar ýaly, 17 Ol şöhratynyň
baýlygyna görä, Öz Ruhy arkaly sizi içki häsiýetiňizde
gudrat bilen güýçlendirsin diýip dileg edýärin. 18 Şeýle-
likde, Hudaýyň bütin dolulygy bilen dolar ýaly, söýgü-
de kök urup, düýp tutup, hemme mukaddesler bilen
bilelikde Mesihiň söýgüsiniň nähili giň, uzyn, belent we
çuňňurdygyna düşünmegi, 19 bilimden ýokary çykan
bu söýgini tanamagy başarmagyňyz üçin dileg edýä-
rin. 20 Bizde işleýän gudratyna görä, her haýyşymyz-
dan, oýlanyşymyzdan has ýokary zatlary etmegi başar-
ýan Hudaýa, 21 imanlylar ýygnagynda, Mesih Isada bü-
tin nesillerden nesillere ebedilik şöhrat bolsun! Omyn.

### —NJI BAP

### Ruhuň birligini goraň

4 Şeýlelikde, Reb ugrunda bendi bolan men sizden
çagyrylyşyňyza mynasyp gezmegi haýyş edýärin.
2 Pes göwünlilik, ýumşaklyk bilen, sabyr hem söýgi bi-
len birek-birege sabyr-takatly boluň. 3 Ruhuň birligini
parahatlyk bagy bilen goramaga gaýrat ediň. 4 Çagyry-
lanyňyzda bir umyda çagyrylyşyňyz ýaly, ten bir, Ruh
bir, 5 Reb bir, iman bir, çokundyryş birdir. 6 Hemme za-
dyň üstünde, hemme zat arkaly we hemmäňizde
7 Biziň her birimize Mesihiň sylagynyň ölçegine görä
merhemet berildi. 8 Munuň üçin: «Belentlige çykyp,
tussaglary yzyna tirkedi. Adamlara sylaglar berdi» di-
ýilýär. 9 Ine, bu «çykdy» sözi, Mesih öňürti aşak, ýer ýü-
züne indi diýmek däl-mi, näme? 10 Inen-de, ähli zady
doldurmak üçin bütin Gögüň depesine çykan-da birdir.
11 Biziň hemmämiz imanda, Hudaýyň Ogluny tanama-
da birlige, kämillige, Mesihiň dolulygyndaky ýetişenlik
derejä ýetýänçäk, 12 mukaddeslere gulluk etme wezi-
pesini berjaý etmek üçin, Mesihiň bedeniniň abatlan-
magy üçin, 13 Ol käbirleri resul, käbirleri pygamber, kä-
birleri Hoş Habarçy, käbirleri çopan, käbirleri öwrediji
edip belledi. 14 Ol muny biz mundan beýläk adamlaryň
aldawçylygy, azaşdyryjy hileler gurmakdaky ökdeligi
arkaly her taglymatyň ýeli bilen kowulýan, eýläk-beýläk
iteklenýän çagalar bolman, 15 eýsem hakykaty söýgi bi-
len aýdyp, bedeniň Başy bolan Mesihe baka her ugur-
dan ösmegimiz üçin etdi. 16 Bütin beden her bognuň
kömegi bilen baglanyp birikdirilýär, her agzanyň kada-
ly işleýşi bilen Onuň saýasynda söýgüde ösüp, abatlan-
ýar.

### Köne we täze ýaradylyş

17 Munuň üçin men muny aýdyp, Rebbiň adyndan si-
ze duýduryş berýärin: mundan beýläk, özge milletleriň
gezişi ýaly, olaryň boş pikirlerine eýerip gezmäň.
18 Olar ýürekleriniň gatylygy zerarly, içlerindäki nadan-
lyk üçin Hudaýyň ýaşaýşyna ýat boldular, aň-düşünje-
leri garaňkyrady. 19 Bütin duýgularyny ýitirip, açgözlük
bilen her hili hapa işi ýerine ýetirip, özlerini ahlaksyzly-
ga berdiler.
20 Emma siz Mesihi beýle öwrenen dälsiňiz. 21 Siz, el-
betde, Isa hakda eşidensiňiz, Ondaky hakykat boýunça
Onuň ýolunda tälim alansyňyz. 22 Şunluk bilen, öňki ýa-
şaýşyňyza degişli bolup, aldawçy höwesler bilen çüý-
rän köne ýaradylyşy egniňizden çykaryň. 23 Pikirleriňi-
ziň ruhunda täzeleniň. 24 Çyn dogrulyk hem mukad-
deslikde Hudaýyň meňzeşliginde döredilen täze ýara-
dylyşy geýniň. 25 Ýalany egniňizden çykaryp, her biriňiz
öz goňşyňyza hakykaty aýdyň. Çünki biziň hemmämiz
bir bedeniň agzalarydyrys. 26 Gaharlanyň, ýöne günä
etmäň. Gaharyňyzyň üstüne gün ýaşmasyn. 27 Iblise
ýol bermäň. 28 Ogrulyk eden indi ogrulyk etmän, gaý-
tam, mätäje paýlamaga zady bolar ýaly, öz eli bilen

zähmet çekip, oňat iş etsin. 29 Agzyňyzdan hiç haçan
hapa söz çykarman, gaýtam, eşidenler peýdalanar ýa-
ly, gerekli abatlyk üçin oňat sözler aýdyň. 30 Hudaýyň
Mukaddes Ruhuny gamgyn etmäň. Siz gutulyş güni
üçin, ol Ruh bilen möhürlenensiňiz. 31 Her ýamanlyk bi-
len birlikde her hili kine, gahar, gazap, galmagal we
ýamanlama sizden daş bolsun. 32 Biri-biriňize mähri-
ban, gamhor boluň, Hudaýyň sizi Mesihde bagyşlaýşy
ýaly, siz hem biri-biriňizi bagyşlaň.

### —NJI BAP

5 Şeýlelikde, söýgüli çagalar ýaly bolup, Hudaýdan
görelde alyň. 2 Mesih bizi nähili söýen bolsa, Özüni
biziň üçin atyr ysly sowgat, gurban hökmünde Hudaýa
hödürlän bolsa, onda siz hem söýgüde geziň. 3 Zyna-
nyň, her hili hapalyk ýa açgözlügiň araňyzda ady-da
agzalmasyn. Beýle zatlar mukaddeslere ýaraşýan däl-
dir. 4 Araňyzda edepsizlik, ýaňralyk, ýakymsyz ýaňsy
bolmasyn. Bular ýaraşykly däldir. Munuň deregine şü-
kür edilsin. 5 Şuny bilip goýuň, hiç bir ahlaksyzyň, ha-
panyň ýa-da butparaz açgözüň Mesihiň we Hudaýyň
Patyşalygynda mirasy ýokdur. 6 Hiç kim sizi boş sözler
bilen aldamasyn, çünki Hudaýyň gazaby söz diňleme-
ýänleriň başyna şu zatlar zerarly gelýändir. 7 Şonuň
üçin olar bilen gatnaşyk etmäň.

### Yşykda geziň

8 Siz bir wagtlar garaňkylykdyňyz, ýöne indi Rebde
yşyksyňyz. Yşyga degişli ynsanlar bolup geziň. 9 Çünki
Ruhuň 10 Rebbiň pisindi oturjak zady aňlajak boluň.
11 Garaňkylygyň miwesiz işlerine gatyşmaň, gaýtam,
olary paş ediň. 12 Garaňkylykdakylaryň ogrynça edýän
zatlaryny aýtmak aýypdyr. 13 Ýöne yşygyň paş eden ähli
zady görner. Çünki ähli zady äşgär edýän yşykdyr.
14 Şonuň üçin: «Oýan, eý uka giden! Ölümden direl!
Mesih saňa yşyk saçar» diýilýär. 15 Şeýlelikde, akylsyzlar
ýaly däl-de, akyldarlar ýaly, ünsüňizi dykgatly gezmäge
gönükdiriň 16 Pursatdan peýdalanyň, çünki günler ýa-
mandyr. 17 Munuň üçin akmak bolman, Rebbiň islegi-
niň nämedigine düşüniň. 18 Şerapdan serhoş bolmaň,
onda edepsizlik bardyr, Ruhdan doly boluň. 19 Biri-biri-
ňize mezmurlar, öwgüli aýdymlar, ruhy nagmalar aý-
dyň, tüýs ýürekden Rebbe sazlar çalyp, nagmalar dü-
züň. 20 Hemişe ähli zat üçin Rebbimiz Isa Mesihiň ady
bilen Ata Hudaýa şükür edip,

### Är-aýal gatnaşygy

21 Mesihe bolan uly hormatyňyz bilen birek-birege ta-
byn boluň. 22 Eý aýallar, Rebbe tabyn bolýan ýaly, äriňi-
ze tabyn boluň. 23 Çünki Mesihiň bedeniň Halasgäri bo-
lup, imanlylar ýygnagynyň başy bolşy ýaly, erkek hem
aýalyň başydyr. 24 Imanlylar ýygnagynyň Mesihe tabyn
bolşy ýaly, aýallar-da herki zatda öz ärine tabyn bol-
sun. 25 Eý ärler, Mesihiň imanlylar ýygnagyny söýşi ýa-
ly, siz hem aýalyňyzy söýüň. 26 Mesih imanlylar ýygna-
gyny suw bilen ýuwup, Hudaýyň sözi bilen tämizläp,
mukaddes etmek üçin, 27 ony Özüne tegmiltsiz, ýygyrt-
syz ýa-da şoňa meňzeş zatlarsyz şöhratda hödürlemek
üçin, ýygnagyň mukaddes hem müýnsüz bolmagy
üçin onuň ugrunda Özüni pida etdi. 28 Şunuň ýaly hem
ärler aýalyny öz teni kimin söýmelidir. Aýalyny söýýän
özüni söýýändir. 29 Çünki hiç kim hiç haçan öz tenini
ýigrenmän, gaýtam, Mesihiň imanlylar ýygnagyny edi-
şi ýaly, ony iýmitlendirip timarlaýandyr. 30 Çünki biz
Onuň etinden, süňkünden bolup, Onuň bedeniniň ag-
zalarydyrys. 31 «Şol sebäpden hem erkek ata-enesini
goýup, aýaly bilen höwrüger we ikisi bir ten bolar».
32 Bu syr uly, ýöne men Mesih barada, imanlylar ýygna-
gy barada gürrüň edýärin. 33 Şeýlelikde, her biriňiz aýa-
lyňyzy özüňiz ýaly söýüň, aýal hem ärini sylasyn.

### Maşgala gatnaşygy

6 Eý çagalar, Rebde ene-ataňyzyň sözlerine gulak
asyň, çünki bu dogrudyr. 2 «Ýagşylyk görüp, ýer
ýüzünde ýaşyň uzak bolar ýaly, ataňy, eneňi syla».
3 Wada bilen berlen ilkinji buýruk şudur. 4 Eý atalar, siz
hem çagalaryňyzy gaharlandyrman, olary Rebbiň ter-
biýe hem öwüdi bilen ulaldyň.

### Gul-hojaýyn gatnaşygy

5 Eý gullar, dünýädäki hojaýynyňyzyň sözüne, Mesi-
hiň sözüne gulak asýan ýaly, gorky, titreme we akýü-
reklilik bilen gulak asyň. 6 Adama ýaranjak bolýanlar
ýaly, göze hoş görünsin diýip, iş bitirmän, eýsem, Me-
sihiň gullary hökmünde Hudaýyň islegini ýürekden
berjaý ediň. 7 Adamlara däl-de, Rebbe gulluk edýän ýa-
ly, ýagşy niýet bilen gulluk ediň. 8 Çünki gul bolsun,
azat bolsun, her kimiň eden her ýagşylygynyň Rebden
gaýtjagyny bilýänsiňiz. 9 Eý hojaýynlar, siz hem gullary-
ňyza şeýle ediň, olara gorky salmaň. Çünki olaryň hem
öz Rebbiňiziň Gökdedigini, Onuň tarapgöýlik etmeýä-
nini bilýänsiňiz.

### Hudaýyň beren ýaraglary

10 Mahlasy, Rebde, Onuň üstün gudratynda güýçle-
niň. 11 Iblisiň hilelerine garşy durup biler ýaly, Hudaýyň
ähli ýaraglaryny dakynyň. 12 Çünki biziň söweşimiz
adamlara garşy däl-de, hökümdarlara garşy, ygtyýarly-
lara garşy, bu garaňky dünýäniň häkimiýetlerine garşy,
ýamanlygyň Gökdäki ruhy gudratlaryna garşydyr.
13 Şonuň üçin ýaman günde garşylyk görkezmegi,
zerur bolan her zady edeňizden soň, ýeriňizde durma-
gy başarar ýaly, Hudaýyň ähli ýaraglaryny ele alyň.
14 Şeýlelikde, biliňizi hakykat bilen guşap, egniňize dog-
rulyk sowudyny geýip, 15 aýaklaryňyza bolsa parahatlyk
getirýän Hoş Habary wagyz etme taýýnlygyny geýip,
ýeriňizde duruň. 16 Bularyň ählisiniň üstesine-de, iman
galkanyny ele alyň! Onuň bilen şeýtanyň bütin otly ok-
laryny öçürmegi başararsyňyz.
17 Gutulyş tuwulgasyny, Hudaýyň sözi bolan Ruhuň
gylyjyny alyň. 18 Her hili doga we dileg bilen, hemişe

Ruhda doga ediň. Şu maksat bilen bütin mukaddesler
üçin ýalbaryp, durnuklylykda hüşgär boluň. 19 Ugrunda
zynjyr bilen bagly bolup, ilçilik edýän Hoş Habarymyň
syryny batyrgaýlyk bilen wagyz etmek üçin, agzymy
her açanymda gerekli sözler berler ýaly, meniň üçin
hem doga ediň. 20 Hoş Habary bolmalysy ýaly batyr-
gaýlyk bilen bildirmegim üçin doga ediň.

### Salamlar

21 Meniň nähilidigimi, näme edýänimi siz biler ýaly,
söýgüli doganymyz, Rebbiň sadyk hyzmatkäri Tihikus
size bar zady aýdar. 22 Ine, şunuň üçin hal-ýagdaýymy-
zy biliň, ol ýüregiňize teselli bersin diýip, Tihikusy size
ýolladym. 23 Ata Hudaýdan, Reb Isa Mesihden doganla-
ra parahatlyk, iman, söýgi dileg edýärin. 24 Hudaýyň
merhemeti Rebbimiz Isa Mesihi ölmez-ýitmez söýgi bi-
len söýýänleriň bary bilen bolsun! Omyn.

# Filipililer

—NJI BAP

1 Mesih Isanyň guly men Pawlus we Timoteosdan Filipidäki gözegçiler hem hyzmatçylar bilen bilelikde Mesih Isada bolan ähli mukaddeslere salam! [2] Atamyz Hudaý, Reb Isa Mesih size merhemet etsin, parahatlyk bersin!

### Şükür we doga

[3] Men sizi her gezek ýatlanymda, Hudaýyma şükür edip, [4] ilkinji günden tä şu wagta çenli Hoş Habary ýaýratmakda eden hyzmatdaşlygyňyz sebäpli, [5] hemişe, her dogamda baryňyz üçin şatlyk bilen dileg edýärin. [6] Sizde oňat işe başlan Hudaýyň Mesih Isanyň gününe çenli muny bitirjekdigine ynamym bar. [7] Siziň baryňyz hakda şeýle oýlanmagym hakdyr, çünki siz meniň ýüregimdesiňiz. Zynjyrlar bilen bagly bolsam-da, Hoş Habary gorap, tassyklasam-da, siziň baryňyz Hudaýyň merhemetine meniň bilen paýdaşsyňyz. [8] Mesih Isanyň söýgüsi bilen hemmäňizi nähili küýseýänligime Hudaý güwämdir. [9] Siz Hudaýyň şöhraty hem öwgüsi üçin, Isa Mesihden gelen dogrulygyň miwesinden dolup, [10] Mesih Isanyň gününe çenli sap, müýnsüz bolar ýaly, [11] iň ýokary zatlara göz ýetirmegiňiz üçin, söýgiňiz bilim hem düşünjede barha artsyn diýip doga edýärin.

### Hoş Habaryň ýaýramagy

[12] Eý doganlar, meniň başdan geçirenlerimiň Hoş Habaryň ýaýramagyna ýarandygyny bilmegiňizi isleýärin. [13] Çünki kaýsaryň tutuş köşgüni saklaýan esgerlere we beýlekilere meniň Mesih ugrunda zynjyrlar bilen baglydygym şonuň netijesinde mälim boldy. [14] Doganlaryň aglabasy meniň zynjyrlar bilen baglydygym üçin Rebbe ynanyp, Hudaýyň sözüni gorkusyz sözlemekde öňküsinden hem köp batyrlyk görkezýärler. [15] Käbirleri bahyllyk hem jedel bilen, käbirleri ýagşy niýet bilen Mesihi wagyz edýär. [16] Olar meniň Hoş Habaryň goragçysy edip oturdylandygymy bilip, muny söýgi bilen edýär. [17] Emma beýlekiler ýürek saplygy bilen däl-de, bendiligimde maňa muşakgat ýetirjek bolup, Mesihi igenjeňlik bilen wagyz edýär. [18] Edilende näme? Isle bahana bilen, isle hakykat bilen, garaz, her ýol bilen Mesih wagyz edilýär. Men muňa şatlanýaryn we şatlanaryn. [19] Çünki munuň siziň dogalaryňyz arkaly hemde Isa Mesihiň Ruhunyň kömegi arkaly meniň gutulmagyma sebäp boljagyny bilýärin.

[20] Men hiç bir zatda utanjym bolman ýaşasam hem, ölsem hem, hemişekisi ýaly, Mesihiň häzir hem bedenimde öwgi bilen beýgeldilmegi üçin, doly gaýrat etmäge uly umyt bilen garaşýaryn. [21] Çünki meniň üçin ýaşaýyş Mesih, ölüm hem gazançdyr. [22] Bedende ýaşajak bolsam, bu maňa hasylly zähmet çekmäge pursat bolar. Şeýlelikde, haýsysyny saýlajagymy bilmeýärin. [23] Her iki tarapa-da çekilýärin. Men aýrylmagy, Mesih bilen bolmagy arzuw edýärin, bu has gowudyr. [24] Ýöne meniň bedende galmagym siziň üçin has gerekli. [25] Men galjagymy açyk bilýärin. [26] Ýene ýanyňyzda bolmagym bilen, men sebäpli Mesih Isada bolan magtanjyňyz artar ýaly, imanda ilerlemegiňiz, şatlanmagyňyz üçin, baryňyz bilen galaryn.

[27] Diňe gezişiňiz Mesihiň Hoş Habaryna mynasyp bolsun. Şeýlelikde, gelip, sizi görsem-de, ýanyňyzda bolman, hal-ýagdaýyňyzy eşitsem-de, siziň bir ruhda berk duranyňyzy, Hoş Habara bolan iman üçin bir jan bolup göreşýäniňizi, özüňize garşy çykýanlardan hiç zatda gorkmaýanyňyzy bileýin. [28] Bu bolsa olara heläk boljaklaryny, size-de gutuljagyňyzy görkezýän belgidir. Bular hem Hudaý tarapyndyr. [29] Çünki Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem, Onuň ugrunda görgi görmek hem size berlendir. [30] Siziň alyp barýan göreşiňiz menden gören we häzir hem alyp barýanymy eşiden göreşiňizdir.

—NJI BAP

### Mesihden görelde alyň

2 Şeýlelik bilen, Mesihde bolmakda teselli, söýgüden dogan göwünlik, Ruha şäriklik bar bolsa, ýürekden bir duýgy we rehimdarlyk bar bolsa, [2] onda bir pikir hem söýgüde, ruhda hem maksatda birleşip, begenjimi dolduryň. [3] Hiç bir zady igenjeňlik, şöhratparazlyk bilen etmän, eýsem, kiçigöwünlilik bilen beýlekileri özüňizden üstün saýyp ediň. [4] Her kim diňe öz peýdasyny däl-de, beýlekileriň hem peýdasyny gözlesin. [5] Mesih Isada bolan bu pikir sizde-de bolsun. [6] Ol Hudaýyň häsiýetine eýe bolsa-da, Hudaý bilen deňligi olja hasap etmän, [7] gaýtam, gul häsiýetini alyp, adam keşbine girdi, Özüni hiç etdi. [8] Sypatda ynsan bolup, ölüme, hatda haç üstündäki ölüme-de boýun egip, Özüni kiçeltdi. [9] Şonuň üçin hem Hudaý Ony juda beýgeldip, Oňa ähli atdan belent ady berdi. [10] Ol muny Gökdäkileriň, Ýerdäkileriň we Ýer astyndakylaryň bary Isanyň adynyň hatyrasyna dyz epsin, [11] her dil Ata Hudaýyň

şöhraty üçin Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etsin diýip et-
di.

### Gutulyşyňyzy amala aşyryň

12 Eý, söýgüli doganlar, şonuň üçin, mydama söze gu-
lak asyşyňyz ýaly, diňe meniň barlygymda däl, has-da
beter şu wagt ýoklugymda gorky hem titreme bilen öz
gutulyşyňyzy amala aşyryň. 13 Çünki Öz halaýşyna gö-
rä, sizde hem islemegi, hem-de emele getirmegi hasyl
edýän Hudaýdyr. 14 Dünýäde yşyk kimin ýalpyldaýan
egri hem azgyn nesliňiziň ortasynda aýypsyz, sap, Hu-
daýyň müýnsüz çagalary bolmak üçin, 15 ähli zady hü-
ňürdisiz, jedelsiz ediň. 16 Men biderek ýere ýortmanly-
gym, biderek ýere zähmet çekmänligim üçin, Mesihiň
gününde magtanar ýaly, ýaşaýyş sözüni gaýym tutuň.
17 Siziň imanyňyzyň gurbany we gullugy üstüne ganym
Hudaýa hödürlenen şerap ýaly dökülse-de, men şatla-
naryn, hemmäňiziň şatlygyňyza şärik bolaryn. 18 Şeýle-
likde, siz hem şatlanyň, şatlygyma şärik boluň.

### Timoteos we Epafrodit

19 Men siziň hal-ýagdaýyňyzdan habarly bolup, göw-
nümi ynjaldaýyn diýip, size basym Timoteosy ýollama-
gy Reb Isada umyt edýärin. 20 Çünki siziň ýagdaýyňyz
barada onuň ýaly oýlanyp, ýürekden aladalanjak başga
adamym ýok. 21 Sebäbi hemmeler Isa Mesihiňkini däl-
de, öz peýdasyny gözleýär. 22 Timoteosyň bolsa, atasy-
nyň ýanynda işleýän oglan ýaly meniň bilen birlikde
Hoş Habaryň ýaýramagyna hyzmat etmek bilen, öz ga-
dyr-gymmatyny subut edenini siz bilýänsiňiz. 23 Men
ýagdaýymyň nähili boljagyny bilen badyma, ony ýolla-
ryn diýip umyt edýärin. 24 Özümiň hem basym barjagy-
ma Rebde ynamym bar. 25 Emma siz tarapdan iberilen,
mätäçligimde maňa gulluk eden doganym, işdeşim
hem söweşdeş ýoldaşym Epafroditi size ýollamagy
zerur bildim. 26 Çünki ol hemmäňizi küýsäp, özüniň
hassadygyny eşideniňiz üçin gaty gussa çekýärdi.
27 Dogrudan-da, ol ölüm ýassygynda ýatdy, ýöne Hu-
daý oňa, diňe oňa däl, eýsem, gaýgy üstüne gaýgy
çekmez ýaly, maňa-da rehim etdi. 28 Şeýlelikde, siz ony
gaýtadan görüp begenersiňiz, onsoň meniň hem gaý-
gylarym ýeňlär diýip, ony howlukmaç ýollaýaryn. 29 Bü-
tin şatlyk bilen ony Rebde garşylaň, onuň ýaly adamla-
ry hormatlaň. 30 Çünki ol siziň maňa bolan gullugyňy-
zyň ýetmezini doldurjak bolup, janyny howp astyna so-
kup, Mesihiň işi ugrunda tas ölüpdi.

### —NJI BAP

### Hudaýdan gelen dogrulyk

3 Eý doganlar, mahlasy, Rebde şatlanyň. Size bir za-
dy gaýtalap ýazyp oturmagyň maňa zähmeti ýok,
ýöne bu siziň howpsuz bolmagyňyz üçindir. 2 Ýamanlyk
edýän adamlardan, ol itlerden ägä boluň. Ýalan sün-
netden ägä boluň. 3 Çünki çyn sünnetliler, Hudaýa
Ruhda gulluk edýän, Mesih Isa bilen magtanýan, be-
dene ynam etmeýän bizdiris. 4 Aslyýetinde, meniň be-
dene-de ynam etmäge tutarygym bar. Başga biri tene
ynam etmegi pikir edýän bolsa, meniň onuňkydan
hem köp tutarygym bar. 5 Men dogulmagymyň seki-
zinji gününde sünnetlendim. Ysraýyl urugyndan, Ben-
ýamyn taýpasyndan, ýewreýlerden bir ýewreý bolup,
Mukaddes Kanun boýunça fariseýdirin. 6 Yhlas diýse-
ňiz, imanlylar ýygnagyna azar berdim, Kanundaky
dogrulyk diýseňiz, aýypsyzdym. 7 Maňa gazanç bolan
her zady Mesihiň hatyrasyna zyýan saýdym. 8 Hawa,
ugrunda bar zadymy ýitiren Rebbim Mesih Isany tana-
magyň artyk gymmaty üçin her zady zyýan saýýaryn,
Mesihi gazanjak bolup, syr-süplük saýýaryn. 9 Muny
Mukaddes Kanundan gelen öz dogrulygyma däl, eý-
sem, Mesihe bolan iman arkaly berlen, iman saýasyn-
da Hudaýdan gelen dogrulyga eýe bolup, Mesihde bol-
jak bolup edýärin. 10 Ölüminde Oňa meňzäp, Ony tana-
mak, direlişiniň güýjüni, görgülerine şärikligiň nähilidi-
gini bilmek, 11 garaz, ölümden direlişe ýetmek isleýä-
rin. Pellehana tarap ylgalyň. 12 Men häzirden bulara ýe-
tenimi ýa kämilleşenimi aýtmaýaryn, ýöne Mesihiň
meni gazanmakdaky maksadyny gazanjak bolup jan
çekýärin. 13 Doganlar, men özümi muny gazanan ha-
sap etmeýärin. 14 Emma bir zady edýärin: yzdaky zatla-
ry unudyp, öňdäkilere el uzadyp, Hudaýyň Mesih Isa-
daky arşa tarap bolan çakylygynyň baýragyna myna-
syp bolmak üçin, pellehana tarap ylgaýaryn. 15 Şeýlelik
bilen biz, kämiller, barymyz şu pikirde bolalyň. Siz bir
zatda başga hili pikirde bolsaňyz, onda Hudaý muny-
da size açyk görkezer. 16 Ýöne nämä ýeten bolsak, şol
düzgüne

17 Doganlar, menden görelde almakda birleşiň. Biz-
den alan göreldäňize görä gezýänlere serediň. 18 Çünki
size ençeme gezek aýdyşym ýaly, häzir-de aglap aýd-
ýaryn, köp adamlar Mesihiň haçyna duşman bolup
gezýär. 19 Olaryň soňy heläkçilikdir. Taňrysy garynlary-
dyr. Olar öz aýyplary bilen magtanyp, diňe bu dünýä-
niň pikirini edýär. 20 Biziň watanymyz Gökdedir. Şol ýer-
den hem Halasgäre, Reb Isa Mesihe garaşýandyrys.
21 Ol her zady Özüne tabyn etmegi başarýan güýji bilen
biziň ujypsyz bedenimizi üýtgedip, Öz şöhratly bedeni-
ne meňzeder.

### —NJI BAP

### Öwütler

4 Munuň üçin, eý, meniň küýseýän söýgüli dogan-
larym, guwanjym we başymyň täji, Rebde berk
duruň, eý söýgüliler. 2 Men Ewodiýa we Sintihä ýalbar-
ýaryn, Rebde pikirdeş bolsunlar. 3 Hawa, eý, çyn işde-
şim, senden-de bu aýallara garaşyk etmegi haýyş ed-
ýärin, çünki bular meniň bilen, Klement we atlary ýaşa-
ýyş kitabynda ýazylan beýleki işdeşlerim bilen Hoş Ha-
bary ýaýratmak ugrunda göreşdiler. 4 Rebde hemişe
şatlanyň, ýene-de aýdýaryn: şatlanyň. 5 Siziň ýumşakly-

gyňyz bütin ynsanlara belli bolsun. Rebbiň gelmeli
wagty golaýdyr 6 Hiç zadyň aladasyny etmän, her zat-
da dilegleriňizi doga we ýalbarma arkaly şükür bilen
Hudaýa bildiriň. 7 Her hili düşünjeden ýokary bolan
Hudaýyň parahatçylygy Mesih Isada siziň ýüregiňizi,
pikirleriňizi gorar. 8 Mahlasy, eý doganlar, dogry, hor-
matly, adalatly, tämiz, ýakymly, taryplanýan näme bar
bolsa, artyk we öwgä mynasyp bir zat bar bolsa, siz şol
hakda oýlanyň. 9 Menden öwrenen, kabul eden, eşiden
we gören zatlaryňyzy ediň, onsoň parahatlyk beren
Hudaý siziň bilen bolar.

### Pawlusyň minnetdarlygy

10 Ahyrsoňy, men hakdaky aladaňyzy täzeleýändigiňiz
üçin, Rebde gaty şatlanýaryn. Aslyýetinde, aladalan-
ýardyňyz, ýöne pursat ýokdy. 11 Bulary ýetmezçiligimiň
barlygy zerarly diýmeýärin, çünki her hili ýagdaýda ba-
ryma kaýyl bolmagy öwrendim. 12 Mätäçlik çekmegi-
de, bolelin ýaşamagy-da bilýärin. Her hili ýagdaýda
hem doklugyň, hem açlygyň, hem bolelin ýaşamagyň
hem-de mätäçlikde bolmagyň syryny öwrendim.
13 Özümi güýçlendirýän Mesih arkaly her zady etmegi
başarýaryn. 14 Ýöne siz meniň muşakgatlaryma şärik
bolup gowy etdiňiz. 15 Hoş Habaryň ýaňy ýaýramaga
başlan wagtlarynda, men Makedoniýadan ýola düşe-
nimde, özüňizden başga hiç bir ýygnagyň alyş-beriş
işinde maňa goşulmandygyny, eý filipililer, siz-de bil-
ýänsiňiz. 16 Men Selanikdekäm hem siz bir-iki gezek ha-
jatlarym üçin maňa kömegiňizi ýetirdiňiz. 17 Men sylag
ugrunda däl, diňe siziň hasabyňyza köpeljek miweleri
gözleýärin. 18 Ähli zadym bar, artygy bilen bar. Sizden
gelen sowgatlary Epafroditden alanym üçin, kem za-
dym galmady. Bular: hoşboý ys, Hudaýyň halajak gur-
banlary. 19 Meniň Hudaýym ähli hajatyňyzy Mesih Isa-
daky şöhratly baýlygy bilen doldurar. 20 Atamyz Huda-
ýa ebedilik şöhrat! Omyn.

### Salamlar

21 Bütin mukaddeslere Mesih Isada salam aýdyň. Me-
niň ýanymdaky doganlar size salam aýdýar. 22 Bütin
mukaddesler, ylaýta-da, kaýsaryň içersi salam aýdýar.
23 Reb Mesihiň merhemeti siziň ähliňiz

# Koleseliler

### —NJI BAP

1 Hudaýyň islegi bilen Mesih Isanyň resuly bolan
men Pawlusdan, doganymyz Timoteosdan, [2] Kolo-
sedäki mukaddes hem imanly doganlara salam! Ata-
myz Hudaý we Reb Isa Mesih size merhemet etsin, pa-
rahatlyk bersin.

### Pawlus Hudaýa şükür edýär

[3] Biz mydama siziň üçin doga edip, Rebbimiz Isa Me-
sihiň Atasy Hudaýa şükür edýäris. [4] Çünki size gelip
gowşan Hoş Habaryň hak sözüni öňden eşiden we si-
ziň üçin Gökde saklanan umydyňyz üçin, [5] siziň Mesih
Isa bolan imanyňyzy, bütin mukaddeslere bolan söýgi-
ňizi eşitdik. [6] Bu Hoş Habar, ony eşidip, Hudaýyň mer-
hemetine hakykatdan göz ýetiren günüňizden bäri, si-
ziň araňyzda bolşy ýaly, bütin dünýäde-de miwe berip,
ösüp gelýär. [7] Muny-da biziň üçin Mesihiň sadyk hyz-
matkäri söýgüli işdeşimiz Epafradan öwrendiňiz. [8] Siziň
Ruhdaky söýgiňizi-de bize ol habar berdi.

### Pawlusyň koloseliler baradaky dogasy

[9] Muny eşiden günümizden bäri, biz hem siziň üçin
doga etmegiň, bütin akyldarlyk we ruhy düşünjede
Hudaýyň isleginiň bilimi bilen dolmagyňyzy dilemegiň
yzyny üzmeýäris. [10] Rebbe mynasyp ýagdaýda gezip,
Ony her babatda hoşnut etmegiňiz, her oňat işde mi-
we berip, Hudaýy tanamakda ösmegiňiz, [11] Onuň şöh-
ratly gudratyna görä, bütin sabyr, çydam üçin, her hili
güýç bilen güýçlenmegiňiz üçin dileg edýäris. [12] Mu-
kaddesleriň nurdaky mirasyndan paý almaga size ba-
şarnyk beren Hudaýa, Ata begenç bilen şükür etmegi-
ňiz üçin doga edýäris. [13] Ol bizi garaňkylyk häkimligin-
den gutaryp, Öz söýgüli Oglunyň Patyşalygyna göçür-
di. [14] Biz Onda gutulyşa, günäleriň ötülmegine eýedi-
ris.

### Mesihiň kimdigi we wezipesi

[15] Görünmez Hudaýyň keşbi, bütin ýaradylyşyň ilkinji
doglany Oldur. [16] Sebäbi Gökdäki we ýerdäki görünýän
hem görünmeýän zatlary, tagtlardyr häkimiýetleri, hö-
kümdarlyklardyr ygtyýarlary — baryny Şol ýaratdy. Her
zat Ol arkaly we Onuň üçin ýaradyldy. [17] Her zatdan
ozal bar Oldur, bütin zatlar Ol arkaly ýerbe-ýerdir.
[18] Bedeniň, ýagny imanlylar ýygnagynyň başy Oldur.
Her zatda Özi birinji bolar ýaly, başlangyç, ölülerden il-
kinji doglan-da Oldur. [19] Çünki Hudaý bütin dolulygy-
nyň Onda bolmagyna, [20] Onuň haçda dökülen gany ar-
kaly parahatçylygy berkarar edip, ýerdäki zatlar bol-
sun, Gökdäki zatlar bolsun — baryny Özi bilen ýaraş-
dyrmaga razy boldy. [21] Bir wagtlar erbet işler üçin piki-
riňizde Hudaýa ýat hem duşman bolan sizi-de, [22] indi
Mesih Öz ynsanlyk bedeniniň ölümi arkaly Hudaý bilen
ýaraşdyrdy. [23] Özüňiziň eşiden, Gök astyndaky bütin
ýaradylyşda wagyz edilen, men Pawlusyň-da hyzmat-
käri bolan Hoş Habarymyň umydyndan gymyldaman,
imanda esasly berk dursaňyz, Hudaý sizi mukaddes,
çirksiz we müýnsüz edip, Öz öňünde goýar.

### Pawlusyň imanlylara hyzmaty

[24] Men siziň ugruňyzda gören görgülerime indi gu-
wanýaryn, Mesihiň teni bolan imanlylar ýygnagy ug-
rundaky muşakgatlaryň ýetmezleriniň üstüni öz tenim-
de doldurýaryn. [25] Men, Hudaýyň sözüni, geçen dö-
würlerden, nesillerden ýaşyrylan syry bütinleý bildir-
mek üçin, Hudaýyň siziň peýdaňyza maňa beren wezi-
pesine görä, imanlylar ýygnagynyň hyzmatkäri bol-
dum. [26] Indi bolsa syr Onuň mukaddeslerine aýan bol-
dy. Hudaý olara milletler arasynda bu syryň şöhratly
baýlygynyň nämedigini, [27] ýagny şöhrat umydy bolan
Mesihiň içiňizdedigini bildirmek isledi. [28] Biz ähli ada-
my Mesihde Hudaýa kämil hödürlär ýaly, her kime
öwüt-ündew edip, ähli kişä bütin akyldarlyk bilen tälim
berip, Mesihi wagyz edýäris. [29] Şoňa görä-de, men
Onuň gudrat bilen özümde işleýän güýjüne daýanyp,
göreşip zähmet çekýärin.

### —NJI BAP

2 Men siziň üçin, Laodikiýadakylar we meni görme-
dikleriň ählisi üçin, nähili uly göreş alyp barýandy-
gymy siziň bilmegiňizi isleýärin. [2] Ata Hudaýyň syryny,
ýagny akyldarlygyň hem bilimiň bütin hazynalarynyň
gizlenen Mesihini tanamaklary üçin, [3] düşünjeden
ugur alan doly ynamyň baýlygyna gowuşmaklary üçin,
söýgüde birigip, ýürekleriniň teselli tapmagyny isleýä-
rin. [4] Muny hiç kim sizi süýji sözler bilen aldamasyn di-
ýip aýdýaryn. [5] Çünki beden boýunça özüm araňyzda
ýok hem bolsam, düzgünliligiňizi, Mesihe bolan imany-
ňyzyň berkligini görüp, ruh boýunça şatlyk bilen siziň
ýanyňyzdadyryn.

### Mesihde ýaşamak

[6] Reb Mesih Isany nähili kabul eden bolsaňyz, Onda
şeýle hem geziň. Size öwredilişi ýaly, Onda kök urup

abatlanyp, 7 imanda berkäp, köp şükürler ediň. 8 Ätiýa-
jy elden bermäň! Mesih bilen däl-de, adam däpleri we
dünýä ýörelgeleri boýunça dörän filosofiýa, boş aldaw
bilen biri sizi ýesir edäýmesin! 9 Çünki hudaýlygyň bü-
tin dolulygy beden şekilinde Mesihde ýaşaýandyr. 10 Siz
hem ähli hökümdarlyk, ähli häkimiýetler başy bolan
Mesihde kämillige gowşansyňyz. 11 Siz Onuň sünneti
bilen, günäli tebigaty çykaryp, adam eli bilen edilme-
dik sünnet bilen Onda sünnetlendiňiz. 12 Çokundyryşda
Onuň bilen birlikde gömlüp, Ony ölümden direlden
Hudaýyň güýjüne iman edip, Onuň bilen birlikde direl-
diňiz. 13 Günäliligiňiz bilen, günäli tebigatyňyzyň sün-
netsizligi bilen ölükäňiz, Hudaý sizi Onuň bilen birlikde
janlandyrdy. Ähli günälerimizi geçdi. 14 Biziň tersimize,
kada-kanunlary bilen bize garşy bolan borçnamany
öçürdi, ony haça çüýläp, aradan aýyrdy. 15 Hökümdar-
laryň, häkimiýetleriň elinden erkini aldy, olary haçda
ýeňip, açykdan-açyk paş etdi. 16 Şonuň üçin, hiç kim sizi
iýmit we içgi, baýram, täze aý ýa sabat güni hakda hö-
küm etmesin. 17 Bular geljekki zatlaryň kölegesidir,
göwre bolsa Mesihdir. 18 Ýalan kiçigöwünlilikden, periş-
delere ybadat etmekden lezzet alýan, görmedik zatla-
ryna garyşýan 19 Bütin beden bogunlaryň hem bagla-
ryň kömegi bilen bu Başdan iýmitlenip, bitewileşip,
Hudaýyň beren ösüşi bilen ösýändir. 20 Mesih bilen bi-
lelikde dünýäniň elementlerine ölen bolsaňyz, näme
üçin dünýäde ýaşaýanlar ýaly, 21 «Galtaşma, datma, el
degirme» ýaly kada-kanunlara uýýarsyňyz? 22 Bularyň
hemmesi ulanylma arkaly ýogalmak üçin bellenen,
adamlaryň buýruk hem taglymatlaryna daýanýan zat-
lardyr. 23 Hawa, bu kada-kanunlaryň galp dindarlykda,
kiçigöwünlilik we bedeni horlamada akyldarlyk görnüşi
bardyr, ýöne günäli tebigaty kanagatlandyrmanyň
öňüni almakda peýdasy ýokdur.

## —NJI BAP

### Mesihde täze ýaşaýyş

3 Şunlukda, Mesih bilen bile direlendigiňize görä,
Gökdäki zatlary, Mesihiň Hudaýyň sagynda oturan
ýerindäki zatlary küýsäň. 2 Ünsüňizi Ýerdäki däl-de,
Gökdäki zatlara gönükdiriň. 3 Çünki siz ölensiňiz, ýa-
şaýşyňyz Mesih bilen bile Hudaýda gizlenendir. 4 Biziň
ýaşaýşymyz bolan Mesih aýan bolanda, siz hem Onuň
bilen bile şöhratda aýan bolarsyňyz. 5 Şonuň üçin ýer-
däki tebigatyňyza mahsus bolan zyna, hapalyk, şeh-
wet, höwesler we butparazlyga barabar bolan husytlyk
ýaly islegleriňizi öldüriň. 6 Hudaýyň gahar-gazaby
Onuň sözüne gulak asmaýanlaryň üstüne şu zatlar
üçin inýär. 7 Ozallar şeýle gezen wagtyňyz bu ýollardan
siz hem ýörediňiz. 8 Indi bolsa beýle zatlaryň ählisini:
gahary, gazaby, ýamanlygy, sögünji we agzyňyzdan
çykýan hapa sözleri taşlaň. 9 Öňki ýaradylyşy erbet işle-
ri bilen bile egniňizden çykaryp, 10 Ýaradanyň keşbine
görä, Hudaýy tanamagyňyz üçin, täzelenen täze ýara-
dylyşy geýnenligiňiz sebäpli, biri-biriňize ýalan söz aýt-
maň. 11 Bu täzelikde grek we ýehudy, sünnetlilik we
sünnetsizlik, warwar, skif, gul we azat arasynda parh
ýok, ýöne Mesih her zatdyr, her zatdadyr. 12 Şeýlelik bi-
len, Hudaýyň mukaddes hem söýgüli saýlananlary
hökmünde rehimdarlyk ýüregini, ýagşylygy, kiçigö-
wünliligi, ýumşaklygy we sabry geýniň. 13 Biri-biriňize
sabyr-takatly boluň. Birew birewden kineli bolsa, Mesi-
hiň sizi bagyşlaýşy ýaly, siz hem birek-biregi bagyşlaň.
14 Bularyň hemmesiniň üstünden-de kämil birligiň ba-
gy bolan söýgini geýiň. 15 Ýüregiňizde Mesihiň parahat-
çylygy höküm sürsün. Siz bir bedeniň agzalary bolup,
bu parahatçylyga çagyrylansyňyz. Minnetdar hem bo-
luň. 16 Mesihiň sözi bütin baýlygy bilen ýüregiňizde ýa-
şasyn. Bütin akyldarlyk bilen biri-biriňize öwrediň,
öwüt beriň, mezmurlar, öwgüli aýdymlar, ruhy nagma-
lar aýdyp, şükür bilen ýüregiňizden Rebbe 17 Söz bilen
ýa iş bilen näme etseňiz, baryny Reb Isanyň ady bilen,
Ol arkaly Ata Hudaýa şükür edip berjaý ediň.

### Maşgala we jemgyýet gatnaşyklary

18 Eý aýallar, Rebde ýaraşykly bolşy ýaly, äriňize tabyn
boluň. 19 Eý ärler, aýalyňyzy söýüň, olara ýowuz bol-
maň. 20 Eý çagalar, ähli zatda ata-eneňiziň sözüne gu-
lak asyň. Çünki bu Rebbiň halaýanydyr. 21 Eý atalar, ça-
galaryňyzy ynjatmaň, olar ruhdan düşmesin. 22 Eý gul-
lar, ähli zatda dünýädäki hojaýynyňyzyň sözlerine gu-
lak asyň. Muny göze ýakymly görünýän hyzmatlar bi-
len adama ýaranmak isleýänler ýaly etmän, eýsem, ýü-
rek sadalygy bilen, Rebden gorkup ýerine ýetiriň.
23 Rebden miras sylagyny aljagyňyzy bilip, 24 her näme
etseňiz, adamlar üçin däl-de, Reb üçin ýürekden işläň.
Siz Reb Mesihe gulluk edýänsiňiz. 25 Ýamanlyk eden öz
eden ýamanlygynyň almytyny alar. Onda ýüz görme
ýokdur.

## —NJI BAP

4 Eý hojaýynlar, gullaryňyz babatda adyllygy, deňli-
gi berjaý ediň. Özüňiziň hem Gökde Hojaýynyňy-
zyň barlygyny biliň.

### Dürli öwütler

2 Dogada erjellik ediň, şükür edip ägä boluň. 3 Şonuň
bilen birlikde Hudaýyň sözüni ýaýradyp, ugrunda me-
niň bendi bolan Mesihimiň syryny aýan eder ýaly, Hu-
daý bize bir gapy açsyn diýip, biziň üçin hem doga
ediň. 4 Şeýlelikde, sözi edilmelisi ýaly aýan edeýin.
5 Pursatdan peýdalanyp, özüňizden bolmadyklar bilen
paýhasly boluň. 6 Her kime nähili jogap bermelidigiňizi
biler ýaly, sözüňiz duz bilen tagamly edilip, ýakymly
bolsun.

### Salamlar

7 Rebde işdeşim, sadyk hyzmatkär, söýgüli dogany-
myz Tihikus men hakda size ähli zady habar berer. 8 Ol
siziň hal-ýagdaýyňyzy bilip, ýüregiňize teselli berer ýa-

ly, ýörite şonuň üçin, 9 sizden bolan sadyk we söýgüli
doganymyz Onesimus bilen bile ony size ýolladym.
Olar bu ýerde bolup geçýän zatlaryň hemmesini size
aýdarlar. 10 Tussagda meniň bilen bile bolýan ýoldaşym
Aristarkus bilen Barnabasyň ýegeni Markus size salam
aýdýar. Markus baradaky buýruklary alansyňyz, barsa,
ony kabul ediň. 11 Ýustus lakamly Ýeşu hem size salam
aýdýar. Hudaýyň Patyşalygy üçin zähmet çekýän işdeş-
lerim bolan sünnetliler diňe şulardyr. Bular maňa te-
selli berdiler. 12 Özüňizden bolan, Mesih Isanyň guly
Epafra size salam aýdýar. Ol Hudaýyň her isleginde kä-
mil bolup, doly ynam bilen duruň diýip, dogalarynda
hemişe siziň üçin göreş edýär. 13 Men onuň siz barada
we Laodikiýa bilen Iýerapolisdäkiler barada gaty yhlas-
lydygyna 14 Söýgüli tebip Luka bilen Dima size salam
aýdýar. 15 Laodikiýadaky doganlara, Nimfasa we onuň
öýündäki imanlylar ýygnagyna salam aýdyň. 16 Şu hat
araňyzda okalandan soň, ony laodikiýaly imanlylar
ýygnagyna hem okadyň. Siz hem Laokdikiýadan gelen
haty okaň. 17 Arhipusa: «Dykgat et, Rebde alan hyzma-
tyňy bitirjek bol» diýip aýdyň. 18 Men Pawlus öz elim bi-
len bu salam hatyny ýazýaryn. Zynjyrlar bilen baglydy-
gymy ýada salyň. Hudaýyň merhemeti siz bilen bol-
sun! Omyn.

# 1 Selanikliler

### —NJI BAP

1 Ata Hudaý we Reb Isa Mesihde bolan selanikli
imanlylar ýygnagyna Pawlusdan, Silwanusdan we
Timoteosdan salam! Atamyz Hudaýdan, Reb Isa Me-
sihden size merhemet hem parahatlyk bolsun!

### Imanda görelde

2 Biz sizi dogalarymyzda ýatlap, elmydama baryňyz
üçin Hudaýa şükür edýäris. 3 Imanyň hasyly bolan işi-
ňizi, söýgüden emele gelen zähmetiňizi, Rebbimiz Isa
Mesihe baglan umydyňyzdan dörän çydamyňyzy Hu-
daýymyz hem Atamyz öňünde dyngysyz ýatlaýarys.
4 Eý, Hudaý tarapyndan söýülýän doganlarym! Biz
Onuň sizi saýlanyny bilýäris. 5 Çünki biziň ýaýradýan
Hoş Habarymyz size diňe bir söz bilen däl-de, gudrat
bilen, Mukaddes Ruh bilen, uly ynam bilen gelip go-
wuşdy. Biz araňyzdakak siziň peýdaňyz üçin nähili ýa-
şandygymyzy özüňiz bilýänsiňiz. 6 Siz agyr muşakgatla-
ra garamazdan, Mukaddes Ruhuň beren şatlygy bilen
sözi kabul edip, bizden we Rebden görelde aldyňyz.
7 Şeýdip hem Makedoniýa bilen Ahaýadaky bütin iman-
lylara görelde bolduňyz. 8 Çünki Rebbiň sözi sizden eşi-
dilip ugrady. Hudaýa bolan imanyňyzyň habary diňe
Makedoniýa, Ahaýa däl-de, hemme ýere ýaýrady. Şoňa
görä-de, bize gürrüň berere zat galmady. 9 Sebäbi ola-
ryň özleri bizi nähili garşylandygyňyzy aýdyp, diri, ha-
kyky Hudaýa gulluk etjek bolup, 10 Onuň ölümden di-
relden, bizi geljekki gazapdan halas eden Ogly Isanyň
Gökden gelmegine garaşmak üçin butlardan Hudaýa
tarap öwrülendigiňizi gürrüň edýärler.

### —NJI BAP

### Pawlusyň Selanikdäki hyzmaty

2 Doganlar, siziň ýanyňyza gelmegimiz ýöne ýere
däldi, muny özüňiz bilýänsiňiz. 2 Bilşiňiz ýaly, biz
öň Filipide horluk çekip, kemsidilmelere sezewar bol-
duk, ýöne uly garşylyk bolsa-da, Hudaýyň Hoş Habary-
ny size wagyz etmek üçin Hudaý bize gaýrat berdi.
3 Çünki haýyşymyz aldawa, hapalyga, hilä daýanman,
4 eýsem Hudaýyň bizi mynasyp görüp, Hoş Habary tab-
şyranyna görä, biz adamlary däl-de, ýüregimizi syna-
ýan Hudaýy hoşnut etjek bolup gepleýäris. 5 Çünki bil-
şiňiz ýaly, ýanyňyzda ýalynjaňlyk bilen gepläp, ýakymly
sözleri açgözlülige asla perde edinen däldiris. Muňa
Hudaý şaýatdyr. 6 Biz hiç kimden, sizden hem beýleki-
lerden hormat hantama bolmadyk. 7 Mesihiň resullary
hökmünde size agram salyp hem bilerdik, ýöne biz öz
çagalaryny bagryna basýan ene ýaly siziň araňyzda
mylakatly gezdik. 8 Sizi şeýle küýseýän biz size diňe Hu-
daýyň Hoş Habaryny däl-de, öz janymyzy-da bermäge
razydyk. Çünki bize gaty eziz bolduňyz.
9 Doganlar, özüňiz zähmetimizi, çeken azabymyzy ýa-
da salaýansyňyz: biz Hudaýyň Hoş Habaryny size wa-
gyz edenimizde hiç biriňize agram salmajak bolup, gi-
je-gündiz işledik. 10 Iman eden siz babatda özümizi nä-
hili mukaddes, dogry we müýnsüz alyp baranymyza
özüňiz şaýatsyňyz, Hudaý-da şaýatdyr. 11 Bilşiňiz ýaly,
bir atanyň çagalaryna edişi ýaly, biz hem siziň baryňy-
zy ruhlandyryp, size göwünlik berdik, 12 Patyşalygyna,
şöhratyna çagyran Hudaýa mynasyp gezmegiňizi tab-
şyrdyk. 13 Şonuň üçin hem Hudaýa dyngysyz şükür ed-
ýäris. Çünki siz Hudaýyň sözüni bizden eşidip kabul
edeniňizde, muny adam sözi hökmünde däl-de, haky-
katda bolşy ýaly, Hudaýyň sözi hökmünde kabul etdi-
ňiz. Siz imanlylarda işleýän söz budur. 14 Sebäbi, eý do-
ganlar, siz Hudaýyň Ýahudada Mesih Isa degişli bolan
ýygnaklaryny görelde edindiňiz. Olaryň ýehudylardan
çeken şol jebirlerini öz ildeşleriňizden çekdiňiz. 15 Hem
Reb Isany, hem-de öz pygamberlerini 16 Şeýlelikde, öz
günä gaplaryny hemişe püre-pür edýärler. Emma Hu-
daýyň gazaby ahyrsoňy olaryň başyndan indi.

### Pawlus imanlylaryň didaryny küýseýär

17 Eý doganlar, biz ýürek däl-de, didar boýunça az
wagt sizden aýra düşsek-de, çuň küýseg bilen didary-
ňyzy görmäge köpräk gaýrat etdik. 18 Çünki ýanyňyza
barasymyz gelýärdi. Men Pawlus muny ençeme gezek
isledim, ýöne şeýtan bize päsgel berdi. 19 Biziň umydy-
myz, şatlygymyz, Rebbimiz Isa gelende, Onuň öňünde
guwanjak täjimiz näme? Siz dälmi? 20 Hawa, biziň mag-
tanjymyz hem, şatlygymyz hem sizsiňiz.

### —NJI BAP

3 Şonuň üçin, mundan artyk çydamaga halymyz
galmansoň, Afinyda ýeke galmaga razy bolduk.
2 Sizi imanyňyzda berkitmek, ruhlandyrmak üçin, Mesi-
hiň Hoş Habaryny ýaýratmakda işdeşimiz, Hudaýyň
hyzmatkäri 3 Muny bu muşakgatlar zerarly hiç kim
gowşamasyn diýip etdik. Sebäbi biziň munuň üçin
oturdylandygymyzy özüňiz bilýänsiňiz. 4 Siziň ýanyňyz-
dakak hem muşakgat çekjegimizi öňünden aýdypdyk.
Bilşiňiz ýaly, şeýle hem boldy. 5 Şonuň üçin hem, men

mundan artyk çydap bilmän, azdyryjy şeýtan sizi azdy-
ryp, zähmetimiz biderek bolaýmasyn diýip, imanyňy-
zyň ýagdaýyny bilmek üçin, doganymyzy iberdim.

### Selanikden gelen oňat habarlar

6 Emma ýanyňyzdan ýaňy gelen Timoteos siziň ima-
nyňyz, söýgiňiz hakda bize oňat habarlar getirdi. Bizi
hemişe gowulyk bilen ýatlaýandygyňyzy, biziň sizi gö-
resimiz gelşi ýaly, siziň-de bizi gaty küýseýändigiňizi
aýtdy. 7 Şu sebäpden, eý doganlar, biz bütin kynçylyk-
dyr muşakgatlarymyz içinde imanyňyz üçin sizden te-
selli tapdyk. 8 Indi siz Rebde berk dursaňyz, biz ýaşa-
rys. 9 Hudaýymyzyň öňünde siz sebäpli duýan bütin
şatlygymyzyň öwezini siziň üçin Hudaýa nähili şükür
etme bilen dolduryp bileris? 10 Biz, ýüzüňizi görmek,
imanyňyzyň ýetmezini doldurmak üçin, gije-gündiz
tüýs ýürekden doga edýäris. 11 Atamyz Hudaýyň Özi
we Rebbimiz Isa ýolumyzy size tarap göneltsin. 12 Reb
biziň size bolan söýgimiz ýaly biri-biriňize we bütin
adamlara bolan söýgiňizi artdyrsyn. 13 Rebbimiz Isa bü-
tin mukaddesleri bilen gelende, Atamyz Hudaýyň
öňünde mukaddeslikde müýnsüz bolar ýaly, ýüregiňizi
berkitsin.

## —NJI BAP

### Hudaýy hoşnut etmek

4 Mahlasy, eý doganlar, nähili gezmelidigi, Hudaýy
nähili hoşnut etmelidigi barada bizden öwrenişi-
ňiz ýaly, şoňa görä-de gezişiňiz ýaly, bu işde has köp
ilerlemegiňizi Reb Isanyň ady bilen sizden haýyş edip
ýalbarýarys. 2 Biziň Reb Isadan gelen haýsy buýruklary
size berenimizi bilýänsiňiz. 3 Hudaýyň isleýäni, mukad-
des bolmagyňyz üçin, zynadan saklanmagyňyz, 4 her
kişiniň Hudaýy tanamaýan milletler ýaly haram keýp
bilen däl-de, 5 öz bedenine mukaddeslik we hormat bi-
len eýelik etmegi, bu zatda hetdinden aşman, öz doga-
nynyň hakyny iýmezligidir. 6 Çünki ozal size aýdyp gü-
wä geçişimiz ýaly, bütin bu zatlar üçin Reb adamlary
jezalandyrar. 7 Sebäbi Hudaý bizi hapalyga däl-de, mu-
kaddeslige çagyrdy. 8 Bu çakylygy ret edýän adam, yn-
sany däl-de, size Öz Mukaddes Ruhuny beren Hudaýy
ret edýändir. 9 Dogan söýgüsi hakda bolsa, size ýazma-
gymyzyň geregi ýok, çünki Hudaý birek-biregi söýmegi
size öwredendir. 10 Aslyýetinde, siz tutuş Makedoniýa-
daky ähli doganlary-da söýýärsiňiz. Doganlar, biz siz-
den bu söýgiňizi has köp artdyrmagyňyzy haýyş edýä-
ris. 11 Size buýruşymyz ýaly, gep-gürrüňsiz gezmek, öz
işiňize gydyrdap, öz elleriňiz bilen işlemek üçin yhlasly
boluň. 12 Şeýlelikde, keseki adamlaryň öňünde hormat
bilen gezersiňiz, hiç bir zada zar bolmarsyňyz.

### Isa ýene gelýär

13 Doganlar, beýleki umytsyzlar ýaly gaýgy çekmezli-
giňiz üçin, ölen imanlylar hakda siziň maglumatsyz
bolmagyňyzy islemeýäris. 14 Biz Isanyň ölüp direlenine
ynanýarys. Ine, şeýle-de, Hudaý Isa bagly bolup ölenle-
ri hem Onuň bilen bile yzlaryna getirer. 15 Rebbiň sözü-
ne daýanyp, size şuny aýdýarys: biz diriler, Rebbiň gel-
megine çenli galanlar, ölen imanlylardan asla öňe çyk-
marys. 16 Çünki Rebbiň Özi emirli gygyryş bilen, baş
perişdäniň sesi bilen, Hudaýyň surnaýy bilen Gökden
iner, şeýlelikde, ilki bilen Mesihe degişli ölüler direler.
17 Ondan soňra biz, galan diriler olar bilen bile Rebbi
howada garşylamak üçin, bulutlar içinde alnyp göteri-
leris. Şeýlelikde, elmydama Reb bilen bile bolarys.
18 Ine, şu sözler bilen biri-biriňize göwünlik beriň.

## —NJI BAP

5 Eý doganlar, bu wakalaryň wagt hem möwsümle-
ri hakda size ýazmagyň geregi ýok. 2 Çünki Rebbiň
gününiň bir ogrynyň gije gelşi ýaly bolup geljegini özü-
ňiz oňat bilýänsiňiz. 3 Adamlar: «Her zat parahatlyk,
aman» diýen badyna, göwreli aýalyň burgusynyň tutu-
şy ýaly, birdenkä olaryň üstüne heläkçilik iner, gaçyp
bilmezler. 4 Emma, doganlar, ol gün sizi bir ogry kimin
basar ýaly, siz garaňkylykda dälsiňiz. 5 Çünki baryňyz
nura, gündize degişli adamlarsyňyz. Biz gijä ýa garaň-
kylyga degişli däldiris. 6 Şeýlelikde, beýlekiler ýaly ukla-
man, oýa, hüşgär bolalyň. 7 Çünki uklaýanlar gije ukla-
ýandyr, serhoş bolýanlar-da gije serhoş bolýandyr.
8 Gündize degişli bolan biz bolsa, iman, söýgi sowudy-
ny geýip, kellämize tuwulga hökmünde, gutulyş umy-
dyny geýnip, hüşgär bolalyň. 9 Çünki Hudaý bizi gaza-
ba sezewar bolmak üçin däl-de, Rebbimiz Isa Mesih ar-
kaly gutulyşa gowuşmak üçin belledi. 10 Biz oýa bolsak-
da, ukuda 11 Şonuň üçin, şu wagt hem edişiňiz ýaly, bi-
ri-biriňizi ruhlandyryň, biri-biriňizi abatlaň.

### Öwütler we salamlar

12 Eý doganlar, araňyzda zähmet çekýänleriň, Reb ýo-
lunda size öňbaşçylyk edip öwüt berýänleriň gadyryny
bilmegi sizden haýyş edýäris. 13 Edýän işleriniň hatyra-
syna olara çäksiz söýgi bilen hormat goýuň. Özara pa-
rahatçylykda ýaşaň. 14 Doganlar, size ýalbarýarys, boş
gezýänlere öwüt-ündew ediň, göwnüçökgünlere gö-
wünlik beriň, ejizleri goldaň, hemmeler barada sabyrly
boluň. 15 Habardar boluň, hiç kim ýamanlyga ýamanlyk
bilen gaýtargy bermesin. Gaýtam biri-biriňize, ähli
adamlara ýagşylyk etjek bolup hemişe tagalla ediň.
16 Hemişe şatlyk ediň. 17 Dyngysyz doga ediň. 18 Ähli
ýagdaýda şükür ediň. Çünki Hudaýyň Mesih Isada siz
baradaky islegi şudur. 19 Ruhy söndürmäň. 20 Pygam-
berlik sözlerini äsgermezlik etmäň. 21 Her zady synap
görüň. Gowy zady gaýym saklaň. 22 Her hili erbetlikden
gaça duruň. 23 Parahatlygyň gözbaşy bolan Hudaýyň
Özi sizi bütinleý mukaddes etsin. Ruhuňyz, janyňyz we
teniňiz saklanyp, Rebbimiz Isa Mesih gelende nogsan-
syz hem müýnsüz bolsun. 24 Sizi çagyran Hudaý ynam-
dardyr, Ol muny başarar. 25 Doganlar, biziň üçin doga
ediň. 26 Bütin doganlara mukaddes ogşuk bilen salam

aýdyň. 27 Bu hatyň bütin mukaddes doganlara okalma-
gyny Rebbiň adyndan size tabşyrýaryn. 28 Rebbimiz Isa
Mesihiň merhemeti siziň bilen bolsun! Omyn.

# 2 Selanikliler

—NJI BAP

1 Atamyz Hudaý we Reb Isa Mesihde bolan selanik-
li imanlylar ýygnagyna Pawlusdan, Silwanusdan
we Timoteosdan salam! 2 Atamyz Hudaý, Reb Isa Me-
sih size merhemet etsin, parahatlyk bersin!

### Geljek höküm

3 Eý doganlar, biz siz babatda elmydama Hudaýa şü-
kür etmäge borçludyrys. Beýle etmegimiz ýaraşykly-
dyr. Çünki siziň imanyňyz gitdigiçe ösýär, her biriňiziň
beýlekä bolan söýgüsi artýar. 4 Şeýlelik bilen, biz çek-
ýän azaryňyzda, muşakgatyňyzda görkezýän çydam
hem imanyňyz üçin, Hudaýyň ýygnaklary arasynda si-
ziň bilen magtanýarys. 5 Bularyň bary Hudaýyň adalat-
ly höküminiň belgisidir. Şonuň netijesinde, siz ugrunda
görgi görýän Hudaýyňyzyň Patyşalygyna mynasyp sa-
ýylarsyňyz. 6 Çünki size muşakgat çekdirenlere Huda-
ýyň muşakgat bilen gaýtargy bermegi, 7 muşakgat çe-
ken sizi-de biziň bilen bile ynjaltmagy Onuň adyllygyna
ýaraşyklydyr. Bu zatlar Reb Isa oduň ýalnynda güýçli
perişdeleri bilen Gökden gelip görnen mahaly ýüze çy-
kar. 8 Rebbimiz Isa Hudaýy tanamaýanlary, Özi barada-
ky Hoş Habara uýmaýanlary jezalar. 9 Bular Onuň hu-
zuryndan, güýjüniň şöhratyndan daş bolup, ebedi he-
läkçilik jezasyny çekerler. 10 Ol günde Reb Öz mukad-
deslerinde şöhratlanmak, bütin iman edenleri täsin
galdyrmak üçin şol gün gelende, şeýle bolar. Siz hem
iman edenlerdensiňiz, çünki siz özüňize beren güwäli-
gimize ynandyňyz. 11 Şonuň üçin Hudaýymyz sizi Öz ça-
kylygyna mynasyp saýsyn, ýagşylyga bolan ähli arzu-
wyňyzy, imandan ugur alan ähli işiňizi gudrat bilen
amala aşyrsyn diýip, hemişe siziň üçin doga edýäris.
12 Biz muny Hudaýymyzyň we Reb Isa Mesihiň merhe-
metine görä, Rebbimiz Isanyň ady sizde şöhratlansyn,
siz hem Onda şöhratlanyň diýip edýäris.

—NJI BAP

### Bikanun adam

2 Rebbimiz Isa Mesihiň gelmegi we Onuň bilen bi-
lelikde bolmak üçin ýygnanyşmagymyz hakda, eý
doganlar, sizden haýyş edýäris: 2 Rebbiň gününiň gelip
ýetenligini aýdýan bir ruh, bir söz ýa bizden baran ýaly
edip görkezilen bir hat siziň pikiriňizi haýdan-haý sars-
dyrmasyn, gorka salmasyn. 3 Özüňizi hiç kime hiç bir
ýol bilen aldatmaň. Çünki imandan dönme gelýänçä,
bikanun adam, heläkçilik ogly peýda bolýança, ol gün
gelmez. 4 Bu adam Hudaý diýilýän ýa-da çokunylýan
her zada garşy durup, özüni hemmeden ýokary tutar,
hatda Hudaýyň ybadathanasynda oturyp, özüni Hudaý
diýip yglan eder. 5 Men heniz siziň ýanyňyzdakam, bu-
lary size aýdanym ýadyňyza düşmeýärmi? 6 Öz wagtyn-
da peýda bolar ýaly, indi bu adamy nämäniň bökdeýä-
nini özüňiz bilýänsiňiz. 7 Çünki bikanunlyk syry şu wagt
hem hereketde, ýöne ony bökdeýän aradan aýrylýan-
ça, öz işini dowam etdirer. 8 Şonda şol bikanun adam
peýda bolar, ony Reb Isa agzynyň demi bilen öldürer,
gelmeginiň haýbaty bilen ýok eder. 9 Ol adam şeýta-
nyň güýji boýunça, her hili ýalan gudrat, alamat we
mugjyza bilen, 10 heläk bolýanlary aldawa salýan her
hili ýamanlyk bilen geler. Olar hakykaty söýmegi, şeý-
dip hem gutulmagy ret edendikleri üçin heläk bolar.
11 Ine, şu sebäpden hem ýalana ynansynlar diýip, Hu-
daý olara bir aldawçy güýç ýollaýar. 12 Ol muny hakyka-
ta ynanman, ýamanlygy halaýanlaryň bary höküm
edilsin diýip edýär.

### Berk duruň

13 Emma biz, eý, Reb tarapyndan söýülýän doganlar,
siz üçin hemişe Hudaýa şükür etmäge borçludyrys.
Çünki Hudaý sizi Ruh arkaly mukaddes edilip, hakykata
ynanmak bilen gutulmagyňyz üçin başlangyçdan saý-
lady. 14 Ol Rebbimiz Isa Mesihiň şöhratyna gowuşma-
gyňyz üçin, biziň wagyz edýän Hoş Habarymyz arkaly
sizi muňa çagyrdy. 15 Eý doganlar, şoňa görä indi berk
duruň! Bizden söz bilen ýa hat arkaly öwrenen tagly-
matyňyza ýapyşyň. 16 Rebbimiz Isa Mesihiň Özi we bizi
söýüp, merhemeti bilen bize baky teselli, ýagşy umyt
beren Atamyz Hudaý, 17 siziň ýüregiňize teselli bersin,
sizi her oňat işde hem sözde berkitsin.

—NJI BAP

### Biziň üçin doga ediň

3 Mahlasy, doganlar, Rebbiň sözüniň, siziň araňyz-
da bolşy ýaly, çaltlyk bilen ýaýrap, şöhratlanmagy
üçin, biz barada doga ediň. 2 Erbet, ýaman adamlardan
gutulmagymyz üçin doga ediň. Çünki hemmesi iman
getiren däldir. 3 Emma Reb ynamdardyr. Ol sizi berki-
der, iblisden gorar. 4 Biziň buýranlarymyzy hem edýän-
ligiňize, hem-de etjekdigiňize Rebde size ynamymyz
bar. 5 Reb ýüregiňizi Hudaýyň söýgüsine, Mesihiň sab-
ryna gönükdirsin.

### Çöregiňizi özüňiz gazanyň

6 Doganlar, bizden alan taglymatyňyza uýmaýan, boş gezýän her bir dogandan daş durmagyňyzy Reb Isa Mesihiň adyndan size buýurýarys. 7 Çünki bizi nähili görelde edinmelidigiňizi özüňiz bilýänsiňiz. Sebäbi biz siziň araňyzda boş gezmedik. 8 Hiç kimiň çöregini hem mugt iýmän, siziň hiç biriňize agram salmajak bolup, zähmet çekip gije-gündiz azap bilen işledik. 9 Biz muny sizden ýardam almaga hakymyzyň bolmanlygy üçin däl, eýsem, bizden görelde alar ýaly, size nusga bolmak üçin etdik. 10 Biz ýanyňyzdakak hem size: «Kim işlemek islemeýän bolsa, onda ol damak-da iýmesin» diýen buýrugy berdik. 11 Çünki siziň araňyzda käbir adamlaryň boş gezýänini, hiç bir iş etmän, beýlekileriň işine gatyşýanyny eşidýäris. 12 Beýle adamlara gepgürrüňsiz işläp, öz çöreklerini gazanmagy Reb Isa Mesihiň adyndan buýrup, nesihat berýäris. 13 Emma siz doganlar, ýagşylyk etmekde ýadamaň. 14 Kim bu hatda aýdanlarymyza gulak asmasa, ony belgä alyň. Onuň bilen gatnaşyk etmän, utandyryň. 15 Ony duşman hökmünde görmän, ýöne bir dogan hökmünde oňa öwüt beriň.

### Salamlar

16 Parahatlygyň gözbaşy bolan Rebbiň Özi size hemişe, her ýagdaýda parahatlyk bersin! Reb baryňyz bilen bolsun! 17 Men Pawlus bu salamy size öz elim bilen ýazýandyryn. Meniň her hatymdaky belgim şudur, şeýle ýazýaryn. 18 Rebbimiz Isa Mesihiň merhemeti siziň baryňyz bilen bolsun!

# 1 Timoteos

—NJI BAP

1 Halasgärimiz Hudaýyň, umydymyz Mesih Isanyň
buýrugy bilen Mesih Isanyň resuly bolan men
Pawlusdan, 2 imanda oglum Timoteosa salam! Ata Hu-
daý, Rebbimiz Mesih Isa saňa merhemet hem rehim
etsin, parahatlyk bersin!

### Ýalan taglymatlar barada duýduryş

3 Makedoniýa barýarkam senden haýyş edişim ýaly,
sen özge taglymatlary ýaýratmazlygy käbir adamlara
tabşyrmak üçin Efesde gal. 4 Olar ertekilerden, tüke-
niksiz nesil şejerelerinden el götersin. Bu zatlar Huda-
ýyň imana daýanan işine peýda bermekden köp, jedel-
lere sebäp bolýandyr. 5 Bu buýrugyň maksady sap ýü-
rekden, dogry ynsapdan, hilesiz imandan ugur alan
söýgüdir. 6 Käbir adamlar bu zatlardan azaşyp, boş
geplere ýykgyn etdiler. 7 Olar Mukaddes Kanunyň öw-
redijileri bolmak isleýär, ýöne ne öz aýdýan zatlaryna,
ne-de nygtap tassyklaýan zatlaryna düşünýär. 8 Biz Ka-
nunyň ony kanuna laýyklykda ulanýan adam üçin
oňatdygyny bilýäris. 9 Ýene-de Kanunyň dogry adam
üçin däl-de, kanunsyzlar we agyzzyryksyzlar, hudaýsyz-
lar we günäkärler, mukaddes däller we mukaddesi sy-
lamaýanlar, ata-enesini öldürýänler, ganhorlar, 10 zy-
nagärler, beçebazlar, gul satýanlar, ýalançylar, ýalan
ýere ant içýänler we sag taglymata garşy başga näme
bar bolsa, bular üçin goýlandygyny biz bilýäris. 11 Mü-
bärek Hudaýyň maňa ynanylyp berlen şöhratly Hoş
Habary boýunça bu şeýledir.

### Hudaý rehimdardyr

12 Maňa kuwwat berýän Rebbimiz Mesih Isa şükür
edýärin. Sebäbi Ol meni sadyk saýyp, Öz gullugyna
belledi. 13 Ozallar Oňa dil ýetiren, azar berip, zorluk
eden hem bolsam, Ol maňa rehim etdi. Çünki men
edenlerimi nadanlykdan, imansyzlykdan edipdim.
14 Ýöne iman, Mesih Isada bolan söýgi bilen birlikde
Rebbimiziň merhemeti meniň üstüme bolluk bilen
ýagdy. 15 «Mesih Isa günäkärleri gutarmak üçin dünýä
geldi» diýen söz takyk, her taýdan kabula laýyk sözdür.
Ol günäkärleriň iň erbedi mendirin. 16 Emma Mesih Isa
Özüne iman edip, ebedi ýaşaýşa gowuşjaklara görelde
hökmünde, Öz çäksiz sabryny günäkärleriň iň erbedi
bolan mende görkezsin diýip, maňa rehim edildi. 17 Bü-
tin döwürleriň Patyşasy, ölmez hem görünmez ýalňyz
akyldar Hudaýa ebedilik hormat, şöhrat bolsun! Omyn.
18 Eý oglum, Timoteos, sen özüň hakdaky ozalky py-
gamberliklere daýanyp, söweşiň iň oňadyny alyp barar
ýaly, men şol pygamberliklere laýyklykda şu buýrugy
saňa ynanýaryn. 19 Imany, dogry ynsaby sakla. Käbir
adamlar dogry ynsaby bir ýana itip, iman babatda bat-
dylar. 20 Imeneýus we Isgender bulardandyr. Men kü-
pür etmezligi öwrensinler diýip, olary şeýtana tabşyr-
dym.

—NJI BAP

### Doga we ybadat barada

2 Her zatdan öň şuny ündeýärin: biz takwa hem ag-
ras, aram we gep-gürrüňsiz ýaşar ýaly, bütin
adamlar, 2 patyşalar we häkimiýet eýeleriniň bary üçin
dilegler, dogalar, ýalbaryşlar hem şükürler edilsin.
3 Çünki bu oňat we Halasgärimiz Hudaýyň halaýan za-
dydyr. 4 Ol bütin adamlaryň gutulmagyny, hakykat bili-
mine ýetmegini isleýändir. 5 Çünki Hudaý birdir. Hudaý
bilen adam arasynda durýan ýeke-täk Töwellaçy bar-
dyr. 6 Ol hem ynsan bolan, Özüni hemmeler üçin töleg
hökmünde hödürlän Mesih Isadyr. Muňa-da öz wag-
tynda güwä geçilendir. 7 Şu maksat bilen jarçy, resul
hökmünde Mesihde hakykaty aýdýaryn, ýalan sözle-
meýärin — men ýehudy dällere imany hem hakykaty
öwrediji bolup bellendim. 8 Erkekleriň gaharlanyp je-
delleşmän, her ýerde mukaddes eller galdyryp doga
etmegini isleýärin. 9 Aýallaryň hem saç örümleri, gyzyl-
lar, hünjüler we gymmatbaha eşikler bilen däl-de, eý-
sem, ýaraşykly egin-eşikler, haýa we salykatlylyk bilen,
10 Hudaý ýolunda gezýändiklerini ykrar edýän aýallara
ýaraşýan ýagşy işler bilen özlerini bezemeklerini isleýä-
rin. 11 Aýal sessizlik, tutuşlygyna tabynlyk içinde öwren-
sin. 12 Aýalyň sapak bermegine, erkege agalyk etmegi-
ne rugsat etmeýärin, ol sessiz-üýnsüz bolsun. 13 Çünki
öňürti Adam, onsoň Howa ýaradyldy. 14 Aldanan hem
Adam däldi, aýal aldanyp, ýazykly boldy. 15 Ýöne aýal
salykatlylyk bilen, imanda, söýgüde we mukaddeslikde
bolup, çaga dogurmak bilen gutular.

—NJI BAP

### Ýygnagyň ýolbaşçylary

3 Ine, bir dogry söz: kim gözegçi bolmaga jan çek-
ýän bolsa, onda ol oňat işi arzuw edýär. 2 Şoňa gö-
rä-de, gözegçi müýnsüz, diňe bir aýalyň äri, hüşgär,
sagdyn düşünjeli, gepi-sözi ýerlikli, myhmansöýer, öw-

retmäge ukyply, 3 şeraba höwesjeň däl, igenjeň däl,
ýumşak, uruşdan gaçýan, haram gazanç etmeýän bol-
malydyr. 4 Öz öýüni oňat dolandyrmaly, doly agraslyk
bilen çagalaryna diýenini etdirmelidir. 5 Kim öz öýüni
dolandyryp bilmeýän bolsa, onda ol Hudaýyň ýygnagy-
nyň aladasyny nähili eder? 6 Gözegçi ýaňy iman getire-
niň biri bolmaly däl, ýogsa, tekepbirlik edip, iblisiň se-
zewar bolan hökmüne sezewar bolmagy mümkin.
7 Aýyplanjak ýagdaýa, iblisiň duzagyna düşmez ýaly, ol
ýygnagyň daşyndakylar tarapyndan-da oňat diýip gü-
wä geçilýän adam bolmalydyr. 8 Şonuň ýaly, ýygnagyň
hyzmatçylary hem hormatly, ikidilli däl, köp şeraba hö-
wessiz, haram gazanç etmeýän, 9 sap wyždan bilen
imanyň syryny saklaýan adamlar bolmalydyr. 10 Bular
hem öňürti synalsyn, onsoň, müýnsüz bolsalar hyzmat
etsinler. 11 Şonuň ýaly-da, aýallary hem hormatly, myja-
batçy däl, hüşgär, her zatda wepaly bolmalydyr. 12 Hyz-
matçylar diňe bir aýalyň äri, çagalaryny, öz öýlerini
oňat dolandyrýan adamlar bolsun. 13 Çünki hyzmatla-
ryny oňat berjaý edýänler özlerine oňat dereje, Mesih
Isa iman etmekde uly gaýrat gazanýandyr.

### Uly syr

14 Men az wagtdan seniň ýanyňa barmagy umyt ed-
ýärin. 15 Ýöne bulary saňa men gijä galsam, Hudaýyň
maşgalasy, ýagny hakykatyň diregi hem daýanjy bolan
diri Hudaýyň ýygnagy arasynda özüňi nähili alyp bar-
magy bilmegiň üçin ýazýaryn. 16 Hudaýyň ýolunyň syry
uludyr, muny hiç kim inkär edip bilmez. Hudaý beden-
de aýan boldy, Ruhda tassyklandy, perişdeler tarapyn-
dan görüldi, milletlere wagyz edildi, dünýäde Oňa
iman getirildi, şöhrat içinde ýokary alyndy.

## —NJI BAP

### Imandan dönüş

4 Ruh nygtap aýdýar: soňky wagtlarda käbir adam-
lar imandan däner. 2 Ynsaplaryna dag basylan ýa-
lançylaryň ikiýüzlüligi zerarly aldawçy ruhlara, jynlaryň
taglymatlaryna gulak asar. 3 Bu ýalançylar öýlenmegi
gadagan eder, iman edip, hakykaty bilýänleriň şükür
bilen iýmeleri üçin, Hudaýyň ýaradan tagamlaryndan
gaça durmagy buýrar. 4 Hudaýyň ýaradan bar zady go-
wudyr, şükür bilen kabul edilse, hiç bir zat ret edilmeli
däldir. 5 Çünki bar zat Hudaýyň sözi we doga arkaly
mukaddes edilýändir.

### Oňat hyzmatkär

6 Sen bulary doganlaryň ýadyna salsaň, imanyň, eýe-
ren oňat taglymatyň sözleri bilen ýetişdirilip, Mesih
Isanyň oňat hyzmatkäri bolarsyň. 7 Ýaramaz hekaýala-
ry, kempirleriň ertekilerini ret edip, özüňi Hudaýyň ýo-
lunda werdiş et. 8 Beden maşkynyň peýdasy azdyr, ýö-
ne häzirki we geljekki ýaşaýşyň wadasyna eýe bolan
takwalyk her ugurdan peýdalydyr. 9 Bu söz dogry söz-
dür, her jähetden makullanmaga laýykdyr. 10 Biz mu-
nuň üçin zähmet çekýäris, sögünç eşidýäris. Çünki
umydymyzy ähli adamlaryň, ylaýta-da, iman edenleriň
Halasgäri diri Hudaýa bagladyk. 11 Bu zatlary buýur,
öwret.

12 Hiç kim seni ýaşdygyň üçin äsgermezlik etmesin.
Gep-gürrüňde, ýaşaýyşda, söýgüde, Ruhda imanda we
tämiz ahlakda iman getirenlere görelde bol. 13 Men
barýançam, Mukaddes Ýazgylary ýygnaga okamak,
öwüt-ündew etmek, öwretmek bilen meşgul bol. 14 Py-
gamberlik sözi arkaly we ýaşulular guramasynyň seniň
üstüňe el goýmagy bilen özüňe berlen ruhy sylagy
gözden salma. 15 Bu işlerde yhlasly bol. Ilerleýşiňi hem-
meleriň görmegi üçin, bular bilen meşgullan. 16 Özüňe
hem taglymata dykgat et, bu işleri dowam etdir. Sebä-
bi muny etmek bilen, sen hem özüňi, hem özüňe gulak
asýanlary halas edersiň.

## —NJI BAP

### Ýygnakda özüňi alyp baryş

5 Garry adamy ynjatma, oňa öz ataň ýaly, öwüt-ün-
dew ber. 2 Ýaş ýigitlere öz doganlaryň ýaly, garry
aýallara öz eneň ýaly, ýaş aýallara hem öz aýal dogan-
laryň ýaly, tämiz ahlak bilen öwüt-ündew et. 3 Dul ha-
tynlary, çyndan dul bolsalar syla. 4 Bir dul hatynyň ça-
galary ýa agtyklary bar bolsa, onda olar öňürti öz maş-
galalaryna ýardam etmek bilen, Hudaý ýolunda gez-
megi, öz ulularyna bolan borçlaryny ödemegi öwren-
sinler. Çünki bu Hudaýyň halanydyr. 5 Çyn dul bolup,
ýeke galan hatyn umydyny Hudaýa baglaýandyr. Gije-
gündiz dileglerde, dogalarda erjellik edýändir. 6 Emma
aýşy-eşretde ýaşaýan dul hatyn dirilikde ölüdir.
7 Müýnsüz bolmagy üçin, bu zatlary olara buýur. 8 Biri
öz ýakynlarynyň, ylaýta-da, öz maşgalasynyň aladasy-
ny etmeýän bolsa, onda ol imany inkär edip, imansyz-
dan beter bolandyr. 9 Ýagşy işlerde güwä geçilýän, di-
ňe bir äre aýal bolup, altmyş ýaşdan aşak bolmadyk
dul hatyn, 10 oglan-uşak ýetişdiren bolsa, ýatlary myh-
man alan bolsa, mukaddesleriň aýaklaryny ýuwan bol-
sa, muşakgat çekýänlere ýardam eden bolsa, her bir
oňat işiň yzynda ylgan bolsa, ady dullar depderine ýa-
zylsyn. 11 Ýaş dul hatynlaryň atlaryny ýazmagy ret et.
Çünki olar höwese düşüp, Mesihden uzaklaşanlaryn-
da, äre barjak bolar. 12 Şeýlelikde, öňki imany taşlan-
dyklary zerarly, jeza sezewar bolarlar. 13 Mundan baş-
ga-da, öýin-öýin aýlanyp, ýaltalyga öwrenişerler. Diňe
ýaltalyga öwrenişmek bilen çäklenmän, eýsem, ýara-
şyksyz gepleri agza alyp, beýlekileriň işlerine garyşýan
gepçiler bolar. 14 Şonuň üçin, men ýaş dul hatynlaryň
äre barmaklaryny, çaga dogurmaklaryny, hojalygy do-
landyrmaklaryny, duşmana hiç bir myjabat üçin baha-
na bermezliklerini isleýärin. 15 Çünki käbirleri azyp, eý-
ýäm şeýtanyň yzyna eýerdi.

16 Iman eden bir erkegiň ýa aýalyň dul galan dogan-
garyndaşlary bar bolsa, olary goldasyn, imanlylar ýyg-

nagyna agram düşmesin. Şeýle, ýygnak çyn dul hatyn-
lary goldap biler. 17 Ýygnagy oňat dolandyrýan ýaşulu-
lar, ylaýta-da, Hudaýyň sözüni ýaýratmakda, öwret-
mekde zähmet çekýänler iki esse hormata laýyk görül-
sin. 18 Çünki Mukaddes Ýazgy: «Harman döwýän ökü-
ziň agzyny baglama», «Işçi öz hakyna mynasypdyr»
diýýär. 19 Iki ýa üç şaýat bolmasa, bir ýaşuly hakdaky
aýyplamany kabul etme. 20 Beýlekiler hem gorkar ýaly,
günä edýänlere hemmeleriň öňünde temmi ber.
21 Öňünden höküm etmän, hiç zatda birinden ýüz gör-
män, bu ýazanlarymy goramagyňy Hudaýyň, Mesih
Isanyň we saýlanan perişdeleriň öňünde saňa berk
tabşyrýaryn.
22 Biriniň depesine el goýmakda howlukma, başga ki-
şileriň günälerine şärik bolma. Özüňi tämiz sakla. 23 Di-
ňe suw içmän, aşgazanyň we ýygy-ýygydan bolýan nä-
hoşlugyň üçin az-kem şerap iç. 24 Käbir adamlaryň gü-
näleri bellidir, höküme olardan öň ýetýändir. Käbirleri-
niňki bolsa soň aýan bolýandyr. 25 Şonuň ýaly, oňat iş-
ler-de bellidir, belli däller-de ýaşyryn galyp bilmez.

## Hudaýyň ýolundan ýöremek

6 Gulluk boýuntyrygy astyndakylaryň hemmesi Hu-
daýyň adyna, taglymatyna dil ýetmez ýaly, öz ho-
jaýynlaryny sylag-hormata mynasyp bilsin. 2 Hojaýynla-
ry iman getiren gullar bolsa dogan bolandyklary üçin,
olary äsgermezlik etmän, gaýtam, has beter hyzmat
etsin. Çünki bu oňat hyzmatdan peýdalanýanlar iman-
ly hem söýgülidir. Bulary öwret, ünde. 3 Kim-de kim
başga taglymaty ýaýradyp, sagdyn sözleri, Rebbimiz
Isa Mesihiň sözlerini we Hudaýyň ýoluna degişli tagly-
maty oňlamaýan bolsa, 4 onda ol tekepbirdir, hiç zady
bilýän däldir, jedel, söz dawalarynyň hassasydyr. Gö-
ripçilik, çekişme, ýamanlama, erbet şübheler, 5 pikirleri
zaýalanyp, Hudaýyň ýoluny gazanç ýoly hasaplap, ha-
kykatdan mahrum bolan adamlaryň üznüksiz jedelleri
şu zatlardan ugur alýandyr. Beýle adamlardan gaça
duruň. 6 Baryňa kaýyl bolup, Hudaýyň ýolundan ýöre-
mek uly gazançdyr. 7 Çünki biz dünýä hiç bir zat getir-
medik, hiç bir zat hem äkidip bilmejegimiz bellidir. 8 Iý-
mäge, geýmäge zadymyz bar bolsa, bulara kaýyldyrys.
9 Baýajak bolýanlar bolsa synaglaryň duzagyna düşüp,
adamlary çöküşe, heläkçilige sokýan ençeme düşnük-
siz hem zyýanly höweslere ýolukýandyr. 10 Çünki her
hili erbetligiň bir köki pul söýgüsidir. Käbir adamlar
munuň yşkyna düşüp, imandan azaşdylar, köp sanjylar
bilen özlerini gynadylar. 11 Emma sen, eý Hudaý ada-
my, bu zatlardan gaç. Dogrulygyň, Hudaýyň ýolunyň,
imanyň, söýginiň, sabyr hem ýumşaklygyň yzynda yl-
ga. 12 Imanyň oňat göreşini alyp bar. Ebedi ýaşaýşa ýa-
pyş. Sen muňa çagyrylyp, ençeme şaýadyň öňünde
imany oňat ykrar edensiň. 13 Bar zada ýaşaýyş beren
Hudaýyň we Pontius Pilatusyň garşysynda oňat ykrar
eden Mesih Isanyň huzurynda saňa tabşyrýaryn,
14 Rebbimiz Isa Mesih gelýänçä, Hudaýyň buýrugyny
çirksiz we müýnsüz sakla. 15 Mübärek, täk Hökümdar,
patyşalar Patyşasy, rebler Rebbi, 16 ölümsizligiň ýeke-
täk eýesi, ýetdirmez nurda ýaşaýan, hiç bir ynsanyň
görmedik hem görüp bilmejek Hudaýy Mesihi öz wag-
tynda görkezer. Hormat hem gudrat baky Onuňky bol-
sun! Omyn.
17 Häzirki döwürdäki baýlara tekepbir bolmazlygy
tabşyr. Wepasyz baýlyga däl-de, lezzet almagymyz
üçin, her zady bize bolluk bilen beren diri Hudaýa
umyt baglasynlar. 18 Olara ýagşylyk etmegi, ýagşy işle-
re baý bolmagy, sahylygy, jomartlygy tabşyr. 19 Soňsuz
20 Eý Timoteos, özüňe ynanylyp berleni gora. Ýara-
maz, boş sözlerden, ýalan ýere bilim diýilýän gapma-
garşylyklardan ýüz dönder. 21 Bu ýalan bilimi ykrar
edip, käbir adamlar imandan azaşdylar. Hudaýyň mer-
hemeti seniň bilen bolsun! Omyn.

# 2 Timoteos

### —NJI BAP

1 Mesih Isadaky ýaşaýyş wadasy boýunça Hudaýyň
islegi bilen Mesih Isanyň resuly bolan men Paw-
lusdan, 2 söýgüli oglum Timoteosa salam! Ata Hudaý,
Rebbimiz Mesih Isa saňa merhemet hem rehim etsin,
parahatlyk bersin.

#### Hoş Habar ugrunda görgi

3 Men gije-gündiz edýän dogalarymda seni dyngysyz
ýatlap, atalarym ýaly sap wyždandan hyzmat edýän
Hudaýyma şükür edýärin. 4 Gözýaşlaryňy ýada salyp,
şatlykdan dolmak üçin seni göresim gelýär. 5 Ozal ma-
maň Loisde we eneň Ewnikide bolan hilesiz imany ýat-
laýaryn, onuň sende-de bardygyna doly ynanýaryn.
6 Şu sebäpden, ellerimi üstüňe goýmagym arkaly Hu-
daýyň saňa beren sylagyny lowurdatmagyňy ýadyňa
salýaryn. 7 Çünki Hudaý bize gorkaklyk ruhuny däl-de,
güýç, söýgi, nebsiňe buýurma ruhuny berendir. 8 Şoňa
görä, Rebbimiz hakda güwälik etmäge, Onuň ugrunda
bendi bolan maňa utanman, Hudaýyň beren kuwwaty
bilen Hoş Habaryň ugrunda meniň bilen bile görgi gör.
9 Hudaý bizi eden işlerimize görä däl-de, maksat hem
merhemetine görä gutaryp, mukaddes ýaşaýşa çagyr-
dy. Bu merhemet bize ezelden Mesih Isada berlip,
10 indi bolsa, ölümi aradan aýran, ýaşaýyş hem ölmezli-
gi Hoş Habar arkaly ýyşyga çykaran Halasgärimiz Mesih
Isanyň gelmegi bilen aýan edildi. 11 Men hem bu Hoş
Habaryň jarçysy, resuly we milletleriň öwredijisi edilip
bellendim. 12 Şu görgüleri görmegimiň sebäbi hem şu-
dur. Emma men utanmaýaryn, çünki Kime iman edeni-
mi bilýärin, Onuň maňa tabşyran zadyny 13 Menden
eşiden sagdyn sözleriňiň nusgasyny iman, Mesih Isa
bolan söýgi bilen gaýym sakla. 14 Özüňe ynanylyp ber-
len oňat taglymaty içimizde ýaşaýan Mukaddes Ruh
arkaly gora. 15 Aziýa ilindäkileriň hemmesiniň, şol san-
da Figelus hem Ermogenis dagynyň menden arany
açanyny bilýänsiň.
16 Reb Onisiforyň içersine rehimdarlyk etsin. Çünki ol
ençeme gezek janyma jan goşdy, zynjyrlar bilen bagly-
dygyma utanman, 17 Rimdekä meni gaýrat edip gözläp
tapdy. 18 Ol günde Rebden rehimdarlyk tapmagy Reb
oňa yhsan etsin! Onuň Efesde näçe hyzmat edenini se-
niň özüň gaty oňat bilýänsiň.

### —NJI BAP

#### Mesih Isanyň oňat esgeri

2 Şeýlelikde, oglum, Mesih Isadaky merhemet bilen
güýçlen. 2 Birtopar şaýatlaryň ýanynda menden
eşiden sözleriňi beýlekilere-de öwredip biljek adamlara
tabşyr. 3 Mesih Isanyň oňat esgeri bolup, meniň bilen
bilelikde görgi gör. 4 Esgerlik edýän adam özüni esger-
lige çagyrany hoşnut etjek bolup, gündelik ýaşaýyş iş-
lerine garyşýan däldir. 5 Ýaryşa gatnaşýan adam ýary-
şyň şertlerini berjaý etmese, baýrak almaz. 6 Zähmet
çeken daýhan, hasylyndan ilkinji paýy özi almalydyr.
7 Aýdýanlarym hakda oýlan. Reb saňa her zatda aň-
düşünje berer. 8 Meniň ýaýradýan Hoş Habaryma görä,
Dawudyň neslinden bolup, ölümden direlen Isa Mesihi
ýada sal. 9 Men bu Hoş Habar ugrunda, jenaýatçy ýaly,
zynjyrlar bilen baglanyp görgi görýärin. Ýöne Hudaýyň
sözi baglanan däldir. 10 Şu sebäpden, saýlananlar hem
baky şöhrat bilen birlikde Mesih Isadaky gutulyşa gow-
şar ýaly, olaryň hatyrasyna her zada döz gelýärin. 11 Bu
bir dogry sözdür: Onuň bilen bile ölen bolsak, Onuň bi-
len bile-de ýaşarys. 12 Çydasak, Onuň bilen bile höküm
süreris. Ony inkär etsek, Ol hem bizi inkär eder. 13 Biz
wepaly galmasak hem, Ol wepaly bolar. Çünki Ol Özü-
ni inkär edip bilmez.

#### Hudaýyň gowy görýän işçisi

14 Bu zatlary olaryň ýadyna sal. Eşidýänleri heläkçilige
eltmekden başga hiç bir zada peýda bermeýän söz da-
walaryny çykarmazlygy Rebbiň huzurynda olara berk
tabşyr. 15 Hakykat sözüni dogry ulanyp, özüňi gowy gö-
rülýän, utanmajak işçi hökmünde Hudaýa hödürlejek
bolup gaýrat et. 16 Ýaramaz, boş sözlerden gaça dur.
Çünki bulara baş goşýanlar hudaýsyzlykda mundan
beýläk-de ilerlärler. 17 Olaryň sözleri rak kimin ýaýrar.
Imeneýus bilen Filitus bulardandyr. 18 Olar direlişiň eý-
ýäm bolup geçendigini aýtmak bilen, hakykatdan azaş-
dylar, indi bolsa käbir adamlaryň imanyny dargadýar-
lar. 19 Emma Hudaýyň berk binasy durandyr. Ol «Reb
Özüniňkileri tanaýandyr», «Rebbiň adyna baglanan
her kes ýamanlykdan uzak dursun» diýen sözler bilen
möhürlidir.
20 Bir uly öýde diňe gyzyl, kümüş gaplar däl, eýsem,
agaç we toprakdan ýasalan gaplar-da bardyr. Olaryň
käbiri abraýly, käbiri bolsa abraýsyz iş üçindir. 21 Şeýle-
likde, eger biri özüni bu abraýsyz işlerden tämizlese,

onda ol hormatly maksatlara ýaraşykly, mukaddes edi-
len, hojaýynyna peýdaly we her bir oňat işe taýýar gap
bolar. 22 Ýaşlyk höweslerinden gaç. Sap ýürek bilen
Rebbi çagyrýanlaryň ählisi bilen birlikde dogrulyk,
iman, söýgi we parahatlyk yzyna eýer. 23 Samsyk hem
düşnüksiz jedellerden çekil. Çünki dawalaryň bulardan
turýandygyny bilýänsiň. 24 Rebbiň guly dawalaşmaly
däl, hemmelere mylakatly, öwretmäge ukyply, sabyrly
bolmalydyr. 25 Özüne garşy bolanlary ýumşaklyk bilen
ýola getirmelidir. Hakykatyň bilimine ýeter ýaly, Hudaý
olara, belki, bir toba ýoluny açar. 26 Şeýdip, olar aýylyp,
islegini ýerine ýetirmekleri üçin özlerini tussag eden
iblisiň duzagyndan gutular.

—NJI BAP

## Soňky günler

3 Şuny bil, soňky günlerde kyn pursatlar bolar.
2 Çünki adamlar özüni söýýän, pula gyzan, öwün-
jeň, tekepbir, küpür gürleýji, ene-ata boýun egmeýän,
gadyr bilmez, mukaddeslikden mahrum, 3 doňýürek,
barlyşyksyz, myjabatçy, nebsine buýurmazak, zalym
we ýagşylyga duşman bolar. 4 Dönük, ätiýaçsyz, gop-
bamsy, lezzeti Hudaýdan köp söýýän, 5 Hudaýyň ýolun-
da ýörän bolup, bu ýoluň güýjüni inkär edýänler çykar.
Beýle adamlardan arany aç. 6 Çünki ogrynça öýlere gi-
rip, günäler bilen ýükli, dürli höwesler bilen äkidilýän,
7 hemişe öwrenip-de, hiç haçan hakykat bilimine ýetip
bilmeýän gowşak aýallary tussag edýän adamlar bu-
lardandyr. 8 Ýannis bilen Ýambris Musa nähili garşy du-
ran bolsa, bular-da, şonuň ýaly, hakykata garşy durýar.
Olar pikirleri zaýalanan, imanda ret edilen adamlardyr.
9 Emma ýene ilerläp bilmezler. Çünki öňküler ýaly bula-
ryň-da akylsyzlygy hemmelere belli bolar.

## Timoteosa öwütler

10 Sen bolsa meniň taglymatymy, özümi alyp barşy-
my, maksadymy, imanymy, sabrymy, söýgimi, çydamy-
my, 11 gören azardyr görgülerimi, meselem, Antakiýa,
Konýa we Listrada başymdan geçenleri berk yzarla-
dyň. Men nähili azarlara döz geldim! Reb meni hem-
mesinden gutardy. 12 Mesih Isada Hudaýyň ýoluna my-
nasyp ýaşamak isleýänleriň bary azar çeker. 13 Emma
erbet, kezzap adamlar aldap hem aldanyp, erbetlikde
ýene ilerlär. 14 Sen bolsa kimlerden öwrenendigiňi bil-
ýänligiň üçin, öwrenen, doly ynanýan zatlaryňa bagly
gal. 15 Sen Mesih Isa bolan iman arkaly gutulyş üçin
özüňi akyldar etmegi başarýan Mukaddes Ýazgylary
oglanlykdan bäri bilýärsiň. 16 Ýazgylaryň hemmesi Hu-
daýyň ylhamy bolup, Hudaý adamy her bir oňat iş üçin
taýyn, kämil bolar ýaly, 17 öwretmek, käýemek, ýola ge-
tirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr.

—NJI BAP

4 Hudaýyň öňünde, dirileriň hem ölüleriň üstünden
hököm çykarjak Mesih Isanyň öňünde Onuň gel-
megininiň, Patyşalygynyň haky üçin saňa ündeýärin:
2 Hudaýyň sözüni wagyz et. Pursat amatly bolsun, bol-
masyn, taýýar bol. Ynsanlara doly sabyr, taglymat bilen
käýe, ýola getir, öwüt-ündew et. 3 Çünki şeýle bir zama-
na bolar, adamlar sagdyn taglymata çydaman, gulak-
laryna ýakýan sözleri diňlejek bolup, öz höweslerine
ýaraşykly mugallymlar üýşürer. 4 Gulaklaryny hakykat-
dan sowup, ertekilere tarap öwrüler. 5 Ýöne sen her
ýagdaýda hüşgär bol, görgi gör, bir Hoş Habarçy bo-
lup işläp, hyzmatyňy bitir. 6 Çünki men eýýäm Hudaýa
hödürlenen şerap kimin dökülip durun, meniň bu dün-
ýäden ötmeli wagtym geldi. 7 Men oňat söweş alyp
bardym, ýaryşy bitirdim, imany goradym. 8 Mundan
beýläk, dogrulyk täji meniň üçin taýýar durandyr. Adyl
kazy Reb ol günde ony maňa, diňe maňa däl, eýsem,
Onuň gelmegini söýýänleriň baryna-da berer.

## Aýratyn islegler we salamlar

9 Meniň ýanyma basym geljek bolup gaýrat et.
10 Çünki Dima häzirki dünýäni söýýänligi üçin, meni
taşlap Selanige gitdi. Kiriskis Galatýa, Titus hem Dal-
matýa gitdi. 11 Ýanymda diňe Luka bar. Markusy alyp
gaýt. Hyzmatymy ýerine ýetirmekde maňa kömegi de-
ger. 12 Tihikusy Efese ýolladym. 13 Geleňde Troasda Kar-
pyň ýanynda goýup gaýdan donumy, kitaplary, ylaýta-
da, gaýyş kitaplary getir. 14 Demirçi Isgender maňa kän
ýamanlyk etdi. Reb oňa edenlerine görä almytyny be-
rer. 15 Sen hem ondan ägä bol. Çünki ol biziň sözlerimi-
ze gaty garşy durdy. 16 Ilkinji goranmamda tarapymy
tutan bolmady, gaýtam, hemmeler meni taşlap gitdi-
ler. Munuň hasaby olardan soralmasyn. 17 Ýöne Huda-
ýyň wagzy men arkaly doly yglan bolup, bütin milletler
ony eşider ýaly, Reb ýanymda durup, meni güýçlendir-
di, şeýlelikde, arslanyň agzyndan gutuldym. 18 Reb
hem meni ähli ýamanlykdan gutaryp, Gökdäki Patyşa-
lygynda saklar. Ebedi şöhrat Onuňky bolsun! Omyn.
19 Priskilla, Akila we Onisiforyň içersine salam aýt.
20 Erastus Korintosda galdy. Trofimusy hassaka Militos-
da goýup gaýtdym. 21 Gyşdan öň geljek bolup gaýrat
et. Ewulus, Pudens, Linus, Klawdiýa we bütin doganlar
saňa salam aýdýar. 22 Reb Isa Mesih seniň ruhuň bilen
bolsun! Hudaýyň merhemeti siz bilen bolsun! Omyn.

# Titus

### —NJI BAP

1 Hudaýyň saýlanlarynyň imanyna görä, Hudaý ýoluna ýaraşykly bolan hakykat bilimine görä Hudaýyň guly, Isa Mesihiň resuly bolan men Pawlusdan salam! 2 Meniň bu resullygym ýalan sözlemeýän Hudaýyň ezelden wada eden baky ýaşaýşynyň umydyna daýanýar. 3 Halasgärimiz Hudaýyň buýrugy boýunça maňa tabşyrylan wagyzda Hudaý Öz sözüni amatly wagtynda aýan etdi. 4 Ortak imanymyza görä, hakyky oglum Titusa Ata Hudaý, Halasgärimiz Mesih Isa merhemet hem rehim etsin, parahatlyk bersin!

#### Titusyň Giritdäki wezipesi

5 Yza galan işleri düzeltmegiň, saňa buýruşym ýaly, her şäherde ýaşulular bellemegiň üçin, ine, şu sebäpden men seni Giritde goýup gaýtdym. 6 Kim müýnsüz, diňe bir aýalyň äri bolsa, iman eden, edepsizlikde aýyplanmadyk bolsa, terbiýeli çagalary bar bolsa, şony belle. 7 Çünki gözegçi, Hudaýyň öýüniň wekilidigi üçin, müýnsüz bolmalydyr. Başyna giden, gyzma, şeraba höwesjeň, uruşgan, haram gazanjyň yzynda ylgap ýörmän, 8 eýsem, myhmansöýer, ýagşylyk söýer, sagdyn düşünjeli, adalatly, takwa we nebsine buýrup bilýän kişi bolmalydyr. 9 Hem beýlekilere sagdyn taglymat bilen öwüt-ündew berip hem-de garşy çykanlary dymdyrar ýaly, öwredilişi ýaly, ynamly söze ýapyşmalydyr. 10 Çünki pitneçi, ýaňra we aldawçy köp adamlar bardyr. Ylaýta-da, sünnetlilikden bolanlar bulardandyr. 11 Olaryň agzyny baglamak gerek. Olar haksyz gazanç üçin, öwredilmesiz zatlary öwredip, öýleri bütinleý ýykýarlar. 12 Aralaryndan biri, olaryň öz pygamberleriniň biri: «Giritliler hemişe ýalançy, ýaman haýwan, ýalta hajymelikdir» diýipdir. 13 Bu güwälik hakdyr. Şol sebäpli ýehudy ertekilerine, hakykatdan azaşan adamlaryň buýruklaryna gulak asma, 14 gaýtam, imanda sagdyn bolmaklary üçin olara berk käýe. 15 Çünki tämiz ýürekliler üçin bar zat tämizdir. Ýöne ýüregi çirkliler, iman getirmedikler üçin hiç zat tämiz däldir, olaryň aň-düşünjeleri, ynsaplary-da çirklenendir. 16 Olar Hudaýy tanaýandyklaryny sözläp, edýän işleri bilen Ony inkär edýär. Olar ýigrenji, söze gulak asmaz bolup, hiç bir oňat işe ýararly däldir.

### —NJI BAP

#### Sagdyn taglymaty öwret

2 Emma sen sagdyn taglymata ýaraşykly bolany öwret. 2 Garry adamlara hüşgär, agras, sagdyn düşünjeli, imanda, söýgüde hem sabyrda sagdyn bolmalydyklaryny aýt. 3 Şonuň ýaly, garry aýallar hem myjabatçy, köp şerap guly däl-de, eýsem, ýaşaýyşlarynda sylaga mynasyp, ýagşylygy öwredýänler bolsun. 4 Onsoň olar Hudaýyň sözüne dil ýetirmez ýaly, ýaş gelingyzlary öz ärlerini, çagalaryny söýýän, 5 sagdyn düşünjeli, päk, öýünde işeňňir, oňat we öz ärlerine tabyn bolmagy üçin ýetişdirip bilerler. 6 Şonuň ýaly-da, ýaş ýigitlere hem sagdyn düşünjeli bolmagy ünde. 7 Özüň oňat işler edip, olara her zatda görelde görkez.

8 Bize garşy bolanlar biz hakda aýdara hiç bir ýaman gep tapman utanar ýaly, taglymatyňda sap, agras bolup, hiç kimiň aýyplap bilmejek sagdyn sözlerini aýt. 9 Gullara halasgär Hudaýymyzyň taglymaty her babatda bezär ýaly, hojaýynlaryna tabyn bolmagy, jogap gaýtarman, ogurlaman, 10 bütinleý sadyklyk görkezip, hojaýynlaryny her zatda hoşnut etmegi ünde. 11 Çünki Hudaýyň hemme ynsanlara gutulyş getiren merhemeti äşgär boldy. 12 Bu merhemet bize, hudaýsyzlygy, dünewi höwesleri ret edip, mübärek umydymyz bolan beýik Hudaý we halasgärimiz Mesih Isanyň şöhrat içinde gelmegine garaşyp, 13 häzirki dünýäde sagdyn düşünjeli, dogry we Hudaýyň ýoluna mynasyp ýaşamagymyzy öwredýär. 14 Mesih hemme ýazykdan gutulyp, Özüne degişli, ýagşylyk etmäge yhlasly halk bolmagymyz üçin, bizi tämizlejek bolup, Özüni biziň ugrumyzda pida etdi. 15 Bulary aýdyp, diňleýänlere doly ygtyýar bilen öwüt-ündew et hem-de käýe. Hiç kim seni äsgermezlik etmesin.

### —NJI BAP

#### Dürli öwütler

3 Hökümdarlara we häkimlere tabyn bolmagy, söze gulak asmagy, her bir oňat işe taýýar durmagy, 2 hiç kimi ýamanlamazlygy, igenjeň bolman, mylaýym bolup, ähli adamlara ýumşaklyk görkezmegi imanlylaryň ýadyna sal. 3 Çünki bir wagtlar biz hem aň-düşünjesiz, söze gulak asmaz, ýolundan azaşan, dürli höweslere hem-de keýplere bakna, ýamanlyk hem göriplikde ýaşap, ýigrenji, biri-birlerini ýigrenýän adamlardyk.

[4] Ýöne halasgärimiz Hudaýyň ýagşylygy, ynsana bolan
söýgüsi äşgär bolanda, [5] Ol bizi dogrulyk bilen bitiren
işlerimiz üçin däl-de, Öz rehimdarlygy bilen gutardy.
[6] Biz Onuň merhemeti bilen aklanyp, baky ýaşaýşyň
umydy içinde Onuň mirasçylary bolar ýaly, [7] täzeden
dogma ýuwşy bilen halasgärimiz Isa Mesihiň saýasyn-
da üstümize bolelin döken Mukaddes Ruhunyň täzele-
megi arkaly Ol bizi halas etdi. [8] Bu bir dogry sözdür.
Hudaýa iman edenler ýagşy işleri ýerine ýetirmek üçin
alada eder ýaly, men seniň bu zatlary nygtamagyňy is-
leýärin. Bular ynsanlar üçin oňat we peýdalydyr. [9] Boş
jedellerden, nesil şejereleri we Mukaddes Kanun hak-
daky çekişmelerden hem-de dawalardan çekil. Çünki
bular peýdasyz, biderek zatlardyr. [10] Ara bölünişik sal-
ýan adamdan birinji we ikinji ündewden soň gaça dur.
[11] Beýle adamyň ýoldan azaşyp, günä edip, öz-özüne iş
kesýänligini bilýänsiň.

### Islegler we salamlar

[12] Artemasy ýa-da Tihikusy seniň ýanyňa ýollamda,
Nikopolise — meniň ýanyma geljek bolup gaýrat et.
Çünki gyşy ol ýerde geçirmegi ýüregime düwdüm.
[13] Kanunçy Zenas bilen Apollosy ýola salaňda, hiç bir
ýetmezçilikleri bolmaz ýaly, olaryň gamlaryny iý. [14] Bi-
ziňkiler hem miwesiz ömür sürmez ýaly, gerekli zerur-
lyklara kömek üçin oňat işleri ýerine ýetirmegi öwren-
sinler. [15] Meniň ýanymdakylaryň hemmesi saňa salam
aýdýar. Imanda bizi söýýänlere salam aýt. Hudaýyň
merhemeti siziň baryňyz bilen bolsun! Omyn.

# Filimun

1 Mesih Isanyň ugrunda bendi bolan men, Pawlus-
dan, Timoteos dogandan, söýgüli işdeşimiz bolan
sen Filimuna, 2 aýal doganymyz Affiýa, söweşdeş ýol-
daşymyz Arhipusa we seniň öýüňdäki imanlylar ýygna-
gyna salam! 3 Atamyz Hudaý, Reb Isa Mesih size mer-
hemet etsin, parahatlyk bersin. Şükür we doga 4 seniň
Reb Isa bolan imanyňy, bütin mukaddeslere bolan söý-
giňi eşidip, Hudaýyma şükür edýärin. 5 Seni dogala-
rymda elmydama ýatlaýaryn. 6 Mesihde özüňize degişli
bütin ýagşy zatlary biler ýaly, özüňdäki imany beýleki-
ler bilen paýlaşmakda täsirli bolmagyň üçin doga ed-
ýärin. 7 Sebäbi men seniň söýgiň arkaly uly şatlyk hem
teselli tapdym, çünki, eý dogan, seniň saýaňda bütin
mukaddesleriň ýüregine ynjalyk berildi. Pawlusyň
Onesimus baradaky haýyşy 8 şu sebäpden gerekli bo-
lanyny saňa buýurmaga Mesihde uly batyrlygym bol-
sa-da, 9 men, garry Pawlus, şu wagt hem Mesih Isanyň
ugrunda bendiniň biri hökmünde söýginiň hatyrasyna
senden haýyş etmegi eý görýärin. 10 Men tussagdakam
özüne atalyk eden, 11 bir wagtlar saňa peýdasyz, ýöne
şindi hem saňa, hem maňa peýdasy degýän oglum
Onesimus üçin senden haýyş edýärin. 12 Ony, ýagny
ýürejigimi yzyna saňa ýollaýaryn, ony kabul et. 13 Hoş
Habaryň ugrunda tussagdakam, seniň ýeriňe maňa
hyzmat etmegi üçin, ony öz ýanymda alyp galmak isle-
ýärdim, 14 ýöne etjek ýagşylygyň mejbury ýaly däl-de,
meýletin bolar ýaly, senden soragsyz hiç bir zady et-
mek islemedim. 15 Belki-de, onuň wagtlaýynça senden
aýrylmagy, ony hemişelik yzyna almagyň üçin bolan-
dyr. 16 Ony indi bir gul däl-de, guldan artykmaç söýgüli
dogan hökmünde yzyna alarsyň. Ol ylaýta-da meniň
üçin, has-da seniň üçin hem bedende, hem-de Rebde
bir söýgüli dogandyr. 17 Şoňa görä, meni öz ýoldaşyň
hökmünde görýän bolsaň, ony meni kabul edýän ýaly
kabul et. 18 Ol saňa her hili erbetlik eden bolsa ýa-da
bir borjy bar bolsa, muny maňa ýaz. 19 Men Pawlus,
muny öz elim bilen ýazýaryn, özüm bererin. Seniň hem
öz ýaşaýşyň bilen maňa borçludygyňy aýtmagymyň
geregi ýok. 20 Hawa, dogan, Rebde maňa bir peýdaň
degsin, Mesihde ýüregime ynjalyk ber. 21 Sözüme gu-
lak asjagyňa ynam edip, aýdanlarymdan hem känräk
etjegiňi bilip saňa ýazýaryn. 22 Şonuň bilen birlikde,
maňa-da galara ýer taýynla. Çünki dogalaryňyz arkaly
size bagyşlanaryn diýen umydym bar.

### Salamlar

23 Mesih Isa ugrunda meniň bilen tussagda bile bol-
ýan Epafra, 24 işdeşlerim Markus, Aristarkus, Dima we
Luka saňa salam aýdýarlar. 25 Rebbimiz Isa Mesihiň
merhemeti siziň ruhuňyz bilen bolsun! Omyn.

# Ýewreýler

—NJI BAP

### Ogul perişdelerden üstündir

1 Hudaý gadym zamanlarda pygamberler arkaly
ençeme gezek dürli ýollar bilen atalarymyz bilen
gepleşipdir. 2 Ol soňky wagtlarda hem bar zadyň mi-
rasçysy edip belläni we Ol arkaly älemi ýaradan Oglun-
da biziň bilen gepleşdi. 3 Ogul Hudaýyň şöhratynyň
ýalkymy, Onuň barlygynyň keşbi bolup, bar zady gud-
ratly sözi bilen saklap, bizi günälerden tämizländen
soň, Gökde Şöhratlynyň sagynda oturdy. 4 Ol perişde-
lerden näçe üstün ady miras alan bolsa, şonça-da olar-
dan üstün boldy. 5 Çünki Hudaý heý-de perişdeleriň bi-
rine: «Sen Meniň Oglumsyň, Men bu gün Seniň Atań
boldum», «Men Oňa Ata, Ol-da Maňa Ogul bolar» di-
ýipmi? 6 Ýene Hudaý Özüniň ilkinji doglan Ogluny dün-
ýä iberende: «Hudaýyň ähli perişdeleri Oňa sežde et-
sin» diýýär. 7 Perişdeler hakda: «Ol perişdelerini ýel,
hyzmatkärlerini ot ýalny edýändir» diýýän bolsa, 8 Ogly
hakda: «Eý Hudaý, Seniň tagtyň bakydyr, dogrulyk ha-
sasy Seniň Patyşalygyň hasasydyr» diýýär. 9 «Sen dog-
rulygy söýüp, kanunsyzlygy ýigrendiň. Munuň üçin Hu-
daý — Seniň Hudaýyň Seni şatlyk ýagy bilen ýoldaşla-
ryňdan artyk mesh etdi». 10 Ýa Reb, başlangyçda Ýeriň
düýbüni Sen tutduň. Gök hem Seniň elleriňiň işidir.
11 Olar ýogalar, diňe Sen galarsyň. Hemmesi bir eşik
ýaly köneler. 12 Olary bir geýim ýaly düýrersiň, olar üýt-
gär. Emma Sen şol durşuňa durarsyň, Seniň ýyllaryň
tükenmez». 13 Hudaý perişdeleriň birine heý: «Duş-
manlaryňy aýaklaryň astyna basgançak edýänçäm,
Meniň sagymda otur» diýipmi? 14 Perişdeleriň ählisi
gutulyşy miras aljaklara hyzmat etmek üçin iberilen
hyzmatkär ruhlar dälmi näme?

—NJI BAP

### Uly gutulyş

2 Şonuň üçin eşidenlerimizden daşlaşmaz ýaly, ola-
ra has köp üns bermelidiris. 2 Çünki perişdeler ar-
kaly aýdylan söz berk bolup, her bir jenaýat, söze gu-
lak asmazlyk öz adalatly almytyny alan bolsa, 3 Onda
şeýle uly gutulyşy görmezlige salsak, biz nähili gaçyp
bileris? Bu gutulyşy ozal başda Reb yglan etdi, Ondan
eşidenler bolsa ony bize tassykladylar. 4 Hudaý hem
muňa alamatlar, mugjyzalar, dürli gudratlar, Öz islegi
boýunça paýlan Mukaddes Ruh sylaglary bilen güwälik
etdi.

### Isa imanlylara dogan diýmekden utanmaýar

5 Ol biziň gürrüňini edýän geljekki dünýämizi periş-
delere tabyn edenok. 6 Ýöne biri bir ýerde şeýle güwä
geçip diýdi: «Sen ony ýatlar ýaly, ynsan näme? Oňa üns
berer ýaly, ynsan ogly näme? 7 Ony perişdelerden az-
kem 8 Bar zady Onuň aýaklarynyň astynda goýduň».
Hudaý bar zady Oňa tabyn etdi, Oňa bagly däl zat goý-
mady. Ýöne welin hemme zadyň Oňa baglydygyny biz
entek görmeýäris. 9 Emma perişdelerden az-kem pes
tutulan Isa Hudaýyň merhemeti bilen her ynsan üçin
ölümi dadar ýaly, gören ölüm görgüsi üçin şöhrat hem
hormat täjiniň geýdirilenini görýäris. 10 Ençeme ogulla-
ry şöhrata ýetirýärkä, olaryň gutulyşynyň Öňbaşçysyny
görgüler arkaly kämillige ýetirmek hemme zadyň Özi
üçin we Özi arkaly bar bolan Hudaýa ýaraşyklydy.
11 Çünki mukaddes eden bilen mukaddes edilenleriň
hemmesi bir Atadandyr. Şonuň üçin hem Isa olara do-
gan diýmekden utanmaýar. Şeýle diýýär: 12 «Seniň ady-
ňy doganlaryma yglan ederin, ýygnagyň ortarasynda
Saňa öwgüli nagmalar aýdaryn». 13 Ýene: «Men Oňa
ynam ederin», «Ine, Men we Hudaýyň Maňa beren ça-
galary» diýýär. 14 Çagalaryň et hem gandandygyna gö-
rä, Özi hem olaryňky bilen bir adam sypatyna girdi. Ol
muny ölüm güýjüne eýe bolany, ýagny iblisi ölüm ar-
kaly ýogaltjak, 15 ömürboýy ölüm gorkusy zerarly gul
bolanlaryň hemmesini erkinlige ýetirjek bolup etdi.
16 Çünki Ol, elbetde, perişdelere ýardam etmän, Ybra-
ýymyň neslinden bolanlara ýardam edýär. 17 Şonuň
üçin Ol halkyň günälerini Hudaýa bagyşlatmak, Huda-
ýyň gullugynda rehimdar hem sadyk Baş Ruhany bol-
mak üçin, her taýdan doganlaryna meňzemeli boldy.
18 Şeýlelik bilen, synalanda Özüniň görgi gören zatla-
rynda synalýanlara kömek bermegi başarýar.

—NJI BAP

### Isa we Musa

3 Şonuň üçin, eý, asmandan gelen çakylyga şärik
bolan mukaddes doganlar, biziň ykrar eden ima-
nymyzyň Resuly hem Baş Ruhanysy Isa serediň. 2 Ol
Musanyň, Hudaýyň tutuş öýünde sadyk galyşy ýaly,
Özüni belläne wepadar galdy. 3 Öýi ýasanyň öýden kän
hormat görşi ýaly, Isa-da Musanyňkydan beýik şöhrata
mynasyp görüldi. 4 Çünki her öý biri tarapyndan ýasal-

ýar, Hudaý bolsa bar zady ýasandyr. 5 Musa geljekde
sözlenjek sözlere güwä geçmek üçin, Hudaýyň bütin
öýünde bir hyzmatkär bolup sadyk galdy. 6 Emma Me-
sih Onuň öýüne jogapkär Ogul hökmünde sadykdyr.
Batyrlygymyzy, magtanýan umydymyzy soňuna çenli
berk saklasak, Onuň öýi bizdiris.

### Imansyzlyk barada duýduryş

7 Şonuň üçin Mukaddes Ruhuň aýdyşy ýaly: «Bu gün
Onuň sesini eşitseňiz, 8 çölde synalan günüňizdäki pit-
nede bolşy ýaly, ýüregiňizi gatatmaň. 9 Atalaryňyz ol
ýerde Meni barlap synadylar, kyrk ýyllap Meniň edýän-
lerimi görüp gezdiler. 10 Şonuň üçin Men bu nesle ga-
harlanyp: olar elmydam ýüreklerinde azaşýar, Meniň
ýollarymy bilmediler diýdim. 11 Gaharlananymda: olar
dynçlyk ülkäme girmez! diýip ant içdim». 12 Eý dogan-
lar, habardar boluň, siziň biriňizde diri Hudaýdan daş-
laşan imansyzlygyň erbet ýüregi bolaýmasyn. 13 Siziň
hiç biriňiziň ýüregiňiz günäniň aldawçylygy bilen gata-
maz ýaly, «gün şu gündür» diýilýärkä, her gün biri-biri-
ňizi ruhlandyryň. 14 Çünki başlangyçdaky ynamy soňu-
na çenli berk saklasak, bu Mesihe şärik boldugymyz-
dyr. 15 Ozal aýdylyşy ýaly, «Bu gün Onuň sesini eşitse-
ňiz, pitnede bolşy ýaly, ýüregiňizi gatatmaň». 16 Onuň
sesini eşidip hem pitne turzanlar kimlerdi? Musa arka-
ly Müsürden çykarylanlaryň hemmesi dälmidi? 17 Hu-
daý kyrk ýyllap kime gaharlandy? Günä edip, maslykla-
ry çölde serlip galanlara dälmi? 18 Sözüne gulak asma-
ýanlardan başga Öz dynçlyk ülkesine kimler girmez di-
ýip ant içdi? 19 Biz, imansyzlyk edendikleri üçin, olaryň
girip bilmändiklerini görýäris.

## —NJI BAP

### Hudaýyň dynçlyk ülkesi

4 Şonuň üçin Onuň dynçlyk ülkesine girme wadasy
heniz ýerindeligine görä, sizden biri muňa ýetmän
galaýmasyn diýip gorkuda bolalyň. 2 Çünki Hoş Habar
bize wagyz edilişi ýaly, olara-da wagyz edildi, ýöne eşi-
den sözlerini iman bilen utgaşdyrmandyklary üçin,
onuň olara peýdasy bolmady. 3 Dünýäniň ýaradylyşy-
nyň başynda işlerini tamamlan Hudaýyň: «Gaharlana-
nymda: olar dynçlyk ülkäme girmezler diýip ant içdim»
diýşi ýaly, biz iman getirenler bu dynçlyga gireris.
4 Çünki bir ýerde ýedinji gün hakda: «Ýedilenji gün Hu-
daý ähli işini tamamlady we şol gün dynç aldy» diýip-
dir. 5 Ýene-de şol ýerde: «Olar dynçlyk ülkäme girmez»
diýýär. 6 Şeýlelikde, Hoş Habary ilki eşidenler söze gu-
lak asmandyklary üçin, ol dynçlyga girip bilmediler, ýö-
ne käbir girjekler bar. 7 Şonuň üçin Hudaý köp wagt-
dan soň, Dawut arkaly aýdylyşy ýaly: «Bu gün Onuň se-
sini eşitseňiz, ýüregiňizi gatatmaň» diýende, «bu gün»
diýmek bilen ýene bir güni belleýär. 8 Çünki Ýeşu olary
dynçlyga ýetiren bolsa, onda Hudaý mundan soň baş-
ga günüň gürrüňini etmezdi. 9 Şeýlelikde, Hudaýyň
halky üçin ýene bir sabat gününiň dynçlygy galýar.
10 Hudaý Öz işlerinden nähili dynç alan bolsa, Onuň
dynçlygyna giren hem öz işlerinden şeýle dynç alan-
dyr. 11 Şeýlelikde, hiç kim olaryň pitnesinden görelde
alyp ýykylmaz ýaly, ol dynçlyga girmek üçin gaýrat
edeliň. 12 Hudaýyň sözi diri hem täsirlidir, her bir iki
ýüzli gylyçdan kesgirdir. Ol jan hem ruhy, bogunlary
hem ýiligi bölýänçä batýandyr, ýüregiň düşünjeleridir
niýetlerine höküm edýändir. 13 Hudaýdan gizlin hiç bir
mahluk ýokdur, hasap bermeli Hudaýymyzyň gözleri-
niň öňünde ähli zat ýalaňaç hem açykdyr.

### Baş ruhanymyz Isa

14 Gökden geçen uly Baş Ruhanymyz, Hudaýyň Ogly
Isamyzyň barlygyna görä, ykrar eden imanymyzy berk
tutalyň. 15 Çünki biziň ejizliklerimize gynanyp bilmeýän
däl, eýsem, her zatda biziň ýaly synalyp, günä etmedik
bir Baş Ruhanymyz bardyr. 16 Rehimdarlyga gowşup,
gerek wagtynda bize kömek berjek merhemeti tapar
ýaly, Hudaýyň merhemet tagtyna ynam bilen golaýla-
şalyň.

## —NJI BAP

5 Her bir baş ruhany, günäleriň tölegine sylaglar
hem gurbanlar hödürlär ýaly, adamlar arasyndan
saýlanyp, Hudaýa degişli zatlarda olara wekillik etmek
üçin bellenýär. 2 Nadanlara, ýoldan azaşanlara ýumşak
bolmagy başarýar, çünki özüniň hem ejizlikleri bar. 3 Ol
şu sebäpli halk üçin bolşy ýaly, öz günäleri üçin hem
gurban bermäge borçludyr. 4 Adam baş ruhany bolma
hormatyny öz-özüne berip bilenok. Ol Harun ýaly, Hu-
daý tarapyndan çagyrylyp alýar. 5 Şonuň ýaly, Mesih
hem baş ruhany bolmak üçin öz-özüni şöhratlandyra-
nok, Ony «Sen Meniň Oglumsyň, Men bu gün Seniň
Ataň boldum» diýen şöhratlandyrdy. 6 Başga bir ýerde-
de diýýär: «Melkisedek düzgüni boýunça, Sen hemişe-
lik ruhanysyň». 7 Mesih ýer ýüzünde bolan günlerinde
Özüni ölümden gutarmagy başarýan Hudaýa uly per-
ýat, gözýaşlar bilen dogalar hem ýalbaryşlar hödürläp,
takwalygy üçin eşidildi. 8 Ol Ogul hem bolsa, gören
görgülerinden söze gulak asmagy öwrendi. 9 Kämilleş-
dirilip, Hudaý tarapyndan Melkisedek düzgüni boýun-
ça Baş Ruhany adyny aldy. 10 Sözüne gulak asanlaryň
hemmesi üçin baky gutulyş çeşmesi boldy.

### Kämillige tarap ilerläliň

11 Bu barada berjek köp gürrüňimiz bar, ýöne siziň
eşitmäge islegsizligiňiz üçin, düşündirmek kyn. 12 Öw-
rediji bolmaly wagtyňyz gelip ýeten hem bolsa, siz biri-
niň Hudaýyň sözüniň ilkinji esaslaryny gaýtadan özüňi-
ze öwretmegine mätäç. Size agyr damak däl-de, süýt
gerek. 13 Kim süýt emýän bolsa, ol çaga, dogrulyk sö-
zünde tejribesizdir. 14 Agyr damak kemala gelenlere,
ýagny saýgarma ukyplary ýagşy bilen ýamany tanama-
ga öwrenişdirilip, terbiýe edilenlere berilýändir.
6 Şonuň üçin Mesih baradaky başlangyç tälimi yzda
galdyryp, ölüm getirýän işlerden toba etmäniň,

Hudaýa imanyň, 2 çokundyrmalar, el goýmalar, ölüleriň direlişi we ebedi höküm baradaky taglymatyň düýbüni ýaňadandan tutman, kämillige tarap ilerläliň. 3 Hawa, Hudaý rugsat berse, muny edeliň 4 Çünki bir gezek ýagtyldyp, asman sylagyny dadyp, Mukaddes Ruha şärik edilip, 5 Hudaýyň oňat sözüni, geljekki döwrüň güýçli işlerini dadanyndan soň, 6 ýoldan çykanlary toba üçin ýaňadandan täzelemek mümkin däl. Sebäbi olar Hudaýyň Ogluny özleri üçin gaýtadan haça çüýläp, biabraý edýärler. 7 Üstüne ýygy-ýygydan düşen ýagyşdan içýän, özüni bejerene peýdaly ösümlikler bitirýän ýere Hudaý bereket inderýär. 8 Emma tikendir gyzgany bitirýän ýer dereksizdir, gargyşa golaýdyr, soňy ýanmakdyr. 9 Eý söýgüli doganlar, biz beýle geplesek-de, siziň gutulyş babatda has oňat zatlara eýedigiňize ynanýarys. 10 Hudaý siziň işiňizi, mukaddeslere hyzmat edip hem-de hyzmat etmegi dowam etdirmek bilen, Öz adyna görkezen söýgiňizi unudar ýaly, adalatsyz däldir. 11 Biz, siz ýalta bolman, gaýtam, wada edilenleri iman hem sabyr arkaly miras alanlardan görelde alar ýaly, 12 umydyňyzdan doly arkaýyn bolmak üçin, her biriňiziň şol gaýraty soňuna çenli görkezmegiňizi isleýäris.

### Hudaýyň wadasy

13 Hudaý Ybraýyma wada berende, Özünden uly bolan biriniň adyndan ant içip bilmäni üçin, Öz adyndan ant içip: 14 «Hakykatdan-da, saňa berekedi boldan bererin, seniň zürýadyňy gaty köpelderin» diýdi. 15 Şeýlelikde, sabyrly garaşan Ybraýym wada ýetdi. 16 Adamlar özünden ulynyň adyndan ant içýär. Olar üçin ant aýdylany tassyklap, hemme jedelleri soňlaýar. 17 Şonuň üçin Hudaý-da Öz maksadynyň üýtgewsizligini wadanyň mirasçylaryna has anyk görkezjek bolup, wadany ant bilen tassyklady. 18 Ol muny öňümizde goýlan umyda ýapyşjak bolup gaçan biziň Hudaýyň ýalan sözlemegi mümkin bolmadyk iki üýtgewsiz zady arkaly uly teselli tapmagymyz üçin etdi. 19 Biziň jan labyry ýaly ynamly hem berk bolan bu umydymyz tutynyň aňrysyna geçýändir. 20 Isa Melkisedek düzgüni boýunça ebedi Baş Ruhany bolup, öňbaşçymyz hökmünde biziň üçin ol ýere girdi.

## —NJI BAP

### Ruhany Melkisedek

7 Bu Melkisedek Salem patyşasy hem-de beýik Hudaýyň ruhanysydy. Ol patyşalary derbi-dagyn edip gelýän Ybraýymy garşylap, oňa ak pata berdi. 2 Ybraýym hem oňa bar zadyň ondan birini berdi. «Melkisedek» ozal adynyň manysy boýunça «dogrulyk patyşasydyr», soň hem «Salem patyşasy», ýagny parahatlyk patyşasydyr. 3 Onuň atasy, enesi, nesil şejeresi belli däl. Günleriniň ne başy, ne-de ömrüniň soňy bar. Ýöne Hudaýyň Ogluna meňzedilip, mydamlyk ruhany bolup galýar. 4 Biziň uly atamyz Ybraýymyň alan oljalaryndan ondan birini beren bu adamy, görüň, nähili uly! 5 Lewi ogullaryndan bolup, ruhanylyk wezipesini alanlaryň halkdan, ýagny Ybraýymyň tohumyndan hem bolsalar, öz doganlaryndan Mukaddes Kanun boýunça ondan birini almaly diýen buýruklary bardy. 6 Emma Melkisedek Lewi neslinden bolmasa-da, wadalary alan Ybraýymdan ondan birini alyp, oňa ak pata beripdir. 7 Kiçiniň ak patany özünden uludan alýandygy gürrüňsizdir. 8 Bu ýerde ölümli adamlar ondan birini alýar, ýöne ol ýerde ýaşaýanlygyna güwälik berilýän alýar. 9 Hatda ondan birini alan Lewi hem Ybraýym arkaly ondan bir beripdir diýseň boljak. 10 Çünki Melkisedek Ybraýymy garşylan mahaly Lewi entek atasynyň bilindedi.

### Täze ruhanylyk düzgüni

11 Şeýlelikde, kämillige lewili ruhanylyk arkaly ýetilýän bolsady — çünki halk bu ruhanylyk astynda Mukaddes Kanuna gowuşdy — onda Harun düzgüni boýunça däl-de, Melkisedek düzgüni boýunça başga bir ruhanynyň gelmegi nämä gerekdi? 12 Çünki ruhanylyk üýtgände, Kanunyň hem üýtgemegi zerurdyr. 13 Beýle gürrüňi edilýän adam başga taýpadan. Bu taýpadan hiç kim gurbanlyk edilýän ýerde hyzmat etmändir. 14 Rebbimiziň Iuda taýpasyndandygy aýdyň. Musa bu taýpadan gürrüň edende, ruhanylar hakda hiç bir zat aýtmandy. 15 Melkisedege meňzeş başga bir ruhanynyň ýüze çykmagy bu aýdanymyzy öňküsinden hem aýdyňrak görkezýär. 16 Ol, Kanunyň ata-baba baradaky şertine görä däl-de, tükenmez ýaşaýşyň güýjüne görä ruhany bolupdyr. 17 Çünki «Melkisedek düzgüni boýunça, sen hemişelik ruhanysyň» diýip güwä geçilýär. 18 Ozalky buýruk gowşaklygy hem peýdasyzdygy zerarly ýatyryldy. 19 Çünki Kanun hiç bir zady kämilleşdirmedi. Munuň ýerine bizi Hudaýa ýakynladýan öňküden oňat bir umyt berildi. 20 Bu antsyz bolmady. Beýlekiler bolsa antsyz ruhany bolupdylar. 21 Emma Ol özüne: «Reb ant içdi, Ol dänmez. Sen mydamlyk ruhanysyň» diýeniň anty arkaly ruhany boldy. 22 Isa bu ant bilen has oňat ähtiň kepili boldy. 23 Ozalky ruhanylar köpdüler. Çünki ölüm olaryň wezipede galmagyny bökdeýärdi. 24 Emma Isanyň, baky galýanlygy üçin, üýtgewsiz ruhanylygy bardyr. 25 Şu sebäpden Ol Özi arkaly Hudaýa ýakynlaýanlary bütinleý gutarmagy başarýar. Çünki olara töwella etmek üçin hemişe diri.

### Täze ähtiň Baş Ruhanysy

26 Bize şeýle, mukaddes, ýazyksyz, çirksiz, günäkärlerden arany açan we Gökden ýokary çykarylan Baş Ruhany gerekdi. 27 Ol beýleki ruhanylar ýaly, her gün öňürti öz günäleri, soňra-da halkyň günäleri üçin gurban hödürlemäge mejbur däl. Çünki Ol Özüni hödürlemek bilen, muny bir gezekde bitirdi. 28 Mukaddes Kanun ejiz adamlary baş ruhany edip belleýär, kanundan soň gelen ant sözi bolsa Hudaýyň hemişelik kämilleşdirilen Ogluny Baş Ruhany edip goýdy.

—NJI BAP

8 Aýdanlarymyzyň özeni şunda: biziň Gökde, hem-
meden Ulynyň tagtynyň sagynda oturyp, 2 Mukad-
des ýeriň, ýagny ynsanyň däl-de, Rebbiň guran hakyky
çadyrynyň hyzmatyny edýän bir Baş Ruhanymyz bar.
3 Her bir baş ruhany sylaglar hem gurbanlar hödürle-
mek üçin bellenýär. Bu sebäpden biziň Baş Ruhanymy-
zyň hem hödürläre bir zady bolmaly. 4 Özi ýer ýüzünde
bolan bolsa, Mukaddes Kanun boýunça sylaglary hö-
dürleýänleriň barlygy üçin Ol ruhany bolmazdy. 5 Bular
Musa berlen görkezmä görä, asmana degişli zatlaryň
nusgasy hem kölegesine hyzmat edýärler. Çünki Musa
çadyry gurajak bolup ýörkä, Hudaý oňa: «Ähli zady
dagda saňa görkezilen nusga görä etjek bol» diýipdi.
6 Indi bolsa Isa has oňat wadalar üstünde guralan has
oňat ähtiň töwellaçysy bolşy ýaly, şonça-da uly gulluga
eýe boldy. 7 Ilkinji äht müýnsüz bolan bolsady, onda
ikinji gerekli bolmazdy. 8 Çünki Hudaý Öz halkyny
müýnli görüp, şeýle diýýär: «Ine Ysraýyl halky bilen, Ýa-
huda halky bilen täze äht baglaşjak günlerim gelýär.
Reb şeýle diýýär. 9 Bu olaryň atalaryny Müsür ýurdun-
dan çykarjak bolup, ellerinden tutan günüm olar bilen
baglan ähtim ýaly bolmaz. Çünki olar ähtime bagly bo-
lup galmadylar, Men hem olary indemedim, Reb diý-
ýär. 10 Ol günlerden soň, Reb diýýär, Ysraýyl halky bilen
baglajak ähtim ine, şu: Öz kanunlarymy olaryň aňyna
berip, bulary ýüreklerine ýazaryn. Men olaryň Hudaýy,
olar hem Meniň halkym bolar. 11 Indi hiç kim öz goňşu-
syna 12 Olaryň nädogrulyklaryna rehimli bolaryn, günä-
lerini hiç haçan ýada salmaryn». 13 Hudaý «täze äht»
diýmek bilen, ilkinjiniň könelendigini görkezýär. Wagty
geçen, könelen zat bolsa ýogalmaga golaýdyr.

## Dünewi ybadathana

9 Ilkinji ähtiň hem ybadat dessurlary, dünewi yba-
dathanasy bardy. 2 Bir çadyr gurlupdy. Mukaddes
Jaý diýilýän birinji bölümde şemdan, saçak, Hudaýa
hödürlenip goýlan çörekler bolardy. 3 Ikinji tutynyň
aňyrsynda Iň Mukaddes Jaý diýilýän içki bölüm bardy.
Altyn buhurdan, bütinleý gyzyl bilen gaplanan äht san-
dygy bu ýerdedi. 4 Sandygyň içinde gyzyldan ýasalan
manna gaby, Harunyň güllän hasasy, ýüzi ýazgyly daş
sahypalar bardy. 5 Sandygyň üstünde günäleriň ötül-
ýän ýerine kölege salyp duran şöhrat kerubileri 6 Şeýle
gurluşda ruhanylar mydama çadyryň ilkinji bölümine
girip, Hudaýa hyzmatlaryny berjaý edýär. 7 Emma içki
bölüme ýylda bir gezek diňe baş ruhany girýär. Ol hem
özi üçin, halkyň nadanlykdan eden ýazyklary üçin hö-
dürlän gurbanynyň gany bolmasa, girip bilmez. 8 Şeý-
lelikde, Mukaddes Ruh çadyryň ilkinji bölümi barka,
mukaddes ýere gidýän ýoluň heniz belli däldigini gör-
kezýär. 9 Bu-da häzirki zaman üçin bir mysal bolup, hö-
dürlenen sylaglar hem gurbanlaryň ybadat eden ada-
myň wyždanyny kämilleşdirmegi başarmanlygyny gör-
kezýär. 10 Bular diňe iýme, içme we dürli dini ýuwun-
malara degişli bolup, täze düzgüniň başlangyjyna çenli
goýlan beden baradaky dessurlardyr.

## Mesihiň gany

11 Emma Mesih geljekki oňat işleriň baş ruhanysy bo-
lup geldi. Ol ynsan eli bilen ýasalmadyk, ýagny bu ýa-
radylyşdan bolmadyk has uly, has kämil çadyrdan ge-
çip, 12 Mukaddes ýere girip, erkeçleriň, göleleriň gany
bilen däl-de, Öz gany bilen bir gezekde ebedi gutulyşy
gazandy. 13 Çünki erkeçler bilen öküzleriň gany, hapa-
laryň tämizligi üçin göläniň olaryň üstüne sepilýän küli
olary mukaddes edýän bolsa, 14 onda Özüni ebedi Ruh
arkaly Hudaýa müýnsüz hödürlän Mesihiň gany diri
Hudaýa ybadat etmegimiz üçin biziň ynsabymyzy ölüm
getirýän işlerden näçe artykmaç tämizlär! 15 Şu sebäpli
hem, Mesih birinji äht astynda edilen jenaýatlary ba-
gyşlatjak bolup, gutulyş gazandyrýan gurban hökmün-
de öldi, çagyrylanlar ebedi mirasy alsynlar diýip, täze
ähtiň töwellaçysy boldy. 16 Çünki wesetnamanyň bar
ýerinde weset edeniň ölenini subut etmek gerekdir.
17 Çünki wesetnama diňe biri ölenden soň kanunydyr.
Weset eden şindi dirikä, wesetnamanyň asla güýji bol-
maz. 18 Şu sebäpli birinji äht hem gansyz berkarar edil-
medi. 19 Musa Mukaddes Kanunyň her buýrugyny bü-
tin halka bildirenden soň, gyp-gyzyl ýüňi, zufa otuny,
suw bilen göleleriň hem-de erkeçleriň ganyny alyp, ki-
tabyň, bütin halkyň üstüne sepip: 20 «Bu Hudaýyň size
buýran ähtiniň ganydyr» diýdi. 21 Şeýle hem, çadyryň,
ybadatda ulanylýan ähli gaplaryň üstüne-de gan sepdi.
22 Mukaddes Kanun boýunça zatlaryň hemmesi diýen
ýaly gan bilen tämizlenýär. Gan dökülmän, bagyşlan-
ma bolmaz. 23 Şeýlelikde, Gökde bolan zatlaryň nusga-
laryny bu gurbanlar bilen, ýöne Gökdäki asyllaryny bu-
lardan gowy gurbanlar bilen tämizlemek gerekdi.
24 Çünki Mesih aslyň nusgasy bolup, ynsan eli bilen ýa-
salan mukaddes ýere däl-de, biziň üçin Hudaýyň öňün-
de görünjek bolup, asyl Göge girdi. 25 Ol baş ruhany-
nyň ýylyň-ýylyna kesekiniň gany bilen Iň Mukaddes Ja-
ýa girişiniň tersine, Özüni öwran-öwran hödürlemek
üçin hem Göge girmedi. 26 Beýle bolsa, Ol dünýäniň
gurluşyndan bäri öwran-öwran ölmeli bolardy. Emma
indi bir gezekde Özüni gurban etmek bilen, günäni
aradan aýyrmak üçin döwürleriň ahyrynda göründi.
27 Bir gezek ölüp hem ondan soň höküm edilmek yn-
sanlaryň ýazgydynda nähili bar bolsa, 28 şonuň ýaly,
Mesih hem köp adamlaryň günälerini götermek üçin,
bir gezek gurban edildi. Emma ol ikinji gezek günäni
götermek üçin däl-de, Özüne garaşýanlara gutulyş ge-
tirmek üçin görner.

## Iň soňky gurban

10 Mukaddes Kanun geljekki oňat zatlaryň asly
däl-de, kölegesidir. Şu sebäpli her ýyl üznüksiz
hödürlenen şol bir gurbanlar bilen Hudaýa ýakynlanla-
ry hiç haçan kämillige ýetirip bilmez. 2 Ýetirip bilsedi,

onda gurban hödürlemek bes edilmezmidi? Çünki yba-
dat edenlerde bir gezek günäden tämizlenenden soň,
indi günä aňy galmazdy. 3 Emma ol gurbanlar günäle-
riň barlygyny her ýyl ýada salýar. 4 Çünki öküzleriň, er-
keçleriň gany bilen günäleriň aýrylmagy mümkin däl-
dir. 5 Munuň üçin Mesih dünýä gelýärkä diýýär: «Gur-
ban, sowgat islemän, Maňa bir beden taýýarladyň.
6 Ähli ýakylýan sowgatlary, günä üçin hödürlenýän
gurbanlary halamadyň. 7 Şonda Men diýdim: Kanun ki-
tabynda Men hakda ýazylyşy ýaly, Seniň islegiňi berjaý
etjek bolup, Eý Hudaýym, ine, Men geldim». 8 Ozal Ka-
nuna görä hödürlenenler hakda «gurbanlary, sowgat-
lary, ähli ýakylýan sowgatlary, günä üçin hödürlenýän
gurbanlary islemediň, halamadyň» diýdi. 9 Soňra-da
«Eý Hudaý, Seniň islegiňi berjaý etjek bolup, ine, Men
geldim» diýdi. Şeýdip, Mesih ikinjini berkarar etmek
üçin, birinjini aradan aýyrýar. 10 Biz bu isleg boýunça
Isa Mesihiň bedeniniň bir gezek hödürlenmegi bilen
mukaddes edildik. 11 Her bir ruhany bolsa günuzyn du-
rup, gulluk edip, günäleri asla ýuwup bilmeýän şol bir
gurbanlary öwran-öwran hödürleýär. 12 Emma Mesih
günäleriň deregine hemişelik üçin diňe bir gurban hö-
dürländen soň, Hudaýyň sagynda oturdy. 13 Şondan
bäri hem duşmanlarynyň Öz aýaklarynyň astyna bas-
gançak edilmegine garaşýar. 14 Çünki mukaddes edi-
lenleri diňe bir gurban bilen hemişelik kämillige ýetir-
di. 15 Mukaddes Ruh hem bu hakda bize güwä geçýär.
Ilki: 16 «Reb: Ol günlerden soň olar bilen baglajak äh-
tim budur diýýär: Kanunlarymy olaryň ýüregine goýup,
bulary aňlaryna ýazaryn» diýýär. 17 Onsoň: «Indi olaryň
günälerini, kanunsyzlyklaryny ýada salmaryn» diýýär.
18 Bularyň bagyşlanan ýerinde, indi günä üçin gurban
bolmaz.

### Umydymyzy berk saklalyň

19 Şoňa görä, eý doganlar, Isanyň gany bilen tutudan
geçmäge, ýagny Öz bedeninden bize açan täze hem
diri ýolundan mukaddes ýere girmäge bizde gaýrat
bardyr. 20 Hudaýyň öýüne jogapkär uly Ruhanymyz
hem bardyr. 21 Şoňa görä, ýüregimiz erbet ynsapdan
tämizlenip, bedenlerimiz tämiz suw bilen ýuwlup, ima-
nyň beren ynamy bilen çyn ýürekden Hudaýa ýakynla-
şalyň. 22 Umydymyzyň ykraryny berk saklalyň. 23 Çünki
wadany beren Hudaý ynamdardyr. 24 Birek-biregi söý-
gi, oňat işler üçin gaýrata galdyrjak bolalyň. 25 Käbirle-
riniň endik edişi ýaly, ýygnanyşmagy goýman, gaýtam,
ol günüň golaýlaýanlygyny näçe görseňiz, şonça-da bi-
ri-birimizi ruhlandyralyň. 26 Çünki hakykaty bilenimiz-
den soň, bilgeşleýin günä etsek, günäler üçin indi gur-
ban galman, 27 diňe garaşylan hökümiň howpy, duş-
manlary ýuwutjak gyzgyn ot galar. 28 Musanyň kanuny-
ny ret eden adam, iki ýa üç güwäniň sözi bilen rehim-
siz ölýär. 29 Hudaýyň Ogluny basalan, özüni mukaddes
eden ähtiň ganyny mukaddes hasaplamadyk, merhe-
met Ruhuny ryswa eden adam mundan näçe agyr jeza
sezewar bolar öýdýärsiňiz? 30 Çünki biz, «Öç Meniňki-
dir, almytyny Men berjek», ýene-de «Reb Öz halkynyň
üstünden höküm çykarar» Diýeni tanaýarys. 31 Diri Hu-
daýyň eline düşmek elhençdir! 32 Siz bolsa ýagtylyga
çykanyňyzdan soň, görgüler bilen uly göreşe döz ge-
len ilki günleriňizi ýada salyň. 33 Siz bir tarapdan aç-
açan sütemler hem muşakgatlara sezewar edildiňiz,
bir tarapdan hem şeýle ýagdaýlara uçranlara ýoldaş
bolduňyz. 34 Çünki siz hem tussaglykda çeken dertleri-
me 35 Şeýlelikde, gaýratyňyzy elden bermäň, onuň sy-
lagy uludyr. 36 Çünki Hudaýyň islegini berjaý edeňizden
soň wada gowşar ýaly, sabyr size gereklidir. 37 Çünki az
salymdan soň: «Geljek geler, gijä galmaz. 38 Meniň
dogry adamym iman bilen ýaşar. Eger-de yza çekilse,
Men ony halamaryn». 39 Biz yza çekilip, heläklenýänler-
den däl-de, iman edip gutulýanlardandyrys.

### —NJI BAP

### Iman

11 Iman bolsa, umyt edilen zatlara bil baglamak,
görünmeýän zatlara ynamdyr. 2 Atalarymyz Hu-
daýyň berekellasyny şunuň bilen gazandylar. 3 Biz äle-
miň Hudaýyň buýrugy bilen ýaradylandygyna, şeýle
hem görünýän zatlaryň görünmeýän zatlardan dörän-
digine iman arkaly düşünýäris. 4 Habylyň Hudaýa Ka-
bylyňkydan gowy gurban hödürlemegi iman arkaly
boldy. Ol iman bilen dogry adam bolup, Hudaýyň bere-
kellasyny gazandy. Çünki Hudaý onuň hödürlän sylag-
laryny kabul etdi. Şeýlelikde, Habyl ölen hem bolsa,
iman arkaly häzir-de gepleýär.
5 Hanok ölümi görmez ýaly, iman arkaly ýokary alyn-
dy, hiç kim ony tapyp bilmedi. Çünki Hudaý ony ýokary
alypdy. Ýokary alynmazyndan ozal, onuň Hudaý tara-
pyndan halanýanlygyna güwä geçildi. 6 Iman etmez-
den, Hudaý tarapyndan halanmak mümkin däldir. Hu-
daýa ýakynlaşan Onuň barlygyna, Özüni agtarýanlary
sylaglajakdygyna iman etmelidir.
7 Iman arkaly Nuh entek görülmedik wakalar hakda
Hudaýdan duýduryş alanda, Hudaýdan gorkup, içersi-
niň gutulmagy üçin bir gämi ýasady. Şonuň bilen dün-
ýä höküm etdi, imana daýanan dogrulygyň mirasdary
boldy. 8 Ybraýym iman arkaly miras alan ýurduna git-
mäge çagyrylanda, bu söze gulak asyp, nirä barýanyny
bilmän ýola düşdi. 9 Ol iman arkaly bir ýat adam hök-
münde wada edilen ýurtda ornaşdy. Şol wada şärik mi-
rasdarlar bolan Yshak we Ýakup bilen bile çadyrlarda
ýaşady. 10 Çünki ol ussasy, gurujysy Hudaý bolan berk
esasly şähere garaşýardy.
11 Sara, ýaşy öten hem bolsa, göwreli bolmaga iman
arkaly kuwwat tapdy, çünki ol wada beren Hudaýy
ynamdar saýdy. 12 Şeýdip hem täk bir adamdan, özem
öli ýaly birinden köplükde Gökdäki ýyldyzlar ýaly, deňiz
kenaryndaky çägeler ýaly sansyz-sajaksyz zürýat öndi.
13 Bu adamlaryň bary ölýänçä imandan dänmedi. Wa-
da edilenlere gowuşman, olary uzakdan görüp, hoş

garşylap, özleriniň ýer ýüzünde ýat hem mysapyrdyk-
laryny boýun aldylar. 14 Beýle gepleýänler özleriniň bir
watan agtarýandygyny açyk görkezýärler. 15 Aslynda
olar çykyp gaýdan ýurtlaryny ýatlaýan bolsalar, onda
yzlaryna dönmäge pursatlary bolardy. 16 Emma olar
has gowusyny, ýagny asmandaky watany arzuwlaýar-
dylar. Şonuň üçin Hudaý Özüni olaryň Hudaýy diýip at-
landyrmakdan utanmaýar. Çünki olar üçin bir şäher
taýýarlady.
17 Ybraýym synalanda, iman arkaly Yshagy gurban
hökmünde hödürledi. 18 Wadalary alan, hakynda «se-
niň nesliň Yshak bilen dowam eder» diýlen şol ýalňyz
ogluny hödürledi. 19 Ybraýym Hudaýyň ölüleri hem di-
reltmegi başarjagyna pikir etdi, şoňa görä hem alamat
şekilinde Yshagy ölümden alyp galdy. 20 Iman arkaly
Yshak hem geljek zatlar hakda Ýakup we Ysuwa ak pa-
ta berdi. 21 Ýakup ölüp barýarka Ýusubyň ogullarynyň
ikisine-de iman arkaly ak pata berdi, hasasynyň başy-
na söýenip, Hudaýa sežde etdi. 22 Ýusup hem ölüp bar-
ýarka, Ysraýyl ogullarynyň Müsürden çykjagyny iman
arkaly agzap, öz süňkleri hakda buýruk berdi. 23 Musa
doglanda, ene-atasy ony iman arkaly üç aýlap gizlin
sakladylar, olar oglanyň görmegeýdigini görüp, paty-
şanyň permanyndan gorkmadylar. 24 Musa ulalanda,
Faraonyň gyzynyň ogly diýip tanalmakdan iman arkaly
boýun gaçyrdy. 25 Ol az salym günäniň sapasyny sür-
mekden, Hudaýyň halky bilen bile horluk görmegi go-
wy gördi. 26 Mesih ugrunda çeken sütemini Müsüriň
hazynalaryndan uly baýlyk saýdy. Çünki ol öz aljak sy-
lagyna garaýardy. 27 Patyşanyň gazabyndan gorkman,
iman arkaly Müsüri terk etdi. Görünmezi göreni üçin
berk durdy. 28 Ilkinji doglanlary öldürýän perişdäniň ys-
raýyllylara el degirmezligi üçin, Musa iman arkaly Pe-
sah gurbanynyň öldürilmegini, gapylara gan sepilme-
gini buýurdy. 29 Ysraýyllylar iman arkaly Gyzyl deňizden
gurak ýerden geçýän ýaly geçdiler. Müsürliler hem
muňa synanyşyp gark boldular. 30 Ysraýyllylar ýedi
günläp Erihanyň daşyndan aýlananlaryndan soň,
imanlary arkaly diwarlar ýykyldy. 31 Rahaw kemçin iça-
lylary imany arkaly dostlukly garşylany üçin, iman ge-
tirmedikler bilen bile heläk bolmady. 32 Başga näme
aýdaýyn? Çünki Gideon, Barak, Şimşon, Ýeftah, Dawut,
Samuýel we pygamberler hakdakylary aýtmaga wag-
tym ýeterlik däl. 33 Olar iman arkaly ençeme patyşalygy
ýeňdiler, adalaty emele getirdiler, wadalara ýetdiler,
arslanlaryň agzyny bagladylar. 34 Oduň güýjüni sön-
dürdiler, gylyjyň ýitiliginden gaçyp gutuldylar, ejizlik-
den güýç aldylar, söweşde kuwwatlanyp, ýat goşunlary
derbi-dagyn etdiler. 35 Aýallar direlen ölülerini yzyna al-
dylar. Beýlekiler bolsa has oňat direlişe ýetjek bolup,
boşadylmagy kabul etmän gynaldylar. 36 Birtoparlary
hem kemsitmelere, gamçylanmalara sezewar boldy,
beýlekiler hem zynjyrlar bilen baglanyp tussag edildi.
37 Olar daşlandylar, byçgylandylar, gynaldylar, gylyçdan
geçirilip öldürildiler. Goýun derisini, geçi hamyny geýip
sergezdançylyk çekdiler, mätäçlik, muşakgat, horluk
gördüler. 38 Dünýä olara laýyk däldi. Olar çöllerde, dag-
larda, gowaklarda, Ýeriň köweklerinde awara bolup
gezdiler. 39 Olaryň bary iman arkaly Hudaýyň berekel-
lasyny gazanan hem bolsa, wada edilen zada gowuş-
mady. 40 Çünki olar bizden aýry kämillige ýetmez ýaly,
Hudaý biziň üçin bir has gowy zady taýýarlapdy.

## —NJI BAP

### Reb söýýänini terbiýeleýändir

12 Ine, bizi gurşap alan şeýle uly güwäler buludy-
nyň barlygyna görä, her hili ýüki, bizi aňsatlyk
bilen būrän günäleri taşlap, öňümizde goýlan ýaryşda
sabyrly ylgalyň. 2 Gözümizi imanymyzyň Öňbaşçysy,
Kämilleşdirijisi Isa dikeliň. Ol öňüne goýlan begenç ug-
runda utanjy äsgermän, haçdaky ölüme döz gelip, Hu-
daýyň tagtynyň sagynda oturdy. 3 Aryp, ruhdan düş-
mez ýaly, günäkärleriň beýle uly garşy durmalaryna
çydan Isa hakda oýlanyň. 4 Günä garşy söweşiňizde siz
entek ganyňyz dökülýänçä garşylyk görkezmediňiz.
5 Ogullara: «Oglum, Rebbiň terbiýe berşini äsgermezlik
etme, Ol saňa käýände ruhdan düşme!» diýip aýdylyşy
ýaly, özüňize berlen bu öwüdi-de unutdyňyz. 6 «Çünki
Reb söýýänini terbiýeleýändir, Ogullyga kabul edenini
çalýandyr». 7 Terbiýelenmek ugrunda kynçylyklara çy-
daýarsyňyz. Hudaý sizi Öz ogly kimin tutýar. Çünki haý-
sy ogla atasy terbiýe bermeýär? 8 Eger-de her kesiň al-
ýan terbiýesi sizde ýok bolsa, onda siz ogul däl-de, ni-
kasyz doglan oglanlarsyňyz. 9 Mundan başga-da bize
terbiýe beren dünewi atalarymyz bardy, biz olary syla-
dyk. Şeýle bolsa, onda ruhlar Atasyna köpräk tabyn bo-
lup ýaşamaly dälmi?
10 Atalarymyz bizi öz oňlaýyşlaryna görä, az salymlyk
terbiýelärdiler, ýöne Hudaý Öz mukaddesligine şärik
bolmagymyz üçin, biziň haýrymyza terbiýe berýär.
11 Her hili terbiýe berilmek öňürti şatlykly zat däl-de,
gaýgyly zat bolup görünýändir. Ýöne bu soňra şeýle
ýetişdirilenler üçin dogrulygyň dynçlyk miwesini ön-
dürýändir. 12 Şonuň üçin gowşak elleriňizi galdyryň,
epilen dyzlaryňyzy ýazyň! 13 Agsak aýak ýoldan çyk-
man, şypa tapar ýaly, aýaklaryňyz üçin göni ýollar ýa-
saň.

### Hudaýy ret etmäň

14 Hemmeler bilen parahatçylykda ýaşamak, mukad-
des bolmak üçin tagalla ediň. Mukaddes bolman, hiç
kim Rebbi görüp bilmez. 15 Dykgat ediň, hiç kim Huda-
ýyň merhemetinden mahrum galmasyn. Bir ajy kök
gögerip, sizi ynjalyksyz etmesin, köp adamlar munuň
bilen hapalanmasyn. 16 Hiç kim zynahorlyk etmesin,
nowbaharlyk hakyny bir tabak aşa satan Ysuw ýaly Hu-
daýa hormatsyz bolmasyn. 17 Siz bilýänsiňiz, ol soňra
hem ak patany miras almak isledi, ýöne ret edildi. Ak
pata almak üçin gözýaş dökse-de, Onuň kararyny üýt-
gedip bilmedi. 18 Siz otlar içinde ýanýan, ýöne el degrip
bolýan daga, garaňkylyga, tümlüge, harasada, 19 çaky-

lyk surnaýynyň owazyna, söz sözleýän sese golaýlaşan
dälsiňiz. Ol sesi eşidenler özlerine ikilenç söz aýdylma-
syn diýip ýalbardylar. 20 Çünki daga bir haýwan hem
galtaşsa, daşlansyn diýen buýruga çydap bilmediler.
21 Görnüş şeýle gorkunçdy welin, Musa: «Men gaty
gorkýaryn, sandyraýaryn» diýipdi. 22 Siz bolsa Sion da-
gyna, diri Hudaýyň şäheri bolan asmana degişli Iýeru-
salime, şagalaňly üýşmeleňdäki on müňlerçe perişdä,
atlary Gökde ýazylan nowbaharlaryň ýygnagyna golaý-
laşdyňyz. Hemmäniň kazysy Hudaýa, kämillige ýeten
dogry adamlaryň ruhlaryna, täze ähtiň töwellaçysy Isa,
Habylyňkydan oňat gepleýän sepiliş ganyna golaýlaş-
dyňyz. 25 Bulary aýdýany ret etmejek boluň. Çünki olar
özlerine ýer ýüzünde duýduryş bereni ret edenlerinde,
nähili gaçyp gutulyp bilmedik bolsa, Gökden duýduryş
berenden ýüz döndersek, biziň gaçyp gutulmajagymyz
has hem aýdyňdyr. 26 Şol wagtlar Onuň sesi Ýeri titre-
dipdi, ýöne Ol indi, «Ýene bir gezek diňe bir Ýeri däl,
Gögi-de titrederin» diýip söz berdi. 27 «Ýene bir gezek»
diýen söz titremez zatlaryň galmagy üçin, titreýänleriň,
ýagny ýaradylan zatlaryň aradan aýryljagyny aňladýar.
28 Şeýlelik bilen, yranmaz patyşalyga gowşanlygymyz
üçin şükür edeliň. Şeýdip, Hudaýyň halajak ýoly bilen,
takwalyk hem gorky bilen Oňa gulluk edeliň. 29 Çünki
Hudaýymyz iýiji otdur.

## —NJI BAP

### Hudaýyň halaýan gurbanlary

13 Dogan söýgüsi yzygiderli bolsun. 2 Myhmansö-
ýerligi unutmaň. Çünki myhmansöýerlik bilen,
perişdedigini bilmän, käbir adamlar perişdeleri myh-
man aldylar. 3 Tussagdakylary, özüňiz hem olar bilen
bile tussagda ýaly ýada salyň. Horluk çekýänleri, özü-
ňiz horlanýan ýaly ýada salyň. 4 Hemmeler nika hor-
mat goýsun, düşek günä bilen hapalanmasyn. Çünki
Hudaý ahlaksyzlary, zynahorlygy höküm eder. 5 Ýaşaý-
şyňyz pul söýgüsinden uzak bolsun. Bar zatlaryňyza
kanagat ediň. Çünki Hudaý: «Seni hergiz terk etmerin,
Seni hergiz taşlamaryn» diýendir. 6 Şoňa görä hem biz
batyrlyk bilen şeýle diýýäris: «Reb meniň kömekçimdir,
men gorkmaryn. Bendesi maňa näme edip biljek?»
7 Hudaýyň sözüni özüňize aýdan ýolbaşçylaryňyzy ýat-
laň. Olaryň ýaşaýşynyň hasylyna seredip, imanlaryn-
dan görelde alyň.
8 Isa Mesih düýn hem, şu gün hem, ebedilik hem üýt-
gewsizdir. 9 Saýry, özge taglymatlara özüňizi süýret-
mäň. Çünki ýüregiň naharlar bilen däl-de, Hudaýyň
merhemeti bilen berkidilmegi oňatdyr. Nahara daýa-
nanlar hiç bir haýyr gören däldir. 10 Biziň bir gurbanlyk
edilýän ýerimiz bardyr, ýöne ybadat çadyryna hyzmat
edýänleriň ondan iýmäge haky ýokdur. 11 Baş ruhany
haýwanlaryň ganyny günä üçin hödürlenen gurban
hökmünde Iň Mukaddes Jaýa getirýär, ýöne olaryň
maslygy düşelgeden daşarda ýakylýar. 12 Şoňa görä,
Isa hem halky Öz gany bilen mukaddes etjek bolup,
şäher derwezesinden daşarda öldi. 13 Şonuň üçin biz
hem Onuň ugrunda sütemlere döz gelip, düşelgeden
daşary Onuň ýanyna gideliň. 14 Çünki biziň bu ýerde
baky şäherimiz ýok, biz geljekkini agtarýarys. 15 Şu se-
bäpli Isa arkaly Hudaýa elmydam öwgi gurbanlaryny,
Onuň adyny ykrar edýän dodaklaryň miwesini hödür-
läliň. 16 Ýagşylyk etmegi, baryňyzy beýlekiler bilen paý-
laşmagy unutmaň. Çünki Hudaý şu hili gurbanlary ha-
laýandyr.
17 Ýolbaşçylaryňyzyň sözüne gulak asyň, olara jany-
ňyz hakda hasabat berjekler hökmünde tabyn boluň.
Çünki olar gözegçilik edýändir. Olar bu wezipelerini
ahy-nala bilen däl-de, — munuň size haýry bolmaz —
eýsem, şatlyk bilen ýerine ýetirer ýaly, olara tabyn bo-
luň. 18 Biziň üçin doga ediň. Biz özümiziň sap ynsaply,
her babatda oňat gezmegi isleýändigimizi bilýäris.
19 Meniň siziň ýanyňyza tiz öwrülmegim üçin doga et-
megiňizi aýratyn haýyş edýärin. 20 Goýunlaryň uly Ço-
pany bolan Rebbimiz Isany ebedi ähtiň gany bilen
ölümden direlden parahatlyk Hudaýy, 21 Öz halanyny
Isa Mesih arkaly sizde
22 Doganlar, sizden haýyş edýärin, meniň bu öwüdimi
kyn görmäň, çünki size diňe bir gysga hat ýazdym.
23 Doganymyz Timoteosyň boşadylanyndan habaryňyz
bolsun. Gelen badyna, men onuň bilen bile sizi görmä-
ge bararyn. 24 Ýolbaşçylaryňyzyň hemmesine, bütin
mukaddeslere salam aýdyň. Italiýalylar size salam aýd-
ýar. 25 Hudaýyň merhemeti siziň baryňyz bilen bolsun!
Omyn.

# Ýakup

### —NJI BAP

1 Hudaýyň hem-de Reb Isa Mesihiň guly bolan me-
niň tarapymdan, ýagny Ýakubyň tarapyndan da-
gynyk on iki taýpa dogaýy salam bolsun.

### Synaglar

2 Eý doganlar, dürli synaglara uçranyňyzda, muny uly
begenç saýyň, 3 çünki imanyňyzyň barlanmagynyň çy-
dam döredýänligini bilýänsiňiz. 4 Kämil hem doly bo-
lup, hiç bir ýetmeziňiz bolmaz ýaly, çydam işiňi kämil
etmelidir. 5 Siziň biriňize akyldarlyk ýetmezlik edýän
bolsa, ol hemmelere jomartlyk bilen käýemän berýän
Hudaýdan dilesin, oňa berler. 6 Ol iman bilen dilesin,
hiç hili şübhe etmesin, sebäbi şübhe edýän adam ýel
bilen çaýkalyp, eýläk-beýläk kowlup ýören deňiz tolku-
ny ýalydyr. 7 Çünki bu adam Rebden bir zat alaryn diýip
pikir etmesin. 8 Ol bütin ýollarynda durnuksyz ikigö-
wünli adamdyr. 9 Pes dogan öz belentligi bilen, döwlet-
li hem öz pesligi bilen magtansyn, 10 çünki baýlyk otuň
güli ýaly geçip gider. 11 Sebäbi Gün jöwza bilen dogup,
oty guradar, onuň güli dökülip, görki gaçar. Döwletli-
de şeýdip öz ugruna solup geçer.
12 Synaga çydaýan adam bagtlydyr, sebäbi ol synag-
dan geçenden soň, Rebbiň Özüni söýenlere wada eden
ýaşaýyş täjini alar. 13 Synalanda hiç kim: «Men Hudaý
tarapyn synalýaryn» diýmesin, çünki Hudaý erbetlik bi-
len synalýan däldir. Onuň özi hem hiç kimi synaýan
däldir. 14 Ýöne her kes öz höwesleri tarapyndan çekilip,
aldanan mahaly synalýandyr. 15 Onsoň höwes bogaz
bolup, günäni dogurýandyr; günä hem ýetişenden soň
ölümi dogurýandyr.
16 Eý, söýgüli doganlarym, aldanmaň! 17 Ähli oňat, kä-
mil sowgat ýokardan, nurlar Atasyndan 18 Onuň mah-
luklarynyň ilkinji miwesi bolmagymyz üçin, Ol bizi Öz
islegine görä, hakykat sözi bilen ýaratdy.

### Diňleýji we amal ediji

19 Eý, söýgüli doganlarym 20 Sebäbi adamyň gahary
Hudaýyň talap edýän dogrulygyny emele getirmez.
21 Şoňa görä hem her hili hapalygy, her hili ýamanly-
gyň galyndysyny taşlap, özüňizde ekilen, janyňyzy gu-
tarmaklygy başarýan sözi ýumşaklyk bilen kabul ediň.
22 Ýöne diňe özüni aldaýan diňleýji däl-de, sözi ýerine
ýetiriji boluň. 23 Çünki kim sözi diňläp, ony ýerine ýetir-
mese, ol öz tebigy keşbini aýnada synlaýan adama
meňzeşdir: 24 ol öz-özüni synlap gidýär-de, nähilidigini
şobada unudýar. 25 Emma kim kämil kanuna, azatlyk
kanunyna ýakyndan seretse, huşsuz diňleýji bolman,
işe amal ediji bolup, onda dursa, ol öz edenlerinde
bagtly bolar. 26 Kimdir biri özüni dindar saýyp, dilini
saklaman, göwnüni aldaýan bolsa, onuň dindarlygy bi-
derekdir. 27 Ata Hudaýyň ýanynda sap, tegmiltsiz din-
darlyk budur: ýetimleri, dul hatynlary muşakgatlaryn-
da idemek, özüňi dünýäden çirksiz saklamak.

### —NJI BAP

### Adamdan ýüz görmäň

2 Eý doganlar! Rebbimiz Isa Mesihiň — şöhrat Reb-
biniň imanyny ýüz görme bilen saklamaň. 2 Sebäbi
üýşen ýeriňize bir adam altyn ýüzük, nepis eşik bilen
gelse, bir garyp hem kirli eşik bilen gelse, 3 siz nepis
eşik geýnen adama seredip: «Sen bu ýerde rahat
otur», garyba bolsa: «Sen ol ýerde dur» ýa-da: «Bu ýer-
de aýak astymda otur» diýseňiz, 4 Onda öz araňyzda
parh goýmaýarsyňyzmy? Erbet pikirli höküm çykaryjy-
lar bolmaýarsyňyzmy?
5 Eý, söýgüli doganlarym, gulak asyň, Hudaý dünýä
garyplaryny imana baý bolmaklyga, Özüni söýenlere
wada eden Patyşalygynyň mirasdarlygyna saýlamady-
my? 6 Emma siz garyplary äsgermezlik etdiňiz. Baýlar
size sütem etmeýärmi? Sizi diwanlar öňüne süýreme-
ýärmi? 7 Size dakylan ýagşy ada dil ýetirmeýärmi? 8 Pa-
tyşalyk kanunyny «Goňşyňy özüň ýaly söý» diýen Ýaz-
ga görä çyndan ýerine ýetirseňiz, ýagşy edersiňiz.
9 Eger-de ýüz görseňiz, günä edersiňiz, kanun sizi jena-
ýatçy hökmünde ýazgarar. 10 Çünki kim tutuş kanuny
berjaý edip-de, diňe bir zatda büdrese, ol hemmesinde
ýazykly bolar. 11 Çünki «Zyna etme» diýen «Adam öl-
dürme» hem diýendir. Indi sen zyna etmän, ýöne
adam öldürseň, onda kanuna garşy jenaýatçy bolar-
syň. 12 Üstlerinden azatlyk kanuny boýunça höküm çy-
karyljaklar ýaly şeýle sözläp, şeýle ediň. 13 Çünki rehim
etmedige höküm rehim etmez. Rehim hüküme garşy
magtanýandyr.

### Iman we amal

14 Eý doganlar, biriniň amallary ýokka, imanym bar
diýmeginiň näme peýdasy bar? Ony ol iman saklap bi-
lermi? 15 Bir erkek dogan ýa bir aýal dogan ýalaňaç,
gündelik iýmite zarka, 16 siziň biriňiz olara: «Asuda gi-
diň-de, ýylynyň, doýuň» diýse, ýöne bedene gerekli
zatlary bermeseňiz, näme peýdasy bar? 17 Şeýle, iman-

da amallary ýok bolsa, öz-özünden ölüdir. 18 Biri diýer:
«Seniň imanyň bar, meniň amallarym bar. Sen imany-
ňy amalsyz maňa görkez, men-de saňa imanymy amal-
larym bilen görkezeýin». 19 Sen Hudaýyň birligine
ynanýarsyň; ýagşy edýärsiň; jynlar hem ynanýar, san-
dyraşýar. 20 Eý, akylsyz adam, amalsyz imanyň ölüdigini
21 Atamyz Ybraýym ogly Yshagy gurbanlyk edilýän ýer-
de bagyş edip, amallary bilen aklanmadymy? 22 Ana,
görýärsiň, iman onuň amallary bilen işledi, iman onuň
amallary arkaly kämilleşdi. 23 Şeýlelik bilen, «Ybraýym
Hudaýa iman getirdi, bu oňa dogrulyk saýyldy» diýen
Ýazgy-da ýerine ýetip, oňa Hudaýyň dosty diýildi.
24 Ine, görýärsiňiz, adam diňe bir iman bilen däl, amal-
lary bilen aklanýar. 25 Kemçin Rahaw-da çaparlary myh-
man alyp, olary başga ýoldan iberip, amallary bilen ak-
lanmadymy? 26 Sebäbi bedeniň ruhsuz öli bolşy ýaly,
iman hem amallar bolmasa ölüdir.

## —NJI BAP

### Dil otdur

3 Eý doganlar! Köpüňiz mugallym 2 Sebäbi hemmä-
miz köp büdreýäris. Kim gepinde büdremese, kä-
mil adam bolup, bütin bedeni-de jylawlamagy başarar.
3 Bize atlaryň boýun bolmagy üçin, agzyna agyzzyryk
salyp, olaryň bütin göwresini dolandyrýarys. 4 Ine, şeý-
le uly hem güýçli ýeller bilen kowulýan gämiler-de, bir
iňňän kiçi rul bilen gämiçiniň islän ugruna öwrülýär.
5 Dil hem bir kiçijik agza bolup, uly zatlar bilen öwün-
ýändir. Kiçijik uçgun nähili uly jeňňeli tutaşdyryp goý-
berýär! 6 Dil otdur, azgynçylyk dünýäsidir. Dil agzalary-
myzyň arasynda tutuş bedeni kirledýändir, dowzahdan
lowurdap, tebigatyň gidişini lowurdadýandyr. 7 Çünki
her bir tebigat, hem haýwanlaryňky, hem guşlaryňky,
hem süýrenijileriňki, hem deňiz haýwanlarynyňky
adamzat tebigaty arkaly eldeki edilendir we edilýändir.
8 Dile bolsa adamlaryň hiç biri erk edip bilýän däldir. Ol
durnuksyz erbetlikdir, öldüriji awudan doludyr. 9 Biz
onuň bilen Ata Hudaýa 10 Alkyş, gargyş bir agyzdan
çykýar. Eý doganlar, bu beýle bolmaly däldir. 11 Çeşme
ajy hem süýji suwy bir gözden çykarýarmy? 12 Eý do-
ganlar, injir agajy zeýtun ýa bir üzüm şahasy injir berip
bilermi? Bir çeşme hem şor, hem süýji suw berip bil-
mez

### Gökden inen akyldarlyk

13 Siziň araňyzda akyldar, düşünjeli kim? Ol öz amalla-
ryny oňat ýaşama bilen akyldarlykdan gelen ýumşak-
lykda görkezsin. 14 Eger-de ýüregiňizde ajy içigaralyk,
igenjeňlik bar bolsa, onda magtanmaň, hakykata gar-
şy ýalan sözlemäň. 15 Bu ýokardan inen akyldarlyk däl-
de, dünýä, tebigata, iblise degişli akyldarlykdyr. 16 Çün-
ki nirede içigaralyk, igenjeňlik bar bolsa, ol ýerde baş-
bozarlyk, her hili erbet iş hem bardyr. 17 Emma Gökden
inen akyldarlyk ilki bilen, sap, ondan soň-da parahatlyk
söýüji, mylaýym, diýenediji, rehimden, oňat miweler-
den doly, ýüz görmezek we ikiýüzlülikden halasdyr.
18 Parahatlyk döredýänler dogrulyk miwesini parahat-
lykda ekýändir.

## —NJI BAP

### Hudaýa boýun boluň

4 Araňyza uruşlar, dawalar nireden girýär? Agzala-
ryňyzda uruşýan höweslerden dälmi? 2 Siz isleýär-
siňiz, ýöne gazanmaýarsyňyz; öldürýärsiňiz, içigaralyk
edýärsiňiz, ýöne hiç bir zada ýetip bilmeýärsiňiz; dawa-
laşýarsyňyz, uruşýarsyňyz; gazanmaýarsyňyz, çünki di-
lemeýärsiňiz. 3 Dileýärsiňiz, ýöne hiç zat almaýarsyňyz,
çünki höwesleriňize sarp etmek üçin erbet dileýärsiňiz.
4 Eý zynahorlar, dünýä dostlugynyň Hudaýa duşmançy-
lykdygyny bilmeýärsiňizmi? Dünýäniň dosty bolmak is-
leýän adam özüni Hudaýa duşman edýändir. 5 Ýa-da:
«Bizde mesgen tutan Ruh gabanjaňlyk bilen küýseýän-
dir» diýen Ýazgy ýöne ýerden aýdýandyr öýdýärsiňiz-
mi? 6 Ol iňňän uly merhemet berýändir. Şonuň üçin
hem: «Hudaý tekepbirlere garşy durýandyr, kiçigöwün-
lilere bolsa merhemet edýändir» diýýär. 7 Indi Hudaýa
boýun boluň. Iblise garşy duruň, ol sizden gaçar. 8 Hu-
daýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar. Eý günäkär-
ler, eliňizi arassalaň, eý ikigöwünliler, ýüregiňizi saplaň.
9 Gussa çekiň, ýas tutup aglaň; gülkiňiz ýasa, şatlygy-
ňyz gaýga öwrülsin. 10 Rebbiň huzurynda peseliň, Ol si-
zi beýgelder.
11 Eý doganlar, biri-biriňizi ýamanlamaň. Kim dogany-
ny ýamanlaýan ýa doganyna höküm edýän bolsa, ol
kanuny ýamanlaýandyr, Mukaddes Kanuna höküm ed-
ýändir. Sen kanuna höküm etseň, onda kanuny berjaý
edýän däl, oňa höküm edýänsiň. 12 Kanun çykaryjy, hö-
küm ediji birdir, Ol gutarmagy hem heläk etmegi ba-
şarýandyr. Başga adamlara höküm eder ýaly, sen kim?
13 Hany indi: «Bu gün ýa ertir pylan şähere gitjek, bir
ýyly ol ýerde geçirjek, alyş-beriş etjek, pul gazanjak»
diýýänler. 14 Eý, ertirki günüň näme getirjegini bilme-
ýänler, ýaşaýşyňyz näme? Ol bir az wagt görnüp, on-
dan soň ýitirim bolýan bugdur. 15 Munuň deregine:
«Reb islese, ýaşarys, muny ýa ony ederis» diýmelisiňiz.
16 Emma siz öz öwünjeňligiňiz bilen magtanýarsyňyz.
Beýle magtanmalaryň bary erbetdir. 17 Kim ýagşylyk et-
megi bilip-de, etmeýän bolsa, ol günäkärdir.

## —NJI BAP

### Baýlara berlen duýduryş

5 Eý döwletliler, başyňyza geljek kynçylyklar üçin
aglaň, perýat ediň! 2 Baýlygyňyz çüýräp, eşikleriňi-
zi güýe iýendir. 3 Altynyňyz, kümşüňiz poslandyr, ola-
ryň posy size garşy güwä geçip, etiňizi ot kimin iýer. Siz
ahyrky günlerde hazyna ýygnadyňyz. 4 Ine, ekinleriňizi
oran işçilere bermän saklan hakyňyz gygyrýar, orakçy-
laryň perýatlary Hökmürowan Rebbiň gulagyna ýetdi.
5 Siz ýer ýüzünde bolçulykda ýaşap, keýp çekdiňiz, da-

mak çalynýan gün üçin ýüregiňizi semretdiňiz. 6 Size garşy durmasa-da, dogry adamy höküm edip öldürdiňiz.

### Sabyrly boluň

7 Eý doganlar, Reb gelýänçä, sabyrly boluň. Ine, daýhan irki we soňky ýagşy alýança, ýeriň gymmatly hasyly üçin sabyrly garaşýar. 8 Siz hem sabyrly boluň, ýüregiňizi berkidiň, çünki Rebbiň geler wagty golaýdyr. 9 Eý doganlar, özüňiz höküm edilmez ýaly, biri-biriňizden şikaýat etmäň. Ine, höküm ediji gapynyň agzynda dur. 10 Eý doganlar, görgüde hem sabyrda Rebbiň adyndan geplän pygamberleri görelde ediniň. 11 Biz çydamlylyk görkezenlere bagtly diýýäris. Siz Eýýubyň çydamlylygyny eşitdiňiz, Rebbiň işiniň soňuny-da gördüňiz, çünki Reb köp şepagatly hem rehimdardyr. 12 Eý doganlar, her zatdan öň, höküm astyna düşmez ýaly, Gökden, Ýerden ýa başga zatdan kasam içmäň; diňe «hawaňyz» hawa, «ýoguňyz» ýok bolsun.

### Iman bilen doga ediň

13 Araňyzda biri görgi görýärmi? Ol doga etsin. Biriniň keýpi kökmi? Mezmur okasyn. 14 Araňyzda biri syrkawmy? Ol ýygnagyň ýolbaşçylaryny ýanyna çagyrsyn, olar hem Rebbiň adyndan oňa ýag çalyp, onuň üçin doga etsin. 15 Iman dogasy syrkawa şypa berer; Reb ony dikelder. Eger ol günä eden bolsa bagyşlanar. 16 Şypa tapar ýaly, günäleriňizi biri-biriňiziň ýanyňyzda boýun alyp, biri-biriňiz üçin doga ediň. Dogry adamyň yhlasly dogasy gaty güýçlüdir. 17 Ylýas biziňki ýaly duýgulary bolan bir adamdy. Ol ýagyş ýagmasyn diýip, çyndan doga etdi. Şeýlelikde, üç ýyl alty aýlap ýer ýüzüne ýagyş ýagmady. 18 Ol ýene doga etdi — Gök ýagyş berdi, Ýer öz miwesini getirdi. 19 Eý doganlar, araňyzdan biri hakykatdan azaşsa, biri ony öwürse, 20 onda ol muny bilsin: bir günäkäri ýalňyş ýolundan öwren bir jany ölümden gutaryp, köp günäleriň üstüni basyrar.

# 1 Petrus

### —NJI BAP

1 Isa Mesihiň resuly Petrusdan Pontus, Galatýa, Kappadokiýa, Aziýa we Bitinýadaky ýaýran [2] Ata Hudaýyň öňden bilşine görä, Ruhuň mukaddes etmegi bilen Oňa gulak asyň we Isa Mesihiň ganynyň sepilmegi üçin saýlanan garyplara salam! Size merhemet, parahatlyk eçilsin!

### Gökde saklanan miras

[3] Rebbimiz Isa Mesihiň Atasy Hudaýa öwgüler! Ol Öz uly rehimdarlygy bilen Isa Mesihiň ölülerden direlmegi arkaly diri umyda gowuşmak üçin, [4] size Gökde saklanan çüýremez, tegmiltsiz, solmaz mirasy almak üçin, biziň gaýtadan dogulmagymyzy üpjün etdi. [5] Siz ahyrky wagtda aýan bolmaga taýýar duran gutulyş üçin, Hudaýyň güýji bilen iman arkaly goralýarsyňyz. [6] Häzir gerek bolan dürli synaglar üçin gysga wagtlaýyn gaýgyly bolýan siz muňa begeniň. [7] Çünki ot bilen synalýan hem bolsa, pany altyndan gymmatly bolan imanyňyzyň synalmagy Isa Mesih görnende öwgä, şöhrata hem hormata öwrüler. [8] Siz görmedik hem bolsaňyz, Ony söýýärsiňiz; häzir Ony görmeseňiz hem, Oňa iman getirip, [9] imanyňyzyň netijesinde janlaryňyzyň gutulyşyna ýetip, aýdyp bolmaz, şöhratly begenç bilen şatlanýarsyňyz. [10] Size bolan bu merhemeti welilik edip aýdan pygamberler bu gutulyş hakda gözleg, barlag geçirdiler. [11] Olar özlerindäki Mesihiň Ruhy Mesihiň görgülerine we ondan soňky şöhratlara öňünden güwälik berende, haýsy ýa-da nähili wagty görkezýänini barladylar. [12] Ine şonda, Gökden iberilen Mukaddes Ruh arkaly Hoş Habary wagyz edýänler tarapyndan häzir size yglan edilýän zatlar bilen özlerine däl-de, size hyzmat edýändikleri olara äşgär boldy. Bu zatlara perişdeleriň nazar salasy gelýär.

### Mukaddes boluň

[13] Munuň üçin pikiriňiziň bilini guşap, hüşgär bolup, Isa Mesihiň görünmegi bilen özüňize getiriljek merhemete baş-bitin umyt baglaň. [14] Diýen ediji çagalar ýaly nadanlygyňyzdaky ozalky höwesleriňize uýman, [15] eýsem, sizi çagyranyň mukaddes bolşy ýaly, ähli edim-gylymyňyzda mukaddes boluň. [16] Sebäbi: «Mukaddes boluň, çünki Men mukaddesdirin» diýip ýazylgydyr. [17] Ýüz görmän, her kimiň üstünden öz etmişine görä höküm çykarýany «Ata» diýip çagyrýan bolsaňyz, bu dünýädäki mysapyrlyk çagyňyzy gorky bilen geçiriň. [18] Ata-badan galan biderek ýaşaýşyňyzdan altyn ýa kümüş ýaly pany zatlar bilen däl-de, [19] eýsem, müýnsüz, tegmiltsiz guzy ýaly, Mesihiň gymmatly gany bilen satyn alnandygyňyzy biliň. [20] Ol dünýä gurulmazyndan öň bellense-de, siziň üçin zamanlaryň ahyrynda aýan boldy. [21] Siz Ony ölümden direldip, Oňa şöhrat beren Hudaýa Ol arkaly iman edýärsiňiz, şeýle, iman hem umydyňyz Hudaýa baglydyr. [22] Ruh arkaly hakykata boýun bolmak bilen, janlaryňyzy hilesiz dogan söýgüsi üçin tämizläniňizden soň, birek-biregi ýürekden yhlas bilen söýüň. [23] Sebäbi, siz pany tohumdan däl-de, Hudaýyň diri, müdimi galýan sözi arkaly pany bolmadykdan gaýtadan doglansyňyz. [24] Çünki: «Bütin adamzat ot ýaly we ynsanyň bütin şöhraty otuň güli ýalydyr. Ot gurar, güli hem döküler. [25] Emma Rebbiň sözi ebedi galar». Size wagyz edilen söz budur.

### —NJI BAP

2 Şeýlelikde, ähli erbetligi, ähli aldawy, ikiýüzlüligi, içigaralygy, her hili gep-gybaty goýup, [2] gutulyş üçin ol arkaly öser ýaly, ýaňy dogan çagalar kimin ruhy, hilesiz süýdi küýsäň. [3] Sebäbi, siz Rebbiň mährini dadansyňyz.

### Diri daşlar

[4] Oňa, ynsanlar tarapyndan taşlanan, Hudaýyň ýanynda bolsa saýlanan, gymmatly diri Daşa ýakynlap, [5] siz-de Isa Mesih arkaly Hudaýyň halaýan ruhy gurbanlaryny hödürlemek üçin, diri daşlar kimin ruhy öý, mukaddes ruhanylyk hökmünde [6] Çünki Mukaddes Ýazgyda: «Ine, Sionda saýlantgy, gymmatly burç daşyny goýýaryn, Oňa iman eden asla utandyrylmaz» diýilýär. [7] Bu gymmat zat siz — iman edenler üçindir, ýöne iman etmedikler üçin «Ussalaryň taşlan daşy burç daşy», [8] «Büdreme daşy, taýma gaýasy boldy». Olar söze boýun bolman büdreýärler; olar munuň üçin hem niýetlenendir. [9] Emma siz özüňizi tümlükden ajaýyp nuruna çagyran Hudaýyň şöhratly işlerini yglan etmäge saýlanan nesil, Patyşanyň ruhanylary, mukaddes millet, Hudaýa degişli halksyňyz. [10] Siz bir wagtlar halk däldiňiz, ýöne şindi Hudaýyň halkysyňyz; rehime gowuşmandyňyz, ýöne şindi gowuşdyňyz. [11] Eý söýgüliler, sizden haýyş edýärin, jana garşy söweş edýän günäli höweslerden garyplar, mysapyrlar hökmünde gaça duruň. [12] Bet iş edýänler hökmünde sizi ýamanlan zatlarynda oňat işleriňizi görüp, Rebbiň bize gelen güni Hu-

daýy şöhratlandyrmalary üçin milletler arasynda oňat
edim-gylymly boluň.

### Ýolbaşçylara tabyn boluň

13 Baş häkim bolany üçin patyşa bolsun, 14 ýa onuň
bet iş edýänleri jezalandyrmaga, ýagşylyk edýänleri
öwmäge iberen häkimleri bolsun, Rebbiň hatyrasyna,
bütin adamzat düzgünine tabyn boluň. 15 Çünki Huda-
ýyň islegi siziň ýagşylyk edip, pähimsiz adamlaryň na-
danlygyny bes etdirmegiňizdir. 16 Azatlar ýaly, öz azat-
lygyny erbetlige örtgi edinenler ýaly däl-de, Hudaýyň
bendeleri ýaly geziň. 17 Hemmeleri sylaň, doganlary sö-
ýüň, Hudaýdan gorkuň, patyşany sylaň. 18 Eý hyzmat-
çylar! Diňe bir ýagşy we mylaýym baýarlaryňyza däl,
eýsem, hyrsyzlara-da bütin gorky bilen boýun boluň.
19 Çünki kim nähak görgi görüp, Hudaýyň öňündäki
wyždanyndan ötri azaplara döz gelýän bolsa, bu so-
gapdyr. 20 Çünki günä edip-de, ýenjileniňiz-de çydaýan
bolsaňyz, bu size nähili abraý bolar? Emma ýagşylyk
edip, görgi görüp, çydam etseňiz, bu Hudaýyň ýanyn-
da sogapdyr. 21 Çünki siz şeýle bolmaga çagyryldyňyz,
sebäbi Mesih hem Öz yzyny alyp götermegiňiz üçin
görgi görüp, size 22 Ol günä etmedi, agzyndan hileli
söz çykmady. 23 Sögülende sögmän, görgi görende
gorky salman, Özüni adyl höküm çykarýan Hudaýa
tabşyrdy. 24 Günälere ölüp, dogrulykda ýaşamagymyz
üçin, Ol biziň günälerimizi Öz bedeninde haça äkitdi.
Siz Onuň ýaralary arkaly şypa tapdyňyz. 25 Siz goýunlar
kimin azaşypdyňyz, ýöne şindi janlaryňyzyň Çopanyna
hem Gözegçisine tarap yza öwrüldiňiz.

## —NJI BAP

### Är-aýal gatnaşygy

3 Eý hatynlar, siz-de şonuň ýaly öz äriňize tabyn bo-
luň. Şeýdip, eger käbirleri Hudaýyň sözüne boýun
bolmaýan bolsa, 2 siziň gorky içindäki päk edim-gyly-
myňyzy görüp, öz hatynynyň ýaşaýşy arkaly gürrüňsiz
Mesihe gazanylsyn. 3 Bezegiňiz saç örmek, altynlar da-
kynmak ýa esbaplar geýmek bilen, daşky görnüş däl-
de, 4 Hudaýyň ýanynda has gymmatly bolan ýumşak,
ýuwaş ruhuň bozulmaz bezegi, ýüregiň gizlin ynsany
bolsun. 5 Çünki bir wagtlar Hudaýa umyt baglan mu-
kaddes hatynlar-da, öz ärlerine tabyn bolup, özlerini
şeýle bezeýärdiler. 6 Mysal üçin, Sara Ybraýyma: «Ba-
ýar» diýip boýun boldy. Siz hem hiç bir howpdan gork-
man, ýagşylyk etseňiz, onuň perzentleri bolarsyňyz.
7 Eý ärler, aýallaryňyzyň özüňizden ejizdigini biliň, olary
sylaň. Olar hem siz ýaly Hudaýdan ýaşaýyş sylagyny al-
ýarlar. Dogalaryňyzyň bökdelmezligi üçin şeýle ediň.

### Dogrulyk üçin görgi

8 Mahlasy, baryňyz pikirdeş, dertdeş, dogansöýer, re-
himdar, kiçigöwünli boluň. 9 Ýamanlyga ýamanlyk, sö-
günje sögünç bilen gaýtargy bermän, tersine, haýyr-
doga ediň; çünki siz bereketiň mirasçysy bolmak üçin
muňa çagyrylansyňyz. 10 Çünki: «Kimiň ýaşaýşy söýüp,
ýagşy günler göresi gelýän bolsa, dilini ýamanlykdan,
dodaklaryny hileli gepden saklasyn. 11 Ýamanlykdan
ýüz döndersin, ýagşylyk etsin, parahatlygy agtaryp, şo-
nuň ugrunda gezsin. 12 Çünki Rebbiň gözleri dogrulara
tarap, gulagy olaryň ýalbaryşlaryna gerlendir. Rebbiň
ýüzi ýaman iş edýänlere garşydyr». 13 Ýagşylyk etmek
üçin gaýrat etseňiz, size kim ýamanlyk etjek? 14 Siz
dogrulyk üçin görgi görseňiz hem bagtyýarsyňyz. Ola-
ryň gorkýan zatlaryndan gorkmaň, aljyramaň. 15 Ýöne
ýüregiňizde Reb Hudaýy 16 Muny ýumşaklyk, saýhally-
lyk bilen ediň. Mesihdäki ýagşy ýaşaýşyňyzy ýamanla-
ýanlar erbet iş edýänler hökmünde size garşy geplän-
lerinde utandyrylar ýaly, ynsabyňyz päk bolsun. 17 Se-
bäbi Hudaýyň islegi şeýle bolsa, onda ýagşylyk edip
görgi görmek ýamanlyk edip görgi görmekden gowu-
dyr. 18 Çünki bizi Hudaýyň ýanyna eltmek üçin, ten bo-
ýunça öldürilip, ruh boýunça direlmek bilen, dogry bo-
lan Mesih-de dogry däller ugrunda günäler üçin bir
gezek öldi. 19 Ol Ruh bilen hem gidip, tussagdaky ruh-
lara wagyz etdi. 20 Olar bir wagtlar, Nuhuň günlerinde
gämi ýasalyp ýörkä, Hudaýyň sabyrly garaşýan wagty
pitneçi bolupdylar. Ol gämide bolsa az, ýagny sekiz
adam suw bilen gutuldy. 21 Bu wakanyň nusgasyna gö-
rä, bedeniň kiriniň ýuwulmasy däl, eýsem, Hudaýyň
huzuryna päk ynsap talaby bolan çokunmaklyk hem
indi sizi Isa Mesihiň direlmegi arkaly gutarýar. 22 Ol Gö-
ge çykdy, Hudaýyň sagynda, perişdeler, hökümdarlar
we gudratlar Oňa tabyn.

## —NJI BAP

### Hudaýyň islegine görä ýaşaň

4 Mesihiň biziň hatyramyza tende görgi görşi ýaly,
siz hem şol pikir bilen ýaraglanyň, çünki kim ten-
de görgi görýän bolsa, 2 ol tende galan wagtyny adam
höwesine görä däl-de, Hudaý islegine görä ýaşamak
üçin günäden el çekendir. 3 Çünki ahlaksyzlykda, erbet
höweslerde, serhoşlukda, aýşy-eşretde, içgi meýlisle-
rinde we ýigrenji butparazlykda gezip, geçen wagtda
milletleriň halaýan zatlaryny ýerine ýetireniňiz size ýe-
terlikdir. 4 Olar özleri bilen birlikde şol çendenaşa ah-
laksyzlygyň yzynda däldigiňizi geň görüp, size sögýär-
ler. 5 Olar dirileriň hem ölüleriň üstünden höküm çy-
karmaga taýýar duran Hudaýa hasabat bererler. 6 Çün-
ki tende ynsanlara görä üstlerinden höküm çykarylma-
gy, ýöne ruhda Hudaýa görä ýaşamaklary üçin, Hoş
Habar ölülere-de yglan edildi.
7 Ähli zatlaryň soňy ýakynlady. Munuň üçin sagdyn
düşünjeli bolup, hüşgärlik bilen doga ediň. 8 Her zat-
dan öň birek-birege bolan söýgiňiz joşgunly bolsun,
sebäbi, söýgi köp günäleri basyrýandyr. 9 Birek-birege
hüňürdisiz myhmansöýer boluň. 10 Hudaýyň dürli mer-
hemetleriniň oňat dolandyryjysy kimin her kes öz alan
sylagyna görä biri-birine hyzmat etsin. 11 Biri geplese,

Hudaýyň sözlerini aýdyp geplesin; biri hyzmat etse,
Hudaýyň beren güýç-kuwwatyna görä hyzmat etsin.
Şeýdip, Isa Mesih arkaly Hudaý hemme zatda şöhrat-
lansyn. Şöhrat we gudrat ebedilik Onuňkydyr. Omyn.

### Mesih ugrunda görgi

12 Eý, söýgüli doganlar, sizi synamak üçin araňyzda
ýüze çykýan ot azaryny, geň zada sataşan ýaly, geň
görmän, 13 eýsem, Mesihiň şöhraty görnende, uly be-
genç bilen şatlanar ýaly, Onuň görgülerine şärikdeş
bolan derejede şatlanyň. 14 Mesihiň ady sebäpli mas-
garalanýan bolsaňyz, bagtyýarsyňyz, çünki Hudaýyň
şöhratly Ruhy siziň üstüňizde bolýandyr. Olar Oňa dil
ýetirýär, siz bolsa Ony şöhratlandyrýarsyňyz. 15 Ýöne
sizden hiç kim ganhor ýa ogry, jenaýatçy ýa şugul bo-
lup görgi görmesin. 16 Kim mesihi bolup görgi görýän
bolsa utanmasyn. Ol bu at bilen Hudaýy şöhratlandyr-
syn. 17 Çünki hökümiň Hudaýyň içersinden başlanmaly
wagty gelip ýetdi. Höküm öňürti bizden başlansa, on-
da Hudaýyň Hoş Habaryna boýun bolmaýanlaryň soňy
näme bolar? 18 Dogry adam zordan gutulýan bolsa,
Onda hudaýsyza, günäkäre näme bolar? 19 Munuň üçin
Hudaýyň islegi bilen görgi görýänler hem ýagşylyk
edip, janlaryny dogruçyl Ýaradana tabşyrmalydyr.

## —NJI BAP

### Ýaşulular we ýaşlar

5 Özleri ýaly ýaşuly, Mesihiň görgüleriniň güwäsi,
görünjek şöhratyň şärigi bolan men araňyzdaky
ýaşulylardan şulary haýyş edýärin: 2 araňyzdaky Huda-
ýyň sürüsine mejburlyk bilen däl-de, meýletinlik bilen
gözegçilik ediň. Olary biabraýçylykly gazanç üçin däl-
de, isleg bilen, 3 özlerine tabşyrylanlara agalyk edýän-
ler ýaly däl-de, sürä görelde bolup, Hudaýyň isleýän
ýolunda otladyň. 4 Şeýlelikde, Baş Çopan 5 Siz ýaşlar
hem, şonuň ýaly, ýaşululara tabyn boluň. Baryňyz biri-
biriňize garşy kiçigöwünliligi geýniň, çünki Hudaý te-
kepbirlere garşy gidýändir, kiçigöwünlilere bolsa mer-
hemet edýändir. 6 Hudaý sizi öz wagtynda beýgelder
ýaly, Onuň güýçli elleri astynda pälleriňizi pes tutuň.
7 Ähli gam-gussaňyzy Onuň üstüne atyň, sebäbi Ol si-
ziň gamhoryňyzdyr. 8 Hüşgär boluň, oýanyň. Ýagyňyz
bolan iblis arlaýjy arslan kimin aýlanyp, ýuwutjagyny
agtaryp ýörendir. 9 Dünýädäki doganlaryňyza-da şeýle
görgüleriň sataşýanyny bilýäniňiz üçin, oňa garşy
imanda berk duruň. 10 Mesihde Öz ebedi şöhratyna ça-
gyran bütin merhemetler Hudaýy az wagtlaýyn görgi
göreniňizden soň, sizi kämilleşdirer, berkider, güýçlen-
direr we gurar. 11 Şöhrat we gudrat ebedilik Onuňky
bolsun. Omyn.

### Salamlar

12 Meniň pikirimçe sadyk dogan bolan Silwanusyň üs-
ti bilen size az ýazdym, sizi ündäp, siziň içinde durany-
ňyzyň Hudaýyň hakyky merhemetidigine güwä geç-
dim. 13 Babylda siziň bilen bilelikde saýlanan ýygnak
we oglum Markus size salam aýdýar. 14 Biri-biriňize
söýgi ogşugy bilen salam aýdyň. Mesihde bolan siziň
baryňyza parahatlyk bolsun! Omyn.

# 2 Petrus

### —NJI BAP

1 Isa Mesihiň guly, resuly Simun Petrusdan Huda-
ýymyzyň, halasgär Isa Mesihiň dogrulygy arkaly
biziňki bilen bahadaş imana gowşanlara salam! 2 Hu-
daýy, Rebbimiz Isany tanamakda size merhemet, para-
hatlyk eçilsin!

### Hudaýyň çakylygy

3 Onuň Hudaýlyk güýji özümizi şöhrat hem artyklyk
bilen çagyran Hudaýy tanamagymyz arkaly ýaşaýşa,
takwalyga degişli ähli zady bize bagyş etdi. 4 Şular ar-
kaly bize juda gymmatly, uly wadalar berdi. Şeýle, siziň
ýaman höwesler sebäpli dünýäde bolan bozuklykdan
gaçyp, şular arkaly Hudaýlyk tebigata şärik bolmagy-
ňyz göz öňünde tutulýar. 5 Şonuň üçin bütin gaýraty
sarp edip, imanyňyzda artyklygy, artyklykda bilimi, 6 bi-
limde nebsiňize buýurmagy, nebsiňize buýurmakda
sabry, sabyrda takwalygy, 7 takwalykda dogan söýgüsi-
ni, dogan söýgüsinde hem Hudaýyň söýgüsini köpel-
diň. 8 Şu zatlar sizde bar bolsa, köpelse, sizi Rebbimiz
Isa Mesihi tanamakda bikär hem miwesiz goýmaz.
9 Kimde bu zatlar ýok bolsa, ol kördür, uzagy görýän
däldir, öňki günälerinden tämizlenendigini unudandyr.
10 Şonuň üçin, eý doganlar, çagyrylmagyňyzy, saýlan-
magyňyzy berkitmek üçin, köpräk gaýrat ediň. Şeýle
etseňiz, asla büdremersiňiz.
11 Şeýlelik bilen, Rebbimiz hem Halasgärimiz Isa Me-
sihiň ebedi Patyşalygyna girme size boldan berler.
12 Şonuň üçin bu zatlary bilip, özüňizdäki hakykata nä-
hili berkidilen hem bolsaňyz, men bulary size ýatladyp
durmagy asla bes etmerin. 13 Men bu çadyrdan 14 Çün-
ki Rebbimiz Isa Mesihiň-de maňa bildirişi ýaly, basym
çadyrymyň çözülmelidigini bilýärin. 15 Göçenimden
soň-da, hemişe şu zatlary ýada salyp bilmegiňiz üçin
şindi gaýrat edýärin. 16 Çünki size Rebbimiz Isa Mesihiň
güýjüni, gelenini aýdanymyzda, ýasama ertekilere
eýermedik, biz Onuň uly şöhratyny öz gözümiz bilen
gördük. 17 Çünki, iň şöhratly Hudaýdan Oňa: «Meniň
Söýgüli Oglum Budur, Ondan razydyryn» diýen ses ge-
lende, Ol Ata Hudaýdan hormat, şöhrat aldy. 18 Biz
Onuň bilen mukaddes dagdakak, bu sesiň Gökden ge-
lenini eşitdik. 19 Şeýle, pygamberlik sözi biziň üçin has
berkedi. Gün agaryp, daň ýyldyzy ýüregiňizde dogýan-
ça, garaňky ýerde nur saçýan çyra ýaly bu söze üns
berseňiz, ýagşy edersiňiz. 20 Ozaly bilen, Mukaddes
Ýazgynyň pygamberlik sözleriniň hiç biriniň öz-özüň-
den many çykarma däldigini bilmelisiňiz. 21 Çünki weli-
lik hiç haçan adam islegi bilen dile gelen däldir. Huda-
ýyň mukaddes adamlary Mukaddes Ruh tarapyndan
herekete gelip gepländirler

### —NJI BAP

### Bozuk taglymat berýänler

2 Halk arasynda ýalan pygamberleriň bolşy ýaly, si-
ziň araňyzda-da ýalan mugallymlar bolar. Olar he-
läkleýji, bozuk taglymatlar girizmek bilen, özlerini sa-
tyn alan Baýary-da inkär edip, öz başlaryna tiz bela ge-
tirerler. 2 Köp adamlar olaryň azgynçylygyna eýerer,
olar sebäpli hakykat ýoluna dil ýetiriler. 3 Açgözlülikden
ýaňa ýalan sözler bilen sizi ezerler. Olar üçin ozaldan
bar bolan höküm gijikmez, olaryň heläkçiligi irkilmez.
4 Çünki Hudaý günä eden perişdelere rehim etmän,
höküm üçin saklansynlar diýip, olary dowzaha taşlap,
tümlük zynjyrlaryna tabşyran bolsa, 5 gadym dünýä re-
him etmän, hudaýsyzlar dünýäsiniň başyna tupan tur-
zanda, dogrulyk wagyzçysy Nuhy beýleki ýedi adam bi-
len saklan bolsa, 6 Sodom we Gomorra şäherlerini kül
edip, üstlerinden weýrançylyk hökümini çykarmak bi-
len, olary hudaýsyz ýaşajaklara nusga eden bolsa, 7 az-
gynlaryň ahlaksyzlyk içindäki ýaşaýyşyndan jebir çe-
ken, ýöne dogry bolan Luty gutaran bolsa 8 (olaryň
arasynda ýaşan bu dogry adam olaryň nähak işlerini
görmek, eşitmek bilen, öz dogry janyna günsaýyn jebir
ederdi), 9 hudaýhonlary synagdan nähili halas etmeli-
digini, dogry dälleri, aýratyn-da, ten isleglerine kowala-
şyp, häkimiýeti äsgermeýänleri höküm gününe çenli
jeza astynda nähili saklamalydygyny Reb bilýär. Bular
— batyrsyraýanlar, tekepbirler Gökdäki güýçlere dil ýe-
tirmekden gorkmaýarlar. 11 Perişdeler güýç we gudrat-
da uly hem bolsalar, bulary garalamak üçin Rebbiň hu-
zuryna höküm getirmeýär. 12 Bular bolsa tutulmak, he-
läk edilmek üçin doglan pähimsiz ýabany haýwanlar
ýaly, bilmeýän zatlaryna dil ýetirip, öz heläkçiliklerinde
heläk bolarlar. 13 Eden ýamanlyklarynyň almytyny alar-
lar. Tegmilt we biabraý bolan bular gündiz aýşy-eşret
sürmegi şatlyk saýýandyr, siziň bilen iýip-içýän wagtla-
ry öz hileleri bilen keýp çekýändir. 14 Olaryň zynadan
doly, günäden gaýtmaz gözleri bolup, durnuksyz janla-
ry duzaklaýandyrlar; ýürekleri açgözlülige öwrenişen
gargyş siňen perzentlerdir. 15 Olar Beor ogly Balamyň
yzyna eýermek bilen, dogry ýoly terk edip, azaşdylar.
Balam hem adalatsyzlyk hakyny söýerdi. 16 Ýöne ol öz

tagsyrlary üçin käýinç gördi, bir dilsiz-agyzsyz eşek
adam sesinde gürläp, pygamberiň däliligini bökdedi.
17 Olar suwsuz çeşme, güýçli ýeliň kowýan ümrüdir; ga-
raňky tümlük olar üçin saklanýar. 18 Çünki hatada gez-
ýänlerden zordan gaçanlary gopbamsy, boş sözler aý-
dyp, ahlaksyzlyklar bilen beden höweslerinde duzakla-
ýarlar. 19 Olara azatlygy wada edýärler, özleri bolsa bo-
zuklygyň gullarydyr. Sebäbi adam birinden ýeňilse,
oňa gul kimin tabyndyr. 20 Çünki olar Reb hem halas-
gär Isa Mesihi tanamak arkaly dünýäniň pisliklerinden
gaçansoňlar, ýene-de bulara garyşyp, ýeňlen bolsalar,
onda olaryň soňky ýagdaýy öňküden erbetdir. 21 Çünki
olar üçin dogrulyk ýoluny bilmezlik, ony bilip-de, özle-
rine tabşyrylan mukaddes buýrukdan ýüz döndermek-
den gowy bolardy. 22 Olaryň başyna bu hakyky nakylda
aýdylanlar geldi: «It öz gusugyna gaýdyp geldi, ýuw-
nan doňuz batgada togalanmaga».

## —NJI BAP

## Rebbiň güni

3 Eý, söýgüli doganlar, indi size bu ikinji haty ýazýa-
ryn. 2 Bularyň ikisinde-de mukaddes pygamberle-
riň öňden aýdan sözlerini, Reb hem Halasgäriň resulla-
ryňyz arkaly size beren buýrugyny ýadyňyza salmak
üçin, sap pikirleriňizi ýatlatma arkaly oýarýaryn. 3 Oza-
ly bilen, biliň, ahyrky günlerde öz höweslerinde gezýän
ýaňsylaýjylar ýaňsyly sözler bilen gelip: 4 «Rebbiň gel-
meginiň wadasy hany? Atalar ölenden bäri hemme zat
ýaradylyşyň başlangyjynda bolşy ýaly dur» diýer. 5 Çün-
ki olar Gögüň Hudaýyň sözi arkaly gadymdan bäri bar-
dygyndan, ýeriň suw arkaly suwdan döräninden biha-
barsyran boldular. 6 Ýöne ol wagtky dünýä şol suwda
hem gark bolup heläklenipdi. 7 Ýöne welin, häzirki Gök,
Ýer Onuň sözi bilen ot üçin goralyp, höküm gününe,
hudaýsyz adamlaryň heläk boljak gününe çenli saklan-
ýar.
8 Eý, söýgüli doganlar, bir zady unutmaň: Rebbiň ýa-
nynda bir gün müň ýyl, müň ýyl bir gün ýalydyr. 9 Kä-
birleriniň gijikme hasap edişi ýaly, Reb Öz wadasyny
ýerine ýetirmegi gijikdirýän däldir. Ol biziň 10 Emma
Rebbiň güni bir ogry kimin geler. Şonda Gök uly gü-
pürdi bilen geçer, elementler ýanyp dargar, ýer, onda-
ky zatlar ýanyp ýok bolar. 11 Bularyň ählisi şeýle darga-
jak bolsa, onda siziň nähili adamlar bolmagyňyz ge-
rek? Hudaýyň gününiň gelmegine garaşyp, ony çalt-
landyryp, mukaddes ýaşaýyşda, takwalykda gezmelisi-
ňiz. 12 Şol gün zerarly Gök ot alyp dargar, elementler
ýanyp erär. 13 Biz Onuň wadasyna görä täze Göge, täze
ýere garaşýarys; olarda bolsa dogrulyk höküm sürer.
14 Şoňa görä-de, eý, söýgüli doganlar, bulara garaşýan-
dygymyz üçin, Hudaýyň ýanynda parahatlykda teg-
miltsiz, müýnsüz boljak bolup gaýrat ediň. 15 Söýgüli
doganymyz Pawlusyň hem özüne berlen akyldarlyk
boýunça size ýazyşy ýaly, Rebbimiziň sabryny gutulyş
pursady saýyň. 16 Ol bu zatlardan gürrüň berende, bü-
tin hatlarynda şeýle ýazýandyr. Olarda ýazylanlaryň kä-
birlerine düşünmek kyndyr, nadan hem durnuksyz
adamlar bolsa beýleki Mukaddes Ýazgylary ýoýuşlary
ýaly, bulary-da öz heläkçilikleri üçin ýoýýarlar. 17 Indi,
eý, söýgüli doganlar, azgynlaryň hatalaryna çekilip,
berkligiňizde gowşamaz ýaly, bu zatlary öňünden biliň,
özüňizi goraň. 18 Rebbimiz hem halasgärimiz Isa Mesi-
hiň merhemetinde, biliminde ösüň. Şöhrat häzir we
mydamalyk Onuňky bolsun! Omyn.

# 1 Ýahýa

## —NJI BAP

### Ýaşaýyş sözi

1 Ýaşaýyş sözi hakda ozal-başdan bar bolany, eşi-
denimizi, gözlerimiz bilen görüp synlanymyzy, el-
lerimiziň tutanyny size yglan edýäris. 2 Ýaşaýyş aýan
boldy, biz ony gördük, oňa güwä geçýäris. Atada bo-
lup, bize aýan bolan ýaşaýşy, ebedi ýaşaýşy size habar
berýäris. 3 Siziň-de biziň bilen şärikçiligiňiz bolar ýaly,
görenimizi, eşidenimizi size aýdýarys. Biziň şärikçiligi-
miz bolsa Ata we Onuň Ogly Isa Mesih bilendir. 4 Şatly-
gyňyz

### Nurda geziň

5 Ondan eşiden we size yglan edýän habarymyz şu-
dur: Hudaý nurdur, Onda hiç hili garaňkylyk ýokdur.
6 Biz Onuň bilen şärikçiligimiziň barlygyny aýdyp-da,
garaňkylykda gezýän bolsak, onda ýalan sözleýändiris,
hakykaty berjaý edýän däldiris. 7 Onuň nurda bolşy ýa-
ly, biz hem nurda gezýän bolsak, onda biri-birimiz bi-
len şärikçiligimiz bardyr, Onuň Ogly Isanyň gany bizi
hemme günälerden tämizleýändir. 8 Günämiz ýokdur
diýsek, onda biz özümizi aldaýandyrys, bizde hakykat
ýokdur. 9 Günälerimizi boýun alsak, Ol ynamdar, adyl-
dyr. Günälerimizi öter, bizi her hili ýamanlykdan aras-
salar. 10 Günä eden däldiris diýsek, Ony ýalançy edýän-
diris, bizde Onuň sözi ýokdur.

## —NJI BAP

2 Eý balalarym! Men size şulary günä etmezligiňiz
üçin ýazýaryn. Kimdir biri günä eden bolsa, Ata-
nyň ýanynda Töwellaçymyz, dogry bolan Isa Mesih
bardyr. 2 Ol günälerimize, diňe bir biziňkä däl-de, eý-
sem, bütin dünýäniň günälerine hem bagyşlanma ga-
zandyran gurbandyr. 3 Onuň buýruklaryny berjaý ed-
ýän bolsak, bu Ony tanaýandygymyzy bildirýändir.
4 Kim «Ony tanaýaryn» diýip-de, buýruklaryny berjaý
etmeýän bolsa, ýalançydyr, onda hakykat ýokdur. 5 Ýö-
ne kim Onuň sözüni berjaý edýän bolsa, dogrudan-da,
onda Hudaýyň söýgüsi kämilleşendir. Ondadygymyzy
şundan bilýäris. 6 Ol nähili gezen bolsa, Onda galýany-
ny sözleýäniň özi-de şonuň ýaly gezmäge borçludyr.
7 Eý, söýgüli doganlar, men bir täze buýruk däl-de,
ozal-başda alan gadymky buýrugyňyzy ýazýaryn. Ga-
dymky buýruk siziň ozal-başda eşiden sözüňizdir. 8 Size
ýene-de bir täze buýruk ýazýaryn. Ol sizde-de, Mesih-
de-de hakdyr, çünki garaňkylyk ötýändir, hakyky nur
bolsa eýýäm ýalkym saçyp durandyr. 9 Kim özüniň nur-
dadygyny sözläp-de, doganyny ýigrenýän bolsa, ol en-
tek garaňkylykdadyr. 10 Doganyny söýýän her kes nur-
da galýandyr, onda büdreme sebäbi ýokdur. 11 Ýöne
kim doganyny ýigrenýän bolsa, ol garaňkylykdadyr.
Garaňkylykda gezip, ol nirä barýanyny bilýän däldir,
çünki garaňkylyk onuň gözlerini kör edendir.
12 Eý balalar, size ýazýaryn, çünki günäleriňiz Onuň
hatyrasyna bagyşlandy. 13 Eý atalar, size ýazýaryn, çün-
ki siz ezelden bar Bolany tanaýarsyňyz. Eý ýaşlar, size
ýazýaryn, çünki siz iblisi ýeňdiňiz. Eý balalar, size ýaz-
dym, çünki siz Atany tanaýarsyňyz. 14 Eý atalar, size
ýazdym, çünki siz ezelden bar Bolany tanaýarsyňyz. Eý
ýaşlar, size ýazdym, çünki siz güýçlüsiňiz, Hudaýyň sözi
sizde galýar, siz iblisi ýeňdiňiz. 15 Dünýäni, dünýädäki
zatlary söýmäň. Biri dünýäni söýýän bolsa, onda Ata-
nyň söýgüsi ýokdur. 16 Çünki dünýäde bolan ähli zatla-
ry: ten höwesleri, göz höwesi we ýaşaýyş tekepbirligi
Atadan däl, dünýädendir. 17 Dünýä we onuň höwesleri
geçip gider, kim Hudaýyň islegini ýerine ýetirse, baky
galar.

### Mesihe garşy göreşiji

18 Eý balalar, bu soňky sagatdyr, Mesihe garşy göreşi-
ji gelýär diýip eşidişiňiz ýaly, şu wagt hem ençeme Me-
sihe garşy göreşiji çykypdyr. Biz soňky sagatdygyny
şundan bilýäris. 19 Olar bizden çykdylar, ýöne bizden
däldiler, çünki bizden bolan bolsalar, biziň aramyzda
galardylar. Ýöne olaryň barynyň bizden däldigi aýan
bolar ýaly çykdylar. 20 Siz bolsa mukaddes Bolandan
Mukaddes Ruhy 21 Men size hakykaty bilmeýändigiňiz
üçin däl-de, eýsem, ony we hiç bir ýalanyň hakykatdan
däldigini bilýändigiňiz üçin ýazdym. 22 Isanyň Mesihdi-
gini inkär edýän ýalançy däl bolsa, onda kim ýalançy?
Atany, Ogly inkär edýän, ine, Mesihe garşy göreşijidir.
23 Ogly inkär edýän adamda Ata hem ýokdur. Ogly yk-
rar edýän adamda Ata hem bardyr. 24 Ozal-başdan eşi-
deniňiz sizde galsyn. Ozal-başdan eşideniňiz sizde gal-
sa, siz hem Ogulda, hem Atada galarsyňyz. 25 Onuň bi-
ze beren wadasy ebedi ýaşaýyşdyr. 26 Bu zatlary sizi az-
dyrýanlar barada ýazdym. 27 Ýöne siziň Ondan alan
Mukaddes Ruhuňyz 28 Indi, eý balalar, Ol aýan bolan-
da, gaýratly bolar ýaly, gelende, huzurynda utançsyz
durar ýaly, Onda galyň. 29 Onuň dogrudygyny bilýän
bolsaňyz, dogrulygy berjaý edýän her kişiniň hem On-
dan dogandygyny biliň.

## —NJI BAP

### Hudaýyň balalary

3 Biziň Hudaýyň balalary adyny almagymyz üçin,
Ata bize, gör, nähili söýgi beripdir! Şonuň üçin-de
dünýä bizi tanamaýar, çünki Ony tanamady. 2 Eý, söý-
güli doganlar, biz şindi Hudaýyň balalarydyrys. Biziň
näme boljakdygymyz entek aýan bolanok. Ýöne Mesih
aýan bolanda, Onuň ýaly boljakdygymyzy bilýäris, çün-
ki Ony bolşy ýaly göreris. 3 Oňa umyt baglan her kes
Onuň sap bolşy ýaly, özüni saplar. 4 Günä edýän kişi
kanunsyzlyk hem edýändir, çünki günä kanunsyzlyk-
dyr. 5 Siz Onuň biziň günälerimizi Öz üstüne almak
üçin aýan bolanyny bilýänsiňiz. Onda günä ýokdur.
6 Onda galýan hiç kim günä etmez. Günä edýän kişi
Ony ne görendir, ne-de tanandyr.
7 Eý balalar! Hiç kime özüňizi azdyrtmaň! Kim dogru-
lygy ýerine ýetirýän bolsa, Onuň dogry bolşy ýaly dog-
rudyr. 8 Günä edýän iblisdendir, çünki iblis başlangyç-
dan bäri günä edip gelýär. Muňa görä-de, Hudaýyň
Ogly iblisiň işlerini ýok etmek üçin aýan boldy. 9 Hu-
daýdan dogan adam günä etmez, çünki Hudaýyň to-
humy onda galýandyr. Ol günä edip bilmez, çünki ol
Hudaýdan doglandyr. 10 Hudaýyň balalary bilen iblisiň
balalary şundan bellidir: dogrulygy ýerine ýetirmeýän,
doganyny söýmeýän adam Hudaýdan däldir.

### Biri-birimizi söýeliň

11 Çünki siziň ozal-başdan eşiden habaryňyz şudur:
biri-birimizi söýeliň. 12 Iblisden bolan, öz doganyny öl-
düren Kabyl ýaly bolmalyň. Ol ony näme üçin öldürdi?
Çünki öz işleri erbet, doganynyňky dogrudy. 13 Eý do-
ganlar, dünýä sizi ýigrenýän bolsa, geňirgenmäň. 14 Biz
özümiziň ölümden ýaşaýşa geçendigimizi bilýäris, se-
bäbi, biz doganlary söýýäris. Ýöne doganyny söýme-
ýän ölümde galýandyr. 15 Doganyny ýigrenýän kişi
ganhordyr, siz hiç bir ganhorda ebedi ýaşaýşyň galma-
ýanyny bilýänsiňiz. 16 Biz söýgini Onuň Öz janyny biziň
üçin pida edeninden tanadyk; biz-de doganlar üçin ja-
nymyzy pida etmäge borçludyrys. 17 Dünýä malyna baý
bolup, doganyny mätäçlikde görende, oňa ýüregiýuka-
lyk etmeýän kişide Hudaýyň söýgüsi nähili galar? 18 Eý
balalar, diňe bir söz bilen, dil bilen däl-de, iş hem haky-
kat bilen söýeliň. 19 Hakykatdandygymyzy şeýle bilip,
Onuň garşysynda ýüregimize ynjalyk bereliň. 20 Çünki
ýüregimiz bizi ýazgarýan bolsa-da, Hudaý ýüregimiz-
den uludyr, hemme zady bilýändir. 21 Eý, söýgüli do-
ganlar, eger ýüregimiz bizi ýazgarmaýan bolsa, onda
Hudaýyň huzurynda gaýratymyz bolar. 22 Näme dile-
sek, Ondan alarys, çünki Onuň buýruklaryny berjaý
edip, Onuň halanyny edýändiris. 23 Onuň buýrugy bol-
sa Ogly Isa Mesihiň adyna iman etmegimiz, Onuň bize
buýruşy ýaly, biri-birimizi söýmegimizdir. 24 Hudaýyň
buýruklaryny berjaý edýän Hudaýda, Hudaý hem onda
galýandyr. Onuň bizde galýanyny şundan, ýagny Onuň
bize beren Ruhundan bilýäris.

## —NJI BAP

### Ruhlary synaň

4 Eý, söýgüli doganlar, her bir ruha ynanmaň. Ruh-
laryň Hudaýdandygyny bilmek üçin olary synap
görüň, çünki dünýä köp ýalan pygamberler çykdy.
2 Hudaýyň Ruhuny şundan tanarsyňyz: Isa Mesihiň ten
bilen gelenini ykrar edýän her bir ruh Hudaýdandyr.
3 Isa Mesihiň ten bilen gelenini 4 Eý balalar, siz Hudaý-
dansyňyz, ýalan pygamberleri ýeňensiňiz, çünki sizde
Bolýan dünýäde bolýandan uludyr. 5 Olar dünýädendir;
şu sebäpden hem olar dünýäniň nukdaýnazaryndan
gürleýär, dünýä olary diňleýär. 6 Biz Hudaýdandyrys;
kim Hudaýy tanaýan bolsa, bizi diňlär; kim Hudaýdan
däl bolsa, bizi diňlemez. Biz hakykat ruhy bilen aldaw
ruhuny şundan tanaýandyrys.

### Hudaý söýgüdir

7 Eý, söýgüli doganlar, biri-birimizi söýeliň, çünki söý-
gi Hudaýdandyr, her kim söýýän bolsa, Hudaýdan do-
gandyr, Hudaýy tanaýandyr. 8 Kim söýmeýän bolsa,
Hudaýy tanan däldir, çünki Hudaý söýgüdir. 9 Bize Hu-
daýyň söýgüsi şeýle aýan boldy: biziň Ol arkaly ýaşa-
magymyz üçin, Hudaý Özüniň ýalňyz Ogluny dünýä
iberdi. 10 Biz Hudaýy däl, eýsem, Ol bizi söýüp, Öz Og-
luny günälerimize bagyşlanma gazandyrýan gurban
edip iberdi. Ine, söýgi şudur. 11 Eý, söýgüli doganlar,
Hudaý bizi şeýle söýen bolsa, onda biz-de biri-birimizi
söýmäge borçludyrys. 12 Hudaýy hiç kim hiç haçan gö-
ren däldir. Biz biri-birimizi söýýän bolsak, onda Hudaý
bizde galýandyr, Onuň söýgüsi bizde kämilleşendir.
13 Biziň Onda, Onuň hem bizde galýanyny Onuň Öz Ru-
hundan bize bereninden bilýäris. 14 Biz synladyk, Ata-
nyň Öz Ogluny dünýäniň Halasgäri edip iberenine gü-
wä geçýäris. 15 Kim Isanyň Hudaýyň Ogludygyny ykrar
edýän bolsa, Hudaý onda, ol hem Hudaýda galýandyr.
16 Biz Hudaýyň özümize bolan söýgüsine düşündik,
oňa ynandyk. Hudaý söýgüdir, kim söýgüde galýan
bolsa, ol Hudaýda, Hudaý hem onda galýandyr. 17 Hö-
küm gününde gaýratymyz bolar ýaly, söýgi bizde şeýle
kämilleşendir, çünki Ol nähili bolsa, biz hem bu dünýä-
de şeýlediris. 18 Söýgüde gorky ýokdur. Kämilleşen söý-
gi gorkyny kowup çykarýandyr, çünki gorkuda sütem
bardyr. Kim gorkýan bolsa, ol söýgüde kämilleşen däl-
dir. 19 Biz Ony söýýäris, çünki öňinçä Ol bizi söýdi.
20 Kim: «Hudaýy söýýärin» diýip-de, öz doganyny ýig-
renýän bolsa, onda ol ýalançydyr. Çünki özüniň görüp
duran doganyny söýmeýän adam görmedik Hudaýyny
söýüp bilmez 21 Bizde Onuň: «Hudaýy söýýän öz doga-
nyny-da söýmelidir» diýen buýrugy bardyr.

—NJI BAP

## Hudaýyň Ogluna iman

5 Isanyň Mesihdigine iman edýän kişi Hudaýdan doglandyr. Atany söýýän kişi Ondan dogany-da söýýändir. 2 Hudaýyň balalaryny söýýändigimizi Hudaýy söýüp, Onuň buýruklaryny berjaý edişimizden bilýäris. 3 Çünki Hudaýyň söýgüsi Onuň buýruklaryny berjaý etmekdir, Onuň buýruklary bolsa agyr däldir. 4 Çünki Hudaýdan dogan kişi dünýäni ýeňýändir, dünýäden üstün çykan ýeňiş biziň imanymyzdyr. 5 Isanyň Hudaýyň Ogludygyna ynanýan, dünýäni ýeňýän dälmi näme?! 6 Suw, gan arkaly gelen Isa Mesihdir. Ol diňe bir suw arkaly däl-de, suw hem gan arkaly gelendir. Şeýle, Gökde güwälik berýän üçdür: Ata, Söz we Mukaddes Ruh. Bularyň üçüsi hem birdir. 7 Güwälik berýän-de Ruhdur, çünki Ruh hakykatdyr. 8 Şeýle güwälik berýän üçdür: Ruh, suw we gan. Bularyň üçüsiniň hem güwäligi bir çykýar. 9 Biz adamlaryň güwäligini kabul edýän bolsak, Hudaýyň güwäligi ondan uludyr, çünki bu Hudaýyň Öz Ogly hakynda beren güwäligidir. 10 Hudaýyň Ogluna iman edýände Hudaýyň güwäligi bardyr. Hudaýa iman etmeýän bolsa, Ony ýalançy edendir, çünki Hudaýyň Öz Ogly hakda beren güwäligine iman eden däldir. 11 Bu güwälik bolsa şudur: Hudaý bize ebedi ýaşaýyş berdi, bu ýaşaýyş Onuň Oglundadyr. 12 Kimde Ogul bar bolsa, onda ýaşaýyş hem bardyr, kimde Hudaýyň Ogly ýok bolsa, onda ýaşaýyş hem ýokdur.

## Ebedi ýaşaýyş

13 Men muny size — Hudaýyň Oglunyň adyna iman edenlere ýazdym. Şeýle, siz Hudaýyň oglunyň adyna iman edenler ebedi ýaşaýşyňyzyň barlygyny biliň. 14 Biziň Onuň huzuryndaky gaýratymyz bolsa şudur: Onuň islegine görä bir zat dilesek, Ol dilegimizi eşider. 15 Onuň her dilegimizi eşidýändigini bilýän bolsak, onda Özünden dilän dilegimizi aljakdygymyzy-da bilýändiris. 16 Biri doganynyň ölüme eltmeýän günä edýänini görse, doga etmelidir, Hudaý oňa ýaşaýyş berer. Muny ölüme eltmeýän günä edýänler hakda aýdýaryn. Ölüme eltýän bir günä bardyr; men munuň üçin doga etsin diýmeýärin. 17 Her bir ýamanlyk günädir, ýöne ölüme eltmeýän günä-de bardyr. 18 Biz Hudaýdan dogan her bir kişiniň günä etmeýänini bilýäris. Hudaýdan dogan özüni saklaýandyr, iblis oňa el gatmaz. 19 Biz özümiziň Hudaýdandygymyzy, bütin dünýäniň bolsa iblisiň goly astyndadygyny bilýäris. 20 Biz hak Hudaýy tanar ýaly, Hudaýyň Oglunyň gelip, bize pähim berenini bilýäris. Biz hak Bolanda, ýagny Onuň Ogly Isa Mesihdediris. Ol hak Hudaýdyr, ebedi ýaşaýyşdyr.

21 Eý balalar, özüňizi butlardan goraň! Omyn.

# 2 Ýahýa

### Hakykat we söýgi

1 Hudaýyň saýlany, meniň hakykatda söýýän hany-
myma [2] Çünki hakykat bizde galýar, ol baky biziň
bilen galar. [3] Ata Hudaýdan, Atanyň Ogly Reb Isa Me-
sihden hakykat, söýgüde merhemet, rehim we para-
hatlyk biziň bilen bolar. [4] Men seniň oglanlaryň käbirle-
riniň Atadan alan buýrugyňyz boýunça hakykatda gez-
ýänini görenime gaty şat boldum. [5] Häzir, eý hanym,
saňa bir täze buýruk däl-de, ozal-başdan bizde bolany
ýazyp, senden birek-biregi söýmegi haýyş edýärin.
[6] Söýgi Hudaýyň buýrugyna görä gezmegimizden yba-
ratdyr. Onuň buýrugy ozal-başdan eşidişiňiz ýaly, söý-
güde gezmegiňizdir. [7] Sebäbi dünýä ençeme aldawçy
geldi. Olar Isa Mesihiň bedende gelenini ykrar etme-
ýär. Beýle adam aldawçy, Mesihe garşy göreşijidir. [8] Biz
gazananlarymyzy ýitirmän, doly muzdy alar ýaly, özü-
ňizden habardar boluň.
[9] Mesihiň taglymatyndan arany açan, onda galmaýan
adamda Hudaý ýokdur. Kim taglymatda galýan bolsa,
onda hem Ata, hem-de Ogul bardyr. [10] Biri gelip-de, bu
taglymaty getirmese, ony içeri salmaň, oňa salam ber-
mäň. [11] Çünki oňa salam beren onuň erbet işlerine şä-
rik bolýandyr. [12] Size ýazmaly köp zatlarym bar, ýöne
kagyz, syýa bilen ýazasym gelenok. Emma şatlygyňyz
kämil bolar ýaly, ýanyňyza gelip, siziň bilen ýüzbe-ýüz
gürleşeris diýen umydym bar. [13] Saýlanan uýam

# 3 Ýahýa

### Öwgüler we öwütler

1 Meniň hakykatda söýýän söýgüli doganym Gaýu-
sa ýaşuludan salam! [2] Eý, söýgüli doganym, janyň
üstünlikli bolşy ýaly, seniň hemme zatda üstünlik gaza-
nyp, saglykda bolmagyň üçin doga edýärin. [3] Çünki kä-
bir doganlar gelip, seniň hakykatda gezişiň ýaly, haky-
kata baglydygyňa güwä geçenlerinde, men gaty şat
boldum. [4] Meniň oglanlarymyň hakykatda gezýändik-
lerini eşitmekden uly şatlygym ýok.
[5] Eý, söýgüli doganym, sen ýat hem bolsalar, dogan-
lara edýän ähli zatlaryňda sadyksyň. [6] Olar ýygnagyň
huzurynda seniň söýgiň barada güwä geçdiler. Olary
Hudaýa mynasyp tärde ýola salsaň, ýagşy edersiň.
[7] Çünki olar iman etmediklerden hiç bir zat alman, Isa-
nyň adynyň hatyrasyna ýola çykdylar. [8] Biz hakykat ug-
runda işdeş bolar ýaly, şeýle adamlary kabul etmäge
borçludyrys. [9] Men ýygnaga ýazdym, ýöne olaryň ara-
synda başlyk bolmagy söýýän Diotrefis bizi kabul et-
meýär. [10] Munuň üstesine, ol doganlary-da kabul et-
meýär, muny etjek bolýanlara hem päsgel berip, olary
ýygnakdan kowýar. Şoňa görä-de, eger baraýsam, bize
erbet sözler aýdyp, eden işlerini ýadyna salaryn.
[11] Eý, söýgüli doganym, erbede däl, ýagşa öýkün.
Ýagşylyk edýän Hudaýdandyr, erbetlik edýän Hudaýy
gören däldir. [12] Dimitriosa hemmeler, hakykatyň özi
güwä geçýär. Biz hem güwä geçýäris; güwäligimiziň
hakdygyny bolsa sen bilýänsiň. [13] Saňa ýazmaly köp
zatlarym bar, ýöne syýa, galam bilen ýazasym gelenok.
[14] Seni basymrak görüp, ýüzbe-ýüz gürleşeris diýen
umydym bar. [15] Saňa parahatlyk bolsun! Dostlar saňa
salam aýdýarlar. Ol ýerdäki dostlara atma-at salam ýe-
tir. Omyn.

# Ýahuda

### Günä we höküm

1 Isa Mesihiň guly, Ýakubyň dogany Ýahudadan Ata Hudaý tarapyndan mukaddes edilip 2 Size rehim, parahatlyk, söýgi eçilsin! 3 Eý, söýgüli doganlar, men size ortak gutulyşymyz hakda ýazmak üçin bütin gaýratymy sarp edip, mukaddeslere bir gezek tabşyrylan iman ugrunda göreşiň diýip ýazmaga, nesihat bermäge mejbur boldum. 4 Çünki Hudaýymyzyň merhemetini ahlaksyzlyga öwren, ýalňyz Baýarymyz Hudaýy we Rebbimiz Isa Mesihi inkär edýän hudaýsyzlar, gadymdan şu höküm üçin bellenen käbir adamlar ogrynça araňyza sokuldylar. 5 Ýöne muny ozal bilýän hem bolsaňyz, Rebbiň Müsür diýaryndan halky bir gezek gutarandan soň, ikinji gezek iman etmedikleri heläk edenligini size ýatladasym gelýär. 6 Ol öz mertebelerini saklaman, mesgenlerini terk eden perişdeleri hem ebedi zynjyrlar bilen baglap, tümlük astynda magşar günüň hökümine saklady.

7 Şeýle, Sodom, Gomorra we olaryň töweregindäki şäherler hem zynahorluga berlip, jyns azgynlygyna eýerip, ebedi ot jezasyny çekmek bilen göreldä goýuldy. 8 Şonuň ýaly, bu düýş görüjiler hem teni nejisleýär, häkimiýeti äsgermeýär, şöhratly güýçlere sögýär. 9 Baş perişde Mikaýyl Musanyň jesedi barada iblis bilen çekişip, jedelleşende oňa sögmän, bir höküm getirmägede ýürek etmän, diňe: «Saňa Reb käýesin!» diýdi. 10 Emma bular bilmeýän zatlaryna sögýärler; pähimsiz haýwanlar ýaly tebigatyna görä düşünýän zatlary olary heläk edýär. 11 Waý, olaryň halyna! Çünki olar Kabylyň ýoluny tutdular, muzd üçin özlerini Balamyň hatasyna tabşyrdylar, Korahyň topalaňynda heläk boldular. 12 Bular siz bilen gorkusyz iýip-içip, diňe özlerini bakan mahallary siziň muhabbet zyýapatlaryňyza tegmilt bolýarlar. Ýel bilen kowlan suwsuz bulutlar, iki gezek ölen, kökünden goparylan miwesiz güýz agaçlary, 13 öz biabraýçylygynyň köpügini saçýan ýowuz deňiz tolkunlary, sergezdan ýyldyzlardyrlar. Baky garaňky tümlük olar üçin saklanandyr. 14 Adamdan soňra ýedinji bolan Hanok hem bular hakda welilik edip, şeýle diýipdir: 15 «Hudaýsyzlyk bilen eden bütin hudaýsyz işleri zerarly, hudaýsyz günäkärleriň Oňa aýdan ähli paýyş sözleri zerarly, hemmeleriň üstünden höküm çykarmaga, bütin hudaýsyzlary höküm etmäge Reb, ine, müňlerçe mukaddesi bilen geldi». 16 Bular hüňürdeýän, öz bijelerinden närazy, erbet höweslerinde gezýänlerdir. Olaryň agzy gopbamsy sözler aýdýandyr, nep üçin ikiýüzlülik edýändirler.

### Duýduryş we öwüt

17 Emma siz, eý, söýgüli doganlar, Rebbimiz Isa Mesihiň resullarynyň öňünden aýdan sözlerini ýada salyň. 18 Olar size: «Soňky wagtlarda öz hudaýsyzlyklarynyň höweslerine görä gezýän ýaňsylaýjylar bolar» diýip aýdardylar. 19 Bular aýralyk salýan, Mukaddes Ruhdan mahrum tebigy adamlardyr. 20 Eý, söýgüli doganlar, siz özüňizi iň mukaddes imanyňyzyň üstünde gurup, Mukaddes Ruhda doga edip, 21 ebedi ýaşaýyş üçin Rebbimiz Isa Mesihiň rehimine garaşyň, özüňizi Hudaýyň söýgüsinde saklaň. 22 Şübhe içinde bolan käbirlerine rehimdar boluň. 23 Käbirlerini gorky bilen, otdan çekip gutaryň. Käbirlerine bolsa günäli ten bilen hapalanan lybasy-da ýigrenip, rehimdar boluň. 24 Halasgärimiz ýalňyz Hudaý sizi büdremekden goramagy, şöhratynyň huzurynda uly şatlyk bilen tegmiltsiz duruzmagy başarýandyr. 25 Şöhrat, ululyk, gudrat we häkimiýet Rebbimiz Isa Mesih arkaly ähli döwürlerden öň, häzir we ähli döwürleriň dowamynda Hudaýyňky bolsun! Omyn.

# Ylham

## —NJI BAP

1 Bu Hudaýyň, ýakyn wagtda bolmaly zatlary ben-
delerine görkezmek üçin Isa Mesihe beren ylha-
mydyr. Hudaý perişdesini iberip, muny guly Ýahýa
aýan etdi. 2 Ol hem gören zatlarynyň baryna, Hudaýyň
sözüne, Isa Mesihiň şaýatlygyna güwälik edýär. 3 Bu
pygamberlik sözlerini okan, onda ýazylanlara gulak
asyp, olary berjaý eden bagtyýardyr, çünki garaşylan
wagt ýakyndyr!

### Ýedi ýygnaga salam

4 Men Ýahýadan Aziýa welaýatyndaky ýedi ýygnaga
salam! Häzir bar Bolan, geçmişde bar Bolan we Geljek-
den, Onuň tagtynyň öňündäki ýedi ruhdan, ölümden
ilkinji direlen, bütin dünýä patyşalarynyň hökümdary,
dogruçyl güwä Isa Mesihden size merhemet hem pa-
rahatlyk bolsun!
Şöhrat hem gudrat bizi söýýän, Öz gany bilen günä-
lerimizden azat eden, patyşalyga ýetirip, bizi Atasy Hu-
daýyň hyzmatynda ruhanylar eden Mesihiňki bolsun!
Omyn. 7 Ine, Ol bulutlar bilen gelýär. Her bir göz, Onuň
bedenini deşenler hem Ony görer. Ýer ýüzüniň ähli
halklary Onuň üçin ýas tutar. Hawa, omyn!

### Başlangyç we soň Mendirin

8 Häzir bar bolan, geçmişde bar bolan, geljek we her
zada güýji ýetýän Reb Hudaý diýýär: «Alfa we Omega,
başlangyç we soň Mendirin». 9 Isa degişli biri hökmün-
de muşakgatda, sabyrda, patyşalykda şärikdeşiňiz bo-
lan men, doganyňyz Ýahýa Hudaýyň Sözi, Isanyň gü-
wäligi sebäpli Patmos diýen adadadym. 10 Rebbiň gü-
nünde Ruhdakam ýeňsämden surnaýyňky ýaly gaty bir
ses eşitdim. 11 Ol ses: «Görýänleriňi kitaba ýaz-da, ýedi
ýygnaga, ýagny Efese, Izmire, Bergama, Tiýatira, Sardi-
se, Filadelfiýa we Laodikiýa ýolla» diýdi. 12 Men özüm
bilen gepleşýäni görjek bolup öwrüldim. Öwrülemde
ýedi altyn şemdan, şemdanlaryň ortasynda bolsa eg-
nindäki lybasy aýaklaryna ýetip duran, göwsüne gyzyl-
dan guşak baglan ynsan ogluna meňzeş birini gör-
düm. 14 Onuň başy, saçy ýüň ýaly ak, gar ýaly çuw ak-
dy. Gözleri ot ýalny ýalydy. 15 Aýaklary kürede gyzardy-
lan parlak mise meňzeýärdi. Sesi uly suwuň şaggyldysy
kimindi. 16 Sag elinde ýedi ýyldyz bardy, agzyndan iki
ýüzli kesgir gylyç çykyp durdy, ýüzi bar güýji bilen ýal-
dyrap duran Gün ýalydy. 17 Men Ony gören badyma, öli
kimin aýaklaryna ýykyldym. Ol sag elini depäme go-
ýup, şeýle diýdi: «Gorkma! Ilkinji hem iň soňky Mendi-
rin. 18 Diri bolan Mendirin. Men ölüdim, ýöne, ine, ebe-
dilik diridirin. Ölümiň hem ölüler diýarynyň açary Men-
dedir. 19 Munuň üçin, gören zatlaryňy, şu wagt bolýan
zatlary, mundan beýläk boljaklary ýaz. 20 Meniň sag
elimde görýän ýedi ýyldyzyň, ýedi altyn şemdanyň syry
şeýle: ýedi ýyldyz ýedi ýygnagyň perişdeleri, ýedi şem-
dan hem ýedi ýygnakdyr».

## —NJI BAP

### Efesdäki ýygnaga

2 Efesdäki ýygnagyň perişdesine ýaz: ýedi ýyldyzy
sag elinde saklap duran, ýedi altyn şemdanyň ara-
synda gezýän şeýle diýýär: 2 Seniň nämeler edeniňi bil-
ýärin. Köp zähmetler çekeniňi, sabyrlydygyňy, ýaman
adamlara çydap bilmeýäniňi bilýärin. Sen, resul bolma-
salar-da, özlerine resul diýýänleri synadyň, olaryň ýa-
lançydygyna göz ýetirdiň. 3 Seniň sabryň bar. Meniň
adym ugrunda dert çekdiň, ýadamadyň. 4 Emma sen-
de oňlamaýan bir zadym bar: sen başky söýgiňi taşla-
dyň. 5 Şonuň üçin, nirede ýykylanyňy ýada sal-da, toba
et, ozalky edýän işleriňi ýerine ýetir. Toba etmeseň, ýa-
nyňa gelip, şemdanyňy duran ýerinden gozgaryn. 6 Ýe-
ne-de seniň peýdaňa bolan bir zat bar. Sen nikolaçyla-
ryň edýän işlerini ýigrenýärsiň, Men-de olary ýigrenýä-
rin.
7 Gulagy bar adam Ruhuň ýygnaklara näme diýýänini
eşitsin. Ýeňene Hudaýyň jennetindäki ýaşaýyş agajy-
nyň miwesinden iýme ygtyýaryny bererin».

### Izmirdäki ýygnaga

8 Izmirdäki ýygnagyň perişdesine ýaz: Ölen hem Di-
relen, Birinji hem Iň Soňky şeýle diýýär: 9 Seniň muşak-
gatlaryňy, garyplygyňy bilýärin. Aslynda, sen baýsyň!
Özlerine ýehudy diýýänleriň dil ýetirýäninden hem ha-
barym bar. Olar ýehudy däl-de, şeýtanyň sinagogasy-
dyr. 10 Görjek görgüleriňden gorkma! Ine, iblis sizi sy-
namak üçin, käbiriňizi tussaga saldyrar, siz on günläp
muşakgat çekersiňiz. Ölýänçäň, sadyk gal, Men saňa
ýaşaýyş täjini bererin. 11 Gulagy bar adam Ruhuň ýyg-
naklara näme diýýänini eşitsin. Ýeňen ikinji ölümden
zyýan görmez».

### Bergamadaky ýygnaga

12 Bergamadaky ýygnagyň perişdesine ýaz: Iki ýüzli
kesgir gylyçly şeýle diýýär: 13 Seniň nirede ýaşaýanyňy

bilýärin, şeýtanyň hem tagty şol ýerdedir. Sen Meniň
adymy berk saklaýarsyň. Araňyzda şeýtanyň ýaşaýan
ýerinde öldürilen sadyk şaýadym Antipas barka-da,
sen Maňa bolan imanyňdan dänmändiň. [14] Ýöne sende
oňlamaýan birnäçe zadym bar. Ol ýerde Balamyň tag-
lymatyna eýerýänler bar. Buta hödürlenen gurbanlary
iýmekleri, zyna etmekleri üçin, Ysraýyl ogullaryna du-
zak gurmagy Balaka Balam öwretdi. [15] Şonuň ýaly-da
araňyzda nikolaçylaryň taglymatyna eýerýänler hem
bar. [16] Munuň üçin toba et! Ýogsa tiz ýanyňa gelip, ag-
zymyň gylyjy bilen olara garşy urşaryn. [17] Gulagy bar
adam Ruhuň ýygnaklara näme diýýänini eşitsin. Ýeňe-
ne gizlin mannadan bererin. Ýene-de oňa bir ak daş
bererin. Bu daşyň ýüzünde täze at ýazylgydyr. Ony da-
şy alandan başga hiç kim bilýän däldir».

### Tiýatiradaky ýygnaga

[18] Tiýatiradaky ýygnagyň perişdesine ýaz: Gözleri
oduň ýalny ýaly, aýaklary gyzardylan parlak mise meň-
zeş Hudaýyň Ogly şeýle diýýär: [19] Men seniň nämeler
edeniňi bilýärin. Söýgiňi, imanyňy, hyzmatyňy, sabry-
ňy, soňra edenleriň ozalky edenleriňden köpdügini bil-
ýärin. [20] Emma sende oňlamaýan bir zadym bar. Sen
özüni pygamber diýip yglan eden Izebel atly aýala ýol
berýärsiň. Bu aýal Meniň bendelerimi taglymaty bilen
azdyryp, olara zynahorluk etdirjek bolýar, buta hödür-
lenen gurbanlardan iýdirjek bolýar. [21] Men oňa toba et-
mäge wagt berdim, emma ol zynahorlukdan toba et-
mek islemeýär. [22] Gör, ine, Men ony muşakgatdan doly
düşekde ýatyraryn, onuň bilen zyna edenleri-de, öz
[23] Onuň oglanlaryny mergi bilen öldürerin. Şonda bü-
tin ýygnaklar ýürekleri hem göwünleri barlaýanyň
Mendigimi biler. Men siziň her biriňize eden işleriňiziň
hakyny bererin. [24] Emma size, ýagny Tiýatiradaky beý-
lekilere, bu taglymata bagly dälleriň baryna, olaryň
diýşi ýaly, „Şeýtanyň çuňluklaryny" bilmeýänleriň bary-
na aýdýaryn: siziň üstüňize başga zat ýüklemeýärin.
[25] Ýöne Men gelýänçäm, özüňizdäkini saklaň. [26] Özü-
miň Atamdan ygtyýar alşym ýaly, Men-de ýeňene, buý-
ruklarymy soňuna çenli berjaý edene milletler üstün-
den ygtyýar bererin. [27] Ol hem olary demir taýak bilen
bakar, toýundan ýasalan gaplar kimin derbi-dagyn
eder. [28] Men oňa daň ýyldyzyny bererin. [29] Gulagy bar
adam Ruhuň ýygnaklara näme diýýänini eşitsin».

## —NJI BAP

### Sardisdäki ýygnaga

3 Sardisdäki ýygnagyň perişdesine ýaz: Hudaýyň
ýedi ruhuna, ýedi ýyldyza eýe Bolan şeýle diýýär:
Men seniň edenleriňi bilýärin. Saňa diri diýýärler, ýöne
sen ölüsiň. [2] Oýan! Galan we öljek zatlary güýçlendir.
Çünki Men Hudaýyň öňünde işleriňi bitirmäniňi gör-
düm. [3] Munuň üçin, alanyňy, eşideniňi ýada sal-da,
berjaý et, toba gel. Oýanmasaň, bir ogry ýaly gelerin,
Meniň haýsy sagatda üstüňe geljegimi-de bilmän ga-
larsyň. [4] Emma Sardisde seniň ýanyňda egin-eşiklerini
kirletmedik birnäçe adam bar. Olar Meniň bilen bile ak
lybaslar geýip gezer, sebäbi muňa laýykdyrlar. [5] Ýeňen
ak egin-eşikler geýer. Men onuň adyny ýaşaýyş kita-
byndan öçürmerin, Atamyň hem Onuň perişdeleriniň
öňünde adyny ykrar ederin. [6] Gulagy bar adam Ruhuň
ýygnaklara näme diýýänini eşitsin».

### Filadelfiýadaky ýygnaga

[7] Filadelfiýadaky ýygnagyň perişdesine ýaz: Mukad-
des hem çyn bolan, Dawut açarynyň eýesi, açanyny hiç
kim ýapyp bilmeýän, ýapanyny hiç kim açyp bilmeýän
şeýle diýýär: [8] Seniň nämeler edeniňi bilýärin. Ine,
öňüňde bir açyk gapy goýdum, hiç kim ony ýapmagy
başarmaz. Seniň güýjüň az, muňa garamazdan, Meniň
sözümi berjaý etdiň, adymy inkär etmediň. [9] Ine, şeýta-
nyň sinagogasyndan bolanlary, ýehudy bolmasalar-da,
ýalan sözläp, özlerine ýehudy diýýänleri gelip, aýagyňa
ýykylmaga mejbur ederin. Olar seni söýýändigimi bi-
ler. [10] Sözümi berjaý edip, sabyr bilen çydanyň üçin, ýer
ýüzünde ýaşaýanlary synama maksady bilen, bütin
dünýäniň üstüne injek synag sagadyndan seni gora-
ryn. [11] Men basym gelerin. Täjiňi hiç kime aldyrmajak
bolup, baryňy gaýym sakla. [12] Ýeňeni Hudaýymyň yba-
dathanasyna direg ederin. Ol, artykmaç, ol ýerden da-
şary çykmaz. Onuň maňlaýyna Hudaýymyň adyny, Hu-
daýymyň şäheriniň adyny, ýagny Gökden, Hudaýymyň
huzuryndan inen täze Iýerusalimiň adyny, Öz täze ady-
my ýazaryn. [13] Gulagy bar adam Ruhuň ýygnaklara nä-
me diýýänini eşitsin».

### Laodikiýadaky ýygnaga

[14] Laodikiýadaky ýygnagyň perişdesine ýaz: Omyn,
dogruçyl, çyn güwä, Hudaýyň ýaradanlarynyň başy
şeýle diýýär: [15] Seniň nämeler edeniňi bilýärin. Sen ne
sowuk, ne-de gyzgynsyň. Käşgä sowuk ýa gyzgyn bol-
sadyň! [16] Ne gyzgyn, ne-de sowuk, ýöne ýylylygyň üçin,
Men seni agzymdan gusaryn. [17] Sen: „Men baýdyryn,
barlydyryn, zada zar däldirin" diýip, biçäre, betbagt,
garyp, kör hem ýalaňaçdygyňy bilmeýärsiň. [18] Men sa-
ňa baýar ýaly, Menden ot bilen saplanan altyn geýnip,
ýalaňaçlygyň aýbyny örter ýaly ak egin-eşik, görer ýaly,
gözleriňe çalar ýaly göz dermanyny satyn almagy mas-
lahat berýärin. [19] Men söýýänlerimiň hemmesine kä-
ýäp, terbiýe berýändirin. Şonuň üçin, yhlasly bol-da to-
ba et. [20] Ine, Men işikde durun, gapyny kakýaryn. Biri
sesimi eşidip, gapyny açsa, içerik girerin. Men onuň bi-
len, ol-da Meniň bilen bile naharlanar. [21] Men ýeňip,
atam bilen bile Onuň tagtynda oturan bolsam, ýeňe-
ne-de Meniň bilen bile Öz tagtymda oturmaga ygtyýar
bererin. [22] Gulagy bar adam Ruhuň ýygnaklara näme
diýýänini eşitsin».

### —NJI BAP

### Gökdäki tagt

4 Mundan soň seretdim, ine, Gökde açyk duran bir
gapy bardy. Meniň bilen gepleşýänini eşiden se-
sim, ýagny surnaý sesine meňzeş ozalky ses: «Gel, bu
ýere çyk, mundan soň bolmaly zatlary saňa görkeze-
ýin» diýdi. 2 Şol pursat birden Ruhdadym. Ine, Gökde
bir tagt bardy, tagtyň üstünde biri otyrdy. 3 Oturanyň
görnüşi ýaşma, gyrmyzy hakyk daşyna meňzeýärdi,
tagtyň töwereginde zümerret görnüşli älemgoşar bar-
dy. 4 Tagtyň daş-töwereginde ýigrimi dört sany başga
tagt bardy, bu tagtlaryň üstünde başlary altyn täçli, ak
lybasly ýigrimi dört ýaşuly otyrdy. 5 Tagtdan ýyldyrym-
lar çakýardy, batly sesler hem gök gürrüldisi eşidilýär-
di. Tagtyň öňünde ýanyp duran ýedi çyra bardy. Bular
Hudaýyň ýedi Ruhudyr. 6 Tagtyň garşysynda bulgur ki-
min dury, göýä çüýşeden ýasalan bir deňiz bar ýalydy.
Ortada, tagtyň dört tarapynda öňi hem arka tarapy
gözlerden doly dört sany janly mahluk durdy. 7 Birinji
mahluk arslana meňzeýärdi, ikinji mahluk öküze,
üçünji mahlugyň ýüzi adam ýüzi ýalydy, dördünji mah-
luk uçup barýan bürgüde meňzeşdi. 8 Janly dört mah-
lugyň her biriniň alty ganaty bardy. Töwerek daşlary,
ganatlarynyň aşagy-da gözlerden doludy. Olar gije-
gündiz yzyny üzmän: «Mukaddesdir, mukaddesdir,
mukaddesdir, geçmişde bar bolan, häzir bar bolan we
geljek, her zada güýji ýetýän Reb Hudaý!» diýýärdiler.
9 Janly mahluklar tagtyň üstünde Oturana, ebedilik Ýa-
şaýana şöhrat, hormat hem şükür edenlerinde, ýigrimi
dört ýaşuly-da ebedilik diri bolup, tagt üstünde Otura-
nyň öňünde ýere ýykylyp, Oňa sežde edýärdiler, täçle-
rini tagtyň öňüne zyňyp, şeýle diýýärdiler: 11 «Eý Rebbi-
miz, Hudaýymyz! Sen şöhraty, hormaty hem gudraty
almaga mynasypsyň. Çünki hemme zady Sen ýarat-
dyň. Ählisi Seniň islegiň bilen döredi, ýaradyldy».

### —NJI BAP

### Möhürli kitap we Guzy

5 Tagtyň üstünde Oturanyň sag elinde içi-daşy ýaz-
gyly, ýedi möhür bilen möhürlenen bir kitap gör-
düm. 2 «Kitaby açmaga, onuň möhürlerini döwmäge
kim mynasyp?» diýip, gaty ses bilen gygyrýan bir güýç-
li perişdäni hem gördüm. 3 Emma kitaby açyp, onuň
içine seretmegi başarjak adam ne Gökde, ne ýer ýü-
zünde, ne-de ýer astynda bardy. 4 Men köp agladym.
Çünki kitaby açmaga, onuň içine seretmäge mynasyp
hiç kim tapylmady. 5 Şonda ýaşululardan biri maňa
şeýle diýdi: «Aglama! Ine, Ýahuda taýpasyndan, Dawu-
dyň kökünden bolan Arslan ýeňdi. Ol kitaby we kitabyň
ýedi möhürini açmagy başarar».
6 Men tagtyň ortasynda, janly dört mahluk bilen ýa-
şululary̌ň arasynda, damagy çalnana meňzeş bir Guzy
gördüm. Guzynyň ýedi şahy hem ýedi gözi bardy. Bu
gözler Hudaýyň bütin dünýä iberilen ýedi Ruhudyr.
7 Guzy geldi-de, tagtyň üstünde Oturanyň sag elinden
kitaby aldy. 8 Ol kitaby alanda, janly dört mahluk, ýigri-
mi dört ýaşuly Guzynyň öňünde ýere ýykyldylar. Ola-
ryň her biriniň bir arfasy we mukaddesleriň dogalary
bolan buhurlardan doly altyn käseleri bardy. 9 Olar bir
täze aýdym aýdýardylar: «Sen kitaby almaga, kitabyň
möhürlerini açmaga mynasypsyň. Çünki damagyň çal-
nyp, Öz ganyň bilen bizi her taýpadan, her dilden, her
halk we her milletden Hudaýa satyn aldyň. 10 Bizi Hu-
daýymyzyň hyzmatynda patyşalyk ýagdaýyna sokup,
ruhany etdiň. Biz dünýä üstünden höküm süreris».
11 Onsoň seretdim, tagtyň, janly mahluklaryň hem ýa-
şululary̌ň töwereginde bir topar perişdäniň sesini eşit-
dim. Olaryň sany müňlerçe müňler, on müňlerçe on
müňlerdi. 12 Olar batly ses bilen: «Damagy çalnan Guzy
güýji, baýlygy, akyldarlygy, gudraty, hormaty, şöhraty
we öwgini almaga mynasypdyr» diýýärdiler. 13 Onsoň
Gökdäki, ýer ýüzündäki, ýer astyndaky we deňizdäki
her mahlugyň, älemdäki bar zadyň: «Öwgi, hormat,
şöhrat we gudrat ebedilik tagt üstünde Oturanyňky
hem Guzynyňky bolsun!» diýenini eşitdim. 14 Janly dört
mahluk «Omyn» diýýär, ýaşulular-da ýere ýykylyp sež-
de edýärdi.

### Ýedi möhür

6 Onsoň Guzynyň ýedi möhüriň birini açanyny gör-
düm. Şonda janly dört mahlugyň biriniň gök gür-
rüldisine meňzeş ses bilen «Gel» diýenini eşitdim. 2 Se-
retdim, ine, öňümde bir ak at durdy. Atyň üstünde otu-
ranyň ýaýy bardy. Oňa bir täç berildi we ýeňsin diýip,
ýeňip çykdy. 3 Guzy ikinji möhüri açanda, ikinji janly
mahlugyň «Gel, seret» diýenini eşitdim. 4 Şonda bir
başga at, bir çypar at göründi. Onuň üstünde oturana
dünýäden parahatçylygy aýyrmaga, adamlara biri-bir-
lerini öldürtmäge rugsat edildi. Oňa bir uly gylyç hem
berildi. 5 Guzy üçünji möhüri açanda, üçünji janly mah-
lugyň «Gel, seret» diýenini eşitdim. Seretdim, öňümde
bir gara at durdy. Onuň üstünde oturanyň elinde bir
terezi bardy. 6 Janly dört mahlugyň ortasynda göýä bir
sesiň: «Bir ölçeg bugdaý bir dinara
7 Guzy dördünji möhüri açanda, dördünji mahlugyň
«Gel, seret» diýenini eşitdim. 8 Seretdim, ine öňümde
bir reňki öçük at durdy. Atyň üstünde oturanyň ady
ölümdi, ölüler diýary onuň yzyndan gelýärdi. Oňa gy-
lyç bilen, açlyk bilen, mergi bilen, ýer ýüzüniň wagşy
haýwanlary bilen ynsanlary öldürmäge ýer ýüzüniň
dörtden biri barada ygtyýar berildi. 9 Guzy bäşinji mö-
hüri açanda, gurbanlyk edilýän ýeriň aşagynda Huda-
ýyň sözi, oňa eden güwälikleri üçin öldürilenleriň janla-
ryny gördüm. 10 Olar batly ses bilen gygyryp şeýle diý-
ýärdiler: «Eý mukaddes, hakyky Baýar! Sen haçana
çenli ýer ýüzünde ýaşaýanlary höküm edip, biziň gany-
myzy olardan aljak däl?» 11 Olaryň her birine bir ak don
berlip, özleri kimin öldüriljek ýoldaşlarynyň, doganla-

rynyň sany tamamlanýança, ýene az salym garaşmagy
islendi. 12 Guzy altynjy möhüri açanda, ine, Ýeriň gaty
çaýkananyny gördüm. Gün gara tüýden edilen jul ki-
min garalyp, bütin Aý gan ýaly boldy. 13 Bir injir agajy-
nyň güýçli ýel bilen yralyp, çig injirlerini döküşi ýaly,
gögüň ýyldyzlary-da ýer ýüzüne gaçdy. 14 Gök hem
düýrlenen kagyz kimin gözden ýitdi. Ähli dag, ada ýe-
rinden gozgandy. 15 Dünýäniň patyşalary, ululary, ser-
kerdeleri, baýlary, güýçlüleri, bütin gul we azat adam-
lary gowaklarda, daglaryň gaýalarynda gizlendiler.
16 Olar daglara hem gaýalara şeýle diýdiler: «Biziň üs-
tümize ýykylyň! Bizi tagt üstünde Oturanyň ýüzünden,
Guzynyň gazabyndan gizläň. 17 Çünki Onuň gazabynyň
uly güni geldi, Onuň öňünde kim durup biler?»

## —NJI BAP

### Möhürlenen 144000 adam

7 Mundan soň, Ýeriň dört burçunda duran dört pe-
rişdäni gördüm. Bular ýer ýüzüne, deňze ýa-da hiç
bir agaja öwüsmesin diýip, ýeriň dört ýelini saklap dur-
dylar. 2 Gündogardan ýokary çykyp barýan başga bir
perişdäni-de gördüm. Onda diri Hudaýyň möhüri bar-
dy. Ol ýere, deňze zyýan ýetirmäge özlerine rugsat edi-
len dört perişdä gaty ses bilen gygyryp: 3 «Biz Hudaýy-
myzyň gullarynyň maňlaýyna möhür basýançak, ýere,
deňze we agaçlara zyýan ýetirmäň!» diýdi. 4 Möhürle-
nenleriň sanyny eşitdim. Ysraýyl ogullarynyň bütin taý-
palaryndan ýüz kyrk dört müň adam möhürlenipdi.
5 Ýahuda taýpasyndan on iki müň adam möhürlenipdi,
ruben taýpasyndan on iki müň, gad taýpasyndan on
iki müň, 6 aşer taýpasyndan on iki müň, naftaly taýpa-
syndan on iki müň, menaşşe taýpasyndan on iki müň,
7 şimegon taýpasyndan on iki müň, lewi taýpasyndan
on iki müň, issahar taýpasyndan on iki müň, 8 zebulun
taýpasyndan on iki müň, ýusup taýpasyndan on iki
müň, benýamyn taýpasyndan on iki müň adam mö-
hürlenipdi.

### Ak don geýnen märeke

9 Mundan soň, her milletden, her taýpadan, her halk-
dan we her dilden bolan, hiç kimiň sanap bilmejek bir
uly märekesiniň tagtyň hem Guzynyň öňünde durany-
ny gördüm. Bular ak don geýnipdi, ellerinde bolsa hur-
ma agajynyň pürleri bardy. 10 Olar batly ses bilen gygy-
ryp şeýle diýýärdiler: «Halas etmek tagt üstünde otu-
ran Hudaýymyza we Guza mahsusdyr!» 11 Hemme pe-
rişdeler tagtyň, ýaşulularyň we dört janly mahlugyň
daşyny alşyp durdular. Olar tagtyň öňünde ýykylyp,
ýüzlerini ýere diräp, Hudaýa sežde edip, şeýle diýýärdi-
ler: 12 «Omyn. Öwgi, şöhrat, akyldarlyk, şükür, hormat,
güýç we gudrat ebedilik Hudaýymyzyňky bolsun.
Omyn!»

13 Onsoň ýaşululardan biri söze başlap, menden: «Bu
ak don geýnenler kim, nireden gelipdirler?» diýip sora-
dy. 14 Men: «Muny sen bilýärsiň, agam!» diýdim. Ol ma-
ňa şeýle diýdi: «Bular şol agyr muşakgatdan çykyp ge-
lenler. Bular donlaryny Guzynyň gany bilen ýuwup,
çuw ak etdiler. 15 Munuň üçin olar Hudaýyň tagtynyň
öňünde bolup, Onuň ybadathanasynda Oňa gije-gün-
diz hyzmat edýärler. Tagtda Oturan bolsa Öz çadyryny
olaryň üstüne bürär. 16 Olar indi ajykmaz, suwsamaz.
Olaryň üstüne ne gün, ne-de başga bir jöwza düşer.
17 Çünki tagtyň ortasyndaky Guzy olary otarar, ýaşaýyş
suwunyň çeşmelerine elter. Hudaý olaryň gözlerinden
bütin ýaşlaryny süpürer».

## —NJI BAP

### Ýedinji möhür we altyn buhurdan

8 Guzy ýedinji möhüri açanda, Gökde ýarym saga-
da golaý ümsümlik boldy. 2 Men Hudaýyň öňünde
duran ýedi perişdäni gördüm. Olara ýedi surnaý beril-
di. 3 Başga bir perişde gelip, gurbanlyk edilýän ýeriň
öňünde durdy. Onuň elinde altyn buhurdan bardy.
Oňa tagtyň öňündäki altyn gurbanlyk edilýän ýerde
ähli mukaddesleriň dogalary bilen hödürlemegi üçin
köp buhur berildi. 4 Mukaddesleriň dogalary bilen bir-
likde buhuryň tüssesi perişdäniň elinden Hudaýyň hu-
zuryna ýokary göterildi. 5 Perişde buhurdany alyp, gur-
banlyk edilýän ýeriň odundan doldurdy. Muny ýeriň
ýüzüne zyňanda, Gök gürläp, batly sesler çykdy, ýyldy-
rymlar çakyp, ýer titredi.

### Ýedi surnaý

6 Onsoň ýedi perişde ellerindäki ýedi surnaýy çalma-
ga taýýarlandylar. 7 Birinji perişde surnaý çaldy. Gan
gatyşyk doly hem ot döräp, ýer ýüzüne döküldi. Ýeriň
üçden biri, agaçlaryň üçden biri, bütin ýaşyl ot ýandy.
8 Ikinji perişde surnaý çaldy. Oduň içinde ýanýan uly
dag ýaly bir zat deňze zyňyldy. Deňziň üçden biri gana
döndi. 9 Deňizde ýaşaýan janly mahluklaryň üçden biri
öldi, gämileriň hem üçden biri weýran boldy. 10 Üçünji
perişde surnaý çaldy. Gökden çyra ýaly ýanýan bir uly
ýyldyz derýalaryň üçden biriniň üstüne, suw bulaklary-
nyň üstüne gaçdy. 11 Bu ýyldyzyň ady Ýowşandyr. Suw-
laryň üçden biri ýowşan ýaly ajady. Ajan suwlardan
içen birtopar adam öldi. 12 Dördünji perişde surnaý çal-
dy. Günüň üçden biri, Aýyň üçden biri, ýyldyzlaryň üç-
den biri garalsyn we gündiz üçden biri, gije-de, şonuň
ýaly, üçden biri ýagty salmasyn diýip uruldylar. 13 On-
soň seretdim, Gögüň ortasynda uçup ýören bir periş-
däniň

9 Bäşinji perişde surnaý çaldy. Men Gökden ýere
gaçan bir ýyldyz gördüm. Ýyldyza düýpsüz dow-
zah guýusynyň açary berlipdi. 2 Ol düýpsüz guýyny
açanda, guýudan ojagyň tüssesi ýaly tüsse çykdy. Gu-
ýynyň tüssesinden Gün hem howa garaldy. 3 Tüsseden
ýer ýüzüne çekirtge ýagdy. Olara-da ýer ýüzündäki iç-
ýanlara berlişi ýaly, gudrat berlipdi. 4 Olara ýer ýüzüniň
otuna, hiç bir gök ösümlige, hiç bir agaja däl-de, diňe
maňlaýynda Hudaýyň möhüri bolmadyk adamlara zy-

ýan ýetirmek buýruldy. [5] Olara hiç kimi öldürmän, bu adamlary bäş aýlap gynamaga ygtyýar berildi. Gynaýyşlary bir içýanyň adamy çakanda berýän yzasyna meňzeýärdi. [6] Ol günlerde ynsanlar ölümi agtarar, ýöne ony tapyp bilmezler. Ölümi küýsär, ýöne ölüm olardan gaçar. [7] Çekirtgeleriň görnüşi söweşe taýýarlanan atlaryňka meňzeýärdi. Başlarynda altyn täç ýaly başlyklar bardy, ýüzleri adamyň ýüzüne meňzeşdi. [8] Saçlary aýalyň saçy, dişleri-de arslanyňky ýalydy. [9] Olaryň demir sowutlar ýaly, döş sowutlary bardy. Ganatlarynyň sesi söweşe çapýan köp sanly arabaly atlaryň çykarýan sesine meňzeýärdi. [10] Içýanlaryňka meňzeş guýruklary, iňňeleri bardy. Adama bäş aýlap zyýan ýetirýän gudratlary guýruklaryndady. [11] Olaryň üstünden dowzah guýusynyň perişdesi patyşalyk edýärdi. Bu perişdäniň ady ýewreýçe Abaddon, grekçe Apoliondyr [12] Birinji «Waý» geçdi, ine, mundan soň ýene iki «Waý» gelýär. [13] Altynjy perişde surnaý çaldy. Men Hudaýyň öňündäki altyndan gurbanlyk edilýän ýeriň dört şahyndan bir ses eşitdim. [14] Ses eli surnaýly altynjy perişdä: «Uly Ýewfrat derýasynyň ýanynda daňylgy duran dört perişdäni goýber!» diýdi. [15] Şeýle, şol sagat, şol gün, şol aý we şol ýyl üçin taýýarlanan dört perişde ynsanlaryň üçden birini öldürsin diýip goýberildi. [16] Bularyň atly goşunynyň sany iki ýüz milliondy; sanlaryny eşitdim. [17] Atlary, olaryň üstündäkileri şeýle görnüşde gördüm: atlylaryň ot, gök ýakut hem kükürt reňkli sowutlary bardy. Atlaryň kellesi arslanyň kellesine meňzeýärdi, agyzlaryndan bolsa ot, tüsse, kükürt çykýardy. [18] Ynsanlaryň üçden biri olaryň agzyndan çykýan otdan, tüsseden we kükürtden — bu üç beladan öldi. [19] Çünki atlaryň gudraty agzynda hem guýrugyndadyr. Sebäbi ýylana meňzeş guýruklarynyň başlary bolup, bular bilen zyýan berýändirler. [20] Galan ynsanlar, ýagny bu belalardan ölmän galanlar jynlara, öz elleri bilen ýasan, görüp, eşidip we ýöräp bilmeýän altyn, kümüş, mis, daş we agaç butlaryna sežde etmekden el çekip toba etmediler. [21] Olar adam öldürmeden, jadygöýlükden we ogrulykdan toba etmediler.

### Eli kitapçaly perişde

10 Onsoň men Gökden aşak inip gelýän başga bir güýçli perişdäni gördüm. Ol buluda bürenipdi, depesinde älemgoşar bardy, ýüzi Güne, aýaklary bolsa ot sütünine meňzeýärdi. [2] Elinde bir açyk kitapça bardy. Ol sag aýagyny deňziň, sol aýagyny-da ýeriň üstünde jaýlaşdyrdy. [3] Arslanyň arryldysyna meňzeş batly ses bilen gygyrdy. Ol gygyranda, ýedi gök gürrüldisi öz sesleri bilen gürlediler. [4] Ýedi gök gürrüldisiniň ses berip gürlän wagty men ýazjak boldum, ýöne Gökden: «Ýedi gök gürrüldisiniň aýdanlaryny möhürle, ýazma!» diýen bir ses eşitdim. [5] Deňziň we ýeriň ýüzünde duranyny gören perişdäm sag elini Göge galdyrdy. [6] Ol Gögi we gökdäkileri, Ýeri we ýerdäkileri, deňzi we deňizdäkileri Ýaradanyň, ebedi Diriniň adyndan ant içip, şeýle diýdi: «Indi gijikme bolmaz! [7] Ýöne ýedinji perişdäniň surnaýyny çaljak günlerinde, Hudaý Öz gullary, ýagny pygamberlere buşlaýşy ýaly, Onuň syry tamamlanar». [8] Gökden eşiden sesim ýene-de meniň bilen gepleşip: «Bar, deňziň we ýeriň ýüzünde duran perişdäniň elindäki açyk kitapçany al!» diýdi. [9] Men perişdäniň ýanyna baryp, kitapçany maňa bermegini haýyş etdim. Ol maňa: «Al, iý! Ol içiňi ajadar, ýöne agzyňda bal ýaly süýji bolar» diýdi. [10] Men kitapçany perişdäniň elinden alyp iýdim. Ol agzymda bal ýaly süýjüdi, ýöne ony iýip bolanymda, içim ajady. [11] Onsoň ol maňa: «Sen birtopar halklar, milletler, diller we patyşalar hakda ýene-de welilik etmelisiň» diýdi.

### —NJI BAP

### Iki güwä

11 Maňa taýaga meňzeş bir ölçeg agajyny berip, şeýle diýdiler: «Git-de, Hudaýyň ybadathanasyny, gurbanlyk edilýän ýeri ölçe, ol ýerde sežde edýänleri sana. [2] Ýöne ybadathananyň daşky howlusyny taşla, ony ölçeme. Çünki ol ýer mukaddes şäheri kyrk iki aýlap depelejek milletlere berildi. [3] Men iki güwäme güýç bererin, olar jul geýnip, müň iki ýüz altmyş günläp welilik eder». [4] Dünýäniň Rebbiniň öňünde duran iki zeýtun agajy, iki şemdan bulardyr. [5] Biri olara zyýan ýetirjek bolsa, olaryň agzyndan çykan ot duşmanlaryny iýip soňuna çykar. Olara zelel berjek bolýan adam şeýle öldürilmelidir. [6] Welilik eden günleri ýagyş ýagmaz ýaly, olaryň Gögi baglamaga ygtyýary bolar. Olar suwlary gana öwürmek, näçe isleseler, şonça-da Ýeri her hili bela bilen urmak ygtyýaryna eýedir. [7] Olar güwäliklerini tamamlanlarynda, dowzahdan çykan janawar olar bilen urşup, olary ýeňip öldürer. [8] Maslyklary Sodom we Müsür diýilýän uly şäherleriň köçelerinde alamat hökmünde ýatar. Ol ýerde olaryň Rebbi haça çüýlenipdi. [9] Bütin halklardan, taýpalardan, dillerden we milletlerden bolan ynsanlar üç gün ýarym olaryň maslyklaryna seredeler, ýöne maslyklarynyň jaýlanmagyna rugsat bermezler. [10] Ýer ýüzünde ýaşaýanlar olaryň bu ýagdaýyna begenişip, baýram eder, biri-birlerine sowgatlar ýollar. Çünki bu iki pygamber ýer ýüzünde ýaşaýanlara köp sütem etdi. [11] Üç gün ýarymdan soň, Hudaýdan gelen ýaşaýyş demi olaryň bedenine girende, olar aýak üstüne galdylar. Olary görenleriň üstüne uly howp abandy. [12] Iki pygamber Gökden: «Ýokary, bu ýere çykyň!» diýen batly sesi eşitdiler, duşmanlarynyň gözüniň alnynda bulutda ýokaryk Göge çykdylar. [13] Şol sagat bir uly ýertitreme bolup, şäheriň ondan biri ýykyldy. Ýertitremede ýedi müň adam öldi. Galanlar gaty gorkup, Gökdäki Hudaýy şöhratlandyrdylar. [14] Ikinji «Waý» geçdi. Ine, basym üçünji «Waý» gelýär.

### Ýedinji surnaý

[15] Ýedinji perişde surnaý çaldy. Gökden batly sesler çykyp, şeýle diýdi: «Dünýä patyşalygy Rebbimiziňki we

Onuň Mesihiniňki boldy. Ol hem ebedilik höküm sü-
rer». 16 Hudaýyň öňünde ýykylyp, öz tagtlarynda otu-
ran ýigrimi dört ýaşuly ýüzlerini ýere berdiler-de, Hu-
daýa sežde edip diýdiler: 17 Eý, hemme zada güýji ýet-
ýän, häzir bar bolan, geçmişde bar bolan we geljek
Reb Hudaý! Saňa şükür edýäris. Çünki Sen beýik gud-
ratyňy ele alyp höküm sürmäge başladyň. 18 Milletler
gaharlanypdylar. Indi bolsa Seniň gaharyň geldi. Ölüle-
riň üstünden höküm çykarmak, gullaryň pygamberle-
re, mukaddeslere, kiçi bolsun, uly bolsun, adyňa hor-
mat goýanlary sylaglamak, ýeri dargadanlary dargat-
mak wagty geldi». 19 Hudaýyň Gökdäki ybadathanasy
açylyp, ybadathanadan Onuň äht sandygy göründi. Şol
pursat ýyldyrymlar çakdy, batly sesler, gök gürrüldisi
eşidilip, ýer titräp, güýçli doly tupany turdy.

## —NJI BAP

### Aýal we aždarha

12 Gökden bir uly alamat göründi. Bu Güni geýnen
bir aýaldy. Onuň aýaklarynyň aşagynda Aý, ba-
şynda on iki ýyldyzdan ybarat täç bardy. 2 Aýal göwreli-
di. Dogurjak bolup, burgusy tutup gygyrýardy. 3 Gök-
den başga bir alamat göründi. Bu bolsa ýedi başly, on
şahly, başlarynda ýedi täji bolan gyzyl reňkli uly aždar-
hady. 4 Ol Gökdäki ýyldyzlaryň üçden birini guýrugy bi-
len süýräp, ýer ýüzüne zyňdy. Onsoň çaga dogan ba-
dyna ony ýuwutmak üçin, çaga dogurjak bolup oturan
aýalyň öňünde durdy. 5 Aýal bir ogul — bütin milletleri
demir taýak bilen bakjak bir oglan dogurdy. Onuň ça-
gasyny alyp, Hudaýyň ýanyna, Hudaýyň tagtyna eltdi-
ler. 6 Aýal çöle gaçyp gitdi. Ol ýerde müň iki ýüz altmyş
günläp iýmitlener ýaly, Hudaý tarapyndan onuň üçin
taýýarlanan bir ýer bardy.
7 Gökde uruş turdy. Mikaýyl we onuň perişdeleri až-
darha bilen uruşdylar. Aždarha-da öz perişdeleri bilen
gaýtawul berdi. 8 Ýöne ýeňmäge güýji ýetmän, Gökdä-
ki ýerlerini elden berdiler. 9 Iblis ýa şeýtan diýip atlan-
dyrylan uly aždarha, bütin dünýäni azdyrýan köne ýy-
lan perişdeleri bilen ýer ýüzüne zyňyldy. 10 Onsoň men
Gökden bir batly ses eşitdim. Ol şeýle diýdi: «Hudaýy-
myzyň halas edişi, güýji, patyşalygy we Onuň Mesihi-
niň gudraty indi amala aşdy. Çünki doganlarymyzyň
aýyplaýjysy, olary Hudaýymyzyň öňünde gije-gündiz
aýyplaýan aşak zyňyldy. 11 Doganlarymyz Guzynyň ga-
nynyň saýasynda, eden güwälikleriniň sözüniň saýa-
synda ony ýeňdiler, ölüm derejesine çenli jan söýgü-
sinden el çekdiler. 12 Eý Gök we Gökde ýaşaýanlar, mu-
nuň üçin begeniň! Ýer we deňiz, waý, siziň halyňyza!
Çünki iblis wagtynyň azlygyny bilip, gahar-gazaba mü-
nüp, siziň üstüňize geldi». 13 Aždarha özüniň ýer ýüzü-
ne zyňlandygyny görende, ýaňky oglan dogran aýaly
kowalamaga başlady. 14 Aýala, ýylanyň öňünden çöle
— üç ýarym ýyl iýmitlenjek ýerine uçup gaçar ýaly, uly
bürgüdiň iki ganaty berildi. 15 Ýylan aýaly sile äkitdirjek
bolup, agzyndan onuň yzyndan derýa ýaly suw akdyr-
dy. 16 Emma Ýer agzyny açyp, aždarhanyň agzyndan
akdyran derýasyny ýuwdup, aýala kömek etdi. 17 On-
soň aždarha aýala gaharlandy. Aýalyň neslinden galan
we Hudaýyň buýruklaryny berjaý edip, Isa şaýatlyk ed-
ýänler bilen uruşmaga gitdi.

## —NJI BAP

### Deňizden çykan janawar

13 Onsoň deňiz kenaryndaky çägeleriň üstünde
durkam, on şahly we ýedi başly bir wagşy haý-
wanyň deňizden çykyp gelýänini gördüm. Onuň şahla-
rynyň depesinde on täji bardy, başlarynda küpürçilikli
atlar ýazylgydy. 2 Gören janawarym barsa meňzeýärdi.
Aýaklary aýynyň aýaklary ýaly, agzy bolsa arslanyň ag-
zy ýalydy. Aždarha oňa öz güýjüni, tagtyny we uly ygty-
ýar berdi. 3 Janawaryň başlarynyň birine öldürýän ýara
degene meňzeýärdi. Ýöne bu öldürýän ýara bitdi. Bü-
tin dünýä täsin galyp, janawaryň yzyna düşdi. 4 Ynsan-
lar janawara ygtyýar beren aždarha sežde etdiler. «Ja-
nawara meňzeş kim bar? Onuň bilen söweşmegi kim
başarjak?» diýip, janawara-da sežde etdiler. 5 Oňa te-
kepbir sözler hem küpürçilikli sözler sowurýan bir agyz
berildi. Şeýle hem öz ygtyýaryny kyrk iki aýlap ulanma
rugsady berildi. 6 Ol Hudaýa sögmek, Onuň adyna,
mesgenine, Gökde mesgen tutanlara sögmek üçin ag-
zyny açdy. 7 Oňa mukaddesler bilen söweşip, olary
ýeňme rugsady berildi. Her taýpanyň, her halkyň, her
diliň we her milletiň üstünden höküm sürme ygtyýary
berildi. 8 Ýer ýüzünde ýaşaýanlaryň bary, damagy çal-
nan Guzynyň ýaşaýyş kitabynda dünýä gurlaly bäri ady
ýazylmadyk her ynsan oňa sežde eder. 9 Gulagy bar
adam eşitsin! 10 Birini tussaga salan tussaga gider, gy-
lyç bilen öldüren gylyçdan ölmelidir. Mukaddesleriň çy-
dap, iman etmegi şu ýerde gerekdir.

### Ýerden çykan janawar

11 Onsoň ýerden çykyp gelýän bir janawar gördüm.
Onuň bir guzy kimin iki şahy bardy, ýöne aždarha ýaly
ses edýärdi. 12 Ol öňki janawaryň bütin ygtyýaryny
onuň adyndan ulanyp, ýer ýüzüni we onda ýaşaýanla-
ry öldürýän ýarasy biten öňki janawara zor bilen sežde
etdirýärdi. 13 Ol uly alamatlar görkezip, ynsanlaryň göz-
leriniň alnynda Gökden Ýere ot hem ýagdyrýardy. 14 Ol
öňki janawaryň adyndan döretmegine rugsat edilen
alamatlary bilen ýer ýüzünde ýaşaýanlary azdyrdy.
Olara gylyç bilen ýaralanyp-da, sag galan janawaryň
suratynda bir but ýasamagy buýurdy. 15 Oňa janawa-
ryň buty geplesin, bu buta sežde etmeýänleriň hem-
mesi öldürilsin diýip, janawaryň butuna ýaşaýyş demi-
ni berme güýji bagyş edildi. 16 Ol kiçi hem ululary, baý
hem garyplary, azat hem gullary, ähli ynsanlaryň
sag eline ýa maňlaýyna tagma basdyrdy. 17 Bu tagma
janawaryň ady ýa adynyň sany özünde bolmadyklara
hiç bir zat satyn aldyrmaýardy hem-de satdyrmaýardy.
18 Bu ýerde akyldarlyk gerek. Aňy bar adam janawara

degişli sany hasaplasyn, çünki bu ynsan sanydyr. Onuň sany-da alty ýüz altmyş altydyr.

—NJI BAP

### Guzy we 144000 adam

14 Onsoň görsem, Guzy Sion dagynyň üstünde durdy. Onuň ýanynda bolsa maňlaýynda Onuň we Atasynyň ady ýazylgy ýüz kyrk dört müň adam bardy. 2 Gökden uly suwuň şaggyldysy ýaly, gaty gök gürrüldisiniň sesi ýaly bir ses eşitdim. Eşiden sesim arfa çalýanlaryň çykarýan sesine meňzeýärdi. 3 Ýaňky ýüz kyrk dört müň adam tagtyň öňünde, janly dört mahlugyň we ýaşulularyň öňünde täze aýdym aýdýardylar. Ýer ýüzünden satyn alnan bu adamlardan başga hiç kim ol aýdymy öwrenip bilmeýärdi. 4 Bular özlerini aýallar bilen hapalamadyklardyr, çünki bular päkdir. Bular Guzy nirä gitse, Onuň yzyna düşýändir. Gutulanlaryň ilkinji miwesi hökmünde Hudaýa we Guza ynsanlar arasyndan satyn alnanlar bulardyr. 5 Bularyň agyzlaryndan ýalan söz çykan däldir, Hudaýyň tagty öňünde müýnsüzdirler.

### Üç perişde

6 Onsoň Gögüň ortasynda uçup ýören başga bir perişdäni gördüm. Bu perişde ýer ýüzünde ýaşaýanlara, her millete we taýpa, her dile we her halka yglan etjek bolup, ebedi Hoş Habary getirýärdi. 7 Ol batly ses bilen şeýle diýýärdi: «Hudaýdan gorkuň! Ony şöhratlandyryň! Çünki Onuň höküm sagady geldi. Gögi, Ýeri, deňzi we suw bulaklaryny Ýaradana sežde ediň!» 8 Onuň yzyndan gelen ikinji perişde: «Ýykyldy! Öz zyna azgynlygynyň şerabyny ähli milletlere içiren uly Babyl ýykyldy!» diýdi. 9 Olaryň yzyndan gelen üçünji bir perişde batly ses bilen şeýle diýýärdi: «Eger biri janawara we onuň suratyndaky buta sežde etse, maňlaýyna ýa eline onuň tagmasyny kabul etse, Hudaýyň gahar käsesinde hiç bir goşantsyz taýýarlanan Hudaý gazabynyň şerabyndan içer. Ol adam mukaddes perişdeleriň, Guzynyň öňünde ot, kükürt bilen gynalar. 11 Olaryň gynalmagynyň tüssesi ebedi tütär. Janawara, onuň butuna sežde edenler bilen onuň adynyň tagmasyny kabul edenleriň gije-gündiz ynjalygy bolmaz. 12 Hudaýyň buýruklaryny berjaý edip, Isa sadyk galanlaryň çydamy şu ýerde gerekdir». 13 Gökden eşiden bir sesim: «Muny ýaz: mundan beýläk, Rebbe degişli bolup ölenler bagtlydyr!» diýýärdi. Ruh: «Hawa, olar işlerinden dynç alar. Çünki edenleriniň hasylyny özleri bilen äkiderler» diýýär.

### Ýeriň hasyly ýygnalýar

14 Onsoň seredip, öňümde bir ak bulut gördüm. Buludyň üstünde başy altyn täçli, eli kesgir orakly ynsan ogluna meňzeş biri otyrdy. 15 Ybadathanadan çykan başga perişde buludyň üstünde oturana batly ses bilen şeýle diýdi: «Oragyňy uzat-da, or! Orma sagady geldi. Çünki Ýeriň ekini bişipdir». 16 Buludyň üstünde oturan oragyny ýeriň ýüzüne taşlady we Ýeriň ekini oruldy. 17 Gökdäki ybadathanadan başga bir perişde çykdy. Onuň-da kesgir oragy bardy. 18 Oduň üstünden höküm sürýän başga bir perişde-de gurbanlyk edilýän ýerden çykyp gelip, kesgir orakla batly ses bilen: «Sende kesgir oragyňy uzat-da, Ýeriň üzüm şahasyndan salkymlaryny ýygna, çünki üzümleri bişipdir» diýdi. 19 Perişde oragyny ýeriň ýüzüne taşlady-da, Ýeriň üzüm şahasynyň hasylyny ýygnap, Hudaý gazabynyň uly gysajyna zyňdy. 20 Gysaçdaky üzümler şäheriň daşynda sykyldy. Üzüm gysajyndan çykan gan müň alty ýüz ok atym aralykda atlaryň uýanyna ýetdi.

—NJI BAP

### Ýedi perişde we ýedi bela

15 Men Gökde başga bir uly hem geň alamat gördüm: bu soňky ýedi belany getirýän ýedi perişdedi. Hudaýyň gazaby bu belalar bilen soňlanýardy. 2 Ot bilen garyşyk, çüýşeden ýasalan deňiz ýaly bir zat gördüm. Janawary, onuň suratyndaky buty, onuň adynyň sanyny ýeňenler Hudaýyň beren arfalaryny ellerine alyp, çüýşeden deňziň üstünde durdular. 3 Olar Hudaýyň guly Musanyň we Guzynyň aýdymyny aýdyp, şeýle diýýärdiler: «Güýji her zada ýetýän Reb Hudaý, Seniň işleriň uly hem geňdir. Eý, milletler patyşasy, Seniň ýollaryň dogry hem hakdyr! 4 Ýa Reb, Senden gorkman, adyňy Şöhratlandyrmajak kimdir? Çünki mukaddes diňe Sensiň! Bütin milletler gelip, Seniň öňüňde sežde eder. Çünki Seniň adyl işleriň aýan boldy». 5 Mundan soň Gökdäki ybadathananyň, ýagny güwälik çadyrynyň açylanyny gördüm. 6 Ýedi belany getirýän ýedi perişde tämiz, parlak keteni geýnip, gursaklaryna altyn guşak baglap, ybadathanadan çykdylar. 7 Janly dört mahlugyň biri ýedi perişdä ebedilik ýaşaýan Hudaýyň gazabyndan doly ýedi altyn käse berdi. 8 Ybadathana Hudaýyň şöhratynyň, gudratynyň tüssesinden doldy. Ýedi perişdäniň ýedi belasy gutarýança, hiç kim ybadathana girip bilmedi.

### Hudaýyň gazaby we ýedi käse

16 Onsoň ybadathanadan ýedi perişdä: «Gidiň-de, Hudaýyň gazabyndan doly ýedi käsäni ýeriň ýüzüne döküň!» diýen batly sesi eşitdim. 2 Birinji perişde gidip, käsesini ýer ýüzüne dökdi. Janawaryň tagmasy bolan we onuň suratyndaky buta sežde eden adamlarda erbet hem gaty agyryly ýaralar peýda boldy. 3 Ikinji perişde käsesini deňze dökdi. Deňiz öliniň ganyna meňzeş gana döndi, içindäki bütin jandarlar öldi. 4 Üçünji perişde käsesini derýalara, suw bulaklaryna dökdi. Olar-da gana döndi. 5 Men suwlaryň perişdesiniň şeýle diýenini eşitdim: «Häzir bar bolan hem geçmişde bar bolan mukaddes Hudaý! Sen bu hökümleriňde adylsyň. Çünki Sen şeýle höküm çykardyň. 6 Çünki olar mukaddesleriň hem pygamberleriň ganyny

dökdüler. Sen-de olara içmäge gan berdiň. Olaryň al-
myty budy». 7 Men gurbanlyk edilýän ýerden gelen bir
sesiň: «Hawa, her zada güýji ýetýän Reb Hudaý! Seniň
hökümleriň dogry hem adyldyr» diýenini eşitdim.
8 Dördünji perişde käsesini Günüň üstüne dökdi. Güne
ynsanlary ot bilen ýakyp-gowurma güýji berildi. 9 Yn-
sanlar güýçli gyzgyn bilen gowruldylar, ýöne toba
edip, bu belalara ygtyýary bolan Hudaýy şöhratlandyr-
magyň deregine, Onuň adyna sögdüler. 10 Bäşinji pe-
rişde käsesini janawaryň tagtynyň üstüne dökdi. Jana-
waryň patyşalygy garaňkylykda gömüldi. Ynsanlar
dertden ýaňa dillerini dişlediler. 11 Eden işlerine toba
etmeýişleri ýaly, dert hem ýaralary üçin, Gökdäki Hu-
daýa sögdüler. 12 Altynjy perişde käsesini uly Ýewfrat
derýasyna dökdi. Gündogardan gelen patyşalaryň ýo-
lunyň açylmagy üçin, derýanyň suwy gurady. 13 Onsoň
aždarhanyň agzyndan, janawaryň agzyndan we ýalan
pygamberiň agzyndan gurbaga meňzeş üç murdar ru-
huň çykanyny gördüm. 14 Bular alamatlar döredip bil-
ýän jynlaryň ruhlarydyr. Bular ähli zada güýji ýetýän
Hudaýyň uly gününde boljak söweş üçin, bütin dünýä-
niň patyşalaryny üýşürmäge barýar. 15 «Ine, ogry ýaly
gelýärin! Ýalaňaç gezip, uýat ýeri görünmez ýaly, oýa
bolup, eşiklerini egninde saklan bagtlydyr!»
16 Patyşalary ýewreýçe Armageddon diýen ýerde üý-
şürdiler. 17 Ýedinji perişde käsesini howa dökdi. Ybadat-
hanadaky tagtdan çykan batly ses: «Boldy!» diýdi.
18 Şonda ýyldyrymlar çakdy, batly sesler çykyp, Gök
gürledi, güýçli ýertitreme boldy. Ynsanlar ýer ýüzünde
bolaly bäri Ýer şeýle gaty titremändi. 19 Uly şäher üç
bölek boldy. Milletleriň şäherleri ýykyldy. Uly Babyl Hu-
daýyň huzurynda ýatlandy, Hudaýyň otly gazap käsesi
oňa berildi. 20 Bütin adalar ýitirim bolup, daglar tapyl-
maz boldy. 21 Ynsanlaryň üstüne Gökden her damjasy-
nyň agramy bir talanta golaý güýçli doly ýagdy. Ynsan-
lar ol doly belasy sebäpli, Hudaýa sögdüler. Çünki ol
bela gaty aýylgançdy.

### —NJI BAP

### Janawar we onuň üstündäki aýal

17 Ýedi käseli ýedi perişdäniň biri gelip, meniň bi-
len gepleşip, şeýle diýdi: «Gel, men saňa köp
suwlaryň ýüzünde oturan uly kemçiniň jezasyny görke-
zeýin. 2 Ýer ýüzüniň patyşalary onuň bilen zyna etdi,
ýer ýüzünde ýaşaýanlar onuň zyna şerabyndan serhoş
boldy». 3 Onsoň perişde meni Ruhda çöle äkitdi. Men
ol ýerde ýedi başly, on şahly, endamy küpür atlaryn-
dan doly gyzyl janawaryň üstünde oturan bir aýaly
gördüm. 4 Aýal goňur hem gyrmyzy eşikler geýnip, al-
tyn, gymmatbaha daşlar, dürler bilen bezenipdi. Elinde
bolsa ýigrenji zatlardan, zyna çirkinden doly altyn käse
bardy. 5 Onuň maňlaýynda «Beýik Babyl, dünýä kem-
çinleriniň we ýigrenjileriniň enesi» diýen syrly at ýazyl-
gydy. 6 Onsoň aýalyň mukaddesleriň, Isa güwälik
edenleriň ganyndan serhoş bolanyny gördüm. Muny
görüp, gaty geňirgendim. 7 Perişde maňa şeýle diýdi:
«Nämä geňirgendiň? Aýalyň, ony göterýän ýedi başly,
on şahly janawaryň syryny men saňa aýdaýyn. 8 Seniň
gören janawaryň bir wagtlar bardy, ýöne indi ýok. Ol
dowzahdan çykyp, heläk bolmaga gider. Ýer ýüzünde
ýaşaýanlar, ýagny dünýä gurlaly bäri atlary ýaşaýyş ki-
tabynda ýazylmadyklar janawary görende geňirgener,
çünki ol bir wagtlar bardy, indi ýok, ýöne ýene geler.
9 Bu ýerde düşünmek üçin akyldarlyk gerek. Ýedi baş
aýalyň üstünde oturan ýedi dagydyr. Olar hem patyşa-
lardyr. 10 Bularyň bäşisi ýykyldy, indi biri bar, ol biri en-
tek gelenok. Gelende az wagt galmalydyr. 11 Bir wagt-
lar bar bolup, indi ýok janawar bolsa sekizinjidir. Ol ýe-
dilerden bolup, indi heläk bolmaga barýar. 12 Seniň gö-
ren on şahyň entek patyşalyga ýetmedik on patyşadyr.
Olara janawar bilen bile bir sagat patyşalyk etmäge
ygtyýar berler. 13 Bularyň maksady bir bolar, güýçlerini
hem ygtyýarlaryny janawara bererler. 14 Guzy bilen sö-
weşerler, ýöne Guzy olary ýeňer. Çünki Guzy rebleriň
Rebbi, patyşalaryň Patyşasydyr. Onuň ýanyndakylar
çagyrylan, saýlanan we sadyk galanlardyr». 15 Ýene pe-
rişde maňa şeýle diýdi: «Şu gören suwlaryň, ýagny
kemçiniň oturan suwlary halklar, märekeler, milletler
hem dillerdir. 16 Gören janawaryň we on şah kemçini
ýigrenip, daşyny çolardyp, ony ýalaňaçlar. Onuň etini
iýip, özüni-de otlar. 17 Çünki Hudaý Öz maksadyny
amala aşyrma islegini olaryň ýüregine guýdy. Şeýdip,
Hudaýyň sözleri amala aşýança, özleriniň patyşalyk yg-
tyýaryny janawara bermekde pikirdeş bolarlar. 18 Gö-
ren aýalyň dünýä patyşalaryna patyşalyk eden uly şä-
herdir!»

### —NJI BAP

### Babylyň ýykylyşy

18 Mundan soň uly ygtyýarly başga bir perişdäniň
Gökden aşak inenini gördüm. Onuň dabarasyn-
dan ýer ýüzi ýagtyldy. 2 Perişde güýçli ses bilen gygy-
ryp şeýle diýdi: «Ýykyldy! Uly Babyl ýykyldy! Ol jynlaryň
jaýy, her hili murdar ruhuň mekany, her pis we ýigrenji
guşuň penasy boldy. 3 Çünki hemme milletler onuň az-
gyn zyna şerabyndan içdi. Dünýäniň patyşalary onuň
bilen zyna etdi. Dünýäniň täjirleri onuň güýçli aýşy-eş-
retinden baýady». 4 Men Gökden başga bir ses eşitdim,
ses şeýle diýýärdi: «Eý halkym! Onuň günälerine şärik
bolup, onuň belalaryna uçramazlyk üçin, ol ýerden çyk.
5 Çünki onuň günäleri küdelenip göge ýetdi, Hudaý
onuň günälerini ýatlady. 6 Ol näme beren bolsa, siz
hem şonuň öwezini şeýle beriň. Edenleriniň öwezini iki
esse edip beriň. Taýýarlan käsesini oňa iki esse doldu-
ryp beriň. 7 Ol özüni näçe şöhratlandyryp, aýşy-eşret
eden bolsa, şonça-da oňa dert, gam-gussa beriň. Çün-
ki ol öz ýüreginden: „Men melike bolup otyryn, men
dul däl, asla gam-gussa ýüzüni görmerin!" diýýär. 8 Şo-
nuň üçin, oňa uçrajak belalar: ölüm, gam-gussa, açlyk
bir günüň içinde geler, ot ony ýakar. Çünki ony höküm

eden Reb Hudaý güýçlüdir. 9 Onuň bilen zyna eden,
onuň aýşy-eşretinde ýaşan bu dünýäniň patyşalary
ony ýakan oduň tüssesini görenlerinde, oňa aglaşyp,
gursaklaryna urarlar. 10 Olar onuň çekýän derdiniň
gorkusyndan daşda durup: „Waý, waý! Uly şäher, güýç-
li şäher Babyl! Seniň hökümiň bir sagadyň içinde gel-
di!" diýer. 11 Dünýä täjirleri oňa aglap ýas tutar. Çünki
indi olaryň mallaryny satyn aljak ýok. 12 Altyny, kümşi,
gymmatbaha daşlary, dürleri, nepis ketenini, ýüpek,
goňur we gyrmyzy matalary, dürli ysly agajy, pil süň-
künden ýasalan dürli gaplary, gymmatbaha agaçlar-
dan, mis, demir we mermerden ýasalan dürli harytla-
ry, dalçyn we beýleki tagamlyklary, buhurlary, ysly ýag,
ladan, şerap, zeýtun ýagy, kepeksiz un we bugdaýy, sy-
gyrdyr goýunlary, atlary, arabalary, gullary, ýagny yn-
sanlaryň janyny satyn aljak indi ýok. 14 Olar: „Janyň is-
län miweleri ýitip gitdi. Bütin bolelinligiň, göz gamaş-
dyryjylygyň ýom-ýok boldy. Indi asla tapyp bilmersiň"
diýer. 15 Ol şäherde bu mallary satyp baýan täjirler
onuň çeken derdinden gorkup, daşda durar, aglap, ýas
tutup: 16 Waý, waý nepis keteni, goňur we gyrmyzy
geýnen, altyn, gymmatbaha daşlar, dürler bilen beze-
nen beýik şäher! 17 Şeýle uly baýlyk bir sagadyň içinde
ýogaldy!" diýer. Ähli gämiçi, ähli deňiz ýolagçysy, de-
ňizçiler, deňizden gün görýänleriň bary, ony ýakan
oduň tüssesini görenlerinde, daşda durup, „Beýik şä-
here meňzeş şäher barmydy?" diýip gygyryşdylar.
19 Başlaryndan gum sowrup, aglap ýas tutdular. „Waý,
waý! Beýik şäher!" diýip gygyryşdylar we şeýle diýdiler:
„Deňizde gämisi bolanyň hemmesi onuň gymmatly
mallaryndan baýapdy, ýöne ol bir sagadyň içinde ýo-
galdy". 20 Eý Gök we mukaddesler, resullar we pygam-
berler! Onuň ýagdaýyna begeniň. Çünki Hudaý ony
höküm edip siziň hakyňyzy aldy». 21 Onsoň bir güýçli
perişde degirmeniň daşy ýaly uly daşy galdyryp, deňze
zyňdy we şeýle diýdi: «Beýik şäher Babyl, ine, şunuň
ýaly güýç bilen zyňlansoň tapylmaz. 22 Arfaçylaryň,
bagşylaryň, tüýdükçi we surnaýçylaryň sesi indi sen-
den eşidilmez. Indi senden hiç bir sungatyň sungatçy-
sy tapylmaz. Senden indi hiç bir degirmeniň sesi eşidil-
mez. 23 Indi sende bir çyranyň-da yşygy ýagty salmaz,
indi senden gelinlerdir ýigitleriň sesi eşidilmez! Seniň
täjirleriň dünýäniň ulularydy. Bütin milletler seniň ja-
dyň bilen azaşypdy. 24 Pygamberleriň gany, mukaddes-
leriň, ýer ýüzünde öldürilenleriň ählisiniň gany senden
tapylypdy».

## Guzynyň toýy

19 Şondan soň Gökden uly bir märekäniň sesine
meňzeş batly sesler eşitdim. Olar şeýle diýýärdi-
ler: «Haleluýa 2 Çünki Onuň hökümleri dogry we adyl-
dyr. Ol ýer ýüzüni zynasy bilen azdyran uly kemçini hö-
küm etdi, gullarynyň ganyny ondan aldy». 3 Ikinji ge-
zek şeýle diýdiler: «Haleluýa! Kemçiniň tüssesi ebedilik
tütär». 4 Ýigrimi dört ýaşuly we janly dört mahluk ýere
ýykylyp, «Omyn! Haleluýa!» diýip, tagt üstünde oturan
Hudaýa sežde etdiler. 5 Onsoň tagtdan çykan bir ses
şeýle diýdi: «Eý, Hudaýymyzyň ähli bendeleri! Kiçiler
we ulular, Ondan gorkýanlar, Oňa alkyş okaň!»
6 Onsoň men bir uly märekäniň sesine, uly suwuň
şaggyldysyna, gaty Gök gürrüldisine meňzeş sesler
eşitdim. Olar şeýle diýýärdiler: «Haleluýa! Çünki her za-
da güýji ýetýän Reb Hudaýymyz höküm sürýär. 7 Bege-
neliň, şatlanalyň! Ony şöhratlandyralyň! Guzynyň toýy
başlanýar. Onuň gelni taýýarlandy. 8 Geýsin diýip, oňa
parlak, tämiz we nepis keteni berildi». Nepis keteni
mukaddesleriň adyl işleridir. 9 Perişde maňa: «Muny
ýaz: Guzynyň toý aşyna çagyrylanlar bagtlydyr!» diýdi.
Maňa ýene: «Bular çyn sözlerdir, Hudaýyň sözleridir»
diýdi. 10 Men oňa sežde etjek bolup aýaklaryna ýykyl-
dym. Emma ol maňa şeýle diýdi: «Beýle zat edäýme!
Men seniň we Isa güwälik edýän doganlaryň ýoldaşy-
dyryn, Hudaýa sežde et! Çünki Isa güwälik pygamber-
lik ruhudyr».

## Ak Atly

11 Gögüň açylyp, öňümde bir ak atyň duranyny gör-
düm. Onuň üstünde oturanyň ady Dogruçyl we Çyn-
dyr. Ol adalatly höküm çykaryp söweşýändir. 12 Gözleri
oduň ýalny ýalydyr. Başynda birtopar täç bolup, bula-
ryň üstünde ýazylgy adyny Özünden başga hiç kim bil-
ýän däldir. 13 Ol gana batyrylan geýim geýnendir, Oňa
«Hudaýyň Sözi» diýen at dakylandyr. 14 Ak, tämiz we
nepis keteni geýnen Gökdäki goşunlar ak atlara mü-
nüp, Onuň yzyndan gelýärdi. 15 Milletleri urmak üçin,
Onuň agzyndan kesgir gylyç çykýar. Onuň Özi olary
demir taýak bilen bakar, her zada güýji ýetýän Huda-
ýyň otly gazabynyň şerabyny öndürýän üzüm gysajyny
Özi gysar. 16 Onuň geýiminde we budunda «patyşala-
ryň Patyşasy, rebleriň Rebbi» diýip ýazylan ady bardyr.
17 Onsoň Günde duran bir perişde gördüm. Ol batly
ses bilen gygyryp, gögüň ortasynda uçup ýören guşla-
ra şeýle diýdi: «Patyşalaryň, serkerdeleriň, güýçli
adamlaryň etini, atlaryň, olaryň üstündäkileriň etini,
azatlaryň, gullaryň, kiçileriň, ulularyň hemmesiniň etini
iýmek üçin üýşüp, Hudaýyň uly zyýapatyna geliň!»
19 Men janawary, dünýä patyşalaryny we olaryň goşun-
laryny gördüm. Olar atyň üstünde Oturan we Onuň
goşunlary bilen söweşjek bolup ýygnanyşan ekenler.
20 Janawar hem-de onuň öňünde alamatlar döredip, ja-
nawaryň tagmasyny alyp-da, onuň butuna sežde
edenleri bu alamatlar bilen aldaýan ýalan pygamber
tutuldy. Olaryň ikisi-de kükürt bilen ýanan ot kölüne
zyňyldy. 21 Galanlar atyň üstünde Oturanyň agzyndan
çykan gylyç bilen öldürildiler. Bütin guşlar, ine, bularyň
etinden doýdy.

### —NJI BAP

### Müň ýyl

20 Onsoň Gökden aşak inen bir perişde gördüm.
Onuň elinde dowzahyň açary bilen bir uly zynjyr
bardy. 2 Perişde aždarhany, ýagny iblis ýa şeýtan diýlen
ol köne ýylany tutup, müň ýyllygyna baglady. 3 Müň ýyl
dolýança, ikilenç milletleri azdyrmasyn diýip, ony dow-
zaha zyňdy, baglap möhür basdy. Mundan soň ol az
wagtlaýyn çözülmelidir. 4 Men tagtlary, olaryň üstünde
oturanlary gördüm. Olara höküm etme ygtyýary ber-
lipdi. Isa eden güwälikleri sebäpli we Hudaýyň sözi ug-
runda başlary kesilenleriň janlaryny gördüm. Bular ja-
nawara, onuň butuna sežde etmedik, maňlaýlary we
ellerine onuň tagmasyny kabul etmediklerdi. Bular di-
relip, Mesih bilen bile müň ýyl patyşalyk etdiler. 5 Ilkinji
direliş budur. Galan ölüler müň ýyl dolýança direlmedi.
6 Ilkinji direlişde paýy bolan bagtly, mukaddesdir. Ikinji
ölümiň olara güýji ýetmez. Olar Mesihiň ruhanylary
bolup, Onuň bilen bile müň ýyl höküm sürer. Şeýtan ot
kölüne zyňylýar 7 Müň ýyl dolansoň, şeýtan tussagdan
boşadylar. 8 Ol ýer ýüzüniň dört burçundaky milletleri,
äjit-mäjidi azdyrjak, olary söweş üçin üýşürjek bolup,
tussagdan çykar. Üýşenleriň sany deňiz çägeleri kimin-
dir. 9 Olar ýer ýüzüniň giňişligine çykyp, mukaddesleriň
goşun düşelgesini, söýgüli şäheri gurşadylar. Emma
Gökden Hudaý tarapyn ot ýagyp, olary ýakyp kül etdi.
10 Olary azdyran iblis bolsa ot, kükürt kölüne zyňyldy.
Janawar bilen ýalan pygamber-de şol ýerdedir. Olar gi-
je-gündiz ebedilik gynalar. Ölüleriň üstünden höküm
çykarylýar 11 Men bir uly ak tagt we onuň üstünde Otu-
rany gördüm. Ýer, Gök Onuň öňünden gaçdy, ýöne gi-
dere ýerleri ýokdy. 12 Tagtyň öňünde duran uly, kiçi ölü-
leri gördüm. Onsoň käbir kitaplar açyldy. Ýaşaýyş kita-
by diýen ýene bir kitap açyldy. Kitaplarda ýazylanlara
seredilip, ölüleriň üstünden edenlerine görä höküm
çykaryldy. 13 Deňiz özündäki ölüleri, ölüm we ölüler di-
ýary-da özlerindäki ölüleri tabşyrdylar. Her birine etmi-
şine görä höküm çykaryldy. 14 Ölüm we ölüler diýary ot
kölüne zyňyldy. Ine, ot köli ikinji ölümdir. 15 Atlary ýaşa-
ýyş kitabynda ýazylmadyklaryň bary ot kölüne zyňyldy.

### —NJI BAP

### Täze Iýerusalim

21 Mundan soň bir täze Gök bilen bir täze Ýer gör-
düm. Çünki öňki Gök, öňki Ýer aradan aýrylypdy.
Indi deňiz hem ýokdy. 2 Onsoň men öz adamsy üçin
taýýarlanan bezegli gelin ýaly, Gökden Hudaýyň ýa-
nyndan aşak inip gelýän mukaddes şäher täze Iýerusa-
limi gördüm. 3 Gökden 4 Ol olaryň gözlerinden ähli ýaş-
laryny süpürer. Indi ne ölüm, ne ýas, ne agy, ne-de
agyry bolar. Çünki öňki zatlar aradan aýryldy». 5 Tagtyň
üstünde Oturan: «Ine, ähli zady täzeleýärin» diýdi. Soň-
ra maňa: «Bulary ýaz! Çünki bu sözler ygtybarly, çyn-
dyr» diýdi. 6 Maňa şeýle diýdi: «Boldy! Alfa we Omega,
başlangyç we soň Mendirin. Men suwsana ýaşaýyş su-
wunyň çeşmesinden mugt suw bererin. 7 Ýeňen, ine,
bulary miras alar. Men onuň Hudaýy, ol-da Meniň og-
lum bolar. 8 Emma gorkagyň, imansyzyň, ýigrenjiniň,
ganhoryň, zynagäriň, jadygöýüň, butparazyň, bütin ýa-
lançylaryň soňy kükürt bilen ýanýan ot kölüdir. Ikinji
ölüm budur». 9 Soňky ýedi bela bilen doly ýedi käseli
ýedi perişdäniň biri gelip, meniň bilen gepleşdi: «Gel,
men saňa Guza aýal boljak gelni görkezeýin» diýdi.
10 Perişde meni Ruhda bir uly, belent daga äkitdi. Ol
ýerden maňa Hudaýyň şöhraty arkaly parlaýan mu-
kaddes şäher Iýerusalimi Gökden Hudaýyň ýanyndan
inip gelýärkä görkezdi. 11 Onuň parlaklygy bir juda
gymmat daşyň, kristallaşan ýaşma daşynyň parlaklygy
kimindi. 12 Uly hem belent diwarlary bardy, on iki der-
wezesi, derwezeleri saklaýan on iki perişdesi bardy.
Derwezeleriň ýüzünde Ysraýyl ogullarynyň on iki taý-
pasynyň ady ýazylgydy. 13 Gündogarda üç derweze, de-
mirgazykda üç derweze, günortada üç derweze, gün-
batarda üç derweze bardy. 14 Şäher diwarynyň on iki
binasy bolup, ýüzünde Guzynyň on iki resulynyň ady
ýazylgydy. 15 Meniň bilen gepleşen perişdäniň elinde
şäheri, şäheriň derwezeleri bilen diwarlaryny ölçär ýaly
altyndan ölçeg agajy bardy. 16 Şäher dört burçluk bo-
lup, boýy bilen ini deňdi. Perişde şäheri ölçedi, bir ýany
on iki müň ok atym çykdy. Boýy, ini, beýikligi deňdi.
17 Perişde diwarlary-da ölçedi. Onuň ulanýan adam öl-
çegi boýunça beýikligi ýüz kyrk dört arçyn çykdy. 18 Di-
warlar ýaşmadan salnypdy. Şäher bolsa sap çüýşä
meňzeş sap altyndandy. 19 Şäher diwarlarynyň binalary
her hili gymmatbaha daşlar bilen bezelipdi. Birinji bina
daşy ýaşma, ikinjisi gök ýakut, üçünjisi hakyk, dördün-
jisi zümerret, bäşinjisi ak hakyk, altynjysy gyrmyzy ha-
kyk, ýedinjisi sary ýakut, sekizinjisi gök zümerret, do-
kuzynjysy ýaşyl ýakut, onunjysy sary zümerret, on bi-
rinjisi Ýemen daşy, on ikinjisi goňur ýakutdy. 21 On iki
derweze on iki dürdendi, ýagny her derweze bir dür-
den ýasalypdy. Şäheriň köçesi dury çüýşe ýaly sap al-
tyndandy. 22 Bu şäherde ybadathana görmedim. Çünki
her zada güýji ýetýän Reb Hudaý we Guzy şäheriň yba-
dathanasydyr. 23 Şäheriň özüni ýagtylandyrmagy üçin,
Günüň ýa-da Aýyň geregi ýok. Çünki Hudaýyň ýalkymy
ony ýagtylandyrýar. Guzy hem onuň çyrasydyr. 24 Mil-
letler şäheriň yşygynda gezer. Dünýäniň patyşalary
şöhratlaryny bu ýere getirer. 25 Şäheriň derwezeleri
günuzyn ýapylmaz. Hawa, ol ýerde gije bolmaz. 26 Mil-
letler şöhrat hem baýlyklary bilen oňa geler. 27 Oňa hiç
bir hapa zat, ýigrenji we galp işler edeniň hiç biri gir-
mez, diňe atlary Guzynyň ýaşaýyş kitabynda ýazylanlar
girer.

### —NJI BAP

22 Perişde maňa şäher köçesiniň ortasynda Huda-
ýyň we Guzynyň tagtyndan çykýan bulgur ýaly
dury ýaşaýyş suwunyň derýasyny görkezdi. 2 Derýanyň

iki tarapynda on iki hili miwe öndürýän, her aý miwesi-
ni berýän ýaşaýyş agajy bardy. Agajyň ýapraklary mil-
letlere şypady. 3 Indi hiç zat gargyş astynda galmaz.
Hudaýyň we Guzynyň tagty şäherde bolar. Bendeleri
Oňa gulluk eder. 4 Onuň ýüzüni görer, maňlaýlarynda
Onuň ady bolar. 5 Indi gije bolmaz. Ne çyranyň yşygy,
ne-de Günüň nury gerek bolar. Reb Hudaý olara yşyk
bolup, olar ebedilik höküm sürer.

### Isa gelýär

6 Perişde maňa şeýle diýdi: «Bu sözler ynamlydyr,
çyndyr! Pygamberleriň ruhlarynyň Hudaýy Reb, şu ýa-
kynda boljak wakalary Öz gullaryna bildirjek bolup, pe-
rişdesini ýollady». 7 «Ine, basym gelýärin! Bu kitabyň
weli sözlerini berjaý eden bagtlydyr!» 8 Bu zatlary eşi-
den, gören men, Ýahýa. Bulary eşiden, gören mahalym
men bulary özüme görkezen perişdä sežde etjek bo-
lup, onuň aýaklaryna ýykyldym. 9 Emma ol maňa şeýle
diýdi: «Beýle iş etme! Men seniň, seniň pygamber do-
ganlaryň bilen bu kitabyň sözlerini berjaý edýänleriň
ýoldaşydyryn. Hudaýa sežde et!» 10 Onsoň maňa şeýle
diýdi: «Bu kitabyň weli sözlerini möhürleme. Çünki ga-
raşylan wagt ýakyndyr. 11 Erbetlik eden ýene erbetlik
etsin, hapa bolan hapalygynda galsyn. Dogry adam ýe-
ne dogrulyk etsin. Mukaddes-de mukaddesligine gal-
syn». 12 Ine, basym gelýärin! Berjek sylaglarym ýanym-
dadyr. Her kese etmişine görä hak bererin. 13 Alfa we
Omega, ilkinji hem ahyrky, başlangyç we soň Mendi-
rin». 14 Ýaşaýyş agajyndan iýmitlenme hakyny almak,
derwezelerden geçip, şähere girmek üçin, Onuň tabşy-
ryklaryny berjaý edenler 15 Itler, ýagny jadygöýler, zy-
nagärler, ganhorlar, butparazlar, ýalany söýüp, işlerini
ýalan bilen ýöredenleriň bary daşarda galar. 16 «Men —
Isa, imanlylar ýygnaklaryna degişli bolan bu güwäligi
size ýetirsin diýip, Öz perişdämi ýolladym. Men Dawu-
dyň kökünden we neslinden bolan parlak daň ýyldyzy-
dyryn!» 17 Ruh we gelin: «Gel!» diýýär. Her eşiden
«Gel!» diýsin. Suwsan gelsin. Dilän gelip, ýaşaýyş su-
wuny mugt alsyn. 18 Bu kitabyň weli sözlerini eşiden ki-
şä duýdurýaryn! Biri bu sözlere bir zat goşsa, Hudaý
hem onuň jezasyna bu kitapda agzalan belalary goşar.
19 Eger-de biri bu weli kitabyň sözlerinden bir zady
aýyrsa, Hudaý hem bu kitapda agzalan ýaşaýyş aga-
jyndan, mukaddes şäherden oňa ýeten paýy yzyna
alar. 20 Bularyň ählisine güwälik edýän: «Hawa, basym
gelýärin!» diýýär. Omyn! Gel, ýa Reb Isa! 21 Rebbimiz
Isanyň merhemeti ähliňiz bilen bolsun. Omyn!